,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Jek LONDON




**(Roman)**

## Terjimeçiden

Bary-ýogy kyrk ýyla barabar ömrüniň dowamynda adamzat medeniýetiniň baýlaşmagyna uly goşant goşan eserleri döreden amerikaly ýazyjy Jek London XIX asyryň aýaklarynda, XX asyryň başlarynda dünýäniň sarpaly ýazyjylarynyň birine öwrüldi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Hünärmenler kitabyň ürç edilip okalýan döwrüni 20-25 ýyl hasaplaýarlar. Wagtyň geçmegi bilen her bir zadyň «garraýşy» ýaly, elbetde, kitap hem «garraýar». Emma Jek Londonyň «Gar gyzy», «Hudaýlar gülende», «Günorta deňizleriniň hekaýatlary» ýaly öz döwründe sanardan kän dillere terjime edilen çeper eserlerini häzir hem dünýä halklarynyň okyjylary uly höwes bilen okaýarlar.

Bir asyr mundan ozal ýazylan-da bolsa, şu gün hem çeper edebiýatyň köp okalýan nusgawy eserleriniň hataryna goşulýan «Martin Iden» romanynyň (1909 ý.) hem ýyl geçdigiçe gymmatynyň artýandygy alymlary-da haýran galdyrýar. Bu roman Jek Londony dünýä edebiýatynyň Tolstoý, Dostoýewskiý, Balzak, Gýugo, Mopassan ýaly läheňleriniň derejesine çenli göterdi. Beýle ýagdaýyň sebäbini romanyň päk söýginiň güýjüni, maksada okgunlylygy, zähmetsöýerligi teswirleýänligi bilen düşündirip bolar. Her bir adamda bolup bilmegi mümkin şol üç hökmanlyk, şol üç häsiýet adamzat döräli bäri, milletine, jynsyna garamazdan, her kimiň ýaşaýşyny gowulandyrmagynyň zerur şerti bolup

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gelipdir. Jek London tutuş adamzat üçin zerur bolan bu şertleri deňizçi ýaş ýigit Martin Ideniň keşbiniň üsti bilen beýan edýär. Päk söýgä hormat, zähmete yhlas, tutanýerlilik sada deňizçini halkyň hormat goýýan tanymal adamlarynyň derejesine çenli göterýär.

«Martin Iden» dünýä halklarynyň okyjylarynyň iň söýgüli romanyna öwrülen bolsa, onuň baş gahrymany dünýä ýaşlarynyň öýkünmek isleýän, nusga almaga ymtylýan gahrymany bolup, edebiýat taryhyna girdi. Sebäbi näme könelse-de, çyn söýgi, ýaşamak üçin çekilýän halal zähmet, maksada ýetirýän tutanýerlilik hiç haçan öz gymmatyny ýitirmeýär.

***Atajan TAGAN.***

## I bap

Öňden barýan adam fransuz açary bilen gapyny açyp, içerik girdi. Onuň yzyndan bosagadan ätlän ýaş ýigit tagaşyksyz hereket bilen başyndaky papagy silkip aldy. Onuň egninde deňiz ysy gelip duran sada hem gataňsy eşikleri bardy. Ol giň jaýa sygmaýan ýaly, içerik gireninden özüni birhili oňaýsyz duýdy, elindäki başgabyny hem nätjegini

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bilmedi. Ol papagyny jübüsine dykmaga häzirlenip durka, ýoldaşy ony elinden aldy. Papagy alanda, onuň hereketi şeýlebir adaty, şeýle bir tebigy boldy welin, özi gödeňsi bolansoň, ýaş ýigit oňa haýran galdy. "Ýagdaýyňa düşünjek adam eken — diýen pikir ýigidiň kellesinde öwrüm edip gitdi. — Bu meni hiç mahal paş etmez".

Göwnüne daban astyndaky ýer-de edil deňiz tolkunlarynyň zarbyna aşak-ýokaryk hereket edýän ýaly duýlansoň, ýaş ýigit aýaklarynyň geri mini giňden taşlap, ýoldaşynyň yzyndan ätmer-sätmer ädimläp ugrady. Uly-uly otaglar onuň giň gerimli ädiminiň ýanynda kiçi bolup görünýän ýalydy. Ol öz gödek egni bilen gapyny kakmakdan ýa-da kamin pejiň haýsydyr bir bezegjikleriniň birini gaçyraýmakdan gorkup ýöreýärdi. Ol esasanam hakykatda däl-de, diňe öz hyýalyndaky howpy hasam ulaldyp, her dürli zatlaryň arasyndan aýlaw edip geçip barýardy. Roýal bilen üstüne kitap bary münder edilip taşlanan stoluň arasyndaky boşlukdan birbada bäş adam arkaýyn geçmäge maý bar hem bolsa, ýaş ýigidiň ýeke özi ol ýerden ýaýdana-ýaýdana

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

zordan geçdi. Ol özünden bidin hallan atýan ellerini hem nirede saklajagyny bilmeýärdi, hä diýmän stoluň üstündäki kitaplara galtaşyp geçjekdigini göz öňüne getirende bolsa, edil bir zatdan ürken at ýaly bolup, gapdala tesdi. Şonda ol roýalyň öňünde duran oturgyjy hem tas agdarypdy. Ýaş ýigit ynam bilen sagdyn ädim urup barýan ýoldaşyna seretdi-de, ömründe ilkinji gezek öz hereketiniň tagaşyksyzdygy barada, ýöreýşiniň başga adamlaryň ýöreýşine meňzemeýändigi hakda pikir etdi. Şol pikirlenmäniň döreden utanjy hem derrew onuň kalbyna ot bolup ýapyşdy.

Ýaş ýigidiň maňlaýynda der damjalary peýda boldy. Ol elýaglygyny çykardy-da, bürünç çaýylan ýaly goňras görünýän ýüzüni süpürdi.

— Artur, dostum, biraz aýak çekäýseňizläň! — diýip, ol öz ýygralygyny degişme äheňi bilen basyrmak islän ýigit ýoldaşyna ýüzlenip ýylgyrdy. — Birinji gezekde munça hereket etmegem meň üçin az-küş däl ahyryn. Hähimi almaga bir maý beriň. Meniň başdan bu işi unamanymdanam siz habarly. Siziňkileriňem meni göresleri gelip

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
içleriniň byjyklap duran däldigini men öňünden aňýan.

— Biderek gep! — diýen, gödegrägem bolsa, köşeşdiriji jogap eşidildi. — Bizden çekinmäge sizde hiç hili esas ýok. Biz sada adamlar… Oho-o! Görýän welin, maňa hat bar ýaly-la…

Ol stoluň ýanyna baryp, bukjany açdy-da, myhmanyna özüni dürsemäge maý bermek üçin, haty okamaga başlady. Myhmany onuň meýline düşündi hem bu hereketiň gadyryny bildi. Ýaş ýigit üşüklidi, duýgurlyk damary ösendi, daşyndan aljyraňňy aljyraňňy ýaly bolup görünýändigine garamazdan, onda eýýäm ýagdaýa uýgunlaşmak duýgusy güýjäp ugrapdy. Entegem gözlerinde güpbasdy howpundan çekinýän wagşy haýwanyň gorkuşy ýaly ätiýaç alamaty bar hem bolsa, ol elini maňlaýyna kölegeledip, töwerege parahat nazar bilen garady. Ony gümürtik bir ýagdaý gurşap alypdy. Ol bolaýmagy ahmal zadyň bolmagyndan çekinýärdi, nähili hereket etjegini bilmeýärdi. Ýigit özüni tagaşykly saklamaýandygyna, megerem, şol tagaşyksyzlygyňam diňe bir hereketinde ýa-da

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bolşunda ýüze çykmaýandygyna-da düşünýändigi üçin, näme etjegini bilmeýärdi. Ol çakdanaşa duýgurdy hem özünden örän göwni hoşdy. Şonuň üçinem hat okap duran Arturyň syr bildirmeýän kişi bolan bolup oňa tarap gönderen mekir nazary ýaş ýigidiň tekepbir kalbyna hanjar bolup sanjyldy. Ýöne ol şol mekir nazaryň gözüne kaklyşandygyny Artura aňdyrmady. Sebäbi indi ol köp zatlara, esasanam, tertip-düzgüniň manysyna gowy düşünýärdi. Ýöne hanjara öwrülip gelen garaýyş onuň tekepbirligine ýara saldy. Ol bu ýere geleni üçin özüni günertledi. Emma günertlese-de, ras geldiňmi, indi ahyrky nokada çenli kanagat etmeli diýen aýgyda gol berdi. Onuň ýüzi hyýrsyzlandy, gözlerinde alaw lowurdady. Indi ol görýän zatlaryny aňyna surat edip çekmek üçin töweregiň kaşaň görnüşine ynam bilen seretmäge başlady. Hiç bir zat onuň ýiti nazaryna ilmän geçmeýärdi, şeýle hem içeriniň owadandan nepis zatlaryna seretdigiçe, gözlerindäki öýkeli yşyk kem-kemden sönüp, onuň ýerini mylaýym lowurdy eýeleýärdi. Ýaş ýigit gözellik diýen zada mydama desbi-dahyl baha bererdi, bu ýerde bolsa

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
görmäge-de, baha bermäge-de gözel-gözel närseler ýeterlikdi.

Diwardaky surat ýigidiň ünsüni çekdi. Äpet deňiz tolkuny uçut gaýa gelip özüni urýar. Gara bulut asmany perdeläpdir. Möwç alýan däli tolkunlaryň üstünde kiçijik ýalňyz gämi galgaýar. Gämi bir tarapa gaty gyşarany sebäpli palubanyň hemme ýeri aç-açan görünýär. Ol täsin görnüşdi. Diwardaky şekil ýaş ýigidi garşylyk görkezende-de ýeňdirmejek güýç bilen özüne tarap çekdi. Ol tagaşyksyz hereket edýändigini hem unudyp, surata has golaý bardy welin, ýap-ýaňy aşyk bolan gözelligi edil el bilen süpürilip aýrylan ýaly birden ýom-ýok boldy. Ýigit öňki gözelligiň ýerine gelen bulaşyk şekile hiç zada düşünmeýän nazary bilen syn etdi. Soňra ol biraz yza çekildi welin, ýitip giden gözellik ýene öňki ýerinde peýda boldy. “Hokgaly surat” diýip ýigit içini gepletdi. Ol suratdan ünsüni böldi-de, üstüne hüjüm eden täze-täze duýgularyň arasyndan maý tapyp, bolgusyz hokga üçin şeýle gözellige kast edilişinden nägile bolmaga pursat tapdy. Ýaş ýigit suratkeşlik işine düşünmeýärdi. Onuň şu mahala çenli ähli gören işleri golaýdan garasaňam, uzakdan garasaňam bir

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

durkuny üýtgetmeýän hromolitografiýa, şekilleridi. Dogry, ol dükanlaryň witrinalarynda goýulýan reňk bilen çekilen suratlary-da görüpdi. Ýöne aýnanyň aňyrsynda bolany üçin olary oňat synlap bolmaýardy.

Ýaş ýigit hat okaýan ýoldaşyna tarap seredende, stoluň üstünde üýşüp ýatan bir topar kitaba gözi düşdi. Aç adamyň iýmäge zat görende bolşy ýaly, onuň gözlerinde isleg, höwes ody alawlady. Ol hemişeki bolşy ýaly, owşanaklap ýöredi-de, özünden erksiz stoluň ýanyna baransoň, tolgunma bilen kitaplary seljermäge durdy. Ol kitaplaryň sözbaşylaryna, ýazarlaryň atlaryna seredişdirdi, sahypalardaky käbir pikirleri okady, daşlaryny elleri bilen, gözleri bilen sypalady. Birdenem ol ýaňy-ýakynda okan kitabynyň üstünden bardy. Bu ýerdäki kitaplaryň şondan başgalarynyň özleri-de, ýazarlary-da ýaş ýigide düýpden nätanyşdy. Onuň eline Suinberniň kitaby ildi. Ýaş ýigit özüniň nirede durandygyny hem ýadyndan çykaryp, kitaby okamaga duranda, hatda ýüzüniň hamy-da gyzardy. Ol süýem barmagyny sahypalaryň arasynda goýup, ýazaryň adyny görmek üçin kitaby iki gezek açyp-ýapdy. Suinbern! Ol bu ady

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýadyndan çykarmaz. Suinbern diýilýän ýazaryň synlaýan şekilini görmäge ýiti nazary bar bolsa gerek. Ýöne ol kim? Ol köp şahyrlar ýaly ýüz ýyl mundan ozal dünýäden ötenmi ýa-da häzirem ýaşap ýörenlerdenmikä? Ýigit başky sahypany agdardy welin, bu ýazaryň başga-da kitaplarynyň bardygy aýan boldy. Ol ertiriň özünde jemagat kitaphanasyna baryp, Suinberniň eserlerinden haýsydyr birini tapmaga synanyşar.

Ýigit kitap okamak bilen şeýlebir gümra boldy welin, hatda otaga bir ýaş gyzyň girenini-de duýman galdy. Ol Arturyň:

– Ruf, bu ýigit mister Iden bolmaly! – diýen sözlerini eşideninden soň, özüne gelen ýaly boldy.

Kitap ýapyldy. Ýöne gyza garamazyndan ozal, täze dörän duýgudan ýaňa ýigidiň tutuş göwresi sandyrady. Emma ol sandyrama gyzyň jaýa girmegi sebäpli döremändi-de, oňa Arturyň aýdan sözleri sebäp bolupdy. Ýigidiň çykyn-çykyn bolup duran berk bedenini ýitileşen bir duýgurlyk gurşap aldy. Daşky dünýäniň sähelçe täsiri ýetse-de, onuň duýgulary hem pikirleri joşýardy we alaw ýaly bolup lowlaýardy. Onuň joşgunly göz öňüne

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

getirmesi zatlaryň arasyndaky özara gatnaşygy, meňzeşligi, tapawudy seljermegiň aladasyndady. Ony häzir tisginmäge mejbur eden zat bolsa “mister Iden” diýen söz boldy.

Ömürboýy “Iden” ýa “Martin Iden”, ýa-da ýöne “Martin” diýlip ýüzlenilýän ýigit birdenem ‘‘mister” boldy duruberdi. “Beýle ýagdaýyň bir inçe manysy-ha bar bolsa gerek” diýip, ýaňsylanýandyr öýden Iden içini gepletdi. Birdenem onuň şu

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

mahala çenli ýaşan günleri hatar-hatar bolup gözüniň öňünden gaýtadan geçip başlady. Onuň ýaşan ömründe bolsa ýatda galar ýaly waka kän bolupdy: koçegarlyk, türme, dok, gämi duralgasy, ýene türme, meýhana, içgysgynç hem howply hütdükler… Bularyň hemmesiniň bir ýüpe düzülmeginiň netijesinde ýaş ýigide ýüzlenilýän bir at döräpdi. Ol hem şol dakylan sada at bilen öwrenişipdi.

Ol gapdala öwrülip, gyza gözi düşen badyna kellesine gelen öňli-soňly hyýallaryň, pikirleriň hemmesi birden ýom-ýok boldy. Gyz ýüzüniň reňki aksowult, hyjuwdan doly ullakan mawy gözli, altynsow gür saçly näzik maşgalady. Ýigit onuň niçiksi geýnüwlidigine düşünmese-de, eşiginiňem özi ýaly ajaýypdygyna ynandy. Ol öz ýanyndan görmegeý gyzy näzik şahadaky altyn öwüsýän sarymtyl gül bilen deňeşdirdi. Ýok, ýok, beýle däl. Ol ruh, ol Hudaýyňeçilen gözelligi, beýle gözellik ýere degişli bolup bilmez. Ol asmanda dörändir. Ol asman perisi! Ýa-da ýokary jemgyýetde şular ýaly gözel gyzlaryň bardygyny ýazýan kitaplar, dogrudanam, hakykaty görkezýärlermikä? Suinbern gözelligi öwjek

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bolsa, şu gyzy wasp etmeli ahyryn! Belkem, ol şu mahal stoluň üstünde ýatan kitabynyň gahrymany Izoldanyň keşbini çekende, şu gyza meňzeş birini göz öňüne getirendir. Kellä gelen dürli çaklamalar, hyýaly şekiller, duýgular kän wagt hem alman, sähelçe salymda geçip gitdi. Daşky wakalar bolsa, arasy üzülmän, öz akymyna gitdi. Ruf ýigide elini uzatdy. Gyz edil erkek adam ýaly bolup elini örän berk gysyp durka, ýigit onuň öz gözlerine-de göni seredendigini gördi. Onuň tanan zenanlary salamlaşanlarynda eli başgaçarak gysýardylar. Umuman-a, aýallar känbir elleşip salamlaşybam duranoklar. Ýaş ýigit ýene öz ýatlamalarynyň arasyna siňdi. Birdenem ol ýatlamalaryň hemmesini bir tarapa süýşürip, gyza seretdi. Beýle näzenin maşgalany ol ömürboýy görmändi. Onuň gören, tanan aýallary… Onuň gören, tanan aýallarynyň hemmesi hyýalda Rufuň ýanynda hatara durdy. Bakylyk bolup duýlan sekundyň dowamynda ol özüni diňe zenan şekilini görkezýän surat galareýasynyň ortasynda duran hasaplady. Ruf ol galareýada iň esasy orundady. Onuň gapdalynda gyslyşyp duranlara bolsa çalt nazar aýlap, görklerine baha kesilmelidi, Ruf bilen

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
deňeşdirilmelidi. Ýigit hyýalynda çeken suratyna seredende, fabrikde işleýän, näsaga meňzeýän hor hem solak ýüzli aýallary, şäher eteginde ýaşaýan göçgünli gyzlary, maldarçylyk meýdançasyndaky zenanlary, çilim çekýän garameňiz köne meksikaly hatynlary gördi. Ondan soňra bolsa gurjaga meňzeş aşagy agaç köwüşli, täbikläp ýöreýän ýapon aýallary, gadyr-gymmaty ýitip ugrandygynyň nyşany görünýän, ýüz keşbi nepis — ýewraziýalylar, olardan soň Beýik Umman adalarynda ýaşaýan şargaralar hem özlerini gül bilen bezeýänler ýada düşdi. Ahyrsoňunda hem aýylganç, hem gorkunç bir topar aýal hyýaly surat galareýasyndakylaryň hemmesini ýatdan çykarmaga mejbur etdi. Soňky peýda bolan toparda çekelenip sandan çykarylan Waýtçepeliň ökjesi ýeňilleri, garaňky ýaramazhanalarda bedenine iňlis aragynyň ysy ornap gidenler, dowzahyň äjit-mäjidine öwrülenler, hapa haramylar, duralgada deňizçileri garawullaýan heleýpisint, ýöne heleý däller… deňiz duralgasynyň galyndy ykmandalary, gaýnaýan adamzat gazanynyň hapa köpürjigi hem çökündisi bardy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Oturyň, mister Iden! – diýip, gyz ýigide ýüzlendi. — Artur siz barada kän zat aýdansoň, tanşasym geldi durdy. Siz örän batyrgaý hereket edipsiňiz.

Iden gyzyň aýdanyny tassyklaman, baş ýaýkady hem-de bolan wakanyň ujypsyz bir işdigi, başa düşse, her öňýeteniň hem şeýle hereket etjekdigini aýdyp hümürdedi. Görüşmek üçin ozüne tarap uzan eliň heniz oňly bitmedik ýaralardan, urgudan galan tegmillerden doludygyna gözi düşen gyz ýigidiň beýleki eliniň hem edil şeýledigini gördi. Soň ol çalt hereket edýän “barlagçy” nazaryny ýokaryk gönükdirende, Martiniň ýaňagyndaky tyg yzyna, ýene bir tyg yzyna bolsa maňlaýynda, edil saçynyň gutarýan ýerinde, iň soňunda-da krahmallanan ýakalygynyň aňyrsynda ýitýän üçünji tyg yzyna gözi düşdi. Gyz ýakalygyň sürtülip-sürtülip, onuň bürünçreňk hamynda goýan gyzyl tegmiline gözi düşende dörän ýylgyrmasyny myhmandan gizledi. Iden krahmallanan ýakalyk dakynmaga endik etmedik bolarly. Gyzyň duýgur nazary ýigidiň egnindäki gelşiksiz biçüwli, sallam-sajak ýeň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
li, gasyn-gasyn eginleriniň aňyrsyndan bolsa çigin etleri bildirip duran kostýumyna-da özüne mynasyp bahasyny berdi.

Öz eden hereketinde beýle ulaldar ýaly üýtgeşik bir artykmaçlygyň bolmandygyny gaýtalan Iden gyzyň islegine tabyn bolup, kürsä tarap ýöredi. Şol pursat hem Rufuň şeýle bir gelşiklilik, erkinlik bilen kürsüde oturanyny synlamaga ýetişen Martin özüniň gelşiksiz, gödeňsi göwresini göz öňüne getirdi-de, öňküsindenem beter utandy. Bu zatlaryň bary onuň üçin täzelikdi. Oňa şu mahala çenli özüniň gödekligi ýa-da sypaýylygy baradaky mesele ýatdy. Özüni şol nukdaýnazardan synlamaklyk onuň asla kellesine-de gelmändi. Martin ägälik bilen kürsiniň gyrasynda oturansoň, elini nirä goýjagyny bilmänem kösendi. Nirede, nähili goýulsa-da, elleri oňa artykmaç ýaly bolup duýulýardy, päsgel berýärdi. Üstesine-de, edil şol mahal Artur otagdan çykmak üçin gapa ýöneldi. Martin Iden haýpygelijilikli duýgy bilen onuň yzyndan seretdi. Jaýda zenan sypatly akýagyz ruh bilen ikiçäk galansoň, ol halys aljyrady. Bu ýerde çakyr alaýar ýaly dükan hem, piwo getirmäge ýollaýar ýaly oglanjyk hem ýok. Ýogsam adam

arasyny ysnyşdyrýan şol içgini gepbaşy edinmegem bolardy welin.

— Siziň boýnuňyzda ýara yzy bar welin, ol nädip beýle boldy? — diýip, gyz birden garaşylmadyk sowal berdi. — Ol haýsydyr bir adatdan daşary waka sebäpli dörän bolsa gerek?

— Bir meksikaly üstüme eli pyçakly topuldy, miss — diýensoň, Martin dodaklaryny ýalaşdyrdy-da, bogazyny arçamak üçin ardynjyrady. — Garpyşyk boldy. Elinden pyçagyny alanymdan soňam ol meniň burnumdan agyz salmak isledi.

Martin bu gürrüňi örän sadalyk bilen, hiç hili adatdan daşary waka bolmadyk ýaly arkaýyn aýtdy, gözüniň öňünde bolsa Slina-Krusuň ýyldyzly hem dymyk gijesi janlandy. Deňiz kenarynyň ak zolagy, gant ýüklenen gämileriň çyralary, serhoş deňizçileriň aňyrrakdan eşidilýän sesi, ýükçüleriň myggyldy döredýän märekesi, meksikalynyň gazapdan doly ýüzi, onuň ýyldyzlaryň ýagtysyna ýaldyraýan wagşy gözi, boýnuna buz degen ýaly bolup gitmegi, çüwdürilen gan, mähelle, göge galýan galmagal, iki göwräniň çägäniň üstünde tutaklaşyp ýörşi,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gitaranyň alysdan gelýän owazy. Ol şeýle bolupdy. Boýnuna pyçak urlan wakany ýatlandada ini jümşüldäp giden ýigitde: “Diwardan asylgy duran suraty çeken suratkeş ýaňky wakany şekile geçirmegi başararmydyka?” diýen sowal döredi. Ýagty kenar, ýyldyzlar, ýük gämileriniň yşyklary surata geçirilse, oňat çykaýmagy hem ahmaldyr. Ortadaky çägelik ýerde tutuş gara ýapynja bürenen ýaly bolup görünýän märeke halkasynyň içinde iki adam biri-birine ýara salýar. Martin şol waka surata geçirilse, pyçagy hem görkezmeli bolar diýen aýgyda geldi. Pyçak ýyldyzlaryň ýagtysy bilen çaknyşyp owadan lowurdy bererdi.

Soňky oýlanma Martiniň sözlerinde welin, öz beýanyny tapmady.

— Hawa, ol meniň burnumy dişlejek boldy.

— Hi-iý — edip, gyz içini çekdi. Onuň sesinde aljyraňňylyk duýuldy, ýüzünde perişanlyk alamaty göründi. Martiniň özi hem birneme aljyrady. Onuň güne ýanan ýaňaklarynda gyzylymtyl görnüş peýda boldy. Üstesine-de onuň ýaňaklary gapysy açyk, içinde-de ot ýanýan gyzgyn pejiň alkymynda tutuş bir sagatlap oturan adamyňky

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýaly lowlaýardy. Gyzyl ýumruga girmek, eli pyçakly uruşmak ýaly gelşiksiz wakany ýokary synpyň sypaýy maşgalasynyň ýanynda aýdyp oturmagyň özi-de ýerlikli däldi. Okalan kitaplarda gyzyň gatnaşýanlary derejesindäki adamlar Martiniň ýatlaýan wakasy ýaly zatlar barada dil ýarmaýarlar. Belkem, olar ýumruklaşmak, pyçaklaşmak diýen zatlary asla bilen hem däldirler.

Ýaňy başy başlanan gürrüň garaşylmadyk ýerden togtady. Şonuň üçinem gyz ýene sowal berdi. Ol hem ýara yzy bilen baglydy. Ýöne bu gezek gyz Martiniň ýaňagyna düşen ýara barada sorady. Gyz ol hakda sowal berende, Martin onuň öz aýlawynda aýlanmak höwesi bar bolsa gerek diýip çak etdi. Şonuň üçinem soňky sowala jogap gaýtaranyndan soň, gürrüňi Rufa golaý akyma gönükdirmeli diýen netijä geldi.

— Şeýle bir ýagdaý boldy, gulak asyň! — diýip, Martin ýaňagyndaky ýara yzyny eli bilen sypap goýberdi. — Bir gezek deňizde gopan harasat gämi

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

niň aşaky ýelkenini töwereginiň zatlary bilen goparyp taşlady. Ýelkeniň urgany bolsa polat simlerden işilendi. Ana, şol üzülen urgan ýylan ýaly bolup, töwerege bulanmaga başlady. Hemme adam ony saklamagyň ugruna çykdy. Başartmady. Ahyr men atylyp bardym-da, urgany agaja berkitdim. Şonda metal urganyň ujy ýaňagymy ýalap geçdi.

– Be-e! — diýip, gyz ýene geňirgendi. Ýöne urgan, ýelken diýilýän sözler grekçe aýdylanda düşnüksiz bolşy ýaly, öz dilinde aýdylanda hem ol düşünmeýärdi. Ýöne bu gezek ol Martine duýgudaşlyk edýän ýaly äheňde seslendi.

– Şol Swaýnbern — diýip, Martin Iden gyzyň dünýäsinden gep açmak islände, başdan säwlik goýberdi, sözüň aýdylyşynda bulaşdy.

– Kim, kim diýdiňiz?

– Swaýnbern, – diýip, ýigit gaýtalady. — Şahyr.

– Suinbern! — diýip, gyz myhmanyň ýalňyşyna düzediş berdi.

– Şol-da — diýip, ýalňyş goýberen ýigidiň ýene ýüzi gyzardy. — Onuň dünýäden ötenine kän wagt geçdimi?

– Men-ä onuň ölendigini eşidemok — diýen Ruf onuň ýüzüne gyzyklanma bilen seretdi. — Siz onuň bilen nirede tanyşdyňyz?

Martin oňa:

– Men onuň garasynam göremok — diýip jogap gaýtardy. — Siz gelmeziňiziň öňünçäsi onuň hol stoluň üstünde ýatan kitabyndan käbir goşgujyklaryny okapdym. Onuň goşgularyny siz halaýaňyzmy?

Gyz ýigidi gyzyklandyran sowala ýeňillik hem aňryýany bilen jogap gaýtarmaga başlady. Şondan soň myhmanyň ýüki ýeňlän ýaly boldy. Ol kürsüde ynjalykly ornaşdy. Emma şonda-da ol kürsi aşagyndan sypyp gidäge-de, özi ýere pylçalyp urlaýjak ýaly, onuň iki tarapky tutaýyndanam ýapyşyp oturdy. Ol gyza golaý, onuň göwnünden turjak gepbaşy tapanyna begendi. Indi ol Rufuň näzikligine, gözelligine lezzetli bakmak bilen, aýdýanlaryny yhlas bilen diňlemäge başlady, onuň ykjamja, enaýyja

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
kellesinde beýle kän düşünjäniň bardygyna haýran galdy. Ol eşidýän zatlaryna doly düşünmek üçin alada edýärdi, ýogsam gyzyň näzik dodaklaryna ýöne uçup geläýen nätanyş sözler düşnüksizlik döredýärdi. Şeýle hem Rufuň aýdýan pikirleriniň umumy akymynda akmak hem Martine asla başartmaýardy. Oňa garamazdan, häzirki ýagdaý onuň aňyny tijenip işlemäge mejbur edýärdi. “Akyl durmuşy, gör, nirede eken” diýip, ýigit oý etdi. Onuň bardyr öýdüp çak etmeýän aýdyň, açyk, ajaýyp gözelligi, gör, nirede eken. Ol töwerekdäki ähli zatlary unudyp, açgözlük bilen gyza seredip oturdy. Ol bar bolany üçin ýaşalmaly, ömrüňi bagyş edeniňe degýän, wysalyna ýetmek üçin alada edilmegine mynasyp, ugrunda ökünmän janyňy gurban edip boljak näzenini şu ýerde tapdy. Kitaplar hakykaty beýan edýär ekenler. Olaryň taryplaýan zenanlary dünýäde bar eken. Ynha, olardan biri hem şu ýerde. Ruf Martiniň hyýalkeşlik duýgusyna ganat berdi. Şol sebäpli-de, onuň öňünde ullakan hem ýagty görnüş peýda boldy. Onuň üstünde syrly, romantik keşpler, söýgi sahnalary, zenan ugrunda, saryýagyz, altyndan edilen güle meňzeýän gözel

zenan ugrunda görkezilýän edermenlikler janlandy. Martin ajaýyp salgyma meňzeş ýukajyk hem tolkun atyp duran görnüşiň aňyrsyndaky özüne edebiýat hem sungat barada gürrüň berýän janly, hakyky gyzy görýärdi. Ol seredişiniň çakdanaşa dykgatlydygyny hem aňman, özüniň erkeklik dünýäsiniň tutuşlygyna ýanyp duran gözlerinde şöhlelenýändigini aňman, zenana garaýardy we onuň aýdýanlaryny diňleýärdi. Ýöne durmuş hakynda, erkekler hakynda kän zat bilmeýän zenan özüne seredýän, ýanyp duran ýigit gözlerini gördi-de, gyz hökmünde howpurgady. Henize çenli ýekeje erkek adam hem oňa Ideniň seredişi ýaly utanjaňlyk nazary bilen garamandy. Ol sakyndy-da dymdy, pikirleniş ýumagynyň arasy üzüldi. Myhman ony gorkuzdy, şol bir wagtyň özünde-de ýigidiň şeýle dykgatly seredişi gyzyň hoşuna geldi. Ýöne alan terbiýesi ony syrly howpdan hem maýyl ediji hilegär bakyşdan ägä bolmaklyga çagyrdy. Emma at salýan gany welin, ony özüniň ýokary derejedäki gelip çykyşyny, jemgyýetdäki eýeleýän ornuny yatdan çykarmalydygyny, başga dünýäden bolan myhmana, elleri tyg yzyndan doly, dakynmaga

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
endik etmedik ýakalygyna boýnuny ýaraladan, aýylganç durmuşa heniz özüni zaýalatdyrmadyk (şeýledi gi bildirip dur ahyryn) gödegräk ýaş ýigide tarap ädim ätmelidigini habar berdi. Gyz päkdi, onuň päkligi hem ýaňky içki duýgynyň aýdanlaryna garşy gopdy. Ýöne ol zenandy, üstesine-de, zenan tebigatynyň geň galaýmaly gapma-garşylyklary hakynda ýap-ýaňy oýlanmaga başlan zenandy.

— Men näme diýýädim-ä? Men nirede saklandym-a? — diýip, aýtjagynyň arasyny bölen gyz birden dillendi hem ýakymly gülüp goýberdi.

— Siz ol Suinberniň beýik şahyrlyk derejesine ýetip bilmändigi hakda gürrüň etdiňiz. Sebäbi hem… Ana, şol sebäbe ýeten ýeriňizde-de siz geplemegi goýduňyz, miss…

Şol sözleri aýdan ýigitde birden, näme üçindir ajygýan ýaly duýgy peýda boldy. Gyzyň gülküsinden bölünip gaýdan ýakymly tolkun mylaýym jümşüldä öwrülip, onuň kebzesini sypap geçdi. Martin içini gepletdi. Ol adam gülküsi däl-de, kümüşden guýlan enaýyja jaňjagazlaryň sesi. Ýok, ol gülki däl. Bu pursat, sähelçe, sähelçe

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

pursat Martini uzak bir ýurda alyp gitdi. Ýigit ol ýerde gül açan ülje agajynyň aşagynda sigar çekip oturyşyna gümmezi çişli ybadathananyň aýaklary sypal çepekli dindarlary çokunmaga çagyrýan jaňjagazlarynyň sesine diň salýardy.

— Hawa, hawa. Gowy ýatlatdyňyz, minnetdar. Suinberniň beýik şahyr bolup ýetişmändiginiň sebäbi, dogrusyny aýtsaň, ol käte gödeklik edýär. Onuň okanyňda ýitiren wagtyňa haýpyň gelýän goşgulary-da bar. Hakyky şahyryň her setiri hakykata, gözellige, adamda aňrybaş duýgy, adamçylyk oýarmaga ýugrulan bolmaly. Beýik şahyrlaryň ýekeje setirini-de aýryp taşlap bolmaýar. Aýyrsaň, ol dünýä üçin ägirt uly ýitgi bolardy.

— Maňa-ha ol goşgular gaty oňat bolup göründi — diýip, Martin aýdanyna onçakly ynam etmeýän ýaly bolup dillendi. — Şu ýerde okanlam-a… Ony beýle ýazardyr öýdüp asla çak etmesem näme? Gödekligi onuň beýleki kitaplaryna-da hökman täsir ýetirýän bolmalydyr.

— Siziň ýaňky okanlaňňyzyň arasynda-da kitaba zeper ýetirmän zyňyp oturmaly setirler kän — diýip, Ruf ynamly hem kesgitli äheň bilen aýtdy.

— Şol gowşak setirler dogrudanam, maňa gabat gelen däldir-dä. Okan goşgularym-a gaty oňatdy. Ol setirler edil Gün ýa çyra şöhlesi ýaly bolup kalbyňy ýyladyp gidýäler. Mende-hä şeýle duýgy döredi, miss… Men, belki, goşga asla düşünmeýän bolsam gerek.

Martin özüniň geplemäge ökde däldigini haýpygelijilik bilen boýun alyp, birden dymdy. Ol ýap-ýaňy okan kitabynda durmuşyň çäksizdigini, onuň ýyly täsirini duýupdy, ýöne ol barada deňli-derejeli aýtmak üçin degerli söz tapmaýardy. Ol özüni garaňky gijede ugruny ýitiren, ýaramaz enjamlaşdyrylan ýat gäminiň matrosy ýaly duýdy. Martin şol nätanyş dünýä hernäçe kyn hem bolsa uýgunlaşmak gerek diýen çözgüde geldi. Şu mahala çenli onuň tutan işini goparmadyk, tutan maksadyna ýetmedik gezegi bolmandy. Häzir bolsa ol öz içki oý-hyýallaryny Rufa aýdyň beýan etmegi öwrenmegi ölemen isledi. Sebäbi Ruf eýýäm onuň bütin durkuny gurşap alan ýalydy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ynha, mysal üçin, Longfello… — diýip, gyz dillendi.

— Hawa, hawa, men ony okapdym — diýip, edebiýat meýdanynda-da, az hem bolsa düşünjesiniň bardygyny tizräk aňdyrmak islän ýigit derrew gyzyň sözüni böldi. Goý, ol öz myhmanynyň gazykdan ýörütme gömük däldigini bilsin. — Men “Durmuş aýdymy” diýen dini kitaby, “Eksselsiory”… Okanym, bar okanym, ähtimal, şular bolsa gerek.

Ruf ýylgyrdy-da, başyny ýaýkady. Martin bolsa onuň ýylgyrmasyndan dözümsizlik, biraz gussaly dözümsizlik alamatyny aňdy. Ol özüniň okumyşdygyny görkezjek bolup samsyklyk etdi. Sebäbi şol Longfello sanýetmez köp kitap ýazan bolsa gerek.

— Aýdan gepim bilen ýüregiňize düşen bolsam, meni bagyşlaň, miss. Dogrymdan gelsem, şol inçe işlere men oňly düşünibem baramok. O zatlar meň aklymyň çatjak närseleri hem däl.

Soňky sözler haýbat atylýan ýaly bolup ýaňlandy.Ýigidiň sesi çasly çykdy, gözleri uçganaklady, agzynyň iki gyrasyndaky gasynlar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
has aýdyň bildirdi. Gyzyň göwnüne bolmasa, myhmanyň äňi öňe süýşen ýaly boldy, ýüzi ýakymsyz, göze ilginç sypata geçdi. Emma şol bir wagtyň özünde-de onda peýda bolan mertlik joşgunynyň tolkuny gyzyň depesinden basdy. — Siziň o zatlary aklyňyza sygdyrmagy başarjakdygyňyza men ynanýan — diýip, gülen gyz Martiniň aýdanyny tassyklady. — Siz örän güýçli, juda edenli!

Gyzyň nazary onuň güne ýanyp bürünç reňk alan, öküziňki ýaly daýaw hem sagatlygyň alamatyny aňdyryp duran çykyn-çykyn boýnunda az salymlyk eglendi. Öz öňünde çekinjeňlik bilen ýygrylyp oturandygyna garamazdan, gyz ýigide golaýlaşmak isledi. Şol sebäpli hem onuň kellesine bälçiklik etmek pikiri geldi. Eger häzir baraga-da şol berdaşly boýny gujaklaýsa, ondaky hemme güýç-kuwwat özüne geçerdi diýip gyz hyýalyna getirdi. Bu hyýal hem ony utandyrdy, göýä garaşman duran ýerinden özündäki ahlaksyzlygyň üstünden baran ýaly boldy. Üstesine-de Ruf şu mahala çenli mydama bedeniň gara güýjüni gödeklik hem erbetlik hasaplapdy. Onuň hakyky görmegeý ýigidiň sypaty diýip göz

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
öňüne getirýäni kaşaňlyk bilen sypaýylykdy. Emma geň bir pikir ondan daşlaşmaýardy. Ol hamy güne ýanan boýny gujaklamak höwesiniň nädip kellesine gelip ýörendigine akyl ýetirip bilmeýärdi. Emma ol ýagdaý düşnüksiz hem däldi. Ruf tebigatyna görä ejizje hem näzik maşgalady, şonuň üçinem onuň bedeni, pikiri özünde ýetmezçilik edýän güýçlüligi küýseýärdi. Emma gyz oňa akyl ýetirmeýärdi. Ol şu mahala çenli hiç bir ýigidiň özüne häzir garşysynda oturan, käbir nädogry aýdan sözleri gulagyna geň bolup eşidilen, opul-sopul geýnen, gödek ýigidiň täsir edişi ýaly täsir etmändigini welin bilýärdi.

— Hawa, men edil öküz ýaly sag — diýip, Martin magtanýan ýaly bolup gepledi. — Gerek bolsa, posly demri hem gaýtadan gaýnadyp bilerdim. Ýöne häzir welin, üýtgeşik başarýan zadym hem ýok ýaly. Siziň aýdýan zatlaryňyzyň köpüsini häzir kabul edip, bilmeýärin. Biler bolsaňyz, maňa hiç mahal beýle zatlary öwretmändiler. Men kitaby, goşgyny gowy görýärin, elim sypynsa, okaýaryn. Ýöne men ol hakda hiç mahalam siziň oýlanyşyňyz ýaly oýlanmandym. Şoň üçinem goşgy barada geplemek maňa aňsat düşmeýär.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Men edil näbelet deňzimde kartasyz, kompassyz ýüzüp ýören deňizçi ýaly-da. Ýöne meniň nämäniň nämedigine düşünesim gelýär. Megerem, maňa siz kömek edersiňiz? Siziň özüňiz nädip beýle kän zatlary bilip ýörsüňiz?

— Men okadym, mekdebe gatnadym.

— Mekdebe gatnamasyna-ha oglankam menem gatnapdym-la — diýip, ýigit jogapdan kanagatlanman gepledi.

— Mekdebe gatnadym welin, men orta mekdebi tamamlamsoň, uniwersitete-de gatnadym, ýörite sapaklary diňlemäge…

— Siz uniwersitetde-de okadyňyzmy? — diýip, ýigit geň galýandygyny basyrjagam bolman, gaýtadan sowal berdi. Şonuň bilen hem ýigitdir gyzyň arasynda ýer bilen gögüň arasy ýaly boşluk döredi.

— Men häzirem şol ýerde okaýan. Iňlis filologiýasyndan ýörite sapak alýan.

Ýaş ýigit “filologiýa” sözüniň nämedigini bilmeýärdi hem şol meselede özüniň bisowatdygyny tassyklap sowal berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Uniwersitete okuwa girmek üçin men näçe wagt okamaly bolarkam?

Gyz onuň okamak meselesindäki höwesini goldamak isledi.

— Ol siziň ozal näçe wagt okandygyňyza bagly. Siz orta mekdepde asla okamadyňyzmy? Hawa-da, okamansyňyz… Başlangyç mekdebi-hä gutaransyňyz? Şeýle dälmi?

— Mekdebi tamamlamagyma iki ýyl galanda okuwy taşladym. Ýöne okan döwrümde welin, ýokary bahalar alýardym.

Şol wagt hem ol magtanandygy üçin özüni kötekläp, kürsüniň tutulýanyny şeýlebir güýç bilen gysdy welin, barmaklary syzlap gitdi. Şol pursat hem ol içerik bir aýalyň girendigini gördi. Derrew ýerinden turan gyz gelen aýala tarap ýöneldi. Aýal bilen gyz gujaklaşyp ogşaşanlaryndan soň, myhmana tarap ýörediler. Martin gelen aýaly gyzyň ejesi bolsa gerek diýip çak etdi. Ol uzyn boýly, agymtyl çal saçly, syratly, bular ýaly barly öýüň eýeleriniň bolşy ýaly gowy geýnüwlidi. Onuň köýneginiň nepis zolaklary göze ýaramlydy. Ol Martin Idene teatr

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
sahnasynda gören aýallaryny ýatlatdy. Soň ol şolar ýaly ajaýyp, şolar ýaly gowy geýnüwli zenanlara London teatrlarynyň westibýullerinde poliseýler köçä kowýançalar sereden döwürlerini ýatlady. Ondan soňra bolsa ýatlama ony şeýle zenanlary uzakdan görmek miýesser bolan Iokogama, Grand-Otele alyp bardy. Şol pursat Iokagamanyň, şäheriň hem galanyň ýüzlerçe görnüşli suraty onuň göz öňünden geçip gitdi. Ýöne ol hakydanyň çalt üýtgeýän ýatlamasynyň öňüni ýapyp, ähli ünsüni şu güne gönükdirmeli etdi.

Martin Iden aýal maşgala bilen ýerinden turup görüşmelidigini, adyňy aýtmalydygyny unutmady. Ol kürsüden turanda balagynyň dyzy hem pökgerip çykyp durdy. Onuň elleri ysgynsyz ýaly asylyp durdy. Indi salamlaşmaly boljakdygy hakynda oýlananda Martiniň ýüzi bir erbet tu-tuldy.

## II bap

Giň otagdan nahar edinilýän jaýa geçilende, Martin Iden azap baryny çekmeli boldy. Her sekuntda diýen ýaly çakyşylaýmak howpuny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
döredýän kän sanly aşhana närseleriniň arasyndan sag-aman geçmek oňa akyla sygmajak hereket etmek bilen barabar bolup göründi. Ahyrsoňy ýigit şol howply ýoly geçip, indi bolsa Rufuň gapdalynda otyrdy. Pyçagyň hem nahar iýilýän çarşagyň sanynyň kändigi ony gorkuzdy. Olar näbelli bir howp bolup duýulýardylar. Şonuň üçinem myhman lowurdysy tä gözlerini gamaşdyrýança jadylanan ýaly bolup pyçaklara, çarşaklara seredip oturdy. Şol lowurdy perdesiniň ýüzünde bolsa matroslaryň jaýjagazyndaky tanyş görnüş janlandy. Martin hem onuň ýoldaşlary çakga meňzeş pyçak bilen, bolmasa-da barmaklaryny sokup solomino iýýärdiler ýa-da ýemşik demir çemçeleri ortada duran hemme kişä aralyk tabaga sokup, goýalyp giden nohutly çorba içýärdiler. Martiniň burnuna köne etiň agyr ysy urdy, gulagynda bolsa matroslaryň çemçe-pyçagyň şakyrdysy bilen sazlaşýan şapbyldylary ýaňlandy. Martin özleriniň nahar iýişlerini doňuzlaryň iýmitlenendäki hereketleri bilen deňeşdirdi. Ýeri, bolýa-da. Ol bu ýerde-hä özüni ele aljak bolar, iýmiti şapbyldysyz çeýnemegiň aladasyny eder.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin stola göz aýlady. Onuň gabat garşysynda Artur bilen onuň inisi Norman otyrdy. ‘‘Rufuň doganlary’’ diýip, myhman içini gepletdi hem olara ýakymly nazar bilen garady. Bu maşgalanyň agzalarynyň bir-birlerini gowy göräýişlerini diýsene! Ol Rufuň ejesini garşylaýşyny, olaryň äbede-jübe bolup ogşaşyşlaryny, ikisiniň gujaklaşyp myhmana tarap gaýdyşlaryny ýatlady. Martiniň önüp-ösen dünýäsinde ene-ata bilen perzentleriň arasynda bular ýaly mähremlik däbi ýokdy. Beýle ýagdaý onuň üçin täzelik hem ýokary synpyň wekilleriniň ýeten duýgy belentliginiň tekrarlanmasy boldy. Martiniň bu täze dünýäde gören-eşidenlerinden kalbyna iň laýyk geleni bir-birege hormat goýluş edähedi boldy. Şonuň üçin hem ol tolgundy, ýüregini näziklik bilen duýgudaşlyk alamatlary gurşap aldy. Martin ömürboýy öz söýgüsiniň üstünden barmak isläpdi. Onuň tebigaty söýgi küýseýärdi. Söýgi ýigidiň tutuş durkunyň esasy talabydy. Ýöne ol şu çaka çenli söýgä sataşman ýaşady, şonuň üçinem ýekelik ony gazaply, rehimsiz adama öwrüp barýardy. Emma onuň özi welin, söýgi küýseýändigine düşünmeýärdi. Edil häzirem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
şeýledi. Ol diňe öz öňünde söýginiň döreýşini görýärdi, şol hem ony tolgundyrýardy, joşdurýardy, kalbyna mylaýymlyk aralaşdyrýardy.

Martin mister Morzuň häzir bu ýerde ýokdugyna-da begendi. Ruf bilen, onuň ejesi, dogany Norman bilen tanşylmagy ýeterlikdi, Artura bolsa ol eýýäm azda-kände beletdi. Entek gyzyň kakasy bilenem tanşylmaly bolar. Ana, şol welin, aňsat düşmez. Oýlanyp görýär welin, ol henize çenli beýle azap görmändi. Gabat gelen iň agyr işi hem häzirki kyn ýagdaý bilen deňeşdireniňde, çaga oýny ýaly bir zatdy. Onuň maňlaýynda maýdaja der damjalary döredi, köýneginiň arkasy bolsa desbi-dähil çözülmegini talap edýän, özi üçin adaty bolmadyk aladalaryň zor salmasyndan ýaňa öl-suw bolupdy. Ol bu ýerde nahary adaty iýşinden başga ýol bilen iýmeli, nähili ulanylýandygyny bilmeýän gurallaryny ulanmaly. Şonuň üçinem ol başgalaryň nähili hereket edýändigini bilmek üçin assyrynlyk bilen töweregindäkilere ser saldy. Şol bir wagtyň özünde-de Martin manysyny aňynda aýlamaga zordan ýetişýän yzy üzülmän döreýän täze duýgulary hem öz dünýäsine girizmegiň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
aladasyny edýärdi. Üstesine-de, kalbyna düşnüksizlik hem yza salan gyza ýetmek ugrundaky garşysyna gideniň bilenem köşeşdirip bolmajak höwes, Rufuň ýaşan durmuş aýlawyna aralaşmak baradaky hyjuwly hem ýüregedüşgünç isleg, şol maksatlary amala aşyrmak üçin dynuwsyz dartgynly pikir etmek ýigidiň ýüküni agraldýardy. Garşysynda oturan Normana ýa-da beýleki naharlanýanlaryň käsine gözüniň gytagyny aýlaýan myhman nähili ýagdaýda pyçagyň ýa-da çarşagyň ele alynýandygyny, nähili tutulýandygyny öwrenmek isledi. Şol bir mahalyň özünde-de, ol oturanlary gözden geçirende, olaryň her biriniň daş keşbini aňynda saklamak, her biriniň Rufa bolan garaýşynyň nähili derejededigini seljermek isledi. Bulardanam başga ol gepleýänleriň gepini diňlemelidi, sowal berilse jogap gaýtarmalydy, ozal sala goýberilip ýörlen diliniň bolgusyz bir zat aýtmazlygynyň aladasyny etmelidi. Bu zatlaryň üstesine ýene hyzmatçynyň döredýän tükeniksiz aladasy hem bardy. Ol edil adam kelleli ýolbarsyň şekili ýaly bolup, Martiniň arka tarapyndan sessiz-üýnsüz peýda bolýardy-da, matal ýaly bir zat aýdyp, oňa-da derrew jogap

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gaýtarylmagyny talap edýärdi. El ýuwulýan içi suwly gapjagaz baradaky pikir hem Martine ynjalyk bermeýärdi. Ol özünden erksiz şol gapjagazlary ýatlamaly bolýardy, olaryň nähilidigini, haçan getiriljekdigini pikirini edýärdi. Martin şol kiçijik tabaklar barada şu mahala çenli diňe gep-gürrüň eşidýärdi, indi bolsa, belki, bary-ýogy birki minutdan olary öz gözi bilen görüp biljekdi. Sebäbi ol häzir ýokary synp adamlary bilen bir stoluň başynda otyrdy. Olar bolsa nahardan soň ýa-da zerur bolsa nahar wagty stol başyndan turman ellerini ýuwmaklyga endik eden adamlardy. Şu gün Martiniň özi hem şol hereketi etmeli bolar. Ähli zatdan beter onuň beýnisini erjellik bilen çokalaýan bir pikir — şol adamlaryň ýanynda özüňi nähili alyp barmalydygynyň pikiridi. Özüňi nähili alyp barjak? Ol ezýet, azap çekip şol aladany çözjek bolýardy. Käte özüni hakyky bolşundan başgarak görkezip, at oýnatmak meýli hem onuň kellesine gelýärdi. Şol wagtyň özünde-de at oýnatmak endiginde bolmansoň, ojagaz piriminden hiç hili netije çykman, gaýta masgara bolaýmagynyňam

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ahmaldygy hakynda başga bir wehimli pikir döreýärdi.

Şol aladasy çökder pikirlere gümra bolan Martin nahara sarp edilmeli wagtyň birinji ýarymynda parahat oturdy. Şonuň netijesinde-de, Arturyň bir ýabany adamy nahara çagyrandygy, ýöne gorkmaly däldigi, onuň örän täsin wagşydygy barada garyndaşlaryna eden duýduryşyny ýalana çykardy. Martiniň bolsa Rufuň doganynyň, has beterem özi ony beladan gutarandan soň beýle-beýle namartlyga baş urar öýdüp eger-eger kellesine-de gelmeýärdi. Şonuň üçinem ol stoluň başynda özüniň hemme ýagdaýy ýerbe-ýer däldiginden, töwereginde gopýan, närazylyk döredýän ýagdaýdan hasrat çekip otyrdy.

Martin iýmit diýilýän zadyň diňe bir adamyň fiziki talabyny kanagatlandyrýan närse däl ekenligine şu gün birinji gezek düşünip galdy. Ozal ol näme iýilýändigine hiç wagt üns bermändi. Iýilýän zat diňe iýmitdi, gaýry zat däldi. Bu ýerde bolsa, ol nahar başynda otyrka, özüniň gözellik baradaky ähli duýgularyna kanagatlanma tapdy — sebäbi nahar bu ýerde

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
naharlygyndanam başga gözellik çeşmesine öwrülýärdi, diňe olam däl, eýsem akyl terbiýesi görnüşine-de geçýärdi. Martiniň aňy aldygyna işleýärdi. Nahar başynda bir tarapdan-a, manysy boýunça myhmana düşnüksiz sözler ýaňlanýardy, beýleki tarapdan bolsa, diňe okan kitaplarynda gabat gelýän, onuň öz dünýäsindäki ülpetleriniň hatda diliniňem aýlanmajak sözleri eşidilýärdi. Şol kyn sözleriň bu täsin maşgalada, Rufuň maşgalasynda şeýle ýeňillik bilen aýdylýandygyna şaýat bolanda, ol geň galmakdan ýaňa titräberdi. Hemme zat ünsüňi çekýär, hemme zat ýokary derejede, hemme zat ajaýyp. Bular barada kitapda beýan edilişi dogry eken. Arzuwy arzuwlykdan aýrylyp, hakykata öwrülen ýigidi eşretli duýgy gurşap aldy.

Ol hiç haçan ýaşaýşyň beýle belent derejesine göterilip görmändi. Şol belentlikden töweregine garaýan Martin özüne köpçüligiň azrak üns bermeginiň aladasyny edýärdi; eger Ruf bir zat diýse: “hawa, miss”, “ýok, miss”, onuň ejesine gezek gelende: “hawa, mem”, “ýok, mem” diýen ýaly gysga jogapdan kän aňry geçmeýärdi, Rufuň doganyna ýüzlenende bolsa, deňizçileriň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

dünýäsinde ulanylýan "hawa, ser" diýen sözi agzyndan sypdyrman zordan saklandy. Şol sözi diýäýse welin, ol özüni gaty pes derejä düşürjekdigine akyl ýetirdi. Eger ol Rufy öz tarapyna geçirmek isleýän bolsa, şolar ýaly säwlik goýbermeli däldi. Myhmanyň tekepbirligi hem şony talap edýärdi. Ol içini gepletdi. Menem olardan pes däl. Eger olar meniň bilmeýän zatlarymyň köpüsini bilýän bolsalar, menem şol zatlary öwrenmegi başarardym ahyryn. Ýöne şol pursat enesi ýa-da gyzy oňa "Mister Iden" diýip ýüzlense, ol özüniň kesirligini unudyp, begençli tolgunmakdan ýaňa ýüzi ýagtylyp gidýärdi. Ol häzir medeniýetleşen kişidi, özi-de ozal diňe kitaplarda okan adamlarynyň arasynda otyrdy. Onuň özi hem kitaba girip, jiltlenen sahypalarynda syýahat edip ýören ýalydy.

Ýöne stoluň başynda Arturyň beýan eden wagşysyna meňzemän, eldeki guzy ýaly bolup oturan Martin özüniň nähili bolmalydygy hakyndaky kelle döwmesini bes etmeýärdi. Umuman, ol eldeki guzujyk däldi, onuň belent hörpi ikinji derejeli orunda goýulmagy bilen ylalaşmaýardy. Ol diňe geplemek zerur pursady

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

dil ýarýardy, aýdýan sözleri bolsa uly otagdan naharhana geçende büdräp mebel bilen çakyşyp ýörüşi ýaly tagaşyksyzdy. Martin gerek sözleri nädogry aýtmakdan çekinip, käbir bilýän sözlerihem gödek ýa-da düşnüksiz bolaýmasyn öýdüp, özüniň köp dilli söz baýlygyny dörüşdirdi. Diliniň agyrlygynyň zeper ýetirýändigi, bilýän hem pikir edýän zatlaryny aýtmaga päsgel berýändigi baradaky oýlanma ony gaty gynaýardy. Şeýle hem galypyň içinde oturan ýaly daşy ýat adamlar bilen halkalanmagy edil krahmallanan ýakalygynyň boýnuny gysyşy ýaly, onuň erkin ruhunyň daşyny gabsaýardy. Martin beýle ýagdaýa uzak çydaman öýdüp howatyrlandy. Ony gurşap alan duýgular hem pikirler belli bir many aňlatmak üçin daşa dyzaýardylar. Ahyrsoňy özüniň nirededigini hem unudan Martiniň ulanmaga endik eden sözleriniň biri, barybir, dilinden sypdy.

Myhman mydama ýeňsesinde peýda bolýan hyzmatçynyň getiren naharyndan ýüz öwürdi hemem gysgajykdan düşnükli edip:

— Pau — diýdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Stoluň başyndakylaryň ählisi munuň soňunyň näme boljagyna doňup garaşdylar. Hyzmatçy welin, ýaňsyly ýylgyrmasyny zordan saklady. Martiniň özi bolsa, howpurgamakdan ýaňa, depe saçy üýşüp gitdi. Ýöne ol özüni derrew ele aldy.

– Ýaňky kanak sözi bolmaly, – diýip, ol bolan ýagdaýy ýuwmarlamaga çalyşdy. — Özem ‘‘boldy”, “bes et” diýen manyny aňladýar. Ol söz tötänden dilimden sypaýdy. — Rufuň myhmanyň eline tarap garan bilesigeliji nazaryna Martiniň gözi düşensoň, onuň sözsüz sowalyna şeýle jogap gaýtardy. — Men ýap-ýaňy Ýuwaş ummany ugry boýunça gatnaýan poçta gämileriň biri bilen bu ýere geldim. Ol gijä galany üçin biz gara çynymyz bilen gyssanyp ýük düşürmeli bolduk. Haýdap işläp ýörkägem ellerimiň hamyny sypjyrtdym.

– Ýok-la, men, umuman, oňa seretmändimem — diýip, Ruf gyssanyp gepledi. — Siziň eliňiz göwräňiziň gabarasyna görä bolmalysyndan kiçiräk ýaly görünýär. Men şol hakda oýlandym.

Hamala ýene bir ýetmezi ýatlanan ýaly, Martiniň ýüzi gyzardy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Hawa, ol dogry — diýip, myhman tukat ses bilen jogap gaýtardy. — Meniň ýumruklarym kiçiräkdir. Ýöne çiginlem welin, edil gatyryňky ýaly berdaşlydyr. Kiçirägem bolsa, ýumruk salsam, hakym köýmez. Ýöne men kimdir biriniň dişine ýelmesem, mydama öz ýumrugymam ýaralanyp, gara gan bolaýýar.

Martin öz aýdan gepinden özi närazy boldy, öz-özüni ýigrenýändigini duýdy, gep-sözüniň ýerlikli bolmagynyňam aladasyny etmedi. Şonuň üçinem ol bolgusyz zatlar barada birtopar artykmaç sözleri ýaňrady.

— Tanamaýan-bilmeýän halyňyza kömek edip, Arturyň dadyna ýetişmegiňiz siziň gaýratlylygyňy görkezýär — diýip, myhmanyň utanandygyny aňan Ruf salykatly gepledi.

Martin welin gyzyň oňat terbiýelenendigine kemsiz düşündi hem oňa mynasyp baha berdi. Ýöne içki joşgunyň ýelgini onuň dilini sala goýbermegine sebäp boldy.

— Berýän bahaňyz nädogry. Şol mahal meniň ýerime kimem bolan bolsa, edil meňki ýaly

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
hereket ederdi. Arturda hiç hili günä ýokdy. Ol nejisleriň özleri yrs aradylar. Olar Arturyň üstüne

topuldylar, menem olaryň üstüne. Her haýsynyňam ýeterlik hakyny berdim. Dogry, meňem elimiň hamy sypjyrylandyr welin, olaryňam käbiri alyn dişlerini gumuň içinden gözläp tapmaly boldy. Men şeýle ýagdaýyň bolanyna gynanybam duramok. Şol nejisleri görsem…

Martin özüniň hiç kimdigine, dereksizdigine haýran galmakdan ýaňa agzyny açyp dymdy. Ol özüni Ruf bilen hatda bir howadan dem almaga-da mynasyp däl hasap etdi. Şol mahal hem gürrüňe goşulan Artur palubada bolan wakany, serhoş bozgaklaryň öz üstüne topulyşyny, Martiniň ony halas edişini ýigriminji gezek gaýtalady. Ýatlanan wakanyň gahrymany hasap edilýän ýigit bolsa, gaşlaryny bürjeşdirip dymyp oturyşyna öz-özüni kemakyl edip görkezendigi hakda, has beteri hem bu adamlaryň döwresinde özüňi nähili alyp barmak meselesi hakda pikir etdi. Ol mydama etmesiz zady edýärdi. Martin şu ýerde oturanlaryň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kowumyndan däldi, şonuň üçinem olaryň dilinde gepläp bilmeýärdi. Bu hakykat.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ýa-da olaryň raýyna gidip, boluşlaryna öýkünmelimi? Beýdip oýun oýnamakdanam netije çykmaz. Şeýle hem at oýnatmak diýen häsiýet Martiniň dünýäsine bap gelmeýärdi. Onuň dünýäsinde galplyga, ýalana orun ýokdy. Soňy nämä baryp degse-de, Martin öz bolşy ýaly bolmalydy. Häzir olaryň dilinde gepläp bilmese-de, uzagyndan öwrenjekdigine ol berk ynanýardy, ýöne häzirem dymyp oturmaly däldi, olaryň dilini bilmese, öz dilinde olary geňirgendirmez ýaly, düşnükli bolar ýaly, elbetde, birneme ýumşaklyk bilen geplemelidi. Dymmaly däldi. Şeýle hem ol dymmak netijesinde hakykatda düşünmeýän zady hakda düşünýär eken diýen pikiriň döremegini islemeýärdi. Şonuň üçinem iki dogan uniwersitet hakda gep açanda telim gezek “trig” diýen söz ulanyldy welin, Martin Iden ýaňky dymmaly däl diýen aýgydyna görä hereket edip:

— “Trig” näme? — diýip sorady.

Norman oňa:

— “Trig” — trigonometriýa — diýip jogap gaýtardy. — Ol ýokary “matikanyň” bir bölegi bolmaly.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— “Matika” diýýäniň näme onda? — diýen Normany çalarak ýylgyrdan sowal ýaňlandy.

— Ol matematika, arifmetika — diýip, Norman düşündiriş berdi.

Martin Iden baş atdy. Ol birbada seredeniňde danalygyň tükeniksizligi bolup görünýän uzaklyga garady, görýän hyýaly zatlary onuň üçin elläbem bolunjak hakyky görnüşe öwrüldi. Martiniň ýokary derejeli göz öňüne getirme ukyby hyýaly keşbi anyk, hakyky keşbe öwrüp bilýärdi. Onuň beýnisiniň alhimiklik gurallary trigonometriýa, matematika we şol sözler simwoly bolup hyzmat edýän ähli bilim örüsini aýdyň giňişlige öwürdiler. Ol kä açyk ýagtylandyrylýan, kä içinden altyn öwüsýän şöhle geçip gidýän ýaşyl ýapraklary, tokaýdaky boş zolaklary edil suratda görýän ýaly görýärdi. Uzakdan seretseň, olar ýukajyk gyrmyzy ümüre dolanan ýalydylar. Ýöne şol ýukajyk ümüriň aňyrsynda heniz bilinmeýän zatlaryň dünýäsiniň, täsinlikleriň dünýäsiniň bardygyna ol berk ynanýardy. Ol görnüşler Martini şerap bolup serhoş etdi. Şol ýerde edermenlik görkezmäge esas, pikirlenmek, döretmek üçin mümkinçilik,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

boýun egdirilmeli dünýä bardy. Şol pursadam Martiniň ýüreginiň teýinden şol dünýäni häzir öňünde oturan sarymtyl liliýa güli ýaly gyzyň haky üçin eýelemeli diýen pikir çogup çykdy.

Göz öňünde dörän gözellik Arturyň Martini ýabany edip görkezmek üçin ähli ukybyny peýdalanyp eden aladasy zerarly ýok boldy.

Martin Iden gelen kararyndan dönmedi. Nahara oturylany bäri ol birinji gezek öz erkine daýandy: ilkibaşda kynlyk bilen, soňam aýdýan zatlarynyň keýpine gyzygyp, durmuşy öz bilşi ýaly görkezmegiň aladasynda gepläp başlady. Haryt gaçakçylygy bilen iş salyşýan “Halsion” diýilýän ýelkenli gämini gümrükhana kateri saklanda, Martin şol gämide deňizçilik edýärdi. Ol görgürdi, synçydy, üstesine-de, gören zadyny gürrüň bermegi-de başarýardy. Ol birahat deňziň, gäminiň, gämiçileriň keşbini çekýärdi, hyýaly göz öňüne getirmesiniň güýji bilen diňleýän adamlary şol zatlara öz gözleri bilen seretmäge mejbur edýärdi. Ol kän-kän wakalaryň arasyndan hakyky suratkeşiň duýgusy bilen iň täsirlisini, haýran edijisini saýlap alýardy-da, ýagtylyga, reňke,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
herekete baý görnüşi özboluşly dilewarlygy, joşguny hem hyjuwy bilen beýan edýärdi. Käte onuň hakykaty görkezişi ýa-da gepiniň öwrümleri diňleýjileri gelşiksiz ýagdaýa salýardy, ýöne onuň hekaýatyndaky gödeklik gowulyk bilen aralaşyp gelýärdi, hasrat bolsa matroslaryň täsin, şerebelije degişmesi bilen ýumşadylýardy. Martin gepleýärkä gyz oňa haýran galmakbilen seredýärdi. Onuň gözi gyzyň kalbyny ýyladýardy. Ol şunça ýyllap beýle ýyly mähir duýman ýaşap bilendigine haýran galdy. Gyzda ýanardag güýji joşup duran, hyjuwy ot bolup alawlaýan güýçli adama gysmyljyramak islegi döredi. Ol höwes şeýlebir güýçlüdi welin, Ruf gelşiksiz bir hereket edäýmekden özüni zordan saklady. Şol bir wagtyň özünde-de, bir zat ony Martinden daşlaşdyrýardy. Gara zähmetiň hem hapa durmuşyň ýitip gitmejek tagmasy galan ýaralanan eller, çykyn-çykyn bolup duran güýçli beden, ýakalyga hamyny sypjyrdan boýun — bularyň bary gyzy ýigitden daşa itekledi. Martiniň gödekligi Rufy düýrükdirdi. Onuň her bir nädogry, ýakymsyz sözi gyzyň gulagyna yza bolup eşidildi, öz durmuşyndan gürrüň beren gödek wakalary gyzyň göwnüne

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
degdi, gyzy kemsitdi. Şeýle-de bolsa, göwnüne, haýsydyr bir melgunyň jadysy ony, barybir, ýigide tarap çekýärdi. Gyzyň beýnisinde şeýle pugta orun alan zatlaryň hemmesi birden öňki bolşuny üýtgetdi. Martiniň geň-taň wakalardan, romantikadan doly durmuşy adaty ýaşaýşyň düzgüni hökmünde kabul edilen şertleriň hemmesini çepbe çöwürýärdi. Onuň gülküsini, onuň howply zatlar baradaky şatlykly gürrüňlerini diňlän gyz durmuş kyndyr, agyrdyr diýen öňki pikirinden daşlaşdy. Durmuş oňa oýnamak hezil, nirä öwürseň öwrülip duran, ýitirseňem haýpyň gelmejek oýunjak ýaly bolup duýlup başlady. Içki pikiri oňa: “Senem durmuş oýnuny oýna, boýnundan beýle gujaklasyň gelýän bolsa, bar-da, gysmyljyra!” diýdi. Ol peýda bolan ýeňilkelle höwesi üçin özüni köteklemek isledi. Ýöne onuň özüniň päkizeligini, medeniýetini, özüni Martinden tapawutlandyrýan tutaryklaryň hemmesini oňa garşy goýmagy welin netijesizdi. Töwerege ser salan Ruf ähli kişiniňem ony jadylanan ýaly bolup diňleýändigini gördi. Ýöne ejesiniň gözlerinden welin hem begençli, hem aýylganç joşgun duýgusyny okady. Begençlidi,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýöne aýylgançdy. Şol ýagdaý hem gyzyň Martin hakyndaky soňky pikirlenmesine goltgy boldy. Hawa, ol tümlükden çykan, gahar-gazapdan dörän adam. Gyzyň ejesi hem ondan şeýle netije çykarýar. Diýmek, ol, dogrudanam, şeýle bolmaly. Ruf elmydama ejesine bil baglaýşy ýaly, häzirem oňa ynanmaga taýyndy. Şeýlelikde, Martiniň ody ony köýdürmesini bes etdi, onuň gyzyň kalbyna salan howry özüniň ýitiligini ýitirdi.

Nahardan soň Ruf Martin ikisini daşlaşdyrýan aralygy öňküsindenem giňeltmek üçin, oýlanylman dörän isleg netijesinde oňa roýalda saz çalyp berdi. Sazyň çalnyşy Martini aňk etdi, depesine elhenç urgy degen ýaly täsir ýetirdi, ýöne aňk etse-de, urgy ýaly bolup duýulsa-da, kalbyny welin çepbe çöwürdi. Ol gyza çuň hormat bilen seretdi. Ol hem edil Ruf ýaly ikisiniň arasyndaky boşlugyň has giňändigini duýýardy. Duýýany üçinem onda şol boşlukdan böküp geçmek höwesi güýjedi. Martin örän duýgurdy hem duýgularyny beýan etmekde galjaňdy. Şonuň üçinem tutuş agşam, onda-da saz çalnyp durka, şol boşluga seredip oturmaga takaty çatmaýardy. Saz

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hemişe-de ony göwnübir goýmaýardy, ýiti täsir edýärdi. Saz edil güýçli çakyr ýaly bolup, ony batyrgaý hereket, pikir etmäge iterýärdi, hyýala getirmesini güýçlendirip, bulutlaryň depesine alyp çykýardy, edil ganat beklenen ýaly bolýardy, kalbyndaky ýaramaz hakykat ýok bolup, onuň ýerine gowulyk, üýtgeşiklik gelýärdi. Rufuň çalýan sazyna Martin, elbetde, düşünmeýärdi. Ol saz deňizçileriň tans edýän mahaly çalynýan döwük pianinodan çykýan sese düýpden meňzemeýärdi ýa-da orkestrde çalynýan, gulagyňy deşip barýan mis turbanyň sesi däldi. Ýöne ýokary saz sungaty hakynda kitaplarda okamak gabat gelensoň, Rufuň saz çalşynyňam kössi bardyr öýtmedi. Emma ol roýalda çalnan sazda öz gulagynyň öwrenişen gönümel hem açyk ritmini welin eşitmedi. Käte-de ol owazyň çeken bir şekilini tutandyryn öýdýär-de, gözüniň öňüne gelýän zatlaryň baryny onuň bilen baglanyşdyrmaga häzirlenen pursadam sazyň bulam-bujarlygynda ýene özüni ýitirýärdi, göz öňüne getirmesi bolsa, daýanç nokadyndan sypyp, derrew asmandan ýere inýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Hatda bir öwra Ruf öz üstünden güläýýän-ä däldir-dä diýen pikir hem Martiniň kellesine geldi, çalynýan sazdan haýsydyr bir duşmançylykly äheň döreýändir diýen geň çaklama-da peýda boldy. Şonuň üçinem ýaş ýigit gyzyň düwmeleri basýan barmaklarynyň näme diýmek isleýändigini bilmegiň aladasyny etdi.

Onuň hyýala getirmäge-de mynasyp däl çaklamany derrew özünden daşlaşdyryp, durky bilen saza berlesi geldi. Sazyň öňki ajaýyplygy ýene ony öz erkine alyp başlady, aýaklary ýerden üzülen ýaly boldy, göwresinde agram galman, howada gaýyp ýörene meňzedi, gözleriniň öňünde nurana ýagtylyk lowurdady. Martiniň töweregindäki zatlaryň hemmesi gaýyp boldy. Ol birçak sataşmagy kalbynda besläp ýören, özüne nämälim haýsydyr bir dünýäniň depesinde ganat ýaýyp pelpelledi. Tanyş-u nätanyş zatlaryň hemmesi ýagty hem üznüksiz görnüşiň içinde ýitip gitdi. Ol jöwzaly ýurtlaryň heniz görülmedik deňiz duralgalaryny gördi, agyr märekeli meýdançalarda gezim etdi, ýabany taýpalaryň entek hiç kimiň, hiç haçan görmedik düşelgelerine aýlandy. Ol yssy deňiz howasynda agşamlaryna

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
adalardan gelýän, dem almaga endik edinen tanyş hoşboý ysyny duýýan ýaly boldy, tükeniksiz tropik günlerinde suwuň mawumtyl üstki gatlagynda kä ýitip, kä ýene peýda bolýan, töweregi palmalar bilen jäheklenen koral adalarynyň arasynda, Buzly ummanda ýüzdi. Ol şekiller hyýala, pikire meňzäp, tiz peýda boluşlary ýaly, derrewem ýitip gidýärdiler. Martin käte-hä güne ýanan goňras çölde at çapýardy, käte-de ýalynly howanyň dürli reňkli älemgoşar ýaly perdesiniň aňyrsyndan görünýän Ajal jülgesindäki ak mazara seredýärdi, ýa-da buz adalary gün şöhlesine lowurdaýan Buzly ummanyň tolkunlarynda kürek urýardy. Käte ol koral adasyndaky kokos palmasynyň aşagynda ýatyp, tolkunlaryň güwwüldisine diň sylýardy. Heläkçilige uçran gäminiň dargaman galan aşaky, esasy bölegi gögümtil ot bolup ýanýan ýalydy. Şol syrly şöhläniň içinde aýdymçylaryň joşgunly uwwuldylarynyň, gabaý gitarynyň sesiniň, tam-tamyň takyrdysynyň astynda tansçylar “Hula” tansyny ýerine ýetirýärdiler. Joşgun bilen doldurylan tropik gijesi dowam edýärdi. Uzakda, ýyldyzly asmanyň ýüzünde ýanardagyň gabarasy

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

salgym ýaly bolup göze kaklyşýardy. Edil süýr depäňden solak Aý howlukman ýüzüp barýardy, aşakda bolsa, gözýetimiň üstünde ýyldyzlar toplumy ýaldyraýardy.

Martin eolo arfasyna meňzeýärdi. Onuň öz ömründe başdan geçiren hem gören ahwalatlary tardy, sazy bolsa tarlary titredýän şemaldy. Şeýlelikde, şemal tarlaryň kömegi bilen ýatlamalary hem arzuwlary oýarýardy. Ol diňe duýmak bilenem oňmaýardy. Onuň her bir duýýan zady reňke boýalyp, özbaşdak görnüşe eýe bolýardy we haýsydyr bir syrly, täsin ýol bilen keşbe öwrülýärdi. Geçmiş, şu gün, geljek bir ýere jemlenip, ajaýyp, uly, gyzgyn dünýä döredýärdi. Ol hem şol açan dünýäsinde Rufa ýetmek üçin edermenlik görkezdi. Ynha, ol ýetilen arzuwynyň ýanynda, ony öz tarapyna geçirýär, ony gujagyna gysýar, arzuw hyýalynyň şalygynda açan täze dünýäsi onuň göwnüni göterýär.

Ruf egniniň üstaşyry seredip, Martiniň näme bilen gümra bolýandygyny onuň ýüzünden okady. Häzir onuň ýüzi düýpden başga ýüzdi, ýanyp duran ullakan gözleri bolsa saz perdesiniň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
aňyrsyna geçip, şol ýerde hakyky durmuşyň gürsüldisini duýdy hem hyýalyň döreden ägirt uly görnüşlerine gabat geldi. Ruf aňk boldy. Gödek hem tagaşyksyz ýigit gözden gaýyp boldy. Ýaramaz tikilen penjek, tyg yzlary galan eller, güne ýanan ýüz ozalkysy ýaly gyzyň öňündedurdy. Ýöne indi ýaňky sanalanlar türmäniň gözenegine öwrülipdi. Gyz indi şol gözenegiň aňyrsyndan belent kalply äpet kişini görýärdi, ýöne ol laldy, kuwwatsyzdy. Sebäbi gyzyň tolgunmasyny asyl bolşy ýaly beýan edip biljek söz ýokdy. Hyýala gelen görnüş sähel salym saklandy. Tagaşyksyz ýigit ýene öňküsi ýaly bolup hakykata dolandy, gyz bolsa tapan hyýaly üçin öz üstünden güldi. Emma şol hyýalyň döreden täsiri welin ýitip gitmedi, Martin hoşlaşmak üçin gelşiksiz ýöräp gyzyň ýanyna baranda, gyz oňa Suinberniň hem şu mahal iňlis edebiýaty boýunça ýörite sapaklarda eserlerini öwrenýän ýazyjysy Brouningiň kitabyny berdi. Martin minnetdarlyk bildirmek üçin tagaşyksyz geplände, birden ol gözüne oglanjyk bolup göründi welin, gyzda erksiz ýagdaýda enelik mähremligi hem nebsagyryjylygy oýandy. Ol

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gödek ýigidi-de, kalbyny ýesir aldyran, şeýle hem özüni bir wagtyň içinde bakyşy bilen begendirip hem gorkuzyp erkeklerçe sereden adamy-da unutdy. Ruf diňe öz öňünde duran oglany görýärdi. Ol oglan bolsa hoşlaşylanda, gaty hem gödek barmaklary bilen gyzyň elini şeýle bir gysdy welin, näzik eliň hamyny hem sypjyrdy. Soňam ol dili diýen etmeýän ýaly bolup, üzlem-saplam gepledi.

— Şu gün meniň ömrümiň iň gowy güni boldy. Bilýäňizmi näme, men bu görýän zatlarym bilen öwrenişenem däl. — Ol töwerege aljyraňňy nazar aýlady. — Beýle zatlar bilenem, beýle adamlar bilenem. Bu meň üçin täzelik… Özem bu zatlary men halaýan.

Doganlary bilen sagbollaşyp durka, gyz oňa:

— Siz ýene bize gelersiňiz diýip umyt edýän — diýdi.

Martin papagyny kynlyk bilen başyna çekensoň, bosagada-da gödek büdräp çykyp gitdi.

— Ýaňky göwnüňden turdumy? — diýip, Artur doganyna sowal berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Gaty täsin. Ol biz üçin edil arassa howa akymy ýaly. Ol näçe ýaşynda?

— Ýigrimi, ýigrimi biri dolup barýar. Şu gün soradym. Men oňa beýle ýaşdyr öýtmändim.

Hoşlaşanda doganlarynyň ýaňagyndan ogşap, gijeleriniň rahat bolmagyny dilän gyz: “Diýmek, men ondan tutuş üç ýaş uly” diýip içini gepletdi.

## III bap

Martin Iden basgançakdan düşensoň, kisesine elini sokdy-da, şaly samanyndan edilen bölejik goňur reňkli kagyz hem bir çümmük temmäki çykaryp çilim dolandy. Ol tüssäni gowy edip içine çekdi-de, daşyna howlukman çykardy.

— Al kakmyş! — diýip, Martin ýakymly geňgalma bilen dillendi. — Al kakmyş! — diýip gaýtalap, esli dymansoňam, ýene: — Al kakmyş! — diýip, samrady-da, boýnundaky ýakalygyny aýryp, jübüsine dykdy. Sowuk ýagyş çisňeýärdi. Ýöne kurtkasynyň öňi serilgi, başy açyk Martin töwereginde näme bolup geçýänini-de duýman gidip barýardy, ýagyş ýagýandygy bolsa aňyna çala ýetýärdi. Joşguna gark bolan ýigit hyýalynda

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýap-ýaňy bolup geçen zatlaryň içine gaýtadan girip, oýa halyna düýş görýärdi.

Ahyrsoňy ol, dogrusy, duşaýsam diýip käteler arzuwyny eden maşgalasyna gabat geldi. Zenan hakda oýlanmak onuň dünýäsine mahsus däldi. Emma oňa garamazdan, barýan ýolunda gözleýänine sataşaryn diýen inçejik tamasy welin bardy. Ýaş ýigit stol başynda şol arzuwlysynyň edil gapdalynda oturdy, onuň elini gysdy, gözlerine garady. Ýigit şol gözlere garamak bilen, gyzyň gözleri ýaly owadan içki dünýäsini hem janyny saklap duran bedenini gördi. Ýöne Martin onuň bedenini ýatlanda, beden hakynda pikir etmedi. Ol hem ýigit üçin täzelik däldi, çünki Martin başga zenanlar hakda-da hiç mahal başgaça pikir etmändi. Bu gyzyň bedeni aýratyn üýtgeşik bedendi. Ol beden adaty ten näsaglygyna-da, gowuşgynsyzlyga-da uçramaly däl ýalydy. Ol beden diňe bir gyzyň ruhunyň saklanýan ýeri hem bolman, ruhuň arzuw-hyýalyny joşdurýan, onuň päkize hem ajaýyp mazmunyny özünde jemleýän hazynady. Şol adaty däl ajaýyplygyň eçilen duýgusy Martini haýran etdi, ol arzuw-hyýaldan daşlaşyp,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
duýgusyny has sagdyn pikirlere tarap gönükdirdi. Şu mahala çenli dine degişlilik baradaky hiç bir sözem, görkezme-de, ýaňzytma hem onuň aňyna täsir etmändi. Ol dine uýmaýardy. Şonuň üçinem dindarlaryň, janyň bakydygyny nygtaýan kitaplaryň üstünden hezil edip gülýärdi. Ol özüne: “O ýerde hiç hili ýaşaýyş ýokdur, bolubam bilmez, ýaşaýyş diňe şu ýerde bar, şondan aňyrsy hemişelik tümlük” diýýärdi. Ýöne onuň Rufuň gözlerinde gören ahwalaty şol jandy, baky berlen jandy, hiç mahal ölmejek jan bolmalydy. Ozal tanan hiç bir aýaly, hiç bir erkegi onda janyň bakydygy barada pikir oýarmandy. Bu gyz welin oýardy. Martin başda, ilki sereden badyna ol barada sessiz pyşyrdapdy. Gyzyň aksowult, asylly, mylaýym hem diňe perişdeleriň başarjagy ýaly ýakymly duýgy hem rehimdarlyk bilen ýylgyrýan ýüzi şu mahalam onuň öňünde öwşün atyp durdy. Ol ýüz päkligiň ýakymly şöhlesinden gözellik alýardy. Beýle

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ajaýyp gözellik bardyr öýdüp ozal Martiniň hatda oýuna-da gelmeýärdi. Gyzyň päkligi ony aljyratdy hem haýran etdi. Ol durmuşda ýagşylyk bilen ýamanlygyň bardygyny bilýärdi, ýöne päkligiň ýaşaýşyň aýrylmaz bölegidigi barada pikir etmeýärdi. Indi bolsa ol päkligiň, iň ýokary derejedäki rehimdarlygyň, ahlaklylygyň jeminiň bakylykdygyna düşündi.

Birdenem Martin Ideni baky ýaşaýşy gazanmak islegini döreden şöhratparazlyk gurşady. Ol özüniň Rufuň suwuny daşamaga-da mynasyp däldigini örän oňat bilýärdi. Onuň şol gyz bilen tutuş agşam ýanaşyk oturyp gürrüňleşmegi bolsa garaşylmadyk hem akyla sygmajak wakady, bagtyň çüwmegidi, nesibäniň peşgeşidi. Ol, elbetde, tötänlikdi. Martin şol bagta ýetmek üçin alada-da etmändi, beýle bagta mynasybam däldi. Şonuň üçinem ony dine bolan meýil gurşady. Ol mylaýym, boýnuboş, öz ynamyndan dänmäge, özüni gurban etmäge taýyn adama öwrüldi. Şeýle ýagdaýa düşen adamlar günäsini ýuwup, toba gelmek üçin ybadathana barýarlar. Martinem günä ýapynjasyny ýapyndy. Ýöne her bir günäliniň toba kylyp, eden günäsini ökünç gözýaşy bilen ýuwup,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

keýpi-sapaly durmuşy göz öňüne getirişi ýaly, ol hem Rufuň kalbyny eýeläp bilse öňde peýda bolmaly şol bagty görýärdi. Ýöne şol bagta sataşjakdygy baradaky pikiri welin, haýsydyr bir ümür perdesine çolanandy, özi-de adaty pikirlere asla meňzemeýärdi. Arzuwyň döreden şöhratparazlygy oňa ganat berdi, ol öz arzuwy bilen bile maksadyň başyňy-gözüňi aýlap barýan beýik asmanyndaky ähli gözellikden lezzet alýan ýaly boldy, gyz bilen özara pikir alyşdy. Ol ruhy taýdan ýetilen dereje, ähli gödeklikden saplanmak, kalplaryň erkin dostlugy baradaky Martiniň ahyryna çenli oýlanybam bilmeýän pikirleridi. Asla ol pikirini soňlamagyňam gamyny iýmeýärdi. Asla ol hiç zat barasynda oýlanmandam. Onuň kalbyndaky duýgy aňyndan rüstem geldi, ol henize çenli synap görmedik ýagdaýyna – duýgynyň hyýalbentligine tabyn boldy, hakyky durmuşyň çygryndan çykyp, duýgy ummanynda akymyň ugruna ýüzdi. Ol serhoş ýaly bolup, köçä sygman, çaýkanyp barşyna:

– Al kakmyş! Wah, al kakmyş! — diýip, pessaý samraýardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Burçda duran poliseý Martine seretdi-de, ädim urşundan özüçe many çykaryp, ony deňizçidir öýtdi.

– Nirede ýüküňi ýetirdiň?

Asmanda gaýyp ýören Martin Iden ýere dolanyp geldi. Ol tebigatyna görä içki duýgurlygy ýiti, ýagdaýa tiz uýgunlaşmak başarnygy güýçli adamdy. Poliseý gep atan badyna ol özüne geldi-de:

– Haýran galaýmaly! — diýip, gülki gatyşykly ses bilen öz geň galmasyny beýan etdi. — Men asyl daşymdan gepleýändirinem öýtmändirin.

– Ýene biraz ýelmäýen bolsaň-a, aýdym aýdybam başlardyň — diýen sözler bilen poliseý onuň ýagdaýyny özüçe kesgitledi.

– Aýdyma-ha başlamazdym. Kükürt bersene. Häzir tramwaýa atlanaryn-da, öýe giderin.

Ol çilim otlanansoň, poliseýe gijesiniň parahat geçmegini arzuw etdi-de, aňyrlygyna ädim urdy.

– Özüňize berlenje bahany niçik görýäňiz? — diýip, Martin samrady. — Ýaňky tentek meni serhoşdyr öýtdi — diýibem ol ýaňsyly ýylgyrdy-

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
da, içini gepletdi: «Men, dogrudanam, serhoş ahyryn. Ýöne zenanyň ýüzüni görüp serhoş bolaryn öýdüp hiç mahal pikirime-de gelmändi».

Martin Telegraf köçesine ýetensoň, Berklä tarap gidýän tramwaýa mündi. Tramwaý talyp aýdymlaryny aýdýan ýaşlardan hyryn-dykyn doludy. Martin olary uly höwes bilen synlady. Ýaşlar uniwersitetiň diňleýjileridi. Olaram Rufuň diňleýän sapaklaryna gatnaýardylar, onuň hatarynda durýan jemgyýetine degişlidiler, onuň bilen tanşybam, isleseler ony her gün görübem bilerdiler. Martin bu ýaşlaryň ýaňky zatlary etmek islemeýändiklerine, tutuş agşamy nirdedir bir ýerlerde entäp geçirmän, onuň bilen gürleşip, ony täsingalyjylyk, sarpagoýujylyk bilen synlap lezzet alyp geçirmeýänlerine haýran galdy. Dodagy sallanyp, gözleri çyzylyp duran ýaş ýigit Martiniň nazarynda saklandy, ol murdar oglandyr, bozuk oglandyr diýen karara geldi. Gämide gulluk eden bolsa, ejizläp, aglar ýörerdi, adam satardy. Özüniň şol oglandan köp esse gowudygy baradaky pikir ony çäksiz begendirdi. Bu pikir ony gyza has golaýlan ýaly etdi. Ol özüni talyplar bilen deňedi, çykyn-çykyn bolup duran

olaryň biriniňem agzyny açdyrmajakdygyny belledi. Ýöne kelleleri bilimden doly bolansoň, olar Ruf bilen bir dilde gepleşip bilýändirler. Ana, şol pikir welin, oňa ejir çekdirdi. “Emma maňa-da beýni bir zat üçin berlendir-ä – diýip, ol derrew çykalga gözledi. — Şularyň ýeten derejesine menem ýetip bilerin”. Olar kitapdan ýaşamagy öwrenýärkäler, ol ýaşamak bilen meşguldy. Onuňam kellesi bilim bilen doludy, ýöne ol başga ugruň bilimidi. Şu ýigitleriň arasynda gäminiň ýelkenini gerip biljegi, destine erk etjegi, nobatçylykda durmagy başarjagy barmydyr? Onuň howpdan, batyrlykdan, gaýduwsyzlykdan, kynçylykdan, zähmetden doly bolup geçen ömri gözüniň öňüne geldi. Ol okuw mahaly başdan geçirmeli bolan wakalarynyň hemmesini ýatlady. Ýatlanda näme? Utuş, barybir, öz tarapynda. Bularam wagty gelende hakyky durmuş bilen iş salşyp, onuň eýýäm başyndan geçiren kynçylyklary bilen çaknyşmaly bolarlar. Ol gowy zat. Olar munuň eýýäm bilýän zatlaryny öwrenýänçäler, bu hem kitaplardan durmuşyň beýleki taraplaryny öwrenmek bilen meşgul bolar. Tramwaý Oklendom bilen Berkliniň arasyndan,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
iki gyrasynda onçakly kän jaý hem gurulmadyk ýerden barýardy. Martin Iden özüne ozaldan tanyş, maňlaýynda "Higginbotamyň bölek satuw dükany" diýen ýazgy lowurdaýan iki gat jaý bilen tramwaýyň deňleşmegine garaşýardy. Şol jaýyň ýanynda ol ulagdan düşdi-de, dükanyň ýazgysyna sähel salym seretdi. Ýazgy oňa gaty kän zatlary aýtdy. Ýazgynyň her harpyndan gedemlikden, ejizlikden, maýdalykdan many getirýän şemal öwüsýän ýalydy. Bernard Higginbotamyň aýaly Gertruda Martiniň doganydy, şonuň üçinem ol giýewisiniň näderejedäki adamdygyny ýeterlik bilýärdi. Gapyny öz açary bilen açan Martin basgançak bilen ikinji gata çykdy. Ol ýerde Bernard ýaşaýardy. Dükan birinji gatda ýerleşýärdi. Ýöne terlik möhleti bireýýäm öten gök önümleriň ysy ikinji gata-da ýetýärdi. Sany köp ýegenleriniň biriniň taşlap giden arabajygyna büdräp, şakyrdy baryny turzan ýigit baryp gapyny süsdi. «Husyt! — diýip, Martin gargyndy. — Ýaşaýjylar ýykylyp, burunlaryny ganatmaz ýaly, çyra üçin iki sent tölese jany çykjakdyr».

Ol garaňkynyň içinde sermeläp, gapynyň tutawajyny tapdy-da, aýal dogany bilen Bernard

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Higginbotam ikisiniň oturan içi ýagty otagyna girdi. Martiniň dogany adamsynyň balagyny çatyp otyrdy, adamsy bolsa birbada iki oturgyja uzanyp, ýapbaşyp giden öý köwüşli süňklek aýagyny sallap, gazet okaýardy. Martin öýe girende, Bernard okap oturan gazetiniň üstaşyry içiňden geçip barýan, mekir gara gözlerini oňa tarap öwürdi. Martin Bernardy halamaýardy, ony görse, mydama jyny atlanyberýärdi. Onuň dogany şol adamda hyrydar bolnar ýaly näme gowulyk tapdyka? Ol nejis bolup görünýärdi, her gezek sataşanda, Martinde ony ökjesi bilen basyp, mynjyradyp öldürmek höwesi döreýärdi. «Iru-giç men onuň dişlerini owradaryn» diýip, Martin öz-özüni köşeşdirýärdi, Bernardy görende kanagat damaryna daýanýardy. Wagşy hem gazaply gözler Martine halamaýan bakyş bilen garaýardy.

– Ýeri, näme boldy? — diýip, Martin sowal berdi. — Näme beýle tiňkäňi dikdiň-le?

– Şu işigi geçen hepdede reňkläpdik. — Mister Higginbotam şikaýatlymy ýa gazaplymy, düşnüksiz äheňde dil ýardy — Hünärmenler indi olar ýaly iş edenlerinde hamyňy iki gezek

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

sypyrýalar. — Gapyny döwjek bolup durman, ägäräk herekedem edip bolardy ahyryn.

Martin oňa berjek jogabynyň täsir etmejegini öňünden bilensoň, dymmaly boldy. Ol giýewisinden ünsüni bölmek isläp, diwardaky hromolitografiýa tarap seretdi-de, geň galdy. Ol surat Martine mydama ýaraýardy, häzir welin ony ilkinji gezek görýän ýalydy. Ol hem şu tünekdäki arzan zatlaryň biri ýaly pes hilli biderek suratdy. Ýap-ýaňy terk eden öýi onuň göz öňüne geldi. Ilki bilen-ä şol öýüň diwaryndaky surat göründi, soňam hoşlaşanda myhmanyň elini mähirli ýylgyryp gysan gözel gyz peýda boldy. Ol özüniň nirede durandygynam ýadyndan çykardy, Bernard Higginbotamam unutdy. Şol unudylan kişi:

— Gözüňe al-arwah görünýämi? — diýip soranda, ýigit özüne geldi.

Martin özüne gelip, aýylganç hem mekir gözle

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
re garanda, Bernard dükandan haryt goýberende şol gözleriň ýalynjaňlyk, şelaýynlyk, göwün görmek alamatlaryndan dolýandygyny ýatlady.

— Hawa, men düýş ýaly bir ahwalat gördüm… Gijäň rahat! Gijäň rahat, Gertruda!

Ol gapa tarap ýönelende, ýene büdredi, halydan ýapyşybam, ýykylman zordan saklandy.

— Işigi gaty batly ýapmagyn! — diýip, bolaýmagy ahmal ýagdaýyň öňünden gaçmak islän öý eýesi duýduryş berdi.

Martiniň gany depesine urdy. Ýöne ol özüni ele alyp, gapyny emaý bilen ýapyp gitdi.

Mister Higginbotam dabaraly nazar bilen aýalyna garady-da:

— Serhoş! — diýip, boguk sesi bilen pyşyrdady: — Lül arakhor derejesine ýetjegini men saňa ozal aýdýadym-a.

— Dogrudanam, onuň gözleri ýanyp dur — diýip, tabynlyk bilen baş atan Gertruda ärini goldady. — Boýnundaky ýakalygam-a ýitirim bolupdyr. Ýogsam, öýden gidende bardy ahyryn. Belkem, ol onçakly känem içen däldir.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ol aýagynyň üstünde zordan dur ahyryn — diýip, äri aýalynyň aýdanyna garşy gopdy. — Men üns berip seretdim. Büdremän ýeke ädimem ädip bilenok. Öýe girilýän ýerde güpür-tapyr bolanyny aňmadyňmy?

— Aýdýanyň dogry. Alisanyň arabajygyna büdräpdir — diýip, aýal jogap gaýtardy. — Garaňkyda ony gören däldir-dä.

Kem-kemden güýjäp barýan janyýangynlygynyň ugruna giden mister Higginbotam sesini gataltdy. Uzynly gün özüniň bardygyny hem bildirmän, alyjylaryň gözüne kiçigöwünli bolup agşama garaşýan kişi öýüne gelensoň, özüni hakyky bolşy ýaly edip görkezip biler ahyryn.

— Men saňa ne gözel ýigit saýýan doganjygyň serhoşdygyny aýdýan!

Ol gürlände her sözüne basym berip, hetjikläp-hetjikläp, gödeňsi hem sowuk sesli gepledi. Keýpsiz aýal sesini çykarman oturdy. Ol gabarasy uly, bedeni lagşap ugran, mydama opul-sopul geýinýän, hojalygyň gutarmaýan hysyrdysyndan, adamsynyň ýetirýän ýüküMnden ýaňa halys bolan aýaldy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Oňky nesil yzarlamakdan, kakasyndan geçen kesel — diýip, Bernard prokuroryň sesiniň äheňinde, ynam bilen gepledi. — Indi olam şo ýodajyk bilen gider. Şony sen bilip goýaý.

Gertruda ýene baş atyp, uludan demini aldy-da, balak çatmasyny dowam etdi. Är-aýalyň ikisi-de Martiniň bu ýere serhoş halda gelendigine gaty ynanýardylar. Näzikligi, inçeligi duýmaga gezek gelende olar hem kerdiler, hem kördüler. Ýogsam, Martiniň gözleriniň ýanyp durmagyna, ýüzüniň lowurdap şöhle saçmagyna ilkinji ýaşlyk söýgüsiniň sebäp bolandygyny är-aýal aňardy ahyryn.

— Çagalar üçin gaty gowy görelde! — diýip, aýalynyň dymmagyna jany ýanan Higginbotam sesini gataltdy. Käte ol sesini gataltmagyna tutaryk bolary ýaly aýalynyň özüniň garşysyna gitmegini isleýärdi. — Eger ýaňky ýagdaý ýene bir gezek gaýtalanaýsa, doganjygyň bu öýi terk etmeli bolar. Düşündiňmi? Men neresse çagalammyň onuň serhoş keşbine bakyp sandan çykmaklaryny isläp duramok. — Mister Higginbotam ýaňy gazetde okan käbir sözlerini

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
geplände ulanmagy halaýardy. — Hawa, sandan çykmaklaryny… Ony başgaça aýdyp bilmersiň.

Gertruda bolsa edil öňküsi ýaly uludan dem aldy, başyny ýaýkady, tikin işini dowam etdi. Mister Higginbotam ýene gazete elini ýetirdi.

– Doganyň geçen hepdäniň hakyny töläpmidi? — diýip, ol okaýan zadyndan gözüni aýyrman sowal berdi.

Aýaly tassyklaýan manyda baş atdy.

– Entek onuň puly bar.

– Indiki ýüzüşe ýakyn wagtda gidýärmi?

– Şeýle bolmaly. Puly gutarsa gitmelidir. Ol amatly gämi gözlemek üçin düýn San-Fransiskä-de gidip geldi. Ýöne entek sowalgasy barka, elbetde, gabat gelen gämi bilenem gitmek islemez. Saýlap-seçmegi halaýan oglan-da.

– Başga ýene näme gerekmiş! Özi hiç kim welin, ýene iş dannaýan kişi bolýar! – diýip, mister Higginbotam göwnüýetmezçilik bilen ýylgyrdy. — Seljermegi gowy görýärmiş! Bolduň meniň başyma…

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ol uzak ýurda haýsydyr bir hazyna gözlemäge gidýän gämi hakynda-da gürrüň etdi. Şol gämi bilen gitmek meýli bar ýaly. Oňa garaşmaga puly ýetse, elbetde.

— Eger ol şu ýerde işe durmak islese-hä men ony öz ýanyma ýükçi edip alardym — diýip, ol hoşniýetliligiň çigit ýaly hem alamaty bolmadyk äheňde aýtdy. — Tom işden gidýär.

Aýaly howsalaly hem sowally nazar bilen seredensoň, Higginbotam dowam etdi. — Tom eýýäm gitdem. Karruzerslere geçýär. Olar köpräk hak töleýärler. Men onça pul töläp biljek däl.

— Gördüňmi bolýan zady? — diýip, Gertruda gygyrdy. — Men saňa duýdurypdym ahyryn. Sen oňa gaty az hak töleýädiň.

— Näme diýsene, kempir, — diýip, mister Higginbotam gazap bilen jogap berdi. — Sokmasyz ýere burnuňy sokma diýip, men saňa ozal müň gezek aýdypdym. Indi gaýtalaman.

— Nätseň şeýtsene! — diýip, aýaly hüňürdedi. — Ýöne, Tom welin erbet oglan däldi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Adamsy aýalyna gazaply garaýyş gönderdi. Aýalynyň beýle äheňde geplemegini ol yzgytsyzlyk hasaplady.

— Eger seň doganjygyň ýalta bolmadyk bolsa, araba bilen gidip ýükem getirip bilerdi.

— Ol jaý üçinem, nahar üçinem haky wagtly-wagtynda töleýär — diýensoň, Gertruda Bernarda öz nägileligini beýan etdi. — Ol meniň doganym. Özüniňem bergisi ýok halatynda ýanamaga bahana gözlemek nämä gerek? Menem entek adam, özümem tutuş ýedi ýyly seň bilen ýöne ýere bile ýaşamok.

— Sen oňa, gije kitap okamagy goýmasa, çyra üçinem goşmaça tölemeli boljakdyny aýtdyňmy? — diýip, Higginbotam ýene sowal berdi.

Aýaly oňa hiç hili jogap gaýtarmady. Eýýäm onuň gahary köşeşipdi. Onuň garşylyk görkezmek üçin oýanan ruhy güýji bolsa ýene argyn bedeniniň örüsine sümüp gidipdi. Adamsy şadyýandy. Ol ýeňipdi. Onuň monjuk ýaly gözjagazlary gaharly şatlyk bilen ýaldyraýardylar. Aýalyndan üstün çykmak oňa uly lezzet berýärdi. Dogrusyny aýtsaň, indi ol aýaly ýeňmek ilki başdakylary ýaly

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
kynam däldi. Sebäbi her ýylda çaga dogurmagyň görkezen görgüleri, adamsynyň tükeniksiz iňirdisi zerarly saglygyna zeper ýeten biçärede äri bilen ýaňkalaşmaga indi gurbatam ýokdy.

— Ýeri, bolýa-da, ertir aýdaýarsyň. Ýene bir mesele bar. Ertir Meriniň yzyndan gideli. Goý, çagalara seretsin. Ýogsam, indi Tom işden çykansoň, meniň özüm ýük getirmeli bolaryn, senem maňa derek dükany işledersiň.

— Ertir meň geýim-gejim ýuwýan günüm — diýip, öý bikesi onçakly kesgitli bolmasa-da, aýdylany goldamady.

— Irräk tur, iş tamam… Men sagat ona çenli boşaman.

Ol sahypany öýkeli ýaly bolup agdardy-da, ýene gazet okamaga başlady.

## IV bap

Martin Iden şol büdrän garaňky jaýynyň üsti bilen öz bolýan otagyna geçensoňam giýewisi bilen bolan çaknyşygyň ýaňy gulagynda ýaňlandy durdy. Onuň bolýan otagy diňe krowat, elýuwguç hem ýekeje oturgyç ýerleşýän darajyk hütdükdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Mister Higginbotam entek aýaly otur-tura ýaraýarka, pul harçlap, öýüne hyzmatçy tutardan gysykdy. Onsoňam, artykmaç bir otaga ýeke adama derek iki adam goýberip bolýardy. Olam gazançdy. Martin Suinberniň hem Brouningiň kitaplaryny oturgyjyň üstünde goýansoň, kurtkasyny çykaryp, krowatda oturdy. Krowatyň ýaýjygy onuň göwresiniň agramyna çydamaýan ýaly zaryn ses etdi. Ýöne, Martin oňa ünsem bermedi. Ol aýakgabyny çykarmak üçin öňe eglende, birden nazary garşydaky diwaryň ak suwagynyň ýüzünde üçekden syrygyp gaýdan ýagyş suwunyň galdyran uzyn gara zolagyna dikildi-de, doňup galdy. Şol hapa diwaryň ýüzünde her dürli görnüş peýda bolýardy-da, ýene eräp gidýärdi. Ol aýakgabyny çykarmagy hem unudyp, uzak wagtlap diwara seredip oturanyndan soň dodaklary gymyldady. Ol: «Ruf!» diýip pyşyrdady.

«Ruf!» Martin sadaja bir ses şeýle ajaýyp bolýandyr öýdüp hiç haçan pikirem etmändi. Ol ses ýigidiň gulagyny sypap geçen ýaly boldy, şonuň üçinem Martin ony heziller edinip gaýtalady: «Ruf, Ruf». Ol at tumara öwrüldi,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
jadyly doga döndi. Ol her gezek şol sözi gaýtalanda, gyzyň keşbi alnynda peýda bolup, tutuş diwara altyn öwüşgin ýaýratdy. Ol öwüşgin diwaryň ýüzünde-de uzak saklanman, tükeniksizlige siňip gidýärdi we nirededir bir altyn giňişlikde Martiniň ruhy Rufuň ruhuny gözleýärdi. Onuň kalbyna guýlan gowulyklaryň hemmesi ägirt sile öwrülip, kenardan daşyna dyzady. Gyz hakdaky pikiriň özi onuň dünýäsini päklige besleýärdi we belende göterip, gowulyga iterýärdi hem-de hasa gowy bolmaga isleg döredýärdi. Bu nähilidir täzelikdi. Sebäbi Martin henize çenli özüni öňki bolşundan gowulandyrýan zenana sataşmandy. Gaýtam, tersine, sataşanlary hem ýaş ýigidi gödek haýwana öwürýärdiler. Ol zenanlaryň köpüsiniň bar bolan dereksiz hem bolsa gowy hasaplaýan zadyny özüne bagyşlaýandyklaryn Martin düşünmeýärdi. Ol özi barada, özüne çekiji bir mähremligiň eýesidigi barada, hut şonuň üçin hem kän-kän aýalyň ony erjellik bilen öz tarapyna çekmek isleýändikleri barada pikirem etmeýärdi. Martin hiç mahal ol aýallary gözlemeýärdi, aýallaryň özleri Martini gözleýärdiler. Ýigit olaryň birnäçesini hut özüne

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
sataşandyklary üçin öňküsinden gowulaşandyram öýtmeýärdi. Martin şu mahala çenli zenanlara oý-pikirsiz, aladasyz, perwaýsyzlyk bilen garaýardy. Indi bolsa onda aýallaryň özleri ony hapa elleri bilen mäkäm tutup saklandyrlar diýen pikir döredi. Ol aýallar babatda-da, özi babatda-da adalatly däldi, ýöne onuň şeýledigine welin düşünmeýärdi. Sebäbi ol entek beýle zatlar hakynda oýlanmaga öwrenişmändi, gaýtam soňky gezek eden ahlaksyzhereketini ýatlanda, utançdan ýaňa ýüzi lap-lap gyzdy.

Birden ýerinden turan Martin elýuwgujyň ýokarsynda asylgy, ýüzi tutuksy aýnanyň öňüne bardy-da, ony elsüpürgiç bilen mäkäm süpürensoň, uzak wagtlap üns bilen özüni synlamaga durdy. Umuman, ol ömründe ilkinji gezek özüne şeýle dykgatly seredýärdi. Onuň gözleri, elbetde, görmek üçin berlendi, ýöne şu wagta çenli ol gözler dünýäniň mydama özgerip durýan keşbini synlamaga gönügendi. Şonuň üçinem ol özüni synlamaga wagtam tapmaýardy. Häzir onuň öňünde ýigrimi ýaşly ýigdekçe durdy, ýöne onuň görmeklidigini, görmeksizdigini welin seljerip bilmeýärdi. Sebäbi onda görk-görmegiň nämelerdigini seljerer ýaly ölçeg ýokdy. Ol giň hem kert maňlaýyň ýokarsynda buýra-buýra bolup duran goňras saçyna seretdi. Ol buýra saçlary aýallar halaýardylar, olar ony sypamagy, barmaklary bilen daramagy gowy görýärdiler. Emma Martin saçynyň Ruf üçin hiç hili manysy bolmaz hasap edensoň, ony uzak synlabam durmady. Ol aslyna ýetmek, aňyrsynda näme gizlin zadyň bardygyny bilmek isläp, ähli ünsüni maňlaýyna gönükdirdi. Ol beýnisiniň nähilidigi hakynda özüne gara çyny bilen sowal berdi. Ol

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

beýniden nämä garaşmak bolar? Ol beýni ony nirä elter?

Ol beýni ony Rufuň ýanyna eltermikä?

«Gün şöhlesine hasam ýüzi açylan deňiz suwunyň lowurdysyny özüne geçirýän ýaly bolup, ýygy-ýygydan tutuş mawy reňke beslenýän gögümtil boz gözleriň aňyrsynda jan, ruh barmy?» diýip, Martin öz-özünden soraýar. Ol gözleri Rufuň halajagynyň-halamajagynyň palyny atýar. Ol gözlerine Rufuň seredişine meňzedip seretjek bolşundan netije çykmady. Umuman, Martin iliň içki pikirini-hä ýeňillik bilen okaýardy, ýöne olar özüniň gowy tanaýan adamlarydy. Rufuň durmuşyny bolsa asla bilmeýärdi. Ol mataldy, keramatdy. Iň bolmanda onuň ýekeje pikirini bir bilip bolsady. Ahyrsoňy ol şeýle netijä geldi: bu gözler päk gözler, wyždanly gözler. Bu gözlerde melgunlykdan, hilegärlikden nyşan ýok. Ony öz ýüzüniň garamtyl reňki geňirgendirdi. Ol hiç mahal özüni beýle garaýagyzdyr öýtmändi. Ol köýneginiň ýeňini çermedi-de, tirseginden ýokarsynyň reňkini ýüzüniň reňki bilen deňäp gördi. Ýok. Ol, barybir, akýagyz bolmaly. Ýöne

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
elleriniňem hamy ak däldi. Şondan soň ol tirsegini epip, bedenini gataltdy-da, eliniň hamynyň asla Gün düşmedik ýerlerini görjek boldy. Gün düşmedik ýerler gaty ak ekeni. Ol häzirki aýnada görünýän güne ýanan ýüz hem bir mahal ak bolandyr diýip çak edende, biygtyýar gülüp goýberdi. Hamynyň güne ýanmadyk ýerleri bilen aklykda bäsleşip biljek aýalyňam dünýäde sanynyň kän däldigi hakdaky pikir onuň kellesine-de gelmeýärdi.

Eger-de gaharlanan mahaly özüniň duýgur dodaklaryny berk ýummak bilen ýowuz, hyýrsyz, terkidünýä ýaly görnüşe geçýän häsiýeti bolmadyk bolsa, onuň agzy edil perişdäniňki ýaly ykjamja bolardy. Dodaklar harby adamyň we oýnaşyň dodaklaryna çalym edýärdi. Ol dodaklar keýpden çykýança lezzetem alyp biljek, ýöne ýeri gelende, buýruk hem berip biljek dodaklardy. Eňek hem birneme agyr ýaly bolup görünýän aşaky äňi bolsa ýüzüniň haýbatlydygyny tassyklaýardy. Onuň güýji duýgurlygynyň deňagramly bolmagyny gazanýardy. Şonuň üçinem ol sagdyn gözelligiň aşygydy, sagdyn duýga gol berýärdi. Iki dodagyň arasyndan heniz

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bir gezegem diş lukmanynyň hyzmatyndan peýdalanmadyk sagat dişleri lowurdap görünýärdi. Ol dişlerine üns bilen seredende, olaryň ap-akdygyny, berkdigini hem tekizdigini bildi. Şol bir wagtyň özünde-de, ol gelşiksiz hala düşen ýaly boldy. Onçakly açyk bilmeýänem bolsa, käbir adamlaryň her gün dişlerini ýuwýandyklary hakyndaky pikir kellesine geldi. Olar ýokary jemgyýetiň adamlary, Rufuň derejesindäki adamlar bolmaly. Rufam dişini her gün ýuwýan bolsa gerek. Ol Martiniň ömründe bir gezegem dişini ýuwmandygyny biläýse, näme pikir ederkä? Martin ertiriň özünde diş ýuwulýan zatlary alyp, diş ýuwmagy adaty endige öwürmeli diýen netijä geldi. Diňe bir edermenlik bilen gyzyň kalbyny eýeläp bilmersiň. Ol diş ýuwmakdan başlap, erkinligini elinden alynýan ýaly bolsa-da, ýakalyk dakynmaga çenli öz şahsyna degişli ähli zady hökman özgertmelidi.

Martin bir elini galdyrdy-da, aýasyna garap, ondaky zähmetiň goýan gataňsy gabarçyklaryny gaşady. Durkuna kir-kimir ornap giden ýaly ol düwünler başga bir, gyrgyja meňzeş zat süýkäýmeseň, el bilen gaşanyňda arassalanjak

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
däldi. Gyzyňeliniň aýasy nähili! Ony ýatlamagam ýakymly. Edil bägülüň ýapragy ýaly näzijek, uçganaklaýan, gar tozgajygy ýaly ýeňiljek hem ýakymly. Martin ozal zenanda beýle näzik hem ýumşajyk el bolýandyram öýtmändi. Şeýle näzik eliň teniňe degende nähili maza berjekdigi hakda oýlandy. Şol pikir hem ony oslagsyz utandyrdy, ýüzüni gyzartdy. Ol gyz özi hakda beýle gödek pikir edilmegine mynasyp däldi. Martin onuň ruhy gözelligini kemsidýärdi. Ruf akýagyz peri, Ruf ýer ýüzünde bar zatlaryň ählisinden alysda gaýyp ýören hyýaly bagt. Barybir, Martin onuň ýumşajyk aýasy hakdaky ýatlamasyndan daşlaşyp bilmeýärdi. Sebäbi onuň şu mahala çenli göreni-bileni fabrikde işleýän ýa-da öýüň iş-aladasyny gerdeninde çekip ýören aýallaryň gataňsy, gödekleşip giden elleridi. Ol elleriň näme sebäbe beýle gödek bolýandygyny Martin bilýärdi. Rufuň eliniň beýle näzik hem ýumşakdygynyň sebäbi bolsa oňa iş etmek diýen zat ýatdy. Gün aýlamak, ýaşamak üçin işlemek zerurýetligi ýok adamlar hakynda oýlananda, Ruf bilen onuň arasyndaky boşluk öňküsindenem ulaldy. Birdenem onuň gözüniň öňünde zähmetiň nämedigini bilmeýän

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
aristokratiýanyň keşbi janlandy. Hapa, agymtyl diwaryň ýüzünde peýda bolan ol keşp ulumsydy, tekepbirdi, bürünçden guýlan äpet ýadygärlik ýalydy. Martin özüni bileli bäri zähmet çekýärdi, onuň maşgalasyndakylaryňam hemmesi güzerany gara zähmet bilen görýärdi. Gertrudany mysal alyp göreli. Onuň kir ýuwa-ýuwa bizar bolan elleri çişip, käte-käte gaýnan et ýaly gyzaryp gidýärdi. Ýa-da onuň beýleki dogany — Meriýen. Ol gaplanan önümleri öndürýän zawodda işleýärdi. Onuň nepisden enaýy elleri pomidor kesýän pyçagyň sapyny tutmakdan ýaňa mydama sypjyrym-sypjyrymdy. Has beterem, geçen gyş ol biçäre karton zawodynda işlände, iki barmagyny hem maşyna aldyrdy. Ol öz ejesiniň tabytda ýatyrka, üst-üstüne goýulgy gödek ellerini ýatlady. Onuň kakasy bende-de ömrüniň ahyryna çenli zähmet çekipdi. Pahyryň ellerindäki gabarçyklaryň ululygy başam barmakçarak bardy. Rufuň elleri bolsa näzikdi. Diňe onuňam däl, onuň ejesiniňem, doganlarynyňam. Soňky ýatlama oňa aýratyn zarba bolup degdi. Ol ýatlama barlylar bilen ýoksullaryň arasyndaky parhyň gaty uludygyny tekrarlady.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin ajy ýylgyryş bilen ýene krowatda oturyp, ahyry aýakgabyny çykardy. Zenan görki, zenanyň näzik elleri ony akylyndan azaşdyrdy, däli etdi. Birdenem onuň gözüniň öňünde başga bir keşp janlandy. Martin garaňky gijede Londonyň Ist-Endesiniň ýanynda durdy. Onuň gapdalynda hem on bäş ýaşlaryndaky Marji atly işçi gyz bardy. Martin ony meýlisden soň öýüne ugradýardy. Ol gyz mal ýataga meňzeş uly jaýda ýaşaýardy. Hoşlaşanda, Martin oňa elini uzatdy. Ol dodagyndan öpdürmek isläp, ýüzüni ýokaryk tutdy. Martin bolsa ony ogşamak islemedi. Marji näme üçindir ony düýrükdirýärdi. Gyz aljyran, alňasan ýaly bolup sandyraýan elini uzatdy welin, Martin onuň kiçijik aýalarynda gataňsy gabarçaklary duýdy. Şol gataňsylygam onuň kalbynda gyza bolan haýpygelijilik tolkunlaryny döretdi. Ol gyzyň bir zat dileýän ýaly mätäç gözlerini, tapsyz, çagalyk ýagdaýyndan doly saýlanmadyk, ýöne entek gowşagragam bolsa zenan duýgusy oýanyp ugran ejiz bedeni gördi. Şonuň üçinem duýgudaşlyk bilen gujaklap, dodagyndan öpende, özüne edil pişik ýapyşan ýaly bolup ýapyşan gyzyň şadyýan sesini eşitdi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ejiz, horja pahyrjyk! Martin uzak geçmişde galan ýatlamanyň suratyny synlady. Häzirem onuň endamynda şol çepiksije gyz özüne gysmyljyrandaky ýaly jümşüldi peýda boldy, oňa haýpy gelmekden ýaňa ýüregi gyýyldy. Ýatlama suraty sarymtyl bolup görünýärdi. Şol wagt asmanam sarymtykdy, köçeleriň hapa plitasynyň üstüne sarymtyk ýagyş çisňeýärdi. Birdenem diwaryň ýüzüne ýaýylan ýagty nur ähli şekilleriň, görnüşleriň üstüni örtensoň, Martiniň göwnüne aksowult ýüzli, altyn saçlary täje meňzeş, alysdaky gyz elýetmez ýyldyz bolup göründi.

Ol oturgyjyň üstünde ýatan Suinberniň hem Brouningiň kitaplaryny alyp, olary ogşady, «Her-hal, ol meni ýene bir gezek görüşmäge çagyrypdy ahyryn» diýip, içini gepletdi. Soň ol özüniň aýnadaky keşbine täzeden garap, begençli hem dabaraly ses bilen gepledi.

— Martin Iden, seniň ertirki etmeli esasy işiň tölegsiz kitaphaha baryp, edep öwredýän haýsydyr bir kitaby tapyp okamakdyr. Düşündiňmi?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Çyra söndürildi. Krowatyň ýaýjyklary onuň agyr göwresini göterip bilmeýän ýaly zaryn jygyldaşdylar.

— Iň esasy zat hem, Martin, sen «Jyn urmuş! Al kakmyş!» diýen ýaly sözleri indiden beýläk agzyňa kän almajak bol. Eşidýäňmi, gadyrdan? Şuny sen unutma!

Özüne şeýle pent edensoň, ol uka gitdi. Onuň gören düýşleri bolsa gaýduwsyzlykdy, üýtgeşikdi. Beýle düýşleri diňe keýpini köklän adamyň ham-hyýallygy bilen deňeşdirip boljakdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

# V bap

Martin Iden ertesi ukudan oýananda sabynyň hem hapa eşikleriň ysyny alansoň, gören şirin-şeker düýşlerini-de unutdy. Onuň gulagyna iş gününi başlan adamlaryň sesleri gelýärdi. Olar käýinýärdiler, sögünýärdiler. Ol öz otagyndan çykanda, aýal doganynyň gaharly galmagalyny hem gazabyny birneme gowzatmak üçin çagalarynyň birine sowgat beren şarpygynyň sesini eşitdi. Çaganyň çirkin sesi Martiniň gulagyny deşere getirdi. Oňa bu ýerde hemme zat, hatda dem alýan howasynyň özi-de nejis bolup duýulýardy. Beýle ýagdaý Rufuň ýaşaýan öýünde höküm sürýän asudalyga, sazlaşyga meňzemeýärdi. Ol öýde hemme zat belent manyly, kalba golaý, bu ýerde bolsa, bar zat pula, girdejä gönükdirilen.

— Gel bärik, Alfred! — diýip, Martin aglaýan çaga ýüzlendi-de, pully jübüsine elini sokdy. Ol pula gezek gelende oda-köze düşüşip ýörenlerden däldi, bu bolsa onuň kalbynyň giňliginden nyşandy. Ol oglanjyga şaýlyk pul berdi-de, köşeşdirmek üçin ony goltugyna aldy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Indi bolsa, eňip git-de, süýji al. Onam doganlaň bilen paýlaş. Süýji alaňda, kän sorsaňam gutarmaýanyny saýla.

Dogany kir ýuwýan legeninden ünsüni bölüp, bir minutlyk dikeldi-de, Martine seretdi.

— Ýekeje pens berseňem bolardy ahyryn. Sen puluň gymmatyny bileňok. Indi çaga garny ýarylýança süýji iýer ýörer.

— Zeleli ýok. Meň pulum öz gymmatyny özi bilýändir — diýip, Martin jogap gaýtardy. — Ertiriň haýyrly bolsun, doganjygym! Sen häzir gaty işli bolmadyk bolsaň, ynanaý, hökman ýaňagyňdan ogşardym.

Martiniň dogany bilen mylaýym bolasy gelýärdi. Gertruda mähremdi, açyk göwünlidi, Martini hem özüçe (Martin ony bilýärdi) gowy görýärdi. Ýyllar geçdigiçe, ol birneme sowaşypdy, iňre, igenjeň, janyýangynly bolupdy. Martin doganynyň häsiýetindäki ol özgermeleri agyr zähmetden, maşgalanyň ulුlygyndan görýärdi, adamsynyň ýüregedüşgünç gylygy bilen düşündirýärdi. Birdenem Martiniň kellesine şu ýerde ýaşan döwründe doganynyň endamyna çüýrük gök

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
önümleriň, kirli eşikleriň, söwda edýärkä sanap elinden geçiren şaýylyklarynyň ysy ornap gidendir diýen pikir geldi.

— Sen, gowusy, bar-da, ertirligiňi edin! — diýip, ol daşyndan ýowuz, kalbynyň teýinden mylaýym gepledi. Onuň dünýäniň çar künjüne jahankeşdelik edip ýören doganlarynyň arasynda iň gowy görýäni Martindi.

Garaşylmadyk joşgunyň girdabyna düşen aýal:

— Hany, ýanyma gel, men seni ogşaýyn! — diýdi.

Ol ilki bir elindäki, soň beýleki elindäki sabyn köpürjiklerini barmaklary bilen syrdy. Martin onuň agyr göwresini gujaklady-da, bugdan ýaňa çygjaryp duran dodaklaryndan ogşady. Gertrudanyň gözlerinde ýaş peýda boldy. Ýöne ol aşa tolgunmakdan dörän däldi-de, hemişelik ýadawlygyň netijesi bolan gowşaklykdan, argynlykdan gelip çykýan ejizligiň alamatydy. Ol Martini itekläp, özünden daşlaşdyrdy. Ýöne daşlaşsa-da, barybir, Martin doganynyň gözýaşyny gördi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ertirlik naharyň pejiň üstüne durandyr — diýip, Gertruda çalt gepledi. — Jimem eýýäm oýanandyr. Menem kir ýuwma sebäpli şu gün daň bilen aýak üstünde. Bar, derrew naharlan-da, tizräk git. Bu gün biziň öýümizde iş başdan agdyk bolar. Tom işden gitdi. Indi Bernardyň özi ýüke gitmeli boljak.

Martin göwnüçökgün halda aşhana tarap gitdi. Doganynyň gyp-gyzyl ýüzi, göze gelüwsiz daş sypaty aňyna ornady. «O biçäre meni gowy görýändigini beýan etmäge-de wagt tapanok ahyryn — diýip, Martin içini gepletdi: — Ol mydama agyr işiň aşagynda ýegşerlip ýör. Haýwan Bernard Higginbotam o naçary şeýle bir işledýär welin…» Şol bir wgtyň özünde-de, Martin aýal doganynyň özüni ogşanda hiç hili mähremlik duýmandygy baradaky oýlanmasyndan daşlaşyp bilmedi.

Ýöne, ol başgarak ogşaýyş boldy. Sebäbi dogany diňe Martin uzak ýüzüş saparlaryna gidende ýa-da sapardan öýe dolananda ogşaýardy. Emma bu gezekki ogşamada sabyn köpürjiginiň tagamy duýuldy. Onuň dodaklary hem ýygyrt-ýygyrtdy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ol ogşamagy-da birçak unudan argyn aýalyň bolşuna meňzeýärdi. Martin doganynyň durmuşa çykmazyndan öňki döwrüni ýatlady. Ol üýşmeleňlerde agyr işden gelenem bolsa, agşamdan tä ertire çenli arman-ýadaman tans ederdi, tansdan soňam, edil hiç zat bolmadyk ýaly, ýene öz işine giderdi. Ýatlama şu ýere ýetende, Martin: «Onuň dodaklaram özi ýaly näzik bolmalydyr» diýip, Rufy hakydasyna getirdi. Ol seredişi ýaly mylaýym, eliňi çyny bilen, mäkäm gysyşy ýaly-da ogşaşýan bolsa gerek. Martin hyýalynda ony ogşamaga-da batyrlyk etdi. Şol hyýaly öpüşmäni Martin şeýle bir janly göz öňüne getirdi welin, hatda onuň başy hem aýlanyp gitdi. Ol özüni ysy bilen serhoş ediji bägülleriň gülýapraklaryndan ýasalan bulutlaryň arasynda ýüzüp ýörendirin öýtdi. Martin aşhanada Benardyň öýüniň ýene bir ýaşaýjysy Jime gabat geldi. Ol ünssüz, boş nazaryny uzaga gönükdirip, haýal-ýagallyk bilen süleden bişirilen şüle iýip otyrdy. Ol bejeriji ussanyň şägirdidi. Onuň haýal-ýagal häsiýeti, gaýratsyzdygyny aňdyrýan eňegi, akyl taýdan birneme yzagalakdygy bilen birleşip,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýaşaýyş ugrundaky göreşde oňa kiç hili gowulyk wada bermeýärdi.

— Sen näme iýmeýärsiň? — diýip, ol şüläni göwünli-göwünsiz bulap oturan Martine ýüzlendi.

— Düýn ýene içdiňmi?

Martin sowaly tassyklaman, başyny ýaýkady. Tutuş töweregini gurşap alan dereksizlik ony halys basmarlapdy. Häzir Ruf Morz bilen aralyk hasam daşlaşan ýalydy.

— Men bolsa içdim — diýip, Jim tolgunma bilen hikirdedi. — Lül-gammar bolýançam içipdirin. Ýanymdaky gyzjagaz welin, aýdyp-diýer ýaly däldi, gowujady. Öýe-de meni goltugyma söýget bolup, Bill getirdi.

Martin diňleýändigini aňdyrmak üçin baş atdy. Onda gürrüňdeşine üns berýändigini aňladýan şeýle manysyz yşarat bardy. Soňra ol özüne eýýäm sowap başlan kofe guýundy.

— Bu gün «Lotosa» tansa gitjekmi? — diýip, Jim sowal berdi. — Piwo-da bolar. Eger Temeskalyň topary geläýse-hä ýumruklaşyga-da garaşyber. Meň üçin-ä parhy ýok. Barybir, gyzjagazymy o

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýere alyp bararyn. Tfu! Agzymda aýylganç bir tagam bar welin, nämeden döränini Hudaý bilsin!

Ol ýüz-gözüni bürjeşdirip, agzyny ýyly kofe bilen çaýkamaga howlukdy.

— Sen Juliýany tanaýaňmy?

Martin başyny ýaýkady.

— Ol indi meň bilen bolýar — diýip, Jim düşündiriş berdi. — Ol gyz däl, kemput! Tanyşdyrardymam welin, sen ony elimden kakyp alarsyň. Gyzlaryň seň boýnuňdan aslyşyp ýatyşlaryna men haýran-da. Käte sen ullakan alada hem etmän, islän gyzyňy gezýäniniň elinden alaňda hatda gaharyňam gelýär.

— Seň-ä entek bir gyzyňam öz tarapyma çeken däldirin — diýip, ertirlik nahary öýke-kinesiz tamamlamak islän Martin göwnübirlik bilen gepledi.

— Aýdýanyň näme? — diýip, Jim garşy gopdy. — Näme, Merri hasap dälmi?

— Merri ikimiziň aramyzda hiç zat bolanok. Şol gezekki duşuşykdan soň men onuň bilen ýeke gezek tansam edemok.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Gepem şonda-da — diýip, Jim sesini gataltdy. — Sen onuň bilen bir gezek tans edip, birki gezegem ýüzüne seredeniňde mesele çözülýä duruberýä. Sen o hakda erbet pikirem eden dälsiň welin, şondan soň ol maňa seretmesini hem goýdy. Gaýtam, mydama sen hakda soraýar. Eger seň özüň islän bolsaň, o gyz duşuşmaga garşy bolmazdy.

— Men duşuşmak islemändim.

— Sen isle-isleme, men indi, barybir, ýüzüne urlan bolup galdym — diýip, Jim Martine haýrangalyjylyk bilen seretdi. — Sen nädip, o zatlary başarýaň, Martin?

— Men gyzlar hakda az pikir edýän. Ähli gep şonda, gadyrdan.

— Sen olary äsgermeýän kişi bolýaňmy? — diýip, Jim meseläniň magadyna ýetmekisledi.

Martin gaýtarjak jogabynyň üstünde bir minut çemesi oýlandy.

— Belkem, şeýtseň, netije berer. Men-ä olar hakda asla-da pikir edemok. Senem gyzlar hakda pikirlenmeýän kişi bolup gör.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Arman, sen düýn Raýlinde bolmadyň-da! — diýip, soňky aýdýany öňküsi bilen baglanyşmasa-da, Jim habar berdi. — Günbatar Oklendden bir görmegeý ýigit geldi. Lakamam «Alaka» eken. Ýumruklaşyga gezek gelende, baý, çakgan eken-ä. Biziň oglanlammyzdan birine-de ony gyşartmak başartmady. Hemme kişi seň bolmandygyňa ökündi. Sen düýn nirelerde entediň?

— Menem şol Oklendde boldum — diýip, Martin jogap gaýtardy.

— Teatra bardyňmy?

Tabagyny gapdala süýşüren Martin gapa tarap ýöneldi.

— Bu gün tansa gidýäsmi? — diýip, Jim onuň yzyndan gygyrdy.

— Ýok, gitmäýmesem.

Basgançakdan haýdap düşen Martin, arassa howadan dem almak isläp, köçä çykdy. Bernardyň jaýyndaky manysyzlyk onuň dem alýan howasyny gysdy, Jimiň eden gürrüňleri bolsa, gazaba mündürdi. Jimiň habarlaryny diňlän Martinde, turaga-da, onuň ýeňsesinden tutup, ýüzüni şüleli

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
tabaga basmak höwesi döräpdi. Jim näçe köp lakgyldadygyça, Rufam şonça daşlaşýardy. Martin Jim ýaly haýwanlykdan saýlanmadyklaryň arasynda ýaşap ýörkä, ozal-ahyr Ruf ýaly gyzyň golaýynda-da durup bilmez. Öňde duran meseläniň döredýän kynçylyklary ony terkidünýälige iterdi. Ol özüniň, işçiler synpyndan çykan adamynyň ýagdaýynyň çykgynsyzdygyny duýdy. Töweregindäki öwrenişen zatlarynyň, adamlarynyň ählisi — aýal dogany, onuň öýi, onuň maşgalasy, bejeriji ussa Jim, şol sanda köki-damary şolar bilen badaşan öz durmuşy hem onuň egninden agyr daş bolup asylýan ýalydy... Durmuş onuň üçin öz gymmatyny ýitiripdi. Şu mahala çenli ol durmuşy bolşy ýaly kabul edýärdi. Martin durmuşyň oňatdygy, erbetdigi baradaky meseläniň, diňe kitaplarda gabat gelende oýlanaýmasa, başga mahal pikirinem etmeýärdi. Ýöne olar kitaplardy, olar barlykda bolmadyk ajaýyp durmuş hakyndaky ajaýyp ertekilerdi. Indi bolsa, hakykatdanam, bar dünýäni, hem onuň ortasynda duran Ruf atly gül-gülälek gyzy görýärdi. Hut şol pursatdan başlabam Martin ömrüň ajylygynyň, umytsyzlygynyň hem

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
tukatlygynyň tagamyny duýdy. Ol ýakymsyz zatlar arzuwyň paşmaýanlygynyň basmary bilen basmarlap, hasam erbet bolup duýulýardy. Martin Berkleýiň ýa-da Oklendiň jemgyýetçilik kitaphanalarynyň haýsysyny saýlajagyny bilmän, kän oýlandy. Ahyram Oklendde saklandy. Okalga Rufuňam baraýjak ýeri bolmaly. Belki, ol şol ýerde hem oňa gabat geler. Pelek işidir-dä! Ol kitaphananyň bölümleri bilen düýpden nätanyşdy. Şonuň üçinem ol tä fransuz zenanyna meňzeýän bir arryk gyz kitaphananyň sowal-jogap bölüminiň ýokarda ýerleşýändigini aýdýança, ýeňil okalýan kitaplaryň gaty kän tekjeleriniň arasynda öwrüm baryny etdi. Ol stol aňyrsynda ýörüte oturan adamdan soramalydygyny bilmän, ýokaryk çykansoňam, öz agtarýan bölümine däl-de, filosofiýa bölümine baryp girdi. Ol filosofiýa kitaplarynyň bardygyny eşidýärdi, ýöne bu ylym barada onça kän kitap ýazylandyr öýtmeýärdi. Galyň-galyň kitapdan dykylnyp doldurylan beýik şkaflar onuň howuny basýardy, şol bir mahalyň özünde-de gyzyklanma, bilesigelijilik onuň kalbyny byjyklaýardy. Bu ýerde beýniňi işledesiň gelse, ýapyşalga kändi. Kitaphananyň matematika

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bölüminde trigonometriýadan bir kitap tapyp, özi üçin manysyz bolup görünýän formulalara hem çyzgylara uzak wagtlap seredip durdy. Martin iňlis sözlerini okaýardy, ýöne manysyna welin düşünmeýärdi. Ol iňlis dili bolsa-da, başga bir aýratyn iňlis dilidi. Norman bilen Artur şol «başga dili» bilýärdi. Martin olaryň şol düşnüksiz dilde gepleşenlerini eşidipdi. Ol matematika bölüminden umytsyz duýgy bilen çykdy. Göwnüne bolmasa, çar tarapdan üstüne hüjüm edýän kitaplar ony mynjyratjak bolýan ýalydylar. Ol adamzadyň aňy-düşünjesi beýle çäksizdir öýdüp çak etmändi. Ony bu kitaplaryň okap ahyryna çykyp bolarmy diýen howp gurşap aldy. Şol mahalam ol şeýle adamlaryň kän bolandygyny ýatlady. Martin şol adamlaryň ýeten derejesine ýetjekdigi barada öz-özüne wada berdi. Ol parasatlylygyň hazynasy jemlenen tekjeleriň içinde umytsyzlyk bilen haýran galmaklygyň arasynda azaşyp ýördi. Martin umumy bölüme baranda Norriniň «Konspektiw okuw» diýen kitabyna gabat geldi. Ol kitaby mylaýymlyk bilen waraklady. Onda, herhal, özüne ýakyn zatlar bardy. Kitaby ýazan Martiniň özi ýaly deňizçi

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
eken. Soňra ol sahabyna «Boudiç» diýlip ýazylan Lekkiniň hem Marşalyň eserlerini tapdy. Ine, bu gowy. Ol gämi gatnawy baradaky kitaby okar. Içgini hem taşlap, çyny bilen zähmet çeker-de, kapitanlyga ýetişer. Şol hyýal dowam edýän pursady Ruf onuň örän golaýynda ýalydy. Kapitanlyga ýetensoň ol, eger özi unasa, Rufa öýlenibem bilerdi. Bardy-geldi, Ruf oňa durmuşa çykmagy göwnemäýende-de, Martin hut şol gyz sebäpli özüne mynasyp gowy durmuşda ýaşardy. Iň bolmanda serhoşlykdan-a daşlaşardy. Soň ol islegleri hiç mahal gabat gelmeýän, kapitanyň iki hojaýyny -ätiýaçlandyryjy bilen gämi eýesini ýatlady hem şolaryň ikisiniňem kapitanyny, gürrüňsiz ýoklap biljegi, hatda ýoklajagy hakda oýlandy. Ol on müň kitap ýerleşýän otaga ser salyp, kitaplaryň känliginden ýaňa, hatda göz-gaşlaryny hem çytmaga mejbur boldy. Ýok, deňizli mesele gutardy. Bu kitaplarda gaty uly güýç bar. Eger ol beýik işleri amala aşyrmagy maksat edinýän bolsa, ony deňizde däl-de, gury ýerde amala aşyrmaly bolar. Ondanam başga, kapitanlara deňze ýüzüşe gidenlerinde aýallaryny alyp gitmek gadagandy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Gün günorta boldy. Ýene esli wagt geçdi. Nahar edinmegi-de unudan Martin kitaplaryň adyna seredip, özüňi alyp barmagyň düzgünleri baradaky kitaby gözleýärdi. Onuň aňy özüni ýokary wezipä ýetirmek aladasyndan başga-da, sadarak mesele bilen meşguldy. Eger-de ýaş gyz maşgala siz bilen hoşlaşanda, ýene gelmegiňizi haýyş etse, ol haýyşy näçe wagtdan soň bitirmek bolar? Ahyry ol öz gözleýän kitabynyň üstünden barsa-da, barybir, isleýän jogabynyň üstünden welin barmady. Ol özüňi alyp barmagyň görnüşleriniň kändigini görüp, çylşyrymlydygyny duýup howpurgady, berilýän sapaklaryň, ýokary gatlak adamlarynyň arasynda hususy kartoçkany alyş-beriş etmegiň düzgünleriniň arasynda bulaşdy-da, keýpsiz halda bir tarapa çekildi. Ol öz agtaran zadyny tapmady, ýöne salyhatlylygyň hemme düzgünlerini öwrenmek üçin gaty kän wagtyň gerek boljakdygyna, olary amala aşyrmak üçin bolsa ömrüňi gaýtadan ýaşamaly boljakdygyna welin göz ýetirdi.

— Özüňize gerek zadyňyzy tapdyňyzmy? — diýip, stoluň başynda oturan adam sowal berdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Tapdym, ser, siziň örän oňat kitaphanaňyz bar eken — diýip, Martin jogap gaýtardy.

Stoluň başyndaky adam baş atdy.

— Ýygy-ýygydan gelip duruň! Siz deňizçimi?

— Hawa, ser. Maýyny tapsam geljek bolaryn.

«Meň deňizçidigimi ol nädip bildikä?» diýip, Martin basgançakdan düşüp barýarka, öz-özünden sorady.

Köçä çykanyndan soň ol çaýkanman, göni ýöremegiň aladasyny etdi, ýene oý-pikire çümeninden soň bolsa, endik bolan ýöreýşine dolandy.

## VI bap

Açlygyň berýän ezýetine çalymdaş soňugelmez içgysgynçlyk Martini öz erkine dolap aldy. Ol tutuş ömrüni özüniň näzik eli bilen garaşylmadyk ýerden şeýle mäkäm ýapyşyp baglan gyzy ýene bir gezek görmek höwesi bilen joşýardy. Gyzyň öýüne gönümel baraýmaga bolsa bogny ysmaýardy. Şonda-da ol duşuşyk ýakyn wagtlarda bolar öýdüp ýaýdanýardy. Ýaýdanmasynyň sebäbi bolsa ol «etiket» diýlip atlandyrylýan özüňi edepli

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
alyp barmagyň düzgünlerini bozaryn öýdüp gorkýardy. Ol Oklend hem Berkleý kitaphanalarynda öz adyna, Gertrudanyň, Meriýeniň, hatda piwo baryny içirip razyçylygyny alan Jimiň adyna çenli kitap baryny ýazdyransoň, okamaga ummasyz wagtyny sarp etdi. Dört adamyň hemmesiniň adyna kitap baryny alany üçin onuň ýaşaýan hütdüginde uzynly gije diýen ýaly çyra sönmeýärdi. Şonuň üçin hem ol Higginbotama hepdede elli sent puly artykmaç tölemeli bolýardy.

Ýöne okan kitaplary onuň öňküsindenem beter ynjalygyny gaçyrýardy. Täze okalýan kitabyň her sahypasy onuň üçin bilim bagyna girilýän sümelgä meňzeýärdi. Kitaby kän okadygyça-da, Martiniň ajygýan ýaly bolýan duýgusy öňküsinden-de güýjeýärdi. Üstesine-de, ol nämeden başlamalydygyny hem bilmeýärdi. Şeýle hem ol ozal taýýarlygynyň bolmandygyndanam kösenýärdi, eline kitap alýan adaty adamyň hökman biläýmeli sadaja zatlaryny-da bilmeýärdi. Martiniň çakdanaşa höwes bilen okaýany — şygryýet hakda-da edil şolar ýalydy. Suinberniň-ä Rufuň sowgat eden kitabyndan başga-da bir topar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

zadyny okady. Ol «Dolores» eserini okap, oňat düşündem. Ol «Ruf, çaky, o esere düşünmedik bolsa gerek» diýen netijä geldi. Şeýle inçeden yzarlamagy başarýan maşgalada ýaşabam ol şoňa düşünmedimikä? Soň Kiplingiň goşgulary eline düşende olaryň äheňi, setirlerdäki täsinden-täsin keşp döredilişi, owazy ony aňk etdi. Kiplingiň hemme goşgularyndaky durmuşa bolan söýgi, psihologiýanyň çuňlugy Martini haýran galdyrdy. «Psihologiýa» diýen söz Martiniň aňyna ornaşan täze söz boldy. Ol sözlük satyn almak bilen öz pul ýagdaýyny kynlaşdyrdy, ýüzüşe gitmän, gury ýerde bolmak möhletini gysgaltdy. Onuň gymmatbaha kitap satyn almagy mister Higginbotamyň ganyny gaýnatdy. Sebäbi ol puly kitap üçin harç etmekden öňürti jaýyň kireýini tölemegi bähbitli hasaplaýardy.

Martin gündizlerine Rufuň ýaşaýan jaýynyň golaý-goltumynda-da görünmäge batyrlyk edip bilmeýärdi, gijelerine welin ol, ogry ýaly bolup, Morzuň jaýynyň daşynda köw-söw edýärdi, ýagty penjirelere assyrynlyk bilen nazar aýlaýardy, Rufy gujagynda saklaýan diwarlaram oňa yp-yssy bolup duýulýardy. Martin birnäçe gezek Rufuň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
doganlary bilenem tas ýüzbe-ýüz gabatlaşypdy, bir sapar bolsa, mister Morzuň yzy bilen ýöräp, köçe çyralarynyň ýagtysyna ony başdan-aýak synlady. Şonda ol hormatly ýaşulynyň garaşylmadyk ýerinden janyna wehim saljak bir ýagdaýyň peýda bolmagyny hem ony özüniň şol beladan halas etmegine mümkinçilik döremegini isledi. Başga bir gezegem ol ikinji gatdaky penjiräniň öňünde duran Rufy gördi. Onuň diňe kellesi, eginleri hem elleri görünýärdi. Elleriniň hereketinden many alsaň, ol saçyny daraýardy.Ol surat sähel salymdanam penjiräniň öňünden ýitdi. Ýöne şol sähel salym hem Martiniň damarlaryndaky ganyň hemmesi lasyrdap, serhoş ediji çakyra öwrülmegi üçin ýeterlik boldy. Ruf derrew penjiräniň tutusyny aşak goýberdi. Martin gyzyň haýsy otagda bolýandygyny bilýärdi, şonuň üçinem ol tuty aşak goýberilenden soň jaýyň garşysyndaky ýanköçede, agajyň aşagynda uzak wagtlap penjirä tarap seredip durdy. Şonda onuň çeken çilimlerem sanardan kän boldy. Bir gezegem ol Rufuň ejesiniň bankdan çykyp gelýändigini gördi. Şonda ol aşyk bolan gyzy bilen öz ara

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
syny kesýän boşlugyň ölçärden giňdigine ýene bir gezek göz ýetirdi. Rufuň ejesi puly bankda goýýanlardan eken. Martiniň özi bolsa ömründe ýeke gezegem «Bank» diýilýän jaýyň gapysyndanam girip görmändi, olar ýaly edaralara diňe örän puldar, baýlygy çäksiz adamlaryň barýandygyna berk ynanýardy.

Martin haýsydyr bir manyda ahlaky öwrülişigi başyndan geçirýärdi. Gyzyň päkizeligi, ahlak taýdan arassalygy Martine şeýle düýpli täsir ýetirdi welin, indi onuň özi-de her zat etmelidi welin, şol gyz ýaly päk bolmalydy. Ol eger Ruf bilen bir howadan dem almak hukugyny gazanmak isleýän bolsa, hökmany suratda arassalanmalydy. Ol indi dişlerini ýuwýardy, bir dükanyň aýnasyndan dyrnak çotkasyny görýänçä hem onuň näme üçin ulanylýandygyny bilýänçä aşhana çotgasy bilen ellerindäki gataňsy düwünleri aýyrmagyň aladasyny etdi. Onuň barmaklaryna üns beren satyjy dyrnak arassalanýan guraly hem almagyny maslahat berdi. Şeýlelik bilen onuň daş sypatyna timar bermek üçin alan gurallary ýene bir gerekli esbap bilen baýlaşdy. Ol kitaphanadan şahsy arassaçylyk

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
hakyndaky kitaby alyp, her gün ertir irden üstüňden sowuk suw guýmalydygy baradaky habary

hem okady. Ol täzelik Jimi-hä gyzyklandyrdy, mister Higginbotamy bolsa uly alada goýdy. Ol beýle täzeligi goldamak hakda-ha pikirem etmän, gaýtam, Martinden peýdalanýan suwy üçin goşmaça pul almalymy-dälmi diýen sowalyň jogaby barada çyny bilen oýlandy. Martiniň ösüş ýolundaky maksatlarynyň indiki ädimi jalbarynyň biçüwi hakyndaky alada boldy. Şol meselä üns bermäge başlamak bilen Martin halta ýaly bolup görünýän, bol biçilen işçijalbarlary bilen ýokary synpdan bolan adamlaryň geýýän dyzdan tä dabana çenli epin goýylýan jalbarynyň arasyndaky parhyň syryny anyklady. Şonuň üçinem ol Gertrudanyň geýim-gejim ütükleýän ýeri bolan aşhana bardy. Onuň ilkinji synanyşygy şowsuz geçdi, gyzgyn ütük jalbary köýdürip taşlady. Sandan çykan jalbaryň ýerine-de bir topar pul harçlap, täzesini almaly boldy, ol hem Martiniň ýüzüşe gitmän, gury ýerde gezmeli wagtynyň möhletini öňküsindenem azaltdy

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

.

Ýöne diňe daşky görnüşe, geýim-gejime üns bermek bilenem alada gutarmady. Martin içmegini goýsa-da, çilimden daşlaşmady. Ol şu mahala çenli serhoşlygy erkek adama tüýs mynasyp pişe hasaplaýardy, özüniň bolsa çüýşedeş ülpetleri serhoş bolup stoluň aşagyna agdarylyp gaýdanlaryndan soň ýene içse-de, götermegi başarýan çydamly kellesiniň bardygyna gabarylýardy. San-Fransiskoda onuň ozalky ýüzüşlere bile giden ýoldaşlary kändi. Martin şolar bilen duşuşanda-da, olara pul çykartman, hezzet-hormat etse-de, özi bir kürüşge piwo ýa-da ýeňiljek çakyr içmek bilen oňýardy. Şeýle ýagdaýda ýoldaşlary üstünden gülüp, törpülerini süýkeselerem ol giňgursaklyk edip çydaýardy. Ol ýoldaşlarynyň agdyk içip, haýwanlyk derejesine çenli pese düşüşlerini gyzyklanma bilen synlaýardy, özüniň indi şolar ýaly däldigine guwanýardy. Martiniň ýoldaşlarynyň her haýsynyň öz hasraty bardy, içgi bolsa gam-gussany, hakyky ýagdaýy unutdyryp şagalaň-şatlykly hyýaly dünýä alyp gidýärdi. Martine indi içgi gerek däldi. Ol indi hakyky serhoşlardanam

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
beter serhoşdy, kalbynda yşk oduny ýakan, täze, başgaça ýaşaýşa yhlas oýaran Rufa ýetmek arzuwy bilen serhoşdy, kalbynda heniz bolmadyk san-sajaksyz hyýal oýaran kitaplar bilen serhoşdy, öz päkliginiň pikiri bilen serhoşdy. Ol päklik bolsa onda saglygyň manysyna öňkülerinden has düýpli düşünmek duýgusyny oýaryp, ýaşaýşyň fiziki barlygy üçin bedenini tolgunmaga mejbur edýärdi.

Martin bir gezek Rufa sataşaryn diýen gümürtik umyt bilen teatra gitdi, ikinji eýwançajygyndan seredip oturyşyna, dogrudanam, Rufa gözi düşdi. Onuň ýanynda Artur hem-de maňlaýynyň saçy doňdurylan ýaly syh-syh edilip goýlan, gözi äýnekli bir geň ýigit bardy. Olar partere tarap ýörediler. Şol geň ýigit Martinde gabanjaňlyk duýgusyny döretdi. Gyz birinji hatara baryp oturansoň, tutuş agşam onuň aradaşlygyň perdesini ýapynan nepis eginlerinden, altyn öwüsýän saçyndan gaýry hiç zat Martiniň gözüne görünmedi. Ýene, herhal, Martin birki gezek gapdala-da garady. Şonda ol özünden iki-üç kürsi aralykda oturan iki sany gyza gözi düşdi. Gyzlar oňa ýylgyryşyp seretdiler-de, göz-gaşlaryny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

oýnatdylar. Bular ýaly ýagdaý gabat gelende, Martin gyzlar bilen derrew tanşardy, olar tarapyndan bolan hereketi jo

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gapsyz galdyrmak onuň edähedinde ýokdy. Sähel wagt mundan ozal şeýle ýagdaý ýüze çykanlygynda, ol öz gezeginde ýylgyryşa ýylgyryş bilen jogap gaýtarardy, yzyndanam soňky edilmeli hereketleri ederdi. Häzir bolsa ähli zat çepbe çöwrüldi. Dogry, şindem ol gyzlara bakyp ýylgyrdy, ýöne hereket ondan aňry geçmedi. Martin derrew olardan nazaryny aýyrdy-da, gaýdyp gyzlara tarap seretmezligiň aladasyny etdi. Emma olary eýýäm ýadyndan çykaranam bolsa, ol ýene birnäçe gezek gyzlara nazaryny gönükdirmeli boldy. Zandyň, tebigatyň hoşamaý, salam-helikli bolsa, bir günde ozaldan gelýän endigiňden araňy üzäýmek aňsat däldi. Şonuň üçinem ol gyzlaryň ýylgyryşyna özünden erksiz ýylgyryş göndermeli boldy, ýöne ol ýylgyryş gaýry bir mana ýugrulan däldi-de, adamçylygyň, medeniýetliligiň döreden ýylgyryşydy. Gyzlaryň edýän hereketi dünýä bilen ýaşyt, belli hereketdi. Martin olaryň özi bilen adaty zenan näzini edýändiklerine düşünýärdi.Ýöne ol oýun indi Martin üçin başga mana eýedi. Honha, hol uzakda ilkinji hatarda öz synpyndan bolan bu iki gyza meňzemeýän, asla düýpden meňzemeýän,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
dünýäde ýeke-täk zenanyň oturandygy sebäpli, Martinde indi olara haýpygelijilikden gaýry hiç hili duýgy oýanyp biljek däldi. Martin olara Rufuň jadylaýjy gözelliginden, çigit ýalyjagam bolsa, şol gyzlara-da ýokaşmagyny çyn ýürekden dileg etdi. Ol özlerini şeýle ýeňil alyp barýandyklary üçin gyzlara asla gyjalatam bermekçi däldi. Ol hereket Martini öz tarapyna-da çekip bilmedi. Martin eger-de özi Rufuň dünýäsine degişli bolanlygynda gyzlar oňa göz-gaş hem kakmazdylar. Gyzlar her bakanlarynda aşaky gatlak dünýäsiniň ýiti dyrnakly elleri berkden-berk ýapyşyp, Martini peski dünýä tarap, aşak çekýärdiler.

Rufy teatrdan çykyp barýarka, görüp galmak maksady bilen Martin oýnuň iň söňky görnüşi gutarmazynyň öň ýany kürsüni terk etdi. Teatryň işiginde hemişe-de bir topar mahaw adamlar üýşüp durardylar. Şonuň üçinem şol mahawlaryň biriniň arkasynda papagyňy hem çümreräk geýip dursaň, tanalman galmak kyn boljak däldi. Martin beýleki tomaşaçylardan öň daşaryk çykyp, ýaňy bir özüne amatly ýer saýlanda, şol göz-gaş oýnadan iki gyz hem duýdansyz peýda boldy. Martin olaryň özüni aňtap çykandyklaryny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bilýärdi. Şonuň üçinem öz sypatynda zenanlaryň ünsüni çekiji bir güýjüň bardygyna nälet okady. Gyzlar ilki başda-ha, ony görmedik bolan boldular. Ýöne Martin beýle hereketiň diňe hiledigine beletdi. Olar Martine golaýlansoňlar, ädimlerini haýallatdylar. Gyzlaryň biri gapdalyndan geçenbolup, özüni ýigidiň egni bilen tötanden çakyşan edip görkezdi-de, Martiniň ýüzüne seredip, ony edil şu wagt ilkinji gezek görýänden boldy. Ol syrdam synaly, gara saçly, garaýşy näz-kereşmeden doly, gara gözli gyzdy. Gyzlaryň ikisi-de oňa ýene ýylgyryp seredişdiler. Martin olara özleriniňki ýaly hereket bilen jogap berdi-de:

— Hello! — diýdi.

Ol söz, şular ýaly pursatda ulanylaýýan, tötänden agyzdan çykan sözdi. Onsoňam tebigy ýumşaklygy, açykgöwünliligi Martine özüni başgaça alyp barmaga ýol hem berjek däldi. Gara gözli gyz mylaýym hem özüne çekiji ýylgyrdy, jorasynyň goltugyndan tutup, aýak çekmäge meýillendi, jorasy bolsa oňa garşy däldigini gülküsi bilen tassyklady. Martin hopukdy. Rufuň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
golaýdan geçip barýarka, onuň iki sany gyz bilen gürrüňleşip durandygyny göräýmegi ahmaldy ahyryn. Şonuň üçinem ol şeýle hereket etmek zerurýetlik ýaly, gara gözli gyzyň ýanyna bardy-da, onuň ýany bilen ýöräberdi. Bu ýerde onuň gepi-sözi, äheňi ýerliksiz bolmaga haky ýokdy. Bu ýerde ol edil öz öýünde ýaly arkaýyndy, ýiti sözlerem aýdyp biljekdi, adaty däl geplerem tapyp biljekdi, birden dörän tötänden tanyşlygyň ýol berýän erkinliginiň çäginde gülübem, ýaňrabam biljekdi. Burça ýetilende, Martin adamlardan ökje ogurlap, gapdaldaky kiçijik köçä sowulmak isledi. Emma gara gözli gyz onuň tirseginden mäkäm tutdy-da, jorasynyňam elini sypdyrman:

— Saklan, Bill. Nirä beýle gyssanýaň? Bizden sypjag-a bolýan dälsiň-dä? — diýip gygyrdy.

Aýak çeken Martin güldi-de, olara tarap ýüzüni öwürdi. Gyzlaryň arka tarapyndan çyralaryň ýagtysynyň astynda ýüzleri ýagtylan adam sili akyp gelýärdi. Olaryň duran ýeri bolsa onçakly ýagty däldi. Şonuň üçinem alagaraňkylykda özüni giz

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
län Martin şu ýerden geçip gitse, Rufy görüp biljekdi. Rufuň bärden geçmegi bolsa ikuçsuzdy. Sebäbi olaryň öýüne tarap şu köçe bilen gitmek bolýardy.

— Oň ady näme? — diýip, gara gözli gyzy yşarat edip, Martin onuň hikirdäp duran jorasyndan sorady.

— Özünden sora-da göräý — diýip, gyz gülüp jogap berdi.

— Adyň näme? — diýip, Martin gara gözli gyzyň özüne ýüzlendi.

— Sizem maňa adyňyzy aýdaňyzok ahyryn — diýip, gara gözli gyz adyny aýtmakdan saklandy.

— Siz näme meň adymy soradyňyzmy? — diýip, Martin ýylgyrdy. — Umuman, siz ýalňyşmadyňyzam. Hakykatdanam, meniň adym Bill bolmaly. Dogrudanam, şeýle.

— Goýsaňyzlaň! — diýip, gyz Martine çuň manyly, özüne çekiji ýiti nazary bilen uzak seretdi. — Hany, dogryňyzy aýtsaňyzlaň!

Gyz ýene Martine seretdi. Zenan halkynyň asyrlar boýy hiç hili özgerişe sezewar bolmadyk düýp

manysy ol gyzyň gözünde şöhle saçdy. Soň näme boljakdygyny Martin eýýäm bilýärdi. Indi ol erkegiň höwesi peselýändigini duýansoň, gaýtadan hüjüme geçmäge taýýar bolup, häzirlikçe ýygralyk bilen yza teser. Herhal, Martin erkekdi, gyz onda özüne meýil oýarýardy, joşgunly nazary ýigitlik mertebesini gyjyklaýardy. O-o! Martin ojagaz gyzlary gaty oňat tanaýardy, içlerine girip çykan ýaly tanaýardy. Bu enaýyja, ýylmanak gyzlar aşaky gatlagyň agyr zähmet bilen gün dolandyrýan gyzlary näderejede gowy bolup bilýän bolsa, şol derejede-de gowy gyzlardy. Öz söýgüsini satardan tekepbir gyzlar durmuş çölüstanyndan, iň bolmanda, sähelçe bolsa-da, bagt tapmagyň aladasyndadylar. Olar özlerine tükeniksiz agyr iş ýa-da gowy hak tölenýänem bolsa, aýylganç ýol garaşýan, gelejek diýlip atlandyrylýan düýpsüz ummana seretmek islemeýärdiler.

Martin ýene:

— Bill — diýip jogap berdi. — Hudaý bar, Bill Pit. Şondan başga adym ýok.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Oýun edýäňizmi? — diýip, gyz gaýtralap sorady.

— Bill bolmaly däl — diýip, beýleki gyz hem gepe goşuldy.

— Siz ony nireden bilýäňiz? Siz şu mahala çenli meniň garamy-da göreňzok ahyryn.

— Görmämde näme? Jypdyrýandygyňy görmesemem bilip durun.

— Nähili, Billmi? — diýip, birinji gyz sorady.

— Goý, Bill bolsun — diýip, Martin ýakymly ses bilen aýtdy.

Martiniň çigninden tutan gyz ony bat bilen silkäp goýberdi.

— Ýalan sözleýändigiňizi men bilip durdum. Bolsa-da, siz erbet ýigit däl.

Martin özüne tarap uzan eligysanda, gyzyň aýasynda ozaldan tanyş ýara yzlaryny hem dyrnaçaklanan ýaly çyzyklary duýdy.

— Gaplanan önümler zawodyndan işden çykanyňa köp wagt geçdimi? — diýip, Martin gyza sowal berdi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz ony nädip bilýäňiz? Siz bilgiçmi? — diýip, gyzlaryň ikisem birden seslendi.

Iki tarapdanam bir topar bolgusyz degişmeler otarylansoň, ol birden kitaphanalardaky asyrlaryň paýhasyny özünde saklaýan galyň-galyň kitaplary göz öňüne getirdi. Bimahal çak göz öňünde peýda bolan hyýaly surat Martini ajy ýylgyrtdy. Ony ýene şübhe gurşap aldy. Gyzlar bilen bolup geçýän gep-gürrüňleriň, ýatlamalaryň, pikirleriň içinden maý tapyp, geçip barýan adamlaryň arasyndan Martin Rufy görmän galmazlygyňam aladasyny edýärdi. Ine, birdenem çyranyň ýagtysyna dogany bilen gözi äýnekli nätanyş ýigit ikisiniň arasyndan Rufuň ýöräp gelýänini gördi. Martiniň ýüregi urmasyny goýan ýaly boldy. Ol şu pursada örän kän garaşypdy. Ol Rufuň nepis kellesiniň töwereginde howadan ýasalan ýaly birhillije ýeňiljek şekilleri, göwresiniň syratly suduryny, kaşaň ýöreýşini, owadan hereketini, şol zatlara gelşip duran lybas saýlap bilşini köçeden aňryk geçende görmäge ýetişdi. Hawa, Ruf geçip gitdi, ol bolsa iki sany işçi gyz bilen galdy. Martin gyzlaryň owadan geýinmek üçin gara çynlary bilen eden aladalarynyň yzy bildirip duran

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
pukaraýy köýneklerine, horaşa köwüşlerine, arzanbaha lentajyklaryna, gödeňsi barmaklaryndaky ugursyzja ýüzüklerine seretdi. Kimdir biri Martiniň elinden çekdi.

— Oýanyň, Bill! Size näme boldy? — diýen ses eşidildi.

— Näme diýdiňiz? — diýip, Martin, gaýta sowal berdi.

— Ullakan diýen zadym ýok — diýip, jogap gaýtaran gara gözli gyz kellesini silkdi. — Men ýöne, neme… pikir etdim…

— Näme pikir etdiň?

— Siz oňa-da bir ýigit tapyşaýsaňyz-a gowy bolardy — diýip, gara gözli jorasyna tarap elini salgady. — Dört bolup bir ýere kofe içmäge, buzgaýmak iýmäge giderdik-dä..

Birdenem Martin özünde ruhy taýdan ýürekbulanma duýdy. Rufuň derejesinden bu derejä çenli aşak düşmek örän çökder bolýardy. Martin bu imrindiriji hem dilegçi ýaly gözleriň ýanynda birden Rufuň şöhle saçýan nurana, aýdyň, mukaddes, päkligiň ýetip bolmajak

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
belentliginden özüne tarap seredýän gözlerini gördi. Ol özünde çakdanaşa güýç duýdy. Ol bu zatlardan belentde dur. Durmuş, ýaşaýyş ýigit tapmak, buzgaýmak iýmek arzuwy bilen ýaşaýan gyzlaryň durmuşyndan has ýokary bolmaly. Ol ozal özüniňem hyýalynda aýratyn manyly, gizlin durmuşda ýaşandygyny ýatlady. Ol käte öz pikirini başga adamlaryň üsti bilen derňäp görmäge synanyşýardy, ýöne şu mahala çenli oňa düşünäýjek aýal, hatda erkegem gabat gelmedi. Eger ol bu pikirlerini daşyna çykarsa, ony diňlänler Martine tarap düşnüksiz nazar aýlardylar. Hawa, onuň pikiri başgalaryň aňyna ýetmeýän bolsa, diýmek, onuň özi şol başgalardan ýokarda durýan bolmaly. Ol özünde güýç bardygyny duýup, ýumruklaryny düwdi. Eger durmuş onuň üçin belentlik ýaly bolsa, onuňam şol belentlikden özüne belent gaýtarga garaşmaga haky bolmaly. Elbetde, oňa häzir, şu ýerde, ýanyndaky gyzlar bilen gepleşikde garaşmaly däl. Garşysyndan garaýan gara gözleriň Martine berip biljek zady ýokdy. Ol gözleriň garaýşynda nähili islegiň öwşün atýandygyny, buzgaýmakdan başga ýene käbir zatlaryňam isleýändigini Martin

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bilýärdi. Emma Rufuň adaty däl ajaýyp nazary bolsa oňa gaty kän zatlary wada berýärdi. Kitaplar, suratlar, gözellik hem asudalyk, aňrybaş kaşaň hem inçe durmuşyň gözelligi — şol garaýşyň wada berýän zatlary şular bolmaly. Gara gözleriň aňyrsynda Martine hemme tarapdan tanyş bolan pikirleniş dowam edýärdi. Ol edil sagat mehanizmi ýalydy. Ol owunjak tigirçeklere çenli synlap bilýärdi. Ol gözler ahlaksyzlyga, doýgunlyga eltýän hapa keýpe çagyrýardy. Ondan aňyrda bolsa düýbi garalyp görünýän mazar bardy. Emma Rufuň ajaýyp gözleri bolsa, açylyp bolunmaýan syrlara aralaşmaga, ebedi ömrüň täsinligine çagyrýardy. Martin ol gözlerde gyzyň kalbynyň hem öz kalbynyň şöhlelenişini görýärdi.

— Bu günki etsem-goýsamda bir ýalňyş bar — diýip, Martin batly gepledi. — Men bu gün işli.

Umyt eden tamalary çykmadyk gyzlaryň gözlerinde lapykeçlik alamaty peýda boldy.

— Näsag ýatan dostuňyzyň halyny soramaga gitmelimidiňiz? — diýip, gyz ýaňsyly ajysyny pürkdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Näsaglyk nireden geldi? Meniň duşuşygym bar — diýip, Martin, sakyndy. — Bir gyz bilen.

— Jypdyrýaňyz öýdýän?

Ol gyzyň gözlerine garap jogap berdi.

— Gaty dogrymy aýdýan, çynym. Ýöne siz bilen başga günem duşuşyp bilerdik. Siziň adyňyz näme? Nirede ýaşaýaňyz?

— Meň adym Lizzi — diýip, ol Martiniň elini gysyp hem tutuş göwresi bilen gysmyljyrap durka jogap berdi — Lizzi Konolli. Men bäşinji köçede ýaşaýan. Bazaryň ýanynda.

Olar hoşlaşmazlaryndan ozal ýene bäş minut ýaly sakyrdaşdylar. Martiniň göni öýüne gitmek islegi ýokdy. Ol tanyş daragtyna tarap gitdi-de, penjiräniň öňündäki ozaldan belet ýerinde durup, tolgunma bilen pyşyrdady:

— Men siz bilen duşuşýan, Ruf. Men başga gyz bilen duşuşmak islämok, Ruf!

## MVII bap

artiniň Ruf bilen tanşan gününden bäri bir hepde geçdi. Emma ol gyzyň ýanyna gitmäge entek

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
batyrlyk edip bilmeýärdi. Käte ol şeýle bir gidermen bolup, ýola çykmaga taýýarlanýaram welin, ýene ikirjiňlenme şübhesi erkinden rüstem gelýär duruberýär. Ol ilki baranyňdan näçe möhlet geçensoň, salamlaşmaga gidip bolýandygyny hem bilmeýärdi. Martiniň şol barada maslahat salaýar ýaly tanşy hem ýokdy, özi bolsa sen-men ýok giden bolup, düzedip bolmajak gödeňsi bir ýalňyşlyk goýberäýmekden-de ýaýdanýardy. Ol öňki aşnalarynyň hemmesinden daşlaşdy, ozalky hüý-häsiýetleriniňem barynyň üstüne atanak çekdi. Okaýan kitaplaryndan gaýry täze dostlary-da ýokdy. Kitaby welin, zabun okaýardy. Eger başga bir adam Martiniňki ýaly köp kitap okasa, bireýýäm gözden galaýmagam ahmaldy. Onuň gözleri sagatdy, bedeni çydamlydy. Şeýle hem, ol şu mahala çenli bulaşyk kitap pikirlerinden çetde durupdy, şonuň üçinem beýnisi bol hasyl bermäge amatly tarp ýer ýalydy. Onuň beýnisi ylymdan ýadan beýni däldi, şoňa görä-de, indi ol akylly kitaplara aýy kimin topulyp, girisine ilenini sypdyrmaýan okumyş adamdy. Hepdäniň ahyrynda Martin bir hepde däl, tutuş ýüz ýyl ýaşandyryn öýtdi. Onuň öňki durmuşy, dünýä

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
öňki garaýşy örän alysda galdy. Ýöne elmydama oňa taýýarlygynyň kemlik edýändigi päsgel berýärdi. Ol kän ýyllyk ýörite taýýarlygy bolmasa-da, okamasyz kitaplara-da ýapyşaýýardy, şu gün gadymy pelsepe kitabyny okasa, ertir täze filosofiýa kitabyny okaýardy. Şunlukda, onuň kellesindäki pikirler mydama bulam-bujardy. Ykdysady ylym meselesinde-de ýagdaý şonuň ýalydy. Kitaphananyň şol bir tekjesinden ol Karl Marksy, Rikardony, Adam Smiti hem Milli tapdy. Olaryň biriniň düşünmesi kyn bolan pikirini beýlekisi püçege çykaryp, ýerine-de öňkini ret edýän başga çözgüt getirýärdi. Martin halys aljyrasa-da hemme zady bilmek, hemme zada akyl ýetirmek isleýärdi. Şonuň üçinem ol bir wagtyň özünde ykdysadyýet bilenem, senagat bilenem, syýasat bilenem gyzyklanýardy. Bir gezek Siti-Holl seýilgähinden geçip barýarka, ol bäş-alty adamyň daşyna hümer bolşup, bir zadyň jedelini edýäne meňzeýän mähelläni görüp, şol tarapa sowuldy. Has golaý baransoň, Martin halk filosoflarynyň entek özüne nätanyş bolan sözlerini eşitdi. Olaryň biri öýsüz-öwzarsyz entäp ýören, beýlekisi kärdeşlerarkalaşygynyň ündewçi si,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

üçünjisi — uniwersitetiň talyby, galanlary bolsa çekişmäniň muşdaklary bolan işçilerdi. Martin ilkinji gezek anarhizm, sosializm, umumy salgyt hakynda eşitdi. Sosial filosofiýada biri beýlekisine duşmançylykly garaýan toparlaryň bardygyny bildi. Ol entek az maglumat ýygnalan aň goruna heniz girmedik, ylymlara degişli asla eşitmedik adalgalarynyň onlarçasyny eşitdi. Martin çekeleşmäniň gidişine doly düşünip bilmeýärdi-de, geň sözleriň aňyrsynda ýatan pikirleriň manysyny az-kem aňşyrýardy. Çekeleşige gatnaşýanlaryň arasynda restoranda «hyzmatçy» bolup işleýän bir gara gözli teosof, çörek bişirijileriň kärdeşlerarkalaşygynyň agzasy — agnostik, «hakykatda bar bolan ähli zatlar adalatlylykdyr» diýen geň filosofiýa esaslanýan kesgitlemesi bilen çekeleşmä gatnaşýanlaryň hemmesini kese ýykan ýaşuly adam hem-de älem barada, atom — ata, atom — ene barada giňden pikir ýöreden ýene bir goja bardy.

Çekeleşmelerden ýaňa Martin Ideniň kellesi hum ýaly çişdi. Ol aňyna ornaşan onlarça sözleriň manysyny seljermek üçin kitaphana tarap howlukdy. Kitaphanadan gaýdanda bolsa, onuň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
goltugynda Blabatskoý hanymyň «Gizlin doktrina», «Öňe gidişlik hem garyplyk», «Sosializmiň kwintessensiýasy», «Din bilen ylmyň söweşi» diýen dört tomluk eserleri bardy. Bilgeşleýinden bolan ýaly, ol kitap okamagy «Gizlin doktrinadan» başlady. Onuňam her sahypasy Martin üçin düşünmesi kyn çylşyrymly-çylşyrymly sözlerden doludy. Ol krowatda oturyşyna, okaýan kitabyndan sözlüge kän garamaly boldy. Ol şeýle bir kän düşnüksiz sözlere sataşdy welin, olaryň birnäçesine jogap tapsa, ozal bellänlerini ýadyndan çykaryp, ýene sözlüge ýapyşmaly boldy. Şol kyn düşýän sözleri çaklaňja depdere ýazdy, netijede hem az salymda ýigrimi sahypa töweregi ýazgy döredi. Şonda-da hiç zada düşünmeýärdi. Gije sagat üçe çenli okaýardy, aňy bulaşyp, käte näme pikir edýänini-de bilmeýärdi. Barybir, ol sahypadaky agramlyrak pikirleriň birini-de tutup bilmedi.Ol başyny galdyranda, tutuş otag deňiz harasadyna uçran gämä meňzäp, çaýkanýan ýaly bolup göründi. Onuň gargynjyrap, «Gizlin doktrinany» eliniň tersi bilen zyňyp goýberesi, çyrany söndürip ýatasy geldi. Beýleki üç kitaby okanda-da ýagdaý

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ilkinji kitapdakydan enaýy bolmady. Gep Martiniň beýnisiniň ýukalygynda ýa-da onuň üşüksizliginde däldi, okaýan zadyny mazaly özleşdiribem biljekdi welin, oňa türgenleşik hem, söz baýlygy-da ýetmezçilik edýärdi. Şoňa aňy çatan ýaş ýigit, hatda bir ýola özüne düşnüksiz sözleri özleşdirýänçä, kitaplara derek diňe sözlük okamak hyýalyna-da gulluk etdi.

Martin üçin ýeke-täk köşeşdiiriji ýapyşalga şygryýetdi. Ol her setiriniň manysy düşnükli, sada bolan goşgulary höwes bilen okaýardy. Martin gözelligi gowy görýärdi, gözellik bolsa goşgy setirlerinde näçe diýseň bardy. Şygyrlar oňa sazyň täsir edişi ýaly täsir edýärdi hem aňyny has çylşyrymly işlere ýapyşmaga ýuwaş-ýuwaşdan taýýarlaýardy. Hakydasyndaky sahypalaryň boş ýatandygy sebäpli ol hiç hili kynçylyk çekmän hem bent yzyndan bendi ýat bekläp bilýärdi. Şonuň üçin hem ol kän wagt geçmänkä, çap edilen setirleriň sazlaşykly heňinden lezzet alyp, tutuş goşgyny-da ýatdan sesli okamagy başarýardy. Bir gezek ol, tötänden diýen ýaly, Geýliniň «Nusgawy rowaýat», Belfiniçiň «Erteki asyry» diýen kitaplaryna gabat geldi. Onuň aňynda nadan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

garaňkylygyň içinden ýagtylygyň ýiti şöhlesi parran geçen ýaly boldy. Şondan soň Martiniň kitap okamak höwesi hasam güýjedi.

Kitaphanada stol başynda oturan adam Martini öňden tanaýardy, ony açyk ýüz bilen garşy alyp, baş atyp, salamlaşýardy. Şonuň üçin-de Martin bir

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gezek batyrgaý hereket etdi. Ol birnäçe kitap alyp, okalgaça olary belledip durka:

— Sizden bir zat soramak mümkinmi? — diýdi.

Okalgaçy ýylgyrdy-da, göwün göterijilik bilen baş atdy.

— Eger siz bir ýaş maşgala bilen tanşan bolsaňyz, olam sizi öýüne çagyrsa… onsoň.. neme.. Olara haçan barsa bolarka?!

Martin tolgunmakdan ýaňa derlän kebzesine köýneginiň ýelmeşendigini duýdy.

— Meniň pikirimçe-hä, haçan barsaňam bolar.

— Ýok, siz düşüneňzok — diýip, Martin aýdylana garşy gopdy. — Olar… bilýäňizmi, gep nämede?.. Gyzyň öýde bolmazlygam ahmal ahyryn. Ol uniwersitete-de gatnaýar.

— Bir gezek baranyňyzda öýde bolmasa, ýene bir öwrümde aýlanaýmaly bolarsyňyz-da.

— Dogrymy aýtsam, gep onda-da däl — diýip, Martin gürrüňdeşiniň adamçylygyna bil baglap, hakykaty boýun aldy. — Bilýäňizmi näme, men bir sada deňizçi, olar ýaly ýokary gatlak

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

adamlarynyň ýagdaýyna-da beletçiligim ýok. Ojagaz gyz meň deňimem däl, menem oň… Siz meni ýöne ýaňrap durandyram öýdäýmäň — diýip, Martin öz sözüni özi böldi.

— Ýok, ýok — diýip, kitaphanaçy aýdylana garşy boldy. — Dogrusy, siziň sowalyňyz kitaphananyň sowal-jogap bölümine degişli-hä däl welin, şonda-da men size kömek etjek bolaýyn.

Martin oňa geň galmak bilen seretdi.

— Wah, men olaň derejesinde gepläp bilýän bolsam, onda gep başga bolardy welin…

— Men ýalňyşdym…

— Meň diýjek bolýanym… eger men siziň ýerbe-ýer hem medeniýetli gepleýşiňiz ýaly gepläp bilýän bolsamdym diýmekçi bolýan.

— Şeýlemi asyl! — diýip, kitaphanaçy duýgudaşlyk bilen seslendi.

— Näwagt barsaň amatly bolarka? Gündizmi? Nahara gabatlamanmy? Ýa agşammy? Belkem, dynç güni barsaň gowy bolar?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Meň size näme maslahat beresim gelýä diýseňizläň — diýip, kitaphanaçy ýylgyryp gepledi. — Siz, gowusy, telefon edäge-de, özünden soraýyň.

— Akylly maslahat! — diýende, Martiniň sesinde şatlyk äheňi duýuldy. Ol kitaplaryny ýygnap, çykalga tarap ýöneldi, gapa ýetiberensoňam aýak çekdi-de, yzyna gaňrylyp sowal berdi.

— Siz ýaş gyz bilen, mysal üçin, miss Jizzi Smit bilen gepleşeniňizde, oňa «miss Lizzi» diýip ýüzlenmelimi, ýa-da «miss Smit» diýip?

— «Miss Smit» diýip ýüzleniň! — diýip, kitaphanaçy ynamly jogap berdi. — Ýakyndan tanaýançaňyz «miss Smit» diýäýiň.

Şonuň bilenem mesele tamam boldy.

Martiniň telefon gepleşiginde, çekine-çekine «Alan kitaplarymy haçan yzyna gaýtaryp bolar» diýip beren sowalyna Ruf:

— Özüňize amatly wagtda geliberiň. Men günorta naharyndan soň hemişe öýde bolýan — diýip jogap gaýtardy…

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martini gapyda gyzyň özi garşylady. Onuň duýgur zenan nazary ýigidiň ütüklenen jalbaryndaky göni epini gördi hem onda gowulyga tarap haýsydyr bir özgerişligiň bolandygyny aňdy. Ýöne hemme zatdan geň görneni onuň ýüz keşbi boldy. Onuň ýüzünde çogup duran saglyk alamaty bardy, ol hem tolkun ata-ata, gyzyň daşyna halka boldy. Gyzda ýene oňa gysmyljyramak, bedeniniň gyzgynlygyny duýmak höwesi peýda boldy. Şeýle hem ol ýigide sataşmagynyň özüne täsir ýetirişine ýene haýran galdy. Ýigit hem öz gezeginde, gyz elini uzadanda ýene ýakymly bir duýga sataşdy. Ol ikisiniň arasyndaky parh şundan ybaratdy; tolgunmakdan ýaňa Martiniň saçlarynyň düýplerine çenli gyzarsa-da, Ruf öz daş sypatyndan hiç hili tolgunma alamatyny tapmady.

Martin öňküleri ýaly gödek çaýkanma bilen gyzyň yzyndan ýöredi. Ýöne olar myhman otagyna baryp oturanlarynda, Martin garaşylmadyk halda özüni birneme erkin duýdy. Ruf myhmanynda şol erkinlik duýgusyny döretmek üçin her hili alada etdi, özi-de aladany şeýle bir salykatlylyk hem yhlaslylyk bilen edýärdi welin, ol Martine öňküsinden ýüz esse mähriban bolup göründi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Olar, öňi bilen-ä, kitaplar hakynda, Martini haýrana galdyran Suinbern barada, Martine düşnüksiz bolan Brouning barada gürrüň etdiler. Gürrüňi Rufuň özi ugrukdyrýardy, hemem myhmanyna nädip kömek edip boljakdygynyň aladasyna çümýärdi. Oňa kömek etmek hakynda gyz ilkinji duşuşykdan soň ýygy-ýygydan oýlanýardy, oňa hökman kömek etmekçidi. Gyzyň Martine hem haýpy gelýärdi, hem nebsi agyrýardy. Ýöne şol nebsagyrmada hiç hili kemsitme duýgusy ýokdy, ol ozalam bir gezek sataşyp gören enelik duýgusyna meňzeş bir zatdy. Onsoňam, ol adaty, ýönekeý nebsagyryjylyk bolup bilermi? Bolup bilmez.

Sebäbi ol Martinde iň ýokary derejedäki erkek adamynyň sypatyny görýärdi welin, onuň golaýynda bolmagy hem gyzlyk gorkusyny oýarýardy, geň pikirleriň, duýgularyň netijesinde ýüregini çalt urmaga mejbur edýärdi. Ýene-de onuň kellesine ýigidiň boýnundan gujaklamak, egninde elini goýmak islegi döredi. Ol isleg ýene öňki saparkysy ýaly utandyrdy. Ýöne gyz ol utanç bilenem indi öwrenişipdi. Döräp ugran söýgi şolar ýaly sada adaty görnüşe öwrülip biler diýen pikir gyzyň kellesine gelmeýärdi. Onsoňam ol özüni gurşap alan duýgyny söýgi hasaplap bolýandyr öýdenokdy. Ol Martini peýdalanylmadyk çäksiz mümkinçiligiň eýesi bolany üçin, her ädimde gabat gelip durmaýan adam bolany üçin, özünde adaty ynsanperwer duýgy döräni üçin gyzyklandyrýandyr hasaplaýardy. Ol Martini halaýandygyna düşünmeýärdi, Martiniň ýagdaýy welin başgaçady. Ol Rufy jan-dilden söýşi ýaly ömründe hiç kimi gowy görmändigini bilýärdi. Ol hemme gözellige muşdak bolşy ýaly, şygryýeti hem söýýärdi, ýöne Ruf bilen duşuşygyndan soň welin, söýgi şygryýetiniň äpet dünýäsine derweze açyldy. Ol dünýä Martine Belfinç bilen Geýli

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ikisiniň bereninden kän zat berdi. Edil bir hepde mundan ozalam, mysal üçin, «Söýgüden diwana bolan hasratly ýetginjek posanyň haky üçin öpüşüp durka ölmäge-de kaýyl» diýen setiriň manysyna ullakan pitiwa-da etmändi welin, indi ol sözler Martiniň kellesinden çykmaýar. Indi ol sözler ony beýik hakykat hökmünde haýran galdyrýar, Rufa seredýär-de, ogşatsa, ony ogşap durka, begene-begene ölmäge-de razy boljakdygy hakda oýlanýar. Ol özüni söýgi zerarly diwana bolan ýetginjege deňedi, şol «deňemek» bolsa rysarlyk derejesine göteriläýenliginde buýsanjagyndanam artyk buýsandy. Şeýlelikde, indi ol özüniň ýer üstünde ýaşap ýörmeginiň manysynyň nämeden ybaratdygyna düşündi.

Rufa seredende, onuň gep-sözüni diňlände, Martin batyrgaý pikirlenýärdi. Ol gyzyň elini gysan mahaly dörän çäksiz lezzeti ýatlady, şol lezzet çeşmesinden ýene bir gezek datmak isleýän teşnä öwrüldi, käte bolsa gyzyň dodaklaryna açgöz ýesir bolup garady. Ýöne ol hasratly garaýyşda hiç hili gödeklik, adatdan çykma ýagdaý ýokdy. Gyz gepleýän mahaly dodagynyň her bir hereketine üns bermekden Martin tükeniksiz lezzet alýardy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ol dodaklar aýallarda, erkeklerde bolýan adaty dodaklardan däldi, gandan, jandan döredilen däldi. Olar jesetsiz ruhuň dodaklarydy hem olary öpmek höwesi başga aýallaryň dodagyndan öpdürmek üçin oýarýan höwesinden düýpgöter başgady. Ol, elbetde, şol ruhuň dodaklaryna özüniň adaty adam dodaklaryny degrerdi, ýöne ol, barybyr, zenan dodaklaryny öpdügi bolmazdy-da, hut Taňrynyň şekiline dodagyňy degren ýaly bolardy. Ol özünde bolup geçen özgerişleri beýle özboluşly aşa baha kesişligiň manysyny gatybir seljermegi-de başarmaýardy. Ol özüniň erkeklik nazaryny beýle gyzgyndyr, beýle ýitidir, ol nazar Rufy başdan-aýak tolgundyrýandyr öýtmeýärdi. Rufuň çirksiz ahlagy Martiniň kalbyndaky duýgusyny has-da ýitileşdirip, ony hem asmandaky ýyldyzlaryň sowuk päkliginiň belentligine ýetirdi. Martin öz gözleriniň syrly ýylylyk ýaýradýandygyny, onuňam gyzyň tutuş durkuna siňip, ol ýerde hem jogap oduny ýakýandygyny biläýse, haýran galardy. Ýaş ýigidiň nazaryndan tolgunan hem utanan gyz gep ýumagynyň çözlenip duran sapagynyň ugruny telim gezek elinden giderdi hem azap baryny çekip, ýene ýitigini tapdy. Ol

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gep-gürrüňde kynçylyk çekmeýärdi, şonuň üçinem bu gezekki ýagdaýyny gürrüňdeşiniň aýratyn üýtgeşik adamdygy bilen delillendirýärdi. Ruf üşüklidi, haýsydyr bir keseden dörän ýagdaý hem kalbyna täsir edýärdi, şonuň üçinem başga bir dünýäden gelen adamyň özüni aljyratmagy-da geň däldi.

Gyz ýigide ýardam etmek hakda oýlanyp, gepi şol maksady ýola goýmakdan başlamak isledi, ýöne bu gezek Martiniň özi oňa ýardamçy boldy. Özüne Rufuň elinden gelýän her bir işine kömek etmäge taýyndygyny aýdanda, begençden ýaňa Martin tas tüýküligine düwnüpdi:

— Sizden sorajagymy-da, soramajagymy-da bilemok welin… — diýip, ol söze başlady. — Ýadyňyza düşýän bolsa, öňki gezek men kitaplar hakda, şolar ýaly zatlar hakda gepläp bilmeýändigimi aýdypdym. Şondan soň men pikirimi üýtgetdim. Kitaphana gatnap başladym, dürli-dümen kitap baryny ele saldym. Ýöne olaryň hemmesi meniň aňymyň göterjek ýüki däl eken. Belkem, hemme zady başdan başlamalydyr? Aslynda men mekdepde-de okadym diýer ýaly

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
derejede okamandym ahyryn. Çagalygymdan başlap, işlemeli bolupdym. Indi hem kitaphana gatnap, kitap baryny gördüm, birnäçesini okadym. Okadym-da, asyl öň okamasyz zatlary okandygyma göz ýetirdim. Bilýäňizmi näme, haýsydyr bir fermada ýa-da gämidäki otagda, aýdaly, siziň öýüňizdäki ýaly kitaplary tapjak gümanyň ýok ahyryn. Ol ýerlerde okalýan zatlar başga zatlar, maňa-da şolar ýaly zatlary okamak endik bolup galyp dyr. Öwünýän ýaly bolmaýyn welin, gepiň gerdişine görä aýtsam, men öz tirkeşen aşnalarym ýaly hem däl. Ol meniň «Beýleki deňizçilerden ýa-da kowboýlardan — kowboýam bolupdym — gowudyryn» diýdigim däl-de, mydama kitap okamagy halandygymy, elime ilen kitaplaryň hemmesini okandygymy, aň derejämiň tirkeşenlerimiň aň-derejesinden başgarak görnüşdedigini ýaňzytjak bolýaryn. Ýöne gep başga zatda. Gep hiç haçan meniň siziňki ýaly öýlerde bolup görmänligimde. Geçen hepde bu ýere gelip, sizi, siziň ejeňizi, doganlaryňyzy görüp, hemmäňizi örän haladym, bu ýerdäki zatlaram göwnümden turdy. Ozal beýle zatlary diňe kitaplarda okapdym. Asyl, kitaplar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

çyn zatlary beýan edýär eken. Hawa, maňa hemme zat ýarapdy. Häzirem ýaraýar. Menem şeýle durmuşy isleýän. Meňem siziň öýňüzdäki ýaly howadan dem alasym gelýär, siziň öýňüzde bolşy ýaly, daş-töweregimiň kitaplardan, suratlardan, owadan zatlardan doly bolmagyny, adamlaryň heňkirmezliklerini, ýuwaşja geplemeklerini, arassa geýinmeklerini isleýän. Meniň ömürboýy dem alan howam aşhananyň, çakyryň ysy ornan howa boldy, eşidýänimem paýyş sözler, ýaşaýan tünegimiň kireýini tölemegiň dawa-jenjelidi. Siz öz ejeňizi ogşamak üçin ýeriňizden turanyňyzda ol ýagdaý şeýle bir ajaýyp göründi welin, men jahanda beýle owadanlyga heniz sataşmandym. Meniň sataşan zadym bolsa az-küş däldi, özümem başgalardan görgürdim. Men synlamagy, ser salmagy gowy görýän, mydama-da entek görmedik närselerimi göresim gelýär. Ýöne bular entek esasy zatlar däl. Iň özeni, ine: men siziň şu ýerdäki ýaşaýşyňyz ýaly durmuşa ýetmek isleýän. Durmuş diňe bir serhoşlykdan, uruşmakdan, agyr zähmetden ybarat däl ahyryn. Indiki mesele näme? Indiki mesele «Şol durmuşa nädip ýetmeli? Nämeden

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
başlamaly?» diýen sowala jogap tapmak. Men iş etmekden gorkýan adam däl. Iş hakda gep açmaly bolsa, menden öňe geçen adam bolmaz. Bir başlasam, gije-gündüzläp işläp bilýän. Bu zatlar barada gep açmagym siz üçin, belkem, gülkünçdir? Megerem, size biderek ýüz tutandyryn? Ýöne sizden gaýry, dogrymy aýtsam, bir Artur bolaýmasa, ýüz tutjagymam ýok. Belkem, men şoň bilen maslahatlaşmalydyryn? Eger men…

Martin birden dymdy, Artura ýüz tutmak pikir kellesine gelende, tutan maksady dargap, özüni samsyk hereket eden hasaplady. Ruf derrew jogap gaýtarmady. Ol Martiniň baglanyşyksyz sözlerini, gaty sada pikirlerini seljermek, olary bir ýüpe düzüp, onuň gözlerinden okan pikirleri bilen baglanyşdyrmagyň aladasyndady. Ruf Martiniňki ýaly ýanbermez gujurdan ýaňa uçganaklap duran gözlere heniz gabat gelmändi. Bu adamyň elinden hemme zat geler. Onuň gözleri şony habar berýär. Ýöne onuň geplemekde çekýän kynçylygy kalbyndakyny söz bilen doly beýan etmäge päsgel berýärdi. Onsoňam gyzyň aň-düşünjesi, pikirleri şeýle bir kämil hem çylşyrymlydy welin,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

myhmanynyň diliniň sadalygyny, adatylygyny bolşuna laýyk kabul hem edip bilmeýärdi. Ýigidiň peltegiňki ýaly onçakly düşnükli bolmadyk sözleýşinde hem, barybir, örän uly güýç bardygy duýulýardy. Martin Rufa demir gandalyny ýolup taşlajak bolýan äpet pälwan bolup göründi. Gyz gepläp başlanda, Martiniň ýüzüni mähir howasy ýelpedi.

— Özüňize näme gerekdigini özüňiz gowy bilýäňsiňiz. Size sowat ýetenok. Siz başdan başlap, mekdebi gutarsaňyz, soňam uniwersitetde ýörite okuw geçseňiz…

— Ol işleri etmek üçin pul gerek — diýip, Martin onuň sözüni böldi.

— Wiý! — diýip, gyz baş atdy — Men o hakda pikirem etmändirin. Eýsem dogan-garyndaşlaryňyzdan hemaýat etjegi ýokmy?

— Ejem bilen kakam-a dünýäden ötdi. Iki sany aýal doganym bar. Biri durmuşa çykan, beýlekisem, basym toý tutaýmagy ähtimal. Maşgalamyzda men iň körpesi. Agalarym kän, ýatyryp sanaýmaly.Ýöne olaryň birindenem henize çenli adam ogly bir pisselik nep gören

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
däldir. Hemmesem özüne bagt gözläp, dünýäň çar künjüne pytrap gitdi. Uly agamyz Hindistanda ölüp galdy. Iki sanymyz häzir Günorta Amerikada, birimiz läheň awlaýjy gämide. Ýene bir doganym ykmanda sirkde. Ol akrobat maşklaryny edýär. Menem şonuň ýaly-da. On bir ýaşymdan bäri öz günümi özüm görýän. Ejem ölenden soň. Siziň berýän maslahatyňyz boýunça-da men öz-özüme hossarlyk etmeli bolaryn. Ýöne men nämeden başlamalydygyny anyk bilmeli.

— Siz, öňi bilen-ä, gowy geplemegiň aladasyny etmeli. Siz käte (ol «aýylganç» diýen sözi aýtjak boldy-da, aýtmakdan saklandy) gatybir dogry hem gepläňzok.

Martiniň maňlaýynda çyg peýda boldy.

— Men käte size düşnüksiz sözjagazlary atyp goýberýändigimi bilýän.Ýöne şol sözleriň nähili aýdylmalydygyny welin bilýän. Men kellämde kitapdan alnan käbir sözleri saklaýan, emma olary nirede ulanmalydygyndan başym çykmasa nätjek. Şonuň üçinem ol sözlerden peýdalanmaýaryn.

— Bu ýerde gep diňe bir sözlerde-de däl, gep sözleriň umumy düzüminde. Siz bilen aç-açan

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gürrüň etmek mümkinmi? Menden göwnüňiz galmazmy?

Gyzyň rehimdarlygyna içinden alkyş aýdan ýigit:

— Ýok, ýok! — diýdi. — Gaýgyrman aýdyň! Ýetmezimi keseki adamdan däl-de, sizden eşitsem gowy bolar.

— Dil meselesinde-hä, özüňize gerek zatlaryň hemmesini grammatika kitabyndan taparsyňyz. Men siziň dil baýlygyňyzdan çykarmaly birnäçe zady belledim. Grammatika kitabyny bolsa, häzir özüm size getirip beräýerin.

Ruf ýerinden turanda, edep öwredýän kitapdan okalan bir öwüt ýadyna düşdü-de, Martinem derrew gödek hereketini edip ýerinden galdy. Şol bir wagtda-da Rufuň myhmany gidýändir diýip pikir ederinden gorkdy.

Ruf kitap alyp gelensoň, öz oturgyjyny Martiniňkiniň golaýyna süýşürdi welin, myhman gyza kömekleşmeli ekendigi hakda oýlandy. Ruf kitaby açanda kellesi Martiniň kellesine golaýlaşdy. Şol golaýlaşma ýigidi şeýlebir tolgundyrdy welin, ol gyzyň düşündirişleriniň hiç

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

biriniňem manysyny alyp bilmedi. Haçanda ol ýöňkemeleriň syryny düşündirip başlanda, Martin dünýäde bar bolan ähli zady unutdy. Ol ýöňkemeler barada ozal eşitmändi. Şonuň üçinem diliň syrly kadalaryna ilkinji gezek aralaşmak ony aljyratdy. Ol kitaba tarap aşak eglende, gyzyň saçy onuň boýnuna degdi.

Martin Iden ömründe bir gezek çaşyp, özünden gidipdi. Häzir ol şol ýagdaý ýene gaýtalanar öýtdi. Onuň alan demi gursagynda doňup galdy, ýüregi bolsa şeýle bir çalt urmaga başlady welin, hä diýmän, agzyndan atylyp çykjaga meňzedi. Şu mahala çenli Rufuň oňa beýle golaý gelen gezegi bolmandy. Olary aýrylyşdyrýan düýpsüz serhede sähel salymlygam bolsa köpri guruldy. Ýöne onuň üçin ýigidiň belent duýgusynyň derejesi peselmedi. Ol duýgy eýesiniň derejesine çenli aşak düşmedi, tersine, duýgy eýesiniň özi bulutlaryň aňyrsyna ýetip, Rufa golaý bardy. Martiniň söýgüsi ozalkysy ýaly ýakymly ylahy duýgudan doludy. Onda “keramatyňam keramatyna galtaşandyryn” diýen hyýal döredi. Ol özüne elektrik togy degen ýaly täsir edýän şol galtaşmadan gaçmak üçin kellesini emaý bilen bir tarapa öwürdi, ýöne Ruf hiç zat aňmady.

## VIII bap

Şondan bäri birnäçe hepde geçen hem bolsa, Martin Iden, edep hakyndaky gollanma ser salsa-da, grammatikany okaýardy, ünsüni çeken kitaplary-da derrew «çeýnäp» geçirýärdi. Ol ozal

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
tirkeşen ülpetleriniňem ählisinden daşlaşdy. «Lotosly» gyzlar Martiniň dünýäsinde näme bolup geçýändigine düşünmän, ol barada sorap Jimiňem ýüregine düşdüler. Ýaş ýigitleriň köpüsi hem Martiniň Raýliniň ýanyndaky ýaryşa barmaýandygyna begenýärdi. Martin kitaphananyň hazynasynda ýene bir gymmatly açyş etdi. Grammatika oňa dil biliminiň esaslaryna tarap ýol açan bolsa, täze tapylan kitap hem şygryýetiň özenini düşündirýän düzgünleriň nämedigini öwretdi. Ol şygyr ölçegi baradaky taglymaty, şygyr görnüşlerini, goşgy düzülişiniň kanunlaryny özleşdirmek bilen özüni heýjana getirýän gözelligiň nähili ýol bilen döreýändigine düşündi. Bir täze ylmy traktatda şygryýet žanryna şekillendiriş sungaty hökmünde garap, aýdylanlary hem kän-kän naýbaşy edebi eserlerden getirilen mysallar bilen berkidilýärdi. Martin şeýle gyzyklanma bilen romanam okamandy. Ýigrimi ýaşly ýigidiň entek oýlanmakdan lejigmedik, bilime gezek gelende bilesigeliji aňy adaty talyba mahsus bolmadyk tizlik bilen ähli zady öwrenýärdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin öz belet dünýäsine, uzak-uzak ýurtlaryň, deňizleriň, deňizçileriň, erkekpisint aýallaryň dünýäsine seredende, olar örän kiçijik bolup duýuldy. Bolsa-da, ol kiçijik dünýä özüniň haýsydyr bir çeti bilen Martiniň açan täze, uly dünýäsi bilen galtaşýardy. Onuň aňy mydama bileleşige, birleşige gönügendi. Oňa garamazdan, şol iki dünýäniň arasyndaky baglanyşygy tapanda, ilkibada Martin geň galdy. Ol okan ýokary derejedäki kitaplarynyň aňyna ýetiren täsiri bilen köne dünýäniň ýokarsyna çykdy. Indi Rufuň özüniň, onuň maşgalasyndaky hemme aýallaryň, erkekleriň degişli ýokary synpyndakylaryň şol iki dünýäniň baglanyşyklydygy barada oýlanýandygyna, şol baglanyşykdan gelip çykýan düzgün bilen ýaşaýandygyna ynanýardy. Martin şu mahala çenli batgalykda ýaşady, indi bolsa ýuwnup-ardynyp, ýokary synpyň derejesine göterilmek isleýär. Ol çagalygynda-da, ýetginjeklik döwründe-de oňly saýgarylmaýan, jilwelimi, nämemi, bir zat tolgundyrýardy welin, ol özüne näme gerek bolandygyna tä Rufa sataşýança, düşünip bilmedi. Bir mahal ün

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

süni çeken düşnüksiz zat indi düşnükli bolanyndan soňam yzaly, ýiti bir zada öwrüldi. Indi ol gözellik gözländigine, paýhas hem söýgi gözländigine açyk, gutarnykly düşündi.

Soňky hepdeleriň dowamynda Martin Ruf bilen alty gezek dagy görüşdi, her gezekki duşuşykda-da Ruf onuň ruhuna ruh goşdy. Ol Martiniň nädogry aýdýan sözlerini düzetdi, arifmetikadan düşündiriş berdi. Ýöne olaryň duşuşygy adaty sapak geçmek hem däldi. Ömründe kän zat gören ýigidiň aňy täze-täze zatlary bilmäge höwesekdi. Ol aň droblar bilen, kubuň kökleri bilen, ýöňkemeler bilen doýjak, ynjaljak aň däldi. Mahal-mahal gyz bilen ýigidiň gürrüňi düýpden başga-başga ýerlere-de baryp ýetýärdi — Martiniň ýap-ýaňy okan goşgulary, Rufuň häzir goşgularyny okaýan şahyry ýatlaşylýardy. Ruf öz halan goşgy setirlerini gaýtalanda, Martin lezzetden ýaňa humar boldy. Hiç mahal, hiç ýerde Martiniň gulagyna beýle ýakymly ses degmändi. Gyzyň ýeke sözünden Martiniň söýgüsi öňküden hem beter gül açýardy, gyzyň her bir sözi onda täze tolgunmanyň oýanmagyna getirýärdi. Rufuň şirin sesinde ruhy päkligiň hem medeniýetiň baý

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
miwesi bolan asyllylyk bilen näzik owazlylyk bardy. Martin onuň sesini diňlände ýabany tireleriň aýallarynyň, gämi duralgalaryndaky ökjesi ýeňil zenanlaryň, fabrikde işleýän gyzlaryň ýakymsyz, şaňňy seslerini erksiz ýatlamaly boldy. Şol pursadam hyýaly şol aýallaryň tutuş hataryny göz öňünde janlandyrdy. Hyýalda ol aýallaryň hersini Rufuň garşysynda goýup, tapawudyny seljerseň, Rufuň daşyndaky şöhrat, gözellik halkasy öňküsinden hem özüne çekiji bolup görünýärdi. Martin diňe bir Rufuň sözlerini diňläp lezzet almaýardy-da, onuň okan zadyna düşünýänligi, poetik gözelligiň manysyna derrew baha berýänligi hem oňa ýakymly bolup duýulýardy. Özüne «Şazada gyzdan» bölekler okap berende, Martin onuň gözlerine ýygy-ýygydan ýaş aýlanýandygyny görüp, gyzyň gözellige inçelik bilen düşünýändigini kesgitledi. Şolar ýaly pursatlarda Martin özüni ähli zada aralaşyp bilýän derejä göterilýändirin öýdýärdi, Rufa seredip, Rufuň sesini eşidip, durmuş bilen bagry badaşyp, onuň pynhan syrlaryny okaýan ýaly bolýardy. Duýgynyň şol belent derejesine ýetip, şol belentligiň söýgüdigine, söýginiň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
dünýädäki iň beýik zatdygyna düşünip başlaýardy. Onuň içki nazarynyň öňünden birmahal gabat gelen şatlykly pursatlarynyň hemmesi — serhoşlyk, aýal näzleri, pully oýunlar, hyjuwly güýç synanyşyklar hatar-hatar bolup geçdi. Olaryň hemmesi-de onuň häzirki duýgusynyň nazary bilen garasaň, aňrybaş derejedäki ahlaksyzlykdy, peslikdi.

Ruf bolup geçýän wakalardan many çykarmaýardy, sebäbi yşk meselesine gezek gelende onuň hiç hili tejribesi ýokdy, şol ugurdan bilýänje zatlarynyň hemmesi-de kitaplardan alnandy. Kitaplarda bolsa, adaty durmuş wakasy adaty däl ýagdaýa, örän oňatlyga öwrülýärdi. Gapdalynda oturan gödek deňizçiniň özüniň ýüregini aparjakdygyny, kalbynda artyp, köpelip barýan duýgynyň bir ajaýyp gün gelende ýalynly tolkun bolup, tutuş durkuna siňjekdigini bilmeýärdi. Ol yşk odunyň ýalnynyň hakykatda nähili bolýandygyna belet däldi, düşünjesi durmuşy däldi-de howaýydy. «Söýgi» diýen sözüň özi-de Ruf üçin ýyldyzyň çalaja görünýän şöhlesi, parahat howada zordan yraň atýan deňiz tolkuny, giçki tomsuň mahmal düşegine düşen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýeňiljek säher çygy ýaly bir zat bolup duýulýardy. «Söýgi» onuň üçin gülleriň ysy bilen suwarylan salkyn howaly asudalykda söýýäniňe mähirli imrinmeklik bolup görünýärdi. Ol söýginiň jigeriňi çölüstanyň otly goruna öwürýän aýylganç jöwzasynyň bardygyny çakam etmeýärdi. Ol dünýädäki ýaşyryn güýçler barada, öz kalbynda gizlenip ýatan güýçler hakda hiç zat bilmeýärdi, durmuşyň çuňluklary ham-hyýallylyk perdesiniň aňyrsynda ýitip gidýärdi. Ejesi bilen kakasynyň är-aýal hökmünde biri-birini sylap, agzybir ýaşap ýörmekleri Rufuň düşünişiçe, söýgi baglanyşygynyň iň ýokary nusgasydy. Şonuň üçin hem ol geljekde bir gün hiç hili tolgunmazdan, akylyny aldyrmazdan, söýýän ýigidi bilen bile ene-atasynyňky ýaly parahat durmuşa girip giderin öýdýärdi.

Şeýlelik bilen, Ruf Martine täzelik hökmünde, adatdan daşary adam hökmünde garaýardy, onuň öz kalbynda oýaran üýtgeşik täzeliklerini hem onuň adatdan daşarylygynyň, geňliginiň hasyly diýip kabul etdi. Bu tebigy ýagdaýdy. Haýwanat bagynda wagşy jandarlara seredende-de, apy-tupany görende-de, Rufda şeýle duýgy oýanýardy,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýyldyrym çaksa-da, tisginip gidýärdi. Gyzy erkine goýmaýan ýaňky hadysalar kosmos — älem bilen baglanyşyklydy, Martinde-de şol äleme degişlilik gürrüňsiz bardy. Martin Rufa deňziň demini, zemin giňişlikleriniň tükeniksizligini alyp geldi. Tropik Günüň şöhlesi onuň ýüzünde lowurdaýardy, onuň demir ýaly çiginlerinde bolsa ilkidurmuş ýaşaýşynyň güýji bardy. Martiniň bedeni gyzyň gözýetiminden daşdaky wagşy adamlaryň we wagşy hereketleriň nämälim dünýäsiniň galdyran tagmalaryndan hem tyg yzlaryndan doludy. Ol entek baş öwredilmedik, eldeki edilmedik wagşydy, gyzyň ýalany dürs edip görkezýän pikiri bolsa ýigidiň özüne örän tabyndygyny ynandyrýardy, wagşyny eldeki etmek hyýaly bolsa ynanjyny berkidýärdi. Martini kämilligiň nusgasy hasaplaýan öz kakasyna meňzetmek isleýändigini bolsa Ruf aňmaýardy. Yşkdan bihabarlygy sebäpli ol özünde Martiniň oýaran ýedinji asman derejesindäki inçe duýgusynyň söýgüdigine-de düşünip bilmeýärdi, aýal bilen erkegi görülmedik ysnyşyklar arkaly biri-birine tarap çekýän, öňünde durup bolunmajak güýjüň, sugunlaryň nesil öndürmäge

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
taýýarlyk döwründe bir-birini öldürmäge mejbur edýän güýjüň, hemme jandaryň birek-birege ýetmek islegini döredýäniň hem söýgüdigine düşünmeýärdi.

Martiniň aň-düşünjesiniň gaty tiz ösýändigi Rufy çakdanaşa geň galdyrdy hem oýlandyrdy. Ol Martiniň kalbynda asla bardyram öýtmeýän ugurlaryny açdy. Ol ugurlar bolsa mes toprakda ösýän gülüň gunçalary ýaly bolup, yzly-yzyna açylyp barýardy. Ruf Brouningi sesli okap berende, onuň çylşyrymly ýerlerine düşündiriş berşine käte haýran galdy. Ruf onuň düşündirişiniň adamlary, durmuşy gowy bilşine daýanýandyram öýtmeýärdi. Onuň düşündirişleri käte gyzyň şol hakda oýlanyşyndanam has takyk bolýardy. Martiniň mahal-mahal örän belende göterilýän batyrgaý pikirlenmeleriniň uçuşy özüne çekýänem bolsa, Ruf olary örän ýüzleý hasaplaýardy. Ýogsam, ol uçuş Martini yzyna eýerip gyzyň ýetip bilmejek belentligine, ýyldyzlaryňam ýokarsyndaky giňişliklere alyp çykýardy. Ruf diňe haýsydyr bir düşnüksiz güýç bilen çaknyşyk sebäpli titreýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Soňra ol Martine saz çalyp berdi, saz onuň durkuna şeýle bir düýpli aralaşdy welin, Ruf ol çuňlugy ölçäbem biljek däldi. Ol sazyň sesini doly kabul etmek üçin gülüň Gün şöhlesine garap açylyşy ýaly, kem-kemden giň açylýardy. Martin jaz sazlarynyň döwülýän ýaly bolup arasy kesilýän ritmini, gulagyňy deşere getirýän owazyny gaty tiz aňyndan çykaryp, Rufuň söýýän nusgawy sazlaryna baha bermegi öwrendi. Bolsa-da, ol Wagneriň sadarak sazlaryny diňlemek isleýärdi, aýratyn-da, Ruf düşündiriş bereninden soň, kompozitoryň «Tangeýzere» girişini başga zatlardan gowy gördi. Şol giriş sazy Martine öz durmuşyndan alnan ýaly bolup duýuldy. Geçmişi onuň üçin sazyň «Wenusburg» mowzugynda janlandyrylýardy, Rufy bolsa ol “Zyýaratçylaryň hory” bilen baglaşdyrdy. Şonuň üçin-de, Wagneriň mukamlary Martini ruhuň hyýaly şalygyna, ýagşylyk bilen ýamanlygyň baky söweş edýän ýerine alyp gidýärdi.

Martin käte şeýle bir sowallar berýärdi welin, Ruf biçäre birden özi sazdan baş çykarmaýan ýaly ýagdaýa düşýärdi. Ýöne gyz aýdym aýdanda welin, ol ýagşydan-ýamandan sowal bermedi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Aýdym aýdylanda, ol aýdymy däl-de, diňe Rufuň özüni diňledi, gymyldaman oturyp, onuň arassa soprano sesinden lezzet aldy. Ol şonda ýene fabrikde işleýän gyzlaryň çyňsaýan ýaly edip aýdýan aýdymlaryny, serhoş negrleriň gämi duralgasynyň şowhunly meýhanasynda bogaz ýyrtyp arlaýyşlaryny ýatlady. Martine saz çalyp, aýdym aýdyp bermek Rufuň hoşuna geldi. Aslynda, Ruf şeýle tabyn, şeýle ýumşak gylykly, gallaw adama ömründe birinji gezek gabat gelýärdi welin, hyýalynda onuň kalbyndan eýläp bir zat ýasamak ýakymly bolýardy, özi-de ol işi iň bir gowy niýet bilen edýärdi. Ondan hem başga, Martiniň töwereginde bolmak oňa lezzet berýärdi. Martin indi ony eýmendirmeýärdi. Ilki gören gezegi Martin onuň biynjalyk kalbynda, dogrudanam, düşnüksiz bir howsala döredipdi. Häzir ol howp ýatypdy. Ruf bolup geçýän ýagdaýyň nämedigini gümanam etmän, indi özüni Martine täsir etmäge hukugy bar ýaly hasaplaýardy. Beýleki tarapdan bolsa, Martin oňa ruhlandyryjy täsir edýärdi. Ruf wagtynyň köpüsini uniwersitetde geçirýärdi, şonuň üçinem käte kitabyň tot-tozanyndan daşlaşyp, Martiniň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
durkuna siňen tämiz deňiz howasynyň şemalyndan dem almak, çaky, onuň üçin peýdalydy. Güýç-kuwwat! Hawa, Rufa güýç-kuwwat gerekdi. Martin bolsa öz çäksiz güýç-kuwwatyny onuň bilen paýlaşýardy. Martin bilen bir otagda bolmak, ol gelende bosagada garşylamagyň özi-de eýýäm gursagyňy dolduryp dem almak bilen barabardy. Ol gidende bolsa Ruf kitaby artan güýç, köpelen höwes bilen okamaga başlaýardy.

Ruf Brouningi kemsiz özleşdiripdi, ýöne ol adam ruhy bilen oýun etmegiň ýeterlik howpludygy barada hiç mahal oýlanmandy. Martin bilen näçe köp gyzyklandygyça, şonça-da köp güýç sarp edip, onuň ýaşaýşyny özgertmek isleýärdi.

— Ynha, mister Betleri alyp görüň! — diýip, ol bir öwra, grammatikalyk, arifmetikalyk, poeziýalyk alada gutardym edilende, Martine ýüzlendi. — Başda onuň hiç ugurda-da gazanan netijesi bolmandyr. Onuň atasy bankyň işgäri eken. Ol telim ýyl hyk-çok edip, ahyram Arizonda inçekeselden ýogalypdyr. Netijede Betleriň, oňa Çarlz Betler diýilýär, tenha özi galdy. Kakasy

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gelip çykyşy boýunça awstraliýaly bolansoň, Betleriň Kaliforniýada garyndaşam ýok eken. Ol çaphana işe girip, ol hakda maňa özi telim gezek gürrüň berdi, başda hepdede üç dollar gazanypdyr. Indi bolsa ol ýylda otuz müň dollara çenli gazanç edýär. Ol şeýle derejä nähili ýol bilen ýetdi? Ol päk, zähmetsöýer, tygşytly adam. Ol ýaş ýigitleriň ürç edip kowalaşýan keýpi-sapasyndanam ýüz öwürdi, nähili agyr düşýänem bolsa, her hepdede az-owlagam bolsa, bir zat tygşytlamagy özüne düzgün edindi. Dogry, kän mahal geçmänkä, ol üç ýüz dollar gazanmaga başlady, girdejisi köpeldigiçe-de, tygşytlaýan pulunyň möçberi hem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

köpelýär. Ol gündiz işleýär, işden soňam agşamky mekdebe gatnaýar. Betler elmydama özüniň gelejegi hakynda oýlanýar. Soňra ol agşamky kursa okuwa girýär, on ýedi ýaşyndaka eýýäm çaphanada harp ýygnaýjy bolup, oňat aýlyk almaga başlaýar. Ýöne ol şöhratparaz eken, özüne diňe bir döwüm çörek tapmak däl, üstesine, ertirki gününiň gamyny iýmek üçin pida çekmekdenem gaýtmandyr. Ol aklawçy bolmak isläp, kakamyň edarasyna hat gatnadyjy bolup işe girýär. Pikir edip görüň, ýogsam, ähli alýanam hepdede dört dollar bolupdyr. Tutan maksadyna ýetmek üçindä. Ýöne ol tygşytly bolmagy kemsiz öwrenipdir. Şojagaz dört dollardanam süýşürintgi etmäge uç tapypdyr.

Ruf Martiniň aýdylanlara nähili garaýandygyny bilmek üçin sähel salymlyk dymdy. Onuň ýüzünde mister Betleriň ykbaly bilen gyzyklanma duýgusy bardy, ýöne gaşlary welin, biraz çytykdy.

— Dört dollar bilen bir hepde oňmak oňa, elbetde, ýeňil düşen däldir — diýip, Martin ýagdaýa kesen bahasyny aýtdy. — Ojagaz pul bilen edip biljek zadyň bolmaz. Ynha, men jaý bilen iýmite

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
hepdede bäş dollar töleýänem welin, arzuw eder ýaly ýagdaýym ýok. Betleriň güni itiň güni ýaly bolandyr. Iýmek-içmek ýagdaýam…

— Iýjeginem nebitli pejiň üstünde özi taýýarlapdyr — diýip, Ruf onuň sözüni böldi.

— Iýmek-içmek ýagdaýam balykçylyk gämisinde işleýänleriňki ýaly bolandyr. O diýildigem şol deňizçilerden pes naharlanýan ýok diýildigi bolýar.

Ruf joşgun bilen gepledi.

— Oňa derek indi ol ýaşlykda çeken kynçylyklarynyň öwezine özüne islän zadyny alyp bilýär.

— Men size näme aýtmakçy bolýan diýseňizläň — diýip, Martin oňa ýowuz garaýyş bilen seretdi. — Siziň ojagaz mister Betleriňiz üçin durmuşyň hezili gaçan bolsa gerek. Ozal ol oňly iýip-içmäni üçin häzir onuň aşgazanynyň nemli bardasy zeper tapandyr.

Ol Martiniň garaýşynyň öňünde durup bilmän, ýüzüni bir gapdala sowdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Onuň aşgazanynyň abat däldigi barada men jedelem edip bilerin.

— Ol dogry — diýip, Ruf ylalaşdy. — Ýöne…

— Häzir ol edil garran hüwi ýaly gaharjaňdyr, ynjykdyr, tukatdyr — diýip, Martin dowam etdi. — Gazanýan otuz müňi-de ony begendirýän däldir. Ol iliň şatlygyna-da şatlanmaz. Aýdýanym dogrumy, ýa ýalňyş?

Ruf tassyklaýjy baş atsa-da, düşündiriş bermek isledi.

— Oňa şatlanmak, begenmek geregem däl. Ol öz häsiýeti boýunça sus, agras. Ol mydama-da şeýledi.

— Şeýle bolmakdan gaýry çykalgasy bolmasa nätsin. Tutuş hepdä üç ýa dört dollar! Ýaş ýigit aňyrsyna bäş şaýy süýşürmek üçin, özi bolar-bolgusyz nahar taýýarlaýar! Gündiz işleýär, gije okaýar, işden gaýry bilýän zady ýok, keýpi-sapa çekjek gümany ýok, hatda onuň nämediginem bilmeýär. Onuň häzirki gazanýan otuz müň dollary gaty giç peýda boldy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martiniň häzir oýlanmasy tygşytlylyga gaýym ýaş ýigidiň durmuşynyň hem ahyrky netijede oňa otuz müň dollar ýyllyk girdeji getiren darajyk ruhy ýodajygynyň derrew suratyny çekdi, Çarlz Betleriň hemme edýän pikiri hem hereketleri edil teleskopda ýaly bolup göründi.

— Bilýäňizmi näme, şol mister Betlere haýpym gelýär — diýip, ol öňki aýdanlarynyň üstüni ýetirdi. — Ol şo mahallar gaty ýaş bolansoň, häzir keýpine hiç hili keýp goşmaýan şol otuz müň dollary üçin tutuş ömrüni köýdürendigine düşünmändir. Indi ol otuz müň dollara oglanjykka on sente berilýän, aýdaly, bir tokga nabat ýa hozam alyp bilmez. Häzir galereýa girmek üçin petek aljak bolsaňam, şonça pul tölemeli.

Ýagdaýa şeýdip baha kesmek Rufy mydama-da gaty geň galdyrýardy. Ol gyz üçin diňe bir täzeligem, aň-düşünjesine gabat gelmezligem däldi-de, eýsem ol bu ýerde garaňkyrak görünse-de, hakykaty biraz syzýardy. Ol hakykat bolsa onuň dünýä baradaky öňki düşünjesini puja çykarýardy, ony düýpgöter başgalajak wehim salýardy. Eger Ruf häzir ýigrimi dört däl-de, on

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
dört ýaşynda bolaýan bolsa, Martiniň täsiri netijesinde öz nukdaýnazaryny derrew üýtgederdi. Ýöne ol bu mahal ýigrimi dört ýaşyndady, üstesine-de, tebigatyna görä köneçil pikirlidi, alan terbiýesi bolsa ony bireýýäm doglan hem ulalan häzirki ýaşaýşynyň şertine we pikirleniş ýagdaýyna uýgunlaşdyrypdy. Dogry, Martiniň gep-gürrüň mahaly ýüze çykarýan geň-taň pikirlenmesi käte ony özüni ýitirmäge çenli eltýärdi, ýöne ýagdaýy gürrüňdeşiniň şahsy özboluşlylygy, ykbaly bilen baglanyşdyrýardy-da, ol zatlary derrew unutmagyň aladasyny edýärdi. Aýdany bilen ylalaşmasa-da, geplän mahaly onuň ynamynyň güýji, gözüniň ýanyp durmasy, ýüzüniň agraslygy gyzy mydama tolgundyrýardy, özüne çekýärdi. Öz düşünje çäginiň aňyrlaryndan peýda bolan ol adamyň zol-zol çakdan çuň pikirleri aýdyp, öz uýgunlaşan rejesindenem has ýokary galar öýdüp Ruf pikirem etmändi. Gyzyň düşünjesiniň serhedi öz baha berşine görä, ýeke-täk dogry serhet bolmalydy. Ýöne düşünjesi çäkli adam düşünje çäkliligini diňe başgalarda görýär. Şeýlelik bilen, Ruf öz düşünjesini örän giň örüli hasaplaýardy, Martin ikisiniň arasyndaky ideýa

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
taýdan gapma-garşylygy şol öriniň ädimi bilen ölçeýärdi, şeýle hem ol Martine ýagdaýa öz gözi bilen däl-de, Rufuň gözi bilen garamagy öwretmek isleýärdi, onuň gözýetimini öz gözýetiminiň çäklerine çenli getirmekçi bolýardy. Şonuň üçinem ol:

— Men entek öz hekaýatymy gutaramok — diýdi. — Ol kakamyň aýtmagyna görä, işe gezek gelende seýrek duşýan yhlasly, aladaçyl adam eken. Mister Betler adatdan daşary ukyply bolupdyr. Ol hiç mahal işe gijä galyp gelmändir, gaýtam, ol köplenç edara gelmeli wagtyndanam ir gelipdir. Ol şonda-da her edip, hesip edip, wagt tygşytlamagy başarypdyr. Göz açyp-ýumasy salymlyk boş wagt tapsa-da, ony bilim öwrenmäge bagyşlapdyr. Ol hasap-hesibi, maşynkada ýazmagy öwrenipdir, stenografiýa öwrenmek üçin sapak alypdyr. Şol işler üçin tölemeli puly hem iş tejribede öwrenmekçi bolýan kazyýet habarçysyna gijelerine ýalňyşsyz ýazmagy öwredip, pul gazanypdyr. Şeýdibem ol, kän wagt geçmänkä, hat gatnadyjylykdan gullukçy wezipesine çenli ösüpdir hem öz ugrunyň tapylgysyz hünärmeni bolupdyr. Kakam

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
onuň ukybyna mynasyp baha berip, geljeginiň uly boljakdygyny öňünden aňypdyr. Kakamyň maslahaty bilen hukuk mekdebini tamamlap, aklawçy bolýar-da, ol ýene öňki edarasynda, kakamyň kiçi egindeşi bolup işleýär. Ol örän belent adam. Birleşen ştatlaryň senatorlygyna telim gezek çagyrylsa-da, özi unamady. Eger ol islese, Ýokary kazyýetiň agzasy hem bolardy. Ana, şolar ýaly durmuş ýoly size-de nusga bolup, ösüşe itermeli. Mister Betler, eger ýürek bilen ýapyşsa, tutanýerli bolsa, adamyň almajak galasynyň bolmajakdygyny subut etdi.

— Hawa, ol, dogrudanam, belent adam — diýip, Martin Rufuň aýdanlaryny çyny bilen goldady.

Ýöne gyzyň hekaýatyndaky nämedir bir zat onuň durmuş hem gözellik hakyndaky düşünjesi bilen bap gelmeýärdi. Ol mister Betleriň beýdip görgi görmegine, mätäçlik çekmegine esas tapmady. Eger ol şol azaplary zenan üçin ýa-da gözellige ýetmek üçin çeken bolsa, Martin ony goldardam, oňa düşünerdem. Yşk oduna ýanýan ýaş ýigit bir posa üçinem janyny gurban edip biler, ýöne ýylda aljak otuz müň dollary üçin özüni gynamaz.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Mister Betleriň ösüş ýolunda Martiniň goldamaýan, haýpyny getirýän ýagdaý bardy. Otuz müň dollaram, elbetde, ýaman zat däl, ýöne onuň üçin aşgazanyňy derde sataşdyrmak, durmuşyň guwanmalysyna guwanyp bilmän ýaşamak ol puly püçege çykaryp goýberýär.

Martin özüniň şoňa meňzeş pikirleriniň birnäçesini Rufdan gizlemedi. Ol hem gyzda Martini gaýtadan terbiýelemeli diýen pikiri oýardy. Rufa-da onuň töweregindäki adamlaryňky ýaly, diňe özleriniň gatlagyny, özleriniň dinini, özleriniň syýasy garaýyşlaryny dogry hasaplap, dünýäde bar bolan beýleki adamlaryň hemmesini gaty pes saýmaga mejbur edýän düşünje çäkliligi mahsusdy. Şol düşünje çäkliligi Rufuň aňynda hem düýpden başga şertde ösen adamy öz töweregindäki adamlara meňzär ýaly derejede özgertmek isleginiň döremegine mejbur edýärdi.

## IX bap

Yşk heserine baglanan Martin Iden ýüzüşden dolanan badyna Kaliforniýa ýetmäge howlukdy. Ol sekiz aý mundan ozal hemme puluny sowup, Solomon adalarynyň nirededir bir ýerinde göm-

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
len hazynanyň gözlegine çykan gämä gulluga durupdy. Uzak wagtlyk manysyz agtaryşlardan soň, gözleg netijesiz tamamlandy. Deňizçileriň hak-heşdekleri Awstraliýada berildi, Martin hem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

San-Fransiskä gidýän gämä derrew işe durdy. Şol sekiz aýyň içinde ol diňe gury ýerde köpräk ýaşamaga ýeterlik pul gazanman, eýsem okuwyny dowam etmäge-de wagt tapdy.

Onuň örän ýiti aňy hem bardy welin, üstesine, tebigy erjelligi bilen Rufa bolan yhlasy mydama ýardam edýärdi. Ol grammatikany özleşdireninden soňam, birnäçe gezek gaýtalap, ahyrsoňy ony gutarnykly ele aldy. Indi ol deňizçileriňem sözleýişlerinde nädogry ýeri bar bolsa, hyýalynda ýalňyşlaryny-da, gödekliklerini-de düzedýärdi. Ol gulagynyň örän duýgur bolandygyny, aýratyn-da grammatika gezek gelende duýgurlygynyň has ýitileşendigini begene-begene belleýärdi. Özi hem entek gowy uýgunlaşmanlygy sebäpli şolar ýaly säwlik goýberýänem bolsa, sözdäki islendik nätakyklyk oňa gepleşik sazlaşygynyň bozulmagy bolup täsir edýärdi. Çaky, köne endikden gutarnykly daşlaşmak üçin kän wagt gerek bolaýjak ýalydy.

Grammatikaly meseläni tamamlap, ol sözlüge ýapyşdy, öňki söz baýlygynyň üstüne her günde ýigrimi söz goşmaly etdi. Bu ýeňil-ýelpaý iş däldi.

Martin gämide nobatçylykda durka-da, gäminiň destiniň tegelek halkasyna ýapyşanda-da okan, ýatda saklan sözlerini gaýtalaýardy, ýöne gaýtalamagam däl, olary ýalňyşsyz aýtmagyňam aladasyny edýärdi. Ol Rufuň dil baradaky pentlerini ýatlap, kän mahalam geçmänkä, iňlis diline gezek gelende özüniň serkerde deňizçilerdenem, eden-etdilikleri maliýeleşdirýän, kaýutada oturan sypaýy geýinýänlerdenem arassa gepleýändiginiň geň galmak bilen üstüni açdy.

Gözi balygyňka meňzeş norwegiýaly kapitanda Martiniň heniz ýüzüne garap görmedik zadynyň — Şekspiriň eserleriniň doly ýygyndysynyň bardygynyň tötänden üsti açyldy. Martin ol gymmatbaha kitaplary okamaga rugsat bereni üçin kapitanyň geýim-gejimlerini ýuwmaga razy boldy. Şekspiriň tragediýalarynyň käbir ýerleri şeýle bir göwnünden turansoň, ol hiç hili azap çekmezden, olary ýat tutdy welin, esli wagtlap, tutuş dünýä onuň gözüne Ýelizaweta döwrüniň teatryna meňzeş bolup göründi, edýän pikirleri bolsa öz-özünden ak goşga öwrüldi. Şekspir Martiniň aňyna birtopar könelişen, seýrek duşýan söz öwrümlerini goşdy, bu onuň eşidiş ukyby üçin

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bähbitli türgenleşik boldy hem-de iňlis diliniň asyllylygyna, beýikligine hormat goýmagy öwretdi.

Martin şol sekiz aýy özi üçin örän bähbitli geçirdi. Ol dogry geplemegi, dogry pikirlenmegi öwrendi, özüniň kimdigini öňkülerinden has gowy tanady. Bir tarapdan-a, ol özüniň nadanlygyny tabynlyk bilen boýun aldy, beýleki tarapdan bolsa, özünde ägirt uly güýjüň, erkiň bardygyny duýdy. Özi bilen ýoldaşlarynyň arasynda uly parh bardygynyň üstüni açdy. Ýöne ol beýle parhyň ýetilen dereje bilen däl-de, ýetilmegi mümkin bolan dereje bilen baglydygyna düşünmeýärdi. Martiniň edenlerini onuň ýoldaşlary-da başaryp biljekdi, ýöne onuň kalbynda has belent işleri amala aşyrmaga ukybynyň bardygyny duýduryan bir hereket bardy. Ol dünýäniň gözelligine haýrandy. Ol dünýäniň şol gözelliginden Rufuňam özi bilen bile seredip lezzet almagyny isleýärdi. Martin Rufa Ýuwaş ummanyň beýikligini beýan etmek isleýärdi. Bu pikir onda döredijilik hyjuwyny oýardy. Şoňa görä-de, ol şonuň gözi bilen dünýä seredýän, şonuň gulagy bilen dünýäniň sesini diňleýän, şonuň ýüregi bilen dünýäni duýýan-

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
syzýan adamlaryň biri bolmaly. Ol hemme zady döreder, şygyr bilen kyssa, roman, oçerk ýazar, Şekspir ýaly pýesa-da ýazar. Bu hakyky belent mertebe bolar, Rufuň kalbyna eltýän ýol bolar. Ýazyjylar dünýäniň äpetleri ahyryn. Ýylda otuz müň dollar gazanýan, eger islese, ýokary kazyýetiň agzasy hem bolup biljek haýsydyr bir mister Betler ýazyjynyň ýanynda kimmişin?!

Şu pikiri dörän pursadyndan başlap, tutuşlygyna öz gulagyna guýany üçin Martiniň yza, San-Fransiskä syýahaty düýş ýaly bir zada öwrüldi. Ol özüniň hemme zady başaryp biljek güýjüniň, duýgusynyň bardygy hakyndaky oýlanmalaryndan ýaňa serhoşa döndi. Beýik ummanyň asuda ýalňyzlygynda bolsa hyýalam hakykata öwrüldi. Ol Rufy hem onuň ýaşaýan dünýäsini birinji gezek aç-açan gördi. Ol görnüş Martiniň pikirinde belli bir şekile öwrüldi. Martin ol şekili eli bilen elläbem, islän tarapyna öwrübem biljekdi, görüp, seredibem biljekdi. Bu mähnet dünýäde ümür bürän düşnüksizlik gaty kändi. Ýöne ol oňa bölek-büçekligine däl-de, tutuşlygyna seredýärdi, şol bir wagtyň özünde-de onda hemme zady görmäge ukyp bardy. Ýazmaly! Bu pikir Martini ot bolup

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýakyp-ýandyryp barýardy. Ol yzyna gaýdyp baran badyna, salymyny bermän, ýazmaga başlar. Martin hemme zatdan ozal hazyna gözlegine giden ekspedisiýa barada ýazar, döreden hekaýasyny hem Rufa-da aýtman, žurnallaryň birine iberer. Ruf onuň adynyň çap bolanyny görüp hem geň galar, hem begener.

Martin bir wagtyň özünde hem okar, hemem ýazyjylyk işini dowam eder. Gije-gündizde ýigrimi dört sagat bar ahyryn. Ol ýeňilmez, sebäbi işlemegi başarýar, halaýar. Onuň öňündäki kynçylyklar hökman kül-owram bolmaly. Indi oňa sada deňizçi bolup gämilere atlanyp ýörmegem derkar bolmaz. Birdenem, ol hyýalynda öz hususy gämisini gördi. Hususy gämili ýazyjylar bar ahyryn. Ol öz-özüni saklady. Üstünlik diýilýän närse desbi-dähil geläýenok. Ýazyjylyk zähmeti bilen gazanýany birbada okuwyny dowam etdirmäge ýetse-de bolar. Soňra bolsa, birnäçe wagt geçensoň (näçe wagt geçmelidigi belli däl), okuwyny tamamlasa, taýýarlansa, beýik eserleri ýazyp başlar welin, ady-owazasy dilden düşmez. Ýöne ondan wajyp zat, wajypdanam wajyp zat, — çaklaýanlary amala aşsa, ol Rufa mynasyp bolar.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Şöhrat diýilýän gowy zat, ýöne şöhrat şöhrat üçin däl, şöhrat Rufa ýetmek üçin gerek. Bu arzuwlaryň hemmesi hem Ruf üçin döredi. Ol şöhrat gözleýän ýigit däldi-de, söýgä jylawuny beren ýigitdi.

Jübüsi doly pul bilen Oklende dolanyp gelen Martin Bernard Higginbotamyň jaýyndaky hütdügine özüni atdy-da, derrew iş başyna geçdi. Ol Rufa gelendigini hem habar bermedi. Hazyna gözleýjiler hakyndaky oçerkini tamamlandan soň, Rufuň ýanyna barmaly diýen karara geldi. Beýle netijä gelmek kynam düşmedi. Sebäbi ol depesinden-dabanyna çenli döredijiligiň başga zat hakda oýlanmaga maý bermeýän howasynyň içindedi. Ondanam başga, her bir ýazylan jümle Rufy oňa golaýladýardy. Ol hekaýanyň göwrüminiň näçeräk bolmalydygyny hem bilmeýärdi, şonuň üçinem «San-Fransisko synçysy» gazetiniň ýekşenbe günki goşundysynda çap bolan iki sütünlik oçerkiň sözlerini sanady-da, şony hem özüne nusga edinmekçi boldy. Üç gün basa oturyp ýazan oçerkini, soň okamasy aňsat düşer ýaly, üns berip, ullakan harplar bilen göçürdi. Şol mahalam okalgadan alan, sözler

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hakyndaky kitapdan «abzas», «goşa dyrnak» diýilýän zatlaryňam bardygyny bildi. Martin ol barada pikirem etmän eken. Ol kitaba gollanyp kemçiliklerini düzetmek üçin oçerki täzeden göçürmäge oturdy. Şunlukda, eser ýazmak barada onuň bir günde öwrenen zatlaryny mekdep okuwçysy tutuş ýylyň dowamynda-da öwrenip bilmezdi. Oçerki ikinji gezegem göçürip, ony turba ýaly edip dolanyndan soň, gazetleriň birinde başlangyç ýazarlara düzgünnamada kagyzy turba meňzedip dolamaly däldigini, sahypanyňam diňe bir ýüzüne ýazmalydygy barada okady. Diýmek, Martin düzgünnamanyň iki bölümini bozýardy. Ol ýene bir ýerde ýeke sütün eser üçin gowy žurnallarda on dollara çenli hak tölenýändigini hem okady. Oçerkini üçünji gezek göçürýärkä, on sütüni on dollara köpeltmek bilen özüni ynjaltdy. Ahyrky san welin, näçe sanasa-da, şol ýüz dollarda jemlenýärdi. Şunlukda, ol bu iş haky deňizçiniň gazanjyndan has bähbitli boljak diýen netijä geldi. Eger Martin iki gezek säwlik goýbermedik bolsa, eser iki günde taýýar bolardy. Üç günde ýüz dollar! Onça puly gazanmak üçin üç aýlap deňizde azap baryny çekmeli bolardy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ýazyp gazanç edip bolýan halatynda, akmak bolmasaň, gämiler bilen iş salşyp ýörmeli däl. Umuman, Martin üçin gazanç ullakan gymmatlyk hem däldi. Gazanç oňa işden eli boş wagtyny oňat geçirmek hem bir oňadrak penjek almak üçin gerekdi. Bu zatlar birleşibem onuň tutuş durmuşyny çepbe çöwrüp, joşgundan doly ýüzüni aksowult gyza öňküsinden has golaýlatmalydy.

Martin oçerkini ullakan bukja salyp, daşyna «San-Fransisko syncysynyň» redaktorynyň salgysyny ýazdy. Ol redaksiýa ýollanýan zatlaryň hemmesi dessine çap edilýändir öýdýärdi. Şonuň üçinem anna güni iberen oçerkiniň ýekşenbede çap bolaryna garaşdy. Oçerkiň çap bolanyny hem özüniň gelendigini aýtsa, Rufa örän ýakymly bolardy. Şeýle hem ol eýýäm örän amatly, özüne sada bolup görünýän täze bir hyýaly aňynda aýlaýardy. Ol hyýal oglanjyklar üçin özüne çekiji başdangeçirmeleri beýan edýän hekaýa ýazyp, ony hem «Ýetginjekligiň hemrasy» atly hepdelik neşire ibermekdi. Martin kitaphana gitdi-de, «Ýetginjekligiň hemrasynyň» birnäçesini alyp, hemmesine ser salyp çykdy. Asyl uly hekaýalar ýa-da powestler ol hepdelikde bölek-büçekleýin,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üç müň setir töweregi çap edilip, bir powest bäş, käbiri bolsa ýedi sanyna çenli süýndirilip berilýär eken. Ol şu hasapdan ugur aldy.

Martin Iden bir gezek Demirgazyk Buzly ummanda läheň awlaýan gämi bilen ýüzüşe gidipdi. Ýüzüş üç ýyl dowam eder öýdüp çaklanylýardy welin, gämi heläkçilige sezewar bolup, üç ýarym ýylda geldi. Martin göz öňüne getirmeklige örän ukyply hem bolsa, fantaziýasy mydama hakykatdan ugur alýardy. Şonuň üçin-de ol öz belet zatlary barada ýazmak isleýärdi. Martin läheň awlamaklygyň syrlaryna örän beletdi. Ol durmuşda bolan hakyky wakalara daýanyp, iki oglanyň toslanyp tapylan başdan geçirmelerinden eser ýazmaly etdi. Ony amala aşyrmak kynbolmany üçin şenbe güni agşamlyk eýýäm eseriň üç müň setirden ybarat birinji bölümi kagyza geçdi. Ol bölüm Jime-hä ullakan lezzet berdi, mister Higginbotama bolsa, öýünde peýda bolan ýazyjysumagy gülki ýassygyna öwürmäge sebäp boldy.

Dymyp oturan Martin giýewisiniň ýekşenbe güni çykjak gazetde çap bolan hazyna gözleýjiler

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hakdaky oçerki okap haýran galjagyny keýp edip göz öňüne getirdi. Ýekşenbe güni irden Martin köçä çykyp gazete garaşdy.

Gazeti telim gezek üns bilen gözden geçirensoň, ony birnäçe gezek epläp ýerinde goýan Martin öz tutan maksady barada hiç kime hiç zat aýtmandygyna begendi. Soň ol oýlandy-da, hekaýalaryň metbugatda çap edilmegi üçin näçeräk wagtyň gerek bolýandygy meselesinde özüni ýalňyşýan hasaplady. Üstesine-de, onuň ýazan oçerkinde okyjyny gaty tolgundyrjak möhüm waka-da ýokdy. Belkem, şonuň üçin redaktor ilki ýazara öz pikirini ýazmaly edendir.

Ertirlik naharyndan soň Martin ýene powest ýazmaga gümra boldy. Ol sözlükden ýa-da okuw kitabyndan peýdalanmak üçin işiň arasyny ýygy-ýygydan bölýänem bolsa, sözler, sözlemler galamynyň astyndan edil suw ýaly akyp barýardy. Käte ýaňky ýaly arakesmede ol öňki ýazan babyny okap, ýene gaýtadan okap, beýik döredijilik işinden ünsüni sähel bölende-de, ýazmagyň düzgünlerini, pikirleriňi beýan etmegiň ýollaryny öwrenýändigi bilen öz-özüni

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
köşeşdirýärdi. Martin garaňky düşýänçä ýazýardy, soňam kitaphana gidip, tä sagat ona çenli, ýagny iş wagty gutarýança hepdelik, aýlyk žurnallary dörüşdirýärdi. Onuň şu hepdelik iş meýilnamsy şeýledi: günde üç müň söz ýazmaly, her agşamam kitaphana baryp, žurnallaryň sahypalaryny waraklap, neşirçilere nähili hekaýanyň, nähili powestiň, goşgynyň ýaraýandygyny seljermeli. Bir zat welin, aýdyň boldy, sanýetmez ýazyjylaryň ýazan hemme zatlary ýaly eserleri ol hem ýazyp bilmeli, biraz maý berilse-hä, olaryň ýazyp bilmejek zatlaryny-da döretmegi başarmaly. Ol çap edilýän kitaplar barada habar berilýän ýörite neşirlerde galam haky baradaky makalany aýratyn höwes bilen okady. Makalada Kiplingiň her sözüne bir dollar berilýändigini, ýaňy başlan ýazyjylaryň — bu Martini hasam gyzyklandyrdy — her sözüne, iň abraýly žurnallaryňam pes tölegeniniň iki sent bolmalydygy barada aýdylýardy. «Ýetginjekligiň ýoldaşy» gürrüňsiz abraýly neşirleriň hataryna girýändir. Şeýlelik bilen, Martiniň her günde ýazan üç müň sözi üçin altmyş dollar tölener. Ol hem deňizçiniň iki aýda aljak aýlygyna barabar bolar.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin anna güni agşamlyk powestini tamamlady. Powestde göni ýigrimi müň söz bardy. Her sözüne iki sent tölenýän bolsa, şonuň özi-de ýazara eýýäm dört ýüz ýigrimi dollar gazanç getirmelidi. Bir hepdelik iş üçin onça töleseler ýamanam däl. Martine henize çenli birbada dört ýüzläp pul tölenen gezegi bolmandy. Ol hatda aljak galam hakyny nämä harçlajagynam bilmeýärdi. Bu düýpsüz hazyna ahyryn, näçe sussaň susuber! Ol iňňeden çykma geýinmeli, gazet-žurnal baryna ýazylmaly, gerek halaty kitaphana ylgap ýörmez ýaly zerur bolan sözlükleri satyn almaly etdi. Şol zatlara harçlansa-da, dört ýüz ýigrimi dollardan, barybir, ýene gaty kän pul sowulman galýardy. Ol aýal dogany Gertruda hemaýat diýip, oňa bir hyzmatçy tutmak, Meriýene tigir alyp bermek hyýalyna gelýänçä, puly näderini bilmän, kän kelle döwdi.

Martin gabarasy ep-esli bolan golýazmany «Ýetginjekligiň hemrasyna» ýollap, şenbe güni agşamlyk deňizden dür gözlemek hakdaky oçerkiniňem iş suduryny oýlap, Ruf bilen görüşmäge gitdi. Gitmezinden öň jaň edip duýdurany üçin gapyny Rufuň özi açdy. Martiniň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
durkundan gelýän ýyly güýjüň hem sagdynlygyň ozaldan tanyş duýgy şemaly gyzy depesinden dabanyna çenli gurşap aldy. Bu güýç onuň tutuş bedenine ornaşyp, damarlaryndan akyp başlan ýaly boldy. Martin tolgunmakdan ýaňa sandyrady. Gyzyň eline eli degende, mawy gözlerine seredende ol lowlap ýandy. Ruf welin, sekiz aý Günüň astynda gezensoň, garalyp giden Martiniň joşgunly ýagdaýyny saýgarmady.Ýöne ýakalygyň galdyran tagmasyny ýiti Günem ýitirip bilmändir. Oňa üns beren gyz ýylgyrmakdan zordan saklandy. Emma Martiniň egnindäki penjege seredende Rufuň gülmek, ýylgyrmak höwesi gaçdy. Ol buýrulyp tikdirilen penjekdi, kemsiz ütüklenen jalbary dagy aýagyna şaplaşyp durdy. Täze kostýum Martini hem uzyn, hem inçesagt edip görkezýärdi. Täze penjegem gowudy welin, Martin köne papagynam ýumşak şlýapa bilen çalşyrypdy. Onuň daş sypatynyň gowulaşandygyna göz ýetiren gyz özüni bagtyýar hasaplady. Martiniň daşky görnüşinde näme özgerme bolup geçen bolsa, oňa Ruf sebäpkärdi. Daşky özgermä buýsanan gyz şol ugurda mundan beýläk näme etmelidiginiň arzuwyna çümdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martiniň durmuşynda bolup geçen özgermeleriň biri, onda-da iň esasysy, gepleşik dilindäki ýeten derejesi Rufy örän begendirdi. Ol indi diňe birdogry geplemän, has erkinem gepleýärdi, täze öwrenen sözleri-de kändi. Dogry, başga bir zada ünsüni bölen wagty ol dil meselesini ýadyndan çykarýan ýaly bolup, ýene edebi däl sözleri-de ulanaýýardy, sözleriň soňundaky goşulmalaryna hem howul-hara aýdýardy. Käte ol täze öwrenen sözlerini ulanjak bolanda sakynýardy, ýöne sözleýşi welin, daşky oňatlaşma bilen däl, içki mazmun bilenem gowulyga tarap özgeripdi, aýdyňlyga, ýitilige eýe bolupdy. Beýle ýagdaý Rufy örän begendirdi. Martiniň gepleşigindäki ýitilik onuň tebigy degişgenligi bilenem ýüze çykýardy. Martini ýoldaşlary hem şonuň üçin halaýardylar. Ýöne ol beýle başarnygyny ozal söz baýlygy ýukarak bolansoň, Rufuň ýanynda ýüze çykarmaýardy. Indi ol dogry geplemegi birneme öwrenipdi, şonuň üçinem Rufuň töwereginde hem özüni gatybir keseki hasaplamaýardy. Ýöne Martin çakdanaşa ägädi. Ol Rufa akylly-başly ýitilik bilen geplemäge ýol açýardy-da, gürrüňden

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gaty daşlaşmasa-da, bir gezegem ýiti gepiň başyny özi başlamaýardy.

Ol özüniň ony-muny ýazmaga baş goşandygy, etsem-goýsamlary, barada, gazanç üçin ýazjakdygy, şol gazanjyň kömegi bilenem bilimini artdyrmagyň aladasyny etjekdigi barada Rufa aýdyp berdi. Ýöne onuň tamasy çykmady, Ruf onuň etsem-goýsamlaryna ynamsyz garady.

— Bilýäňizmi näme? — diýip, gyz açyk gürrüňe başlady. — Edebiýatam edil beýleki senetler ýaly hünär. Meň özüm ol ugurdan hünärmen däl, ökde däl, umumy kabul edilen garaýşy, kesgitlemäni aýdýaryn. Öňünden üç ýyl, belkem, tutuş bäş ýyl okaman, öwrenmän, demirçi ussa bolup bolmaýar. Ýöne ýazyjylar demirçi ussalardan ýokary gazanç edýändikleri üçin köp adam bu ugurdan öz güýjüni synap, ýazyjy bolmak isleýär.

— Siz näme sebäbe görä, mende şol ukyp bardyr öýdüp oýlanmak islemeýärsiňiz? — diýip, sözleri ýerbe-ýer edip aýdanyna begenendigini bildirmän, Martin sowal berdi. Şol bir wagtyň özünde-de onuň joşgunly göz öňüne getirmesi, myhman otagda şu mahalky bolan gürrüňi kesesinde durup,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
surata alan ýaly edip şekile geçirdi. Onuň gapdaly bilenem Martiniň ozalky durmuşynyň gödek hem ýigrenji ýüzlerçe şekili peýda boldy.

Ýöne şol dürli-dümen, alabeder şekiller onuň gözüniň öňünden pikiriniň arasyny bölmän, gürrüňiň akymyny kesmän, sähelçe pursatda geçip gitdiler. Martin öz hyýaly sahnasynda päkize otagda, kitaplaryň hem suratlaryň arasynda näzik gyz bilen özüniň arassa iňlis dilinde gepleşip durandygyny gördi. Sahnanyň görkezýän zatlarynyň hemmesini-de deň düşýän açyk nur ýagtylandyrýardy. Sahnanyň dört çetinde-de düýpden başga şekiller kä peýda bolýardylar, käte-de ýitýärdiler. Ýöne Martiniň tomaşaçy hökmünde, olara seretmek, seretmezlik öz islegine görädi. Martin ol şekillere birden gyzylymtyl yşygyň ýiti şöhleleri içinden geçip gidýän ümür perdesiniň aňyrsyndan seredýän ýalydy. Sahnada meýhanada ýanyp duran wiski içýän kowboýlar görünýärdi, daş-töwerekden eşidilmäge mynasyp bolmadyk ýaramaz äheň çaýylan gödek sözler eşidilýärdi, Martiniň özi bolsa barypýatan kellekeser ganhorlaryň arasynda durup içýärdi, sögünýärdi ýa-da olar bilen stol başyna geçip,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

porsap duran nebitli çyranyň aşagynda hasap göjegini şyňňyrdadyp kart paýlaýardy. Soň «Saskweganna» gämisiniň palubasynda çypar liwerpully bilen başlanmaly belli urşuň öň ýanynda, özüniň biline çenli ýalaňaçlanyp, ýumruklaryny mäkäm düwüp durandygyny gördi. Ondan soň ol tutuk ertir howasynda «Jon Rojers» gämisiniň deňizçileri pitne turzanlarynda gana boýalan palubany, ölümiň öň ýany sandyrap, ýüzüni çytyp ýatan kapitanyň uly kömekçisini gördi, ot bilen tüsse sowurýan eli sapançaly kapitany, ýigrençden ýaňa ýüzleriniň terzi bozulan deňizçileriň daş-töwerekdäki üýşmeleňini gördi, ýene ekranyň ortasyna nazaryny öwrende bolsa asuda, açyk şöhle bilen ýagtylandyrylan sahnada kitaplaryň hem suratlaryň arasynda özi bilen gürleşip duran Rufy, soň saz çalynýan ullakan roýaly gördi hemem özüniň sözlerini ýerbe-ýer, äheňini dogry aýdan gepini eşitdi:

«Siz näme sebäbe görä, mende şol ukyp bardyr öýdüp oýlanmak islemeýärsiňiz?»

— Hatda demirçi ussa bolmaga bir adamyň ukyby baram diýeli — diýip, oňa garşylyk görkezen Ruf

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gülki gatyşykly sözledi. — Näme şol ýeterlikdir öýdýäňizmi? Men-ä kimdir biri öňürti ussatdan tälim alman, demirçi ussa bolupdyr diýip eşidemok.

— Onda siz, siz maňa näme maslahat berýäňiz? — diýip, Martin sowal berdi. — Ýöne bilip goýuň, men, dogrudanam, eser ýazyp biljekdigimi syzýaryn. Ony düşündirmek kyn. Ýöne ol şeýle.
— Size okamak gerek — diýen jogap ýaňlandy. — Ýazyjy bolsaňyzam, bolmasaňyzam siz okamaly. Nähili hünär saýlasaňyzam, bilim-sowat gerek. Özi-de çem gelen zady okap alnan bilim däl-de ulgamlaýyn bilim hökmany. Siz mekdebe gatnamaly.

— Hawa… — diýip, Martin bir zatlar aýtjak boldy welin, Ruf onuň sözüni böldi:

— Siz mekdebe gatnasaňyzam, eser ýazyp bilersiňiz.

— Bialaç ýazmaly bolaryn — diýip, Martin gödek ses bilen dillendi.

— Näme üçin?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ruf Martine birhili, höwessiz ýaly seretdi. Martiniň erjellik bilen öz diýenini tutmagy gyza ýaramady.

— Sebäbi men şol işi etmesem, okuwam bolmaz. Maňa iýmek-içmek gerek, egin-eşik, kitap almaly bolar.

— Men o zatlary unudaýýan — diýip, gyz gülüp seretdi-de, sözüni dowam etdi. — Siz näme üçin jübüňiz pully dogulmansyňyz?

— Men sagdynlygy we hyýalbentligi gowy görýän. Pul diýilýän zadyň özi geler. Men bir maksat üçin — ol tas «Siz üçin» diýipdi. — Gaty kän iş ederdim…

Martin şol pursat Rufuň elindäki palçyga öwrüldi. Ol gyz näme islese, özünden şony hem ýasamagyny arzuw etdi. Ruf bolsa ondan hakyky nusgalyk erkek diýip, göz öňüne getirýän ýigidiniň şekilini ýasamagy örän çyny bilen isledi. Gyz oňa orta mekdebiň giriş synaglarynyň duşenbe güni başlanýandygyny habar berende, Martin oňa barjakdygyny aýtdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Şondan soň Ruf roýalyň başyna geçdi-de, Martine kän-kän saz çalyp, aýdym aýdyp berdi. Martin bolsa gyza işdämen nazary bilen haýran galyp seredip oturyşyna, öz bolşy ýaly jan-dilden hyrydar ýüzlerçe ýigidiň beýle gyza ýetmek üçin yşk hasratyny çekip, daşynda pyrlanyşyp ýörmeýändiklerine geň galdy.

## X bap

Martin bu gün agşam Morzlarda naharlanmaga galdy. Ol gyzyň kakasyna diýseň ýarady. Bu ýagdaý hem, öz gezeginde, Rufy örän begendirdi. Gürrüň deňizçileriň, Martiniň edil öz bäş barmagy ýaly belet durmuşyndan başlandy. Soň mister Morz Martine örän düşbi hem sagdyn pikirlenmegi başarýan ýigit diýip baha berdi. Martin bolsa gödek sözleri dile getirmejek, nädogry geplemejek bolup alada baryny etdi. Şonuň üçin hem ol howlukman gepledi, pikirlerini ýerbe-ýer beýan etdi. Ol stol başynda-da ýygrylyp oturmady, tas bir ýyl mundan öňki, birinji gezekki myhmançylyga gelşindäkisi bilen deňeşdireninde, özüni erkin alyp bardy, bolsa-da, sada görünmäge çalyşdy, utanjaňlyk etdi. Ol myhmanyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
häsiýetinde bolup geçen özgermelerden hoş bolup, gowy netije çykaran öý bikesine-de ýarady.

— Ýaňky gyzymyzyň göwnünden turan ilkinji ýigit! — diýip, miss Morz adamsyna öz pikirini aýtdy. — Ruf mydama ýigitlere göwnübirlik bilen garaýardy welin, ol ýagdaý meni biynjalygam edip başlapdy.

Mister Morz aýalyna geňgalyjylyk bilen seretdi.

— Sen ýaňky deňizçiniň biziň gyzymyzyň kalbynda zenanlyk duýgusyny oýarmagyny isleýäňmi?

— Men Rufuň garrygyz bolup ötmegini islämok. Eger Iden oňa erkege imrinmegi öwredip bilse, şolam bir gowy zat bolar.

— Örän gowy zat bolar! — diýip, mister Morz aýalynyň aýdanyny gaýtalady. — Hm! Ýöne, şeýle bir zady göz öňüne getireli. Käte göz öňüne getirmek bilenem iş salyşmaly bolýar, ezizim! Aýdaly, deňizçi ýigit gyzymyzyň kalbynda hemmä umumy duýgy oýarman, aýratyn duýgy oýaraýsa nätmeli bolar?

— Beýle bolmaga haky ýok — diýip, miss Morz gülüp goýberdi. — Biziň gyzymyz ondan üç ýaş uly. Onsoňam ol mümkin zat däl. Ýöne erbet bolmajagyny-ha men size aýdyp bilerin…

Şeýlelik bilen, Martin Ideniň etmeli zady has anyk belli edildi. Üstesine, Martiniň özi hem Arturdyr Normanyň täsiri bilen täsin bir güýmenjäniň aladasyny edýärdi. Gep ýekşenbe günleriniň birinde şäheriň daşyna tigirli gezelenje gitmek baradady. Ol gezelenjiň Martiniň özüni-hä gyzyklandyrjagyndan gyzyklandyrmajagy ýakyndy welin, Rufuňam gidýändigini eşideninden soň, ol hem gitmäge diýseň döwtalap boldy.

Martin henize çenli tigir münüp görmändi. Ýöne gezelenje Rufam gidýän bolsa, oňa tigir sürmegi öwrenäýmekden gaýry ýol galmaýardy. Şonuň üçinem ol öýüne tarap barýarka, dükana sowlup, kyrk dollara tigir satyn aldy. Onça puly tutuş bir aýyň dowamynda agyr zähmet çekibem gazanyp bilmeýänligi sebäpli, kyrk dollara tigir almak Martiniň jübüsine mazaly täsir etdi. Ýöne ol gazetden

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

almaly hasaplaýan ýüz dollarynyň üstüne «Ýetginjekligiň hemrasy» hepdelik neşirdenem düşer öýdýän dört ýüz ýigrimi dollaryny hem goşup, düşjek puluň, iň bolmanda, haýsydyr bir bölegini zerur zat üçin harçlaýandygyna begendi. Ýöne bir ýagdaý welin, onuň keýpine sogan dograny. Ol tigir sürmegi öwrenmek üçin eden ilkinji synanyşygynda jalbarynam, penjeginem ýyrtdyrdy. Ol derrew Higginbotamyň dükanyndaky tikinçä jaň edip, özüne penjek buýurdy. Soňra ol daşky inçejik merdiwandan çykyp, tigrini öz jaýyna getirdi. Haçanda krowaty diwardan süýşürende bolsa, hütdükde diňe özi bilen tigir sygaýar ýaly ýer galdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin ýekşenbe gününi mekdebe giriş synaglaryna taýýarlanmaga bagyşlamaly etdi, ýöne dür gözleýänler hakdaky hekaýanyň pikiri ony şeýle bir özüne bendi etdi welin, uzynly gijäni beýnisinde lowlap ýanýan görnüşlere özüni aldyryp, döredijiligiň döreden hupbatlarynda geçirmeli boldy. «Habarlar» gazeti bu ýekşenbede-de hazyna gözleýjiler hakyndaky oçerki çap etmedi, ýöne onuň üçin Martin kemsinibem durmady. Ol öz hyýal ganatlaryna atlanyp şeýle bir ýokary göterildi welin, hatda nahar iýmäge iki gezek çagyrylsa-da, çakylyk gulagyna ilmedi. Şeýlelik bilen, Martin mister Higginbotamyň, endigine görä, her ýekşenbede bişirýän üýtgeşik naharyny iýmekden binesip bolup gitdi. Mister Higginbotam üçin şeýle üýtgeşik nahar bişirmek onuň durmuşdaky üstünligine şaýatlyk etmelidi. Ol nahar iýilýän mahaly hem amerikan ýaşaýyş düzgüniniň artykmaçlygyny, şol düzgüniň adamlara hödürleýän baý däplerini, mysal üçin, gök satýan dükanyň satyjylygyndan dükan eýesi bolmaga çenli, ol muny hasam haýbat bilen tekrarlaýardy,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ösmäge mümkinçilik döredýändigini nygtap-nygtap gaýtalaýardy.

Duşenbe güni Martin dür gözleýänler hakyndaky gutarylmadyk oçerkine tarap gamgyn nazar aýlady-da, Oklend mekdebine synagdan geçmäge gitdi. Birnäçe günden soň, janyny barlamak üçin mekdebe baranda, oňa grammatikadan beýleki dersleriň hemmesinden «ýykylandygyny» aýtdylar.

— Siziň grammatika boýunça düşünjäňiz örän ýokary — diýip, professor Martine galyň aýnaly äýneginiň aňyrsyndan seretdi. — Ýöne beýleki derslerden welin, bilýän zadyňyz ýok. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň taryhyndan beren jogabyňyz bolsa elhenç bisowatlylyk. Men şondan başga aýtmaga söz tapmaýaryn. Size maslahat bersem…

Professor dymdy-da, Martine sulhy almaýanyňky ýaly, hem özüniň çüýşe turbajyklarynyň birine garaýan mysaly göwnübir nazar bilen seretdi. Ol himiýa ugrunyň professorydy, maşgalasy uludy, alýan aýlygy azdy, totuguşuň gaýtalaýşy ýaly

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gaýtalap-gaýtalap aňynda berkiden düşünjesi çakdanaşa giňdi.

— Hawa, jenap? — diýip, professor bilen okalganyň sowal-jogap bölüminde işleýän köp okan adamyň däl-de, özüniň — deňizçiniň oturanyna haýpy gelen Martin jogaba garaşdy.

— Men size ýene birki ýyl başlangyç mekdepde okamagy maslahat berýärin. Sag boluň!

Bu şowsuzlyk Martine onçakly erbet täsir etmedi, ýöne bu täzeligi, professor Hiltonyň sözlerini aýdan mahaly Rufuň erbet gamlanandygyna welin, ol haýran galdy. Rufuň keýpiniň gaçanlygy şeýle bir ap-äşgär belli boldy welin, Martin öz şowsuzlygy üçin däl-de, ony gamlandyrany üçin ökündi.

— Gördüňizmi? Men mamla ekenim — diýip, Ruf ýuwaşja gepledi. — Siz käbir talypdanam köp bilýärsiňiz, kiçijik synagdan bolsa geçip bilmeýärsiňiz. Sebäbi siz mydama okuwy bölek-büçek okadyňyz, ulgamlaýyn okamadyňyz. Size belli bir düzgüne laýyklykda okamak gerek. Onuň üçinem ukyply mugallymlary tapmaly. Ylmy ýüzleý däl, düýpli almaly. Professor Hilton dogry

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

maslahat berýär. Özüm-ä, siziň ýeriňizde bolsam, başlangyç mekdebiň agşamky bölümine girerdim. Ýyl ýarymlap ýörite okuw geçerdiňiz-de, alty aýy tygşytlardyňyz. Şeýtseňiz, galam bilen gazanç etmek başartsa, gündizlerine-de eser ýazmaga ýa-da başga işleriňize-de wagt tapardyňyz.

Martiniň kellesine ilkinji gelen sowal şu boldy: «Eger gündiz işläp, agşamam mekdebe gatnajak bolsam, men siz bilen haçan duşuşaryn?» Ony göni aýdaýmakdanam çekindi. Oňa derek bolsa:

— Agşamky mekdebe gatnamak meň üçin juda maýdaja pişe bolýa-la! — diýdi. — Dogry, bir bähbitli netije çykjagyna gözüm ýetse, onuň maýdalygyna-da üns bermezdim welin… Netijesiz bolup görünýär. Meniň özüm, mekdep mugallymlary bolmasa-da, öwrenmeli zatlarymy tiz öwrenerin. Mekdebe gatnap okamak wagtyňy biderek geçirmek bolar (ol Ruf hakda oýlandy, onuň ýüregini eýelemek islegi hakda oýlandy). Men bolsa wagtymy dereksiz geçirip biljek däl. Meniň saga-sola zyňyp ýörer ýaly artykmaç wagtym üýşüp ýatanok.

— Siz entek gaty köp zat etmeli ahyryn.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ruf mylakatly nazar aýlady welin, garşysyna gideni zerarly Martin hyýalynda özüne «gödek haýwan» diýip baha berdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Fizika üçin, himiýa üçin synag geçirilýän ýer gerek — diýip, Ruf düşündiriş berdi. — Algebrany, geometriýany siz hiç mahal özbaşdak öwrenip bilmersiňiz. Size hökman tejribeli mugallym — hünärmen ýolbaşçy gerek bolar.

Martin bir minut çemesi dymyp, oňadrak jogap gaýtarmagyň pikirini etdi.

— Siz meni öwünýä diýip hasap etmäň. Gep öwünmekde däl. Ýöne mende hemme zady özüm öwrenip bilerin diýen duýgy bar. Gazyň suwa ýetesi gelşi ýaly, meni hem okamak, öwrenmek özüne çekýär. Grammatikany özleşdirişime özüňiz şaýat bolduňyz ahyryn. Men başga-da bir topar zat öwrendim. Ol zatlaryň gaty kändigini siz göz öňüne-de getirip bilmersiňiz. Ýogsam men ýaňy okamaga başladym ahyryn. Maňa entek… — ol sakyndy-da, sähel salymdan soň ýene ynam bilen gepledi. — Tiz hereket edip bilemok. Men ýaňy hatara durmaga başladym…

— O diýdigiňiz näme bolýar? — diýip, Ruf onuň sözüni böldi.

— Nämäniň nämedigine düşünmek-dä…

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— «Hatara durmak» diýýäniňiz düýpden manysyz, boş söz.

Martin başgaçarak äheňde geplemeli boldy:

— Men öz ugrumyň hanjakdygyna ýaňy düşünip başladym.

Martine haýpy gelýändigi üçin gyz bu gezek dymdy. Martin bolsa dowam etdi.

— Ylym diýilýän zady men gämi dolandyryjysynyň deňiz kartalary saklanýan otagy diýip göz öňüne getirýän. Kitaphana baranymda mydama şony ýatlaýan. Mugallymyň, ýagny gämi dolandyryjysynyň borjy täze gelen deňizçini hemme kartalar bilen tertip boýunça tanyşdyrmak. Bolany şol. Mugallym — diňe ugrukdyryjy. Ol özünden hiç zat tapmalam däl, goşmalam däl. Onuň täze döredýän zady ýok. Kartalarda bolsa hemme zat bar. Mugallym täze okuwçy bulaşmaz ýaly, nämäniň nirdedigini aýtsa ýeterlik. Men welin bulaşmanam. Meniň ys alyş ukybym örän duýgur. Şonuň äçin hemme zadyň daşyndan seredip içini görýän. Özümem ýaňlyşmaýan… Ýene bir säwlik döräýdimi?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— «Ýaňlyşmaýan» däl, «ýalňyşmaýan» bolmaly — diýip, Ruf düzediş berdi.

— Dogry. «Ýalňyşmaýan» bolmaly — diýip, gaýtalan Martin düzedişi minnetdarlyk bilen kabul etdi. — Men hemme zady parran görýän… Näme barada aýdyp durdum-a?.. Hawa, deňiz kartalary baradady… Käbir adamlara golundan tutup ugradýançy gerek. Ol dogry. Ýöne men welin, idegçisizem başymy çararmykam öýdýän. Men şol kartalaryň töwereginde kän gezek pyrlandym, nirede haýsy karta seretmelidigini gaty gowy bilýärin. Haýsy kenara tarap ýüzmelidigindenem başym çykýar. Öz ugrumy men hiç hili kömeksiz özüm, onda-da gaty tiz saýgararyn. Flotuň ýüzüş tizligi elmydama iň haýal ýüzýän gäminiň tizligine görä kesgitlenýär. Mekdebem edil şonuň ýaly-da. Mugallymlar iň yza galak okuwçy bilen deňleşmeli, men bolsam, ýeke özüm öňe gidip bilerin.

Martin «Ýöne men öňe täk özüm gitmän, siz bilen gitmek islärdim» diýen sözleri hem goşmakçy boldy. Onuň gözüniň öňünde dünýäniň äpet şekili, gün şöhlesi bilen ýagtylandyrylan giňişlikler hem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýyldyzlaryň ýollary peýda boldy. Martin Ruf bilen el-ele berşip, şol ýyldyz ýollarynyň ugry bilen uçup barýar, gyzyň altyn çaýylan ýaly bolup lowurdaýan saçlary bolsa şemala ykjap, onuň boýnuna baryp degýär. Şol pursadam Martin özüniň gepleşik dilindäki ejizligini duýdy. Eý, Hudaý! Öz gören zatlarynyň hemmesini Rufam doly görer ýaly derejede söz bilen aýdyp bilsedi. Ony hakyda aýnasynda ýap-ýaňy peýda bolan keşpleri Rufada görner ýaly edip çekmek baradaky ezýetli, başbermezek, özi-de islenip, çagyrylyp getirilmedik joşgunly höwes gaty heläk etdi. Ine, saňa beýik syryň açary! Ussat ýazyjylar, şahyrlar şeýle-de edýärler. Olaryň beýikligi-de şondan ybarat. Olar hemme görýän, oýlanýan, duýýan zatlaryny söz bilen beýan edýärler. Güneşde irkilip ýatan it düýşünde köplenç çyňsaýar, üýrýär, ýöne ol çyňsamaga, üýrmäge nämäniň mejbur edendigini söz bilen aýdyp bilmeýär. Onuňam ýaňky güneşde uklap ýatan itden gowulygy ýok. Olam erteki ýaly gowudan-gowy düýşler görýär, ýöne ol ajaýyp düýşleri bolşy ýaly edip Rufa aýtmagy welin başarmaýar. Mundan buýana ýatmak bolmaýar. Ol indi tä gözi

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
açylýança, dili köstsüz gepleýänçä, özüniň hyýalynda görýän ertekilerindäki ýaly ajaýyp görnüşlerini Rufa söz bilen ýetirmegi başarýança, hem okar, hem işlär. Pikirleri sözsüz beýan etmegiň syrlaryny bilýän, sözleri özleriniň sadyk gullary edýän, olary täze bir mana, özi-de sada manylaryň je

minden belent mana eýe bolýança, oýnadyp bilýän adamlaram bar ahyryn. Ol sähel salymlygam bolsa, özüni kän mahal bäri biynjalyk eden syra aralaşyp bilmek hyýalyna haýran galyp tolgundy, ýene onuň göz öňünde Günüň, ýyldyzlaryň giňişlikleri lowurdap peýda boldy. Agyr ümsümligiň täsiri bilen özüne gelende, Rufuň şadyýan ýylgyryş bilen seredip durandygyna gözi ildi.

— Men ýap-ýaňy oýalygymda düýş gördüm — diýip, Martin dillendi, şol sözleri aýdanda bolsa ýüregi jigläp giden ýaly boldy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ol beýle sözleri nireden tapyp ýör! Ol sözler hyýaly görnüşler sebäpli gepleşigiň arasyny kesen dymyşlygyň manysyna indi düşüner ýaly etdi. Bu ajaýyp täsinlikdi. Martiniň mundan ozal ajaýyp pikirlerini söz bilen beýle derejede beýan eden gezegi bolmandy. Sebäbi ol öz pikirlerini gowy edip aýtmaga synanyşmandam. Indi ähli zat düşnükli boldy. Ýogsam näme? Synanyşmandam. Suinbern, Tennison, Kipling hem başga beýik şahyrlar synanyşypdyrlar. Olaryň eden synanyşygy hasyl beripdir. «Dür gözleýjileri» onuň ýadyna düşdi. Ol öz kalbynda mesgen tutup, ýaşap ýören gözelligi hiç mahal söz bilen beýan etjek bolmandy. Eger ol şeýdäýen bolsa, hekaýa düýpden başga reňke bezelen hekaýa bolardy. Ol ozaldan şeýden bolsa, bu mahala çenli nähili gözellikleri beýan edip biljek ekendigini ýatlanynda keýpi gaçdy, erbet ýagdaýa sataşan ýaly boldy. Hyýaly bolsa ony has-da alyslara alyp gitdi. Ol özüni tolgundyrýan gözellikleri beýik şahyrlaryň edişleri ýaly, näme üçin owazly, nepis goşgy setirlerine salmaly dälmişin? Iň bolmanda, özüniň Rufa bolan söýgüsini, ol söýginiň gizlin lezzetini, ruhy belentligini beýan etmek üçin

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
goşgyny-da peýdalanyp bolar ahyryn. Näme üçin şahyrlaryň edýänini ol etmeli dälmişin? Şahyrlar söýgi hakda aýdym aýdýarlar. Olam aýtmaly!

— Al kakmyş!

Ol ýüzlenme gök gümmürdän ýaly bolup onuň gulagynda ýaň berdi. Arzuw siline gark bolan ýigit içinden aýtmalysyny birden daşyndan aýdyp goýberdi. Onuň gany ýüzüne urdy, saçynyň düýbüne çenli, Güne ýanyp bürünç reňke öwrülen hamynyň astyna çenli gyzardy.

— Men… meni bagyşlaň… haýyş edýän… — diýip, Martin pyşyrdady. — Pikire bataýypdyryn…

— Siz ol sözleri şeýle bir äheň bilen aýtdyňyz welin, men asyl gorkdumam — diýip, Ruf batyrlyk bilen degişmäge synanyşdy, ýöne onuň içki durky welin, tutuş sandyrap durdy.

Ol tanyş ýigidiniň agzyndan birinji gezek nälet siňen sözi eşidýärdi. Ol diňe bir gulaga ýakymsyz many bolup hem eşidilmän, Rufuň edebini kemsidýän ýaly bolmagy bilenem haýran etdi. Ol ýagdaý gyzyň lälik geçen ýaşlygynyň töweregi

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

mylaýym alada bilen gurşalan gözel bagyna ýakymsyz şemal kürsäp uran ýaly duýgy döretdi.

Bolsa-da, gyz bolan gödek waka üçin Martini bagyşlady, ýöne bagyşlanyna-da özi haýran galdy. Geň zat, bagyşlamagam, näme üçindir, oňa kyn düşmedi. Mümkinçiligi Martine beýleki adamlar ýaly bolmaga maý bermedi, ýöne ol öz ýetmeziniň öwezini dolmagyň aladasyny etdi, şol alada netijesinde-de, kän zat gazandy. Martine geçirimliligiň başga, düşündirmesi aňsat sebäpleriniň bardygy gyzyň kellesine gelmeýärdi. Onuň ýüreginiň teýinde Martine çakdanaşa näzik duýgy beslenendi. Ruf beýle zadyň bardygyny çaklamaýardam. Sebäbi ol özüniň ýigrimi dört ýaşyny parahat ýaşap geçiripdi, ýeke gezegem yşkyň ýeňiljek duýgusyna sataşmandy, öz bolşunyň nähilidiginem aňmandy. Ol söýginiň kalbyňy ýyladyjy mähir odunyň bardygynam şu mahala çenli bilmändi. Häzirem ol yşk heseri özüne mazaly täsir edýänem bolsa, täsir edýändir öýtmeýärdi.

## XI bap

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin «Dür gözleýjilerini» dowam etmek üçin ýene iş başyna geçdi. Ol eser derrew gutaraýmalydam welin, goşgy ýazmaga bolan höwes päsgel berdi. Rufuň joşdurmagy bilen ýazylan goşgularam Rufuň özi hakyndady. Ýöne Martin olaryň hiç birini-de ahyryna çenli ýazyp bilmedi. Çünki az wagtyň dowamynda şygryýet ýaly nepis sungatyň inçe tärlerini ele almak mümkin däldi. Emma umumy gurluş, ölçeg, äheň hem esli kynçylyk döredýärdi welin, olardan başga, Martiniň goşgularynda beýik şahyrlaryň eserlerinde gabat gelýän, ýöne özi döretmeli bolanda ýan bermeýän bir täsinlik ýetmeýärdi. Ol başartmaýan zat şygryýetiň umumy ruhudy. Ol Martine tutdurmaýan, golaýlaşdygyça aňryk süýşýän, tutdum diýende-de, sähelçe bölegi eline ilýän alawly ümre meňzäp lowlaýan bir ýalpyldy bolup görünýärdi. Onuň şol ele düşen bölejikleri hem Martiniň beýnisinde mukam bolup ýaňlanýardy ýa-da üýtgeşik bir görnüş bolup göz öňünden geçýärdi. Bu ýagdaý Martine gaty güzap görkezýärdi. Diline ajaýyp duýgy gelip dursa-da, aýdylmaly bolanda ýa-da kagyza geçirilende, adaty kyssa sözlerine öwrülýär duruberýärdi. Ol

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
goşgularyny sesli okap, özi diňleýärdi. Goşguda ölçegiňem düzgüni bozulmaýardy, rifma, owaz hem ýerbe-ýerdi, ýöne ýokary derejedäki joşgun, köýdürip barýan ot welin ýokdy. Munuň näme sebäbe beýle bolýandygyna Martin düşünip bilmeýärdi. Şonuň üçinem ol mahal-mahal ruhdan düşüp, hekaýa bilen gümra bolýardy. Herhal, kyssa şygryýet ýaly çylşyrymly däldi, diýeniňi edýärdi.

Martin «Dür gözleýjileri» dowam edip, onuň ýany bilen pyşbaga tutýanlar hakynda, deňiz gullugy hakynda, tropikden ekwatora tarap öwüsýän demirgazyk-gündogar ýelleri hakynda oçerk hem ýazýardy. Soňra ol tejribe öwrenmek üçin diýen ýaly, ýordumly hekaýa hem döretdi. Onuň bilenem gaty gyzykdymy-nämemi, bir hekaýa derek altysyny ýazyp, olary hem dürli-dürli žurnallaryň redaksiýalaryna ugratdy. Ol kitaphana gidýän ýa-da Ruf bilen duşuşýan günleri bolaýmasa, ertirden agşama, käte bolsa, gijäniň bir mahalyna çenli basa oturyp, öndümli işledi. Şol günler Martin örän bagtyýardy, dokuzy doludy, döredijiligiň joşguny ondan asla daşlaşmaýardy. Ozal diňe hudaýlara mahsus bolan artykmaçlygyň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
eçilýän şatlygy indi oňa-da nesip etdi. Öň daşyny gurşan terlik döwri öten gök önümleriň hem sabynly suwuň agyr ysy, aýal doganynyň nebsagyryjylyk oýarýan sypaty, Higginbotamyň gülkiňi getirýän ýüzi indi oňa uzakda galan düýş ýaly bolup duýuldy. Hakyky dünýä diňe onuň beýnisindedi, öz ýazýan hekaýalary bolsa, şol hakyky dünýäniň bölejikleridi. Martiniň özenine aralaşmak isleýän ylym pudagynyň sany gaty kändi. Şonuň üçinem günler hakykysyndan has gysga bolup duýulýardy. Ol ukusyny hem bäş sagada çenli gysgaltdy-da, şol bäş sagady özüne ýeterlik hasap etdi. Martin uka ýitirjek wagtyny dört ýarym sagada çenli gysgaldybam gördi-de, ýene öňki bäş sagadyna ahmyr bilen dolanmaly boldy. Günüň galan wagtynyň hemmesini ol uly höwes hem haýrangalyjylyk bilen öz işine gönükdirdi. Döredijiliginiň arasyny gaty kynlyk bilen kesip, okuw bilenem meşgullanýardy, okuwy hem kitaphana gatnamakdy. Kitaphanadanam gaýdasy gelmeýärdi, çap etdirmegi başarýan ýazyjylaryň hekaýalaryndan doly žurnallardan daşlaşmaly bolanda, keýpi örän bozulýardy. Martin her gezek Rufuň ýanyndan

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
turaga-da, ýöräp gaýdybermeli halyna, gyz onuň ýüreginden kesilip aýrylýan ýaly bolup, jigeri azap çekýärdi. Öýden çykansoň bolsa, ýolda mümkingadar az wagt ýitirip, tizräk kitaplaryň ýanyna ýetmek üçin garaňky köçelerden ylgap diýen ýaly gaýdýardy. Iň kyn ýeri hem algebra ýa-da fizika kitabyny ýapyp, galam bilen depderi gapdala goýaga-da, ýadaw gözlerini ýummakdy. Ömürden, iň bolmanda, şolar ýaly ujypsyzja wagty hem aýyrmak Martin üçin ullakan etmiş eden ýaly bolup duýulýardy Şeýle ýagdaýda ony birneme köşeşdirýän zat — jyrlaýan sagadyň ýene bäş sagatdan özüni oýarjagydy. Ol diňe bäş sagat wagtyny ýitirer, bäş sagatdan soň bolsa sagadyň irginsiz jyrryldysy ony uklan, wagty netijesiz geçirmekden alyp çykar, öňde işlemek üçin tutuş on dokuz sagat garaşar.

Şonuň bilen birlikde-de, wagtam geçip durdy, pul babatda-da Martin yzyndan ýetdiriberipdi, ýazan zatlaryndanam häzirlikçe galam haky gelmeýärdi. Bir aý geçenden soň, onuň «Ýetginjekligiň hemra-syndan» golýazmasy gaýdyp geldi. Eser kabul edilmese-de, jogap örän sypaýyçylyk bilen ýazylany sebäpli Martiniň kalbynda redaktora

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hormat oýandy. «San-Fransisko habarlaryndan» welin, wagty bilen jogap gelmedi. Ýene iki hepde garaşyp, Martin redaksiýa hat ýazdy. Bir hepde geçirip, ýene bir hat ýollady. Teý-ahyr, netije bolmansoň, onuň özi redaktor bilen gepleşmeli boldy. Redaksiýanyň gapysynda durýan goňur saçly yzgytsyz ýaş ýigit Martini şeýle belent mertebeli redaktoryň ýanyna goýbermedi. Bäşinji hepdäniň ahyrynda golýazma hiç hili düşündirişsiz, jogapsyz yzyna gaýtaryldy. Şondan soň, Martiniň San-Fransiskonyň beýleki žurnallaryna iberen golýazmalary hem dolanyp geldi. Şeýle bolanyndan soň, ol öz ýazan eserlerini gündogar ştatlaryň gazetlerine ibermeli etdi, ýöne, kän mahal geçmänkä-de, olaryň çap edilmejekdiklerini habar berýän hatlar gelip başlady.

Beýleki hekaýalaryňam ykbaly şeýle boldy. Jogaplar şeýle bir göwnünden turdy welin, Martin olary birnäçe gezek gaýtalap okady. Okadygyça-da, redaksiýanyň hekaýalary beýle tutanýerlilik bilen ret edýändigininiň manysyna düşünmek kynlaşdy. Ahyr ol gazetleriň birinde, iberilýän golýazmalaryň hökman hat ýazylýan maşinkadan

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

geçirilen görnüşde bolmalydygy baradaky habary okanyndan soň ýagdaýa düşündi. Redaktorlar örän işli bolansoňlar, golýazmalaryň onçakly aýyl-saýyl bolmadyk harplaryna öwrenişip ýörmäge wagtlarynyňam ýokdugy belli zat ahyryn. Martin gündelik kireýini töläp, wagtlaýyn ulanmaga hat ýazylýan maşinka edindi, uzynly gününi hem ýazmagy öwrenmäge sarp etdi. Ol gündeki elýazmasyny şol günem maşinkada göçürdi. Ozalky elýazmalaryny hem şeýtdi. Maşinkadan geçen eserler hem yzyna gelip başlanynda, Martin haýran galdy. Onuň ýüzi ýowuzlandy, eňegi öňe süýşen ýaly boldy. Ol başga-başga redaksiýalarada golýazmalaryny erjellik bilen iberip başlady.

Teý-ahyr, onuň kellesine "öz ýazan zatlaryna dürs baha berip bilýän däldir" diýen pikir geldi, şol meselede Gertrudanyň pikirini bilmek üçin oňa birnäçe hekaýasyny okap berdi. Hekaýalary diňlän Gertrudanyň gözleri uçganaklap gitdi. Ol doganyna mylakatly guwanç bilen seretdi.

— Beýle zatlary ýazmagyň gaty gowy, Mart.

— Hawa, o diýýäniň dogry. Ýöne sen ýazmagymyň gowudygyny aýtma-da,

ýazanlarymyň nähilidigini aýt. Hekaýalar saňa ýaraýamy?

— Eý, Hudaý! — diýip, Gertruda gözlerini petretdi. — Ýaramajak gümany barmy? Elbetde, ýarady. Olar meni tüýs aňk etdi.

Ýöne Martin hekaýalarynyň köp ýeriniň dogany üçin düşnüksiz bolandygyny aňdy. Onuň mylaýym gülümjireýän ýüzünde hemme zada düşünmändigininiňem alamaty duýulýardy. Şonuň üçinem Martin ondan bir habara garaşdy.

— Sen, aýt, Mart… — diýip, Gertruda uzak dymmakdan soň dillendi. — Ýaňky näme bilen gutardy? Şol uzak geplemäge ökde ýigit ahyrsoňy o gyza öýlendimi ýa öýlenmedi?

Martin hekaýanyň öz göwnüne çeperçilik taýdan makul hasaplaýan çözülişini söz bilen beýan edende, Gertruda elini serdi.

— Menem şeýleräkmikä öýdüp çak etdim. Ýöne sen hekaýanam şu mahalky maňa aýdyşyň ýaly edip gutarmaly ekeniň-dä.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin on hekaýa dagy okap berensoň, doganyna diňe ahyry gowulyk bilen gutarýan eserleriň ýaraýandygyna düşündi.

— Ine, bu hekaýa gaty gowy — diýip, kir ýuwulýan legeniň öňünde eglip duran Gertruda dikelip, bilini ýazdy-da, gyzgyn suwa sokula-sokula gyzaryp giden eli bilen derini süpürdi, uludan dem aldy. — Ýöne maňa diňlemek kyn boldy. Agym tutuberdi. Onsuzam töweregimiz erbetlikden doly ahyryn. Men oňat zat eşitsem, özüme-de oňat bolýa. Eger ol şo gyza öýlenäýsedi… Bellik edýänim üçin menden gaty göreňokmy, Mart? — diýip, Gertruda biynjalyk bolup sowal berdi. — Belkem, men gaty ýadaw bolamsoň, şeýleräk görünýändir. Umuman, hekaýa örän gowy. Ony nirä ibermekçi bolýaň?

— Ol başga gürrüň — diýip, öwgüsi ýetirilen Martin gülümjiredi.

— Eger muny bir ýerde çap etdirip bilseň, näçe pul tölärler?

— Ýüz dollar. Iň azyndan.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Baý-bow! Çap etdirip biläýseň-ä, kem bolmazdy.

— Az pul däl, ä? — Martin tekepbirlik bilen sözüniň üstüni ýetirdi. — Biler bolsaň, men muny iki günüň içinde ýazdym. Günüme elli dollardan!

Martiniň hekaýalaryny Rufa-da okap bermek üçin ýüregi böküp durdy, ýöne batyrlyk edip bilmeýärdi. Ol haýsydyr bir zadynyň çap bolmagyna garaşmaly diýen netijä geldi. Golýazmadäl-de, çap bolan eser oňa düýpli täsir etjekdi hemem Martiniň çeken azaplarynyň netijesi gyza doly görünjekdi. Şol bir wagtyň özünde-de Martin sowat öwrenmesini hem dowam edýärdi. Hiç bir wakasy ýok eser onuň üçin aňyň içinden geçilmedik jeňňel ýaly, çylşyrymlylyga syýahat edilişindäki ýaly özüne çekiji däldi. Ol himiýa, fizikaokuw kitaplaryny alyp, algebra bilen bilelikde fizikanyň kanunlaryny hem olaryň subutnamasyny öwrenýärdi. Seljeriş synaglaryny ol öz ynamyna daýanyp geçirýärdi, ýöne onuň örän güýçli göz öňüne getirmesi her dürli himiki özgermeleri örän aýdyň görkezýärdi, Martin olaryň aýlanyş tilsimine ylmy derňewe gatnaýan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
talyplardanam gowy düşünýärdi. Okuw kitaplarynyň sahypalary waraklandygy saýy Martin dünýäniň hem tebigatyň syrlaryna barha çuň aralaşyp başlady. Ol öň dünýäni uly bir güýç tarapyndan janly-jandara berlen peşgeş hökmünde kabul eden bolsa, indi onuň gurluşyna, oýunlaryna hem güýjüniň gatnaşygyna, materiýanyň düzüminiň nämedigine kem-kemden düşünmegiň aladasyndady. Ryçaglar, bloklar onuň gämide iş salyşmaly bolan ýük göteriji gurallary hem kranlary ýadyna saldy. Ulaglara açyk deňizde ýoldan azaşmazlyk mümkinçiligini döredýän hem gämi gatnawyny açmagyň teoriýasy onuň üçin birden sadaja düşünjä öwrüldi duruberdi. Ol harasadyň, ýagşyň, daşgynyň, tro

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

pikden ekwatora tarap ösýän ýeliň gizlin syrlaryna aralaşdy. Şolaryň netijesinde Martin özüniň demirgazyk-gündogar ýeli hakynda ozal ýazan oçerkini hem örän ir ýazlan bolaýmasa diýip pikir etdi. Edil şeýle bolmaýanda-da, şol oçerki häzir ýazaýsa, öňküsinden gowy boljakdygyny duýdy. O bir gezek Artur bilen bile uniwersitete baranda, professoryň talyplara okaýan leksiýasyny diňledi, hemem dine hormat goýýan ýaly nazar bilen, demi tutulana meňzäp, tejribehana synaglaryny üns bilen synlady.

Ýöne welin, Martin edebiýatdanam arasyny üzmeýärdi. Maýda hekaýalar onuň galamynyň astyndan yz-yza çykyp durdy, arasynda žurnallarda çap bolýan goşgulara meňzeş goşgulary ýazmaga-da wagt tapýardy, soňam ol özüne erk edip bilmän, iki hepdäniň içinde goşgy bilen ýazylan tragiki eseri döretdi. Ýöne ony ýollan alty-ýedi redaksiýanyň hemmesi, edil dilleşen ýaly, ret etdi. Bir gezek ol Genlini telim öwran okap, onuň «Hassahanada ýazylan poemalar» diýen goşgular toplumynyň täsiri astynda deňiz hakyndaky goşgularyň tutuş bir toparyny ýazdy. Olar joşguna ýugrulan, ýiti

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
duýguly, sadadan açyk, düşnükli goşgulardy. Martin «Deňiz aýdymlary» atlandyran şol toplumyny ähli ýazanlarynyň arasynda iň gowulary hasaplady. Ol toplumda otuz goşgy bolup, adygan ýazyjynyň bir hepdede etjek işine barabardy. Ýogsam Martin «Deňiz aýdymlaryndaky» goşgulary gündizki kyssa ýazmak işini tamamlansoň, her agşam bir goşgy döredip jemläpdi. Onuň üçin zähmet çekmek diýen zadyň ýüklügi ýokdy. Onda dilewarlyk ukyby oýanyp, uzak ýyllaryň dowamynda gursagynda sesini çykaryp bilmän ýatan arzuwlar hem gözellikler öňi aldyrmaýan joşgun, şaglap gelýän sil ýaly dyňzap daş çykdy.

Martin öz «Deňiz aýdymlaryny» hiç kime görkezmedi, hiç ýere hödürlemedi. Indi onuň redaktorlara bolan ynamy-da gaçypdy. Umuman, bu gezek goşgular redaktorlara müňkür bolnany üçin iberilmändi-de, eserler, Martiniň aňyşyça, şeýle belent gözellige ýugrulan eserler bolany üçin tutýan niýetini amala aşyrmaga milt edilip bolunjak bagtly pursat gelende olary diňe Ruf bilen paýlaşmakçydy. Häzirlikçe bolsa ol

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
goşgulary öz ýanynda saklap, tä ýat bekleýänçä okady, gaýtalap okady, ýene okady.

Ol özüniň ukuda däl wagtynyň her bir pursatyny manyly geçirdi, ukudaka-da ukusy iliňki ýaly bolmady. Onuň aňy tutuş bäş sagat wagtyň ukuda, netijesiz geçmeginiň garşysyna galkynýardy hem günüň dowamynda oýlanylan, başdan geçirilenleri ösdürmegi dowam ede-ede, bolgusyz arzuw kölünde ýüzmek bilen akyla sygmajak özgerişleri döredýärdi. Şeýlelik bilen, Martin hiç mahal dynç almaýardy, onuň ýerinde bedeni gowşagrak, ruhy gujursyzrak başga bir adam bolanlygynda bireýýäm tapdan düşmelidi. Onuň Ruf bilen duşuşygam gitdigiçe seýrekleýärdi. Iýun golaýlap ýördi, Ruf synaglardan geçip, uniwersitetiň diplomyny almalydy. Sungatyň bakalawry! Ol ilkinji ylmy derejedi. Martin şol dereje hakynda oýlananda, Rufuň şeýle bir ýokary belentlige uçýandygynyň, özüniň oňa ýetip bilmejekdiginiň pikirini etdi.

Ruf, barybir, hepdäniň bir gününi Martine bagyşlaýardy. Şol gün Martin, köplenç, Morzlarda

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
naharlanmaga galýardy, nahardan soň bolsa, saz diňleýärdi.

Ol günler Martin üçin baýramçylyk günleridi. Morzuň öýündäki ýagdaý Martiniň daşyny gurşan hapa ýaşaýşyndan düýpden başgady. Ruf bilen duşuşyk bolsa ony ganatlandyrýardy. Ol her gezek myhmançylykdan soň, öz öýüne baranda her edip-hesip edip, Morzlaryňky ýaly durmuşa ýetjekdigi barada hyýalynda kasam içýärdi. Döredijiligiň örän heläk edýän dynuwsyz joşgunyna, gözelligine teşnedigine garamazdan, Martin diňe söýginiň haky üçin zähmet çekýärdi. Hemme zatdan öňürti ol çyn aşykdy, galan närseleriň ählisini öz söýgüsiniň erkine berýärdi. Onuň söýgi ugrundaky gözlegleri başga ruhy gözleglerinden zerurdy. Dünýä onuň üçin haýsydyr bir syrly kanunlar esasyndaky özara gatnaşykly atomlardan, molekulalardan düzülendigi sebäpli täsin däldi-de, onda Rufuň ýaşaýandygy üçin täsindi. Ruf Martiniň ozal hiç mahal arzuw etmedik, bilmedik, hatda çaklamadyk täsin keramatydy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ýöne Ruf bilen aradaky uzaklyk — tapawut Martini mydama umytdan düşürýärdi. Gyz çakdanaşa alysdady, ýöne Martin oňa golaýlaşmak üçin näme etmelidigini hem bilmeýärdi. Ozallar ol öz töweregindäki gyzlara, zenanlara gezek gelende, tutan maksadyna derrew ýetýärdi. Ýöne Martin olary hiç mahal söýmändi, Rufy bolsa söýdi. Gep Rufuň başga synpa degişlidigindenem däldi. Martiniň söýgüsi ony ähli synplardanam ýokary göterdi. Ol aýratyn şahsdy, şeýle bir aýratyn şahsdy. Şonuň üçinem Martin öz söýgüsini kalbynda göterip, onuň ýanyna barmagyňam ebeteýini tapmaýardy. Dogry, ol öz gözýetimini giňeldip, dogry geplemegi öwrenip, Rufa birneme golaýlady. Indi olar birek-birege düşünişip ugradylar, aralarynda käbir zada deň gyzyklanýan äheň, ugur peýda boldy. Ýöne söýgi teşneligi ol zatlar bolany bilen kanagatlanmaýardy. Onuň aşyklyk hyýalbentligi Rufy keramatlylyk derejesine ýetiripdi, bedensiz, ýöne ruhy päklige öwrüpdi welin, «ten ysnyşygy» diýen durmuş hakykaty barada pikir etmegi-de ýoga çykarypdy. Rufy Martinden daşlaşdyrýan, Rufy elýetmeze öwürýän Martiniň söýgüsidi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martiniň ýanyp-köýüp ýetjek bolýanyna ýetirmeýän onuň öz söýgüsidi.

Ynha, Taňrynyň bagyş eden bir ajaýyp güni ýigit bilen gyzyň arasyny daşlaşdyrýan boşlugyň üstünden, sähel salymlyk bolsa-da, köpri guruldy. Şol sähel salymdan soň, ol boşluk öňküsi ýaly giňem bolup görünmedi. Ol ikisi bile oturyp, şiresi turşuja çakyry ýada salýan uly-uly üljeleri iýýärdiler. Soň Ruf «Şazadanyň gyzy» diýen kitaby okamaga başlady. Martin birden gyzyň dodagynda üljäniň bir kiçijik bölejiginiň ýelmeşip durandygyny gördi. Gyzyň ozalky elýetmezligi sähel salymlygam bolsa şol belentligini ýitirdi. Ol ruhulykdan beden jandaryna geçdi. Onuň bedeni hem Martiniň bedeni ýaly, hemme adamlaryň bedeni ýaly adaty göwredi, dodagy hem edil Martiniňki ýaly ten dodagydy, ülje hem onuň dodagynda hemme kişiniňkide goýup bolýan yz goýupdy. Eger onuň dodagy şeýle bolsa, bedeniniň beýleki ýerleri-de hemmeleriňki ýaly bolmaly-da. Rufam zenandy, beýleki zenanlar ýaly zenandy. Martiniň gelen bu netijesi ony ýyldyrym uran ýaly etdi. Beýle ýagdaý onuň üçin

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hakyky açyş boldy. Ol asmandan inip, ýere ýetip gelýän Güni gören ýaly boldy.

Martin öz eden açyşynyň manysyna doly düşüneninden soň, aslynda asmandan inen ruh hem däl-de, dodagyna ülje bölejigi ýelmeşen adaty zenanyň söýgüsine erjellik bilen eýe bolmaklygy gazanmak isleginiň ýüregini gürsüldedip başlandygyny duýdy. Ol öz batyrgaý hyýaly hakynda oýlananda sandyrap gitdi, ýöne begençli tolgunýan aňy hem ýüregi hyýalynyň dogrudygyny ynandyrdy. Martiniň ýagdaýyndaky birden dörän özgermäni Ruf aňan bolmalydy: sebäbi ol kitap okamasyny birden goýdy-da, oňa tarap seredip ýylgyrdy. Onuň otly nazary gyzyň ýüzüni, mawy gözlerini, dodaga ýelmeşip özüni dälireden ülje bölejiginiň üstünden ýakymly sypaýyş bolup aýlanyp geçdi. Martiniň eli ozal, bozuklyk edýän mahallary ýygy-ýygydan gabat gelen aýala uzaýşy ýaly Rufa uzady. Ruf oňa tarap birneme gyşaran ýaly etdi-de garaşdy. Martin bolsa isleginiň jylawuny çekmek üçin gataldan erk damaryna daýanmaly boldy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz okanymyň ýekeje sözünem eşitmediňiz öýdýän? — diýip, gyz ýigide öýkeli ýaly sowal berdi.

Şonuň yz ýanyndanam ýüzüne garap, onuň utanandygyndan lezzet aldy, ýylgyrdy. Martin Rufuň açyk ýüzüne seredip, öz kalbynda nähili galagoplulygyň bolup geçendigini onuň asla aňmandygyny bilip utandy. Ol öz hyýalynda birneme gatyragam gitse gitdi welin, henize çenli hiç bir zenanyň, Rufdan başga hiç bir zenanyň öz islegine düşünmändigini ýatlap bilmedi. Hawa, Ruf düşünmedi. Ähli gep hem şondady. Ruf düýpden başga zenan eken. Martin öz gödekligi, gyzyň päkliginden hem edepliliginden gelip çykýan türkanalygy hakda oýlanyp, özüni püçege çykardy. Netijede, ol ikisiniň arasyna ýene şol boşluk dolanyp geldi. Köpri ýumruldy.

Barybir, şol günki bolan ýagdaý Martini gyza has ýakynlaşdyrdy. Ol hakdaky ýatlama Martiniň ýadyndan çykmady hem-de oňa lapykeç bolup, ikirjiňlenen pursatlary teselli berdi. Iki aradaky boşluk indi öňki ýaly gaty giň däldi. Ol sungat bakalawry hukugyny berýän dereja eltýän ýoldan

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
has uzak ýol geçipdi. Dogry, Ruf şeýle bir päkdi welin, Martin ozal beýle päklik bolýandyram öýtmeýärdi. Ýöne ülje welin gyzyň dodagynda tegmil galdyrypdy. Ol dünýädäki hemme adamlar ýaly fiziki kanunlara boýun bolmalydy, olam ýaşamak üçin iýmelidem, sowuklamalydam, näsaglamalydam. Ýöne esasy gep başgady. Esasy gep onuňam açlyk çekip biljekligindedi, teşnelikden, yssydan, sowukdan ezýet çekip biljekligindedi. Diýmek, ol söýgini-de, erkek adama bolan söýgini-de duýmalydy. Martin bolsa erkekadamdy ahyryn! Onda Martin näme üçin hakyky erkek adam ýaly hem bolmaly dälmişin!? «Men öz bagtyma ýeterin — diýip, Martin pyşyrdady. — Erkegem bolaryn. Erkek bolmagy başararynam. Öz bagtymy elime alaryn!»

## BXII bap

ir gezek, agşamara Martin beýnisinde dyknyşyp duran, entek aýdyň bolmadyk, ýöne ajaýyp görnüşleri sonetine goşmak üçin netijesiz jepa çekip otyrka, telefona çagyryldy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Aýal sesi. Özem örän ýakymly ses — diýip, mister Higginbotam ýaňsyly äheň bilen habar berdi.

Martin otagyň burçunda duran telefonyň trubkasyny göterip, Rufuň sesini eşideninden endamyna gyzgyn suw sepilen ýaly boldy. Ol sonet ýazmaga gümra bolup, asyl Rufuň bardygynam hakydasyndan çykaran eken, ýöne tanyş ses ýaňlandy welin, yşk heseri ýaňadandan, ýyldyrymyň haýran ediji urgusy ýaly bolup, täze güýç bilen kalbyna doldy. Ol ýöne bir ses däldi. Ol owazdy! Ol mukamdy, Martini akyl-huşdan aýryp däliredýän owazdy! Ol näzikdi, şirindi, ýakymlydy. Ol kümüş jaňjagazlaryň uzakdan gelýän arassa sesidi. Hemmeler ýaly adaty zenanda, ahyrsoňy dünýäden ötmeli zenanda beýle ses bolup bilmez. Ol sesde älem bilen, başga dünýä bilen baglanyşykly bir gudrat bar. Mister Higginbotamyň syçanyňka meňzeş gözüni özüne dikendigini bilýäni üçin aljyrandygyny ýüzünden aňlatmazlygyň aladasyny etse-de, inçe duýgynyň girdabyna gark bolan Martin Rufuň telefonda aýdan sözlerine oňly düşünip hem bilmedi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ruf jaň etmek bilen üýtgeşik zat hem aýtman- dy. Ol bile leksiýa gitmegi dilleşen Normanyň näsaglany sebäpli, eger gaýry zerur aladasy bolmasa, Martini leksiýa çagyrýardy.

«Gaýry zerur aladasy bolmasa!» O nähili gep?! Onuň Rufdan zerur aladasy bolup bilermi? Martin sesiniň sandyramasyny zordan saklady. Ol şu mahala çenli nirädir bir ýere çagyrmaga milt edip bilmänsoň, Ruf bilen diňe olaryň öýünde duşuşýardy. Eli trubkaly durka, birden onda Ruf üçin ölmek islegi peýda boldy, şol sebäpli hem söýgi üçin jan gurban edilýän görnüşler, gahrymançylykly sahnalar onuň gözüniň öňünden geçdi. Ol Rufy şeýle bir söýýärdi, şeýle bir söýýärdi welin, gyzyň özüni söýmeýänini bilse-de söýýärdi. Onuň özi bilen gitjekdigini, özi bilen, hut Martin Iden bilen leksiýa diňlemäge gitjekdigini ýatlanda, kalby akyldan azaşdyryjy begençden doldy

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
welin, şu pursat Rufuň ugrunda ölmekden gaýry hiç pikir onuň kellesine gelmedi. Şol ölüm onuň öz peýdasyna çapmaýan, päk duýgusyny tekrarlamagyň ýeke-täk şaýatnamasydy. Ol her bir çyn aşyga-da belli, öz bähbidiňden geçmeklik joşgunynyň möwç urmasydy, Martin gysgajyk telefon gepleşigi mahaly şol möwç urmany edil ýalynly tüweleý tutan ýaly edip tutdy. «Onuň üçin janyňy gurban etmek ýaşamak hem çyndan söýmekdir» — Martiniň gelen aýgydy şeýle. Martin ýigrimi bir ýaşyndady, söýgüsi hem ilkinji söýgüdi.

Hut ýap-ýaňy bolup geçen sarsgyndan soň, bedeninde gowuşgynsyzlyk duýan Martin sandyraýan elindäki trubkany goýdy. Ol durmuşyň hapa pisliklerinden saplanyp, göýä keramatly hem günäsiz adama meňzedi, gözleri lowurdady, ýüzi durlandy.

— Nirdendir bir ýerden duşuşmaga zat tapyldymy, ä? — diýip, Higginbotam içýakgyç pyşyrdady. — Olar ýaly işiň näme bilen gutarýanyny bilýäňmi? Polisiýanyň, kazyýetiň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gapysyndan öz aýajygyň bilen bararsyň, gadyrdanym.

Martin henizem üstüne çykan belentliginde gaýyp ýördi, hatda giýewsiniň bolgusyz sözleri-de ony ýere gaýtaryp getirmegi başarmady. Martin ýigrençdenem, içýakgyçlykdanam belentdedi. Ol henizem tutuş durky bilen ajaýyp görnüşiň gujagyndady, özi hem edil Hudaý ýaly bolup, Higginbotam kimin sansyzyň garşysyna-da, özünde haýpygelijilikden gaýry duýgy hem oýarjak bolmady. Ol Higginbotamy bardyram öýtmedi, nazary giýewsiniň içinden parran geçip, onuň aňyrsyndaky zatlary-da görýän ýalydy. Ol özüni düýşde ýaly duýup, geýinmek üçin otagdan çykyp, aýnajygynyň öňünde boýunbagyny daňyp durka, gahar getiriji bir ses eşitdi. Ol Higginbotamyň içýakgyç wagyrdysydy, Martin ony edil şu mahal eşiden ýaly boldy.

***

Martin Morzlaryň gapysy yzlaryndan ýapylanyndan soň, Ruf bilen bile köçeden ýöräp barýandygyny bilip galdy. Birdenem, ony aljyraňňylyk gurşap aldy. Onuň gyz bilen egin

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
deňläp baryşlarynyň döreden şatlygyny garaşylmadyk ýerden peýda bolan bir şübhe puja çykardy. Martin bular ýaly ýagdaýda özüni nähili alyp barmalydygyny bilmeýärdi. Ol öz köne tanyşlarynyň köçä çykanlarynda zenanyň golundan tutýandyklaryny kän görüpdi. Ýöne hemişe beýle bolmaýardy. Diňe agşamlaryna şeýdilýärmi, diňe är-aýal ýa-da agasy bilen uýasy goltuk tutuşyp ýöreýärmi — şulary-da Martin onçakly anyk seljermeýärdi...

Ruf bilen eýwanyň basgançagyndan düşüp gelýärkä, Martin Minnini ýatlady. Minni tüýs kaşaň geýinýän nysakçyl zenandy. Ikinji gezek gezelenje çykylanda, ol hakyky medeniýetli kişileriň zenan bilen seýle çykanda mydama ýanýodanyň daş tarapyndan ýöremelidigini aýdyp, Martine iç tarapyndan ýöränligi sebäpli käýindi. Köçeden geçilende, daş tarapda bolmagy ýadyndan çykarmazy ýaly, Minni onuň aýagyna basmagy endik edindi. Ýöne ol Minniniň beýle düzgüni nireden gazyp tapandygyny, ýokary gatlak adamlarynyňam şol tertibe eýerýändiklerini, ony berjaý etmegiň gerekdigini, gerek däldigini bilmeýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Barybir, Martin «Şol düzgün bozulaýanda-da ullakan betbagtçylyk bolmaz» diýen aýgyda geldi-de, köçä çykylanyndan soň, Rufy öňe goýberdi, özi onuň gapdalyndan, ýanýodanyň daş tarapyndan ýöredi. Şu ýerde ikinji bir mesele, «Gyzyň goltugyndan tutmalymy?» diýen sowal döredi. Martin şu mahala çenli-hä ýanyndaky zenana elini uzadyp, goltugyndan elini geçirmegi teklip edip görmändi. Bu ýerde welin, ýagdaý başgarakdy. Ruf özge dünýäniň gyzydy. Şonuň üçinem Martin nähili hereket edende gyzyň göwnüne ýarajagyny bilmeýärdi.

Martiniň tötänden, köne endigine görä edýän kişi bolan bolup, sag elini tirsekden çalarak epip görmek pikir kellesine geldi. Ine, birdenem, geň ýagdaý ýüze çykdy. Martin gyzyň eliniň öz eli .

Brodweýde Martine täze bir synag garaşýardy. Köçe çyralarynyň ýagtysynda birden Lizzi Konolli göründi. Onuň ýanynda şol gülkünç sypatly jorasy hem bardy. Ol bir dem, diňe bir dem aljyrajak ýaly etdi-de, derrew şlýapasyny çykaryp, olaryň öňünde baş egen boldy. Ol öz synpy ýagdaýyndan peseljek bolmandy, şeýle hem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
onuň baş egmesi diňe bir Lizzi Konellä hem degişli däldi. Gyz hormata baş atyp jogap gaýtardy, şol bir wagtda-da özüniň niň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Rufuň mylaýym hem näzik gözlerine meňzemeýän, ýylgyryp duran owadan gözleri bilen Martine seretdi. Şeýle hem ol Rufa-da ser salanda, onuň daş sypatyny, geýim-gejimini synlap, gyzyň nähili gatlakdandygyny aňan bolsa gerek. Martin Rufuňam Lizzä gysga, ýöne mylaýym nazar aýlanyny görüp, arzan eşiklerine, şol döwürlerde işçiler synpyndan bolan gyzlaryň ürç edip geýýän, geň-taň galaýmaly şlýapasyna baha berip ýetişendir öýdüp çaklady.

— Nähili görmegeý gyz! — diýip, Ruf bir minut çemesi wagtdan soň dillendi.

Martin ol sözleri üçin Rufa minnetdarlyk bildirmäge taýyndy welin, birdenem:

— Bilmedim, gözellige her kimiň öz baha kesişi bolýa-da — diýdi. — Men-ä ol gyzda aýratyn bir owadanlyk göremok.

— Aýdýanyňyz näme! — diýip, Ruf oňa garşy çykdy. — Ol gyzyňka meňzeş göz, gaşy ölçelip goýlan ýaly ýüz seýrek gabat gelýär. Onuň ýüzi edil haşamlanan çeper sungat işine çalym edýär. Üstesine, gözleri hem diýseň ajaýyp.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz şeýledir öýdýäňizmi? — diýip, häzir ýanyndan egnini egnine degrip ýöräp barýany giň jahandaky iň owadan gyz hasap edýän Martin göwnübirlik bilen dillendi.

— Eger ýaňky gyzy geýnilmelisi ýaly geýindiräge-de, özüňi alyp barmagyň düzgünlerini hem öwredäýseň, onuň ähli erkekleri, şol sanda sizi hem, mister Iden, aňk etjekdigini men öňünden aýdyp goýaýyn.

— Ol hemme zatdan ozal dürs geplemegi öwrenmeli bolar. Ýogsam, şol aňk boljak erkekleriň köpüsi onuň diline-de düşünmezdiler. Ol gyz endigine görä geplese, aýdanlarynyň ýaryna-da düşünmejegiňizi menem öňünden aýdaýyn.

— Beýle däl. Sizem, özüňiziňkini ýörgünli etjek bolanyňyzda, edil Artur ýaly hötjet-dä.

— Ilkinji duşuşygymyzda meniň nähili gepländigimi siz ýadyňyzdan çykardyňyzmy? Häzir men düýpden başgaça gepleýändirin. Şol duşuşyk mahaly menem edil ýaňky gyz ýaly gepleýärdim. Şondan bäri men siziň diliňizi öwrendim. Şonuň üçinem size düşnükli bolan

dilde şol gyzyň diline düşünmejegiňizi tassyklap bilerin. Onuň özüni şeýle alyp barýandygynyň sebäbini bilýärsiňizmi? Men indi elmydama ozal kelläme-de gelmedik zatlar barada pikir edýärin, özümem kän zatlara düşünip başladym.

— Olar näme üçin özlerini şeýle alyp barýarlar?

— Ol indi birnäçe ýyl bäri fabrikde işleýär. Ýaş beden edil mum ýaly ýumşaklyk bilen ýagdaýa görä gyşarýar. Agyr zähmet ýaş gyzyň bedenini öz diýen ugruna ösdürýär. Şonuň üçinem ol edýän işine kybapdaş bolup özgerýär. Men köçede gabat gelen işçiniň näme bilen meşgullanýandygyny bir bakyşda saýgaryp bilýän. Ynha, maňa garaň. Näme üçin men çaýkanyp ýöreýän? Sebäbi men tutuş ömrümi diýen ýaly gäminiň üstünde geçirdim. Eger men deňizçi bolman, gassapçylyk eden bolsam, maýtyklap ýörärdim, aýagymam gyşyk bolardy. Ýaňky gyz babatda-da ýagdaý şeýle. Siz onuň garaýşynyň hyrsyzdygyna üns berdiňizmi? Ol hiç mahal kimdir biriniň ganatynyň astynda penalan däldir. Şeýle ýagdaýdaky gyz mydama öz aladasyny özi etmeli bolýar. Gyz halky hem öz pikirini özi edip, öz

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gamyny özi iýmeli bolanda, onuň… siziňki ýaly näzik, mylaýym bakyşy bolmaýar.

Ruf pessaý ses bilen gepledi:

— Diýseň-diýmeseň, siz mamla. Nähili elhençlik!. O gyz şeýle bir owadan welin…Martin oňa seredende, gözlerinde haýpygelijilik alamatyny okady. Şol pursadam özüniň ony söýýändigi, üstesine-de, egin-egne deňläp bile leksiýa diňlemäge gitmek bagtynyň berlendigi barada pikir etdi.

«Sen kim, Martin Iden? — diýip, ol şol agşam öýüne dolanyp gelensoň, aýnanyň öňünde öz keşbine seredip sowal berdi. Ol özüne uzak wagt, onda-da gyzyklanma bilen garady. — Sen kim, sen näme? Seniň ornuň nirede? Seniň ornuň ýaňky Lizzi Konolli ýaly gyzlaryň ýanynda bolmaly, gadyrdan. Seniň ornuň pesligiň, haýasyzlygyň, gödekligiň höküm sürýän ýeri — jepakeş adamlaryň arasynda. Seniň ornuň iş haýwanlarynyň arasynda. Seniň ornuň hapaçylygyň hem dersiň, tezegiň içinde. Gök önümleriň zyňyndysy dökülýän ýer seniň aýagyň aşagy bolmaly. Ýeralmasy çüýräp ýatyr. Şol

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
aňkap duran howadan dem al ahyryn, al kakmyş! Öýkeniňi dolduryp dem al. Sen bolsa kitaplara burnuňy sokan bolýaň, täsin sazlary diňlän bolýaň, ajaýyp suratlary görýäň, diliňi düzetmegiň aladasyny edýäň, öz ýoldaşlaryň hiç biriniň ýadyna-oýuna-da getirmeýän zatlarynyň pikirini edýäň. Lizzi Konolliden ýüz öwrüp, özüňden million mil ýokardaky ýyldyzlaryň arasynda ýaşaýan gyza aşyk bolýarsyň. Sen kim, al kakmyş? Sen näme, jyn urmuş! Bu zatlar seni oňlulygyň üstünden eltermikä?»

Ol aýnada görünýän keşbine ýumrugyny düwüp haýbat atdy-da, giňden açyk, emma hiç zat görmeýän gözlerini öňe gönükdirip, krowatyň gyrasynda oturdy. Soň kän wagt geçmänkä, depderini hem-de algebradan okuw kitabyny alyp, hasap deňlemesini çözmäge başlady. Sagat dilleri bolsa öňe okduryldy, ýyldyzlar kem-kemden öçdi, penjiräniň aňyrsynda säheriň öňüsyrasyndaky alagaraňkylyk äleme ýaýylyp ugrady.

## XIII bap

Işçiler synpyndan bolan, geplemäge döwtalap sosialistleriň hem filosoflaryň yssy günleriň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
birinde Siti-Hol seýilgähinde açylan gurnagyna baran Martin Iden tötänden bir açyşa duçar boldy. Ol her aýda iki gezek kitaphana gidýän günleriniň birinde şol seýilgähiň üstünden ýoly düşende, tigrini saklap, olaryň çekişmesine diň salýardy. Her gezegem şeýle gyzykly jedeli taşlap gitmek oňa gaty agyr degýärdi. Ol ýerdäki çekişmäniň umumy äheňi mister Morzuň naharyň başynda bolýan çekişmeden başgarakdy. Çekişmä gatnaşýanlar hondanbärsem däldiler, öz mertebelerini bolşundan beýgeltjegem bolmaýardylar. Olar gyzmalyklarynyň jylawunam çekmän, biri-birine gelşiksiz at hem dakýardylar, üstlerini sögünç bilen, awuly kakdyrma bilenem gömýärdiler. Çekişme wagtynda ýagdaý iki gezek dagy ýumruklaşma-da baryp ýetdi. Martin näme üçin beýle bolýandygy barada özüne jogap hem okaman, çekişmä girýänleriň harçaňlaşmagynyň teýinde haýsydyr bir düýpli ýapyşalga, esas bardygyny duýýardy. Bu ýerdäki çekişme oňa mister Morzuň sabyr-takatlylygyndan, hakykatyň takyklygyny inkär edýän dogmatikliginden has düýpli täsir galdyrdy. Dawalaşanlarynda iňlis dilini rehimsizlik bilen ýoýup gepleýän ol adamlar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
akylyndan azaşana meňzäp, ellerini hereketlendirýärdiler, ilkidurmuş adamlaryýaly, biri-birine gazap bilen hüjüm edýärdiler. Bolsa-da, olar Martin üçin mister Morz hem onuň dosty mister Betler bilen deňeşdireniňde, hakyky durmuşa has golaý ýaly bolup görünýärdiler.

Şol üýşmeleňde Martin telim gezek Gerbert Spenseriň adyny eşitdi. Bir gezek bolsa, onuň şägirdi bolup işini dowam etdiriji hem seýilgähde peýda boldy. Ol içinde köýneginiň ýokdugyny gizlemek üçin pide bolan kurtkasynyň edil kekirdegindäki iligine çenli ildiren, gözgyny sergezdandy. Yzy üzülmän çekilýän papiroslaryň tüssesiniň, temmäkiden ýasalyp, çilime derek ulanylýan çeýnewaç tüýkürintgileriniň arasynda esasy çaknyşyk başlandy. Gaýtam, ýaňky gelen gözgyny sergezdan jedelçileriň ähli çozuşlaryna, hatda bir sosialist-işçiniň: «Akyl ýetirilmeýänden gaýry Hudaý ýok, Gerbert Spenserem onuň pygamberi!» diýip gygyryp aýdan ýaňsylamasyna-da ussatlyk bilen gaýtargy bermegi başardy. Martin çekeleşigiň näme barada gidýändigine düşünmeýärdi, ýöne ol Gerbert Spenseriň kimdigi bilen içgin gyzyklandy,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
kitaphana baransoňam onuň «Başlangyjyň esaslary» diýen işini okamaly etdi. Sebäbi çekeleşige giren sergezdan jedel has gyzan mahaly şol işiň adyny ýygy-ýygydan agzaýardy.

«Başlangyjyň esaslary» hem beýik açyşyň başlangyjy boldy. Martin ozal bir gezek Spenseriň «Psihologiýanyň esaslary» kitabyny okamaga synanyşyk edipdi welin, edil Blawatanskaýa hanymyň kitabyny okamaga synanyşandakysy ýaly şowsuzbolupdy. Ol «Psihologiýanyň esaslaryny-da», asla düşünmäni üçin okaman yzyna gaýtarypdy. Ýöne şu agşam welin, algebranyň, fizikanyň yzyndanam sonet bilen uzak kelle döwüp gidişensoň, ol düşege gyşardy-da, «Başlangyjyň esaslaryny» açdy. Säheriň çalaryp ugran gözleri entek ol kitap okap ýatyrka penjireden garady. Martiniň gözüne uky gelmedi. Şol gün ol ýeke setirem ýazmady, tä ýanbaşy syzlaýança okady. Ýanbaşy azar berip başlanyndan, ol krowatdan düşdi-de, ýalaňaç polda ýatdy, kä tirsekläp, käte hem kitaby ýokaryk tutup okady. Garaz, gijäni şeýdip geçirdi, irdenem ýazmaga başlady, ýöne düýnki okan eseri şeýle bir özüne çekýärdi welin, ol tutuş dünýäni, hatda

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
agşam Rufuň garaşýandygynam unudyp kitap okady. Ol Bernard Higginbotam gapyny giňden açyp: «Olar restoran saklaýandyr öýdüp pikir edeňokmy?» diýen sowal bereninden soň, özüne gelen ýaly boldy.

Martin Iden mydama-da bilesigelijiligi bilen tapawutlanýardy. Onuň hemme zat bilen işi bardy, umumy dünýä sergezdany bolup entäp ýören deňizçiniň hünärini saýlap almagynyň sebäpleriniň biri hem şoldy. Indi bolsa ol Spenseri okap, özüniň zat bilmeýändigine, deňizden-deňze näçe entese-de, hiç zat öwrenmejekdigine göz ýetirdi. Martin arasynda baglanyşyk getirmäge-de synanyşmazdan, «tötänlikleriň täsin tirkeşikligi» diýip, göz öňüne getirýän dünýä ulgamyna baglanmaýan, bölek-büçek hadysalary synlap, käbir delilleri ýygnap, kämahal olardan öz hususy netijesini çykaryp, zatlaryň aslyna ýetmän, üstünden taýyp geçýärdi. Ol uçup barýan guşlara ser salyp, olaryň uçuş tilsimi barada ýygy-ýygydan oýlanýardy, ýöne hiç haçan ol hadysanyň jemini jemlemeýärdi, uçuşyň täri hakynda, asyl uçýan janly-jandaryň döremegine getiren ösüşi hakynda oýlanmaýardy. Hatda şeýle hadysanyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bardygy barada-da pikir etmeýärdi. Guşlaryň «bolup bilmekleri» onuň kellesine gelmeýärdi. Olar «bolupdylar» — bolany şol. Şeýle bolupdyr-da. Başga gep ýok.

Beýleki hadysalaram edil guşlaryň uçuş meselesiniň çözülişi ýaly çözülýärdi. Onuň filosofik netije çykarmalar synanyşygy ylmynyň hem pikirlenmek endiginiň ýokdugy sebäpli, şowsuz bolup gidýärdi. Kantyň orta asyr metafizikasy oňa özüniň akyl başarnygyna şübhelenmegine mejbur etmekden gaýry hiç zat açyp bermedi. Romensiň çakdanaşa ýöriteleşdirilen kitabyndan ewolýusiýanyň nazaryýetini öwrenjek bolanda-da, edil şonuň ýaly şowsuzlyga uçrady. Soňky okan kitabyndan ýeke-täk çykaran netijesi hem ewolýusiýa hakyndaky düşünjäniň patarraky dilde düşünişýän guraksy maýdaçyllaryň esassyz, teoretik oýlap tapmasydy. Indi bolsa Martin onuň asla gury nazaryýet bolman, ösüşiň hemmeler tarapyndan ykrar edilen kanunydygyny bildi. Alymlaryň arasynda şol mesele barada jedel gidýän bolsa, ol diňe ewolýusiýanyň görnüşleri hakyndaky öz hususy sowallarydyr.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ine, Spenser diýen bir adam peýda boldy. Ol hemme zady ýerbe-ýer goýuşdyrdy, baglanyşdyrdy, netije çykardy, şonluk bilenem aňk bolan Martine düzgüne salnan açyk dünýä özüniň ähli aýdyňlygy bilen göründi welin, ol deňizçileriň ýasap, aýna guta salyp satýan oýunjak gämilerini ýatlatdy. Bu ýerde geňligem, tötänligem ýokdy. Hemme zat kanunydy. Şol kanuna laýyklykda guş uçdy, hut şol kanuna laýyklykda ýatan bir şekilsiz suwuk gan hereket edip başlady, oňa ganat bitdi, penje döredi — guş dünýä indi.

Martin özüniň akyl ösüşiniň ýolunda belentlikden belentlige dyrmaşýardy, häzir bolsa ol iň ýokary belentligiň üstündedi. Ol birden bar zatlaryň manysynyň özenine ýetdi, tebigat syrlaryna aralaşmagy bolsa, ony serhoş etdi. Ol düýşünde hudaýlaryň arasynda ýaşaýardy, göze görünýän uly zatlaram onuň yzyna düşüp ýördüler, gündiz bolsa ukudaka gezip ýören adama meňzeýärdi, elek-çelek nazaryna bolsa, özüne diňe Spenseriň açyp beren dünýäsi görünýärdi. Nahar başynda otyrka, adamlaryň durmuşyň maýda-çüýde meseleleri baradaky dawalaryny, gürrüňlerini

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
eşitmeýärdi. Sebäbi onuň aňy öňünde görünýän ähli jisimleriň sebäpli baglanyşyklaryny açmak bilen gümra bolup, mydama dartgynly işleýärdi. Ol tabagyndaky ete seredeninde, Gün şöhlesini görüp, ýene şol şöhlä dolanyp gelýänçä, onuň özünden millionlarça millikdäki asyl çeşmesine çenli ähli özgeriş ýoluny yzarlaýardy ýa-da muskullaryny herekete getirip, elini et kesmäge mejbur edýän güýç hakynda, muskullara buýrugyny ýöredýän beýni hakynda oýlanýardy. Martin öz oýlanmalaryna şeýle bir batypdy welin, Jimiň «Aklyndan azaşypdyr!» diýeninem eşitmedi, aýal doganynyň biynjalyk garaýşyna-da üns bermedi, Bernard Higginbotamyň «akmak» diýen manyny aňdyryp, süýem barmagyny çekgesinde aýlandygyny-da görmedi. Martini has beterem haýran galdyrýan zat ylymlaryň, hemme ylymlaryň arabaglanyşygydy. Ol bilesigelijilik meselesinde hemişe açgözdi. Onuň süňňüne aralaşmagy başaran ylymlary beýnisiniň aýratyn bir böleginde saklanýan ýalydy. Mysal üçin, beýniniň bir öýjüginde deňiz meselesine degişli bölek-büçek maglumatlar saklansa, başga birinde zenanlar hakdaky ýatlamalar ýerleşýärdi. Ýöne şol

iki öýjük bir-biri bilen baglanyşmaýardy. Heleý şermendeligi bilen gäminiň gaý-tupandaky çaýkanyşynyň arasynda baglanyşyk döretmek hakda pikir edilmegini Martin hem bolmajak zat, hemem bolgusyzlyk hasaplaýardy. Emma Gerbert Spenser oňa şol meselede diňe bir bolgusyzlygyň ýokdugyny däl, eýsem, şol iki görnüşde arabaglanyşygyň bolmazlygynyň mümkin däldigini düşündirdi. Dünýäde hemme zat, älem boşluklaryndaky iň alysda duran ýyldyzlar bilen adam dabanynyň astyndaky maýdaja gumuň iň bir ujypsyz bölejiginiň arasynda-da baglanyşyk bar.

Şol mesele Martin üçin mydama geň galmaklygyň çeşmesidi. Indi bolsa ol ähli wagtyny älemdäki (başga älemdäkileriňem) zatlaryň hemmesiniň arasynda baglanyşyk gözlemegiň aladasyna bagyşlaýardy. Ol dürli-dümen jisimleriň, tebigy hadysalaryň telim sahypany dolduryan sanawyny depdere ýazyp, olaryň arasyndaky baglanyşygy tapaýmasa ynjalmaýardy. Şeýlelikde, ol söýginiň, şygryýetiň, ýertitremäniň, oduň, haşşyldyly ýylanyň, älemgoşaryň, gymmatbaha daşlaryň, bedroýlygyň, Günüň ýaşyp barşynyň, ýolbars arryldysynyň, ýagtylyk gazynyň, adamhorlugyň,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gözelligiň, ganhorlugyň, naharlaryň hem çilimiň arasynda baglanyşyk bardygyny ýüze çykardy. Indi älem onuň üçin bütewi bir zat bolup göründi. Martin şol giň älemiň çola köçelerinde, öňi petiklenen ýollarynda, okgeçmez tokaýlyklarynda näbelli bir maksada tarap barýarka, sümme jeňňelliklerde azaşyp ýören ýolagçy däl-de, gabat gelen zady nazaryndan sypdyrmaýan, hemme görenini karta belleýän, köp zady bilýän, köpügören tejribeli syýahatçy ýaly bolup gezdi. Özi-de ol näçe köp bildigiçe, äleme, durmuşa, öz durmuşyna şonça-da haýran galýardy.

— Ah sen, kemakyl! — diýip, ol özüniň aýnadaky keşbine gygyrdy. — Ýazasyň geldi, ýazdyň. Sende ýazar ýaly zadam ýok eken-ä. Näme bardy? Çaga düşünjesi, gögele duýgy, gözellik hakdaky bulaşyk göz öňüne getirme, örän düýpli nadanlyk, söýgi sebäpli ýaryljak bolup duran ýürek hemem şol söýgi ýaly güýçli, seniň nadanlygyň ýaly näumyt göwnühoşluk. Bolany şol. Sende diňe şu mahal ýazmaga zat tapyljak bolýar. Gözelligiň tebigaty barada özüň hiç zat bilmeýän halyňa gözellik döretmek islediň. Özüň onuň manysy hakynda hiç zat bilmeýän halyňa durmuş hakynda

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýazmak islediň. Sen dünýä hakda ýazmak islediň, dünýä bolsa seniň üçin hytaý tapmaçasy ýaly baş çykarmajak zadyňdy. Her bir ýazan eseriňem seniň nadandygyňa ýene bir gezek kepil geçýärdi. Ýöne ruhdan düşme, Martin, meniň ýigdekçäm. Entek sen ýazarsyň. Eýýäm öwrenen zatlaryň bar, gidip barýan ýoluňam dürs ýol. Bahym köp zatdan baş çykararsyň. Eger bagtyň çüwse, sen iru-giç bilinmegi mümkin zatlaryň hemmesini bilersiň. Ana, şonda sen eser ýazarsyň.

Martin şatlygyny hem özüni haýran eden açyşyny aýtmak üçin Ruf bilen duşuşdy. Ýöne ol beýle zatlary ozaldan bilýän bolarly, aýdylan habary göwnübirlik bilen kabul etdi. Martini beýle ýagdaý geňirgendirmedi. Sebäbi ol öz açyşynyň Ruf üçin, diňe onuň üçinem däl, täzelik däldigine düşünýärdi. Bilip otursa, Artur bilen Normanam ewolýusion nazaryýetiň tarapdary eken, çaky özlerine onçakly düýpli täsir ýetirmedigem bolsa, ikisem Gerbert Spenseri okapdyrlar. Will Olneý atly gözi äýnekli ýaş ýigit bolsa, Spenseriň ady tutulandan ýakymsyz gülüp goýberdi hemem Martiniň ozal eşiden: «Akyl ýetirip bolunmaýandan gaýry Hudaý ýok, Gerbert

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Spenserem onuň pygamberi» diýen ýiti sözlerini gaýtalady.

Emma Martin onuň ýaňsylamasyny bagyşlady. Sebäbi ol Olneýiň Rufa asla göz gyzdyrmaýandygyna kem-kemden ynanyp başlady. Soňra ol dürli-dürli maýdaja tutaryklaryň kömegi bilen Olneýiň Rufy diňe bir söýmek däl, eýsem, oňa açyk sulhy almazlyk bilen garaýandygyny anyklady. Martin onuň manysyna düşünmeýärdi. Ol bu adaty däl ýagdaýy älemiň beýleki hadysalary bilen baglanyşdyryp bilmeýärdi. Özüniň haýsydyr bir tebigy ýetmezçiligi zerarly Ruf ýaly gyzyň gözelligine mynasyp baha berip bilmeýän ýaş ýigide Martiniň haýpy geldi. Ýekşenbe günleri olaryň hemmesi ýygy-ýygydan tigirli gezelenje çykýardy. Martiniň şol gezelençlerden çykarýan netijesine görä, Ruf bilen Olneýiň arasyndaky parahat gatnaşyk çaknyşygyň öňüni dolapdy. Olneý Rufy Artur bilen Martiniň ýanynda galdyryp, Norman bilen bile bolýardy. Onuň üçin Martin Olneýe örän minnetdardy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Şol dynç günleri Martin üçin iki sany şatlyk eçilýän günlere öwrülýärdi. Birinjiden-ä, wagtyny Ruf bilen geçirmäge mümkinçilik döreýärdi, ikinjidenem, Rufuň döwresindäki ýaşlaryň jemgyýetine ýakynlaşýardy. Şol ýaşlaryň hemmesi-de yzygiderli ylym alanam bolsa, düşünje babatda Martin olardan pes oturmaýardy. Şeýle hem olar bilen pikir alyşmak Martiniň gepleşik diline örän oňat tejribe bolýardy. Martin görüp,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
seredip öwrenmäge ukyplydygyna daýanyp, özüňi alyp barmagyň düzgünleri baradaky kitaby okamagy hem köp wagt mundan ozal bes etdi. Ol bir zada güýmenip duran mahaly bolaýmasa, ýanyndaky adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny üns bilen synlap, olaryň bir-biri bilen gepleşenlerinde edýän ähli maýdaja hereketlerine çenli ýadynda saklajak bolýardy.

Spenseri kän adamyň okamandygyna Martin haýran galdy. Kitaphananyň sowal-jogap bölüminde oturýan adam: «Spenser, oho-ho, ol beýik akyl!» diýdi. Ýöne çaky, onuň özüniň hem şol beýik akylyň döredenlerinden okany gaty az ýalydy. Bir gezek Morzuň öýünde nahar başynda, mister Betlerem barka, Martin Gerbert Spenserden gep açdy. Mister Morz iňlis filosofynyň agnostisizmini (hakyky dünýäniň akyl ýetirerlikdigini inkär edýän filosofik akym. — Terjimeçiniň belligi) gaty ýazgardy, şonuň bilen birlikde-de Spenseriň kitabyny okamandygyny boýun aldy. Mister Betler bolsa, Spenseriň özüni gaýgy-gama batyrýandygyny, onuň eserleriniň ýeke sahypasyny-da ahyryna çenli okap bilmeýändigini, ony okamasa-da gününiň örän

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
oňat geçýändigini beýan etdi. Martinde müňkürlik döredi. Eger ol şeýle kesgitli, özdiýenli bolmadyk bolsa, aýdylan umumy pikirlere goşulyp, mundan buýana Spenseri okamakdan el çekerdi. Ýöne Spenseriň dünýägaraýşyny şübhesiz hakykat hasap edýänligi üçin, Martine ondan ýüz öwürmek deňizçiniň kompasy bilen ýüzüş kartasyny suwa taşlamagynyň mümkin däl bolşy ýaly nämümkindi. Şonuň üçinem ol meseläniň içine girdigiçe, düýpli aralaşmak ýoly bilen hemem Spenseriň dünýägaraýşyny tassyklaýan müňlerçe adamyň pikirine gabat gelmek bilen, ewolýusiýa nazaryýetini özleşdirmegi dowam etdi. Ol okamasyny dowam etdigiçe-de, öňünde bilimiň derňelmedik gatlary açyldy. Şonuň üçinem ol gije-gündizde bary-ýogy ýigrimi dört sagat bardygyna gynandy.

Günüň gysgadygyny hasaba almagy oňa algebrany hem geometriýany taşlamaly etdi. Trigonometriýa bolsa, ol entek girişmändem. Soň ol öz gün tertibinden himiýany hem çykaryp, diňe fizikany galdyrdy.

Martin özüniňkini mamla etmek üçin Rufa:

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men ol ugurlardan ýörite hünärmen däl ahyryn! — diýdi. — Hünärmen bolmak islämogam. Ylym şeýle bir kän welin, olary özleşdirmäge bir adamyň tutuş ömrem ýetmez. Men umumy sowat almak isleýän. Ýörite bilim gerek bolsa, aýratyn kitaplara ýüz tutaýaryn.

— Ýöne beýtmek özüň ylym öwrenen ýaly bolmaz ahyryn — diýip, Ruf aýdylany goldamaýandygyny duýdurdy.

— Ony öwrenmek nämä derkar? Biz mydama hünärmenleň zähmetinden peýdalanýarys-a. Olar şoň üçin gerek-dä. Siziň gapyňyzdan girip gelýärkäm, turbaň gurumyny kakýanlaryň işläp durandyklaryny gördüm. Olaram eli hünärli kişiler. Olar öz etmeli işlerini edip gidensoňlar, pejiň gurluşyndan başyňyz çykmaýanam bolsa, siz arassalanan turbalardan peýdalanyp başlarsyňyz.

— Siz o mysaly çekip-süýndirip, durmuşy ýagdaý bilen zordan baglanyşdyrdyňyz.

Ruf ýüzüne närazylyk bilen seredende, Martin onuň nazaryndan özüniň ýazgarylýandygyny aňdy. Ýöne ol özüniňkiniň dogrudygyna welin ynanýardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Umumy meseleler hakynda oýlanýan danalaryň, iň beýik akyldarlaryň bary hünärmenleriň zähmetinden peýdalanypdyrlar. Gerbert Spenserem edil şolar ýaly bolupdyr. Ol ylmy derňew geçiren müňlerçe adamyň işlerinden jemleýji netije çykarypdyr. Özüniň şol işleriň hemmesiniň içine aralaşmagy üçin müňlerçe ýyl ýaşamaly bolardy. Darwiniň ýagdaýy hem edil şonuň ýaly. Ol öz derňewlerinde bagbanlaryň, maldarlaryň öwrenen zatlaryndan peýdalanypdyr.

Olneý Martini goldap:

— Siz dogry aýdýarsyňyz, Martin — diýdi. — Siz näme isleýäniňizi bilýärsiňiz, Ruf welin bilenok. Ol asyl özüniň näme isleýändiginem bilenok. Hawa, hawa, — diýip, ol Rufa aýdylana garşy çykmaga-da puryja bermän gepledi. — Siziň oňa umumy medeniýet diýýändigiňize men düşünýärin. Ýöne şol, barybir, umumy medeniýete aralaşyljak bolunsa, haýsy ylmy öwreneniňde, parhy näme? Siz fransuz dilini öwrenip bilersiňiz, nemes dilinem, esperantonam öwrenip bilersiňiz. Ýöne şol zatlaryň netijesinde siz, barybir, aýdylýan «umumy medeniýeti»

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

öwrenýärsiňiz. Şol iki diliň size nepi degmejegem bolsa, grek hem latyn dili bilenem meşgullanyň. Ol iki dilden utuş gazanmasaňyzam, medeniýetlilik welin gazanarsyňyz. Ynha, Ruf iki ýyl çemesi mundan ozal iňlis-sakson dilini öwrendi, onda-da gowy öwrendi. Emma häzir «Atyr ysly aprel öz ýagşyny ýagdyrýar» diýen ýeke setirden gaýry hiç zat bilmeýär. Şeýle dälmi näme, ä? Şol hem size «umumy medeniýet» berdi. — Ol ýene gyza jogap gaýtarmaga pursat bermän, gülküsiniň yzyny gürrüňe gatdy.

— Bilýän, bilýän. Ikimiz bile okadyk ahyryn.

— Siz medeniýet barada edil maksat däl-de, serişde ýaly gürleýärsiňiz — diýip, Ruf ahyr dillenmäge maý tapdy. Onuň gözleri lowurdady, ýaňaklary al reňke boýaldy. — Medeniýetiň özi maksat ahyryn.

— Ýöne Martine ol gerek däl.

— Siz ony nireden bilýärsiňiz?

— Size näme gerek, Martin? — diýip, Olneý oňa tarap çakgan öwrülip sowal berdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Çykgynsyz ýagdaýda galan Martin Rufa naýynjar garady.

— Hawa, siz näme gerekdigini aýdyň, şolam biziň jedelimizi çözer — diýip, Ruf Martine ýüzlendi.

— Maňa, elbetde, medeniýet gerek — diýip, Martin ýaýdanybrak jogap gaýtardy: — Men gözelligi söýýän. Medeniýet bolsa gözellige gowy düşünmäge hem onuň derejesine dogry baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Ýüzünde dabaraly görnüş peýda bolan Ruf baş atdy.

— Biderek gep! Nämäň nämedigini özüňiz gowy bilýänsiňiz, — diýip, Olneý janykdy. — Martin medeniýetli bolmak däl, dereje gazanmak isleýär. Onuň ýagdaýynda dereje gazanmagyň medeniýet bilen baglanyşygy bolsa, ýöne gabat gelme. Eger himik bolmak islese, medeniýet derkaram bolmazdy. Martin ýazyjy bolmagyň aladasynda. Ýöne biziň jedelimizde siziň utulmazlygyňyzy isleýäni sebäpli, ol barada aýtmaýar. Martin näme üçin ýazyjy bolmak isleýär? — diýip, ol özüne sowal bermek bilen, sözüni dowam etdi. — Sebäbi maddy taýdan onuň eli ýuka. Siz näme

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üçin sakson dilini okadyňyz hem «umumy medeniýete» ýetmegiň aladasyny etdiňiz? Çünki size özüňiz üçin ýol arçamak zerurýetligi ýokdy. Onuň aladasyny atañyz edýär. Ol size egin-eşik alyp berýär. Ol size başga näme gerek bolsa-da eder. Siz, diňe sizem däl, menem, Arturam, Normanam bilim alyp näme utuş gazandyk? Hemmämiziňem kekirdegimize çenli «umumy medeniýetden» doly. Ýöne erte atalarymyz, işleri çüwmän, batyp galaýsalar, biz mekdep mugallymy hukugyny gazanmagyňam synagyndan geçip bilmeris. Ýagdaý şeýle bolaýsa, Rufuň umyt baglamaga hakly zady — oba mekdebinde mugallymçylyk etmek ýa-da gyzlaryň liseýinde sazdan sapak bermek bolar.

— Siz näme etmeli bolardyňyz? — diýip, Ruf onuň özüne sowal berdi.

— Agyz dolduryp aýdar ýaly hiç zadam edip bilmezdim. Gara zähmetiň pidasy bolup, günüme bir ýarym dollar gazanardym ýa-da abraýsyz bir edara gulluga durardym. Ol ýerdenem, elinden asla hiç zat gelmeýän adam hökmünde, bir hepdeden soň küşdümiň berilmegi-de ahmaldyr.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Olneýiň aýdýanlaryny sesini çykarman diňlemek hem tassyklamak bilen, Martin şol bir wagtyň özünde-de Rufy sylamaýanlygy üçin ony ýazgardy. Şu mahalky çekeleşme wagtynda Martiniň kellesinde söýgä bolan başga bir täze garaýyş döredi. Pähim söýgi derdeserlerine goşulmaly däl. Söýýän zenanyň aýdýanlary dogrumy ýa-da nädogry — parhy ýok, des-deň. Söýgi akyldan, paýhasdan belentde durýar. Şu wagtky edilýän gürrüň babatda aýtsaň, durmuşda ýokary derejäni eýelemegiň Martin üçin gaty wajypdygyna Ruf düşünmeýän bolarly. Ýöne onuň üçin Rufuň ajaýyplygynyň belent derejesi peselmedi. Gyz, dogrudanam, ajapdy. Ol näme hakda nähili pikir edýänem bolsa, pikiriniň ajaýyplygyna ýetirýän täsiri ýokdy.

Martin garaşylmadyk sowal bilen öz pikiriniň arasyny bölen Olneýe:

— Näme diýdiňiz-ä? — diýdi.

— Siz, megerem, latyny öwrenmeseňiz gerek diýdim.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Latyn diňe bir medeniýet öwredenok. Ol, üstesine, aňy ösdürmäge-de peýda berýär — diýip, Ruf onuň sözüni böldi.

— Martin, siz latyny öwrenmekçimi? — diýip, Olneý erjellige tutdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin çakdanaşa kyn ýagdaýa uçrady. Ol gaýtaryljak jogaba Rufuň sabyr-takatsyz garaşýandygyny duýdy.

— Men latyny öwrenmäge wagtym bolmaz öýdüp gorkýaryn — diýmek bilen, ol agyr ýagdaýdan dürs çykalga tapandyryn öýtdi. — Men ony öwrenjek bolardym welin, arman, öwrenmäge wagtym bolmaz.

— Görýäňizmi? Martine siziň «umumy medeniýetiňiz» asla gerek däl — diýip, Olneý heşelle kakdy. — Ol özüne näme gerekdigine gowy düşünýär, şol «geregi» nädip tapmalydygynam bilýär.

— Dogry, ýöne ol akyl türgenleşigi ahyryn. Ol tertip-düzgün. Latyn aňy ýiteldýär. — Şu sözleri aýdan mahaly Ruf Martine öz gelen netijesini üýtgetmegi soraýan ýaly nazar bilen garady. — Siz futbolçylaryň oýnuň öň ýanynda türgenleşik geçişlerini gördüňizmi? Latynam akyldarlar üçin edil şol türgenleşik.

— Barypýatan dereksizlik! Beýle zatlary çagakak kellämize guýýardylar. Ýöne size öz wagtynda duýdurylman galdyrylan bir hakykat bar. — Şu

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýerde Olneý diňe özüni hondan bärsi görkezmek üçin gepine dyngy berdi, soňam dabara bilen: — Jentlmen latyny okamalydyr, ýöne jentlmeniň ony bilmegi hökman däl, — diýdi.

— Beýle pikir dürs däl! — diýip, Ruf garşy çykdy. — Siziň ähli gürrüňiňiziň soňuny degişmä ýazdyrjakdygyňyzy men onsuzam bilýärdim.

— Degişmäniň örän ýitidigini welin, boýun alyň! Üstesine-de, ol dogry degişmedir. Latyny dermanhanaçylardan, aklawçylardan, şol dili okadýan mugallymlardan başga adamlar bilýän däldirler. Eger Martin şol üç hünäriň birini almak isleýän bolsa, baş üstüne, ol dili öwrensin. Ýöne bu ikara Gerbert Spenser nireden geldi? Martin ýap-ýaňy onuň kitabynyň ýüzüni açyp haýranlar galypdyr. Näme üçin? Ol kitap Martine bir zat beren ýaly. Maňa hem size Spenser hiç zat berip bilmez. Sebäbi bize hiç zat gerek däl. Siz-ä bir bagtly günüňiz durmuşa çykarsyňyz. Maňa bolsa kakamyň baýlygy adyma geçensoň, onuň aladasyndaky gullukçylar hemme zady boýunlaryna alansoňlar, etmäge iş hem tapylmaz.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Gapa tarap ýönelmekçi bolan Olneý aýak çekdide, galan peşeňleriniňem hemmesini boşatdy.

— Siz Martini öz erkine goýuň, Ruf. Ol özüne näme gerekdigini gaty gowy seljerýär. Onuň eýýäm haçan etmäge ýetişen işlerine bir ser salyp görüň. Käte ol meniňem ýüzümi gyzardyp, öz-özümden utanmaga mejbur edýär. Ol häzirem biziň latyn, fransuz hem anglo-saksonymyza, medeniýet diýip atlandyrýan närsämizi öwrenendigimize garamazdan, dünýä hakda, adamyň ömri hem näme üçin dünýä inendigi hakda Arturdan, Normandan, menden, sizden kän bilýär.

— Men näme bilýän bolsam, Rufa minnetdar. Meni okadan Ruf — diýip, Martin mertlerçe boýun aldy. — Men azda-kände bilýän bolsam, ol Rufuň tagallasy bilen boldy.

— Boş gürrüň! — diýip, Olneý ýakymsyz bir nazar bilen Rufa seretdi. — Siz entek maňa «Spenserem Rufuň maslahaty bilen okadym» diýersiňiz. Ruf Darwin hakda, ewolýusiýa hakda edil meniň Süleýman pygamberiň gizlän almazlaryny bilşim ýaly derejede bilýär. Birnäçe

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gün mundan ozal Spenseriň näbellilik, aňylmazlyk hem birmeňzeşlik hakdaky kesgitlemesini özüňizçe düşündirip, bizi aňk edeniňiz ýadyňyzdamy, mister Iden? Şol zatlary Rufa aýdyp berseňiz, ol size düşünermi, düşünmezmi… Ol, bilýäňizmi näme, «medeniýet» dälmişin. Oho-ho! Gulak asyň, Martin, eger siz latyny ýat tutup başlasaňyz, men siz bilen salam-heligi goýmaly bolaryn.

Edilýän gürrüňi gyzyklanma bilen diňlese hem, şol bir wagtyň özünde Martiniň kalbynda ýakymsyz duýgy oýandy. Gürrüň okuw hakda, sapaklar hakda, bilimiň esaslary hakda gidýärdi, onuň mekdep çägindäki sada äheňi bolsa Martini gyzyklandyrýan, durmuşyň ähli hadysalaryna mäkäm ýapyşyp, özüniň oýanyp başlan güýji zerarly älem derejesindäki tolgunma bilen joşýan ýagdaýyna bap gelmeýärdi. Ol özüni gurşap alýan gözelligi bilen haýrana goýan näbelli bir ýurduň kenaryna zyňlan şahyr bilen deňeýärdi. Şahyr ol gözelligi ýabany taýpalaryň özüne nätanyş dilinde wasp etjek bolup azara galýardy. Martin şol şahyryň gününe düşdi. Ol öz kalbynda älem hakykatyny özleşdirmek isläp gynaýan joşgunly

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
höwes duýýardy. Oňa derek bolsa «Ol töweregindäkilerden latyn dilini öwrenmelimi ýa-da ýok?» diýen çaga dawajygy ýaly manysyz çekeleşigi diňlemelidi.

Martin şol agşam aýnanyň öňünde durup:

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Sen latyny başyňa ýapjakmy? — diýdi. — Merhumlar merhumlyklaryna-da galsyn-da. Seniň olara näme dahylyň bar? Gözellik baky. Ol hiç mahal ölmeýär. Diller bolsa döräbem bilýärler, ölübem. Olar merhumlaryň çaň-tozany ýaly bir närse.

Edil şol pursadam ol öz pikirini ýerbe-ýer beýan etmegi öwrenendigi hakda oýlandy hem düşege gyşaransoň, ukybyny Ruf bilen gepleşende ulanyp bilmeýändigi üçin öz-özüni kötekledi. Sebäbi ol dile gezek gelende Rufuň ýanynda mekdep okuwçysy ýaly bolýardy-da, mekdep okuwçysynyň dilinde-de gepleýärdi.

— Maňa puryja beriň, puryja! — diýip, ol özüne ýüzlendi.

Puryja! Puryja! Puryja! Bu onuň dilegidi, bu onuň haýyşydy.

## XIV bap

Martin Rufy ýürekden söýýändigine garamazdan, latyny öwrenmesiz etdi. Gep Olneýiň maslahaty bilen bagly däldi, Martin üçin iň gymmatly zat wagtdy, latyndan has wajyp ylym pudaklary

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bolsa, edil höküm edýän ýaly bolup, ünsüň özlerine gönükdirilmegini talap edýärdi. Ylym özleşdirmekdenem başga, Martin eserem ýazmalydy. Pul gazanmak gerekdi. Onuň ýazan eserlerini bolsa hiç ýerde çap etmeýärdiler. Golýazmalar redaksiýalaryň arasynda sessiz-üýnsüz aýlanyp ýördi. Başga ýazyjylaryň eserlerini näme üçin çap edýärkäler? Ol başga ýazyjylaryň ýazanlaryny üns bilen, tankydy göz bilen okap, wagtynyň köpüsini kitaphanada geçirýärdi, okanlaryny öz ýazanlary bilen deňeşdirip görýärdi, beýleki ýazyjylaryň eserleriniň çap bolmagynyň syryny üns bilen agtarýardy.

Martin çap edilen eserleriň köpüsiniň jansyzdygyna, gowşakdygyna haýran galýardy. Olarda ne ýüz bardy, ne agram.

Ol hekaýalardan ýaşaýşyň şemaly öwüsmeýärdi. Emma ol eserleriň her sözüne iki sentden, müň sözüne ýigrimi dollardan pul tölenendir. Gazet bildirişinde şol töleg hakda ýazýardylar. Ol ýeňil hem ýiti sözlülik (ol muny boýun almanam biljek däldi) bilen ýazylan, ýöne durmuş hakykatyndan

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üzňe gaty kän hekaýa okady. Durmuş diýilýän zadyň özi şeýle bir täsin, şeýle bir ajap, onda şeýle kän çözülmedik mesele, arzuw, gahrymançylykly tagallalar näçe diýseň bar. Emma çap edilýän hekaýalarda bolsa ýaşaýşyň adaty, gyzyksyz tarapyndan gep açylýar. Martin durmuşyň beýikligini, güýjüni, gyzgynlygyny, galpyldysyny, galagoply ruhunyň bardygyny bilýärdi, şol zatlar hakynda-da ýazylmaly diýip hasaplaýardy. Ol howpuň garşysyna özleri galkýan gaýduwsyzlary, söýgä akylyny aldyran juwanlary, aýylgançlyklaryň hem ezýetiň içinde bolýan äpetleri, durmuşy dabanynyň astyna alyp, çäksiz agramy bilen basyp ses etdirýänleri wasp etmek isleýärdi. Gepiň ugruna görä aýdylsa, çap edilýän hekaýalarda bolsa, haýsydyr bir mister Betlerler, dollaryň yzynda selpäp ýören harsydünýäler, söýgä akylyny aldyran, kellesi boş juwanlar şöhratlandyrylýardy. «Belkem, redaktorlaryň özleri şolar ýaly adamlardyr? — diýip, Martin öz-özünden soraýardy. — Ýa-da redaktorlaryň, ýazyjylaryň, okyjylaryň özleri bu durmuşdan ýaýdanyp duranlarmyka?»

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martini hemme zatdan öňürti hem redaktorlar bilen, ýazyjylar bilen tanyş däldigi alada goýýardy. Ol diňe haýsydyr bir ýazyjyny tanamak däl, eýsem, ömründe eser ýazmaga synanyşyk edenlerdenem bilýäni ýokdy. Onda şol ugurdan gepleşäýer ýaly, peýdaly maslahatyny diňläýer ýaly, «eýt-beýt» diýäýjek adam ýokdy. Ol hatda redaktorlaryň diri gezip ýören adamlardygyna-da müňkürlik edip başlady. Olar Martiniň hyýalynda ullakan çarhly maşyn bolup görünmäge başladylar. Hawa, hawa, edil şeýle bolup görünmäge başladylar. Ol öz ýüreginiň gany bilen ýazýan hekaýalaryny, oçerklerini, poemalaryny ýüregi bar adama däl-de, ýüreksiz maşyna tabşyrýan ýalydy. Martin öz golýazmasyny ullakan bukja salýardy, agzyny ýapýardy, yzyna iberiljek bukjanyň tölegini em ýadyndan çykarmaýardy. Şeýdilip, bukja aragatnaşyk gapyrjagyna taşlanýardy. Ol bukja belli bir sanalgy günleriň dowamynda yklymda aýlanyp, ýene yzyna gelýärdi. Özi-de başga bukja salnyp iberilýärdi, öňki bukjanyň içinde goýlup iberilen marka täze bukjanyň daşyna ýelmenýärdi. Hakykatyna garasaň, redaktor hem bolman, başga

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bir mekir gurlan mehanizm golýazmany bir bukjadan başgasyna geçirip marka ýelmeýäne meňzeýärdi. Şol mehanizmem şaýlyk oklanyňda derrew sakgyç ýa-da bir bölek şokolad çykaryp berýän enjam ýaly bolmalydy. Şaýlygy bir deşige taşlasaň, sakgyç, beýleki deşige taşlasaň, şokolad alýarsyň. Redaktoryň enjamynyň hem bir gözünden-ä galamhaky

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
nyň petegi, beýlekisindenem eseri ret edýän hat çykýan bolmaly. Martiniň ýollaýan bukjalary şu güne çenli ikinji göze baryp girýärdi.

Irizen birmeňzeş jogaplar hem maşyn hakyndaky çaklamanyň hakykata golaýdygynyň üstüni ýetirýärdi. Jogap ozal taýýar edilip, diňe içkagyzyna çap bolan sözleriň ýokarsyna ýazyjynyň hem eseriň ady goşmaça ýazylaýýardy. Martin ol hatlaryň ýüzlerçesini, bolmanda, her golýazma on iki jogap alypdy. Eger jogaba, iň bolmanda, eser iberene ýüzlenilip, elde ýazylan ýekeje «janly» sözlem goşulaýan bolsa-da, ol özüni bagtly hasap ederdi. Ýöne hiç bir redaktor şu mahala çenli beýle adamçylykdan nyşan görkezmeýärdi. Şeýlelik bilen, Martin ahyrsoňy älemde redaktor bolmaýar-da, diňe gowy edilip ýaglanan, işi kössüz gurnalan enjamlar bolýar diýen netijä geldi.

Martin batyrdy hem zähmete werzişdi, şonuň üçinem uzak ýyllaryň dowamynda şol ynsapsyz, daşýürek maşynlary pişesiz durmaz ýaly edip biljekdi. Ýöne ol indi yzyndan ýetdirip ýördi, meseläni ýyllar däl, hepdeler çözmelidi. Ýaşamak

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üçin gidýän hepdelik töleg lüt galmaga golaý getiriberipdi, poçta çykdajylary bolsa şol golaýlygy hasam ýakynlaşdyrýardy. Indi ol ýakymsyz pellehanany ýakynlaşdyrmazlyk üçin kitap hem satyn alyp bilmeýärdi, gerek maýda-çüýde zatlaryny alanda-da tygşytlylyk edýärdi. Aýal doganyna köýnek sowgat almak üçin bäş dollar bermek bilenem ýowuz pellehanany ýene bir hepdelik bärik çekdi. Martin tümlükde, hiç ýerden goldaw görmän, durmuş bilen gidişýärdi, daş-töweregindäki zatlar hem edil dil düwşen ýaly bolup, onuň mertebesini kiçeltmegiň aladasyndady. Hatda Gertruda-da oňa gyýa göz bilen garaýardy. Başda ol mähriban dogan hökmünde jigisiniň edýän hereketlerine aýratyn üns bermeýärdi welin, soň ýene şol mähriban dogany hökmünde Martin üçin biynjalyk bolup başlady. Indi ol doganynyň çaga oýunlary ýaly hereketlerini synlap, ony «akyldan azaşmaklyga ýetip ýörendir» öýdüp gorkdy. Martin onuň ynjalyksyz nazaryndan, mister Higginbotamyň zoňtar ýaňsylamalaryndan agyr ezýet çekýärdi. Ol özüne ynam edýärdi, ýöne şol ynama ynanmakda welin ýalňyzdy. Hatda Ruf hem ol ynamy

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
oňlamaýardy. Ruf Martiniň edebi döredijilige baş goşmagyny hiç mahal açyk goldamasa-da, garşy çykmaýardy. Ol Martiniň sowadyny ösdürmeginiň tarapdarydy.

Martin ýazan eserlerini bir gezegem Rufa görkezmändi. Haýsydyr bir aýratyn ownuk pikir ony saklaýardy. Şeýle hem Martin onuň uniwersitetde okamak bilen wagtynyň gaty çäklidigini bilýändigi üçin päsgel bermegi ýerliksiz hasaplaýardy. Synaglardan geçip, uniwersitetiň diplomyny alansoň, Ruf ýazan eserlerinden haýsydyr birini görkezmegi Martinden haýyş etdi. Martin hem begendi, hem howpurgady. Ruf onuň eserlerine hakyky eminlik edip biljek adamdy. Ol nepis sungat boýunça hünärmendi, edebiýaty professorlaryň ýolbaşçylygynda okapdy. Belki, redaktorlar köpügören, tejribeli emindirler, ýöne Ruf Martiniň eserlerine başgaça çemeleşjekdi. Ol Martine ýörite resmi kagyza öňünden ýazylan, eseri ret edýän jogap bermez, «Käbir gowy taraplarynyňam bardygyna garamazdan, hekaýalar çap edilmäge mynasyp däl» diýen hat hem ibermez. Ruf oňa janly adam, şahsyýet hökmünde dykgatly garar,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üstesine-de, Martin Ideniň kimdigini mazaly tanar. Ol ýazan eserlerinde ýüregini, kalbyny açandyr. Netijede, Ruf, azajygam bolsa, onuň niçik arzuw edýänini, gizlenip ýatan güýjüniň nämedigini anyk biler.

Martin gysgajyk hekaýalaryndan birnäçesini saýlady-da, az-kem oýlanybam «Deňiz aýdymyny» hem olaryň üstüne goşdy. Iýunyň yssy günleriniň birinde Martin bilen Ruf şäheriň daşyna, özleriniň gowy görýän baýyrlyklaryna tarap tigirli gezelenje gitdiler. Ol Martin bilen Rufuň ikiçäk çykan ikinji gezelenjidi. Olar üstünden gündiziň yssysyny birneme kiparladýan deňiz şemaly öwüsýän ýol bilen atylyp barýarkalar, Martin ýürekden, tutuş durky bilen durmuşyň ajaýypdygy, ýaşamagyň, söýmegiň süýjüdigini duýdy. Olar tigirlerini ýol gyrasynda goýdular-da, Gün howruna ýüzündäki otlary köýensoň, guraksy hem hoşboý ys gelýän gyzylymtyl-goňur baýryň üstüne çykdylar.

— Ol öz borjuny bitirdi — diýip, egnindäki kurtkasyny Rufa düşek edip, gyzgyn ýerde oturan Martin dillendi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Başyňy aýlap barýan ýakymly ysly howadan dem almak bilen, Martin, tebigatyna görä, şahsy gürrüňden dünýä meselesiniň oýlanmasyna geçdi.

— Ol «ykbalyna etmeli» diýlip ýazylan borjuny berjaý etdi — diýip, Martin guran otlara seredip oturyşyna sözüni dowam etdi. — Gyşyň jalasynyň neminden iýmitlendi, baharyň ilkinji harasadynyň garşysynda durdy, gülläp, gül açyp mör-möjeklere, balarylaryna iýmit berdi, töwerege tohumyny pytratdy, indem özüniň ýaşaýşyň öňündäki borjuny berjaý edip…

— Siz näme üçin ähli zada haýsydyr bir amaly nukdaýnazardan garaýarsyňyz? — diýip, Ruf onuň sözüni böldi.

— Ol meniň ösüş nazaryýetini özleşdirýändigimden bolaýmasa. Gepiň gerdişine görä aýtsam, diňe ýaňy-ýakyndan bäri herki zady öz hakyky bolşunda görmäge başladym.

— Meniň çak edişime görä, siz hut şol amaly çemeleşiş sebäpli hem gözelligi görmek ukybyňyzy ýitirýärsiňiz. Siz oglanjygyň näzik ganatyndaky tozanjygy süpürjek bolup, kebelegi öldürişi ýaly gözelligi ýoga çykarýarsyňyz.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin aýdylany goldaman, başyny ýaýkady.

— Gözelligiň öz manysy bar. Ýöne men ony şu mahala çenli duýmandyryn. Maňa owadanlyk owadan bolany üçin ýakymlydy. Başga many, başga gep ýokdy. Men gözelligiň özenine düşünmeýärdim. Indi düşünýän, has takygy, indi düşünip ugradym. Şu ot häzir maňa onuň näme üçin şeýledigini bilýänim sebäpli, baýryň üstünde ösmegine Günüň, ýagşyň, topragyň himiki täsirini bilýänim üçin hasam owadan. Her bir otjagazyň taryhynda arzuwçyllyk joşguny bolýar. Ol ot gaty kän täsinlikleri başyndan geçirýär. Diňe şojagaz pikiriň özi hem meni joşdurýar. Men materiýa bilen güýjüň arasyndaky oýun hakda, durmuşyň hemme beýik göreşleri hakda oýlananymda şu ot barada tutuş bir, birem däl, telim poema ýazyp biljegimi duýýaryn.

— Siz nähili owadan gepleýärsiňiz! — diýip, Ruf aljyraňňy ýaly bolup dillendi, ýöne Martin onuň şol sözleri aýdan mahaly özüne bilesigelijilikli seredendigini aňdy.

Şonuň üçinem ol sähel salymlap, utanýan ýaly görnüşe girdi, ýüzi gyzardy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
— Men ahyrsoňy sowatly geplemegi öwrenenime örän begenýärin. Meniň aýdasym gelýän zatlarym gaty kän. Ýöne ol zatlar belent bolansoň, beýan etmäge mynasyp söz hem tapmaýaryn. Käte bütindünýä, ähli durmuş, her bir otjagaz menden özlerine derek geplemegi haýyş edýändirler öýdýärin, men ony… nädip beýan etsemkäm? Men hemme zadyň beýikligini duýýan. Ýöne şol beýiklik hakda gepläp başlaýan welin, gepleýşim çaga güjürdisine öwrülýär duruberýär. Aýdylanda, ýazylanda öz duýgyňy, pikiriňi diňleýji, okyjy seniň hakyky pikiriň, hakyky duýgyň deňinde düşüner ýaly derejede beýan etmek örän agyr mesele. Bu ähli zatdan ýokary durýan mesele. Ine, serediň, ýüzümi ota basyp dem alamda duýulýan ys kellämde müňlerçe oýlanma, hyýalymda müňlerçe many döredýär. Sebäbi men tutuş älemiň ysyny içime çekdim, netijede, aýdym owazynam, gülki sesinem eşidýän, bagtyýarlygam görýän, hasrata, göreşe, ölüme-de şaýat bolýan. Hyýalymdaky tükeniksiz görnüşi size, tutuş äleme ýetirmek isleýän. Men şol islegime nädip ýetmeli? Dilim bolsa baglanan ýaly. Men otlaryň şypaly ysyny öz duýşum ýaly edip size sözüň güýji bilen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýetirmek isleýän. Biri beýlekisi bilen baglanyşmaýan tagaşyksyz söz düzümleri… Meniň welin, şeýle bir gepläsim gelýär! O-o... — Ol çykgynsyz ýagdaýa düşen ýaly bolup, ellerini owkalaşdyrdy — Başartjak zat däl! Söz bilen aýdyp, beýan edip boljak zat däl…

— Siz örän oňat gepleýärsiňiz ahyryn! — diýip, Ruf tassyklaýjy äheň bilen dillendi. — Geçen gysga wagtyň içinde siziň geplemegi beýle oňat öwrenişiňize haýran galaýmaly. Mister Betler hemmeler tarapyndan ykrar edilen dilewar. Ştatyň guramasy saýlaw möwsümi döwründe ony mydama çykyş etmäge çagyrýar. Ol gün nahar mahaly gepläňizde, sizem ondan pes oturmadyňyz. Onuň bir artykmaçlygy — geplände takatly gepleýär. Sizde gyssanmaçlyk, gyzgynlyk bar. Ýöne ol wagtlaýyn endik. Geçer. Siz örän zor dilewar bolup ýetişersiňiz, belende galarsyňyz… eger özüňiz isleseňiz. Sizde güýç bar. Siz adamlary yzyňyza düşürmäge ukyply, men oňa gaty ynanýan. Siz edil grammatikadan baş çykaryşyňyz ýaly, öňüňizde gabat gelen islendik päsgelçiligi ýeňip bilersiňiz. Belli aklawçam bolup bilersiňiz, syýasy işgärem. Mister Betleriň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýeten derejesine ýetmek isleseňizem, size päsgel berjek bolmaz. Onuň üçin siz aşgazanyňyzam gynamarsyňyz — diýip, Ruf ýylgyryp sözüniň üstüni ýetirdi.

Olar ikiçäk gürrüňi dowam etdiler. Ruf öz tebigatyna görä, mylaýym, ýöne talabedijilik bilen okamagy, durmuşda ýokary derejäni eýelemegiň esasy şerti hökmünde latyn dilini öwrenmelidigini nygtady. Ol öz kakasynyň daşky görnüşinden, içki dünýäsinden gös-göni «göçürilen», kem-käs

ýerleriniňem mister Betlerden alnyp üsti doldurylandygy mese-mälim bildirip duran «hakyky erkek adam» hasap edýäniniň keşbini Martine çekip berdi. Martin otuň üstünde arkan ýatyşyna, Rufuň dodagynyň her bir hereketinden tükeniksiz lezzet alýanam bolsa, berýän maslahatlary welin maňzyna batmaýardy. Onuň söz bilen beýan eden ertirki güni Martini özüne çekmedi, şol sebäpli, ol lapykeçligiň çuň söýgi bilen badaşan ajy tagamyny duýdy. Ruf onuň otuň üstünde ýatan golýazmalaryny — edebi döredijiligini ýeke söz bilenem ýatlamady.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Teý-ahyr, gürrüňiň arasy bölünende, Güne seredip, onuň gözýetimden ýokarky aradaşlygyny göz çaky bilen ölçän Martin golýazmalaryňam bardygyny ýatlap, olary ýygnamaga durdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Wah, men golýazmalary ýadymdan çykaraýan bolsam nätjek!? — diýip, Ruf çalasyn dillendi. — Ýogsam, hekaýa diňläsim gelip durdy welin…

Martin oňa iň gowy hasap edýän hekaýasyny okap berdi. Onuň ady «Durmuş meýidi», özi-de ol ýazylan mahaly meýe dönüp, Martini serhoş eden hekaýady. Indi hem gaýtadan okalanda-da hekaýa ýene onuň başyny aýlady. Hekaýanyň özboluşly manysynda haýran galdyryjy täsinlik bardy. Ony hem ýazyjy ýerlikli sözler, öwrümler bilen güýçlendirmegiň aladasyny edipdir. Martiniň kalbynda hekaýasyny ýazandaky lowlap ýanan joşgun ody ýene gaýtalandy, şonuň üçinem ol öz eserini, bar bolan kemçiliklerine-de üns bermän, uly höwes bilen okady. Ýöne Ruf babatda welin, ýagdaý başgaça boldy. Ömründe köp kitaplary okan gyzyň beýle zatlary kän diňlän gulagy hekaýanyň kemter taraplaryny, öteräk geçýän pursatlaryny, ýaňy başlan ýazyjynyň çakdanaşa joşgunlydygyny, sözleriň owaz sazlaşygynyň ýygy-ýygydan bozulyşyny derrew duýdy. Umuman, ol hekaýanyň sazlaşygynyň gowşakdygyny ýörite çylşyrymlaşdyrylyp, sadalykdan mahrum edilen ýerlerinde bolmasa,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
başga ýerlerinde gatybir tutubam bilmedi. Sözlemleri ýörite çylşyrymlaşdyrmak, sözleri ýerliksiz öwrüşdirmek bolsa hekaýa okalanda ýazyjynyň taýýarlyksyzdygyny duýdurýan ýakymsyz täsir galdyrýardy. Şol «täsir» hem Rufuň Martiniň döredijiligine kesen gutarnykly bahasyna öwrüldi. Ýöne ol bu aýgytly netijesi barada aýtmady, tersine, diňe käbir ujypsyzja belliklerini aýdyp, hekaýany, umuman, gaty öwdi.

Rufuň belliklerinden Martiniň göwni suw içmedi. Gyzyň bellikleri dogrudy, ýazyjam olary kabul edýärdi. Ýöne Martin Rufdan hekaýasyny mekdep okuwçysynyň maýdaja düzedişlerine meňzeş baha eşitmek üçin okamandy-da, düýplüräk belliklere garaşypdy. Gep maýda belliklerde däl. Olary düzetmek bolar. Iru-giç maýda belliklerden saplanmagy onuň özi hem öwrener. Ýöne ýaňky okalan hekaýa janly durmuşyň uly bir bölegini özünde jemläpdi. Durmuşyň şol bölegi hakyndaky eseri ol Rufa haýsydyr bir söz nätakyklygyny, nokatdyr oturyň ýerbe-ýer goýlup-goýulmanyny belletmek üçin okap bermändi ahyryn. Ol öz gözi bilen gören, öz aňy bilen ölçän, öz eli bilen tutan wakalaryndan düzülen gysgajyk hekaýa

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

setirlerinde şol uly hem wajyp durmuş hakykatyny gyzyňam görmegini, duýmagyny isläpdi. «Ol başa baran däl bolarly» diýip, Martin pikir etdi. Diýseň-diýmeseň, redaktorlaram mamla bolaýmasyn? Belkem, ýazyjy uly hem wajyp zady gözi bilen görendir-de, söz bilen beýan etmegi başaran däldir. Martin öz lapykeçligini daşyna çykarman, gyzyň belliklerini ýeňillik bilen kabul etdi. Ruf bolsa Martiniň kellesini möwç urýan düýpli garşylykdan doldurandyryn öýdüp pikirem etmeýärdi.

— Bujagaz ýazgyma «Gazan» diýip at goýdum — diýip, Martin başga bir golýazmany açdy. — Muny dörtmi ýa bäş žurnal dagy yzyna gaýtardy. Elbetde, öz zadyňa özüň baha bermek kyn. Ýöne bu hekaýada bir zatjagaz-a bar. Belkem, ol sizi meni gyzyklandyryşy ýaly gyzyklandyrmaz. Ýöne hekaýa uly däl. Jemi iki müň sözden ybarat...

— Nähili elhenç! — diýip, hekaýa okalyp gutarylan bada Ruf gygyrdy. — Bu gaty erbet. Erbetligine söz ýok.

Martin gizlin kanagatlanma bilen gyzyň aksowult ýüzüne, ot saçýan gözlerine, doňup duran ellerine

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
garady. Ol maksadyna ýetdi. Ol özüniň erkini elinden alan duýgyny okyja ýetirmegi başarypdyr. Ruf hekaýany haladymy-halamadymy, parhy ýok, esasy gep — täsir ýetirmeginde, üns bilen diňlemäge mejbur edenliginde. Şeýle täsire baglanan gyz hatda hekaýada bar bolan kemçilikleri-de duýman galdy.

— Bu durmuş. Durmuşam, näme, elmydama gülala-güllük bolmaýar — diýip, Martin Rufuň garşysyna gitdi. — Megerem, meň zandym şeýledir, ýöne şu ýerdenem gözellik tapýan. Özem tersi

ne, şeýle ýagdaýda dörän gözellik adaty ýagdaýyň gözelliginden on esse gymmatly bolup görünýär…

— Näme üçin ol betbagt aýal hiç zat etmändir? — diýip, Ruf onuň sözüni böldi-de, derrew närazylygyny başga sözler bilen tassyklady. — O! Ol ýaramazlyk! Ol nejislik! Ol hapalyk!

Martiniň göwnüne bolmasa, ýüregi az salymlyk urmasyny goýdy. Hapalyk! Ol beýle zat barada hiç mahal oýlanmandy, beýle bolaram öýtmändi. Hekaýanyň harplary onuň gözüniň alnynda ot bolup lowlady, oduň lowurdysyna gözi gapylan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin eserde hiç hili hapalyk görmedi. Onuň gursagyndaky ýürek ýene gürsüldäp başlady. Onuň wyždany welin rahatdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz näme üçin ýakymly bir ýordum tapmaýarsyňyz? Dünýäde hapaçylygyň kändigini biz bilýäris. Ýöne hapa kän bolany bilenem…

Kalby närazylyga dolan Ruf geplemesini dowam etdi. Ýöne Martin welin, ony diňlemeýärdi. Ol Rufuň gyzjagazyňky ýaly naşyja, bigünä, şeýle bir ýazyksyz, ýürek gopduryjy ýazyksyz ýüzjagazyna seretdi welin, päkizeligi Martiniň ýüregine ornap, ony ýyldyzlaryň ýalkymy ýaly salkynjak, ýakymly hem açyk nur bilen örtdi. «Dünýäde hapaçylygyň kändigini biz bilýäris». Martin onuň hapaçylykdan näme biljekdigi hakynda oýlandy-da, edil Ruf özi bilen degşen ýaly begençli ýylgyrdy. Göz açyp-ýumasy pursatlyk peýda bolan ýalpyldyda durmuş hapalygynyň serhetsiz ummany janlandy. Martin suwunda näçe gezekler ýüzen ol hapaçylyk ummanyna örän beletdi. Ol hekaýa düşünmäni üçin, Rufuň hatasyny bagyşlady.

Düşünmändigi üçin, ol biçäre günäkärem däldi. Martin Rufuň şol hapaçylykdan başga ýerde doglup, başga ýerde ulalandygy üçin, Hudaýa minnetdar boldy. Ýöne özi welin, durmuşyň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
pesligini, beýikligini bilşi ýaly gowy bilýärdi. Üstüne taşlanan hapaçylyklaryň bardygyna garamazdan, onuň ajaýypdygyndanam habarlydy. Ol bu baradaky pikirini äleme ýetirer. Arşdaky keramatlylaryň arassa hem päkdigi geň däl. Bu ýerde hiç hili gep ýok. Ýöne hapalykdaky keramatlylar — bu örän geň. Ýaşaýyş şol geňlik üçinem ýaşanyňa degýär. Ahlak beýikliginiň adalatsyzlyk hapasynyň üstünden ýokary galşyny görmek, öz ösüşiňi, çyrşalan hapasy entek aýrylmadyk gözüň bilen gözelligiň ilkinji lowurdysyny görmek, ejizlikden, azgynlykdan, namartlykdan güýjüň, hakykatyň hem päk ruhuň döreýşini görmek…

Birden Martiniň gulagyna Rufuň:

— Tutuş äheň erbetlige ýugrulan. Ýogsa, ýazyljak bolsa, nijeme gowulyklar, ajaýyplyklaram bar-a. «In Memoriamy» ýatlaň — diýen sözleri ildi.

Ol Rufa: «A, Loksli Holl näme?» diýmek isledi. Diýerdem welin, ýene gözüne ilýän hyýaly görnüşler päsgel berdi. Martin oňa, ýagny adamzadyň näzik wekiline seredip, gözelligiň Rufa öwrülen şekilde ajaýyp, päkize, beýik

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gudratly güýç berlen gutarnykly nusgasyna ýetýänçä, ösüşiň kynçylykly basgançaklary bilen ýüz müňlerçe asyryň dowamynda ýokaryk galmaly bolnandygy barada oýlandy. Şol ajaýyp nusga onuň, ýagny Martin Ideniň kalbynda söýgä hem päklige ýetmäge jan etmek duýgusyny oýardy, beýik gudratly güýçdenem onuň, başarylmajak ýagdaýy başaryp, uly durmuş akymynyň sansyz garşylyklaryny hem ýoldan çykmalaryny ýeňmek bilen çuňlukdan ýokaryk saýlanan Martin Ideniň kalbyna güýç berdi. Beýan etmäge söz tapsaň, başarsaň, ana, şol hakda eser ýazmaly. Asmandaky keramatlylar keramatlylygyna-da galybersinler. Ol bolsa keramatly däl, ýöne adam.

Martin Rufuň:

— Siz çakdanaşa güýçli adam — diýen sesini eşitdi. — Ýöne ol güýç entek, birhili, jylawlanmadyr.

— Gap-gaç satylýan dükana giren begemota meňzeş-dä? — diýmek bilen, Martin gyzyň ýylgyryşa öwrülen jogabyny aldy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz, öňi bilen, mowzuk seljermegi öwrenmeli. Siz özüňizde tär, inçelik, stil döremegini gazanmaly.

— Aňýan welin, men öz üstüme gaty kän zat alaýýan ýaly.

Ruf oňa göwüngöteriji ýylgyryş bilen jogap gaýtardy-da, indiki okaljak hekaýany diňlemäge häzirlendi.

— Size nähili ýarajagyny-ha bilemok — diýip, Martin öz hatasyny ýuwmak isleýän ýaly dillendi. — Bu bir geň hekaýa. Gamçyny gatyrak aýlan bolmagymam ahmaldyr welin, tutan maksadym-a erbet däldi. Sizem ownuk-uşak näsazlygyna üns bermejek boluň. Esasy zat, siziň baş pikiri tutup bilmegiňizde. Ol wajyp pikir, dürs pikir, ýöne ony düşüner ýaly edip berenimi-bermänimi bilemok.

Martin okamaga başlady, okaýarka-da mahal-mahal Rufa seretdi. Ahyrsoňy hekaýanyň ony özüne çekip ugrandygy bildirdi. Martine gözüni diken gyz, hekaýada döredilen keşpler haýran eden bolsa gerek, demi tutulan ýaly bolup, gymyldaman oturdy. Hekaýanyň ady «Başdangeçirmeler». Ol hakyky durmuşdan üzňe,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
eser ýazmak üçin zordan gözlenip tapylan ýasama wakalardan däl-de, agyz doldurylyp aýdylmaga mynasyp durmuşy wakalardan ybaratdy. Hekaýa çäre görmekde-de, serpaý ýapmakda-da tarhanlyk etmegi başarýan, ynjyk, haýyn, gul tabynlygyny, irginsiz zähmeti talap edýän gazaply hökmürowanyň keşbini açyp görkezýärdi. Eser käte gözüňi deşip barýan Gün şöhlesine bezelen giň meýdana çykarsa, käte teşneligiň görkezýän görgüsine, açlygyň berýän güzabyna, surnukdyryjy uzak ýol azabynyň ýa-da soňy ajala eltýän aýylganç ysytma keseliniň, maňlaý deriň, ganyň, awuly mör-möjekleriň zäheriniň yzasynyň, ýakymsyz wakalaryň tükeniksiz zynjyrynyň üsti bilen ajaýyp ýeňiş pellehanasyna getirýärdi.

Şu sanalan hem entek aýdylmadyk zatlary Martin öz hekaýasynda görkezýärdi. Ol beýan edilýän wakalar Rufy gözlerini petredip diňlemäge mejbur edendir öýdýärdi. Gyzyň ýaňaklary al öwüsdi, Martiniň çak edişine görä, hekaýanyň ahyrynda ol özünden gidäýmeli ýalydy. Ruf, dogrudanam, tolgunýardy, ýöne tolgunma hekaýa sebäpli bolman, Martiniň özi sebäplidi. Gep hekaýada däldi. Martiniň bütin durkundan bölünip gaýdýan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
güýjüň täsiri gyzy ýene aljyramaga mejbur edýärdi. Ýöne geň bir ýagdaý bilen hekaýanyň özi şol güýje ýugrulandy, häzirem ol güýjüň tolkunlary Rufa täsirini ýetirýän ýeke-täk akymdy. Ruf arada durup hyzmat edýäne üns bermän diýen ýaly diňe şol güýji duýýardy. Elbetde, hut şu mahal okalan hekaýa-da özüne çekse çekendir welin, hakykatda bolsa, Ruf garaşman durka, birden beýnisine ýelmeşen düýpden özge, geň, aýylganç bolmagy ähtimal hem däl ýaly pikirden ýaňa aňk boldy. Ol birden durmuşa çykmak barada oýlandy, ýakymly pikiriň erjellik bilen ýapyşyp durşundan howpurgady. Onuň bolşy asyllylygyň nyşany däldi. Beýle hyýala ulaşmak islegi şu mahala çenli onuň üçin ýatdy. Entek onuň zenanlygyň oýanyp ugran näzik duýgusyndan ejir çeken gezegi bolmandy, şu mahala çenli Tennisonyň şygryýetiniň näzik şemaly bilen ýelpelýän düýşleriň dünýäsinde ýaşap gelýärdi. Emma Ruf şahyryň belent duýguly kişi bilen zenanyň özara çynlakaý gatnaşyklaryna degişli sypaýyçylyk bilen edýän kakdyrmasyna asla üns bermeýärdi. Şol meselä gezek gelende, ol ukuda ýatan gyzdy. Ynha, birdenem, durmuşyň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

zerur şertleriniň biri onuň gapysyny haýbatly kakmaga başlady. Öz bolşundan uýalyp, aýylgançlyga daşyny gurşadan gyz, gapysynyň ähli kiltlerini ildirmäge taýyndy, ýöne özünden bidin oýanan duýgusy bolsa, geň hem täsin myhmanyň öňünde işigi giňden açmagy talap edýärdi.

Martin özünden göwnühoşluk bilen Rufuň hekaýa berjek bahasyna garaşdy. Ol gyzyň çykarjak hökümininiň nähili boljakdygyny öňünden çaklaýardy. Şonuň üçinem ol Rufuň:

— Nähili gowy! — diýenine haýran galyp aljyrady.

Az-kem dyman gyz ýene dillendi:

— Gör, nähili gowy!

Elbetde, bu ajaýyplykdy. Ýöne hekaýada ondan has düýpli, ajaýyplygyň diňe ýarag bolup gulluk eden başga bir üýtgeşikligi bardy. Ol üýtgeşiklik ýerde, guran otuň üstünde bütin göwresini uzadyp ýatyrdy, ýagdaýyň düşnüksizliginiň eýmenç buludy bolsa Rufuň üstüne abanyp gelýärdi… Ýene jüpüne düşmedi. Ol söz işletmekde asgynlyk

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
edýär. Ol dünýäniň mähnet täsinliklerini görmegi başarsa-da, onuň keşbini söz bilen çekmekde agsaýardy.

— Siz hekaýanyň ýordumy hakynda näme aýdarsyňyz?

— Ýordum birneme bulaşdyrylypdyr — diýip, Ruf gysgajyk jogap gaýtardy. — Mende galan umumy täsir şeýle. Men esasy ugry yzarlamaga ýykgyn etdim, olam ýeňil däl. Eserde köpsözlülik bar. Siz düýpden başga-başga zatlar barada hem gep açyp, hekaýanyň akyş tizligini birneme haýalladýarsyňyz.

— Esasy mazmun nähili? — diýip, Martin derrew sowal berdi-de, özi hem dowam etdi. — Älem giňişligi we dünýä möçberindäki taglym. Men şol pikir bilen tutuş hekaýany baýlaşdyrmak isledim. Hekaýa pikiriň daşyndaky perde, ýukajyk gabyk. Men dürs ýol bilen gitdim, ýöne maksada doly ýetmegi başarmadym. Aýtmak islän zadymy aýdyp bilmedik bolsam gerek. Belkem, wagt geçmegi bilen, ol ýetmezimem düzederin.

Ruf ony diňlemeýärdi, nepis sözleriň hünärmeni bolsa-da, aýdylýanyň magadyna ýetmeýärdi. Ol

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
eşidýän sözlerine düşünmezliginiň günäsini Martiniň geplemäge ussat däldiginiň üstüne ýükledi. — Sizde köpsözlülik gaty ösen — diýip, gyz öňki aýdanyny gaýtalady. — Umuman, köp ýerleri welin, örän oňat.

Onuň sesi Martiniň gulagyna uzakdan gelýän ýaly bolup eşidildi, sebäbi gyz geplän mahaly «««Deňiz aýdymlary» diýen hekaýanam okamalymy ýa-da dälmi» diýen sowalyň jogaby hakda oýlandy. Ol umytsyzlyga uçrapdy.

Oňa seredip oturan Rufuň beýnisinde bolsa, durmuş gurmak baradaky çagyrylmadyk, irginsiz hyýal henizem at salyp, «tozan baryny» turuzýardy.

— Siz tanymal adam bolmak isleýärsiňizmi? — diýip, Ruf garaşylmadyk sowaly berdi.

— Hawa. Şeýleräk ýaly. Ýöne ol esasy mesele däl. Meni, öňi bilen, şöhrat däl-de, oňa eltýän ýol-ýoda oýlandyrýar. Onsoňam, şöhrat maňa başga bir zat üçin gerek. Men käbir işi düzetmek üçin tanymal adam bolmak isleýän.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ol «sizlik işi düzetmek üçin» diýmek islese-de, diýip bilmedi. Eger Ruf okalan esere ýokary baha beräýen bolsa, Martin şol aýdyp bilmeýän zadyny şobada aýdardy.

Şol pursat Martiniň gelejegi hakda oýlanany üçin, Ruf «käbir iş» diýlip, açylman goýlan pikiriň nämä, nirä gyşardylýandygy hakda sowalam bermedi. Martiniň edebiýat ugrundan gidib-ä belent derejelere ýetmejekdigine Ruf örän berk ynanýardy. Ol çaklamanyň hakykata golaýdygyny Martiniň hut şu mahalky okan ýüzleý eserleri hem tassyklady. Ol indi oňat gepleýärdi, ýöne edebi dili welin, entek doly özleşdirmändi. Ruf ony Tennison bilen, Brouning bilen, başga-da birnäçe kyssaçylar bilen deňeşdirip gördi welin, Martin olar bilen bäsleşerden gaty uzakdady. Ýöne Ruf soňky eden pikirleri hakda Martine hiç zat aýtmady. Martiniň gyzyň kalbyna salan geň gyzyklandyrmasy ony çakdanaşa talapkär bolmakdan saklanmaga mejbur edýärdi. Barybir, ýazyjylyga bolan höwesiň soňabaka ýitip gitmegi hem ahmaldy. Şonda ol güýjüni durmuşda özüne has peýdaly boljak başga bir düýpli işde synap, uly üstünlik gazanardy. Şeýle boljagyna Ruf

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ynanýardy. Onda islän zadyny goparmaga näçe diýseň güýç bar… ýöne eser ýazmagyny bir tizräk taşlaýsady-da.

— Men siziň ähli ýazanlaryňyzy okamagyňyzy isleýän, mister Iden.

Martin begençden ýaňa ýanar ot bolup lowlady. Gyzyň eser bilen gyzyklanandygy ikuçsuzdy. Barybir, Ruf diňlän hekaýalaryny kyhlap, püçege çykaryp durmady ahyryn. Ol hekaýalaryň käbir ýerlerine gaty ýokary baha berdi. Özüni ýazmaga has höweslendirýän ýakymly bahany Martin ilkinji gezek diňe Rufdan eşitdi.

— Bolýa, miss Morz, men gowy ýazyjy bolup ýetişjegime söz berýärin — diýip, Martin joşgun bilen gepledi. — Men bu işe gaty köp ýollary söküp, köp çarşenbäni başymdan geçirenimden soň baş urdum. Entek öňümde uzakdan-uzak kyn ýollaryň ýatandygyna-da gözüm ýetýär. Ýöne dört aýak bolup emedeklemeli bolsamam, ol ýoly soňuna çenli geçerin. Ahyr netije çykjakdygynam bilýän. — Ol Rufa bir petde golýazma uzatdy. — Ine, şu «Deňiz aýdymlary» bolmaly. Öýüňize äkidip okaýyň wagtyňyz bolanda. Ýöne soň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
pikiriňizi welin, açyk beýan ediň. Maňa tankytdan peýda bar. Hakykaty doly aýtmagyňyzy isleýän.

— Men hiç zady gizlemen — diýip, Ruf söz berse-de, kalbynyň teýinde welin, häzirem açyklyk etmeýändigini duýdy. Ol açyk gürrüň edip biljekdigine ynanmaýardy.

## XV bap

— Ilkinji çaknyşyk amala aşdy — diýip, şol duşuşykdan on gün çemesi geçensoň, ýene aýnada öz keşbini synlap duran Martin dillendi. — Ikinji çaknyşygam, üçünjem … tä…

Ol sözüni kesip, öz garypja hütdügine birlaý göz aýlady. Gamgyn nazary otagyň burçunda üýşüşip ýatan küde-küde bukjalarda eglendi. Bukjalarda redaksiýalardan gaýtarylan golýazmalar bardy. Indi olary başga redaksiýalara ibereýin diýse-de, Martinde bukjalara ýelmärlik marka almaga gara şaýy galmandy diýen ýalydy. Bir hepdäniň dowamynda gaty kän bukja ýygnandy. Iň soňky golýazma eýesine dolanýança, bukjalar ertirem, birigünem geler durar, geler durar. Martin olary hiç ýere ýollap biljek däldi. Çünki ulanylmaga alnan hat ýazýan maşinka üçinem tutuş bir aýyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
haky tölenmändi, sebäbi onuň ähli puly öz iýmek-içmegine hem aralykçy edaranyň ýygymyna tölemäge zordan ýetipdi. Martin oturdy-da, hat stoluny üns bilen synlamaga başlady. Stoluň üstünde syýadan galan tegmil bardy. Birdenem, onda şol tegmile mähribanlyk duýgusy oýandy.

— Eziz, köne stol — diýip, Martin dillendi. — Seň başyňda oturyp, men nijeme bagtly sagatlary

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

geçirdim. Sen maňa mydama wepaly dost bolduň. Sen meni hiç mahal kowmadyň, iteklemediň, göwnüme degmediň, ýüküň agyrlygyndan zeýrenmediň.

Ol stola tirsegini diräp, ýüzüni aýasy bilen ýapdy. Onuň bogazy doldy, gözleri nemlendi, alty ýaşyndaka başga bir oglan bilen ýumruklaşany ýadyna düşdi. Ýüzi gözýaşa ýuwlan Martin iki ýaş uly oglanyň tä özi ýadaýança salan ýumruklaryna garşy durýardy. Ol ahyr ýere ýazylanda burnundan akýan gany ýuwudyp ýatan, gözüniň aşagyndaky ýaradan gözýaş bilen garyşyp akýan gany görüp daşyna halka bolan oglanlary ýatlady.

— Wah, biçäre oglanjyk! — diýip, Martin samrady. — Seni indi ýene ýençdiler. Galmaz ýaly edip ýençdiler.

Ilkinji ýenjilişi hakyndaky ýatlama ýatdan çykmaýardy, şondan soňky bolan ýumruklaşyklaryňam hemmesi hatar-hatar bolup, onuň gözüniň öňünden geçip gitdi. Ilkinji uruşdan ýarym ýyl geçensoň, Goturtumşuk lakamly şol uruşgan oglan ýene Martiniň üstüne hüjüm etdi. Ýöne bu gezek Martiniňem jaýdar salan ýumrugy

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
garşydaşynyň gözüniň aşagyna ullakan gök tagmany basdy. Şol welin, tüýs ýerine düşäýen haklaşyk boldy. Martiniň jany birneme aram tapdy. Ol hemme uruşlary ýatlady. Goturtumşuk mydama ýeňiji bolup çykýardy. Ýöne Martinem hiç mahal ejizläp gaçmaýardy. Häzirem ol gaçmandygyny ýatlanda, özünde tekepbirlik duýdy. Ol tenine salnan ýarany bejermeli bolsa-da, urşanda ahyryna çenli çytraşýardy. Goturtumşuk zalymdy, garşydaşyna rehimi injek gümany ýokdy. Emma Martin mertlerçe erjellik görkezip, ahyryna çenli saklanýardy.

Soňra Martin çagşap giden agaç jaýlaryň öňündäki darajyk petik köçäni ýatlady. Köçäniň aňrujunda bir gat kerpiç jaý bardy. Ol jaýdan «Habarlar» gazetiniň gündizki çykýan sanlaryny çap edýän maşynyň sazlaşykly ýaňlanýan güňleç sesi eşidilýärdi. Ol mahallar Martin on bir ýaşyndady, Goturtumşuk hem on üçündedi. Olaryň ikisi-de gazet ýaýradyjylardy. Şonuň üçinem olar çaphananyň derwezesiniň öňünde garaşyp durdular. «Ýüzi ýagly» derrew bir tutaryk tapansoň, ýene ýumruklaşyk başlandy. Ýöne ýigrimi bäş minuty kem dörtde çaphananyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
derwezesi açylyp, oglanjyklaryň hemmesi gazet paýyny almaga eňensoň, darkaşyň ahyrky netijesi belli bolman galdy.

— Ertir men seniň emiňi bererin! — diýip, Goturtumşuk haýbat atdy. Martin hem gözýaşdan ýaňa sandyraýan sesi bilen ertir şu ýere geljekdigini aýtdy.

Ertesi ol okuwyndanam gaçyp, darkaş gurulmaly ýerde Goturtumşuk bilen şertleşilen wagtdanam iki minut öň peýda boldy. Deň-duşlary Martini öwdüler, maslahat berdiler, maslahaty kabul etse, garşydaşyny hökman ýeňjekdigini aýtdylar. Oňa maslahat beren deň-duşlary Goturtumşuk edil Martine aýdan sözlerini aýtdylar. Mugt tomaşa görýän oglanlar hezil edinýärdiler. Ýatlama şu ýere ýetende, Martin darkaşyň tomaşaçylarynyň şonda tükeniksiz lezzet alandyklaryny ýatlap, hatda olara bahyllygam etdi. Başlanan çaknyşyk tä çaphananyň derwezesi açylýança, ýagny ýarym sagatlap dowam etdi.

Martin özi — mekdepden çykyp, çaphananyň derwezesine tarap howlugyp barýan oglanjyk bilen ýene köp gezek görüşdi. Oglanjyk ylgap

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bilmeýärdi. Ol biraz küýkerýärdi, az-kem ýempeýärdi. Oglanjyk yzy üzülmeýän darkaşlardan ejir çekýärdi. Ellerinden gök tegmilleriň ýitip gidýän wagty ýokdy, endam-jany hem ýumruk yzlaryndan doludy, ýaralaryň käbiri ganjaryp dursa, käbirleri iriňleýärdem. Onuň aýaklary, elleri mydama sorkuldaşyp, agyryp durdy, arkalary-da, eginleri-de, tutuş göwresi burç çalnan ýaly awaýardy, gurşun dykylan ýaly kellesi mydama ümürden doludy. Ol indi mekdepde oýun oýnap hem bilmeýärdi, mekdebem taşlamaly boldy. Uzyn gün partada oturmak onuň üçin güzapdy. Her günde bir gezek bolup geçýän ýumruklaşmanyň başlanany bäri, göýä diýersiň asyrlar geçip, indiki çaknyşyga dynuwsyz garaşylanda agyr bolup duýulýan wagtam uzaga çekýärdi. «Näme üçin Goturtumşugy ýeňip bolmaýar?» diýip, Martin içini gepledýär. Ony ýeňäýse, oglan ähli derdi-belalardan saplanjakdy. Ýöne, nähili-de bolsa, ýan bermek hem Goturtumşugyň özünden rüstemdigini boýun almak pikiri asla onuň kellesine gelmeýärdi.

Şeýlelik bilen, ten taýdanam, ruh taýdanam çeýnelen, dalanan oglan durmuşyň «kanagat hem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
erjellik» diýlip atlandyrylýan ýokary mekdebini geçip, özüniň hemişelik duşmanyny, Goturtumşugy tapan ýeri bolan çaphananyň derwezesiniň ýanyna gün yrman gatnaýardy. Edil Martin ýaly urlup-ýenjilmek den iren Goturtumşuk hem uruşmagy höwes bilen bes etjekdi welin, töwerekden gižželeýän deň-duşlary beýtmäge ýol bermeýärdiler. Ol hem şol oglanlaryň öňünde ejizlän ýaly bolup, üstünden güldürmek islemeýärdi. Bir gezek darkaşyň hemme şerti berjaý edilip, (birek-biregiň bilinden aşagyndan tutmazlyk hem ýykylany depmezlik), ýigrimi minutlyk çaknyşykdan soň Goturtumşuk bu saparky darkaşy deňme-deň hasaplamagy teklip etdi. Martin häzirem şol pursady ýatlanda şatlykly tisginip gitdi: ol ýumruk degen burnundan, çapylan dodaklaryndan syrygýan gandan ýaňa zordan dem alyp durşuna-da, Goturtumşuk üstüne topuldy, geplemäge päsgel berýän agzyndaky gany tüýküreninden soň hem deňme-deňe razy däldigini, eger Goturtumşuk ysgyndan gaçan bolsa, ýeňilendigini boýun almagyny gygyryp talap etdi. Ýöne garşydaşy

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

teklibi kabul etmedi. Netijede garpyşyk ýaňadan başlandy.

Ertesi ýumruklaşyk ýene gaýtalandy, ýeneki günlerem şeýle boldy. Her gezek ýumruklaşygyň başlarynda Martin endamynda peýda bolýan agyrydan ezýet çekýärdi. Soň ol yza kem-kemden kiparlaýardy welin, Martin gazapdan ýaňa gözi gapylan ýaly bolup uruşýardy. Ýumruklaşýan mahaly waka düýşde bolýan ýaly, ol diňe garşydaşynyň ýüzüni hem wagşy haýwanyňky ýaly bolup lowurdap ýanýan gözlerini görýärdi. Onuň ähli ünsi şol ýüze gönükdirilendi, başga zat göze ilmeýärdi. Dünýäde şol ýüzden gaýry hiç zat ýokdy. Martin şol görünýän ýüz ganly bulamaga öwrülmese ýa-da öz ýüzi ganly bulamaga dönmese ynjalmajakdygyny bilýärdi. Diňe şeýle bolsa, çaknyşygy saklamak mümkindi. Ýöne deňme-deňe razylaşmak onuň üçin, ýagny Martin üçin bolup biljek ahwalat däldi.

Bir gezek Martin adaty duşuşylýan wagty çaphananyň derwezesiniň öňüne gelse-de, Goturtumşuga sataşmady. Ol soňam gelmedi. Oglanjyklar Goturtumşuk ýeňlenini boýun alandyr

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
öýdüp, Martini gutladylar. Ýöne Martin beýle netije bilen kanagatlanmady. Ol Goturtumşugy ýeňmelidi ýa-da Goturtumşuk ony. Jedel çözülmän galypdy. Soň bilnip oturylsa, şol gün Goturtumşugyň kakasy tarpa-taýyn ýogalan eken.

Martin hyýalynda ýene birnäçe ýyl öňe bökdi. Indi ol özüniň teatrda oturandygyny gördi. Şol mahal ol on ýedi ýaşyndady, özi-de ýap-ýaňy ýüzüşden dolanypdy. Birdenem, tomaşaçylaryň arasynda dawa turdy. Kimdir biri kimdir birini itekledi. Martin dawaçylara goşulmak bilen özüniň köne duşmany, gözleri ýanyp duran Goturtumşuga sataşdy.

— Spektakldan soň men seniň gözhakyňy bererin — diýip, duşmany Martine pyşyrdy bilen duýduryş etdi.

Martin baş atdy. Olaryň ýanynda teatra serenjam beriji peýda boldy.

— Oýundan soň çykalganyň agzynda duşuşarys — diýip, Martin sahna tarap seredip durka jogap gaýtardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Serenjamçy olara tarap garady-da, öz aladasy bilen gitdi.

— Seň ýanyňda ýoldaşlaň barmy? — diýip, Martin oýnuň bir görnüşi gutaransoň Goturtumşukdan sorady.

— Bar.

— Onda menem käbir ýoldaşlarymy çagyrmaly bolaryn — diýip, Martin ony habardar etdi.

Arakesme mahaly Martin özüne topar düzdi. Olaryň üçüsi çüý öndürýän zawodyň işgäri, ýene biri ýangyn söndürijilerden, on iki sany deňizçi, şonça-da bazar meýdançasyndaky belli toparyň dogumly ýigitleridi.

Spektakl gutaranyndan soň, iki toparyň hersi köçäniň bir tarapy bilen ýöredi. Şäheriň märekesi azrak ýerine baransoňlar olar «harby geňeş» gurdular.

— Uruşmak üçin iň amatly ýer Sekizinji köçedäki köpriniň üsti — diýip, Goturtumşugyň toparyndan bolan çypar ýigit öz pikirini aýtdy. — Ortadaky elektrik çyrasynyň aşagynda urşarsyňyz. Biz bolsa, «faraonlaň» gelýänine, gelmeýänine

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gözegçilik ederis. Eger olar bir tarapdan peýda bolsalar, biz beýleki tarapa çekileris.

— Makul! — diýip, ýoldaşlary bilen maslahatlaşan Martin teklibi goldady.

Sekizinji köçedäki San-Antonio deryasynyň bir golunyň üstündäki köpri üç köçä çenli uzalyp gidýärdi. Köpriniň ortasynda, iki tarapda-da elektrik çyralary bardy. Ol ýere hiç bir poliseýiň duýulman, görünmän gelip biljek gümany ýokdy. Şu mahal uruşmak üçin şol gaýym ýer Martiniň gözüniň öňünde bolşy-bolşy ýaly görnüşde janlandy. Ol iki tarapyňam bir-birleriniň garşysynda öz uruşýançysynyň arkasynda duran gaşlary çytyk, ýüzleri gaharly, duşmançylykly bakyşly talaňçylara meňzeýän toparyny görýän ýaly bolýardy. Martin bilen Goturtumşuk guşaklyga çenli ýalaňaçlandy. Töwerege ser salýançylar köpriniň iki çetinde öz durmaly orunlaryny eýelediler. Gaçmaly bolaýsa taýyn durmak üçin ýoldaşlarynyň biri Martiniň kurtkasyny, köýnegini hem papagyny ykjamlap goltugyna aldy. Martin häzir özüniň darkaş meýdanynyň ortasyna çykyşyny, Goturtumşugyň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gözüne göni garanyny görüp otyr. Ol ýumrugyny ýokaryk galdyrýar-da:

— Bu seň üçin oýunjak däldir! Düşündiňmi? — diýýär. — Ahyryna çenli gidişýäs. Düşündiňmi? Özem sapalaksyz. Ikimiziň köneden galan hasabymyz bardy. Ony birýanly etmeli bolar. Düşündiňmi?

Goturtumşuk ýaýdandy. Martin ony aňdy. Emma Goturtumşuk tekepbir bolany üçin töweregi gurşap duran şonça «tomaşaçynyň» öňünde özüni kiçeltmek islemedi.

— Hany, öňe çyk-da! — diýip, ol sesini gataltdy. — Näme gowşadyň? Ahyryna çenli gidişmelimi, gidişeli.

Bedenlerinde juwanlyk güýji joş alyp duran iki ýigit ýumruklaryny düwüp, garşydaşyny ýençmek, maýyp etmek, kül etmek niýeti bilen öňe çykan iki sany öküzçe ýaly bolup bir-biriniň üstüne topuldy. Adamzadyň uzak hem agyr ýol geçip ýeten gowulyk derejesi sähel salymda ýom-ýok boldy. Diňe elektrik çyrasy ösüşiň unudylan çelgisi ýaly bolup gymyldaman durdy. Martin bilen «Ýüzi ýagly» adamzadyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ilkidurmuşynyňmy, daş asyrynyňmy, gowaklarda ýa-da agaçdan edilen gaçybatalgalarda mydar edip ýören wagşylaryna meňzediler. Olar ilkidurmuş ýaşaýşynyň düýbüne tarap barha aşak düşýärdiler, mydama bir-birini özüne tarap çekýän ýa-da mydama biri-birini özünden itekleýän atom bölekleri kimin, edil gözleri gapyk ýaly bolup garpyşdylar.

— Eý, Hudaý! Adam däl, mal ekenik, haýwan ekenik! Tüýs wagşy haýwan ekenik! — diýip, şol çaknyşyklaryň änigine-şänigine çenli ýatlan Martin başyny ýaýkap, hyrçyny dişledi. Ol özüniň göz öňüne getirmek ukybynyň gaty ösendigi sebäpli, şol geçen wakalary edil kinoda görýän ýaly bolup synlaýardy, bir wagtyň özünde hem ýumruklaşýardy hemem ýumruklaşyga tomaşaçy bolýardy. Köp aýlaryň, ýyllaryň dowamynda gazanan medeniýeti, bilimi şol bolan wakany ýatlanynda ony tisginmäge mejbur etdi. Ýöne geçmiş derrew şu güni Martiniň kellesinden çykaryp, onuň ornuny eýeledi. Ol ýene öňki Martin Idene öwrüldi-de, ýüzüşden dolanan badyna Sekizinji köçedäki köpriniň üstünde Goturtumşuk bilen darkaşa girdi. Ol görgi gördi,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ejir çekdi, ýumrugy degmeli ýerine jaýdar degende begendi.

Ýatlamadakylar iki sany adam däl-de bir-birine okdurylan iki bölek aldajy tüweleý ýaly bolup görünýärdi. Wagt geçýärdi. Iki tarapyň hem janköýerleri demleri tutulan ýaly doňup tomaşa edýärdiler. Beýle gahar-gazaba şaýat bolup görmänsoňlar, olar hatda howpurgadylaram. Olaryň öňünde özlerindenem beter iki sany guduz açan wagşy güýç garpyşýardy.

Başky hyjuw birneme köşeşensoň, garşydaşlar ägälik bilen uruşmaga durdular, hiç biri-de artykmaçlyk görkezip bilmedi.

— Deňme-deň bolar — diýen ses Martiniň gulagyna ýetdi.

Ol tötänden bir nädogrurak hereket eden pursady ýaňagynyň süňküne çenli ýaryp geçen aýylganç urgy degenini duýup galdy. Diňe ýumrugyň özi edil beýle ýara salyp bilmeli däldi. Martin töwerekdäkileriň geň galyp gygyrýan galmagallaryny eşitdi hem ýaňagyndan gan akýandygyny duýdy, emma hiç zat bilmediksirän boldy. Ol kim bilen iş salyşýandygyna beletdi,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

garşydaşyndan nähili namartlyga garaşsaň garaşybermelidi. Şonuň üçinem ol eserdeňlik etdi, Goturtumşugyň hereketlerine üns berdi-de, bir demriň ýalpyldysy gözüne ilen pursady onuň ýaragly eliniň goşaryndan ýapyşdy.

— Eliňi görkez! — diýip, Martin çasly gygyrdy. — Sen meni kastet bilen urduň!

Iki tarapyň hem ýigitleri paýyş sögünişip, galmagal turzup bir-biregiň üstüne eňdiler. Sähel salymdan iki tarap garpyşaýsa, Martin öz ar almak niýetine ýetip bilmejekdi. Ol öz erkine däl ýalydy.

— Hany, yza serpiliň! — diýip, Martin haýbat bilen gygyrdy. — Hemmäňiz yza gaýdyň! Eşitdiňizmi?

Olar saklandylar. Iki tarapyň ýigitleri hem wagşy ýalydylar, ýöne Martin olardanam beter wagşydy. Şol wagşylygam oglanlary saklanmaga mejbur etdi.

— Bu zatlar meniň öz işim. Hiç kim goşulmasyn. Eý, hany, senem eliňdäki ýaragy bärik ber!

Az-kem gorky basmarlan Goturtumşuk kasteti bermeli boldy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin kasteti suwa zyňdy-da, çypar sary bir ininiň üstüne gygyrdy.

— Muňa sen ýarag berdiň, sary pişik — diýip, Martin dowam etdi. — Seň oňa gysmyljyrap geçeniňi gördüm. Ýene bir gezek sokulaýsaň, tä ölýänçäň ýenjerin. Düşündiňmi?

Uruşýanlaryň ikisi-de mazaly ysgyndan gaçdy. Oňa garamazdan, çaknyşyk dowam etdi. Olar tä töweregi gurşap alan wagşy üýşmeleň gan görmek islegini kanagatlandyrmakdan dörän howpy duýup, çaknyşygyň duruzylmagyny gazanýançalar biri-biriniň depesinden ýumruk indermegi dowam etdiler. Adamçylyk sypatyny ýitirip, aýylganç wagşa dönen Goturtumşuk näme etjegini bilmän saklandy. Ýöne Martin onuň üstüne atylyp, yzly-yzyna ýumruk inderdi.

Olar edil ömürbaky urşup ýören ýalydylar. Goturtumşugyň ejizläp başlandygy mese-mälim bildirýärdi. Ýöne welin, birdenem nämedir bir zat döwlen ýaly güňleç hütürdi eşidildi welin, Martiniň sag eli jansyz ýaly bolup sallandy. Eliň süňki döwlüpdi. Süňk döwlendäki çykan sesi hem hemmeler eşitdi, bolan ýagdaýy-da hemmeler

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gördi. Goturtumşuk wagşy gaplaň ýaly bolup, Martiniň abat eline topuldy-da, ony bar güýji bilen urup başlady. Tarapdarlary kömege ýetişjek bolanlarynda, çep eli bilen urgulardan goranýan Martin olaryň goşulmazlyklaryny talap edip gygyrdy. Şol bir wagtyň özünde-de, ol iňňildi, hykgyldy goşulan lagnat siňen gargyş baryny pürkýärdi, agyry-ynjy duýmaýan ýaly çep elini ýetişdiginden işledýärdi. «Oglanlar, bu ýumruklaşmak däl, bu ölüşmek ahyryn! Bulary derrew aralamak gerek!» diýip, gapdalynda gygyranyň sandyraýan sesi Martiniň gulagyna allowarralardan gelýän ýaly bolup eşidildi.

Ýöne hiç kim ara düşmäge tölwekgellik etmedi. Martin bolsa çep eli bilen garşydaşyny yzyny üzmän urýardy. Ýöne onuň urgusynyň täsiri kem-kemden gowşaýardy. Her gezegem onuň ýumrugy nämedir ýumşak hem ganly, adam ýüzüne meňzemeýän bir zada degip gaýdýardy. Şol «bir zat» hem ýan beräýmän, özüniň janlydygyny bildirjek bolýan ýaly, Martiniň ümezlän gözüniň öňünde, zordanam bolsa, gymyldamasyny dowam edýärdi. Ol urýardy, urýardy. Ýöne güýjüniň galanjasyny hem kem-kemden harçlap, barha

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gowşak urýardy. Onda tä nähili görnüşdedigini hem aýdar ýaly däl «şol zat» köprä düşelen tagtanyň üstüne agdarylyp gidýänçä, asyrlar, müňýyllyklar boýy ýumruk salyp duran ýaly duýgy bardy. Martin edil serhoş kimin çaýkanyp çaýkanyp, howadan ýapyşalga gözleýän abat elini hereketlendirip, jansyz deý ýatan garşydaşynyň üstüne abandy-da, özüniňki däl ýaly ses bilen zordan:

— Ýene gerekmi? Geple… Ýene isleýäňmi? — diýdi.

Ol jogap aljak bolup, erjellik bilen kän gezek sowalyny gaýtalady. Birdenem, ýoldaşlarynyň ýerli-ýerden ýapyşyp, özüni bir tarapa alyp çykjak bolýandyklaryny, köýnegini geýdirmäge synanyşýandyklaryny duýdy. Şol pursadam özünden gidip ýykyldy...

Stoluň üstündäki sagat jyňňyrdasa-da, Martin ony eşitmän, ýüzüni eli bilen tutup oturmasyny dowam etdi. Ýöne ol hiç zadyň pikirini welin etmeýärdi. Geçen wakany kalbyna şeýle ýakyn tutup ýatlany sebäpli, edil şol agşam Sekizinji köçede çaşyşy ýaly, ýene özüni ýitirdi. Birnäçe minutlap ony

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

boşluk hem tümlük gurşap aldy. Soňam edil gaýtadan direlen ýaly bolup, syçrap turanda, gözleri uçganaklady, saçlary bolsa derlän maňlaýyna ýelmeşipdi.

— Barybir, men seni ýeňdim, Goturtumşuk— diýip, Martin uly sesi bilen gygyrdy. — Onuň üçin maňa alty ýyl gerek boldy. Bolsa-da men senden üstün çykdym.

Onuň aýaklary sandyrap, başy aýlanyp durdy. Indi ol yraň atyp barmalydy-da düşegine geçmelidi. Ol henizem ýatlamalaryň penjesinden sypyp bilmeýärdi. Ol burçda üýşüp ýatan golýazmalara gözi ilýänçä, özüniň nirede durandygynam unudyp, aňk bolup töwerege garanjaklady. Golýazmalary göreninden soň hakyda çarhy aýlanyşyny çaltlandyryp, dört ýyllyk aralygyň üstünden derhal geçdi welin, Martin kitaplary ýatlady, kitaplaryň açyp beren dünýäsini ýatlady, özüniň tekepbirlik bilen tutan maksatlaryny ýatlady, eger-de hut şu mahal onuň gaýtadan başyndan geçiren wakasyna göz açyp-ýumasy salym şaýat bolaýan bolsa, göz açyp-ýumasy salym onuň durmuş läbigine bulaşyp ýatanyny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
göräýen bolsa, gürrüňsiz, öljegi hak, ýüregi ýuka, duýgusy näzik aksowult ýüzli gyza bolan söýgüsini ýatlady.

Ol ýerinden turdy-da, aýnanyň öňünde durup, ýene özüni synlady.

— Sen indi ol hapa läbikden saýlandyň, Martin. Gözüň öňi durlandy, Martin. Indi sen ýyldyzlara egin deňäp bilýäň, dokuzyň doly hald

ýaşaýaň, asyrlaryň gymmatly mirasyny özünde saklaýanlardan ony gaňryp alýarsyň. — Öz keşbine üns bilen sereden Martin gülüp goýberdi. — Ýene birazajyk suwjuklyk bilen göçmelik ýetenokmy? Bolanda näme! Oňa üns berip oturasy iş ýok. Sen birmahal Goturtumşugy dyza çökerdiň, edil şonuň ýaly hem, neşirçilerden üstün çykarsyň. Dogry, onuň üçin gereginden üç esse artyk wagt ýitirmeli bolarsyň. Nähili hem bolsa, ädim urmagyňy bes etmek hakda welin, pikir edäýmegin. Öňe git, Martin, öňe git. Göreşjek bolsaň, ahyryna çenli gidiş!

## XVI bap

a

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Jaňly sagat Martini şeýle duýdansyz oýardy welin, ukudan beýle çalt açylmak saly gowşagrak başga bir adamda kellagyry döretse-de döredерdi. Ol süýji ukuda ýatanam bolsa, bihuda geçirilen bäş sagat wagtyň yzda galandygyna begenip, edil pişik ýaly bolup derrew oýandy. Etmeli iş, kellede aýlamaly alada çakdanaşa kän bolany sebäpli Martin ukyny ýigrenýärdi, onuň öz ömründen kertip alýan her bir pursadyna haýpy gelýärdi. Şol sebäpli, tizräk özüne gelmek üçin sagadyň jaňy kesilip-kesilmänkä, kellesini legendäki sowuk suwa çümdürip çykardy welin, endamy tikenekläp gitdi.

Ýöne bu gezekki iş gününiň başlanyşy adatdakysy ýaly bolmady. Ozal başlanyp, yzyny dowam edibermeli hekaýa ýa-da kagyza geçirtjek bolup özüne çekip duran taýýar pikirem ýokdy. Ol öten agşam gaty gije çenli işläpdi. Ertirlik edinmeli wagtam golaýlapdy. Martin Fiskden bir bap okamakçy boldy welin, kellesi sämäp duransoň, kitaby bir gyra süýşürdi. Bu gün ol durmuş bilen täze bir başa-baş söweş gurmalydy, şonuň üçinem esli salym edýän işiniň arasyny bölmeli boljakdy. Ol öýünden, maşgalasyndan jyda düşýän adamyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

tukat bolşy ýaly gamgyndy. Martin otagyň burçunda ýatan golýazmalara seretdi. Ol özüniň sümelge berip, howandar çykjak arka tapylman ryswa bolan biçäre perzentlerini terk etmelidi. Martin aşak egildi-de, golýazmalary seljermäge, özüniň käbir halaýan ýerlerini okamaga başlady. «Gazan» bilen «Başdangeçirmeler» hekaýalaryny bolsa sesli okalmaga-da mynasyp eserler hasaplady. Aýratynam ol «Şatlyk» diýen, düýn ýazylyp, redaksiýalara ýollamaga marka bolmany üçin, burça taşlanan hekaýasyndan hoşal boldy.

— Men düşünemok — diýip, Martin özbaşyna samrady. — Belkem, men däl-de, redaktorlar düşünýän däldirler. Aslynda olara näme gerekkä? Olar meňkiçe ýok eserlerem çap edip ýörler-ä. Çap edýän zatlarynyň hemmesem meňkiden… hemmesi diýen ýaly pes.

Martin ertirlik edineninden soň gabyna saldy-da, hat ýazýan maşinkasyny Oklende alyp gitdi.

— Men maşinkanyň bir aýlyk hakyny tölämok — diýip, ol satyjy aýala ýüzlendi. — Siz meniň gidýändigimi hojaýyna aýdyň. Özümem bir aýdan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýa-da bir aý töwereginden yzyma dolananymda bergimi bererin.

Martin ol ýerdenem araçy edara barmak üçin San-Fransisko tarap ugrady.

— Haýsy iş tapylsa-da maňa bolýar — diýip Martin söze başlanda, «ilden parhlanmaga» höwesek, işçileriň ýokary dereje hasaplap geýýän arzan eşigini geýnen bir adamyň içerik girmegi oňa gepini paýawlatdyrmady.

Gullukçy başyny ýaýkady.

— Eýsem, hiç kim ýokmy? — diýip, soňky gelen sowal berdi. — Men kimem bolsa, birini hökman tapaýmaly. Onda-da hut şu günüň özünde tapmaly.

Ol adam gapdalyna aýlandy-da, Martine, Martinem oňa seretdi. Onuň ýenjilen ýaly ýüzi öten agşam uzynly gijäni içip geçireniňkä meňzeýärdi.

— Iş gözleýäňmi? — diýip, ol Martine ýüzlendi. — Eliňden näme gelýär?

— Agyr işi gowy görýän, deňizçilikden başym çykýar, maşinkada hat ýazýan, stenografiýany

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bilemok, at münüp bilýän. Gepiň keltesi, näme diýsem, elimden gelýär.

Beýleki adam baş atdy.

— Gaty oňat. Başarýan zatlaň hemmesem gerek zatlar. Meň adym Dauson, Jo Dauson. Men kir ýuwulýan ýerde özüme kömekçi gözleýän.

— Geýim ýuwulýan edaramy? — diýip dillenen Martin özüni aýallaryň içki geýimlerini ütükläp duran ýagdaýda göz öňüne getirdi. Ol iş asyl oňa täsinem bolup göründi. Ýöne özüne kömekçi gözleýäni gowy adamdyr öýdüp çaklansoňam sözüniň üstüni ýetirdi. — Umuman aýtsam-a, men geýim ýuwmagy başarýanam. Gämilerde ýüzen wagtlarym öwrenipdim.

Jo Dauson bir minut çemesi oýlandy.

— Ikimiz iş barada pikir alşyp bileris. Ýagdaýyň nähilidigini bilesiň gelýärmi?

Martin tassyklaýjy baş atdy.

— «Gyzgyn çeşme» diýilýän şypahanada, myhmanhana garaşly geýim ýuwýan kiçijik

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kärhana bar. Şol ýere iki adam gerek. Biri uly işgär, beýlekem onuň kömekçisi. Şol uly işgär men bolmaly. Her kimem özüne degişli işi edýär. Ýöne men seniň başlygyň bolmaly. Nädýä? Oňlaýaňmy?

Martin oýlandy. Mesele oňa täsin bolup göründi. Birnäçe aý işlese, ýene bilimini artdyrmaga mümkinçilik dörejek. Martin bolsa çyny bilen işlemegi hem, okamagy hem başarýardy.

— Berýän naharlary oňat. Ýeke özüňem aýratyn otagda ýaşarsyň — diýip, Jo öňki aýdanlarynyň üstüni ýetirdi.

Soňky aýdylan söz meseläni çözdi hasaplandy. Aýratynja otagyň bolsa, gije çyra ýakýanyň üçinem iňirdi eşitmeseň, dagy saňa näme gerek!

— Iş welin iş däldir, barypýatan sütemdir. Şony welin, öňünden bilip goý, gadyrdan.

Martin köýneginiň aşagyndanam bildirýän çignine garady.

— Men agyr işi indi görmeli däl.

— Onda el berişdigimiz-dä?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Jo maňlaýyna elini ýetirdi.

— Ýeri, muňa näme diýjek! Henizem gözümiň öňi ümezläp dur. Öten agşam gatyrak gidipdirin. Diňe içgide-de däl, hemme zatda-da… Hawa, işiň şerti şeýle. Iki adama ýüz dollar hem ýaşaýyş jaý berilýär. Şonuňam altmyş dollaryny men alýardym. Kyrkyny hem kömekçim. Ýöne ol kömekçi iş başarýan

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kömekçidi. Sen bolsa, entek täze işgär. Entek işe bişişýänçäň, saňa deregem özüm işlemeli bolaryn. Şeýlelikde, sen otuz dollardan başlap, ýuwaş-ýuwaşdanam kyrka ýetersiň. Men seni aldaman. Işiň abyny-tabyny alan badyňa kyrk dollaryňam alarsyň.

— Razy! — diýen Martin oňa elini uzatdy. — Ýöne şol otuz dollaryň ujundan az-owlak öňünden alaýsam-a kem görjek däl. Ýol harjy diýdi, ýene diýdi…

— Ähli pulumyň ýoguna ýandym — diýip, Jo ýene maňlaýyna elini ýetirdi. — Diňe yza gaýtmaga petek alar ýaly pul galdy.

— Menem iň soňky şaýyma çenli jaýyň kireýine geçirmeli.

— Şony tölemäýseň, kelläňi alýalarmy?

— Gelşikli däl. Bergilim öz aýal doganym-da.

Jo haýpygelijiligi aňladyp, süýkdürip sygyrdy-da:

— Jübülemmi barlaşdyrsam, ýarym çüýşä ýeter ýaly pul jemlemegim mümkin. Ýör, gidip, bir zatlar garbanaly! — diýdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin ol maslahaty oňlamady.

— Içeňokmy?

Martin başyny ýaýkady welin, Jo sussupeslik bilen dillendi:

— Saňa gözüm gidýär. Men şony başaramok. Bir hepdeläp maýrylýançaň, eşek ýaly işläňsoň, özüňden erksiz meýhana tarap gidiberýäň. Eger-de men içmeýän bolsam, bireýýäm damagymy çalardym ýa-da kärhanany otlardym. Seň içmeýändigiňe begenýän. Şu endigiňden daşlaşma.

Martin özi bilen ol adamyň arasynda aradaşlygyň uludygyny bildi. Ony okalan kitaplar döredipdi. Ýöne Martin üçin ol aradaşlygyň üstünden ätläp geçmek kyn däldi. Ol bütin ömrüni işçileriň arasynda geçiripdi ahyryn. Birek-birege ýardam edişmek onuň üçin endik bolup galypdy. Martin Jonuň kellesi sämäp duransoň, göçüp barmak baradaky çözmesi aňsat däl meseläni derrew çürt-kesik etdi. Ol goş-golamly çemedanyny ibermek üçin-ä Jonuň peteginden peýdalanar, özi bolsa «Gyzgyn çeşmä» tigirli gider. Aralyk ýetmiş mil. Martin duşenbede işe başlamak üçin ýekşenbede

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýola çyksa, ol aralygy günüň dowamynda geçer. Häzir bolsa ol öýüne gider-de, goş-golamyny ýygnaşdyrar. Ruf tutuş maşgalasy bilen Teho kölüniň kenarynda dynç almaga Siýerrä gitdi, şonuň üçinem Martiniň hoşlaşjak bolup wagt ýitiräýjek adamy-da ýokdy.

Martin Iden «Gyzgyn çeşmä» ýekşenbe güni agşamlyk ýetdi. Ol argyndy, üst-başy hem tot-tozandy. Jo ony begenip garşy aldy. Günuzyn işläni üçin, onuň kellesi hem öl süpürgiç bilen daňylgydy.

— Men özüme kömekçi gözläp wagt ýitirenim üçin ýuwulmaly zatlaryň bir bölegi geçen hepdeden bäri ýuwulman galypdy — diýip, Jo düşündiriş berdi. — Goş-golamyň ýerbe-ýer geldi. Öz otagyňda durandyr. Çemedanyň şeýle bir agyr ekeni welin… Içini altyndan-a dolduraýan dälsiň?

Martin goş-golamlaryny çykaryşdyrýança, Jo onuň krowatynda oturdy. Martiniň çemedan diýýäni-de çemedanam däldi-de, ozal gaplanan iýmitler salnan gödeňsi gapyrjakdy. Şonuň üçinem mister Higginbotam Martinden ýarym dollar aldy. Iki tarapyndan ýüp çüýläp tutaý etdi-

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

de, ol gapyrjagy çemedana meňzedäýdi. Birki sany

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
çalşyrgyç eşikden soň, gapyrjakda kitap barynyň peýda bolmagyna Jo haýran galyp seretdi.

— Bä! Çemedanyň düýbüne çenli kitapdan dolum-aýt?

Jo dymdy. Çaky, onuň kellesinde nähilidir bir pikir peýda boldy. Ahyram ol içindäkisini daşyna çykarmaga başlady.

— Seň gyzlar bilen araň nähili? Küýseýäňmi? — diýip, ol asla garaşylmadyk bir sowal tapdy.

— Ýok — diýip, Martin derrew jogap gaýtardy. — Ozal gyzlar bilen gyzyklanýardym welin, soň işim-pişäm kitap okamak boldy. Indi bolsa, gyza-geline üns bermäge wagtam ýok.

— Bu ýerde-hä saňa kitap okamaga wagt bolmaz. Iş-uky, uky-iş.

Özüniň bäş sagatlyk ukusyny ýatlan Martin ýylgyrdy. Onuň ýaşamaly otagy geýim ýuwulýan jaýyň üstünde eken. Şol jaýda-da geýim ýuwulýan ýerdäki maşynlary herekete getirýän motor ýerleşýärdi. Goňşy otagda ýaşaýan elektrik ussasynyň Martini sulhy aldy. Ol täze gelen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
goňşusyna stoldan tä krowata çenli uzyn simli çyra çekip berdi.

Ertesi Martin sagat ýediden on bäş minut işlände oýandy. Oňa ertirlik naharynyň on bäş minuty kem ýedide berilýändigini aýtdylar. Jaýda işleýänler üçin suwa düşülýän ýer bardy. Martin Jony çäksiz geňirgendirip, wannada buz ýaly suwa ýuwundy.

— Saňa tüweleme diýse bolar! — diýip, Martin aşhanada naharlanmaga oturanda Jo ony taryplady.

Elektrik ussasy, bagban, bagbanyň iki sany kömekçisi hem atbakarlar bilen bile naharlandylar. Olaryň hemmesiniňem ýüzleri çytykdy, birek-birek bilen käte bir söz atyşyp, nahary hem gyssanmaç iýýärdiler. Martin aýdylýan gep-sözleri diňläp, özüniň beýle adamlardan gaty daşlaşandygyna göz ýetirdi. Olaryň düşünje taýdan pesdiklerini aňladýan gürrüňlerini diňläp oturmak Martin üçin güzapdy. Ol täk özüniň galmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Şonuň üçinem suwuk hem tagamsyz şüle

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

paýyny howlukmaç iýdi-de, diňe aşhanadan çykandan soň erkin dem aldy.

Geýim ýuwulýan çaklaňja jaý maşynlaryň bitirýän işleriniň hemmesini başarýan täze enjamlar bilen üpjün edilendi. Nähili işlemelidigi barada gysgajyk düşündiriş alan Martin üýşüp ýatan gaty kän ýuwulmaly zatlaryň bir çetinden girdi. Ol alada gümra bolup durka, Jo maşynlary işledip, gaňşyrawugyňy tütedip barýan ysly himiki maddadan suwuk sabyn ýasaýardy. Şeýlelikde, ol burnyny, gözüni el süpürgiç bilen örtensoň, garantga ýaly bir zada meňzeýärdi. Zatlary seljerişdirmegi tamamlan Martin eýýäm ýuwlan ýorgandaşlary sykmaga girişdi. Sykmak işi matadan çyglylygy sorup alýan, sekuntda birnäçe müň aýlaw edýän aýratyn bir maşyn tarapyndan amala aşyrylýardy. Soňra Martin zatlary guradyjydan sykyja geçirýärdi, aralykda-da ýene jorapdyr çulkileri-de saýhallaýardy. Nahardan soň, ütük gyzýança olar joraplardyr çulkileri ýazgynlamak işleri bilen güýmenýärdiler. Ondan soň sagat alta çenli içki eşikleri ütüklediler welin, Jo ynamsyzlyk bilen başyny ýaýkady.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýetişmeýäs. Agşam nahardan soňam işlemeli bolar.

Agşam nahardan soňam, tä iň soňky jüp içki geýim tabşyrylmaga taýyn bolýança sagat ona çenli ýiti elektrik çyrasynyň yşygyna işlemeli boldy. Kaliforniýanyň petiş, yssy gijeleri höküm sürýärdi. Penjireleriň giňden açykdygyna garamazdan, gyzgyn plitalaryň, ütükleriň howrunyň derdinden jaýyň içiniň howasy çekip-çydardan has yssydy. Guşaklyga çenli ýalaňaçlansalaram, endamlaryndan der suw ýaly akýan Martin bilen Jo zordan dem alýardy.

— Bu ýerde hem ýagdaý edil tropikdäki gämi duralgalarynda ýük düşürýänleriň güni ýaly-da — diýip, Martin basgançakdan ýokaryk galyp barýarkalar dillendi.

— Seň işiň ugrugyp gider — diýip, Jo oňa jogap gaýtardy. — Sen işlemäge endik eden adam ekeniň. Mundan beýlägem şeýdip haýdaberseň, bir aýdan gazanjyň otuz dollardan köpeler. Indiki aýda kyrk bolar. Ýöne seň ozal eşik ütüklemäniňe men ynanamok. Meni aldap bilmersiň, gardaş.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ömrüm boýy el ýaly esgi hem ütükläp göremok. Hudaý bar, ynanaý.

Martin tutuş on dört sagat işländigini ýadyndan çykaryp, biçak ýadandygyna geň galdy. Ol jaňly sagady alta gurdy-da, uklamaga bäş sagat goýup, gije bire çenli kitap okamaly etdi. Ýadawlygy birneme aýrylary ýaly köwüşlerini çykaryp, stol başyna geçen Martin gapdalyna kitap baryny üýşürdi. Ol fizikany açyp, iki gün mundan ozal saklanan ýerinden okap başlady. Ýöne, argynlykdan bolsa gerek, kellesi bulaşyp, bir abzasy iki gezek okamaly hem bolýardy. Ol oturan ýerinde uklap, soňam gurşan elleriniň yzasyndan hem açyk aýnadan dag ş

malynyň getirýän sowuk howasyndan ýaňa birden oýandy-da, sagada seretdi. Ol dört sagat uklandygyny bildi. Soň çykaryndy-da, özüni ýorgana atdy welin, kellesi ýassyga degip-degmänkä uka gitdi.

Sişenbe güni hem dartgynly geçdi. Jonuň tiz hereket edip işleýşi Martini haýran etdi. Onuň täk özi işlese-de, on iki sany döw işleýän ýalydy. Ol uzyn günüň dowamynda ýekeje pursat wagty-da

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

dereksiz ýitirmeýärdi, ähli ünsüni işe gönükdirýärdi, arasynda Martine-de edýän bäş hereketine derek üç, nirede üçe derek iki hereket etmelidigini hem öwredýärdi.

Martin onuň hereketlerini synlap, başardygyndan öýkünjek bolýardy. Onuň özi-de ukyplydy, çeýedi, e

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
düşünjelidi, işlemek meselesinde öňüne geçip bilýän adam ýok bolany üçin mydama özüne buýsanýardy. Indi ol hem Jonuň işleýşini görüp, onuň işleýşini öwrenip, berýän maslahatlaryny amala aşyrmagyň aladasyndady. Netijede, ol ütüklenende pökgerip, büdür-südür bolup durmaz ýaly ýeňe, ýaka krahmaly şeýle bir ökdelik bilen çalýardy welin, hatda Jo-da ony öwmeli boldy.

Işde arakesme-de ýokdy. Bir işi gutardyňmy, hiç zada garaşman, hiç zady soňa goýman, derrew başga alada bilen bolubermelidi. Olar iki ýüz köýnegi krahmalladylar. Şonda başga ýerine degmez ýaly köýnegi çep eliň bilen tutup, sag eliň bilenem ýeňini, ýakasyny, öň tarapyny gyzgyn krahmala sokup çykarmalydy. Krahmalam şeýle bir gyzgyndy welin, her gezek köýnek sykylanyndan soň, eliňi sowuk suwa sokmasaň, çydar ýaly däldi. Şol agşam olar aýallaryň içki geýimleriniň gasynlaryny krahmallap, sagat on bire çenli işlediler.

— Tropiklerde-de iş mundan ýeňil — diýip, Martin ýaňsyly gülüp goýberdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýeňilem bolsa, ol meň üçin däl — diýip, Jo jogap gaýtardy. — Sebäbi men ömrümde şu hünärimden gaýry iş görmedim.

— Şoň üçinem bu işe seň eliň gelşip barýa-da.

— Ýogsam näme! Men on bir ýaşymdakam, Oklendde işläp başladym. Bugly katogyň gapdalynda durýardym. Ondan bäri on sekiz ýyl geçenem bolsa, başga işe baş galdyrmazdym. Ýöne şu ýerdäki ýaly hupbatly işe hiç ýerde gabat gelmedim. Bu ýerde iki adama derek, iň bolmanda, üç adam işlemeli ahyryn. Ynha, ertir gijesi bilenem işlemeli bolar. Çarşenbede mydama-da gijesi bilen işlemeli: ýakalyk, ýeň…

Martin jaňly sagada tow berip, stol başyna geçdi-de, Fiskäni açdy. Açsa-da, ýeke abzasam doly okap bilmedi. Harplar kagyzyň ýüzünde bökjekleşýärdi, Martinem olary burny bilen çokýardy. Ol jaýyň içinde iki tarapa ädimläp, ukyny kowmak üçin kellesini ýumruklady, barybir, ondanam netije çykmady, soňra kitaby öňünde goýdy-da, gabaklaryny barmaklary bilen açyp okamaga synanyşdy, emma gözleri açyk halatynda-da uka batdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin uky bilen göreşmäge güýjüniň ýokdugyna göz ýetirenden soň, näme hereket edýändiginem oňly aňşyrman, eşiklerini çykardy-da, krowatyň üstüne agdaryldy. Ol ýedi sagatlap, aňsyz haýwan ýaly bolup uklady. Şonda-da ol sagadyň jaňyna oýanansoň, özüni doly uky almadyk adam hasaplady.

— Kän okadyňmy? — diýip, Jo sowal berdi.

Martin başyny ýaýkady.

— Gamlanma! — diýip, Jo ony köşeşdirjek boldy. — Bu gije biz katogy goýbereris welin, sagat altyda işi tamamlarys. Ana, şonda saňa kitap okamaga maý bolar.

Martin bu gün ýiti ysly sabynly suwdan doldurylan ullakan legende ýüň zatlary çyrpýardy. Çyrpmak hem ýörite guralyň kömegi bilen amala aşyrylýardy.

— Bu meň oýlap tapan zadym! — diýip, Jo tekepbirlik bilen ol gurala tarap elini salgady. — Eşik ýuwaňda sürtülýän agaja deregem bolýa, eliňem howpdan goraýa. Üstesine-de, hepdede, iň bolmanda, on bäş minut wagt tygşytlap berýär.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Dowzah ody ýanýan ýaly howruň içinde on bäş minut diýilýän wagtyňam nämedigini senem indi gowy bilmeli.

Matanyň ýygyrdyny ýazýan katok diýilýän guraldan ýakalyklar bilen ýeňleri geçirmegem Jonuň oýlap tapan täzeligi. Agşam düşüp, çyralar ýakylansoň, Jo ýagdaýa düşündiriş berdi.

— Başga eşik ýuwulýan kärhanalarda entek bular ýaly derejä ýetilenok. Men bolsa şu täzelik sebäpli şenbe güni işi sagat üçde gutarmaga mümkinçlik alýan. Gep çalasyn hereket etmekde. Aýratyn basyş, aýratyn gyzgynlyk gerek, hemem zatlary üç gezek geçirmeli.

Ol bir ýeňi eline aldy.

— Elde beýdip bolmaz. Dogry dälmi?

Çarşenbe güni Jo gahardan ýaňa tas ýarylypdy. Gündelik edilmeli işiň çäginden daşgary ýene bir daňy krahmallanmaly ýuka geýim-gejim iberipdirler.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýok bolsun! Jähennem bolsun! — diýip, ol galmagal turuzdy. — Mundan artyk takat edip biljek däl. Men-ä bir minut boş wagt gazanmak üçin tutuş hepde ýükçi eşek ýaly bolup işleýän. Ynha, birdenem… Şatlanmaga rugsat ediň! Edilmeli işiň üstüne ýene bir daňy krahmallanmaly zatlar! Köp minnetdar! Men azat ýurtda ýaşaýan. Men ol ýagly şeýtana özi hakda näme pikir edýän bolsam, hemmesini açmaly bolaryn. Özümem oň bilen fransuzça gepleşerin. Birleşen Ştatlaryň dilinde hem oňa aýdylmaga mynasyp sözjagazlar bar. Tutuş bir daňy artykmaç iş! Bu nähili görülmedik haýwançylyk.

Bary-ýogy bir minut geçip-geçmänem, ol gaharyny unudyp, täleýine tabyn bolup gepledi.

— Ýene-de uzynly gijäni işläp geçirmeli bolar.

Şeýlelik bilen, bu agşamam Martin kitap okamakdan mahrum boldy. Ol tutuş hepdeläp eline gazetem almady, almak isleginiň bardygynam duýmady. Şonuň üçinem ol öz-özüne haýran galdy. Ol biçak ýadansoň başga bir zat bilen güýmenmäge ýagdaýy ýokdy. Ýöne ol, barybir, öňdäki şenbe güni tigirli Oklende gitmek

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kararyna geldi. Ýetmiş mil aňryk, ýetmiş mil bärik, diýmek oňa indiki iş hepdesine güýç toplamak üçin dem-dynç almaga asla wagt galmaýardy. Elbetde, otly bilen gitseň, wagt meselesinde amatly boljakdy, ýöne onuňam ýol kireýi iki ýarym dollara ýetjekdi. Martin bolsa pul tygşytlamak kararyna gelipdi.

## XVII bap

Martin bu ýerde kän zat öwrendi. Ilkinji hepdede Jo ikisiniň bir günde ýuwup ütüklän köýnekleriniň sany iki ýüze ýetdi. Jo maşynyň tutaýyny basyşy sazlaýjy ýaýjyga berkidilen, ütük duran germawa tarap süýşürdi. Şeýdip, ol köýnegiň krahmallanan bölegini ütükleýärdi-de, ony Martine geçirýärdi, Martin hem köýnegi tagtanyň üstünde goýup, galan ýerlerini ütükleýärdi.

Bu iş agyr hem tükeniksiz, ýüregedüşgünç işdi. Myhmanhananyň açyk eýwanynda ak geýnen aýallardyr erkekler ýa-ha aýak ýazmak üçin gezim edýärdiler, ýa-da stol başynda oturyp sowuk suw içýärdiler. Eşik ýuwulýan ýer bolsa çydar ýaly däl derejede kapasdy. Gyzgyndan ýaňa gyzaryp duran plitadan ýalyn öwüsýärdi, çygly mata degýän

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gyzgyn ütügiň aşagyndan bolsa towlanyp bug çykýardy. Bu ýerde ütük öýde ulanylyşyndan has beter gyzdyrylýardy. Martiniň ozal gyzgynlygyny barmagyny ölläp barlaýan ütügi Jo üçin örän sowuk bolup duýulmalydy. Olar ütügiň gyzgynlygyny Martine düşnüksiz bolup galan ten duýgusy arkaly, ýagny ony ýaňaga golaýlatmak ýoly bilen anyklar ekenler. Eger ütük çakdanaşa gyzgyn bolsa, ony sowuk suwa çümdürýärdiler. Bu iş hem endik bilen çakganlygy talap edýärdi. Eger ütük suwda durmalysyndan bir sekunt artykmaç duraýsa, gyzgynlyk bolmaly derejesinden peselýärdi. Martin şol işi amala aşyranda awtomat ýaly dürs hereket etmegi başaryşyna özi-de geň galýardy.

Umuman-a, geňirgenmeklige-de wagt ýokdy; Martiniň ähli ünsi edýän işine gönükdirilendi. Ol edil janly maşyn ýaly bolup elini-de, kellesini-de işledýärdi. Iş, alada onda bar bolan adamçylygy-da özüne çekip alýardy. Onuň kellesinde dünýä hakynda, onuň syrlary hakynda pikir-oý ýerleşer ýaly ýer galmandy. Onuň beýnisindäki giň, boş jaýlar gulplanypdy hem açylmaz ýaly möhürlenipdi. Onuň aňy gämiçiniň darajyk

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

jaýynda ornaşyp, şol ýerdenem eýesiniň ellerine, barmaklaryna ütügi nähili tutmalydygy, yzy gutarmaýan köýnekleriň ýeňlerini, ýanlaryny, etegini nähili ütüklemelidigi barada, duran ýeriňden sähelçe-de daşlaşman, taýýar köýnekleriň ütügini bozman nädip gapdala taşlamalydygy barada buýruk berýärdi. Onuň kellesi bir köýnegiň aladasyny gutaryp-gutarman, beýleki köýnegiň aladasy bilen meşgul bolýardy. Şeýlelikde, daşarda Kaliforniýanyň ýiti Güneşiniň astynda ähli zat doňup galýança, wagt bary geçýärdi. Geýim ýuwulýan ýerde welin, iş togtamaýardy. Myhmanhanada ýaşaýan sypaýylara arassa ýapynjalar gerekdi.

Martiniň endamyndan der ýagyş ýaly bolup akýardy. Ol çakdanaşa kän suw içýärdi, ýöne jöwza şeýle güýçli bolany sebäpli, içeni ähli ýerinden der bolup çogup çykýardy. Gämilerde ýüzýän mahallary iň agyr iş hem Martini oý-pikire gümra bolmakdan mahrum edip bilmeýärdi. Onuň gulluk edýän gämisiniň kapitany Martiniň diňe wagtynyň eýesidi, bu ýerdäki myhmanhananyň eýesi bolsa, üstesine onuň aň-pikiriniňem hojaýynydy. Ol aňy üçinem, bedeni üçinem deň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
derejede surnukdyryjy işden gaýry hiç zadyň pikirini hem edip bilmeýärdi. Onda işden başga pikir ýokdy. Ol hatda Rufy söýýändigini-de açyk aňşyryp bilmeýärdi. Ruf edil aýatda ýok ýalydy. Sebäbi Mar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

tiniň jebir çekýän kalbynda ýatlama orun ýokdy. Diňe agşam ýorgana giren mahaly ýa-da ertir naharyndan soň, Ruf oňa edil ümürden edilen sulba kimin görnüp gidýärdi.

— Bu ýer dowzahdanam aýylganç bolsa gerek, ä? — diýip, Jo bir gezek Martine ýüzlendi.

Martin tassyklaýjy baş atdy, ýöne jan ýakyjy bir duýga gaplandy.Ýagdaýyň nähilidigi Jo düşündiriş bermände-de aýdyňdy. Jo bilen Martin iş wagtynda asla gepleşmeýärdiler. Gürrüň işden ünsüňi sowýardy. Häzirem Jonuň sowalyna pikirini bölen Martin ütügi iki gezek artykmaç sürtmeli boldy.

Anna güni irden geýim ýuwýan maşyny işe girizdiler. Hepdede iki gezek myhmanhananyň zatlary — elsüpürgiç, ýassykdaşy, ýorgandaşy ýuwulýardy. Ol zatlaryň yzyndanam ýuka geýimlere geçmelidi. Ol iş gaty inçe, ownuk hem lütüňi çykarýan işdi. Özüňem gaty ägä bolaýmasaň, bir näsazlyk çykjak bolup durdy. Şonuň üçinem Martin birneme haýal işlemeli boldy. Ol soňy ýakymsyzlyk bilen gutarmagy ahmal säwlik goýbermekden çekinýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Şu zady görýäňmi? — diýip, Jo Martine gyssaň gysymyňa sygjak, ýuka matadan edilen aýal göwüsligini görkezdi. — Şu ütükläňde ýanaýsa, senden ýigrimi dollarjygyňy gaňryp alarlar.

Emma Martin hiç zady ýakmady, köýdürmedi. Ol nerwleriniň dartgynlylygyny gataltmak arkaly çiginleriniň dartgynlylygyny gowşadyp hem işledi hemem Jonuň paýyş sözlerini diňledi. Jo özleri ýuwmaýandyklary üçin şeýle ýuka göwüslik göterýän aýallaryň üstüni gargyş bilen gömýärdi. Ýuka içki geýimler Martiniňem, Jonuňam iň ýigrenji hasaplaýan zatlarydy. Ol geýimler gymmatly wagtyň emini berýärdiler. Jo bilen Martin uzyn gün diňe şol zatlara güýmenmeli boldular. Olar sagat ýedide ýassykdaşylaryň, ýorgandaşylaryň, elsüpürgiçleriň ýygyrdyny ýazmak üçin geýim ýuwmagy bes etmeli boldular. Agşam sagat on bolup, myhmanhanadakylar uklansoňlar, ýene şol ýuka geýimleriň daşyna geçildi. Iki ýoldaş gije, sagat ikä çenli der döküp işledi. Iş sagat üçüň ýary bolanda gutardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Şenbe güni iş ýene ýuka geýimlerden hem maýdaçüýdeden başlandy. Ahyryn hepdelik iş sagat üçde tamam boldy.

— Şu gezek sen Oklende gitmersiň diýip tama edýän — diýip, basgançakda höwes bilen çilim çekmäge oturan Jo gepi şol habardan başlady.

— Ýok, giderin — diýip, Martin jogap gaýtardy.

— Şundan şoňa gitmek beýle zerurmy? Ýa söýýän gyzyň dagy barmy?

— Gep onda däl. Men kitaphana baryp, alan kitaplarymy çalyşmaly. Özümem iki ýarym dollary tygşytlamak üçin tigirli gitmekçi.

— Kitaplaryňy poçta arkaly iberäý. Şeýtseň, ol ýigrimi bäş sente düşer.

Martin oýa batdy.

— Gowusy, sen ertir dem-dynjyňy al — diýip, Jo dowam etdi. — Saňa iň zerury şol. Men özümden çen tutýan. Men edil ýenjilen ýaly.

Onuň aýdýany dogrudy. Minutyny, sekundyny hasapda saklaýan, haýal-ýagallygyň duşmany, päsgelçiligi ýok ediji, aňrybaş güýçli motor-adam,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

adamam däl — döw — häzir bir hepdelik agyr işden soň argynlykdan ýaňa sütüni süýnüp otyrdy. Ol hyrsyzdy, ýadawlykdan halys bolandy. Onuň görmegeý ýüzi hem halparan ýalydy, bikär adam ýaly bolup çilim sorýardy, sesi tutuk hem gowşaksydy. Şu mahal onuň ozalky dogumy-da, güýji-de ýokdy, dem-dynç almakda-da lezzetsizdi.

— Duşenbe güni hemme zat täzeden başlanar — diýip, Jo gazap bilen dillendi. — Şu zatlar aslynda nämä gerek diýsene, ä? Käte öýsüz-öwzarsyz entäp ýörenlere gözüm gidýä. Olar hiç ýerde işlänoklar, gazanç edenoklar. Ýöne şonda-da ýykma-ýykylma ýaşap ýörler. Ah-ah! Şu mahal men bir bulgur arpa suwuny höwes bilen içerdim welin, ýöne oň üçinem aýagyňy süýräp oba gitmeli. Senem akmak bolma-da, kitaplaryňy poçta bilen ýolla, özüňem bärde gal.

— Bu ýerde men uzynly gün nämä güýmeneýin? — diýip, Martin sowal berdi.

— Dynç alarsyň. Sen näderejede ýadandygyňy özüňem bileňok. Mysal üçin, men ýekşenbä çenli şeýle bir ýadaýan welin, hatda gazet okamaga-da ýaramok. Bir öwra men garahassalyga uçrap, iki

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýarym aýlap hassahanada ýatmaly boldum. Şonça wagtlap ýatan çöpi galdyrmadym. Baý, hezil bolda!

Bir minut çemesi wagt geçensoňam ol:

— Hawa, gaty oňat boldy! — diýip, öňki aýdanyny örän hoşallyk bilen gaýtalady.

Martin hammamdan gelende Jony ýerinde tapmady. Ol bir ýere ýitirim bolupdy. Martin ony bir bulgur arpa suwy üçin oba gidendir öýtdi, ýöne oba baryp, ony gözlemäge welin, höwesi ýokdy.

Ol köwşi bilen krowata gyşardy-da, arkan düşüp, pikirlerini bir ýere jemlemäge synanyşdy, kitaplara welin, elinem uzatmady. Ol kitap okardan has ýadawdy, ýarym oýa, ýarym ukudady, hiç zadyň pikirinem etmeýärdi, agşam naharyna çenli şeýdip ýatmakçydy. Jo bolsa henizem gara berenokdy. Martiniň sowalyna bagban «Jo içilýän ýere barandyr welin, megerem, ýykylyp galandyr» diýen jogaby gaýtardy. Agşam naharyndan soň, derrew ýorgana sümlen Martin ertesi ukudan oýandy. Ol özüni oňat dynç alan adam hasaplady. Jo henizem yzyna köwlenmändi. Martin agajyň kölegesinde gyşaryp, ýekşenbe

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gazetiniň gatyny açdy. Şeýdip, ol ertiriň neneňsi geçip gidendiginem duýman galdy. Hiç kim oňa päsgel bermedi. Ol ýatmasa-da, gazetem ahyryna çenli okap bilmedi, nahardan soň okamakçy boldy, kän mahal geçmänkä-de eli gazetli uklap galdy.

Ýekşenbe şeýdip geçdi, duşenbe güni bolsa ir bilen Martin eşikleri seljerişdirip başlanda, kellesi elsüpürgiç bilen daňlan Jo nälet baryny okap durşuna, sabyn eredip, kir ýuwýan maşyny işe girizdi.

— Özüme hiç erk edip bilemok — diýip, Jo zeýrendi. — Şenbe gününe ýetdigim, men hökman içäýmeli.

Arasy kesilmez işiň ýene bir hepdesi geçdi. Üstesine, ýene uzakly gije elektrik çyrasynyň yşygyna işlemeli boldy. Şenbe güni sagat on bäşde Jo köp garaşdyran dynç gününi hiç hili höwessiz garşylap, dünýäni unutmak üçin ýene şol oba gitdi. Martin hem bu ýekşenbäni-de öňki ýaly ýagdaýda geçirdi. Ol agajyň saýasynda ýatyp, gazet sahypalaryna göz gezdirdi. Şeýdip, ol hiç zat etmän, hiç zat barasynda pikirlenmän, uzynly gün

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýatdy. Ol haýsydyr bir zadyň pikirini ederden juda ýadawdy, üstesine-de, nämedir bir aýyp iş, haýsydyr bir düzedip bolmajak ýalňyşlyk edene dönüp, öz-özüni ýigrendi. Onuň öňki belent maksatlylygyndan nam-nyşan galmandy, tekepbirliginiň derejesi peselipdi, durmuşa okgunlylygy şeýle bir gowşapdy welin, indi öňe gidişlige hiç hili höwesi-de ýokdy. Ol ne öli, ne diridi, göwnüçökgündi. Ol haýwana, ýük çekýän haýwana öwrülipdi. Indi ol ýaşyl ýapraga gelip degýän Gün nurundaky gözelligi-de saýgarmaýardy, asman jümmüşiniň mawy çuňlugy oňa täsir etmeýärdi, ozal manysyna ýetmek isleýän gizlin syrlardan doly älem hakdaky pikirleri aňyna-da gelmeýärdi. Durmuş manysyzdy, boşdy, beýle durmuş agzyňda ýakymsyz tagam döredýärdi. Onuň göz öňüne getirýän sahnasynyň öňi gara tuty gerlen ýalydy.

Martin indi her şenbede oba gidip, aňkasy aşýança içip, serhoşlugyň kömegi bilenem öňdäki hepdede güzaply zähmetiň garaşýandygyny unudýan ýoldaşynyň bolşuna gözi gidip ugrady.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Üçünji hepde başlapdy. Martin özüne-de, tutuş durmuşa-da nälet okady. Ony özüniň durmuşdan utulmagy gynaýardy. Hekaýalary yzyna gaýtarmak bilen redaktorlar ýalňyşmaýardylar. Ol häzir muňa aýdyň düşündi hem özüniň öňki eden arzuwlarynyň üstünden güldi. Ruf oňa «Deňiz aýdymlaryny» poçta üsti bilen gaýtardy. Martin onuň ýazan hatyny göwnübirlik bilen okady. Çaky, Ruf onuň goşgularyny mahabatlandyrjak bolup alada baryny edipdi. Ýöne ol ýalan sözlemegi başarmaýardy, hakykaty özünden gizlemek onuň üçin örän kyndy. Ol goşgulary halamandyr. Onuň şeýledigini aňdyrýan many bolsa ýazan hatynyň setirleriniň arasyndan jyklap durdy. Rufuňky hem dogrudy. Onuň dogrudygyna Martin goşgularyny ýene bir gezek okanyndan soň, has-da ynandy. Ol gözelligi duýmak ukybyny ýitiripdi, häzir şol goşgulary ýazmaga nämäniň itekländigine akyl ýetirip bilmeýärdi. Diliň batyrgaý öwrümleri indi oňa gülkünç bolup duýulýardy, deňeşdirmeleri ýerliksizdi, gödeňsidi. Şolaryň baryny çugdamlasaň, dürterip, akmaklyk, hakykatdan daşlaşma ýüze çykýardy. Martin şol pursadyň özünde «Deňiz aýdymlaryny» otlardy

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
welin, onuň üçin ot ýakmalydy, edaranyň maşyn bölümine çenli ýöremäge bolsa gurbat gerekdi. Onuň ähli güýji kişi zatlaryny ýuwmaga sarp edilipdi, özüniň hususy işlerini amala aşyrmak üçin bolsa güýç galmandy.

Martin ýekşenbe güni özüni berk ele alaga-da, Rufa hat ýazmaly diýen netijä geldi. Ýöne şenbe güni agşamlyk işi gutaryp, suwa düşeninden soň, onda ähli zady unutmak höwesi döredi. «Baryp, Jonuň näme bilen meşgul bolýanyny göreýin» diýip, ol özi bilen içgin üm alyşdy. Şol pursadam özüni aldaýandygyna düşündi. Onuň şeýle pikir etmäge-de güýji çatmaýardy, güýji çataýanda-da öz ýalanyny özi açmak islemezdi. Sebäbi häzir onuň üçin ähli zatdan zerury dünýäni unutmakdy. Ol howlukman, ýöne il gözüne gezelenje çykan kişi bolup, oba tarap ýöneldi, emma meýhana golaýlansoň welin, ädimini ýygjamlatdy.

— Men seni diňe suw içýänsiň öýdüpdim — diýip, Jo Martini garşy aldy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin oňa düşündirişem berjek bolmady-da, wiski buýurdy, öz bulguryny dolduransoňam, çüýşäni Jo tarapa süýşürdi.

— Özüňem birneme janlyrak bol — diýip, Martin gödek ses bilen gepledi.

Jo haýal-ýagallyk etdi welin, Martin bulguryny bir demde başyna çekdi-de, ikinji gezek guýdy.

— Indi men garaşmaga takat taparyn — diýende, Martiniň sesi tutuk çykdy. — Barybir, sen oýkanjyrap oturma.

Jo ýalbartjagam bolup durmady. Iki ýoldaş bulgury bile göterdi.

— Sen meň ýakamy sypdyrmadyň-ow!

Martin o meselede Jo bilen çekeleşige-de girjek bolmady.

— Men saňa ol işiň iş däl-de, dowzahdygyny aýdypdym ahyryn — diýip, Jo geplemegini dowam etdi. — Dogrymy aýtsam, seň ýan bermegiňi men halamadym, Mart. Aý, iş jähennem bolsun-laýt, göterdik!

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin sesini çykarman içýärdi, arasyna wagt salybam çüýşe yzyna çüýşe buýurýardy. Şol hereket bilenem ol gök gözli, saçy göni tar-tar daralan, gyza çalym edýän sypatyna görä oba oglany bolsa gerek diýdirýän satyjyny biynjalyk etdi.

— Beýdip, adamlary işde surnukdyrmak haýwanlyga barýar — diýip, Jo gepläp başlady. — Eger men içgä baş urmadyk bolsam, şol edarany birçak otlardym. Hudaý bar, meň içýänligim — olaryň bagtynyň getirdigi.

Martin ýagşydan-ýamandan jogap gaýtarmady. Ýene esli içilenden soň, wiskiniň joşguny onuň aňyny bulaşdyryp ugrady. Ah! Ol indi ýaşaýşyň nämedigini duýup başlady. Soňky iki-üç hepdede ilkinji gezek duýdy. Onuň ýatdan çykan arzuwlary yzyna dolanyp geldi, içki ymtylyşy bolsa dar hütdükden çykyp, lowurdap duran belentliklere aralaşdy. Onuň göz öňüne getirmeler sahnasy ýene ýagty hem kümüşpisint boldy, açyk görnüşler bir-birinden öňe geçip, öwşün atdylar. Adaty dällik hem gözellik ýene Martin bilen el-ele berşip hereket etdi, ol ýene hemme zady bilýän,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ähli zady başarýan Martine öwrüldi. Ol bu bolýan zatlary ýoldaşyna düşündirmek isledi, ýöne Jonuňam öz başga-başga arzuwlary bardy. Onuň esasy arzuwy agyr işiň labyryny gerdeninden düşürip, özi uly bir eşik ýuwýan kärhananyň eýesi bolmakdy.

— Hawa, Mart, meniň çagalarym işlemez, siz maňa ynanaýyň. Nähili işem bolsa işlemezler. Sagat altydan soň, kärhanada ýekeje-de janly-jemende galmaz. Eşidýäňmi? Iş öz wagtynda gutarar, maşynam, işçileriň sany hem köp bolar. Seni bolsa, Mart, özüme kömekçi edinip alaryn. Meň maksadym şeýle. Içgini taşlaýan, pul ýygnaýan, iki ýyldan soňam…

Martin onuň aýdýanlaryny diňlemeýärdi. Jony täze gelen iki sany fermer çagyrýança, meýhananyň satyjysynyň ýeke özi diňledi. Martin tüçjar baý ýaly bolup bu ýere gelenleriň hemmesini; birki sany batragy, bagbanyň kömekçisini, myhmanhananyň atbakaryny, ýene bir kölege ýaly bolup içerik giren, kölege ýaly bolubam aňyrrakda yranjyrap duran, entäp ýören

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
işsizi, hatda meýhananyň satyjysynam öz hasabyna hezzetledi.

## XVIII bap

Jo duşenbe güni irden ilki nobatdaky eşikleri gapdalynyň paýyş sögünçleri bilen birlikde kir ýuwýan maşyna taşlady.

— Men aýdýan-a, ynha… — diýip, ol gepläp ugrady welin, Martin:

— Gutarsana! — diýip jabjyndy.

Naharlanmaga oturanlarynda bolsa:

— Meni bagyşla, Jo! — diýip, Martin ýoldaşyndan ötünç sorady.

Jonuň owasynda gözýaş peýda boldy.

— Ýeri, bolýa-da, gadyrdan. Barybir, biz dowzahda ýaşaýas. Şoň üçinem käte azgyrylaýmagam bizden daş däldir. Hudaý bar, şunça mahalyň dowamynda syn etdim welin, saňa meň pisindim oturdy. Şoň üçinem biraz ýokuş degjek boldy. Seň bilen derrew ysnyşdym ötägitdim.

Martin onuň elini gysdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Bu zatlary terk edeli-de, sergezdançylyga çykaly — diýip, Jo garaşylmadyk bir gep aýtdy. — Henize çenli baş goşub-a göremok welin, pişesiz entäp ýörmek hezil bolsa gerek. Iş etmän ýaşamak! Oýlanyp gör. Men saňa garahassalyk bilen keselläp, hassahanada ýatdym diýipdim-ä. Şony ýatlamagam ýakymly. Şeýdip, ýene bir gezek keselläp bolaýsady!

Hepdeler geçip durdy. Myhmanhana-da adamdan doly bolansoň, ýuka matadan edilen ýuwulmaly zatlar hem gün geçdigiçe köpelýärdi. Iki ýoldaş edermenlik görkezip, gijäniň ýaryna çenli elektrik çyrasynyň aşagynda işledi, nahar wagtynyňam möhleti gysgaldyldy, entek ertirlik iýmänem işe başlandy. Martin sowuk wannada suwa düşmeginem bes etdi, wagt ýokdy. Jonuň hem minuty, sekundy hasaplydy. Ol altyn puluny sanaýan husyt ýaly ýekejesini hem yrýa gidirmän, minut, sekundyny sanap işleýärdi, işlände-de edil guduz açan ýalydy, gaýduwsyzdy. Ol edil maşyn ýaly hereket edip, Martin Iden atly beýleki maşyn bilenem arkalaşyp işleýärdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin seýrek oýlanýardy. Onuň pikirleniş merkeziniň jaýynyň gapysy ýapykdy, penjirelerine-de açylmaz ýaly edilip tagta çüýlenendi. Martiniň özi hem şol jaýyň derwezesiniň göze görünýän salgymdan ýasalan garawulydy. Hawa, ol diňe göze iläýýän alamatdy. Jo özünem, Martinem tükenmeýän azap şalygynyň göze görünýän alamaty hasap edýärdi. Jo ýalňyşmaýardy. Belki-de, bu wakalaryň hemmesi düýşde bolup geçýändir? Käte gyzgyn buguň içinde durup, ak gar ýaly ak matanyň üstünden agyr ütügi ýöredýän mahaly Martin özüni, dogrudanam, düýşdedir öýdýärdi. Belkem, örän ýakyn wagtlarda, belki-de, müň ýyl geçensoň, ol ukudan açylar-da, öz darajyk hütdüginde üsti syýa çyrşalan stoluň başyna geçip, ýazylmaly eseriniň yzyny dowam eder. Belki-de, ol düýşdür — ol gämi nobatçysyny çalyşmak üçin ukudan açylar, krowatyndan böküp turar-da, ýüzi ýyldyzdan doly açyk asmanyň astynda paluba çykyp, şturwalyň başyna geçer, tropikden ekwatora çenli öwüsýän ýeliň täze demi bolsa gyzan endamyny kem-kem sowadar.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ýene şenbe geldi, sagat on bäşde-de iş tamamlandy.

— Bir bulgurjyk «arpa suwuny» içmäge gidäýsek näder? — diýip, eýýäm baýramçylyk ruhuna çolanan Jo parahat äheň bilen sorady.

Martin welin, ukudan açylan ýaly boldy. Ol tig-rini gözden geçirdi, tekerlerini ýaglaşdyrdy, ruluny barlady, arassalamaly ýerlerini arassalaşdyrdy. Ýoldaşy deňinden geçip gidende, Jo meýhanada otyrdy. Martin rula tarap aşak eglip, pedaly sazlaşykly aýlap, öňe, geçilmeli ýetmiş millik, gumak ýola garap barýardy. Ol Oklendde gijäni geçirip, ýekşenbede yza dolandy, duşenbe güni bolsa ir bilen, ýadawam bolsa, bu gezek, serhoşlyk etmändigi sebäpli, kalbynda ýakymly duýgy bilen işe başlady.

Bäş hepde geçdi, yzyndan altynjy hem geldi. Martin edil maşyn ýaly işledi. Onuň kalbynyň teýinde dörän kiçijik bir uçgun her hepdäniň ahyrynda ýüz kyrk millik ýoly geçmäge mejbur edýärdi. Ol, elbetde, dynç almak däldi. Martin işläp duran maşyn ýaly dartgynlydy. Ahyrsoňy onuň kalbyndaky ozalky durmuşyndan galan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
şojagaz uçgunam öçdi. Ýedinji hepdäniň ahyrynda bolsa, islegine garşy durmaga hatda meýlem etmän, Jo bilen bile meýhanaly oba gitdi. Netijede, ol ýene «durmuşyň tagamyny dadyp», duşenbä çenli ýaşady.

Oňa garamazdan, Martin ýadawlygyň döreden doňaklygyny, has gaty ýadawlykdan dörän başga bir doňaklygy hem çözüp, ýene şol ýetmiş millik ýola ugrady. Ýöne meýhanaly oba welin, üçünji aý tamamlanyberende bir gezek gitdi. Ol ähli zady unudyp, ýene ýaşamaga başlady, ýaşamaga başlansoň, garaşylmadyk ýyldyrymyň süýnen ýagtysyna özüniň içmekden däl-de, işlemekden ýaňa haýwanlyk derejesine ýetendigini gördi. Serhoşlyk ýadawlygyň sebäbi däldi, netijesidi. Ol işiň yzyndan gijäniň gündiziň yzyndan gelşi ýaly kanuna laýyk bolup gelýärdi. Gerşine ýük urulýan haýwana öwrüleniňden soň, hiç mahal bähbitli belentliklere ýetmersiň. Wiski ony şu pikire uýdurdy. Ol şeýle pikir bilen ylalaşdy.Wiski beýik danalygy ýüze çykardy. Ol Martine wajyp hakykaty açyp berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin kagyz bilen galam bermeklerini haýyş etdi, ýoldaşlary üçin wiski buýurdy. Hemmeler Martiniň saglygygyna jyňkydýardylar. Olar içýänçäler, Martin sekä tarap egildi-de, kagyzyň ýüzüne bir zatlar ýazyşdyrdy.

— Telegramma, Jo — diýip, ol kagyzy ýoldaşyna uzatdy. — Hany, oka!

Jo samsyk, gülkünç ýylgyryş bilen okady, okan sözleri hem birden ony serhoşlykdan açdy. Ol Martine ýazgaryjy nazar bilen seretdi, birdenem onuň gözleri ýaşdan doldy.

— Sen meni taşlap gidýäňmi, Mart? — diýip, Jo gamgyn ses bilen sowal berdi.

Martin tassyklaýjy baş atdy-da, bir oglanjygy ýanyna çagyryp, poçta ylgamagy buýurdy.

— Dur! — diýip, Jo wazzyklady. — Dur, men käbir zatlary kellämde aýlap görmeli.

Ol ýykylaýmakdan howatyrlanyp, sekiden ýapyşdy. Jo kellesinde aýlajak zatlary aýlaýança Martin ony çalarak gujaklap saklady.

— «Işçileriň ikisi hem işden gidýä» diýip ýaz — diýip, Jo çalt gepledi. — Ýaz!

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Sen näme üçin işden gitmeli? — diýip, Martin sorady.

— Sen näme üçin gidýän bolsaň, menem şoň üçin gidýän.

— Men-ä ýüzüşe gitmeli. Sen ýüzüşe gidip bilmersiň ahyryn?

— Dogry — diýip, Jo jogap berdi. — Men sergezdançylyk edäýjek. Entejek ýörjek. Şol gaty gowy bolar.

Martin barlap görjek bolýan ýaly, oňa bir minut çemesi seredensoň dillendi.

— Dogry aýdýaň. Ýükçi eşek bolanyňdan öý-öwzarsyz entäp ýöreniňem gowudyr. Iň bolmanda, ýaşarsyň. Şu mahala çenli sende ýaşaýşam bolmandyr.

— Bolupdy! — diýip, Jo düzediş berdi. — Hassahanada ýatamda ýaşaýşym oňat bolupdy. —

Martin telegramma ýazan sözlerini üýtgedýänçä, Jo dowam etdi.

— Hassahanada ýatamda içgini asla küýsemedimem. Täsin, ä? Ýöne tutuş hepdäni eşek ýaly işlämsoň, içmelem bolýan. Aşpezleňňem kekirdege gelýänçä içýänini hemme kişi bilýär. Çörekçilerem içýäler. Ýagdaý mejbur edýär. Saklan! Men telegrammaň ýarpy tölegini bereýin.

— Bolýa-la — diýip, Martin gaşyny çytdy. — Berişýäs ýörýäs-dä…

— Hany, hemmäňiz bärik geliň! — diýip, sekiniň üstüne pul baryny taşlan Jo töwerekdäkilere ýüzlendi. — Tarhanlyk menden galsyn, içiň!

Ýekşenbede irden Jonuň güni tolgunma bilen başlandy. Ol kellagyra-da üns bermedi, işiňem pikirini etmedi. Ol aladasyz, gamsyz penjireden daşaryk garap, Günden, agaçlardan lezzet alyp oturýança, gymmatly minutlaryň eslisi geçip gitdi.

— Serediň! — diýip, Jo gygyrdy. — Ine, şu görünýän zatlaryň hemmesi meňki bolmaly. Muňa erkinlik diýilýär! Men agajyň aşagynda gyşaryp, islesem, müň ýylam ýatyp bilerin. Ýör, Mart, gideli. Ähli zady terk edeli. Ähli zat ýok bolsun! Öňde pişesizlik ýurdy garaşýar. Men şol ýurda bilet aljak. Yza gaýdyşynyňkyny welin, aljak däl.

Birnäçe wagt geçensoň, geýim ýuwýan maşyna eşikleri taşlap duran Jo, belligine belet bolansoň, myhmanhananyň eýesiniňem köýneginiň bardygyny gördi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Erkinligiň humaryna özüni aldyran Jo ol köýnegi ýere taşlady-da, aýagy bilen depelemäge başlady.

— Köýnegiňe derek seniň ýüzüňi depelesem, hasam oňat bolardy welin, haram ýagjymak şeýtan! — diýip, Jo batly gygyrdy. — Ine, saňa! Me! Ýene gerekmi? Al! Kimiň gaýraty bar bolsa, meni saklasyn-da. Synanyşan adam menden ýetdik almytyny alar.

Bolşuna kesesinden gülüp, seredip duran Martin ony köşeşdirjek boldy. Sişenbe güni agşamlyk iki sany täze işgär geldi, hepdäniň aýagyna çenli Jo bilen Martine olary işe gözüger ýaly etmek uly alada boldy. Jo täze işgärlere sapak berse-de, özi welin, elini işe urmady.

— Etmen! Men işlemek üçin barmagymam gymyldatman. Mölhetinden öň kowsalar kowaýsynlar. Barmagymam gymyldatman. Men işläp boldum. Ýük wagonlarynda eýläk-beýläk entäýerin, agaçlaryň astynda ýatar-turar ýörerin. Eý, işgärler! Haýdaň! Der döküň, al kakmyşlar, der döküň! Gölereniňizden soň, meniň çüýrejegim ýaly çüýräniňizden soň ozal gowy ýaşanyňyzyň, erbet ýaşanyňyzyň tapawudy näme. Hudaýyň haky üçin aýdyň, şonuň näme parhy bar?

Şenbe güni olar kärhana bilen hasaplaşyk geçirdiler-de, köçäniň çatrygyna çenli bile gitdiler.

— Sen, elbetde, meň bilen gitmersiň. Yrjagam bolup durmaýynmy? — diýip, Jo jogaby öňünden belli sowal berdi.

Martin başyny ýaýkady-da, tigrine münmäge häzirlendi. Olar birek-biregiň elini gysdylar. Jo Martiniň elini sähel salymlyk tutup durka:

— Ikimiz bu ýagty jahanda ýene görşeris, Mart — diýdi. — Men şony syzýan. Aman bol, Martin. Bagtyýar ýaşa. Men saňa sarpa goýýan. Hudaý bar, men seni gowy görýän!

Ol ýoluň ortasynda ejizlän adam ýaly bolup durşuna, tä ömrümiň aňyrsynda gözden ýitýän Martiniň yzyndan garap galdy.

— Ajaýyp ýigit — diýip, Jo hümürdedi. — Örän gowy ýigit.

Soňra ol ýoluň gyrasyndan ýöräp, ýük otlusynyň gelerine garaşyp, ýapynyň eteginde ýaplanyşyp ýatan, bäş-alty sany işsiz entäp ýörenlere tarap ýöneldi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

## XIX bap

Morzlaryň maşgalasy Oklendden dolanyp gelensoňlar, Martin Ruf bilen ýene duşuşyp başlady. Ylmy derejäni alan Ruf okamagy bes etdi. Martin hem işe giren kärhanasyna ruhunyňam, bedeniniňem güýjüni sarp edeni üçin eser ýazmasyny goýdy. Beýle ýagdaýyň tiz-tizden görüşmäge mümkinçilik döredeni sebäpli, olar has-da ysnyşdylar.

Ilkibaşda Martin hiç zada güýmenmän, diňe dynç aldy. Ol kän ýatýardy, kän oýlanýardy, has dogrusy, agyr tolgunmany başdan geçirensoň, özüni dürseýän adama çalym edýärdi. Onuň ýuwaş-ýuwaşdan başlanan oýanyşynyň ilkinji nyşany gazete bolan höwesdi. Soňra ol ýene goşgy, belletristika okamaga başlady, birnäçe gün geçenden soň bolsa, tutuşlygyna bireýýäm unudylan Fiksä berildi. Ajaýyp saglygy ozal ýitirilen güýç-kuwwatynyň dolanyp gelmegine ýardam edensoň, Martin ýene ýaşlyk hyjuwyna, joşgunyna eýe boldy.

Martin gowy dem-dynç alanyndan soň, ýüzüşe ugrajakdygyny aýdanynda, Ruf örän gamlandy-da:

— Näme üçin? — diýip, sowal berdi.

— Pul gerek — diýen jogap ýaňlandy. — Maňa neşirçileriň üstüne täzeden hüjüm etmek üçin pul gerek. Ol söweşde iň esasy ýarag pul bilen kanagat.

— Size diňe pul gerek bolsa, näme üçin eginbaş ýuwýan kärhanadan gaýtdyňyz?

— Sebäbi ol kärhana meni haýwana öwürdi. Ol iş serhoşlyga eltýär.

Gyz oňa gorkuly nazar bilen garady.

— Siz, eýsem…

Martin hakykaty aňsatlyk bilenem gizläp bilerdi welin, onuň hüý-häsiýetinde ýalan sözlemek diýen endik ýokdy. Üstesine-de, ahyry nirä baryp degýänem bolsa, diňe hakykaty aýtmagy birmahal özüne pent edendigini ýatlady.

— Hawa, telim gezek hetden aşdym.

Tisginip giden Ruf biraz yza tesdi.

— Meniň tanyşlarymyň hiç biri-de beýle zada baş goşanok.

— Diýmek, olaryň hiç biri «Gyzgyn çeşmedäki» kir ýuwýan ýerde işlänem däldir — diýip, Martin içi ýananyň gülküsini etdi. — Zähmet çekmek hemmelere we

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
her bir adama ýaraşýandyr, zähmet adam üçin peýdalydyr diýen ýaly gürrüňler ündewçileriň tapýan gepidir. Meniň zähmetden gaçmaýanyma beýik Taňry şaýatdyr. Ýöne herki zadyň öz çaky-çeni bolýar. Şol eşik ýuwýan kärhanada «çak-çen» diýlen düşünje ýok ahbetin. Şonuň üçinem men ýüzüşe gitmäge hyýal etdim. Ol hem iň soňky gezek gidişim bolar. Şu sapar sag-aman dolanamsoň, neşirçileriň öňünde ýan bermen. Men şeýle boljagyna çyndan ynanýan.

Ýagdaýdan juda närazy hem tukat Ruf dymdy. Martin öz başdan geçirenlerine onuň düşünmejekdigini aňdy.

— Iru-giç men bu zatlary «Zähmetiň kemsidilişi», «Işçiler synpyndaky arakhorluk» ýa-da şoňa golaý atly başga bir kitapda beýan ederin.

Birinji tanyşlyk duşuşygyny hasap etmeseň, Ruf bilen Martiniň biri-birinden şu saparkysy ýaly uzakuzaklaşan gezegi bolmandy. Açyk ýürekden aýdylan sözleriň aňyrsynda gizlenip ýatan gahar-gazabyň täsiri gyzy Martinden esli yza tesdirdi. Ýöne şol yza tesdirme Rufa ony döreden sebäpden beter täsir etdi. Ol Martin bilen ozal gaty ýakyn bolandygyny häzir bilip galdy, entegem has ysnyşmak isledi. Onuň kalbynda Martini düzetmegiň päk arzuwy döredi. Gyz ýoluny urduran ýaş ýigidi dogry ýola ugrukdyrmak, daşyny gurşan bolgusyz adamlardan daşlaşdyrmak isledi, ony hatda özündenem halas etmek, iň bolmanda, öz erkiniň garşysyna gidirmek isledi. Ol bu meselede özüne kesgitli birine däl-de, umumy adamlara ýagşylyk etmek, adamkärçilik görkezmek höwesi täsir edýändir öýdýärdi, şonuň üçinem islegiň aňyrsynda diňe gabanjaňlyk bilen söýginiň talabynyň bardygy barada pikir etmeýärdi.

Ruf bilen Martin açyk güýz günleri ýygy-ýygydan şäherden has uzaga tigirli gezelenje gidýärdiler, özleriniň öwrenişen baýrynyň üstüne çykyp birek-birege pähimli, kalbyňy joşdurýan, göçgünliligi döredýän pişe bilen imrinýärdiler, goşgy okaşýardylar. Özüňi mejbur etmek, takat, zähmeti söýmek — ine, şular Rufuň kakasynyň, mister Betleriň hem garyp gelmişek oglanlykdan bütin dünýäni kitap bilen üpjün edýän, «kitaplaryň şasy» adyny alan Endrýu Karneginiň dünýäsinden deliller getirip, aýlap-öwrüp, Martiniň beýnisine guýmak isleýän zatlary.

Martin özi hakynda alada edýändigi üçin Rufa minnetdardy, aladasynyň gadyryny bilýärdi. Ol indi Rufuň pikirlerine oňat düşünip başlady, indi onuň kalby gapagy ýedi gulp bilen gulplanan sandykda däldi. Olar aň-düşünjesi deň iki adam hökmünde gürleşdiler, pikir alyşdylar. Ýöne şol iki ortada döreýän pikir

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
çaprazlygy Martiniň söýgüsine zeper ýetirmeýärdi. Häzir onuň Rufa bolan yhlasy öňkülerinden zyýatdy. Sebäbi ol Rufy şol bolşunda söýýärdi. Hatda fiziki taýdan ejizligi-de, Martiniň gözi bilen garasaň, gyzyň sypatyna aýratyn özüne çekijilik goşýardy. Ol keselbent Ýelizaweta Barret hakynda okapdy. Barret ahyry Brouning bilen gaçyp giden şol bagtly güni gelýänçä, köp ýyllap aýagyny ýere degirmändir. Martin Rufa-da Brouningiň öz söýgülisi üçin tapan närsesi ýaly näme tapyp biljekdigi hakda pikirlendi. Onuň üçin hemme zatdan ilki — Ruf ony hökman söýmelidi. Şol şert amala aşsa, galan zatlar kynçylyk döretmez. Martin oňa saglygam berer, güýç-kuwwatam. Ol Ruf bilen bile ýaşaljak günler hakda kän-kän arzuw edýärdi. Ol Rufy hem özüni içi zähmet bilen gazanylan bolçulykdan üpjün öýde görýärdi. Olar şygyr okaýarlar, şygyr barada pikir alyşýarlar. Ruf ala-mula ýassyklaryň arasynda tirsekläp ýatyşyna Martine goşgy okap berýär.

Martin elmydama Ruf ikisiniň tutuş ýaşaýşynyň alamaty hasaplap bir meňzeş görnüşi göz öňüne getirýärdi. Käte Ruf däl-de, Martin kitaby sesli okaýardy. Şonda ol Rufuň bilinden gujaklaýardy, gyzyň naşyja kellesi bolsa adamsynyň egnini ýassyk edinýärdi. Kämahal bolsa olar bir-birege gyslyşyp oturýardylar-da, bir kitaby iki bolup sessiz okaýardylar. Ruf tebigaty söýýärdi, Martiniň göz öňüne getirmäge ökdeligi bolsa ikisiniňem halaýan sahnasynyň bezegini üýtgedip durmaga mümkinçilik berýärdi. Olaryň kitap okaýan ýerleri kä töweregi belent hem kert gaýaly jülge bolsa, kä dag eňňitlerindäki çemenzarlykdy ýa-da golaýyndan deňziň güwwüldisi gelip duran gum depeleriniň arasydy. Kämahal Martin ýanardagly adada, ýodajygyň aşagyndan şaglap akýan şaglawugyň syçrantgylaryny şemalyň deňze eltýän ýerine barýardy. Mydama-da şol ajaýyp gözellikde kitap okaýan Ruf bilen Martin bolmalydy. Ikinji derejä geçirilen ýukajyk ümür hem näziklik ýapynan tebigatyň özi bolsa, olara dünýäniň ähli gymmatlyklaryndan lezzet almaga mümkinçilik döredýän zähmetiň, rowaçlygyň hem-de maddy üpjünligiň keşbi bolup görünýär.

— Men öz gyzjagazyma birneme seresabrak bolmagy maslahat bererdim — diýip, bir öwra Rufuň ejesi duýduryjy äheňde dil ýardy.

— Seň näme diýjek bolýanyňa men düşünýän, eje. Ýöne, o diýýäniň boljak zat däl. Sebäbi ol…

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ruf utanyp gyzardy. Bu utanmaklyk özi üçin mukaddes bolan ejesi bilen durmuşyň mukaddes syrlary barada ömründe ilkinji gezek gürrüň edip görýän gyzyň utanjydy.

— Ol seniň deňiň däl ahyryn — diýip, ejesi gyzynyň aýtmaga ýetişmedik gepiniň nokadyny goýdy.

Ruf baş atdy.

— Men beýle diýmekçi bolmadym. Ýöne ol şeýle. Ol gaty gödek, bitertip, ýöne welin, örän güýçli. Onuň ýaşaýşam-a…

Gyz utandy, gepini dowam edip bilmedi. Ejesi bilen beýle zatlar barada gürrüň etmek onuň üçin täzelikdi. Bu gezegem ejesi gyzyna derek gepledi.

— Ol ahlak terbiýesini görmedik adam. Sen şony aýtmakçy bolduňmy?

Baş atan Rufuň ýaňaklary al öwüsdi.

— Menem edil şony aýtmakçydym. Elbetde, ol Martiniň günäsi däl, ýöne ol köplenç halatda özüni, bir hili…

— Özüni erbet alyp barýarmy?

— Hawa. Şolam meni gorkuzýar. Onuň mahal-mahal aýylganç hereketleri barada aýdýanlaryny men eşitmäge-de ýaýdanýan. Ol bolsa ýaramaz ýagdaýlary hiç zat bolmadyk ýaly, göwnübir aýdaýýar. Beýtmek bolmaýar-a. Şeýle dälmi?

Eneli-gyz gujaklaşyp otyrdy, Ruf geplemesini goýanda, ejesi indiki aýtjaklaryna garaşyp, onuň elinden sypalady.

— Ýöne ol meniň ünsümi çekmänem duranok — diýip, Ruf dowam etdi. — Birinjiden-ä, haýsydyr bir derejede ol meniň okuwçym diýen ýaly. Onsoňam… meniň hiç mahal ýaş adamlardan dost tutunanym bolmandy. Umuman, ol maňa gatybir dostam-a däl welin. Ol bir wagtyň özünde hem okuwçym, hem ýoldaşym. Käte ol meni gorkuzan mahaly hyňranyp dişlerini gyjaýan, daňlan zynjyryndan sypyp topuljak bolup duran eýmenç it bilen oýnaýan ýaly bolýaryn.

Ruf ýene dymdy, ejesi garaşdy.

— Ol meni ýaňky aýdýan eýmenç itim ýaly gyzyklandyrýar. Ýöne onuň gowy häsiýetlerem bar. Ana, şolam… meni oňa erbet garamakdan saklaýar. Agzyna paýyş sözleri alýar, içýär, çilim çekýär, ýumruklaşýar. Uruşýandygyny özi maňa

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gürrüň berdi, ýumruklaşmagy gowy görýändiginem aýtdy. Ol meniň ýanýoldaş edinjek adamym däl. Düýpden başga. — Rufuň sesi gyrylýan ýaly boldy. Şonuň üçinem ol sözüni ýuwaş gepläp dowam etdi. — Üstesine-de, ol gaty güýçli. Meň söýmelim inçesagt, kaşaň, saçy hem gara bolmaly. Gorkma, eje, men Martin Idene göwün bermen. Göwün beräýsem, ol meň üçin ullakan betbagtlyk bolar.

— Men o barada aýdamok — diýip, ejesi sypjyklyk bilen gepledi. — Ýöne özüň şol hakda pikir etdiňmi? Haýsy tarapyndan barsaňam, ol saňa jübüt bolmaly adam däl… Ýöne birden onuň özi seni söýäýse?..

— Ol… meni… ol meni bireýýämden bäri söýýär — diýip, Ruf jogap gaýtardy.

— Şol ýagdaýa garaşybermelidi — diýip, miss Morz mylaýym ses bilen gepledi. — Seni içgin tanaýan adam, heý-de, seni söýmän bilermi?

— Ynha, Olneý welin, meni ýigrenýär — diýip, Ruf hyjuw bilen seslendi. — Menem Olneýi ýigrenýän. Ol golaýyma gelse, men gaharjaň pişik ýaly, ýüzüni-gözüni persala dyrnaçaklaberesim gelýär. Men özümiň oňa ýigrenji bolup görünýändigimi bilýän. Olam maňa nejis bolup görünýär. Martin Iden bilen beýle däl, gaýtam ýakymly. Henize çenli meni hiç kim söýenok, «şeýdip» söýenok. «Şeýdip» söýülmek kalbyňa hoş ýakýar ahyryn. Näme diýjek bolýanymy sen bilýäňmi, mähriban ejem. Özüňi hakyky zenan ýaly duýmak gowy bolýar eken. — Ruf ejesine ýüzüni görkezmejek bolup, maňlaýyny onuň doşüne goýdy. — Men saňa gelşiksiz zatlary aýdyp kelesaňlyk edýän, ýöne men öz duýgymy açyk aýdýaryn.

Miss Morz hem şatlandy, hem gamlandy. Nepis sungatyň hünärmeni derejesini alan gyzy ejesiniň gözünden gaýyp boldy-da, onuň ýerini eýýäm zenan çykan gyzy eýeledi. Enäniň eden synagy netije berdi. Rufuň häsiýetindäki geň boşluk indi boşluk däl, dolulykdy. Özi-de ol boşluk howpsuz, ynjysyz dolduryldy. Şol gödeňsi deňizçi öz wezipesini berjaý etdi. Ruf özüni söýmese-de, ol Rufuň kalbynda zenanlyk duýgusyny oýardy.

— Onuň elleri sandyraýar — diýip, Ruf ejap edensoň, ýene ýüzüni ejesinden gizledi. — O ýagdaý hem gülkünç, hem gelşiksiz. Oňa nebsim agyrýar, eje. Käte elleri gaty sandyrasa, gözlerinde lowurdap ot ýanyberse, men oňa göwünlik berýän, maslahat berýän, kemçiliklerini aýdýan. Ol meni perişde hasap edýär. Minnetdardygyny bilýän… Elleri, gözleri ýalan sözlänok ahyryn. Menem öz eden

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
hereketimden özüm hoş bolýan, uly adama öwrülendirin öýdýän. Onsoňam, eje, şeýle bolansoň, mende… bir hili, özüme garaşly, edil özüme degişli bir zadym bar ýaly, duýgy döreýär. Şunlukda, menem beýleki gyzlara… hawa, menem hakyky ýaş aýallara meňzän ýaly bolýaryn. Ozal gyzlara, aýallara meňzemändigimi bilýän. Şol ýagdaý hem seni biynjalyk edýärdi. Sen biynjalyk bolşuňy ýaşyrýardyň, ýaşyrsaňam men ony aňýardym. Menem, Martin Ideniň aýdyşy ýaly, «öňkimden gowy bolmak» isleýärdim.

Bu pursatlar enesi üçin-de, gyzy üçin hem mukaddes minutlardy. Agşamyň alagaraňkysynda ikisiniňem gözleriniň ýaşarandygy bildirdi. Ruf ýazyksyz çaga ýalydy, açykdy, durmuş tejribesi ýokdy, ejesi bolsa gyzyny söýýän enedi, gyzynyň ýagdaýyna düşünýän, gyzyna tälim berýän enedi.

— Ol senden dört ýaş kiçi — diýip, ene dowam etdi. — Durmuşda ýeten derejesi hem ýok. Hiç ýerde gulluk edenok, aýlyk-günlük alanok. Özi-de ýaşamagy başaranok, ýaşamaga-da ukypsyz. Eger ol söýýän bolsa, haýsydyr bir hekaýajyklara, çaga arzuwçyllygyna güýmenip ýörmän, saňa öýlenmäge nämäniň hukuk berjekdigi, nämäniň ýapyşalga boljakdygy hakynda oýlanmaly eken-dä. Men-ä şondan hiç mahalam uly adam çykar öýdemok. Onda seň ataňda, mister Betlerde ýa-da biziň derejämizdäki beýleki adamlarda bolşy ýaly, erkek adam derejesinde, durmuşda öz ornuny tapmaga höwes hem ýok. Martin Iden hiç mahalam pul gazanyp bilmezmikä öýdýän. Pul diýilýän zat bolsa hökman gerek, durmuş şeýle gurlan. Puluň bolmasa, bagtyň ýok. Men tükeniksiz baýlyk hakynda-da gürrüň edemok, adam şekilli ýaşamaga ýagdaý döreder ýaly girdeji hakynda aýdýan. Ol özüniň saňa bolan duýgusy barada hiç mahal gep açmadymy?

— Hiç zat aýdanok, aýtjagam bolanok. Onsoňam men oňa beýle zatlary aýtmaga ýol hem bermen. Men ony söýemok ahyryn.

— Söýmeýäniňe gaty begenýän. Meniň gyzymyň, gül ýaly päkize gyzymyň şolar ýaly adama aşyk bolmanyna şükür edýän. Ilde-günde akylly, parasatly, tertip-düzgünli ýigit kän ahyryn. Biraz tagapyl et. Taňrynyň sähetli güni sen şeýle adama sataşarsyň, söýersiň, olam seni söýer. Özüňem meniň kakaň bilen bagtly bolşum ýaly bagtyýar bolarsyň. Ýöne bir zady welin, hemişe ýatda saklagyn…

— Nämäni, eje?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Enäniň sesi pessaý hem ýakymly ýaňlandy.

— Nesil öndürmek hakda.

— Men ol barada oýlandym, eje! — Käte çagyrylmadyk myhman bolup kalbyny gurşap alan arzuwlarynyň bolandygyny boýun alan Rufuň ýene ýüzi gyzardy.

— Hut nesil öndürmek meselesi hakda oýlansaňam, mister Iden saňa är bolup bilmez — diýip, miss Morz köpmanyly gepledi. — Senden önjek çagalar arassa gandan döremeli bolar. Martin ony üpjün edip oňarmasa gerek. Kakaň maňa deňizçileriň ýagdaýy barada kän zatlary aýdyp beripdi. Sen düşünýäňmi?..

Ruf hemme zada düşünýän ýaly bolup, tolgunma bilen ejesiniň elini gysdy. Ýogsam, gorkunç hem bulaşyklyk bolup göz öňüne getirýän ýagdaýy belli bir görnüşe, belli bir mana eýe bolup bilmeýärdi.

— Bilýäňmi, eje, saňa salasyz ýekeje ädimem ätmen — diýip, Ruf söze başlady. — Ýöne şu günki edişiň ýaly, özüň meniň ýagdaýym bilen gyzyklangyn. Men şu günki gürrüňi öňräk etjekdim welin, arman, başlamagyň hiç ebeteýini tapmadym. Elbetde, senden uýalan bolmagym, bir tarapdan, at oýnatmak, näzirgemek ýaly bolýar. Maňa kömek etmek saňa kyn düşmez. Käte sen meň ýagdaýymy sorap durmaly, içimi dökmäge mümkinçilik döretmeli. Senem aýal ahyryn, eje! — diýip, eneli-gyz arasyndaky entek aýdyňlaşmadyk, täze, doly düşünilmedik deňligi begenmek bilen duýan Ruf birden çasly gygyrdy-da, ejesiniň elinden ýapyşdy. — Özüň şeýle gürrüňe başlamadyk bolsaň, o zatlar hiç mahal kellämede gelmezdi. Seniň zenandygyňy duýmak üçin, özümiň zenandygyma düşünmeli ekenim.

— Biziň ikimizem zenan — diýip, ejesi gyzyny hem gujaklady, hem ogşady. — Biziň ikimizem zenan — diýip, gyzy bilen gujaklaşyp otagdan çykyp barýarka, ýoldaşlyk ýakynlygynyň täze duýgusyndan tolgunan ene öňki aýdanlaryny ýene gaýtalady.

Bir sagat geçensoň bolsa miss Morz:

— Biziň kiçijik gyzjagazymyz ahyrsoňy zenan bolupdyr — diýip, tekepbirlik bilen adamsyna habar berdi.

Ol hem öz gezeginde aýalyna soragly nazaryny aýlady.

— Ýagny «Gyzymyz biri bilen halaşýar» diýjek bolýarsyňmy?

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýok, gyzymyzyň özi söýülýär — diýip, aýaly ärine ýylgyryp jogap berdi. — Synagdan netije çykdy. Rufda zenanlyk duýgusy oýandy.

— Beýle bolsa, Ideni hantama etmeli däl — diýip, mister Morz aýtmalysyny gysgajyk beýan etdi.

Aýaly başyny ýaýkady.

— Idene hiç zat diýmeli däl. Ol ýene birnäçe günden ýüzüşe gidýär, yzyna dolananda bolsa, Rufy bu ýerden tapmaz. Biz ony Klara daýzasynyň ýanyna ibereris. Bir ýyl Gündogarda ýaşasa, Ruf üçinem bähbitli bolar. Başga adamlar bilen tanşar, başga durmuşy, başga ýagdaýy, özge dünýäni görer.

**XX bap**

Martinde ýene eser ýazmak höwesi oýandy. Ýazylmaly hekaýalaryň, goşgularyň mazmuny kellesinde yzly-yzyna döreýärdi. Ol wagty gelende arkaýyn peýdalanmak üçin, kellesindäki pikirleriň gysgajyk mazmunyny kagyza belleşdirip goýýardy. Ýöne oturyp eser ýazmaýardy. Bu onuň dynç alyş döwrüdi. Martin ony söýgä hem dynç almaga bagyşlady. Isleýşi ýaly hem boldy. Onuň bedeni, güýji ýene öňki derejesine ýetdi. Şonuň üçinem Ruf her gezekki duşuşykda onuň saglygyna, ägirt güýjüne haýran galýardy.

— Ägä bolawergin, gyz — diýip, ejesi bir gezek Rufa duýduryş berdi. — Göwnüme bolmasa, sen Martin Iden bilen gaty ýygy-ýygydan duşuşaýýan ýaly.

Ruf jogaba derek diňe ýylgyrdy. Ol ejesiniň howpurgaýan meselesinde özüne gaty ynanýardy. Üstesine-de, ýene birnäçe günden ol ýüzüşe gidýärdi. Martin yzyna dolanan wagty Ruf bu ýerden uzakda bolmalydy. Ýöne, barybir, Martiniň saglygynda hem güýjünde Rufy özüne çekýän, haýran ediji bir syr bardy.

Martin Rufuň daýzalaryna iberilýändiginden habarly bolansoň, biraz gyssanmaly diýen netijä gelipdi. Ýöne ol Ruf ýaly gyza nähili edip golaýlamalydygyny bilmeýärdi. Martiniň ol meseledäki ozalky tejribesi ýagdaýy diňe bulaşdyryp biljekdi. Onuň ozal iş salşan gyzlary, aýallary düýpden başgadylar. Olaryň söýgi, tirkeşmek, ysnyşmak meselesinde belli hem düşnükli ýollary bardy. Ruf bolsa beýle zatlardan asla bihabar maşgalady. Onuň çakdanaşa sadalygy Martini aňk edýärdi, diline badak salýardy, özüniň oňa mynasyp taý däldigini kellesine guýýardy. Martini ondan has beter utandyrýan ýene bir esas bardy, ol hem onuň şu mahala çenli hiç kimi söýmänligidi. Dogry, onuň göwnünden turan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
zenanlaram bolupdy, käbiriniň yzyna-da düşüpdi, ýöne ol bolan ýagdaýlar söýgi diýerden has daşdy. Martin ullakan ünsem bermän, eýemsirän bolup sykylyk atsa-da, olar derrew ýan beräýýärdiler. Ol ýagdaý Martin üçin, sähel salymlyk bälçiremeklikdi,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
tötänlikdi, erkek adamynyň durmuşyny düzýän çylşyrymly oýnuň şahalarynyň, onda-da ikinji derejeli şahalarynyň biridi. Bu ýerde bolsa Martin ömründe ilkinji gezek çekinjeňe, gorkaga, ýaýdanjaňa öwrüldi. Ol çendenaşa asuda, päk söýgülisiniň öňünde aljyramakdan ýaňa nähili hereket etjegini, näme diýjegini hem bilmeýärdi.

Martin soňy gelmän häli-şindi üýtgäp duran alabeder dünýäde entemek bilen, bir parasatly kada öwrendi. Ol kada ozaldan bilmeýän oýnuňy birinji gezek oýnanyňda hiç mahal ilkinji göçüm etmeli däldigini ündeýärdi. Ol kada durmuşda müňlerçe gezek synagdan geçip, dogry pikirdigini tassyk etdi. Üstesine-de, ol kada adamynyň synçylygyny, ägäligini güýçlendirýärdi. Martin ýagdaýa görä hereket etmegi, öz güýjüni islegine barabar saklamagy, garşydaşyndan rüstem gelmäge amatly pursat döreýänçä, kanagatly bolmagy öwrendi. Ol ýumruklaşmak meselesinde-de mydama şol pursady tapmagyň aladasyny edýärdi. Amatly ýagdaý döränsoň welin, ozal gazanan tejribesi nirä, nähili edip, jaýdar urmalydygyny görkezýärdi.

Indi ol Ruf bilenem öz söýgüsi hakda derrew gepleşäýmän, şol amatly pursady ulanmak kadasyna eýerdi. Ol özüne ynam etmeýärdi, gyzyň göwnüne degäýmekden çekinýärdi. Ýöne Martin şeýdeninden özi-de bihabar bolup, ýeke-täk dogry ýoly saýlady. Söýgi diýilýän gudrat adamyň entek düşnükli geplemegi öwrenmegindenem öňürti dünýä inen närse. Adam özüniň irki ýaşlygy döwründe söýginiň tärlerini, ýollaryny ele alyp, olary hem hiç mahal unutmandyr. Hut şol ilkidurmuş ýaşaýşy döwründe dörän emel bilenem, Martin Rufy özüne imrikdirmek isleýärdi. Başda-ha ol edýän hereketiniň manysyna özi hem düşünmedi, hakykata düşüneninden soňam ony dogry hasaplady. Martiniň eliniň öz eline çala galtaşmagy-da, Rufa söýgi sözüniň gözlenip tapylan müňüsinden güýçli täsir ýetirýärdi. Martiniň güýjüniň aýdyň duýulmagy bolsa, goşgy setirlerinden, şygyr sazlaşygyndan, ata-baba döwründen bäri geçip giden ýüzlerçe aşyk-magşugyň söýgi hakda joşan ýalynly sözleriniň döreden duýgusyndan belent duýgy oýarýardy. Söýgini söz bilen beýan etmek, öňi bilen, Rufuň aňyna täsirini ýetirerdi, emma onuň eliniň eline galtaşmagy bolsa, gyzyň kalbynda basyrylgy duran zenanlyk duýgusyna gönüden-göni täsirini ýetirýärdi. Rufuň aňy özi ýaly juwandy. Ýöne kalp duýgusy welin, adamzat dörände dünýä inendi, asyl ondanam öňürti dörändi. Ol söýginiň özüniň dörän gadym döwründe ýüze çykandy, onuň gadymy parasadynyň öňünde soňky asyrlaryň ähli inçelikleri we

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hilegärlikleri dyza çökýärdiler. Şonuň üçinem Rufuň aňy dymýardy. Ruf söýgi küýseýän kalbyna Martiniň jadyly täsiriniň salýan oýnundan many almansoň, özi açyljak bolmaýardy. Martiniň ony söýýändigi gije bilen gündiz ýaly aýdyňdy. Ruf hem onuň ýaňaklaryna birden-birden gyzylymtyl öwüşginiň çaýylmagy, elleriniň sandyramagy, gözleriniň lowurdamagy bilen ýüze çykýan söýgüsinden lezzet alýardy. Mahal-mahal Martini Rufuň özi möwç aldyrýan ýalydy. Ýöne gyz ony şeýle bir sadalyk, şeýle bir ýygralyk bilen ýüze çykarýardy welin, dörän ýagdaýy onuň özi-de, Martinem duýmaýardy. Ol How enäniň yşky bälçireşikde Adam atany gyjyndyryp lezzet alşy ýaly, zenanlyk güýjüniň şatlykly duýgusyna begenip tolgunýardy.

Martin bolsa näme diýjegini bilmänsoň dymýardy, şonuň üçinem kalbynda dyňzap duran duýgy has-da güýjeýärdi. Ol dymýardy, şonuň bilen birlikde-de, gyza golaýlaşmakda maksadyna ýetmek üçin, emelsiz hem ýaýdanjaň hereket bilen çykalga gözleýärdi. Martiniň eliniň eline degmegi Rufa lezzet, hatda ýönekeý lezzetdenem üýtgeşik bir lezzet berýärdi. Martin şeýle bolýandygyny duýmaýardy, ýöne özüniň Rufa ýigrenji bolup görünmeýändigini welin duýýardy. Dogry, olar diňe salamlaşanlarynda hem hoşlaşanlarynda birek-biregiň elini gysýardylar, ýöne tigirde ýapyşylanda ýa-da kitap alşylyp-berşilende, sahypalar waraklananda, barmak barmaga ýygy-ýygydan galtaşýardy. Kän gezek Rufuň saçy Martiniň ýaňagyna degipdi ýa-da bile kitap okalanda göwnünden turan ýerine ýene bir gezek üns bermek üçin gyz bir pursat gysmyljyranda egin-egne galtaşypdy. Şol pursatlarda Rufda döreýän geň duýgular onuň hyýaly gülküsini tutdurýardy. Käte Ruf Martiniň saçyny bulaşdyrmak isleýärdi. Martinem öz gezeginde, kitap okalyp ýadalanda, onuň dyzynyň üstünde kellesini goýup, gözlerini ýumup, gelejek hakda arzuw etmegi küýseýärdi. Ýekşenbe günlerinde şäheriň daşyna oturylyşyga gidilende, Martin näçe gezekler zenanlaryň dyzynda kellesini goýup uklapdy, olara ýüzüni sypamaga, ýüzüni Günden goramaga mümkinçilik beripdi. Zenanlar şonda Martine söýgi nazary bilen garap, onuň söýgä gezek gelende görlüp-eşidilmedik derejedäki göwnübirligine haýran galýardylar. Gyzyň dyzyna başyňy goýmagy Martin dünýädäki iň aňsat, sada pişeleriň biri hasaplaýardy. Häzir bolsa ol Rufa garap oturyşyna, beýle işi amal etmegiň aň ýetmejek derejede kyndygyna düşündi. Emma hut şol mümkin dällik hem olaryň arasyndaky özleriniň döreden saklanmaklyk düzgüni özi aňmasa-da, Martini maksadyna tarap alyp barýardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Hut şol saklanmaklyk düzgünine eýereni sebäpli hem, Martin Rufuň kalbyna ýeke gezegem howsala salmady. Tejribesiz hem ýygra gyz Martin bilen duşuşygyň niçiksi howply ýola düşüp ugrandygyny syzmaýardy. Ol aňyny aldyran ýaly bolup, oňa ýetmek höwesiniň kül-külüne düşüberdi. Martin ony duýýardy, isleýärdi, emma açyk hereket edip bilmeýärdi.

Ýöne bir gezek welin, Martin aýgytly hereket etdi. Ol içerik girende, Ruf kellesi agyrýandygy üçin tutulary ýapyp, otagyny garaňkyladan eken.

— Hiç hili däri-dermandanam peýda ýok — diýip, gyz Martiniň sowalyna jogap gaýtardy. — Lukman Hol bolsa, külke derman içmegimi unamady.

— Men sizi hiç hili däri-dermansyz bejererin. Ol usulyň size kömek etjegine anyk gözüm ýetenok. Ýöne isleseňiz, synanyşyp göreliň. Ol adaty massaž. Maňa ony Ýaponiýada öwretdiler. Ýaponlar ussat owkalaýjylar ahyryn. Şol pişäni birneme özgerdilen görnüşde, gawaýlaryňam ulanýandygyny gördüm. Onuň adyna «lomi-lomi» diýýär ekenler. Käte ol owkalama bir topar dermandan gowy haýyr edýär.

Martiniň eli maňlaýyna degip-degmänkä:

— Nähili gowy! — diýip, Ruf özünden erksiz mylaýym dillendi.

Ýarym sagat geçensoň Ruf:

— Siz ýadamadyňyzmy? — diýip sorady.

Sowal artykmaçdy. Beýle sowala nähili jogap gaýtaryljakdygyny gyzyň özi öňündenem bilýärdi. Ýarym ukuly Ruf Martine tabyn boldy. Onuň tenekar çalnan ýaly barmaklary gyzyň endamyndaky agyrylary ýok edip barýardy. Iň bolmanda, Rufda-ha şeýle duýgy döräpdi. Ahyrsoňy agyry-ynjy düýpden aýryldy, gyz uka batdy, Martin onuň ýanyndan gitdi.

Agşamlyk Ruf Martine jaň etdi.

— Men tä agşama çenli ýatypdyryn. Siz meni gutarnykly bejerdiňiz, mister Iden. Size nähili ýol bilen minnetdarlyk aýtjagymy bilmeýärin.

Begençden hem utanmakdan ýaňa Martin aýdara söz hem tapmady, beýnisinde bolsa Brouning bilen Ýelizaweta Barret baradaky ýatlama at saldy. Öz söýgülisi üçin Brouningiň eden işini ol hem, ýagny Martin hem Ruf Morz üçin edip biler. Telefon gepleşiginden soň öz otagyna gelen Martin Spenseriň «Sosiologiýasyny»

eline alyp, krowata gyşardy. Gyşarsa-da, okan zady kellesine girmedi. Söýgi onuň aňyny alypdy, birdenem syçrap turdy-da, syýa dökülip hapalanan stolunyň başynda peýda boldy. Şol agşam ýazylan goşgy soňky iki aýyň dowamynda döredilen «Söýgi hakyndaky sonetleri» özünde jemleýän elli sonetiň biri boldy. Ol goşgyny beýik eserleriň döremegi üçin, tüýs amatly wagtda, ýagny çyn söýginiň kalbyny joşdurýan mahalynda ýazypdy.

Martin Ruf bilen duşuşmaýan wagtlary«Söýgi hakdaky sonetleri» okaýardy ýa-da kitaphana baryp, neşirýatyň eser saýlaýyş syrlaryna aralaşmak üçin, döwürleýin žurnallara güýmenýärdi. Onuň Ruf bilen bile geçirýän sagatlary bolsa hem umyda, hem näbellilige deň derejede bölünip geçýärdi. Martin Rufuň kellagyrysyny bejereninden bir hepde soň, Norman aýly agşamlaryň birinde Merrit kölünde kiçi gämide gezelenç etmegi teklip etdi. Artur bilen Olneý ol maksady uly höwes bilen goldady. Olaryň Martinden gaýry hiç biri gaýyk sürüp bilmeýärdi. Şonuň üçinem, onuň boýnuna kapitan bolmak borjuny ýüklediler. Ruf kapitanyň gapdalynda oturdy, beýleki üç ýigit hem ortaky hatar oturgyçda ornaşyp, öz iş-aladalary barada soňy gelmeýän jedele başladylar.

Aý entek dogmandy. Martin bilen ýeke söz hem alyşman, ýyldyzly asmana seredip oturan Rufuň birden içi gysyp başlady. Ol Martine garady. Şemalyň güýji gaýygy birneme gyşartdy welin, Martin bir eli bilen ruly aýlaýan guraly tutup, beýleki eli bilen grotaşkota ýapyşyp, kenaryň suwa süsňäp giren burnagyndan sowlup geçmegi üçin, gaýygyň ugruny birneme üýtgetdi. Ol Rufuň garap oturyşyna üns bermeýärdi, gyz bolsa siňe-siňe seredip, diýseň ukyply ýigidiň, gymmatly wagtyny agramly, gymmatly iş hasaplanmaýan hekaýa, goşgy ýazmaga bagyşlamaga mejbur edýän geň näziklik hakda oýlanýardy.

Rufuň nazary ýigidiň ýyldyzlaryň ýagtysyna çala saýgarylýan güýçli boýnuny, özüne çekiji kellesini sypap geçdi welin, onda ýene şol boýun gujaklamak islegi peýda boldy. Ol güýç bir tarapdan, ýakymsyz ýaly bolsa-da, beýleki tarapdan, gyzy özüne çekdi. Ýekelik duýgusy Rufuň erkini öz eline aldy, şonuň üçin bolsa gerek, ol bedeninde ýadawlyk duýdy. Gaýygyň çaýkanmasy onuň janyny ýakdy. Ol Martiniň diňe elini degirmek bilen kellagyry bejerişini ýatlady. Martin onuň gapdalynda, edil gapdalynda otyrdy. Gaýygyň çaýkanmasy bolsa, Rufy oňa tarap gyşardýardy. Birdenem, Ruf Martiniň gapak ýaly döşüne gysylmak, oňa daýanmak isledi. Gyz şeýle isleginiň döremegiň manysyna aralaşmanka-da,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

öňündenem oňa tabyn bolup, baş egmegi kalbyna saldy. Belkem, beýle hyýal gaýygyň çaýkanýandygy sebäpli dörändir? Ruf ony-da häzir bilmeýärdi, hiç mahalam bilmejegi hakdy. Ol diňe Martine gysylanyny bildi, şonuň üçinem indi kalbynda rahatlyk duýdy. Beýle ýagdaýyň döremegine gaýygyň çaýkanmagy sebäp bolsa-da, indi çaýkanma kiparlandan soňam Ruf öňki ýerine süýşmek islemedi. Ol Martine gysyldy, hatda gyz ykjam oturar ýaly, özi gowy ornaşmak üçin gobsunan pursady hem Ruf gysylmasyny dowam etdi.

Beýle hereket Ruf üçin akyldan azaşmakdy, ýöne gyz onuň pikirinem etmek islemeýärdi. Ol indi öňki Ruf däldi, zenan kalply Rufdy, şonuň üçinem onda zenanyň daýanç edinmek, arka tutunmak islegi oýandy. Ýöne ol Martine çalaja gysylsa-da, islegi kanagatlandy. Onuň ýadawlygy edil el bilen aýrylana döndi. Martin dymdy, ol bu jadyly lezzetiň ýitip gidäýmeginden gorkdy. Onuň ýygralygy hem kanagatlylygy geplemekden saklaýardy, ýöne welin, başy aýlanyp, pikirleri bulaşýardy. Ol nämäniň bolup geçýändigine-de düşünmeýärdi. Bolan waka çakdanaşa ajaýypdy, beýle-beýle üýtgeşiklik durmuşda däl-de, düýşde bolmalydy. Ol özüniň gaýygyň gurallaryny tutup oturan ellerini boşadyp, Rufy hakyky zenan gujaklanyşy ýaly, bagryna basmak höwesini zorluk bilen ýeňdi, ýeňeni

ne-de az begenmedi. Çünki iki eli hem boşan Martin öz yşky joşgunyny erkine goýberäýen bolsa, ähli zat puja çykardy. Ol iki eliniňem işli bolanyna şükür etdi. Ýöne ol gaýygyň tizligini haýallatmak üçin wyždanyna boýun bolman, ýelkeni aşak goýberdi. Rula täsir ýetirýän gural durkuny üýtgetse, Martin hem häzirki oturan ýerinden aňryk süýşmelidi. Şeýle bolaýsa, onuň Ruf bilen ýakynlygynyňam arasy açylmalydy. Ol deňizçi bolup tejribe baryny öwrenen adam hökmünde aňyrda dawalaşyp oturanlarda-da müňkürlik döretmän, Ruf ikisiniň ýagdaýyna-da päsgel bermän, gaýyk bilen etmeli ähli zatlary oturan ýerinden süýşmän amala aşyrdy. Ol deňzi, gämini, şemaly özi üçin peýdalanar ýaly, häzirem bu ajaýyp aýly agşamda söýgüli gyzy bilen ýakyndan duşuşyk möhletini uzaldar ýaly ukyp bereni üçin, özüniň deňizçiniň agyr ýüküni göteren ömrüne minnetdar boldy.

Aýyň dürden ýasalan ýaly şöhlesi ýüzüne çaýylanda, Ruf Martiniň ýanyndan süýşdi, Martiniňem şol hereketi gaýtalandygyny gördi. Olaryň ikisi-de aýly agşamyň ajaýyp wakasyny başgalardan ýaşyrmak isläpdi. Ol waka diňe olaryň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
özleriniň gizlin syry bolup galmalydy. Indi biraz gapdalyrakda ýaňaklarynyň ot alýan ýaly howruny duýup oturan Ruf bolan ýagdaý hakynda howply pikire batypdy. Ol doganlarynyňam, Olneýiňem öňünde boýun alyp bolunmajak aýylganç hereket edipdi. Ol nädip, beýle işe baş goşup bildikä? Ruf mundan ozalam aý aýdyň gijelerde ýaş ýigitler bilen kän gezek gaýyk münüpdi welin, beýle ahwalat bolmandy. Asyl beýle iş etmek onuň kellesine-de gelmändi. Oýanýan aýallyk duýgusy ony hem utandyrýardy, hem gorkuzýardy. Ol şu mahal gaýygy aýlamak bilen gümra bolup oturan Martini assyrynlyk bilen synlap, özünde aýallyk duýgusyny oýaryp, akyla sygmajak haýasyzlyga baş goşdurany üçin, ony ýigrenmäge-de taýyndy. Ol işe hut Martin Iden sebäpkär. Belkem, Rufuň ejesi Martin bilen ýygy-ýygydan duşuşýaň diýmek bilen, ýöne ýere howpurgan däldir. Edil şu mahal Ruf beýle wakanyň gaýdyp gaýtalanmajagyna öz öňünde wada etdi, Martin bilen bolsa, ejesiniň aýdyşy ýaly, seýregräk duşuşmaly diýen aýgyda geldi. Hatda Rufda indiki duşuşyklaryň birinde, gepiň gerdişine görä aýdýan ýaly bolup, Martine «Aý dogmazynyň öň ýany gaýykda bolan waka ýüregimi bulady» diýen ýaly, bolgusyz gep tapyp, ýalan sözlemek pikiri hem döredi. Emma aşyk-magşugyň gizlin syryny paş ediji Aý özüniň dür çaýylan şöhlesi bilen älemi ýagtyldansoň, Martiniňem çekilendigini ýatlanda, aýdylana ynanylmaz öýtdi.

Soňky günler Rufda, bir hili geň alamatlar duýuldy, edýän hereketindenem many çykarjak bolmady, näme bolup geçýändigi, näme garaşýandygy barada oýlanmagy-da bes etdi. Ol aljyraňňy hala düşüp, tebigatyň kä aýylganç, kä jadylaýjy gizlin çagyryşyna gulak gabardýardy. Ýöne onuň özünde ynam döredýän «Martine söýgi hakda geplemäge ýol bermeli däl» diýen, bir berk kesgitlemesi bardy. Ol geplemese, hemme zat ýerbe-ýer bolar. Ol ýene birnäçe günden ýüzüşe gidýär. Umuman-a, onuň gepläni bilenem, barybir, hiç hili erbetlik bolmaz. Ol Martini söýenok ahyryn. Elbetde, bary-ýogy ýarym sagat geplemek oňa ezýet baryny iýdirer, gyza-da ony diňlemek ýeňil düşmez. Sebäbi ol ömründe ilkinji gezek söýýän ýigidiň söýgi sözlerine gulak asmaly bolar. Bu pikirlerden ýaňa Rufuň ýüregi gürsüldäp, kalbyna şatlyk aralaşdy. Çünki ol hakyky zenana öwrüldi, erkek adamam oňa hyrydar bolýar. Onuň ähli aýallyk alamatlary şol hyrydarlyga jogap gaýtarmaga taýýardy. Onuň tutuş durky begenje ýugruldy, şol bir pikir çyranyň daşyndaky kebelek ýaly irginsizlik bilen aňynda aýlandy durdy. Ol hyýalynda has-da gaty gitdi: Martin oňa eýýäm söýgi bildirýär.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Gyz onuň aýtmaly sözlerini, özüniň islegine garşy diýmeli sözlerini agzyna salyp berýär, aýdylany kabul etmeýändigini birnäçe gezek gaýtalaýar, şonuň bilen birlikde-de, Martiniň mert adamçylygynyň kömegi bilen, ony birneme ýumşatmagyň aladasyny edýär. Ol öňi bilen-ä çilimi taşlamaly bolar. Gyz ony gaty berk talap eder. Ýok, ýok… Asla-ha Ruf oňa söýgi barada söz açmaga rugsat bermez. Bu gyzyň öz elindäki zat. Onsoňam ol Martin bilen durmuş gurmak pikirini etmejekdigi barada ejesine wada beripdi ahyryn. Ruf hem gyzaryp, hem sandyrap edilmesiz hasaplanýan arzuwlary uly gynanç bilen öz ýanyndan daşlaşdyrdy. Söýgi beýan edişmegiň ilkinji synanyşygyny has amatly pursat gabat gelýänçä, has amatly hyrydar tapylýança, goýbolsun etmeli bolar.

## XXI bap

«Saryja tomus» diýilýän güýzde Kaliforniýada ýygy-ýygydan bolýan maýyl hem ýakymly günler başlandy. Şeýle günlerde Günüň daşy ýukajyk tüsse bilen örtülen ýaly bolup, ýuwaş şemal parahat howany çalaja herekete getirýärdi. Reňkli sapakdan dokalan ýaly bir enaýy ýukajyk duman baýyrlaryň etegine ýazylypdy. Şol baýyrlyklaryň üstünde hem duman bürenen görnüşe öwrülip, San-Fransisko şäheri ýerleşýärdi. Ortada eredilen metalyň zolaklaryna meňzeýän aýlag lowurdap ýatyrdy. Suwuň ýüzünde, her ýerde, her ýerde duran ýa-da tolkunyň ugruna çala hereket edip ýören gämileriň ak ýelkenleri göze ilýärdi. Aňyrda kümüş öwüsýän dumanyň içinde Tamalpaýs hellewläp görünýärdi, Altyn Derwezeler ýaşyp barýan Günüň şöhlesinde inçejik ýoda bolup uzalyp gidýärdi, olardan aňyrda bolsa, gözýetimde, gyşyň uzakda däldiginiň habaryny berýän agyr ak bulutlar bilen çäkleşýän uç-gyraksyz Beýik umman mawy ýapynja ýapynyp ýatyrdy.

Tomus paslynyň möwriti gutaryp ýördi, ýöne entek birneme eglenýärdi, baýyrlaryň üstüne haýal-ýagallyk bilen aýlanyp, jülgeleriň gyzylymtyl reňkiniň üstüne ýene reňk goşýardy, tomus argynlygyň hem bizarlygyň sargylt kepenini ýapynyp, ýaşandygyna hem-de ömrüniň hasylsyz bolmandygyna hoşal bolup, sessiz-sedasyz, ýuwaşlyk bilen ölüp barýardy. Şol güýz baýyrlarynyň arasynda Martin bilen Ruf hem kitabyň üstüne eglip, bileje otyrdy. Martin sesli okaýardy, Ruf Brouningi diňe az sanly aýalyň başarjak söýgüsi bilen söýen zenanyň ýazan söýgi hakdaky goşgularyny diňleýärdi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ýöne kitap haýal okalýardy. Tebigatyň sönüp gutaryp barýan gözelliginiň jadysy entek mazaly özüni görkezýärdi. Ýylyň altyn pasly öz ýaşaýşyny ýaşan ömrüne mynasyp ölüm bilenem soňlaýardy. Onuň ýaşan ömri bolsa, günäli geçmişi üçin toba gelmeýän perizadyň ýaşaýşyna kybapdaşdy. Töweregi gurşap alan howanyň özi-de lezzet bilen meýmirediji ýatlamadan doludy. Ol Martin bilen Rufuň ganyna çenli aralaşyp, olaryň aňynyň hem ahlak ynanjynyň daşyna duman bolup örtüldi. Ikisiniňem erkini elinden aldy. Martin kelle aýlaýjy gowşaklyga ýan berdi hem mahal-mahal onuň damarlaryndan gan däl-de, ot at saldy. Olaryň kellesi bir-birine golaýlady. Şol pursat ötegçi şemal öwsüp, Rufuň saçlary ýaňagyna degende, kitap sahypasyndaky harplar Martiniň gözüniň öňünde pytrap gitdi.

Birden Martin okap oturan setirini bulaşdyrdy welin:

— Men-ä okaýan zadyňyzy özüňizem diňläňzokmykaňyz öýdýän — diýip, Ruf bellik etdi.

Martin oňa ýanyp duran gözleri bilen seretdi-de, syrynyň sepini açman jogap gaýtardy.

— Sizem diňläp duraňzok. Diňleýän bolsaňyz, soňky sonetde näme diýilýänini aýdyň-da.

— Bilemok — diýip, Ruf güldi. — Diňlänimi ýadymdan çykaraýýypdyryn. Yzyny okamak geregem däl-le. Howa gaty oňat…

— Indi bize uzak gezmek miýesserem etmäýmese — diýip, Martin agras dillendi. — Ana, gözýetimde harasat gopjak bolýar!

Martiniň elindäki kitap ýere gaçdy. Olaryň ikisi hem geplemän oturyşlaryna zat görmeýän arzuwçyl gözleri bilen irkilip ýatan aýlaga tarap seredýärdi. Ruf Martiniň keşbine nazar saldy. Haýsydyr bir dartylmak kanunyndanam hökmürowan ykbalyňky ýaly, äpet kuwwatly güýç ony özüne tarap çekdi. Rufa onuň egnine egnini degirmek üçin, bary-ýogy üç barmak ýaly aralyga gobsunaýmak gerekdi. Ol ýagdaý hem öz erkinden bidin amala aşdy. Ol galtaşma edil kebelegiň güle degşi ýaly ýeňillik bilen bolup geçdi. Edil şol mahalam Ruf jogap galtaşmasyny duýdy, ol hem öz eden hereketi ýaly ýeňiljekdi. Egni gyza tarap gysylanda, Martiniň tutuş bedeni jümşüldäp gitdi. Şeýle pursatda gyz yza çekilmelidi welin, ol häzir öz erkine görä hereket hem edip bilmedi. Şu mahal ol

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
näme hereket etse-de, özünden bidindi. Asyl şatlykly bihuşluga özüni aldyran gyz asyl bir hereketem etjek bolmaýardy.

Martiniň eli gowşaksy hereket bilenem bolsa, Rufuň bilinden gujaklady. Gyz garaşdy, nämä garaşýandygyny özi hem bilmän, yzaly lezzet bilen garaşdy. Onuň dodaklary ýanýardy, ýüregi ýetişibildiginden gürsüldeýärdi, gany çalt aýlaw edýärdi. Martiniň bilini gujaklaýan elleri barha gatalýardy. Ol şeýle emaýlylyk bilen Rufy özüne çekýärdi. Gyz uzak takat edip bilmedi. Ol bir hili titräp, erksiz hereket bilen kellesini Martiniň döşüne goýdy. Martin derrew aşak egildi, dodak dodaga degdi. Giden aňy bir pursatlyk yzyna gelende, «bolup geçýän bu zatlar söýgüdir» diýip, Ruf pikir etdi. Eger bu söýgi däl bolsa, gaty utanç bolmaly. Beýle zat diňe söýgüdir. Eli bilinden gujaklan ýigidi, dodagy dodagy bilen tapyşan ýigidi Ruf söýýärdi. Ol öz-özünden döräp, hemme zady bolmalysy ýaly edip barýan hereket bilen ýigide ýelmeşdi. Birdenem, ol özüni bagryna basyp oturan goltukdan sypdy-da, hetdenaşa joşgun bilen Martiniň Güne ýanan boýnundan gujaklady. Kanagatlandyrylan islegiň duýgusy şeýle bir ýokary göterildi welin, şonuň yzysüre hem Ruf çala eşidilýän iňňildiniň arasy bilen boýun gujaklaýan gollaryny gowşatdy-da, essi aýylan ýaly bolup, Martiniň gujagyna özüni goýberdi.

Uzak wagtlap hiç kimiň diline ýeke söz gelmedi. Martin öwran-öwran aşak eglip gyzyň dodagyndan ogşaýardy, her gezeginde-de gyz dodaklaryny ýygralyk bilenem bolsa oňa tarap golaýlatdy, göwresi bolsa özünden erksiz hereket bilen giň gujakda has ykjam ornaşmaga amatly ýagdaý gözledi. Gyzyň yza tesmäge güýç-kuwwaty ýokdy. Ony gujagynda saklap, sesini çykarman oturan Martiniň hiç zat saýgarmaýan gözleri aýlagyň aňyrsyndaky uly şähere seredýän ýaly bolup durdy. Bu gezek Martiniň, hyýaly görnüş tapmaga ökde Martiniň gözüniň öňünde hiç zat görünmedi. Onuň nazarynda häzirki yssy Gün ýaly ajaýyp gün, öz söýgüsi ýaly ýanyp duran howurly reňkler hem lowurdap duran şöhle göründi. Ol gyza tarap egildi welin, gyz:

— Siz meni haçan söýüp başladyňyz? — diýip pyşyrdady.

— Ilkinji günden. Iň ilkinji günden. Sizi ilkinji gezek gören gezegimden başlap. Şondan bäri hem söýgim gün-günden güýjedi. Häzir bolsa öňkülerimdenem beter söýýän, ezizim. Şu söýgä men aňymy aldyrdym. Bagtyýarlygymdan ýaňa başym aýlanýar.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Martin, men özümiň zenandygyma gaty begenýän — diýip, Ruf uludan dem aldy.

Ol Rufy ýene bir gezek mäkäm gujaklady-da:

— Siz öz söýülýändigiňizi ilkinji sapar haçan duýduňyz? — diýdi.

— Gaty ir. Bada-bat diýen ýaly.

— Onda men edil ýarganat ýaly kör ekenim — diýip gygyran Martinde ökünç duýgusy döredi. — Men ýagdaýa diňe häzir, sizi ogşanymdan soň düşündim.

— Men başga zat diýmekçidim.

Biraz yza süýşen gyz oňa nazar aýlady.

— Men siziň özümi söýýändigiňize bada-bat düşündim diýjek bolýaryn.

— A, özüňiz haçan…

— Men ony birden aňdym. — Gyz örän pessaý ses bilen gepledi, gözleriniň öňi ümezlän ýaly boldy, ýaňaklary gyzardy. — Ýöne, tä siz özümi ogşaýançaňyz, onuň manysyna-da düşünmändirin. Onsoňam men hiç mahal size durmuşa çykaryn öýtmeýärdim, Martin. Siz näme bilen meniň başymy aýladyňyz?

— Bilmedim — diýip, Martin ýylgyrdy. — Söýgim bilen bolaýmasa. Meniň söýgim diňe janly zenanyň ýüregini däl, gaty daşy hem eredip biler.

— Bu zatlar meniň söýgi diýip göz öňüne getirenime-hä meňzänok — diýip, Ruf agras dillendi.

— Siz ony nähili göz öňüne getirýärdiňiz?

— Men ony beýledir öýtmeýärdim.

Ruf Martine bir hili geň nazar aýlady, soňundanam aşak garap:

— Men hiç zada düşünmeýän ekenim — diýdi.

Martin ýene Rufy özüne imrikdirmek isledi, ýöne ol öte geçäýmekden çekinip, biraz haýal-ýagal hereket etdi. Diňe onuň gyzy gujaklaýan eli çalaja sandyrady. Emma Rufuň özi oňa tarap gysyldy welin, iki dodagyň tapyşygy uzaga çekdi.

— Bu meselä enem-atam nähili gararka? — diýip, garaşylmadyk ýagdaýda howsala düşen Ruf sowal berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Bilmedim. Ýöne biz ony bilmek islän halatymyz bileris.

— Eger-de ejem göwnemese? Men islegimizi oňa eger-eger aýdyp bilmen.

— Men aýdaýaryn — diýip, Martin batyrgaýlyk bilen teklip etdi. — Umuman-a, siziň ejeňiz meni halaýandyr öýdemok. Ýöne onuň halamazlygy ikimize tutaryk däl ahyryn. Belkem, ejeňize özümi haladyp biläýsem gerek. Size özüni söýdürip bilen adam her kimiňem göwnünden turmagy başarar. Eger ony etmek başa barmasa-da…

— Hawa, onda näme?

— Barybir, ikimiz bir-biregi terk etmeris. Ýöne siziň ejeňiziň biziň tutumymyza garşy bolup durmajagyna welin ynanýan. Sebäbi ol sizi halys ýüreginden söýýäni üçin, raýyňyzy ýykmaz.

— Men ony ynjytmak islämok — diýip, Ruf agraslyk bilen gepledi. Martin «Ene ýüregini agyrtmak beýle aňsat däldir» diýjek boldy. Emma oňa derek:

— Söýgi diýilýän zat dünýadäki ähli zatlardan belentdir — diýdi.

— Näme diýseňizläň, Martin, men mahal-mahal sizden eýmenýärin. Siziň ozal kim bilen bolanyňyzy ýatlasam, häzirem gorkýaryn. Siz meniň bilen örän-örän gowy görüşmeli bolarsyňyz. Bilip goýuň, men entek çagajykdyryn. Men heniz hiç kimi söýübem göremok.

— Menem edil siz ýaly. Biziň ikimizem çaga. Şonuň üçinem biz bagtly. Biziň ilkinji söýgimiz ikitaraplaýyn bolup çykdy.

Birdenem Ruf çalt hem hyjuwly hereket bilen onuň elinden sypdy-da:

— Ol boljak zat däl! — diýip gygyrdy. — Eýsem, siz… Siz deňizçi bolduňyz ahyryn. Deňizçiler bolsa… men bilýän…

Onuň sesi gyryldy.

— Gabat gelen gämi duralgasynda bir aýal almak endigiňiz bar diýjek bolýaňyzmy? — diýip, Martin oňa derek gepledi. — Şol dälmi siziň aýtmak isläniňiz?

— Hawa — diýip, gyz pessaý jogap gaýtardy.

— Ol söýgi däl ahyryn — diýip, Martin ynamly äheňde gepledi. — Men kän-kän gämi duralgalarynda düşläp gördüm. Ýöne size sataşýançam, söýgä gabatlaşyp

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
görmändirin. Bilýäňizmi näme, birinji duşuşykdan soň, ýanyňyzdan gidemde meni tas ýygnapdylar.

— O nähili ýygnamak?

— Adaty ýygnamak-da. Poliseýler meni serhoşdyr öýdüpdirler. Dogrudanam, men şonda hakyt çyn serhoşa döndüm. Ýöne içgiden däl-de, söýgüden serhoş bolan adamdym.

— Biz esasy gürrüňden daşlaşýarys. Siz ikimizem çaga diýdiňiz, men hem beýle bolup bilmez diýdim. Gürrüň şol hakdady.

— Men ozal hiç kimi söýmändigimi anyk aýtdym ahyryn. Siz meniň iň ilkinji söýenimsiňiz.

— Barybir, siz deňizçi ahyryn — diýip, Ruf şol bir tutanyny tutdy durdy.

— Näme-de bolsam, siz meniň başky söýgim.

— Aýallar bolandyr-a… Başga-başga aýallar…

Birdenem Martini haýran galdyran Ruf, gözýaşy bilen ýüzüni ýuwdy, köşeşdirmek üçinem gyzy kän gezek ogşamaly boldy.

Kiplingiň «Tanymallygy diýäýmeseň, ol aýalyňam galan zatda tanymal däl aýallardan üýtgeşik ýeri ýok» diýen sözleri Martiniň aňyna geldi.

Okalan romanlar ony başgaça pikirlenmäge iteklese-de, Martin Kiplingi mamla hasaplady. Şol romanlar esasynda ol özüne bir düzgünnama edindi. Onuň düzgünnamasyna laýyklykda, ýokary jemgyýetde aýal maşgalanyň ýüregine eltýän ýeke ýol bar, ol hem emeli-de bolsa, söz aýtmak. Martiniň ozal öwrüm eden aýlawyndaky ýigitler, gyzlar üçin gujaklaşmak, öpüşmek adaty bir hereketdi. Ýöne inçeden yzarlamak düzgüni bilen ýaşalýan ýokary gatlakda söýgini beýle ýollar bilen beýan etmek mümkin däldi. Diýmek, okalan romanlar galat aýdýardylar. Martin edil şu mahal şol pikirini tassyklaýan kepilnama aldy. Sessiz-üýnsüz, söýüp, sypap, mähribanlyk görkezmek garyp işçi gyzlaryna-da, ýokary gatlak gyzlaryna-da deň derejede täsir edýär eken. Şol iki gatlagyň zenanlarynyň daş sypatynda azda-kände parh bar bolaýmasa, gaýry üýtgeşik ýeri ýok. Eger Gerbert Spenseri ýatlan bolsa, şol pikir Martiniň öz kellesine-de gelerdi. Ol Rufy sypaň-sermeň bilen, ogşamak bilen köşeşdirip, «tanymallygy diýäýmeseň», galan hemme zadynyň deňdigi baradaky aýgydyň üstünde

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
saklandy. Şol pikir Rufy oňa golaýlatdy, ony elýeterli etdi. Onuň ajaýyp bedeni, barybir, başgalaryňky ýaly bedendi. Şonuň üçinem olaryň nikalaşmagyna ýol bermejek päsgelçilik ýokdy. Olaryň arasynda ýeke-täk bap gelmeýän zat synpy tapawutlarydy. Olam, hakykatyna garasaň, diňe daşky görnüşi boýunça tapawutlydy. Ol tapawudy hasap etmeseňem bolýardy. Martin bir rimli guluň imperatorlaryň geýýän goýy gyrmyzy reňkli «toga» diýilýän eşigini geýmek derejesine ýetendigini kitaplaryň birinde okapdy ahyryn. Şeýle zatlar bolup geçen bolsa, Martin näme üçin Rufuň derejesine çenli ýokary göterilmeli däl? Rufuň arassalygynyň, päkliginiň, ahlaklylygynyň, medeniýetliliginiň, ruhy näzikliginiň gabygynyň aşagynda Lizzi Konolliniňki hem jahandaky ähli Lizzi Konollileriňki ýaly, adaty zenanlyk tebigaty bar ahyryn. Şolara mümkin zatlaryň hemmesi Rufada mümkindi. Rufam söýübem, ýigrenibem bilmeli, onuň hem gaharlananda kakyny tutan bolmagam ahmaldyr. Ol hem adaty zenan ýaly, gämi duralgalaryndaky ökjesi ýeňil oýnaşlar hakda oýlanyp, Martini gabanybam biler.

Ruf Martine seredip:

— Onsoňam, meniň ýaşymam siziňkiden bir neme ýokary ahyryn — diýdi. — Men sizden dört ýaş uly.

— Barybir, siz entek çaga. Durmuş tejribäme görä, men sizden ýigrimi dört ýaş uly — diýip, Martin aýdylana garşy çykdy.

Rufuň uniwersiteti tamamlandygy baradaky diplomynyň, ylmy derejesiniň bardygyna, Martiniňem pelsepewi dünýagaraýyşlydygyna, durmuşyň ýowuz mekdebini geçendigine garamazdan, olaryň ikisi hem söýgi meselesine gezek gelende, dogrudanam, heniz edil çaga ýaly ebeteýsizdiler.

Olar ýaşyp barýan şapagyň nuruny ýüzlerine çaýdyryp, söýgülileriň adaty gürrüňi ýaly, özara gürrüň edişip otyrdylar, özlerini sataşdyran söýginiň hem takdyryň ägirt jadysynyň bardygyna haýran galyp hem hiç bir aşyk-magşugyň bir-biregi özleriniň söýşi ýaly söýen däldiklerine berk ynanýardylar. Olar irmän-ýadaman ilkinji duşuşyklaryny, bir-birleri hakdaeden pikirlerini gaýtadan ýatlaýardylar, geçmişi ýoýman, gyşartman şu güne getirmegiň aladasyny edýärdiler.

Günbatardaky lemmer-lemmer bulutlar, Güni gizlemek bilen boldular. Gözýetimiň üstündäki asman gyzylymtyl röwüş aldy, daş-töwerek hem şol reňke boýaldy. Birden Ruf: «Hoş gal, bagtyýar Gün!» diýip, aýdyma hiňlendi. Aýdym

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
aýdan mahaly Rufuň kellesi Martiniň döşüne ýaplanan bolsa, eli elinde gizlenipdi. Şol pursat olar bir-biregiň ýüregini-de, öz ellerinde saklaýardylar.

## XXII bap

Eger miss Morz enelik duýgusyndan mahrum edilen aýalam bolsa, gyzyna gözi düşenden, bolup geçen wakalary gürrüňsiz aňardy. Ol baradaky aýdyljak gepden-sözden has düşnüklisi, Rufuň ýaňaklarynyň gülgün öwüsýänligi hem gazanylan üstünligi aňladýan ýaly bolup, gözleriniň begençli oýnaklamagydy.

— Näme boldy? — diýip, Morz, Ruf ýorganyna girmänkä sowal berdi.

— Aňdyňmy? — diýip, gyzy sandyraýan ses bilen sowala sowal bilen jogap gaýtardy.

Jogaba derek ene gyzyny mähir bilen gujaklady-da, saçyndan sypady.

— Ol hiç zat diýmedi! — diýip, Ruf dillendi. — Men bu işiň bolmagyny islämok, eje. Men şol barada saňa onuň dil ýarmagyna-da rugsat bermezdim welin, ol maňa hiç zat aýdanogam.

— Ol hiç zat aýtmadyk bolsa, onda hiç zat bolanam däldir.

— Her näme-de bolsa, boldy, eje.

— Hudaýyň haky üçin… Näme boldy, balam? Sen näme ýaňraýaň? — diýip, Morz gyssandy. — Aýt ahyryn… Beýle näme boldy?

Ruf ejesine geňgalyjylyk bilen garady.

— Sen eýýäm ýagdaýa düşünensiň öýtdüm. Indi biz Martin bilen aşyk-magşuk, eje.

Morz ynamsyzlyk hem haýpygelijilik garyşykly ses bilen gülüp goýberdi.

— Ýöne ol toý hakda hiç zat aýtmady — diýip, Ruf dowam etdi. — Ol meni söýýär. Başga gep ýok. Ol edil seň üçin bolşy ýaly, meniň üçinem garaşylmadyk ýagdaý. Ol bir sözem diýmän, diňe meni gujaklady. Menem… men akylymdan azaşan ýaly boldum. Ol meni ogşady, menem ony ogşadym. Başga näme edeýin. Menem ony ogşamalydym-da. Ana, şol wagtam men ony söýýändigimi bildim.

Ruf sözüni tamamlansoň, aýdylan habary eşiden ejesi özüni ogşar öýdüp garaşdy. Ýöne Morz dymdy. Ol dymmaklyk örän howply bolup duýuldy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Elbetde, bolan ýagdaý gowulyk däl — diýip, Ruf ysgynsyz geplemäge başlady. — Bilmedim, sen meni bagyşlarmykaň… Ýöne men başga üýtgeşik gelşiksizlig-ä etmedim. Edil şol pursada çenli men ony söýýändirinem öýtmändim… Emma bolan waka barada kakama özüň aýdaweri.

— Belkem, ataňa hiç zat aýdylmasa gowy bolar? Men Martin Iden bilen özüm gürleşerin-de, ähli zady aýdaryn. Ol ýagdaýa düşüner, söz berenem bolsa, senden tamasyny üzer.

— Ýok, ýok! — diýip, Ruf ör-gökden geldi. — Men Martiniň özümden tamasyny üzmegini islämok. Men ony söýýän, eje. Asyl söýmek ýakymly zat eken. Men oňa durmuşa çykjak. Elbetde, siz makul bilseňiz…

— Kakaň ikimiziň sen barada başga meýlimiz bar,

Ruf, ezizim… Ýok, ýok, biz seni mejbur edip, biriniň boýnundan dakjak bolmarys. Sen beýle ýagdaý barada pikirem etmegin. Biz seniň öz derejämizdäki adam bilen durmuş gurmagyňy isleýäris. Ol ýigit hakyky jentelmen bolmaly, hemmeleriň sarpa goýýany bolmaly… Sen özüň söýüp, özüň saýlarsyň…

— Men eýýäm Martini söýýän ahyryn? — diýip, Ruf naýynjar ses bilen garşylyk görkezmäge çalyşdy.

— Biz seň saýlap-seçmek meseläňe goşulmakçy däl. Ýöne sen biziň perzendimiz. Biz seniň olar ýaly adam bilen durmuş gurmagyňy arkaýyn makullap bilmeris. Ol adam seniň näzikligiňe, edepliligiňe terbiýesizlikhem gödeklikden gaýry zat bilen jogap berip bilmez. Haýsy tarapdan alsaňam, ol saňa mynasyp däl. Ol biziň deňimiz däl. Ol seni oňly ekläp-saklamagy-da oňarmaz. Biz tüçjar baýyň gürrüňini edemzok, ýöne är aýalyny deňli-derejeli, gurply hojalykda ýaşatmaga borçludyr. Biziň gyzymyzam entäp ýören, hiç zatdan gaýtmaýan, kowboý, deňizçi, kontrabandaçy… ýene näme… bolgusyz adam bilen ýaşaman, gelejegi güýçli bilen durmuş gurmaly. Üstesine-de, Martin barypýatan ýeňilkelle. Ol hiç zadyň öňünde jogapkärçilik çekýän adamam däldir.

Ruf ejesiniň hakykaty aýdýandygyna düşünýändigi üçin dymdy.

— Ol öz ýazuw-pozuwyna wagt sarp edýär. Şonuň kömegi bilen aýratyn zehinli, ýokary bilimli adamlaryňam hemmesiniň ýetip bilmeýän belentliklerine ýetmekçi bolýar. Öýlenmegiň küýüne düşen adam, onuň aladasyny hem etmeli bolar ahyryn. Onda beýle pikirem ýok. Men eýýäm aýtjagymy aýtdym, sen aýdylan

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bilen ylalaşarsyň, ol durmuşyň öňünde jogapkärçilik duýmaýar. Beýle pikir onda nireden bolsun? Deňizçileriň hemmesi şeýle. Olar ertiriň gamyny iýmän, diňe şu güni bilen ýaşaýan mahluklar. Ellerine ilen puly hökman şu gün sowup gutarmalydyr öýdýärler. Beýle düzgün olaryň ganyna ornapdyr. Sen onuň başyna giden, ahlaksyz geçmişi hakynda oýlandyňmy? Onda şeýle geçmişden başga geçmiş bolan däldir. Emma sen, mähriban gyzym, nikalaşmak diýen sözüň manysyna düşünýäňmi?

Ruf birden sandyrady-da, ejesine gysyldy.

— Men bolsa — Ruf aýtmaga mynasyp söz gözläp uzak dymdy. — Bu erbet ýagdaý, elbetde. Bu, elbetde, aýylganç ýagdaý. Maňa şol hakda pikir etmegem örän agyr düşýär. Men öz söýgimiň söýgi däl-de, betbagtlykdygyna düşünýärin. Ýöne men özüme erk edip bilmesem nädeýin? Sen kakamy söýmän bilermidiň? Meňkem şeýle-dä. Onda-da, mende-de bir zatjagaz-a bar welin, şu mahala çenli onuň nämedigine düşünmeýärin. Düşünmesemem, ony söýmäge mejbur edýän nämedir bir zadyň bardygyny bilýärdim. Men hiç mahal Martine magşuk bolaryn öýtmändim. Ynha, indem ony söýýärin — diýip, Ruf soňky sözlerini bir hili, dabaraly ses bilen aýtdy.

Nokady goýulmadyk bu gürrüň ýene uzak dowam etdi. Ahyram eneli-gyz hiç hili aýgyda gelmän, «Az salym tagapyl etmeli» diýen pikirde saklandy.

Bir sagat çemesi geçensoň, Morz özüniň guran hilegärliginiň nämä getirendigini aýdanda, onuň soňky gelen netijesi bilen Morz hem ylalaşdy.

— Başgaça bolmaly hem däldi — diýip, Morz öz pikirini beýan etdi. — Gyzymyz gödek, pöwhe deňizçiden gaýry erkek bilen duşuşmansoň, şol netijäniň bolmagyna-da garaşybermelidi. Gyzymyzda ozal-ahyr zenanlyk duýgusy hökman oýanaýmalydy. Ol şeýle-de boldy. Begenmäge rugsat ediň! — diýip, Morz ýaňsylaýan ýaly gepledi. — Onuň ýanynda ýigit peýda boldy. Gyzymyzyň oňa desbi-dähil aşyk bolandygy ýa-da, iň bolmanda, aşyklygy beýnisine guýandygy belli zat. Umuman, haýsy bolanda-da, ikisiniň manysy bir.

Morz gelen aýgydynyň garşysyna açyk göreşmän, gyzyna başgarak, öwrümliräk bir ýol bilen täsir etmäge synanyşjakdygyny aýtdy. Bu mesele barada hereket etmäge wagtam ýeterlik bar, çünki edil şu mahal Martiniň öýlenmek hakda pikirem edip bilmejegi belli zat.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Gyzyň Martin bilen näçe kän duşuşsa, şonça-da gowy — diýip, Morz gelen netijesini aýalyna aýtdy. — Gyzyň ony ýakyndan tanadygyça, tizräk ara açmaga esas dörär. Ony haýsydyr bir başga ýigit bilen deňeşdirip görmegi üçin mümkinçilik döretmeli. Öz derejämizden bolan gyzlary, terbiýeli, medeniýetli, hakyky jentelmen ýigitleri ýygy-ýygydan öýümize myhmançylyga çagyrmaly. Ol ýigitleriň ýanynda Martin başga adam bolup görner. Onuň kimdigi aýdyň ýüze çykar. Onsoňam, ol entek oglanjyk-laýt. Bary-ýogy ýigrimi bir ýaşynda. Rufam edil çaga. Onuňky häzir çagalyk söýgüsi bolýar. Ol geçer gider. Wagt oňa söýginiň nämedigini düşündirer.

Şeýle netijeler bilenem gürrüň tamam boldy. Maşgala çäginde Ruf bilen Martin adaglanan hasap edildi. Ýöne gelnen netije, entek öýden daşyna çykmaly däldi. Ene-ata ol habary «ile ýaýmak asla-da gerek bolmaz» hasaplady. Adaglanmak diýilýän zadyň möwritiniň bolsa, gaty uzaga çekiljekdigi hem öz-özünden düşnüklidi. Hiç kim Martine ýaşaýyş ýagdaýyny üýtgetmek, asylly bir işiň başyny tutmak, ýazuw-pozuwyny goýmak barada maslahat bermedi. Morzlaryň maşgalasynda durmuşda üstünlik gazanmagy üçin, Martine hemaýat bermek pikiri ýokdy. Martin özüne gowulyk islemeýän tanyş-bilişleriniň bolgusyz gepi köpräk ýaýratmaklaryna kömek edýän ýaly, abraýly-agramly iş gözlemegiň aladasyny hem etmeýärdi.

— Meniň eden hereketimi goldajakdygyňyzy, goldamajakdygyňyzy bilemok welin, — diýip, birnäçe gün geçenden soň, Martin Rufa ýüzlendi. — Aýal doganymyň öýünde kireýine ýaşamak maňa gymmat düşýär. Başga jaý tapynmagyň aladasyny etdim. Demirgazyk Oklendde bir parahat sümelge tapdym. Kerosin peç hem edindim. Nahary özüm bişirinmesem…

Ruf begendi. Aýratynam Martiniň kerosin peç almagy onuň göwnünden turdy.

— Ana, Betlerem şol kerosin peçden başlapdyr.

Aýratyn hormatly jentelmeniň ady tutulanda gaşlaryny bürjeşdiren Martin sözüni dowam etdi.

— Men hekaýa salan bukjalaryma marka ýelmäp, ýene hemmesini redaksiýalara ugratdym. Şu gün täze jaýyma göçüp, ertirem işe başlamakçy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz işe durduňyzmy! — Ähli durky bilen şatlykly habaryň täsirine goşulyp, Martiniň elini gysan gyz ýylgyryp gygyrdy: — Näme üçin, ony maňa aýtmadyňyz? Gireniňiz nähili iş?

Martin başyny ýaýkady.

— Men ertirden başlap eser ýazmaga girişýän diýmekçi bolýan. — Rufuň äňi açylyp, eňegi sallanan ýaly boldy. Martin gepledi — Maňa dogry düşüniň. Men bu gezek ýakymly arzuwlaryň alyna aldanman. Indi meni agras, parahat, işjeň hasap özüne çekýär. Bu iş ýene ýüzüşe gideniňden amatly bolmaly. Özümem adaty Oklend gullukçysyndan has kän gazanç etjekdigime ynanýan. Soňky aýlarda maňa arkaýyn oýlanmaga mümkinçilik boldy. Men ýalta ýaby ýaly iş etmän ýöne ýatdym, hiç zat ýazmadymam, ýazanymam çap edilmek üçin däldi. Ähli wagtymy söýgä, size, dürli zatlar hakyndaky oýlanmalara sarp etdim. Onymuny okadym, olam meniň oýlanmalaryma degişli. Esasanam, žurnallary okadym. Men özüm barada, dünýä barada, dünýädäki ornum barada, sizi gyzyklandyrar ýaly üstünlik gazanmak üçin, nähili umydyň bardygy hakynda pikirlendim. Olardanam başga Spenseriň «Stiliň filosofiýasyny» okadym. Ol kitapdan özüme, has dogrusy, meniň ýazýan zatlaryma, žurnallarda aýba-aý çap edilýän edebi eserlere degişli kän zat tapdym. Oýlanmalarym, size bolan söýgim meni edebiýat hünärmeni bolmaly diýen netijä getirdi. Wagtlaýynça aňrybaş eser ýazmak diýen zady ýadymdan çykarýan-da, maýdaja dawa-jenjel, felýeton, anekdot, her gün bolýan wakalar hakynda durmuşy goşgujyklar, ýumor ýaly okalýan, geçginli zatlary ýazýan. Gazetleriň ýumor sahypasy üçin, ýekşenbedäki goşmaça çykýan neşirleri material bilen üpjün edýän edebiýat agentlikleri bar ahyryn. Men olara gerek zatlary dörederin. Şeýtsem, siz ynanaýyň, oňat gazanç edip başlaryn. Günde dört ýüz, hatda alty ýüz dollar gazanýan harsydünýäler hem bar ahyryn. Men olara meňzemek islämok, ýöne iň bolmanda, zerurym üçin-ä gazanç ederin-dä. Üstesine, işlemäge-de, okamaga-da wagtym bolar. Wagt mümkinçiligini hiç bir edara döretmeýär. Ýuwaş-ýuwaşdanam men öz güýjümi hakyky işlerde-de synap başlaryn, okaryn, düýpli eser ýazmaga taýynlyk görerin. Bilýäňizmi, nähili öňe gidenime özümem haýran galýan. Men ilki synanyşyklarymda diňe dürli wakalary ýazýardym, hiç hili taglymat, hiç hili pikir hakda oýlanmaýardym. Asyl meniň şolaryň kömegi bilen pikirlener ýaly sözümem ýokdy. Başdangeçirmelerimiň hemmesi göz öňüme şekil bolup gelýärdi, olarda many-da ýokdy, mazmun-da. Ýöne men okamaga başlap, söz

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

baýlygymy artdyranymdan soň, ýaňky suratlarda ozal görmedik zatlarymy görüp-duýup başladym. Ana, şonda men hakyky eserlerimi döredip ugradym: «Şatlyk», «Başdangeçirmeler», «Gazan», «Söýgi hakda sonetler», «Deňiz aýdymlary». Men entek olar ýaly eseri, olardan has gowularyny hem kän ýazaryn. Ýöne düýpli eserleri diňe boş wagtlarym döretmeli bolaryn. Men indi arzuw kölünde ýüzmämi goýdum. Ilki gün-güzeran üçin gara iş, agramly eserleri soň ýazmaly. Öten agşam gepimi size subut etmek üçin, ýumoristik žurnallara hödürlenmeli on-on iki sany maýda-çüýde zatlary ýörite ýazyşdyrdym. Olary gutaryp ýorgana girenimden soň bolsa, degişme bentlerini ýazmak kelläme geldi. Bir sagadyň içinde dört sanysy döredi. Her haýsyna bir dollar almagym mümkin. Ýatjak bolup ýorganyňa gireniňden soňam, dört dollarlyk iş etmek, dogrudanam, kemjekerdem däl. Ýöne ol işde-de hiç hili gymmatlyk ýok. Hem içgysgynç, hem birmeňzeş. Ýöne ol, aýdaly, altmyş dollar hak üçin, edara kitaplaryny ýöretmekden ýa-da tükeniksiz sanlary goşup oturmakdan beter içgysgynç däl. Onsoňam, ol işiň haýsydyr bir möçberde edebiýata-da dahyly bar, hemem ol maňa hakyky, nusgawy eserleri döretmäge mümkinçilik berer.

— Ol hakyky eserleri ýazmakdan gazanýan zadyňyz näme? — diýip, Ruf sowal berdi. — Siz, barybir, olary satyp bileňzok ahyryn?

— Onam diýmäň…

Ruf onuň sözüni böldi.

— Öz göwnüňizden turýan eser hasaplap, ähli sananlaryňyzyň içinden şu mahala çenli ýekeje setirinem sataňzok. Biz hiç kimiň satyn almaýan ajaýyp eserleriňiziň boljagy näbelli gazanjyna bil baglap, durmuş gurup bilmeris ahyryn.

— O bolmasa, bu. Biz hemme kişiniň okajak, girdeji getirjek bentleriň hasabyna toý tutaýarys — diýip, gepini gögertmek islän Martin Rufy gujaklady. Ýöne bu sapar Ruf söýgi oýunlaryny kabul etmäge taýyn däldi.

— Gulak salyň! — diýip, Martin ýasama şatlykly ses bilen dillendi. — Bu sungat däl, ýöne bu dollar:

Özüm öýde ýok mahalym

Tanşym gelipdir şem diläp.

Öýde ýoklugym bilip ol

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Gahar edipdir gol bulap.

Ýöne häzir men öýümde

A tanşym gidipdir birçak

Başga zatlaryň küýünde.

Goşgynyň tansa çagyrýan ýaly ýeňiljek äheňi, Martiniň kem-kemden aljyraňňylyk aralaşýan ýüz keşbi bilen bap gelmeýärdi. Ruf ýylgyrmady. Gaýtam, ol Martine tukat nazar aýlady-da:

— Onuň üçin, bir dollar tölemeklerem mümkin — diýdi. — Ýöne ol, sirkdäki ýüz-gözüni reňkläp, adamlary güldürjek bolýan masgarabazlaň pul gazanyşy ýaly bolaýmasa. Bu işiň özüňiz üçin kemsitmedigine düşünmeýärsiňizmi? Men öz hormatlaýan hem söýýän ýigidimiň rifmalaşdyrylan bolgusyz setir döretmäge güýmenmän, özüne mynasyp, abraýly işe baş goşmagyny isleýärin.

— Siz onuň mister Betlere meňzemegini isleýärsiňizmi? — diýip, Martin gyşyk gep bilen sowal berdi.

— Men mister Betleri siziň sulhuňyzyň almaýandygyny bilýärin…

— Mister Betler barypýatan gowy adam — diýip, Martin onuň gepiniň arasyny böldi. — Ol adamyň iýenini oňly özleşdirip bilmeýän aşgazanyndan gaýry hemme zady oňat. Ýöne men bent ýazmaklygyň maşinka işletmekçe-de ýa-da edara kitaplaryny dörüp oturmakça-da ýokdugynyň manysyna, dogrudanam, düşünmeýärin. Olam, beýlekem maksada ýetmek üçin serişde. Siz meniň işi kitaplaryň üstüne abanyp oturmakdan başlamagymy, iň bolmanda, haýsydyr aklawjy ýa-da telekeçi bolmagymy isleýärsiňizmi? Men bolsam, gazet işlerinden başlap, ahyrynda uly ýazyjylyga ýetmek isleýärin.

— Bu ýerde tapawut bar — diýip, Ruf özüniň mamladygyny tekrarlajak boldy.

— Nähili tapawut? — diýip, Martin gyssandy.

— Iň bolmanda, siz öz gowy hasaplaýan eserleriňizi-de satyp bilmeýäniňiz. Siz kän gezek synanyşdyňyz, redaktorlar bolsa hiç zadyňyzy almadylar.

— Maňa wagt beriň, ezizim, wagt beriň! — diýip, Martin ýalbaryjy äheňde gepledi. — Häzirki işim meseläni gutarnykly çözýän iş däl. Maňa iki ýyl töweregi puryja beriň. Şol iki ýylyň dowamynda men isleýän derejäme ýeterin,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ähli zatlarymy hem «kim ýokary» edip alarlar. Men öz aýdýanymyň manysyna düşünýärin. Men özüme ynanýaryn, nämä ukybymyň bardygynam örän oňat bilýärin. Men edebiýatyň nämediginem, ýazyjysumaklaryň gazet-žurnallary nähili bolgusyz zatlardan doldurýandyklarynam bilýärin. Ýene iki ýyldan özümiň giň ýol bilen şöhrata tarap gitjegime-de ynanýaryn. Men işde belent kürsüde oturyp, abraý gazanyp biljek adam däl. Men hiç mahal edaranyň ýönekeý işgäriniň derejesinden ýokary galyp bilmerin. Biziň edara işgäriniň aýlygy bilen bagtly ýaşaýyş gurup bilmejegimiz görnüp dur ahyryn. Men siz üçin dünýäde bar bolan iň ýokary gowulyklary etmek, sizi bol-telkilikde ýaşatmak isleýärin, her zat ederin welin, şol islegime-de ýeterin. Tanymal ýazyjy — islendik mister Betlerlerden on esse ýokarydyr. Siz gowy «çüwen» kitabyň ýazan adama elli müň dollar, hatda ýüz müňem getirjegini bilýärsiňizmi? Käte azrak, käte köpräk, umuman, ýaňky aýdanym ýalyrak.

Ruf dymýardy. Ol gussalydy, gussasyny gizlejegem bolmaýardy.

— Eýsem, şo zatlar erbetmi?

— Meniň düýpden başga umytlarym, hyýallarym bardy. Men siziň maşinkada ýazýanyňyzy-ha bilýärin welin, stenografiýa-da öwrenip, kakamyň edarasyna işe girmegiňizi isleýärdim. Häzirem şony isleýärin. Sizde uly ukyp bar. Hä diýmän, gowy hukukçy bolup ýetişäýmegiňizem ahmaldyr.

## XXIII bap

Ruf ýazyjylyk başarnygyna şeýle ynamsyzlyk bildirse-de, Martiniň oňa bolan söýgüsi öňküsinden peselmedi. Ol «dynç alyş» döwründe özi barada kän pikir etdi, öz duýgularyny seljerip gördi, gözelligiň onuň üçin şöhratdan belentdigine, şöhratyň oňa diňe Rufuň göwnünden turmak üçin gerekdigine göz ýetirdi. Ol hut Ruf üçinem şöhrat gazanmaga çyny bilen aladalanýardy. Martin söýgülisi buýsanar ýaly, özüne mynasyp hasaplar ýaly, dünýä derejesine çenli beýgelmek isleýärdi.

Martin gözelligi şeýle bir söýýärdi, dogrusy, gözellige hyzmat etmekdenem kanagatlanma tapýardy. Ýöne Rufy welin, hemme gözelleri söýşündenem beter söýýärdi. Söýgi, onuň üçin, dünýäniň ähli gözelliklerindenem zyýatdy. Gödek deňizçiniň kalbynda beýik agdarylyşyk edip, ony derrew akyldara hem nakgaşa öwren, eýsem, söýgi dälmi? Şonuň üçinem, onuň baha kesişine görä, söýginiň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ylymdanam, sungatdanam ýokarda bolmagy geň-taň zat däldi. Martin indi aň-düşünje meselesinde eýýäm özüniň Rufdan, onuň doganlaryndan, atasyndanam belentdigini duýup başlady. Uniwersitetde okamaklygyň berýän artykmaçlyklaryna garamazdan, özünde inçe sungatyň hünärmeni — bakalawr derejesiniň bardygyna garamazdan, bir ýyllyk özbaşdak okuwyndan soň, sungat dünýäsine düşünmekde Martiniň ýeten derejesine ýetmek Rufuň düýşüne-de girmeli däldi.

Hawa, Martin ol zatlary bilýärdi, ýöne ýagdaý onuň Rufa, Rufuňam oňa bolan söýgüsine hiç hili täsir ýetirmeýärdi. Söýgi çakdanaşa ajaýyp, çakdanaşa pähimli duýgudy. Şonuň üçinem Martin çyn aşyk hökmünde ol duýga hiç jähetden dil ýetirmesiz hasaplaýardy. Rufuň sungata bolan garaýşy bilen, Rufuň fransuz rewolýusiýasyna ýa-da ählumumy ses berlişigine bolan gatnaşygynyň söýgä näme dahyly bar? Ol zatlar pähim-paýhasa degişli, söýgi bolsa pähim-paýhasdan ýokarda durýan zat. Martin söýgini jan-dilden söýýändigi, mukaddes hasap edýändigi üçin kemsidip bilmeýärdi. Ol söýgini elýetmez dag gerişlerinde, paýhas jülgeleriniň ýokarsynda ýaşaýandyr öýdýärdi. Söýgi ýaşaýşyň özeni, ýaşaýşyň dartgynlylygynyň iň çürbaşky nokadydy. Ol her öňýeteniň nesibesindenem çykyp durmaýardy. Martin hormat goýýan filosoflarynyň taglymatynyň kömegi bilen söýginiň biologik manysyny açdy. Ýöne olaryň esasy kesgitlemelerini özi üçin ösdürmek arkaly, Martin adam bedeni diňe söýginiň täsiri bilen öz borjuny doly berjaý edýär, şonuň üçinem söýgi hiç bir bahanasyz, hiç hili tutaryksyz, edil gutarnykly «ýok» diýilmegiň düşnükli bolşy ýaly, düşnükli görnüşde, ömrüň iň ýokary eşreti hökmünde kabul edilmeli diýen netijä geldi. Ol magşuga çyndan göwün bereni, maňlaýyna rehnet nyşany basylan, haýsydyr bir iň aňrybaş adam hasaplady. Şonuň üçinem söýgä akylyny aldyransoň, ýer ýüzündäki baýlyk, ylym, üstünlik ýaly eşretleriň ählisini, durmuşyň özüni-de bir şaýa almaýan, «söýgülisini öpüp durka» Ezraýyla janyny bermäge kaýyl ýigidi ýatlamak Martine ýakymly boldy.

Şeýle pikirler ozalam Martiniň kellesine gelýärdi, ýöne köp zatlaryň manysyna welin, diňe indi düşündi. Ýöne ol sada hem ýowuz spartan ýaşaýşy bilen ýaşap, örän kän işledi. Ol işiniň arasyny bolsa diňe Ruf bilen duşuşmaly bolanda böldi. Martin Mariýa Silwa atly portugal aýalyndan kireýine alan otagyna aýda iki ýarym dollar hak töleýärdi. Öý eýesi gedemräkden gelen iňre dul aýaldy. Ol bir topar çagasyny eklemek üçin ýadamany-ýaltanmany bilmän işleýärdi, käte bolsa

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
aşakdaky, goňşy ýerzeminden on bäş sente bir çüýşe turşy çakyr alyp, hasratynyň üstüni içgi bilen basyrýardy. Başda Martin ol aýaly ýigrendi, aýratynam onuň çalgyrt dili gyjyndyrýardy. Soň bolsa Silwanyň gün-güzeran dolandyrmak üçin çakdanaşa agyr ýük çekýändigini görüp, ol haýran boldy. Jaýyň dört sany kiçijik otagy bardy, olaryňam birini Martin eýeläpdi. Başga bir otag myhmanhanady, ony alabeder düşek bezeýärdi. Ýöne ýogalan çagasynyň tabytda ýatan suraty welin, otaga gamgyn görnüş berýärdi. Ol otag diňe myhman üçin niýetlenendi, penjiresi mydama ýapykdy, aýaklary ýalaňaç çagalaryň topary ol ýere aýratyn bir dabara dörän mahaly goýberilýärdi. Mariýa ähli işini, biş-düşünem, kir ýuwmagam aşhanada edýärdi. Uly maşgala şol ýerde garbanýardy, maşgalanyň geýim-gejimi hem şol ýerde ýuwlup, şol ýerde ütüklenýärdi. Ýekşenbeden başga wagt Mariýa gije-gündiz işleýärdi. Ol goňşularynyňam eşiklerini ýuwýardy, şol hem maşgalanyň esasy girdejisini berýärdi. Ýatylýan otagam Martiniň jaýy ýaly darajykdy. Şol darajyk otagda Mariýanyň özi hem ýedi baş çagasy bolýardy.

Martin sekiz adamynyň şojagaz otagda nädip ýerleşýändigine hiç düşünmeýärdi. Agşamlaryna ol ýukajyk diwaryň aňyrsynda çagalaryň topalaň turuzýandyklaryny duýýardy, olaryň guş çagasynyň jürküldisi ýaly inçeli-ýogynly seslerini, galmagallaryny eşidýärdi. Ol maşgalanyň ýene bir eklenç çeşmesi iki sany sygyrdy. Mariýa olary ertirine hem agşamyna sagýardy. Başga wagt mallar golaýdaky boşlukda gezýärdiler ýa-da ýoluň iki gyrasyndaky gök çöpden otlap gün görýärdiler. Mariýanyň horaşa eşikli iki ogly çopançylyk edýärdi, has takygy, mallaryň poliseýleriň gözlerine ilmezliginiň gamyny iýýärdi.

Martin öz darajyk hütdüginde hem okaýardy, hem ýazýardy, hem oýlanýardy, hem ýatýardy, hem öý işleri bilen gümra bolýardy. Eýwanjyga çykýan ýekeje penjiräniň öňünde hat ýazýan maşinka goýsaňam bolýan, kitapgoýmak üçin hem peýdalanyp bolýan bir nahar stoly durdy. Tördäki diwaryň öňünde goýlan krowat otagyň üçden iki bölegini tutýardy. Stoluň gapdalynda amatly bolmagy üçin däl-de, gazanç etmek üçin ýasalandygyny ýüzüne köp ýeri pakgaran ýuka faner ýelmenendigindenem aňaýmaly kiçijik şifoner durdy. Ol bir burçdady, beýleki burçda, içinde gap-gaç saklanýan, üstünde kerosin peçjagaz duran ozal sabyn salnan gapyrjak bardy. Diwarda azyk-owkat saklanýan seki, gapdalynda suwly bedre durdy. Otaga turba geçirilmändigi sebäpli, Martin suw gerek bolsa-da aşhana gitmeli bolýardy. Ol krowatyň ýeňsesindäki diwardan tigrini asypdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ilkibada Martin tigrini daşarda goýmakçydy welin, çagalar ony tas dyr-pytrak edipdiler. Abat saklamak üçin ulagy içerik salmaly boldy.

Eşik salynýan kiçijik şkafda geýim-gejim hem indi stoluň üstüne-de, aşagyna-da sygmaýan kitaplar goýlupdy. Martiniň kitap okanda bellik etmek endigi bardy. Bellikler şeýle bir kändi hem olaryň ýazylan depderlerini serlen geýimlere meňzedip, diwardan-diwara gerlen ýüpden asyşdyrmakdan başga ýol galmady. Şonuň netijesinde jaýyň içinde arkaýyn gezmegem mümkin däldi. Öňürti şkafyň gapyjygyny ýapmasaň, otagyň gapysyny açyp bolmaýardy ýa-da tersinedi. Jaýyň içinde bir tarapdan beýleki tarapa göni ýöremek mümkinçiligi ýokdy. Gapydan krowata barmak üçin bulam-bujar hereket etmelidi. Şonuň üçinem Martin garaňkynyň içinde bir topar zat bilen çakyşýardy. Girilýän gapy bilen şkafyň işigini aman-sag yzda galdyranyňdan soň, aşhana maňlaýyňy urmaz ýaly saga öwrülmelidi, ondan soň çepe öwrülip, krowatyň gapdalyndan aýlanmalydy. Üstesine-de, barýan ugruňy sähel üýtgetseň, stol bilen çakyşmak howpy döreýärdi. Şol öwrümleri edip bolanyňdan soň, bir kenary stol, beýleki kenary krowat bolan akaba düşýärsiň. Ýöne bar bolan ýeke-täk oturgyç öz ornunda, stoluň öňünde dursa, akabadan geçip bolmaýardy. Oturgyç ulanylmaýan mahaly stoluň üstünde goýulýardy. Onsoňam, Martin köplenç oturyp işleýärdi, suw gaýnaýança ýa-da et bişýänçä birki sahypa kitap okamaga ýetişýärdi. Jaýyň aşhana derek ulanylýan burçy şeýle bir darajyk böwürdi welin, Martin gerek zatlaryny oturan ýerinden elini uzadyp alaýmalydy. Oturyp işlemek amatlydy, çünki dik dursa, göwresi bilen çyranyň öňüni penalaýardy.

Martin hem arzan düşýän, hem tagamly bolýan kän-kän nahardan habarlydy. Onsoňam onuň sagat aşgazany gaty-ýumşak diýip, nahar dannap durmaýardy. Martiniň esasy iýýän nahary nohutly çorba, ýeralmasy hem meksikalylaryň usuly bilen bişirilýän iri gara noýbady. Öz taýýarlaýşy ýaly edip, eli tagamly amerikan aýallarynyňam bişirip bilmejek nahary bolan gaýnadylan tüwüden Martin her günde bolsa-da ýüz öwürmeýärdi. Mesgä derek guradylan miwe önümlerini çörege ýanap iýýärdi. Onsoňam ol guradylmadyk miweden iki esse arzandy. Käte ol bir bölek et ýa-da süňk çorbasy bilen naharynyň düzümini başgalaýardy, her günde iki gezek süýtsüz kofe, agşamyna-da çaý içýärdi. Ýöne çaýy-da, kofäni-de gaty ussatlyk bilen demleýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin tygşytly ýaşamaga mejburdy. Onuň «dynç alyşlary» eşik ýuwulýan edarada gazananja pullarynyň baryny diýen ýaly ýuwutdy. Ol özüniň «düşewünt getirer» diýip umyt edýän eserlerini bolsa, gaty uzaga ýollapdy welin, olardanam birnäçe hepde geçäýmese jogaba garaşmaly däldi. Onuň ile goşulmaýanyňky ýaly ýaşaýşy bardy. Ol öz «ýalňyzlyk» düzgünini diňe aýal doganyny görmäge gidende ýa-da Ruf bilen duşuşmaly bolanda bozýardy. Martin üç adamlyk işleýärdi. Ukusam, öňküleri ýaly bäş sagatdy, diňe bedeni demir ýaly bolany sebäpli, ol gije-gündiziň dowamynda on dokuz sagat dartgynly işläp bilýärdi, ýekeje minutynam dereksiz gidirmeýärdi. Aýnanyň gyrasynda entek aýdylyşy gowy öwrenilmedik ýa-da manysy düşündirilýän sözler ýazylan kagyz asylgydy. Martin saçyny daranda ýa-da sakgalyny syranda, wagty tygşytly ulanmak üçin şol sözlere göz gezdirýärdi. Şolar ýaly kagyz nahar bişirip durka-da, gap-gaç ýuwanda-da peýdalanary ýaly, kerosin peçiň ýokarsyndan hem asylgydy. Ol kagyzlar ýygy-ýygydan täzelenýärdi. Martin okan wagtynda düşünmeýän sözi gabat gelse, derrew sözlüge ýapyşýardy-da, tapan sözüni kagyza ýazyp, ony diwardan ýa-da aýnanyň gapdalyndan asýardy. Käbir sözler ýazylan kagyzy ol jübüsinde-de göterýärdi, köçe bolsun, dükanda nobata dursun, mahal-mahal ýazga el ýetirýärdi.

Martin ol işde orta ýola ýetip saklanmady. Agramly ýazyjylaryň kitaplarynyň aýratynlygyny, beýan ediş usulyny, wakalaryň ösüşini öwrenýärdi, gepiň keltesi, kitabyň üstünlikli çykmagyna ýardam etjek esasy zatlary aýratyn bir depdere belleýärdi, gaýtadan okap, ýatda galar ýaly özleşdirýärdi. Ol haýsydyr bir esere köre-körlük bilen öýkünjek bolmaýardy, olardan umumy bir ýoda gözleýärdi. Martin käbir ýazyjylarda gabat gelýän edebiýatyň emeli tärleriniň, öwrümleriniň uzyn sanawyny düzdi. Ol sanaw Martine edebi tärleriň tebigaty barada umumy netije çykarmaga mümkinçilik döretdi, şolardan ugur almak bilenem, özüniň hususy, täze, özboluşly tärlerini oýlap tapdy hem olary ýerlikli, çaky bilen ulanmagy öwrendi. Edil şonuň ýaly-da, ol ýaşaýyşda gabat gelýän boş ýaňrama gepleriň içindenem açyk saýlanyp duran, täsin, ot ýaly ýakyp barýan ýa-da tersine, eşideniňde mylaýym şemal bolup gulagyňy ýakymly sypaýan, kalba jaýba-jaý sözleri-de ýygnaýardy. Ol hemme ýerde eseriň gowy bolup çykmagyna ýol açar ýaly, hadysanyň nähili döredilýänini öwrenjek bolýardy. Ol görmegeý keşbiň owadanlygyna garap kanagatlanmaýardy, özüniň aşhananyň köýüksi ys-kokundan, çagajyklaryň goh-galmagalyndan doldurylan darajyk hütdüginde

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
tejribehananyň himigi ýaly, düzümindäki esasy bölekleri aýratyn-aýratyn goýuşdyryp, gözelligiň gurluşyna düşünmek isleýärdi. Ol gözelligiň keşbini döretmekde ýardam etmelidi.

Martin öz tebigatyna laýyklykda, edýän işimaňzyna aralaşmasa, oňat işläp bilmeýärdi. Ol elinden çykýan önümiň nämedigini bilmän, tötändenem bolar-da diýip ýa-da zehinine, ukybyna bil baglap, körüň garaňkyda işleýşi ýaly işlemegi halamaýardy. Tötänden dörän üstünlik ony kanagatlandyrmaýardy. Ol «Nähili?», «Näme üçin?» diýen iki sowala hökman jogap tapmalydy. Onuň çäksiz ukyby inçedi, hekaýa ýa-da goşgy ýazmaga girişende olaryň nähili gutarjakdygyny öňünden bilýärdi, eseriň taslamasyny kellesinde doly saklamagy başarýardy. Şol zatlar berjaý edilmese, eser ýazmak synanyşygy şowsuz bolarlydy. Beýleki tarapdan bolsa, beýnide birden alawlap döreýän, ahyrynda-da diňe bir «peýda derek zelel edäýmä» gabat gelmezlik däl, eýsem, eseriň gözelliginiň, bitewüliginiň gowulaşmagyna ýardam edýän sözleriň, söz düzümleriniň-de gadyryny bilýärdi. Olaryň adam aňynyň başarnyk-ukybynyň çäginden daşda bir ýerde mekan tutan, döredijiligiň haýsydyr bir gudraty tarapyndan tapylýandygyna düşünýäni üçin Martin şolar ýaly «tapyndylaryň» öňünde haýran galyp baş egýärdi. Gözelligi derňäp, onuň durkuny düzýän bölekleriniňem düýp-teýkaryna ýetmek isleýän Martin, her niçik beýik bolsa-da, ol ýeriň pynhanlygyna heniz hiç bir adamyň aralaşyp bilmändigini ýatlady. Ol iň bolmanda, Spenseri okamak bilen adamynyň hadysanyň ahyrky manysyna aralaşmaga güýjüniň ýokdugyny, gözelligiň syrynyňam ömrüň syry ýaly ýetip bolunmaýan, belki, ondanam beter ýetip bolunmaýandygy, gözellik bilen ömrüň biri-birine haýran galdyrýan derejede çyrmaşyk bolup çyrmaşýandygyny, adamyň bolsa Gün şöhlesiniň şol çyrmaşygyň, ýyldyzlar tozanynyň, ýene-de tanalmaýan zatlaryňam bir bölejigidigini bilýärdi.

Şeýle pikirleriň täsiri bilen Martin bir gezek «Ýyldyz tozany» atly makala ýazdy, makalada tankydyň manysyna däl-de, dürli-dürli tankytçylaryň emeline hüjüm etdi. Makala örän gowy, çuň manyly, nepislik bilen ýazylan, degişmeli, gülkülidi. Emma ol makala çalt ýazylyşy ýaly, iberilen žurnalyndanam çap edilmejekdigi baradaky jogaby gaty bahym getirdi. Ýöne Martin biynjalyk edýän tükeniksiz pikirlerini bir tarapa taşlap, öz ugry bilen gitmegini dowam etdi. Ol ýazmakçy bolýan eserini hertaraplaýyn oýlaman, ideýa, mazmunyny ölçerip-dökmän, maşinkanyň başyna geçmezligi özüne pent edipdi. Henize çenli ýekeje

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
setiriniňem çap edilmeýändigi ony onçakly gynandyrybam durmaýardy. Ýazmaklyk onuň üçin çylşyrymly beýni işiniň zynjyrynyň, bölek-büçek pytraňňy pikirleriň birleşýän, faktlaryň, ýagdaýyň jemlenýän iň soňky halkasydy. Ol makala ýazmak bilen, öz beýnisinde täze taglymlardyr meseleler üçin ýer boşadypdy. Beýle ýagdaý, umuman alanyňda, köpleriň aňyna endik bolan «kalbyň agyr ýüküni mahal-mahal söz bilen ýeňletmeli» diýen kesgitlemä meňzeýärdi. Ol käte adamlara hakyky ýa-da oýlanyp tapylan azap ýüküni çekmäge hem ony unutmaga kömek edýärdi.

## XXIV bap

Hepde yzyna hepde geçip durdy. Martin pul meselesinde halys yzyndan ýetdiripdi. Redaksiýalara ýollan uly hekaýalary yzyna dolanyp gelýärdi welin, «düşewüntli» hasap edilýän eserlerdenem netije ýokdy. Martiniň bäş günüň dowamynda iýmitlenen kakadylan erigi bilen ýarym halta tüwüsinden başga zady galmany sebäpli, indi kiçijik aşhanada dürli-dümen nahar bişmeýärdi. Ol karza girmeli boldy. Asly portugaliýaly dükançy Martiniň bergisi ummasyz derejä — üç dollar segsen bäş sente ýetensoň, nesýe haryt goýbermegini bes etdi.

— Nesýe zat bermegi bes edenimiň sebäbi, siz işsiz adam — diýip, dükançy ýüregindäkini aýtdy. — Işlemeýän adam bergisini nädip bersin?

Martin onuň aýdanyna garşy gidip bilmedi. Dükançynyň gelen netijesi-de howaýy gep däldi. On iki süňňi abat, özi işçiler synpyndan bolsa-da, iş gözlemek islemeýän ýigide nesýe haryt berip bolarmy?

— Teňňäň bar, nahar bar. Teňňäň ýok, nahar ýok. Ana, ýagdaý şeýle, gadyrdan.

Bu meselede ozaldan galan bir öýke-kinäniň ýokdugyny ynandyrmak üçin, dükançy öňki aýdanlarynyň üstüni şeýle ýetirdi.

— Hany, ýelme bir bulgury! Meň hasabyma göter. Sen dost, men dost, ikimiz bir dost.

Martin dostlugy tekrarlamak üçin, hödürlenen bulgury başyna çekip, agşamlygam hiç zat iýmän ýorgana girdi.

Ol gök önümleri başga bir dükandan alýardy. Dükanyň eýesi amerikalydy. Ol portugaliýaly dükançy bilen deňeşdireniňde eli açygrak, kalby giňräkdi. Ýöne ol hem Martiniň nesýe edýän söwdasy bäş dollara ýeteninden soň, pulsuz haryt

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bermesini togtatdy. Martiniň bergisi çörekçä iki dollara ýetensoň, gassaba dört dollara ýetensoň, nesýe zat bermek bes edildi. Martin hasaplady welin, hemme bergisi on dört dollar segsen bäş sent boldy. Hat ýazýan maşinka üçinem tölenmeli pursat ýetip geldi. Ýöne Martin ony iki aý doly ulanmaly etdi, ol hem sekiz dollara barabar boldy. Ol möhlet hem geçse, nesýe hasap bilen ýaşaryn öýdüp tama etmegiň ähli mümkinçilikleriniň üstüne suw serpilýärdi.

Martiniň dükandan nesýe alan iň soňky harydy bir halta ýeralmasy boldy. Ol tutuş hepdeläp, günde üç wagtyna diňe şony iýdi. Ol mahal-mahal Morzlardan edinýän naharynyň kömegi bilen gurpdan gaçman ýaşaýardy. Ýogsam, ol özüni dokmäde görkezmek üçin, stoluň üstündäki dürli-dümen iýmite elini uzatman saklanjak bolup, azap baryny çekýärdi. Käte bolsa Martin öz utanjynyň üstünden basyp, edil nahar wagty aýal doganynyň öýüne barýardy. Ol ýerde hem aňyrsynyň talap edişi ýaly, oňat doýmasa-da, Morzlarda iýýäninden köpräk iýýärdi.

Martin gününi boş geçirmän işleýärdi, hat gatnadyjy hem günüň-gününe redaksiýalaryň kabul etmedik bukjalaryny yzyna getirýärdi. Onuň indi redaksiýalara eser ibermek üçin, bukja ýelmenýän markasy-da ýokdy. Şonuň üçinem bukjalar stoluň aşagynda küde bolup ýatyrdy. Martiniň kyrk sagatlap agzyna zat almadyk wagty hem boldy. Ruf San-Rafaele iki hepdelik myhmançylyga gideni sebäpli, ol Morzlara-da baryp bilmeýärdi, Gertrudanyň öýüne gitmäge-de utanjy ýol bermedi. Bu ýakymsyz ýagdaýyň üstüne-de, hat gatnadyjy bäş sany golýazmany birden yzyna getirdi. Şonda Martin paltosyny eline aldy-da, Oklende gitdi, yzyna bolsa paltosyz, ýöne oňa derek jübüsi bäş dollarly dolandy. Ol bergidar dükançylarynyň hersine bir dollardan gaýtardy, kiçijik aşhanada ýene sogan dogralan et gowruldy, ýene kofäniň ysy, uly tabak doly garaly kişdesi peýda boldy. Martin nahardan soň stol başyna geçdi, gijäniň ýarynda hem «Süýthorlugyň güýji» diýen täze makala taýyn boldy. Tamamlan makalasyny ol eliniň tersi bilen stoluň aşagyna zyňyp goýberdi. Sebäbi ony redaksiýa ibermäge marka alarlyk puly ýokdy. Paltosyny girewine goýup gazanan bäş dollaryndanam bir marka alar ýaly pul galmandy.

Martin sagadyny girewe goýdy, birnäçe gün geçensoň, tigrini hem alyp gitdi. Ol iýmek-içmekden tygşytlap marka almaga süýşürintgi edindi. Golýazmalar ýene redaksiýalara gidip başladylar. «Düşewüntli» eserler Martiniň tamasyny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ödemediler. Olar hiç kimi gyzyklandyrmady. Ýazan eserlerini gündelik hem hepdelik neşirlerde çap edilýänler bilen deňeşdirip, Martin öňküleri ýaly özüniňkileri olaryň derejesinden ýokary hasaplady. Emma welin, ol eserleriniň ýeke setirinem satyp bilmeýärdi. «Hronika» atlandyrylýan habarlar bilen iş salyşmak netijesine gelen Martin, redaksiýalary şeýle materiallar bilen üpjün edýän edara öz täze ýazgylarynyň birnäçesini ýollady. Ýöne ondan hem diňe özünde işleýän galamgärleriň ýazan işleri bilen meşgullanýandyklary barada çap harplary bilen ýazylan jogap aldy.

Ýaşlar üçin çykýan žurnallaryň birinde, Martin tutuş bir sütün degişmeleriň hem gysgajyk hekaýalaryň çap bolandygyny gördi. Ana saňa, pul gazanmagyň ýene bir çeşmesi. Bu ýerde-de, Martiniňki ugruna bolmady, ýollan eserleri edil öňküleri ýaly yzyna gaýdyp geldi. Soňra olar bilen iş salyşmaýan mahaly gyzyklansa redaksiýanyň işgärleri gazanç hakyny artdyrmak üçin gerek bolan materiallary özleri ýygnaýar ekenler. Degişmeleri çap edýän hepdelik neşir Martiniň iberen hemme degişmelerini, goşgujyklaryny yzyna gaýtardy. Onuň uly žurnallara iberen goşgy bilen ýazylan felýetonlaryna-da hyrydar tapylmady. Entek ýene gazet felýetony bardy. Ol çap edilýän eserlerden has gowy ýazyp biljekdigine akyl ýetirýärdi. Şonuň üçinem iki sany edebi agentiň salgysyny alyp, olaryň üstüni kiçijik hekaýalardan doldurdy. Ýöne iberen ýigrimi hekaýasyndan ýekejesi-de çap edilmänsoň, ýazmasyny bes etdi. Oňa garamazdan, Martin her günde onlarça hekaýa hem felýeton okaýardy. Okan zatlarynyň bolsa hiline görä, onuň şol ugurdan edýän synanyşyklarynyň ýele ýanyndanam geçmäge haklarynyň ýokdugyna göz ýetirýärdi. Çykgynsyz ýagdaýa ýetirilen Martiniň eserleri özüni jadylansoň, ähli tankydy duýgularyny ýitirip, öz döredijiligine mynasyp bolmadyk ýokary baha berýändirin diýen netijä geldi. Adamçylygy ýok «neşirýat maşyny» öz işini dowam edýärdi. Martin golýazmalaryny dolaýan kagyzlaryna marka ýelmäp, olary poçta gapyrjagyna taşlaýar, aradan üç hepde töweregi wagt geçensoňam poçtalýon gapyny jyrladýar-da, olary yzyna getirýär. Salgy berilýän ýerde, dogrudanam, diri adam ýokdur. Belkem, ýaglanyp, seredilip durlansoň, gowy işleýän awtomat enjam bardyr. Depesinden dabanyna çenli tutuşlygyna umytsyzlyga çümen Martin asyl redaktorlaryň bardygyna-da müňkür bolup başlady. Henize çenli olaryň biri-de aýatda bardygyny duýdurmady. Martiniň ähli ýazanlarynyň gepsiz, düşündirişsiz yzyna gaýtarylyp durulmagy bolsa, redaktor diýilýäniň düýpden bolmaýandygyny, onuň gazetçiler,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

harp ýygnaýjylar, metranpažlar[1] tarapyndan döredilen hem çişirilen ertekidigini tassyklaýardy.

Rufuň ýanynda geçirýän sagatlary Martiniň ömrüniň iň ajaýyp wagtyna öwrülýärdi. Ýöne ol hem hemişe beýle bolup durmaýardy. Ony mydama alada goýan howsala Ruf söýýändigini beýan edeninden soň has-da güýjedi, sebäbi ol özüni edil öňküsi ýaly elýetmez edip saklaýardy. Martin oňa iki ýyl garaşmaly boljakdygyny duýdurypdy. Wagt geçýärdi, ýöne öýlenjek ýigidiň durmuşynda gowulyga tarap özgerýän zat ýokdy. Onsoňam Ruf onuň baş goşan işini hem oňlamaýan ýalydy. Gyz ol barada Martine, elbetde, açyk aýtmaýardy, bolsa-da, gep-sözüni aýlap-öwrüp, düşüner ýaly etmäge synanyşýardy. Dogry, ol gahar-gazaba atlanmaýardy, ýöne Martiniň tutumyna çyny bilen garşydy. Onuň ýerinde mylaýymlygy Rufuňkyça ýok biri bolaýan bolsa, özüniň keýpini bozany üçinem gazap atyna münerdi. Terbiýelejek bolup alada baryny eden kişisiniň terbiýelenmäge gaýym däldigi Rufy gamlandyrýardy. Başda ol Rufa polady ýumşak adam bolup duýlupdy, soňam hötjetlige baş urdy-da, mister Morza, mister Betlere meňzeýän adam bolmak islemedi.

Martinde bar bolan esasy hem möhüm zady Ruf duýmaýardy, duýmazlykdanam beteri düşünmeýärdi. Adam ýaşaýşynyň islendik görnüşine gabat gelmäge gaýym kişini Ruf hötjet hem agyr häsiýetli hasap edýärdi. Sebäbi ol Martini öz ýeke-täk bilýän ölçegine, hususy galypyna salyp bilmeýärdi. Ol Martiniň pikirleniş tizliginiň yzyna eýermegi başarmaýardy. Martin özüniň ýetip bilmejek belentliklerine göterilen mahaly bolsa, Ruf ony ýalňyşan, azaşan hasaplaýardy. Atasynyň, enesiniň, doganlarynyň, hatda Olneýiň pikirleri hem Rufa düşnüklidi, şonuň üçinem ol Martine düşünmeýändiginiň sebäbini Martinden görýärdi. Netijede gadymdan gelýän tragediýa — ýalňyz adamyň äleme akyl öwretmäge synanyşygy gaýtalanýardy.

— Siz aslynda baş egilmegine mynasyp diýlip kabul edilen, hemme zadyň öňünde baş egmäge endik edipsiňiz — diýip, Martin bir gezek Ruf bilen Prapse hem Wanderuoter hakynda jedel dörände aýdypdy. — Men olaryň ylhamly hem uly abraýlydyklaryna ynanýaryn. Olar Birleşen Ştatlaryň iň agramly edebi tankytçylary hasap edilýär. Her bir mekdep mugallymy Wanderuotere amerikan tankydynyň serdary hökmünde garaýar. Men onuň ýazan zatlaryny okadym. Ol meniň üçin boş, howaýy ýaňramagyň ajaýyp nusgasy bolup göründi. Prapse hem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ondan ibaly däl. «Hemlok Mosses», elbetde, örän oňat ýazylan zat. Umumy äheňden ýekeje otury hem aýryp taşlajak gümanyň ýok. Ah, nähili dabaraly äheň! Şonuň üçinem oňa ilden artykmaç hak töleýärler. Beýle yzgytsyzlygym üçin Taňry meni bagyşlasyn, ýöne ol asla-da tankytçy däl. Angliýada tankyt ýokary derejede. Bu meselede esasy gep biziň tankytçylarymyzyň mydama tanymal bolunýan heň çalmak isleýändiklerinde. Şonuň üçinem olaryň äheňi ýokary ahlaklylyk, belentlik, pähimlilik derejesinde ýaňlanýar. Olaryň tankydy makalalary hertaraplaýyn goldanylýar. Maňa bolsa olar din adamynyň ýekşenbedäki öwüt-nesihatlaryny ýatladýar. Olar siziň iňlis filologiýasy ugrundan bolan professorlaryňyzy hemme tarapdan goldaýarlar, olaram kömege kömek bilen jogap gaýtarýarlar. Ýöne olaryň kelleçanaklarynyň içinde ýekeje-de özboluşly pikir guşy höwürtge gurmaýar. Olaryň hemme bilýäni hemmeleriň kabul eden zatlary. Şonuň üçinem olaryň özlerem hemmeleriň kabul eden adamlary. Hemme kişä ozaldan aýan pikirler olaryň aňyna, edil arpa suwunyň çüýşesiniň daşyna ýelmenýän ýazgysy ýaly bolup berk ýelmeşipdir. Olaryň esasy borjy bolsa, uniwersitetde okaýan ýaşlaryň özboluşly pikirlenýänleriniň aňyny bulaşdyryp, olary lenç edilen belli bir ugra gönükdirmek.

— Men bolsa — diýip, Ruf gepe goşuldy. — Men bolsa, umumy kabul edilen ýörelgä goşulýaryn, siziň wagşy haýwanyň mukaddes şekile topulyşy ýaly bolup, belent abraýlara hüjüm edişiňizi goldamaýaryn.

— Wagşylaryň mukaddes şekillerini din wagyzçylarynyň özleri ýok etdiler ahyryn! — diýip, Martin güldi. — Ýöne wagyzçylaryň hemmesi, gynansagam, butparaz dinli ýurtlara siňip gitdi. Bärde, iň bolmanda, mister Wanderuoter bilen mister Prapsy agdarmaga kömek eder ýaly biri-de galmady.

— Şolar bilen birlikde, uniwersitetiň professorlarynyňam hemmesini — diýip, Ruf gepiň üstüni ýetirdi.

Martin aýdylany tassyklamaýan yşarat etdi.

— Ýok. Alymlara degmeli däl. Olar, dogrudanam, bähbitli iş edýärler. Ýöne daşdeşen pisint hem çigit ýaly kiçijik beýnili iňlis filologiýasynyň professorlarynyň ondan birini saklap, galanlarynyň goşuny arkasyna daňmaly.

Professorlara beýle ýowuz daraşylmagy Rufa bihaýalyk bolup duýuldy. Ol ýerbe-ýer geýinýän, asuda ses bilen gepleýän, aňrybaş medeniýetiň howasyndan dem

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
alýan pähimli professorlary yzgytsyz adam bilen, göwresine kybapdaş bolmadyk penjekli, polat ýaly bedenli, gödek fiziki zähmeti ýatladyp duran, näme üçindir özüniňem ýüregini beren düýnki deňizçi bilen mejbury ýagdaýda, käte dagy gykylyklap gepleýşi Rufuň degnasyna degýärdi, gaharyny getirýärdi. Professorlar, her näme-de bolsa, oňat hak alýardylar, üstesine-de, muny hem boýun almazlyk mümkin däl, olar ýokarybaş medeniýetlidiler. Martin bolsa bir şaýy gazanjam edip bilmeýärdi, üstesine-de, medeniýetli adamlardan däldi.

Ruf hatda Martiniň getirýän delilleri hakda oýlanmagy-da zerur hasaplamady, olaryň teýinde zat ýokdugy käbir daşky alamatlaryň deňeşdirilmegindenem düşnükli bolup galýardy. Professorlar öz garaýyşlarynda gürrüňsiz mamladylar, sebäbi olar hut şol garaýşa daýanyp durmuşda üstünlik gazanypdylar, Martiniň bolsa edebiýat hakyndaky gelýän aýgydynyň galpdygy, iň bolmanda, şu mahala çenli özüniň ýekeje eserini-de satyp bilmändigi bilenem düşnüklidi. Martiniň dili bilen aýtsa, olaryňky «çykdy», özüniňki «çykmady». Eýsem, ýap-ýaňy hem edil şu otagyň ortasynda utanmakdan ýaňa gyzaryp duran, gödek, tagaşyksyz, haýsydyr bir oýunjak ýaly maýdaja zady gaçyryp döwäýmekden gorkup töweregine hatarly nazar aýlaýan, «Swinberg» köp mahal mundan ozal öldümi diýip soran, «Excel siory» hem «Ömür aýdymyny» okandygy üçin samsyklyk bilen öwünen adam, edebiýat barada dürs çözgüt edip bilermi?

Şeýlelik bilen Ruf, tanymallygyň öňünde baş egýändigini tassyklady. Martin onuň pikirine düşünýärdi, ýöne ol hakda kän bir oýlanjagam bolmaýardy. Ol Rufy Prapsy bilen Wanderuotere, iňlis filologiýasynyň professorlaryna garaýşy üçin däl, Ruf bolany üçin söýýärdi. Ýöne ol pikirleniş meselesinde Rufuň asla ýetip bilmejek, hatda hyýalyna-da getirip bilmeýän belentlikleriniň bardygyna-da gitdigiçe berk ynanýardy.

Ruf hem öz gezeginde Martini saz ugrundan gömük hasaplaýardy, onuň operalar baradaky kesgitli pikirlerini bolsa, diňe bir ýalňyşam däl, eýsem, gaty geň pikir hasaplaýardy.

— Göwnüňizden turdumy? — diýip, bir öwra operadan çykyp gelýärkäler, ol Martine sowal berdi.

Martin şol gezek maýa tygşytlamak maksady bilen başlanyp, bir aýa çeken açlykdan soň teatra gitmeli bolupdy. Şonuň üçin onuň gepläsi hem gelip

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
duranokdy. Öz göwnünden turan spektakl barada Martiniň dil açmagyna garaşan Rufuň ahyr özi dillenmeli boldy.

— Men operanyň girişini haladym — diýip, Martin gönüsinden geldi. — Giriş diýseň oňat.

— Be. Operanyň özi nähili?

— Operanam haladym. Orkestri diýdigim-dä. Ýöne şol wejera masgarabazlar bir duran ýerlerinde duran bolsalar ýa-da asla sahnadan gitseler hasam gowy bolardy.

Aňk bolup galan Ruf:

— Siz Tetralani bilen Barilo hakynda şeýle sözleri diýýäňizmi?! — diýip, geňgalyjy äheň bilen sowal berdi.

— Şolar hakda-da, tutuş şol orda hakynda-da.

— Olar beýik artistler ahyryn!

— Bolubersinler. Olar ýüz-gözlerini oýnadan bolup… Burunlaryny gyşardan bolup sazy zaýaladylar.

— Eýsem, size Barilonyň sesem ýaranokmy? Ol Karuzodan soň ikinji aýdymçy hasap edilýär.

— Ýok, beýle däl. Ýaraýar. Ýöne Tetralanini hasam haladym. Meniň düşünişim boýunça onuň ajaýyp sesi bar.

— Be, be… — diýip, sakynan Ruf birbada aýdara sözem tapmady. — Men onda hiç zada düşünmeýärin. Özüňiz-ä olaryň sesine haýran galýarsyňyz, şol bir wagtda-da, sazy zaýalandygyndan zeýrenýärsiňiz.

— Şol edil şeýle. Olary konsertde diňlemek üçin men näçe bermeli bolsa bererdim, olaryň sesini orkestrde diňlemezlik üçin bolsa, öňki berenimdenem kän bererdim. Men hiç mahal pikirini üýtgetmejek hakykatçy bolsam gerek. Beýik aýdymçylardan hemişe beýik aktýor çykyp durmaýar. Elbetde, Barilo özüniň ajaýyp sesi bilen söýgi ariýasyny aýdanda, Tetralani onuňkydanam üýtgeşik sesi bilen gapdalyndan at goşýar. Bularyň hemmesi-de orkestriň açyk, aýdyň, sazly sahnasynda bolup geçýär. Onuň uly lezzetdigine düşünýän. Ýöne sahna seredip, gaty uzyn boýly, çakdanaşa agyr göwreli Tetralanini, ýanynda hem boýy keltejik, dörtgyraň, demirçi ussanyň döşi ýaly ýasy döşli Barilony görýärin welin… Olar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
özboluşly bir görnüşde durup, döşlerini penjeläp, ellerini hereketlendirýärler welin, dälihanadaky näsaglar ýadyňa düşýär. Men bolsa ol görnüşi şazada ýigit bilen onuň ýaşajyk magşugynyň arasyndaky söýgi sahnasy diýip göz öňüne getirmeli bolýaryn. Men oňa garşy. Ol ýerliksiz. Ol samsyklyk. Ol tebigy däl. Ähli gep şonda. Ol görnüş tebigylykdan daşda. Kimdir biri öz söýgüsini şolaňky ýaly beýan edýänmidir? Men öňüňizde şeýdip söýgi bildirsem, siz meniň çekgäme çalardyňyz.

— Siz düşüneňzok — diýip, Ruf gatyrganjak boldy. — Sungatyň her bir görnüşi çäkli. Ol sungatyň şertliligi barada uniwersitetde ýakynda diňlän leksiýasyny ýatlady. — Ynha, suratkeşlikde diňe iki ölçeg bar. Emma siz welin, üçünji bir hyýaly ölçegi tapýarsyňyz. Ony suratkeş öz sungatynyň güýji bilen döredýär. Edebiýatda bolsa ýazar çäksiz güýçli, hemme zady bilýän hasap edilýär. Siz gahrymanyň pynhan syryny özünden gaýry hiç kim bilmeli däl halatynda-da ýazyjynyň ol syry okyja beýan etmek hukugyny kabul edýärsiňiz ahyryn. Teatrda-da, heýkeltaraşlykda-da, operada-da — hemme ýerde şonuň ýaly. Käbir gapma-garşylyklar bilenem ylalaşaýmak galýar.

— Hawa, men oňa düşünýän — diýip, Martin dillendi. — Beýik sungat şertli (Ruf onuň kitaphana gatnap, çem gelen zady okamak bilen, öz-özi sowadyny çykýan däl-de, uniwersitet gutaran ýaly, hemme sözi ýerbe-ýer edip goýşuna haýran galdy). Ýöne şertliligem aýagyny ýerden üzübermeli däl-ä. Reňklenen kartondan ýasalyp, sahnanyň iki tarapynda goýlan agaja meňzeş şekilleri biz tokaý hasaplaýas. Ol şertlilik. Ýöne ynandyryjy şertlilik. Emma biz deňziň görnüşini welin, tokaý hökmünde kabul etmeris. Kabul edibem bolmaz. Şeýdilse, ol biziň duýgularymyzy gynamak bolar. Şonuň üçinem ýap-ýaňy sahnada gören iki sany dälimiziň agyz-burnuny oýnadyp, kelçermesini, aýnamasyny we ellerini gerjeşdirmesini söýgi duýgularyny beýan etmek diýip, asla kabul etmek bolmaz.

— Eýsem, siz saz meselesinde-de özüňizi ähli saz hünärmenlerindenem ýokary saýýarsyňyzmy? — diýip, Ruf gahar bilen sorady.

— Ýok, ýok. Beýle däl. Men diňe öz şahsy pikirimi aýdýaryn. Men bu zatlaryň baryny hanym Tetralaniniň piliň hereketleri ýaly gödek hereketleri bilen ajaýyp orkestri meniň öňümde püçege çykarandygyny size düşündirmek üçin aýdýaryn. Belkem, tanymal saz hünärmenleriniňki dogrudyr, ýöne meniň öz şahsy pikirim olaryň öňünde dyza çökmez. Maňa ýaramaýan zat maňa ýaramaýar. Men näme

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üçin halamaýan zadyma halaýan diýmelimişim? Diňe maňa ýaramaýan zadyň başgalara ýaraýany üçinmi? Men öz duýgymy modanyň duýgusyna bakna etmek islemeýärin.

— Ýöne sazdan baş çykarmak üçinem taýýarlyk gerek — diýip, Ruf garşylyk görkezdi. — Opera bolsa hasam taýýarlykly bolmagy talap edýär. Belki-de…

— Mende entek opera diňlärlik taýynlyk ýok — diýip, Martin Rufuň aýtmak isläp, aýtman goýan pikirini dowam etdi.

Gyz tassyklaýjy baş atdy.

— Şeýle bolmagy mümkin. Şeýle bolsa begenjegem. Eger ýaşlygymdan opera diňlemegi öwreden bolsalar, belki, bu gün şol masgarabazlaryň kelpezligini görüp tolgunardym, gözýaş dökerdim. Şonluk bilenem olaryň seslerinem eşitmezdim, orkestriň sazynam duýmazdym. Ýöne siz dogry aýdýarsyňyz, ol endikler terbiýe bilen berilýär, men bolsam, eýýäm gojalan adam. Indi maňa ýa-ha hakykat gerek, ýa-da asla hiç zat gerek däl. Hakykatdan daşdaky hyýalbentlik maňa täsir etmeýär, opera-da durşuna ýasama, galp, aýratynam, müçesi kiçi erkek adam Barilo göwresi äpet Tetralanini ýasama sandyrap gujagyna gysanda hem oňa söýýändigini aýdanda, sahnada bolýan galplyk gülkiňi tutdurýar.

Emma Ruf mydama-da, Martiniň dünýägaraýşyna daşky ýagdaýyň umumy kabul eden däpleriniň täsir ýetirişi bilen baha berýärdi. Diňe özüniňkini dogry hasaplap, tutuş medeniýetli dünýäni düşünmezlikde aýyplar ýaly ol kimmişin? Martiniň sözleri Rufda hiç hili täsir galdyrmady, çünki ol diňe hemmeler tarapyndan ykrar edilen pikire goşulmaga endik edipdi, şoňa gabat gelmeýän başga aýgydy goldamaýardy. Üstesine-de, ýaşlykdan saza baş goşup, ýokary synp- ly hemme adamlaryň söýşi ýaly, operany söýýärdi. Köçe aýdymlarynyň şalygyndan ýap-ýaňy saýlanan Martin Iden nähili esasa daýanyp dünýäni aňk eden saza piçjiň atmalyka? Mertebesine deglen Ruf Martiniň gapdalyndan ýöräp barşyna kalbynda birahat ediji öýke duýdy. Martiniň saza bolan garaýşyny diňe ýerliksiz degişme ýa-da hötjetlik hökmünde kabul edäýmekligi galýardy. Emma gapyda hoşlaşylan pursady Martin Rufy gujaklap, mähirli ogşady welin, eşiden ýakymsyz gürrüňleri ýene söýgä özüni aldyran gyzyň şobada ýadyndan çykdy. Soňam, uklap bilmän ýatyrka-da, Ruf nähili ýol bilen beýle geň adama, onda-da hossarlarynyňam islegine garşy gidip, aşyk bolşuna haýran galdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Şol günüň ertesi tomaşa edilen operanyň hem Ruf bilen bolan gürrüňleriň esasynda Martin «Hyýalyň filosofiýasy» diýen makala ýazdy. Marka bilenem owadanlanan bukja giren makala «syýahata» ugrady. Ýöne welin, biçäre «Filosofiýanyň» markasyny kän gezek çalşyryp, uzak hem täze ýollara «syýahat» etmeklik maňlaýyna ýazylypdy.

## XXV bap

Mariýa Silwa garypdy, üstesine-de, garyplygyň nämedigini gaty gowy bilýärdi. Ruf bolsa garyplyk diýen zady ýöne bir ýaşaýşyň kyn şerti hökmünde kabul edýärdi. Şonuň bilen hem onuň garyplygy göz öňüne getirişi tamamlanýardy. Ruf Martin Ideniň garypdygyny bilýärdi hem öz hyýalynda ony Awraam Linkolna ýa-da mister Betlere, umuman, ömrüni gedaýçylyk derejesindäki garyplykdan başlap, ahyrynda-da üstünlige-de, bol-telkilige-de ýeten adamlar bilen deňeşdirýärdi. Haýsy nukdaýnazardan alsaňam, garyplygyň ýakymsyz zatdygyna ynanýan Ruf şol bir wagtda-da öz derejesindäki adamlaryň aglabasy ýaly, garyplykda durmuş basgançaklaryndan ýokary galmak üçin tapylgysyz bir basgançagyň bardygyny görýärdi. Elbetde, şol basgançakdan peýdalanyp, ýokaryk galmak üçinem, adam haýsydyr bir ukybyň eýesi bolmalydy. Şoňa görä-de, Ruf Martiniň sagadyny girewine goýany sebäpli, gatybir gynanybam durmady. Gaýtam, tersine, ol oňa begendi, sebäbi şeýle derejä ýeten Martin akylyna aýlanyp, ýazuw-pozuw diýen netijesiz pişäni taşlamaga mejbur bolmalydy.

Martiniň hortaň hem hamy birneme çekilişen ýüzi Rufda «ol aç bolýandyr» diýen çaklama döretmedi, gaýta, onuň ýüzündäki özgermeden birneme janlanmagyň, ruhlanan ýaly bolmagyň nyşanyny görüp begendi. Sebäbi tutuş göwresiniň-de sykylandygy bildirýän Martiniň bir wagtyň özünde hem özüne çekýän, hem özünden daşlaşdyrýan, haýwanyňky ýaly dyňzap duran güýç-kuwwaty birneme egsilipdi. Ruf käte ony şahyra ýa-da alyma meňzedýän haýsydyr bir aýratyn ýagtylyk bilen lowurdaýan gözlerine guwanýardy. Şahyr ýa-da alym bolmagy Martiniň özi isleýärdi, Ruf hem ony şahyr ýa-da alym hökmünde görmek isleýärdi. Ýöne Mariýa Silwa welin, Martiniň çöken ýaňaklary, solgun gözleri düýpden başga hili maglumat berýärdi, şol maglumat esasynda-da, öýünde ýaşaýan ýigidiň maddy ýagdaýynyň gün-günden peselýändigini duýýardy. Ol Martiniň ýagyş ýagyp duran sowuk howada öýden paltoly gidip, paltosyz gaýdyp

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gelendigini gördi. Soň esli salymlap, onuň ýaňaklary birneme doluşdy, gözlerindäki açlyk alamatly ot söndi. Ondanam başga Mariýa tigir bilen sagadyň ýitirim bolandygyny, şonuň yzysüre Martiniň hal-ýagdaýynyň ýene birneme oňatlaşandygyny duýdy. Şeýle hem Mariýa Martiniň uzak gije işleýändigini kerosini kän ýakyşyndan bilýärdi.

Mariýa Martiniň işiniň iliňki ýaly adaty bolmasa-da, işleýändigini duýýardy. Ol aýal ýaşaýjysynyň az iýdigiçe, kän işleýändigine çenli üns berdi. Käte Mariýa onuň çakdanaşa açdygyna göz ýetirende: «Bular ýaly tagamly nany özüniň bişirip biljek gümany ýokdur» diýen mekirje tutaryk tapyp, çagajyklarynyň birinden ýyljajyk çörek iberýärdi. Mariýa öz çagalarynyň doýa garna oňly doýmajagy üçin biynjalyk bolsa-da, käte oňa bir tabak gyzgyn çorba-da iberýärdi. Martiniň kalby ol aýala bolan minnetdarlykdan doludy. Şeýle hem ol öz durmuş tejribesiniň esasynda ýagty jahanda rehimdarlyk bar bolsa, onuň diňe garyp-gasarlaryň arasynda bolýandygyny bilýärdi.

Bir gezek galan-gaçan zatlardan çagajyklaryny naharlansoň, iň soňky on bäş sentini harçlap, bir çüýşe çakyr alan Mariýa aşhana suw almaga gelen Martini hezzetledi. Olar bir-biregiň saglygyny diläp bulgur göterdiler. Soňra Mariýa Martiniň başlangyçlarynyň rowaç bolmagy, Martin hem Jems Grantyň tizräk bergisini getirmegi üçin içdi. Agaç ussasynyň kömekçisi bolup işleýän Jems Grant diýilýän adamyň ýuwduran eşikleri üçin wagtynda tölemänsoň, bergisi tutuş üç dollara ýetipdi.

Mariýa-da, Martinem ajöze içipdi, netijede turşy täze çakyr derrew ikisiniňem kellesine urdy. Gylyk-häsiýetlerinde golaýlyk bolmasa-da, olaryň ikisi-de garypdy, ýalňyzdy, hiç wagt ady dile getirilmeýän garyplyk ol ikisini bir-birege berk ýüp bolup baglaşdyrýardy. Mariýa Martiniň Azor adalarynda bolanyny eşidip begendi, sebäbi onuň özi hem tä on bir ýaşaýança, şol ýerde bolupdy. Martiniň Gawaý adalarynda bolanyny bilenden soň-a, ol has-da şatlandy. Sebäbi Mariýa soňra şol ýere göçüpdi. Martin özüniň Mauýi adasynda bolanyny duýduranda-ha Mariýanyň begenji ýedinji gat asmana ýetdi. Çünki ol şol adada durmuşa çykypdy. Geljekki adamsy bilen ilkinji gezek tanşan ýeri bolan Kagyla Martin iki gezek barypdy. Şeker ýükli gämileri Mariýa, heý-de, ýadyndan çykararmy! Martin şol gämilerde ýüzüpdi ahyryn. Ýöne ýere «Bu dünýäň dardygyny» diýilmeýär, gabat gelmegini çaklamaýan ýerleriňde gabat gelmejek

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

tanşyňa-da sataşaýýarsyň. Waýluku diýjekmi? Martin ol ýere-de barypdy. Ol giden ekin ýerleriniň baş gözegçisini tanaýardy. Martin şonuň saglygyny dileg edibem bir bulgurjygy boşatdy.

Şeýdip, ýatlamalara çümmek bilen olar özleriniň açlygyny turşy çakyr kölüne gark etdiler. Umuman, Martiniň ertirki güni onçakly ýowuz hem däldi. Iru-giç, ol şöhrata hem üstünlige ýetmelidi. Martin özüniň üstünlik bilen şöhratyň eýýäm golaýynda dem alýandygyny duýýardy. Ýene az salymdan olary eliňi uzadyp tutaýmaly hem boljakdy. Martin garşysynda oturan aýalyň argyn, aladadan lejigen ýüzüne üns bilen seretdi, onuň iberen çorbasyny, ýyly çöregini ýatlady, özünde minnetdarlyk ýelgininiň oýanandygyny duýdy, oňa ýagşylyk etmek isledi.

— Mariýa! — diýip, Martin birden çasly gygyrdy. — Siz şu minutda näme edinmek isleýärsiňiz?

Mariýa oňa aňk-taňk bolup seretdi.

— Edil şu pursat siziň göwnüňiz näme isleýär?

— Çagajyklam üçin ýedi jüp aýakgap almagy höwes edýän.

— Siz şony alarsyňyz! — diýip, Martin habar berende, Mariýa dabara bilen baş atdy. — Olardan has zerur ýene näme isleýärsiňiz?

Mariýanyň gözünde mylaýym begenç uçganaklady. Martin Mariýa bilen, gaty kän wagt bäri beýle zada sataşmadyk Mariýa bilen degişdi, oýun edişdi.

— Howlukmaň, oýlanyp gepläň — diýip, Mariýa agzyny açanda Martin duýduryş berdi.

— Men oýlandym — diýip, Mariýa arzuwyny beýan edip başlady. — Maňa öý gerek. Öz öýüm, her aýda ýedi dollar tölemän, mugt ýaşar ýaly öý gerek.

— Siz şol mugt jaýy alarsyňyz. Özi-de, ýakyn wagtlarda. Siziň iň esasy islegiňiz näme? Siz meni hemme islegi kanagatlandyryp bilýän Hudaýdyr öýdüp göz öňüne getiriň. Aýdyň, men gulak asýan.

Mariýa bir minut çemesi dymdy.

— Aýtsam, siz gorkarsyňyz.

— Ýok, ýok — diýip, Martin güldi. — Men gorkman. Hany, gepläň!

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Gaty uly, gaty uly zat — diýip, Mariýa öňünden duýduryş etdi.

— Ýeri, ýeri… Aýdyberiň!

— Bolýa — diýip, ol bir zat sorasy gelýän, soramaga-da çekinýän çaga ýaly bolup, uludan dem aldy. — Maňa ferma gerek. Kän sygyrly, giň ýaýlaly, otlu meýdanly ferma. Özem, San-Lianyň ýanynda bolmaly. Ol ýerde doganym ýaşaýar. Oklende gidip süýt sataryn. Kän pulum bolar. Jo bilen Nik sygyr bakmaz. Olar mekdepde, gowy mekdepde okarlar. Ökde inžener bolup ýetişerler. Ýol gurarlar. Hawa, maňa gowy ferma gerek.

Mariýa dymdy-da, Martine dabaraly nazar bilen seretdi.

— Siz şol fermany alarsyňyz — diýip, Martin derrew dillendi.

Wada edilen sowgatlary hiç mahal almajakdygyna akyly çatýanam bolsa, Mariýa baş atdy-da kalby açyk, eli açyk adamyň saglygyna bulguryny göterdi, gowy niýetleri üçin Martine minnetdar boldy. Ol sowgadyň wadasyny-da, edil sowgadyň özüne kesjek bahasy bilen deň gymmatly hasaplamagy başarýardy.

— Hawa, hawa, Mariýa — diýip, Martin dowam etdi. — Nik bilen Jo sygyr bakmaly bolmaz. Çagalaryň hemmesi aýaklary gowy köwüşli iň oňat mekdebe okuwa gatnar. Ýokary derejeli ferma-da bolar. Siziň öz öýüňiz, atýatagyňyz, sygyrlar durar ýaly malýatagyňyz… Siziň doňzuňyz, towugyňyz, bakjaňyz, miweli bagyňyz, gepiň keltesi, gerek zatlaryň hemmesi bolar. Sizde hyzmatçy saklamaga, asyl iki hyzmatçy saklamaga-da serişde tapylar. Size edere iş hem galmaz, diňe çagalary terbiýelärsiňiz. Göwnüňizden turaýjak oňat adam gabat gelse, siz äre çykarsyňyz. Adamyňyz fermanyň işini dolandyrar, siz bolsa dynç alarsyňyz.

Özüniň geljekki rowaçlygyndan Mariýanyňam paýyny bölüp beren Martin toý-tomguda geýýän ýekeje penjegini hem girewine goýmak üçin turup gitdi. Şol ädimi ätmek oňa gaty agyr degdi. Şol ädim ony Ruf bilen duşuşmakdanam mahrum edýärdi. Sebäbi geýip gidäýer ýaly, onda başga ibaly penjek hem ýokdy. Bar bolan zady — deňizçiniň arkasyna ýama salnan kurtkasydy, onuň bilenem çörek dükanyna, et dükanyna giräýmese ýa-da Gertrudanyň ýanyna gidäýmese, Morzlaryň öýüne barmaga beýlede dursun, olaryň köçesinden geçmäge-de hyýal edip boljak däldi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin doly terkidünýälige golaý barýan gaýgy-hasrata basyrynyp işlemegini dowam etdi. Ol ikinji çaknyşykda-da utulandygy hakda hem ýygy-ýygydan oýlanýardy. Indi, dogrudanam, işe durmaly boljakdy. Işe duraýsa-ha hemme tanyşlar: dükançylar, aýal dogany, Ruf, hatda bir aýlyk töleg hakyna garaşýan Mariýada ony makullardy. Martin hat ýazylýan maşinkanyňam iki aýlyk tölegini bermändi, dükan hem ýa hakynyň tölenmegini, ýa-da abzalyň yzyna eltilmegini talap edýärdi.

Söweşi amatly wagta çenli bes edip, dyza çökmäge taýyn bolan Martin, demir ýol hat gatnadyjjysy bolmak üçin geçirilýän synagyndan geçmek üçin ýola çykdy. Ol synagdan ilkinji bolup geçenine özi-de geň galdy. Ýöne işlemek üçin boş ornuň haçan peýda boljakdygy welin, belli däldi.

Hut şol mahal, Martiniň göwnüçökgünligiňem çür depesine çykan wagty neşirýat maşyny özüniň adaty hereketiniň düzgünini bozdy. Ýa-ha onuň haýsydyr bir tigirçegi duran ýerinden sypdy ýa-da ol oňly ýaglanmandy, bir ajaýyp Günüň ir ertiri hat gatnadyjy kiçijik bukja getirdi. Martin bukjanyň burçunda «Transkontinental biraýlygynyň» möhürini gördi. Onuň ilki daşyna dyzan ýüregi birdenem doňdy. Martin tutuş bedeninde ysgynsyzlyk duýdy, dyzlary bir hili, düşnüksiz ýagdaýda titredi, otagyna geçýänçä-de bukjany açmady. Ol krowatyň gyrasynda oturdy, şol pursadam çakdanaşa şatlykly habaryň adamynyň ajalyna-da sebäp boljakdygyna akyl ýetirdi.

Elbetde, bu gelen hoş habardy. Beýle çaklaňja bukjada golýazmanyň ýerleşmejegi köre hasady. Martin «Transkontinental biraýlygyna» «Jaňyň zaňy» diýen bäş müň sözden ybarat aýylganç wakaly hekaýasyny iberendigini ýatlady. Abraýly žurnallaryňam mydama golýazmany kabul eden batlaryna bahasyny töleýändiklerini hasaba alsaň, bukjada puluň petegi bolmalydy. Her sözüňe iki sent, müň söze ýigrimi dollar, diýmek, tutuş ýüz dollarlyk petege garaşmalydy. Ýüz dollar! Ol bukjany açyp durka, eýýäm hyýalynda öz bergilerini hasaplady. 3 dollar 85 sent bakaleýçä; 4 — gassaba; 2 — çörekçä; gök önümler üçin — 5; jemi 14,85. Olardanam başga, jaý üçin — 2,50, bir aý öňünden bermelisi — 2,50, hat ýazylýan maşinkany iki aý ulanany üçin — 8, bir aý öňünden bermelisi — 4; jemi — 31,85. Ýene, girewe goýlan zatlary yzyna almaly; sagat — 5,50; palto — 5,50; tigir — 7,75; penjek — 5,50. Hemmesiniň jemi — 56,10. Bu hasap Martiniň gözüniň öňünde howada ýalpyldaýan sanlar bilen ýazylan ýalydy. Bergä

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
berleninden galjak 43 dollar bilen 90 sent jaý üçin hem maşinka üçin öňünden tölenjegini-de göz öňüne tutanyňda, tükeniksiz baýlyk bolup görünýärdi.

Şol hasaplaryň pikirini edip durka-da, bukjany açan Martiniň eline maşinkada ýazylan bir bölek kagyz ildi. Puluň petegi ýokdy.

Ol bukjany silkeşdirdi, ýagta tutup seretdi, şonda-da gözüne ynanman, ony ýyrtdy. Petek ýokdy. Martin redaktoryň öwgüleriniň arasy bilen esasy nokada — näme sebäbe petek iberilmändiginiň manysyna ýetjek bolup, haty okamaga başlady. Many tapylmady, ýöne başga bir zat tapyldy. Ol Martini ýyldyrym uran ýaly etdi, hat elinden gaçdy, gözleri garaňkyrady. Martin krowata gyşardy-da, ýorgany başyna çekdi.

«Jaňyň zaňy» üçin bäş dollar. Bäş müň söz üçin bäş dollar. Her söze berilmeli iki sente derek on söze bir sent. Gaýtam, redaktor ýene ýazary mahabatlandyran bolýar, ojagaz puluňam hekaýa çap bolanyndan soň iberiljekdigini ýazýar. Diýmek, her söze azyndan iki sent goýlup, galamhakynyňam golýazma kabul edilen badyna tölenýändigi hakda aýdylýanlaryňam hemmesi boş söz eken. Diýmek, Martin aldanan eken. Hakyky töleg ýagdaýyny öňünden bilen bolsa, Martin ýeke setirem ýazjak bolmazdy. Ol Rufuň hatyrasy üçin işlemäge giderdi. Martin şu ýazuw-pozuwa baş goşaly bäri nijeme wagt ýitirendigini ýatlady. Eýsem, çekilen azaplaryň, görlen görgüleriň hemmesion sözüňe bir sent gazanmak üçin-dä? Diýmek, beýik ýazyjylar pylança galamhaky alýarlar diýip, gazetleriň ulaltmalary-da galamgärleriň badyhowa sözleri bolup çykýar-da. Ýazyjynyň gowy durmuşynyň bolýandygy barada ikinji derejeli çeşmelerden alnan maglumatlaryň hemmesi-de ýalan. Onuň ýalandygy görnüp dur. «Transkontinental biraýlygynyň» her sanynyň bahasy ýigrimi bäş sent. Žurnalyň daşynyň bezegi hem onuň ýokarybaş neşirleriň hataryna girýändigini habar berýär. Ol hormatly hem köne žurnal Martin Iden dünýä inmezindenem has ir çap edilip başlanypdyr. Onuň ilkinji sahypasynda hem ady dünýä belli bir ýazyjynyň žurnalyň bitirýän hem bitirmeli abraýly işleriniň örän zerurdygyny, žurnalyň biçak agramlydygyny, özüniňem şol žurnalda çap bolany sebäpli adygandygyny beýan edýän sözleri ýazylandy. Ana, şol ýokary çeperçilikli, ýokary ahlakly hasap edilýän žurnalam bäş müň söze bäş dollar töleýär. Şu ýerde ol bir beýik ýazyjynyň ýaňy-ýakynda ýat ilde gedaýçylyk derejesindäki garyplykda ölüp gidendigini ýatlady. Martin indi ol ýagdaýa-da geňirgenjek bolmady.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Hawa, ol tora düşdi, duzaga düşdi. Gazetler ýazyjynyň galamhaky hakynda bir topar bolup bilmejek zatlary ýazyp, ýalan sözlediler. Martin hut şonuň üçinem tutuş iki ýylyny köýdürdi. Indi ol barada gep gutardy, gaýdyp ýeke setirem ýazmaz. Mundan beýläk ol Rufuň isleýşi ýaly, töweregindäki adamlaryň aýdany bilen bolar, gulluga durar. Soňky pikir Martine Jony — nirededir bir ýerlerde işsizler dünýäsinde entäp ýören Jony ýatlatdy. Ol göriplik bilen uludan dem aldy. Her günki on dokuz sagatlyk iş birden özüniň nämedigini bildirdi. Ýöne Jonuň söýýäni ýokdy, söýginiň öňünde jogapkärçilik çekenokdy. Diýmek, ol giň jahanda pişesiz kaňkap ýörmäge haklydy. Martiniň bolsa ýetilmegi üçin zähmet çekilmegine degýän arzuwly maksady bardy. Ol hut ertiriň özünde iş gözlegine çykar, ertiriň özünde-de Rufuň ýanyna baryp, durmuşyny üýtgetmeli edendigini, onuň kakasynyň edarasyna işe girmäge-de taýýardygyny aýdar.

Bäş müň söz üçin bäş dollar, on söze bir sent — sungatyň gyzan bazardaky bahasy. Şol sanyň aşagynda bukulyp ýatan galplyk, ýalançylyk, adalatsyzlyk Martine rahatlyk bermeýärdi. Ýapyk gabaklarynyň aňyrsyndan bolsa — 3,85 — onuň bakaleýçä bergisi lowurdap görünýärdi. Martin üşütdi, süýeklerini agyry-ynjy gurşap aldy. Aýratynam bili owranyp barýardy. Kellesi — çür depesi, ýeňseçukury beýnisi bilen, kelle çanagynyň asty agyrýardy. Has beterem gaşynyň aşagy sançýardy. Gözüniň öňünde bolsa kalbyny zalymlyk bilen tüýdüm-tüýdüm edip barýan 3,85 diýen san ýanyp durdy. Şol irginsiz gaýmalaýan sandan dynmak üçin Martin gözüni açdy, ýöne gündizligiň ýagtysy gabaklarynda çydap bolmajak agyry döretdi, göz gaýtadan ýumulmaly boldy, 3,85 hem ýaňadandan, öňküsi ýaly ýalpyldady.

Bäş müň söze bäş dollar, on söze bir sent — Martin beýnisini törpi bolup igeleýän şol pikirden dynyp bilmeýşi ýaly, 3,85-denem gutulyp bilmeýärdi. Ahyry şol san üýtgäp ugrady. Martin ony gyzyklanma bilen synlady. Öňki san dura-bara 2-ä öwrüldi. Martin onuň çörekçä bergisidigini bildi. Indiki san 2,50 boldy, ol Martini ýaşaýşy bilen ölüminiň meselesini çözýän ýaly derejede gyzyklandyrdy. Onuň kimdir birine-hä, dogrudanam, iki ýarym dollar bergisi bar welin, kimekä? Ol bu «mataly» nähili kyn hem bolsa, hökman çözmelidi. Martin jogap gözläp, öz hakydasynyň uzyn hem garaňky dälizinde iki ýana netijesiz gezmeledi. Şol iki dollary Mariýa gaýtarmalydygyny ýadyna salýança, Martiniň göwnüne bolmasa, är ömri geçen ýaly boldy. Ol bu kyn meseläni aýdyňlaşdyransoň, egninden agyr ýük aýrylan ýaly bolup, dynç alaryn öýtdi. Ol

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

arzuwy hem paşmady: 2,50 diýen san ýitdi-de, onuň ýerine başga bir 8-lik geldi. Sekiz dollary kime bermelikä? Ýene şol beýniniň ýadadýan bulam-bujarlygyna girip, jogap üçin entemek galýar-da.

Entemegiň näçe wagta çekendigini Martin bilmedi (göwnüne bolmasa, çakdanaşa kän wagt geçdi), birden ol gapynyň kakylmagy bilen özüne gelende, Mariýanyň: «Näsaglan-a dälsiňiz-dä, hernä?» diýen sesini eşitdi. Martin nätanyş adamyň sesi ýaly tutuk ses bilen ýöne irkiläýendigini aýtdy. Ol otagy eýelän garaňkylyga geň galdy. Hat sagat ikide gelipdi, häzir bolsa agşam düşüpdi. Çaky, ol näsaglapdy.

Şol mahal onuň göz öňüne ýene şol san — 8-lik geldi, ol ýene dykgat bilen oýlanyp başlady. Emma ol bu gezek mekirlik etdi. Umuman, ýatlamanyň bulam-bujarlygynyň içine girip ýörmegiň zerurlygy-da ýokdy. Ol nähili akmak bolupdyr, asyl hakydanyň äpet çarhyny töwekgelçilik bilen yzyna aýlaýmaly eken. Çarh tersine öwrüldi. Birdenem, ol çakdanaşa ýokary tizlik bilen tersine aýlanmaga başlady-da, Martini öz ýelginine dolap, gap-garaňky boşluga alyp gitdi.

Martin özüni ozal işlän ýeri bolan kir ýywulýan edarada krahmallanan ýakalyklary togalak düzleýjiniň aşagynda goýup duran görnüşde görenine-de geň galmady. Ýöne ýakalyklaryň ýüzüne bir zatlar-bir zatlar ýazylandy. «Megerem, ol ýuwulýan geýimlere bellik etmegiň täze bir ýoly bolsa gerek» diýip, Martin pikir etdi hem ýakalyklara göz gezdirdi. Ýakalykda 3,85 diýen san bar eken. Ol sanyň bakaleýaça eden bergisidigini Martin derrew ýatlady, ol «San ýazylan ýakalyklary maşyndan geçirmeli» diýip aýgyt etdi. Kellesine ýaramaz pikir geldi. Ol ähli hasabatlary ýere zyňyşdyryp, bergini bermezlik hakda oýlandy. Aýdylyşy ýaly hem etdi. Ol ýygyrt-ýygyrt ýakalyklary äsgermezlik bilen hapa pola zyňyşdyrýar. Ýakalyk üýşmegi beýgelip ugraýar, hasabat üç-üçden, bäş-bäşden, on-ondan köpelip, müňe ýetýär. Diňe Mariýanyň iki ýarym dollary bir durkuny saklaýar. Şeýle ýagdaý Mariýanyň bergidary gyssamajakdygyny aňladýar. Şonuň üçinem Martin has adamçylyk görkezip, diňe Mariýa bergisini berýär. Şeýle netijä geleninden soň, ol depe bolup ýatan ýakalyklaryň içinden Mariýanyň iki ýarym dollary ýazylan ýakalygy gözleýär. Martin ol belligi asyrlar dowamynda, tä gapy açylyp, myhmanhananyň eýesi, gollandiýaly semiz adam içerik girýänçä gözleýär. Onuň ýüzüni ýigrenç şemaly ýelpeýär. Ol aýylganç sesi bilen bütin dünýä eşider ýaly: «Ýakalyklaryň bahasyny siziň aýlygyňyzdan tutmaly bolaryn»

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
diýip gygyrýar. Ýakalyk üýşmegi birdenem dag ýaly bolup beýgelýär. Martin olar üçin aýlygyndan tölemeli bolsa, müňlerçe ýyl işlemeli boljakdygy barada oýlanýar.

Martin oýlandy. Myhmanhananyň eýesini öldürip, kir ýuwýan edaranyň jaýyny hem otlamakdan gaýry çykalga ýokdy. Ýöne semiz golland Martiniň ezeneginden ýapyşdy-da, ony zyňdy. Ol Martini üsti ütükli stoluň ýokarsy bilen, plitanyň, kir ýuwýan maşynyň, geýim-gejim sykýan guralyň üsti bilen zyňyşdyrdy. Martin depilen pökgi ýaly bolup, o ýere — bu ýere atylyp düşýärdi, özi hem myhmanhananyň eýesiniň beýle güýçlüdigine geň galýardy.

Soňra Martin ýene ýakalyk ütükleýän guralyň öňünde peýda boldy. Bu gezek aýda bir gezek çykýan žurnalyň redaktory aňry tarapdan maşynyň agzyna ýakalyklary salýardy, Martinem bäri tarapdan ütüklenen ýakalyklary alýardy. Her bir ýakalyk maşyndan pul petegine öwrülip çykýardy. Martin aljyraňňy bilesigelijilik bilen olary synlaýardy. Ýöne peteklerde hiç hili ýazgy ýokdy, boşdy. Martin birden öz adyna ýazylan petegi görmän duşundan geçiräýmekden gorkup, ol ýerde million ýyllap ýakalyk kabul edip durdy. Ahyram şonça wagt garaşdyran petek peýda boldy. Petegi sandyraýan elleri bilen garbap alan Martin ony ýagta tutup gördi. Ol bäş dollarlykdy. Maşynyň aňyrsynda gizlenen redaktor hahahaýlap güldi. Martin oňa: «Haý, gül bakaly! Häzir men seni öldürýän» diýdi. Ol goňşy jaýdan palta almaga gitdi-de, ol ýerde golýazmalary krahmallap duran Jony gördi. Golýazmalary halas etmek islän Martiniň Jodan aýlap salan paltasy howada doňup galdy. Martin yzyna ylganda ýakalyk ütükleýän maşynyň ýanynda gar köwsarlap, tupan turýardy. Ýok, ol ýerde gar küremeýärdi-de, her haýsynyň ýüzüne müň dollardan az bolmadyk san ýazylan ýakalyklar howada gaýmalaşýardy. Martin olary ýygnap, ýüz-ýüzden üýşürmäge başlady, her üýşmegiň daşyny hem lenta bilen daňyşdyrdy.

Birdenem, Martiniň alnynda Jo peýda boldy. Jo ütükleri, golýazmalary, geýim-gejimleri zyňyşdyrýardy. Birdenem ol jaýyň üçegini deşip, bir petde petegi daşaryk zyňdy. Petekler ýokardaky boşlukda ýitip gidýärdiler. Martin onuň üstüne topuldy. Ýöne ol Martiniň elindäki paltany aldy-da, ony hem petekleriň yzyndan güzürdetdi. Ahyram ol Martiniň özünem ýokaryk zyňyp goýberdi. Üçegiň deşiginden atylyp çykan Martin golýazmanyň esli sahypasyny ele salmaga ýetişdi. Şeýlelikde, ol ýere eli golýazmaly düşdi. Ol ýene ýokaryk

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
zyňyldy-da, tükeniksiz halka ýasap howada gaýyp başlady. Uzakdan bir ýerden bolsa bir çaganyň: «Meniň bilen tans et, Willi, ýene bir gezek tans et!» diýen aýdym sesi geldi.

Palta Akmaýanyň ýolunda krahmallanan köýnekleriň, golýazmalaryň arasynda sallanyp durdy. Martin paltany alyp, ýere, yza gaýdyp gelensoň, Jony ýoklamagyň pikirini etdi. Ýöne Martin, barybir, ýere gaýdyp gelip bilmedi. Gije sagat ikide germewiň aňyrsyndan onuň iňňildisini eşiden Mariýa jaýa girdi. Ol Martiniň endamyna ýyljak ütük basdy, çişip giden gabaklarynyň üstüne çygly mata goýdy.

## XXVI bap

Martin Iden ertesi iş gözlegine çykmady. Ol ukudan açylyp, içerä göz aýlan mahaly günorta bolupdy. Mariýanyň onuň ýanynda nobatçylyk çeken gyzlarynyň biri, sekiz ýaşly Meri Martiniň gözüni açanyny gördi-de, ejesiniň ýanyna atylyp gitdi. Aşhanada biş-düşe güýmenip duran Mariýa derrew bu ýerde peýda boldy. Ol aýasy gataňsy elini Martiniň gyzgyn maňlaýyna degrip gördi, soň damarynyň urşuny barlady.

— Ajykdyňmy?

Martin başyny ýaýkady. Iýmek-içmek islegi bu mahal onuň küýünde-de ýokdy. Asyl ol haýsydyr bir mahal ajygandygyny-da häzir geň görýärdi.

— Men näsag, Mariýa — diýip, Martin pessaý ses bilen dillendi. — Maňa näme bolýar? Bileňzokmy?

— Dümew — diýip, Mariýa jogap gaýtardy. — Üç günden soň sagalarsyňyz. Aç bolsaňyz, gaýtam, kemem däldir. Soň iýiberersiňiz. Ertir.

Martine näsaglamak diýen zat ýatdy, şonuň üçinem Mariýa gyzy bilen otagdan çykansoň eşiklerini geýmekçi boldy. Agyrýan gözlerini zorluk bilen açýan ýigit erkini berke tutup, özüni krowatdan turmaga mejbur etdi-de, stol başyna geçdi. Şol mahalam ol ysgyndan gaçyp, stola goýan kellesini uzak wagtlap galdyrybam bilmedi. Ýarym sagat geçeninden soň, ol zordan özüni ýorgana atdy-da, saglygy hakynda oýlanyp, gymyldaman ýatdy. Mariýa Martiniň maňlaýyna goýan sowuk ýapgysyny çalşyrmak üçin birnäçe gezek gelip gitdi. Umuman-a, Mariýa kän gepläp ýüregine düşmejek bolup, ony ýeke goýmak bilen, akylly iş etdi. Kalby minnetdarlyk duýgusyna dolan Martin:

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Mariýa, siziň süýt fermaňyz bolar, puluňyzam kän bolar — diýdi.

Soň Martin düýnki güni ýatlady. Onuň «Transkontinental biraýlygyndan» hat alaly bäri, öz ýalňyşyna düşüneli bäri, tutuş bir asyr geçen ýalydy. Ol eser ýazmakdan ara açmaly diýen gutarnykly netijä gelmek bilen, durmuş kitabynyň sahypasyny agdardy. Açlyk çekmek, bedenini berke tutmak bilen näsaglamagyna-da onuň özi sebäp boldy. Şeýlelikde, onda mikroblaryň garşysyna göreşmäge güýç hem galmandy. Netijede, häzir ol ýassykdan başyny göterip bilmän ýatyrdy.

— Olary döredeniň üçin öz janyň ujundan kesip hasap okamaly boljak bolsa, tutuş bir jaýy doldurjak kitap ýazaňda näme utýarsyň? — diýip, Martin özünden sorady. — Ýok, ol meniň diýjek işim däl. Edebiýat hem gümüne gitsin! Maňa gerek zat — edara kitabyny ýöretmek, her aýda aýlyk almak hem kiçijik bir jaýda Ruf bilen bile ýaşamak.

Iki gün geçensoň, Martin bir ýumurtga bilen sähelçe çörek iýdi, dört-bäş owurt hem çaý içdi. Ol şu mahala çenli ýygnanan hat-peteklериň getirilmegini haýyş etdi. Entek oňa hat okamakdan irdi, gözleri zat saýgaranok diýen ýalydy.

— Maňa hatlary okap berseňizläň! — diýip, ol Mariýa ýüz tutdy. — Uly, galyň bukjalary açmaňam. Olary stoluň aşagyna zyňaýyň. Kiçijik hatlary okaň.

Mariýa:

— Men hat okap bilemok — diýdi. — Tereza okap bilýär. Ol mekdebe gatnaýar.

Mariýanyň dokuz ýaşlaryndaky Tereza atly gyzy bukjalary açyp okamaga başlady. Martin hat ýazylýan maşinka üçin tölegiň örän berk talap edilýändigini aljyraňňy ýaly bolup diňledi. Hat okalýarka, onuň kellesinde iş tapmagyň pikiri at salýardy. Birdenem onuň gulagynda şeýle sözler ýaňlandy.

«Biz hekaýaňyz üçin size kyrk dollar hödürlemekçi — diýip, Tereza sözleri boguna bölüp okady. — Elbetde, eger siz teklip edilýän gysgaltmany hem düzedişleri kabul etseňiz».

— Ol hat nireden? Haýsy žurnaldan? — diýip, Martin birden gygyrdy. — Hany, haty bärik ber!

Martin şol dem özüniň ýaramaýanynam unudyp, haty bilesigelijilik hyjuwy bilen okamaga başlady. Asyl onuň irki «aýylganç» eserleriniň biri bolan «Girdap»

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hekaýasy üçin kyrk dollar hödürleýän «Ak Syçan» žurnaly eken. Martin ol haty birnäçe gezek gaýtadan okady. Redaktor ýazaryň eseriň baş taglymyny onçakly aýdyň açmandygyny göni aýdýardy. Ýöne şol taglymyň örän özboluşlydygy üçin olar hekaýany çap etmekçi bolupdyrlar. Eger ýazar hekaýanyň üçden birini gysgaltmaga razylyk berse, kyrk dollaryň peteginiň derrew iberiljekdigi-de hatda beýan edilýärdi.

Martin galam-kagyz aldy-da, hekaýanyň dörtden üç bölegini gysgaltmaga-da razydygyny, ýöne galamhakynyň petegini örän tiz ibermegini sorap, redaktora hat ýazdy.

Tereza haty poçta gapyrjagyna taşlamak üçin ylgady, Martin bolsa ýassyga gyşaryp oýa batdy. Barybir, aýdylýan gep ýalan däl eken. «Ak Syçan» golýazma kabul edilen badyna galamhakyny tölemäge taýyn. «Girdap» hekaýasynda üç müň söz bardy. Eger üçden biri aýrylsa, iki müňüsi galýar. Diýmek, her söze iki sentden düşýär. Golýazma kabul edilen badyna tölemek, her söze-de iki sentden. Gazetler ýalan sözlemän ekenler. Martin bolsa «Ak Syçany» ozal üçünji derejeli žurnaljyk hasaplaýardy. Görüp otursa, ol žurnallar barada hiç zat bilmeýär eken. Martin «Transkontinental biraýlygy» esasy žurnal hasaplaýardy, ol bolsa on sözüňe bir sent töleýär. Onuň göwnüýetmezçilik bilen garaýan «Ak Syçany» bolsa ýigrimi esse ýokary töleýär, üstesine-de, eseriň çap bolmagyna-da garaşyp durman, hakyny töleýär ekenler.

Bir zat aýan boldy. Martine sagalanyndan soňam indi iş gözläp ýörmegiň hajaty ýok. Onuň kellesinde «Girdapdan» pes bolmadyk tutuş ýüz sany hekaýa bar. Eger her hekaýa kyrk dollar berilse, onuň haýsy edara işe duranda-da aljak aýlygy galamhakyça bolmaz. Ol söweşde ýeňlendigini boýun alan pursady ýeňiji boldy, saýlan ýoly özüni ödedi. Ýol saýlamakda Martiniň mamladygy tassyk boldy. Şol dogry ýol onuň öňünde açyk dur. «Ak Syçany» öz tarapyna geçireninden soň, Martin beýleki žurnallary hem daýanç nokady bolmalylaryň sanawyna goşmagyň aladasyny eder. «Düşewüntli» eserleri ýazmagy taşlasaňam bolar. Barybir, olardan ýekeje dollaram gelmedi. Ol iş bilen, hakyky iş bilen meşgullanar, özünde näme ukyp bar bolsa, hakyky işe bagyşlar. Martin Rufuň şu mahal öz ýanynda bolup, şatlygyny paýlaşmagyny isledi. Birdenem ýorganyň üstünde pytraşyp ýatan hatlaryň arasyndan Rufuň iberen bukjasy çykdy. Gyz öz hatynda Martini birden ýom-ýok bolandygy, näçe gün bäri gara bermeýändigi sebäpli,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
sypaýyçylyk bilen törpüleýärdi. Martin ol haty, her bir harpyna, ýazylyşyna höwes bilen seredip, telim öwran gaýtalap okady, Rufuň gol çeken ýerini ogşady.

Martin oňa ýazan hatynda geýip çykaýmaga mynasyp ýekeje penjegini hem girewe goýansoň, görüşmäge baryp bilmän ýörendigini gizlemedi. Ol öz näsaglygyny, indi birneme aýňalýanyny, ýene iki hepde tölerekden (Nýu-Ýorkdan iberilmeli pul gelmäge ýeterlik boljak wagt) penjegini yzyna alan güni ýanyna barjakdygyny habar berdi.

Ýöne hepdeläp garaşmaga Rufuň kanagaty çatmady. Söýgülisi kesel ýatyrdy ahyryn! Hat ýollanan gününiň hut ertesi Ruf dogany Artury hem ýanyna alyp, bu ýere geldi. Olaryň paýtun münüp gelmegi bolsa, Mariýanyň çagajyklaryny begendirse, goňşy-golamlaryny haýrana goýdy. Çünki bu ýerlerde hiç kimiň öýüne paýtun münüp gelýän abraýly myhman bolmandy. Mariýa myhmanlaryň daşyny gurşap alan çagalaryny gulaklaryndan towlap kowuşdyrdy, özi-de gelşiksizräk daş sypaty, geýnüwli däldigi üçin gelenlerden ötünç sorady. Onuň elleri guran sabyn köpürjigininiň çyrşagyndan doludy, öňünde bolsa inçejik çybyklardan örülen öňlük bardy. Şol öňlük hem onuň hut şu mahal näme iş edip durandygyndan habar berýärdi. Beýle gowy egin-başly, özleri-de üýtgeşik paýtun münüp gelen myhmanlaryň öýünde kireýine ýaşap ýören garyp ýigidi idäp gelmekleri Mariýany şeýle bir aňk etdi welin, ol hatda olary öýe çagyrmagy-da unutdy. Martiniň bolýan otagyna barmak üçin, myhmanlar kir ýuwulýany sebäpli, gyzgyn bugdan doly aşhananyň üstünden geçmelidiler. Tolgunýan Mariýa zordan açylan gapyny oňly ýapyp bilmänsoň, näsagyň otagyna gyzgyn bug, sabynly suwuň hem hapa eşikleriň ysy kürsäp urdy.

Ruf çakganlyk bilen saga, soň çepe, soň ýene saga öwrülip, Martiniň krowaty bilen stol aralykdaky «akabadan» geçdi. Artur onçakly ägä bolmansoň, aşhanadaky gap-gaçlara büdräp alazenzele turuzdy. Ýöne, Artur içerde uzak saklanmady. Bar bolan ýekeje oturgyjy hem Ruf eýelänsoň, doganyny bu ýere getirmek bilen, öz borjy berjaý edildi hasaplan Artur eýwanjyga çykdy. Ol ýerde hem Mariýanyň sany kän bilesigeliji mirasdüşerleri Arturuň daşyna halka bolup aýlandylar. Golaý töweregiň oglanjyklary hem aýylganç bir ýagdaýyň bolmagyna garaşyp, paýtunyň daşyna üýşdüler. Paýtun diýilýän zat bu jelegaýlarda bir-ä adam aradan çykanda, bir-de toý dabarasynda peýda bolýardy. Häzir bolsa bu ýerde toýam ýokdy, aradan çykan hem. Diýmek, garyp-gasarlaryň mekanyndaky

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
hütdükleriň ýaşaýjylarynyň hyýalyna-da getirip bilmejek, aýatda gabat gelmeýän bir syrly wakasy bolaýmalydy.

Martin soňky günlerde Rufy küýsäp halys bolupdy. Gyzgyn söýgüden doly ýüregiň eýesi bolany sebäpli, Martin özüne kimdir başga biriniň isleýşinden has mylaýym duýgudaşlyk bildirilmegini isleýärdi. Onda-da ýöne-möne duýgudaşlyk hem däl-de, aýratyn çuň mähirli inçe düşünjä esaslanan duýgudaşlyk isleýärdi. Ol eýýäm Rufuň duýgudaşlygynyň onuň, ýagny Martin Ideniň düşünişine esaslanman, birneme aşa mylaýymlyga, tebigy näziklige esaslanýandygyny bilýärdi. Martin onuň elini elinde saklap gepläp otyrka, söýgi howasynyň täsirine berlen Ruf söýgülisiniň elini mähir bilen gysýardy hem sykylan ýaňaklaryna gözýaşly nazaryny aýlap, onuň betbagtdygy, ejizdigi barada oýlanýardy.

Emma Martin «Transkontinental biraýlygyndan» gelen haty okap umytsyz ýagdaýa düşendigini, «Ak Syçanyň» teklibini alyp begenendigini aýdanda, Ruf ol habarlara biparh garady. Ol Martiniň sözlerini eşitdi, manysyna düşündi, ýöne onuň şatlygyna-da, gamgynlygyna-da goşulmady. Gyz üçin olaryň hemmesiniň ýeke manysy bardy; ony hekaýalar, žurnallar, redaktorlar az gyzyklandyrýardy. Ol diňe bir zat barada, haçan Martin ikisiniň toý etjekdikleri barada oýlanýardy, ýöne onuň manysyna welin, aralaşyp bilmeýärdi. Martini işe durmaga mejbur etmek hakyndaky isleginiňem manysyny doly aňşyrman, onuň enelik duýgusy tarapyndan talap edilip döredilen islegdigine-de düşünmeýärdi. Elbetde, eger Rufa ol barada göni aýdylaýsa, birinjiden-ä, utanardy, ikinjidenem, ony ýalana çykarardy hem gaharlanardy-da, aladany diňe söýýän ýigidiniň eşreti üçin edýändigini nygtardy. Martin, her hili-de bolsa, saýlap alan ýolundaky ilkinji üstünligine tolgunyp ýüregini döküp otyrka, Ruf ony diňlemän, eşitmän, gözüne ilýän zatlara haýran galyp otagyň içini synlamak bilen meşguldy.

Ruf ömründe birinji gezek, garyplyk bilen ýüzbe-ýüz bolup görýärdi. Ol mydama söýgi bilen garyplygy ýokary arzuwçyllygyň sazlaşygy hasaplaýardy, ýöne şol sazlaşygyň durmuşda nähili bolýandygyny welin, asla bilmeýärdi. Her hili bolsa-da, ol beýle ýagdaýa garaşmandy. Hapa eşikleriň aşhana tarapdan gelýän ysy Rufuň ýüregini bulaýardy. «Ýaňky aýylganç aýal her gün şeýdip kir ýuwýan bolsa, bu ys Martiniň endamyna-da ornap gidendir» diýip, gyz içini gepletdi. Gedaýçylyk ýokanç zat. Rufuň göwnüne bolmasa, töweregini gurşap alan hapaçylygyň bir ujy Martine-de ýeten ýaly. Onuň sakgaly syrylmadyk (Ruf ony

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
beýle ýagdaýda birinji gezek görýärdi) sypaty gyzda ýigrenç oýardy. Eňegindäki hem ýaňaklaryndaky tikenek-tikenek tüýler zerarly Martiniň tutuş ýüzi-de Mariýanyň jaýy ýaly hapa hem hopukdyryjydy. Üstesine-de, ol ýüzde Rufuň halamaýan zady, — haýwan gödekliginiň keşbi görünýärdi. Ýeri, onuň iki hekaýasynyň birbada çapa kabul edilmegi näme diýsene! Indi ol özüniň manysyz maksatlarynyň ugrunda öňküsindenem beter ylgar ýörer. Indi hem açlyk çekip, hem şu hapa hütdükde ýaşamagyny dowam eder-de, özüniň ýazuw-pozuw işine iki eli bilen ýapyşar.

— Nämäniň ysy bar-a? — diýip, Ruf birden sowal berdi.

— Geýim-gejimleriň ysy gelýän bolaýmasa. Mariýa kir ýuwýandyr. Men-ä şol ys bilen indi öwrenişibem gidipdirin.

— Ýok, ýok... Nämedir bir durup-durup zaýa bolan zadyň ysy gelýän ýaly.

Martin jogap gaýtarmazyndan öňürti burnuny gaty çekip, içerini ysgap gördi.

— Men-ä çilimiň ysyndan başga zat duýamok.

— Şoldur-la. Öz-ä bir nejis ys. Siz näme beýle kän çilim çekýäňiz, Martin?

— Şoňa özümem haýran. Ýekelikden içim gysýany sebäpli, kän çekýän bolaýmasam. Onsoňam, ol ozaldan gelýän endik. Men çilimi oglanjykkam çekip başladym.

— Çilim çekmek gowy endik däl. Bu jaýyň içinde dem alar ýaly däl ahyry.

— Howanyň zaýalanmagyna çilim sebäpkär. Onsoňam meniň çekýänimem arzan çilim-dä. Biraz tagapyl ediň. Ynha, kyrk dollaryň petegi gelensoň gowy çilim alaryn welin, ony perişdeleriň üýşen ýerinde-de çekseň bolar... Üç günde iki golýazmanyň kabul edilmegi ýamanam däl-ä? Şol kyrk bäş dollar bilen men ähli bergimiň diýen ýaly aşagyndan çykaryn.

— Iki ýylky zähmetiňe tölenmeli hakmy şol?

— Ýok, ol iki hepdedenem azrak wagtyň zähmetine tölenýäni bolmaly. Hol, stoluň burçunda ýatan sary daşly kitaby görýäňizmi? Şony äberseňiz-le!

Martin kitaby açyp, sahypalaryny çalt-çaltdan agdaryşdyrdy.

— Dogry eken. «Jaňyň zaňy» dört günde, «Girdap» iki günde. Bir hepdelik iş üçin kyrk bäş dollar. Her aýda ýüz segsen dollar! Şolar ýaly aýlyk alyp biljek

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýerim barmy? Onsoňam bu diňe başlangyç ahyryn. Ikimiziň durmuşymyzy deňli-derejeli etmek üçin, maňa müň dollaram az bolar. Bäş ýüz dollar aýlyk meni kanagatlandyrmaýar. Ilkinji ädim üçin kyrk bäş dollaram pul. Maňa ugrugar ýaly bir maý beriň. Ana, şonda biziň ähli turbalarymyzdan burugsap tüsse çykar.

Soňky aýdylan Rufy öňki aýdylana dolap eltdi.

— Siz häzirem az tüsse çykaraňzok-la. Gep çilimiň hilinde däl. Nähilisini ulanýandygyňyza garamazdan, çilim çekmegiň özi erbet endik. Siz tüsse çykaryp gezip ýören janly turba ýa-da depesi burugsaýan ýanardaga meňzeýärsiňiz. Ol gaty erbetlik. Gadyrdan Martin, siz şonuň gowulyk däldigini bilýärsiňiz ahyryn.

Ruf oňa tarap egildi. Gyzyň aýdyň gök gözlerini, näzik ýüzüni synlan Martiniň kellesine, ýene özüniň oňa mynasyp däldigini ýatladýan pikir geldi.

— Men siziň çilimi taşlamagyňyzy isleýän — diýip, Ruf näzli pyşyrdy bilen islegini beýan etdi. — Meni gowy görýän bolsaňyz, goýuň şol çilimi.

— Goýýan! — diýip, Martin çasly dillendi. — Men çilimi goýýan. Men şol çilimi siziň sözüňizi ýykmajak bolup goýýan. Siz näme isleseňiz, men şony berjaý edýän.

Birden Rufda başga bir meýil döredi. Ol Martin çilim taşlamak hakyndaky islegine aňsatlyk bilen ýan berensoň, şu mahal ýazmak-pozmagyny goýmagyny talap etse-de, ýok diýmez öýtdi. Ýöne onuň aýtmaly sözleri bokurdagynda doňup galdy. Başarmady. Oňa derek ol başyny aşak egdi-de, kellesini Martiniň döşünde goýup pyşyrdady.

— Martin, ezizim, men çilimi özüm üçin goýdurjak bolamok, ol size gerek, size. Çilim size zelel bermese, peýda berýän däldir. Onsoňam, gul bolmak, hatda, öz endigiň guly bolmagam gowulyk däl.

— Men siziň guluňyz bolaryn — diýip, Martin ýylgyrdy.

— Beýle bolsa, onda höküm edip başlajak.

Iň esasy aýtmalysyny eýýäm aýdanyna ýürekden haýpy gelen Ruf Martine hilegärlik bilen seretdi.

— Siziň aly hezretleriňize tabyn bolmaga taýýar.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýagşy. Ynha, meniň size ilkinji pendim: her gün sakgal syrmagy ýatdan çykarmaly däl. Ynha, görüň, siziň tiken-tiken bolup duran sakgalyňyz ýaňagymy persala etdi.

Şeýlelikde hemme zat näz-kereşme hem şadyýan gülki bilen tamam boldy. Umuman, Ruf öz eden hereketleri bilen käbir netije-de gazandy, bir gezekde ondan artyk iş etmek mümkinem däldi. Ol Martine çilimini goýmagy mejbur edenine, zenan hökmünde guwandy. Aýdanyny berjaý etmäge wada berendigi üçin, indiki gezek Ruf oňa gulluga durmagyň zerurdygyny ynandyrar.

Ruf ýerinden turdy-da, otagyň içine ser salmaga başlady. Ol öňi bilen geýim serilýän ýüpden asylyp goýlan bellikli kagyzlary synlady, tigir berkidilen geň bir tilsimiň nämedigini bildi, stoluň aşagynda üýşüp ýatan golýazmalara seretdi, olara näçe wagtyň dereksiz harç edilendigi barada oýlandy. Kerosin peç ony haýran galdyrdy. Içerä ser salmaklyk iýmek-içmek goýulýan tekjeleriň boş ýatandygynyň ýüze çykmagy bilen gutardy.

— Iýer ýaly hiç zadyňyzam ýok eken. Wah, neresse! — diýip, Ruf haýpygelijilik bilen dillendi.

— Men öz zatlarymy Mariýanyň öýünde saklaýaryn — diýip, Martin ýalan sözledi. — Ol ýerde amatly bolýar. Biynjalyk bolmaň, men aç oturamok. Ynha, serediň!

Ruf Martine golaý bardy-da, onuň elini tirseginden epende çigin etleriniň daş ýaly bolup gatanyny gördi. Ol görnüş gyzda ýigrenç döretdi. Şeýle hereket bilen Rufuň lezzet alyş duýgusy kemsidildi. Emma onuň ýüregi, gany, bedeniniň her bir damarjygy şol daş ýaly hem güýçli çiginlere galtaşmak isledi. Ýöne düşnüksiz, emma tanyş bir güýjüň erkine tabyn bolan gyz Martinden daşlaşmaga derek, gaýtam oňa gysmyljyrady. Martin bagryna basanda, Rufuň durmuşyň diňe daşky görnüşinden habardar aňy edýän hereketinden närazy bolup garşy gopdy, aňyna derek bolsa, onuň ýüregi, durmuş gatnaşygyna galtaşan zenan ýüregi ýeňiş duýgusyna gaplanyp şatlandy. Ruf şular ýaly pursatda Martine bolan söýgüsiniň ähli güýjüni duýýardy, sebäbi ýigidiň gujurly hem gyzgyn gujagy oňa beýan etmesi nämümkin lezzet berýärdi. Ol şeýle pursatda belent maksadyndan, şertinden dönmeginde-de, ahlak garaýşynyň tutuş esasyna garşy gitmeginde-de, hatda ene-atasyna sesini çykarman tabyn bolmazlygynda-da özüni bigünä hasaplaýardy. Ene-atasy Rufuň Martine durmuşa çykmagyny islemändiler, Rufuň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martine bolan söýgüsi olara haýsydyr bir aýyp zat bolup görünýärdi. Ol söýgi Martinden daşdaka ýene öňki sowuk, duýgusyz, pähimli gyza öwrülende käte Rufuň özüne-de utanç ýaly bolup duýulýardy. Ýöne ýanyndaka welin, ol Martini söýýärdi, gyzyň söýgüsi mahal-mahal gam ýüküni götermeli bolsa-da, barybir, söýgüdi, onda-da hökmürowan, ýanbermez söýgüdi.

— Birazajyk kelläm agyrýa hemem üşüdýän diýäýmesem, bujagaz dümew tropik gyzdyrmasy bilen deňeşdireniňde keselem däl-le.

— Siz tropik gyzdyrmasy bilenem keselladiňizmi? — diýip, Ruf Martiniň gujagynda döräp, aňyny alan ýakymly duýgynyň möwritini uzaltmak meýli bilen aýdýanyna özi hem gulak gabartmaýan ýaly bolup sorady. Sowala gaýtarylan jogaby eşitmeýän ýaly hem bolsa, bir habar welin onuň ünsüni çekdi. Asyl Martin tropik gyzdyrmasyny Gawaý adalarynyň birindäki heýwere keseli bilen näsaglanlaryň saklanylýan gizlin koloniýasynda geçiren eken.

— Siz nähililik bilen ol ýerlere düşüp ýörsüňiz? — diýip, Ruf ýene sowal berdi. Özüne beýle ýokary derejede biperwaý garalmagyny ol jenaýat hasaplady.

— Tötänden düşdüm — diýip, Martin jogap gaýtardy. — Heýwereli näsaglar dagy meniň oýuma-da gelenokdy. Bir gezek men gämiden gaçyp, kenara çenli ýüzüp bardym-da, özüme howpsuz bir sümelge tapmak üçin adanyň jümmüşine gitdim. Men üç günläp alma, banan ýaly sümme jeňňeliň agaçlarynyň miweleri bilen oňňut etdim. Dördünji gün diýlende bir ýodanyň üstünden bardym. Ýoda daga tarap gidýärdi hem onda adam aýagynyň yzlary bardy. Ýoda bir ýerde dag etegindäki pyçagyň ýüzi ýaly ýiti gerişli baýyrlygyň üstünden geçýär eken. Onuň üstüniň inliligi adamyň üç daban yzyndan giň däldi, iki tarapyndanam gorpuň aşagynda garalyp ýatan jülge görünýärdi. Bu ýerde oňat ýaraglanan ýeke adamam ýüz müň esgerden ybarat goşunyň çozuşyny yza serpikdirip biljekdi. Şol ýoda tokaýyň jümmüşine eltýän ýeke-täk çykalgady. Üç sagatdan soň men ýerden çogup çykan ergininiň doňup, baslygyp ýatan üýşmeginiň üstünden bardym. Ol ýerde miweli agaçlar ösüp otyrdylar hem gamyşdan edilen ýedi-sekiz sany külbe durdy. Men ol ýeriň ýaşaýjylaryna gözüm sataşandan, nirä gelenimi bildim. Ony aňmak üçin, bir gezek seretmek ýeterlikdi.

— Onsoň siz näme etdiňiz? — diýip, ol habary diňläp Dezdemona ýaly gorkan hem geň galan Ruf sowal berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men näme edip bilerdim? Olaryň patyşa ýaly hemme zada hukukly ketdesimi ýa serdary rehimdar garaýyşly garryja adam eken. Şol jülgäni onuň özi açypdyr hem haky ýok ýerden, bikanun koloniýany döredipdir. Ýöne olarda ýarag hem ok-däri bolup, hemmesi hem barypýatan mergen eken. Olar ýabany pişikleri hem ýekegapanlary awlapdyrlar. Şonuň üçinem men olardan gaçmagyň pikirinem edip durmaly däldim.

— Ahyrynda siz nädip halas bolduňyz?

— Eger ýarym hytaýly, dörtden biri ak, dörtden biri hem gawaýly gyzdan medet bolmadyk bolsa, men şu mahala çenli-de şol ýerde galmaly bolardym. Ol örän ýakymlydy, pahyrjygyň özi-de sowatlydy. Onuň ejesiniň Gonoluluda azyndan bir million töweregi baýlygy bar eken. Ana, şol gyzam ahyr meni halas etdi. Asyl onuň ejesi koloniýanyň eklenmegi üçin pul berýär eken. Şoňa görä-de, ol gyz maňa kömek edeni üçin, çäre görülmekden çekinen däldir-dä. Ýöne ol şu koloniýa hakynda hiç kime dil ýarmajagym barada kasam etdirdi. Menem beren sözümde durdum. Ynha, şu birinji gezek ol hakda dil ýaryşym. Şo mahal ol görgüliniň özüniňem endamy pis açyp ugran eken, sag eliniň barmaklary çekýärdi, tirseginden ýokarda hem kiçijik tegmil bardy. Başga zat ýokdy. Häzir o pahyryň aýatda ýok bolmagam ahmaldyr.

— Siz nädip gorkman saklanyp bildiňiz? Şol aýylganç keseliň ýokaşmandygy, siziň bagtyňyzyň getirdigi.

— Başda-ha mazaly ynjalygym gaçdy — diýip, Martin gönüsinden geldi. — Ýöne soň köşeşdim. Onsoňam, şol biçäre gyza nebsim agyryp, men öz gorkymy ýadymdan çykardym. Onuň adamçylygam gowudy, bedenem. Kesel hem oňa ýaňy galtaşyp ugrapdy. Ol gaýdyp adamlara sataşmajakdygyny, ilkidurmuş ýabanylarynyň ýagdaýynda ýaşap, özi dirikä bedenini eredip-akdyrjak dermansyz derde duçar bolandygyny bilýärdi. Heýweräniň nähili aýylganç keseldigini siz göz öňüne-de getirip bilmersiňiz.

— Bagtygara gyz! — diýip, Ruf pyşyrdady. — Onuň sizi halas edişi-hä, bir hili, düşnüksiz.

— O näme üçin düşnüksizmiş? — diýip, sowalyň magadyna ýetmedik Martiniň özi sowal berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Sebäbi ol gyz sizi söýen bolaýmasa — diýip, Ruf öňküsi ýaly pessaý dillendi. — Göni aýdaýyň, aşyk boldumy?

Soňky wagtlarda basa oturyp işläni, terkidünýä ýaly öýden çykman oturany üçin, gün şöhlesiniň Martiniň endamyna ozalky salan garamtyl reňki hem bireýýäm ýitipdi. Açlykdan hem keselçilikden ýaňa onuň ýüzi hem aksowult öwüsýärdi. Indi bolsa, şol aksowultlygyň aňyrsyndan saglygyň alamaty bolan al öwüsgin görnüp ugrapdy. Martin geplemek üçin agzyny açsa-da, Ruf öňürtdi.

— Jogap bermäň! Haýyş edýän, geplemäň! — diýip, ol gülüp goýberdi.

Onuň gülküsi Martiniň gulagyna iki sany demir çakyşanda çykýan tutuksy sese meňzäp eşidildi, gyzyň gözlerinde bolsa sowuk bakyş göründi. Bir öwra Ýuwaş ummanyň demirgazyk böleginde başdan geçirilmeli bolan tupan Martiniň ýadyna düşdi. Aý aýdyň gijede, açyk asmanda gopan harasat Martiniň gözüniň öňünde bir pursat gaýtadan janlandy, dolan Aýyň sowuk şöhlesine dolanan gomlar ýene möwç aldy. Şonuň yz ýanyndan bolsa, ol heýwere kesellileriň saklanylýan ýerindäki gyzy gördi, onuň diňe özüne aşyk bolanlygy sebäpli gaçmaga mümkinçilik döredendigini ýatlady.

— Ol asylly, gowy gyzdy. Ol meni ölümden gutardy.

Göräýmäge şonuň bilen gürrüň gutaraýmalydy welin, birdenem Martin Rufuň möňňürýän basyk sesini eşitdi. Gyzyň özi bolsa ondan ýüzüni öwrüp, penjirä garap durdy. Sähel salymdan ol ýene Martine seredende, ýüzünde gümläp geçip giden tupanyň alamaty ýokdy.

— Men şeýle bir ýaramaz — diýip, Ruf şikaýat edýän ýaly bolup gepledi. — Şony bilýänem welin, özüme erk edip bilemok. Men sizi şeýle bir söýýän, Martin. Belkem, uzagyndan öwrenişip köşeşerin, ýöne häzir welin, men sizi durmuşyňyzda ozal bolup geçen wakalardanam gabanýaryn. Siziň geçmişiňiz bolsa her hili wakadan doly. Hawa, hawa. Başga hili bolmaga haky hem ýok — diýip, ol garşylyk görkezmek üçin Martine maý bermän, çalt-çaltdan gepläp sözüni dowam etdi. — Artur biçäre «Wagt boldy, gideli!» diýip, eli bilen yşarat edýär. Garaşyp halys bolandyr. Sag boluň, mähribanym! Çilimi taşlamaga kömek edýän külke bir derman bar — diýip, Ruf gapa ýetensoň habar berdi. — Men ony size gowşuraryn.

Gapyny aňyrsyndan ýapan gyz, ony gaýtadan açdy-da:

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
— Söýýärin! Söýýärin! — diýeninden soň gözden ýitdi.

Mariýa Ruf gidip barýarka, onuň egin-başyndaky özi üçin geň zatlary üns bilen synlady. Ol myhmanlary paýtuna çenli hormat bilen ugratdy. Mariýa Rufuň geýen köýneginiň biçiminde tikilen eşigi birinji gezek görýärdi, şonuň üçinem ol hakykysyndanam üýtgeşik, owadan bolup göründi. Paýtunyň gidýändigi sebäpli, keýpleri gaçan oglanjyklar öwrümiň aňyrsynda gözden ýitýänçä onuň yzyndan seredip galdylar. Şonuň yzyndan bolsa, ähli üns Mariýa gönükdi, sebäbi öýüne paýtunly myhman gelen aýal indi bu töweregiň iň wajyp, iň abraýly adamy bolup galýardy. Ýöne onuň öz dogran çagalaryndan biri ýaňky belent mertebeli myhmanlaryň Mariýanyň däl-de, Mariýanyň öýünde kireýine ýaşaýanyň myhmanlarydygyny töwerege jar edip, ähli zady bulaşdyrdy goýaýdy. Ondan soň Mariýa ýene öňki hiç kimligine öwrüldi, onuň tersine, Martin welin, ähli goňşy-golamlaryň özüne aýratyn sarpa goýup başlandyklaryny duýdy. Mariýanyň öňünde bolsa, onuň abraýy ýüz göterim ýokary galdy. Eger dükançy hem şol ajaýyp paýtuny göräýen bolsa, Martine ýene bir üç dollar segsen bäş sentlik harydy nesýe bererdi.

## XXVII bap

Martin üçin bagt güni dogdy. Rufuň gelip giden gününiň ertesi ol Nýu-Ýorkuň gödegräk hem ýeňil-ýelpaý zatlary çap edýän žurnallarynyň birinden üç sany triolet üçin üç dollar aldy. Ýene iki gün geçensoň, Çikago gazetleriniň biri «Hazyna gözleýjilerini» alyp, tölenjek on dollary eser çap bolanyndan soň berjekdiginiň habaryny ýetirdi. Kesilen baha uly däldi, ýöne ol Martiniň ilkinji ýazan eseridi, özüni tolgundyrýan meseläni birinji gezek kagyza geçirmegiň synanyşygydy. Iň soňunda-da, onuň ýaşlar üçin ýazan «Başdangeçirmeler» powestini-de «Ýaşlyk hem ýetginjeklik» atly žurnal kabul edipdir. Dogry, powestde ýigrimi bir müň söz bar hem bolsa, Martine bary-ýogy on alty dollar, müň söze, takmynan, ýetmiş bäş sent hödürleýärdiler. Ol hem çap edilenden soňa goýulýardy. Ol eser Martiniň ikinji ýazan edebi eseridi, onuň nähili kemçilikleriniň bardygyny indi ýazan adamyň özi hem aýdyň görýärdi. Şeýle-de bolsa, Martiniň ilki ýazanlarynyň içinde-de ortahal eseriň alamatlary ýokdy. Gaýtam olarda aşa güýç bardy, serçäni top bilen atýan başlangyç ýazaryň artykmaçlyk edýän gujury duýulýardy. Martin irki ýazan eserlerini arzan alynsa-da, satýanyna begenýärdi, olaryň bahasynyň näderejededigini hem bilýärdi. Ony

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bilmek üçin Martine kän wagt hem gerek bolmady. Ol özüniň iň soňky ýazan eserine uly umyt baglaýardy, emma žurnal ýazyjysy bolmagam islemeýärdi. Ol hakyky çeper döredijiligiň hemme usullary bilen ýaraglanmakçydy, ýöne welin onuň üçin güýç sarp etmekçi däldi, gaýtam, tersine, eseriň daşky görnüşiniň galypyny birneme kiçeldip, şonuň hasabyna güýç tygşytlamak isleýärdi. Martin hakyky durmuşy beýan etmek höwesinden hem daşlaşmandy. Ol özüniň hemme eserinde fantaziýanyň tapýan hyýalylygynyň hem gözelliginiň hakykat bilen gatnaşygyny döretmekçidi. Martin adama hem onuň isleg-arzuwlaryna ynam bilen aralaşýan joşgunly realizmi gazanmagyň aladasyndady. Ol durmuşy bolşy ýaly edip, onuň biynjalyk ruhunyň ähli gözlegi, gozgalaňy, närahatlygy bilen görkezmek isleýärdi.

Kitap baryny okan Martin iki sany edebi mekdebiň bolýandygyny anyklady. Olaryň biri adamyň adamçylyk tebigatyny düýpden hasaba alman, ony Hudaýyň derejesine çenli ýetirip görkezýär. Beýleki mekdep bolsa, tersine, adamyň ruhy isleglerini, ullakan mümkinçiliklerini kabul etmän, ony diňe wagşy haýwan diýip kabul edýär. Martin ol iki mekdebiň ikisini-de çakdanaşa birtaraply hasaplap, hiç haýsyndanam sapak almak islemeýär. Onuň pikiriçe, adamy hudaýlyk derejesine göterýän mekdebi-de goldamaýan, şeýle hem adamda diňe haýwan gödekligini görýän «wagşylyk» mekdebini hem kabul etmeýän hakykata has ýakyn bir ýol bilen dil tapyşmaly.

Birmahal Rufuňam okan «Başdangeçirmeler» diýen hekaýasynda Martin çeper hakykat barada, öz maksadyny iş ýüzünde görkezmek isläpdi, «Hudaý hem wagşy» diýen makalasynda bolsa şol baradaky nazary kesgitlemesini beýan edipdi.

Ýöne «Başdangeçirmeler» hem gowy hasaplaýan beýleki hekaýalary ýaly, bir redaksiýadan başga birine geçip aýlanyp ýördi. Martin öz irki hekaýalaryna bolsa üns hem bermeýärdi-de, olardan gelýän az-owlak galamhakysyna-da hoşal bolýardy. Ol özüniň ýap-ýaňy žurnallar tarapyndan iki sanysy kabul edilen «aýylganç hekaýalaryna-da» uly baha bermeýärdi. Olaryň hemmesi-de hakyky durmuşda bolan wakalaryň ysy berlen, ýöne başdan-aýak oýlanyp tapylan hekaýalardy, güýçlüligi hem şonuň üçindi. Bolgusyz hem hakykatdan üzňe wakanyň hakykata meňzedilip beýan edilmegine Martin diňe ussatlyk bilen amala aşyrylýan hile diýip düşünýärdi, beýle eserleri hakyky edebiýatyň hataryna

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

goşmasyz hasaplaýardy. Ol eserleriň çeper täsir edijiligi örän düýpli hem bolup biler, ýöne Martin durmuş hakykaty bilen aýakdaş gitmeýän çeperçilik täsir edijiligi esasy zat hasap etmeýärdi. Bu meseledäki hilegärlik emeli ýol bilen oýlanyp tapylan wakany hakyky durmuşyň keşbine dolap, çyna berimsiz edip görkezmegi başarmak bilen baglydy. Martin «Başdangeçirmeler», «Şatlyk», «Gazan», «Ömür meýi» eserlerindäki belentlige ýetmänkä ýazan «aýylganç hekaýalarynyň» alty-ýedi sanysynda hem şol mekirligi ulanypdy.

Martin trioletler üçin alan üç dollaryna zordan-zora-da bolsa, «Ak Syçandan» pul iberilýänçä ýaşap biljekdi. Ol bergisiniň ujundan bir dollar berip, üç dollarlyk petegini özüne ynamsyz garaýan portugaliýala pula öwürtdi. Galan iki dollary çörekçi bilen gök önüm satýan dükança berdi. Martin etli nahar iýip ýaşar ýaly baý adam däldi. Onuň iýýäni iň arzan owkatdy. Birdenem, «Ak Syçandan» pul petegi geldi welin, Martin birbada näme etjegini-de bilmän aljyrady. Ol ömründe bir gezek hem, onda-da pul meselesi bilen bank diýilýän jaýa girip görmändi. Şonuň üçinem kyrk dollaryň petegini Oklendiň uly banklarynyň birinde böldürmek höwesi çaga islegi ýaly bolup, onuň kellesine doldy. Emma sagdyn durmuşy pikir bolsa başga bir ýol salgy berdi. Eger-de şol kyrk dollaryň petegini bankda däl-de, nesýe haryt berýän dükançylarynyň birine pula öwürdäýse, ol hem-ä ynama girýärdi, hemem ertirki gününiň aladasyny etdigi bolýardy. Martin ol işi uly höwes bilen etmese-de, bakaleýaçynyň ýanyna baryp petegi pula öwürtdi hemem onuň bilen doly hasaplaşyk geçirdi. Bakaleýaçynyň ýanyndan jübüsini puldan dolduryp gaýdan Martin beýleki bergidarlarynyň ýanyna gitdi, gassap bilen, çörekçi bilen hasaplaşdy. Mariýa-da öňki aýyň bergisini gaýtaryp, öňünden tölemelisini hem töledi, girewhanadan tigrini, penjegini aldy, hat ýazýan maşinka üçin bermelisini berdi. Ol ähli bergilerini töläninden soň jübüsinde bary-ýogy üç dollar galdy.

Şojagaz pul hem Martine uly baýlyk bolup duýuldy. Penjegini yzyna alan badyna ol Rufuň ýanyna ugrady, gidip barýarka-da, aç adamyň iýmitden nazaryny aýryp bilmeýşi ýaly, kän mahal bäri pul garasyny görmedik Martin elini jübüsine sokup, şaýlyklary gysymlaman saklanyp bilmeýärdi. Ol gysganjam däldi welin, pul diýilýän düşünje onuň üçin belli bir möçberdäki dollardan, sentden başga many berýärdi. Ol many durmuşdaky üstünlikdi, sentleriň ýüzüne möhür ýaly edilip guýlan bürgüdiň şekili Martine ýeňşiň buşlukçysy ýaly bolup duýulýardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martiniň dünýäniň ajaýypdygy hakyndaky ozalky ynamy ýene-de birden dolanyp geldi. Asyl dünýä indi öňküsindenem oňat bolup göründi. Ýogsam ol köp hepdeläp garaňky hem tukat dünýä öwrülipdi. Bergiler berlensoň, jübüde ýene üç dollar şyňňyrdaýarka, ýürekde üstünlige ynam barka, Martine Gün şöhlesi-de ýene öňküsi ýaly ýagty hem ýakyp barýan ýaly bolup duýuldy, hatda duýdansyz inen çabga-da onuň mylaýym ýylgyrmagyna sebäp boldy. Martin iýmäge zat tapman oturan wagtynda dünýäniň ähli ýerine ýaýran açlar hakynda mydama pikir edýärdi, häzir garny dokka welin, beýle pikir ony biynjalyk etmeýärdi. Kalby söýgä beslenen ýigit ýer ýüzünde ýaşap ýören san-sajaksyz aşyk-magşuklaryň pikirini edýärdi. Onuň beýnisini söýgi lirikasynyň äheňi birahat etdi, döredijilik joşgunyna erkini beren Martin tramwaýdan düşmeli ýerindenem esli geçip gitdi.

Martin baranda, Morzlaryň öýünde adam kändi. San-Rafaelden iki sany doganoglany Rufuň myhmany bolup gelen eken. Myhman bahanasy bilen Martinden artykmaç, Rufa mynasyp ýigitleri öýüne çagyrmak maksadyny amala aşyrmak islän miss Morz pursatdan peýdalandy. Ol mekir syýasaty amala aşyrmagyň aladasy Martiniň mejbury halda bu ýere gelip bilmedik wagtlarynda başlandy. Häzir bolsa «harby hereketiň» tüýs gyzan wagtydy. Miss Morzuň myhmançylyga çagyrýan adamlary ýa-ha eýýäm abraýly hünär edinen, ýa-da şol derejä ýetip barýanlardy. Şeýlelik bilen, Morzlaryň giň myhman otagynda ýygnananlar şulardy: San-Rafaelden gelen Doroti hem Florens atly doganoglanlardan başga-da, uniwersitetden biri latyn dilinden, beýlekisi iňlis filologiýasyndan hünärmen iki sany professor, bir ýaş ofiser, ýap-ýaňy Filippinden dolanyp gelen Rufuň mekdep ýoldaşy, San-Fransiskonyň birleşen iri kärhanalarynyň ýolbaşçysy Jozef Perkinsiň hususy kätibi bolup işleýän Melwill familiýaly ýaş ýigit, şeýle hem Çarlz Hepgud atly, otuz bäş ýaşlaryndaky, Stenford uniwersitetini tamamlan, Nel we Birleşen jemgyýetleriň agzasy, soňky saýlawda respublikan partiýanyň başlyklygyna bellenen bank işgäri. Gepiň keltesi, haýsy tarapyndan çemeleşseňem ol geljegine uly umyt bildirilýän ýaş ýigit.

Aýal-gyzlardan çagyrylanlaryň arasynda portret çekýän bir suratkeş, ýene biri sazanda, üçünji zenan hem San-Fransiskonyň hütdükleriniň ýaşaýjylarynyň arasynda guramaçylyk ukyby bilen şöhrat gazanan, sosiologiýa ylymlarynyň doktory. Umuman-a, miss Morzuň tutýan piriminde aýallaryň ullakan orny-da

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýokdy. Olar, bir hili, duşuşygyň bezegi bolmaly myhmanlar diýen ýalydy. Ýaşaýşyň basgançaklaryndan ýokaryk galyp barýan ýigitleriň bir zat bilen ünsüni çekmegem gerekdi ahyryn.

— Gürrüňdeşlikde gyzmalyk edäýmäň! — diýip, Ruf myhmanlar bilen tanyşdyrmazyndan ozal pyşyrdap Martine duýduryş etdi. Martin başda özüni oňaýsyz duýdy. Onuň hereket eden mahaly bir zatlary ýykyşdyraýmaýyn, döwüşdüräýmäýin diýen ýaly, birmahalky gorkusy dolanyp geldi. Elbetde, ony düýrükdirýän bu ýere ýygnanan adamlardy. Ol bular ýaly sypaýy adamlara ilkinji gezek sataşýardy. Onda has beterem bank işgäri Hepgud aýratyn täsir galdyrdy. Martin ýagdaý dörese, şol adam bilen ýakyndan tanyşmaly diýen netijä geldi. Daşyndan ýygra görünse-de, Martinde örän täsirli «men» bardygy duýulýardy, şonuň üçinem ol bu ýere gelenler bilen güýç deňeşdirip görmek, olaryň okan kitaplaryny, durmuşdan nämeler alandyklaryny bilmek, olardan nämeler alyp boljakdygy barada pikir etdi.

Ruf Martine ýygy-ýygydan nazar aýlaýardy-da, onuň doganoglanlar bilen erkin gürleşip oturyşyna hem geň galýardy, hem guwanýardy. Ol, dogrudanam, özüni erkin duýýardy. Ol dartgynly gürrüňe goşulman, asuda otyrka, eginleri gödek ýa-da gelşiksiz hereket etmeýärdi. Ruf öz doganoglanlarynyň akylly hem gowy gürrüňdeşdiklerini bilýärdi. Şonuň üçinem olaryň ýatmazlarynyň öň ýany Martini öwenlerini eşidip, geň galdy. Martin hem öz ozalky aýlawyndaky duşuşyklaryň, ýekşenbe oturyşyklarynyň bezegi bolup, ýoldaşlaryna hezil berýän wäşi bolansoň, bu ýerde-de degşip-gülşüp, käbir täsirlije sözleri orta oklamak bolar diýip hasap etdi. Üstünlik bolsa eýýäm onuň ýeňsesinde durup, kanagatlanma bilen eginlerine kakýardy, ýagdaýyň şowly boljakdygyna öňünden baha berýärdi. Şonuň üçinem Martin sähelçe-de ýygralyk etmän, özi-de gülýärdi, myhmanlary-da gülmäge mejbur edýärdi.

Myhmançylygyň ahyrynda welin, Rufuň howatyrlanmasyna esas bolandygy ýüze çykdy. Martin professor Kolduel bilen gürrüňdeşlige başlady. Entek ellerini gödek hereketlendirip ugramasa-da, Ruf onuň gözlerinde aýratyn bir lowurdy dörändigini bildi, sesiniň kem-kemden gatalýandygyny eşitdi, ýaňaklarynyň gyzarýandygyny gördi. Özüni ele almagy başarmansoň, güýjüne erk edip bilmänsoň, Martin sabyr-takatly ýaş professor bilen deňeşdireniňde düýpden başga adamdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Emma Martin daşky görnüş diýilýän zada aýratyn üns berýän adamam däldi. Ol gürrüňdeşiniň ösen, biçak sowatly kişidigine derrew göz ýetirdi. Onsoňam professor Kolduel Martiniň iňlis filologiýasynyň professory diýip, ozal göz öňüne getirýänlerinden düýpden başga bolup çykdy. Martin professory hökman öz ugrundan gep açmaga mejbur etmek isleýärdi. Ol islemese-de, ahyrsoňy Martin öz diýenini gögertdi. Ol bular ýaly ýerde öz hünäriň barada gürrüň etmegiň känbir ýerlikli däldigini bilmeýärdi.

— Ol näme üçin gelşiksiz bolýarmyş? — diýip, mundan birnäçe mahal Ruf şol barada aýdanda, Martin garşy çykypdy. — Näme üçin öz hünäriň ugrundan geplemeli dälmişin? Özlerini gowy tarapdan görkezmejek bolsalar, adamlar näme üçin duşuşýarlar? Her adamyň başga bir adam üçin etjek peýdasy özüne ýakyn zatdan, özüniň bilýän zadyndan, ömrüni bagyşlan ugrundan, saýlap alan hünärinden gürrüň etmegi gije-gündiz näme barada pikirlenýäni açdygy bolmazmy? Göz öňüne getiriň, umumy kabul edilen düzgüne tabyn bolup, mister Betler birden köpçülikde Pol Berlen barada, nemes dramaturgiýasy ýa-da Annunsionyň romanlary barada öz pikirini aýdyberse nähili bolar? Diňlänleriň içi gysyp gider, Betleriň özi hem gülkünç ýagdaýa düşer. Ynha, men, eger mister Betleri diňlemeli bolsam, onuň özüne degişli hukuk ugrundan gep açmagyny islärdim. Barybir, ol öz hünäri barada gürrüň etse, bilmeýän zadyndan gürrüň edeninden täsirli bolar ahyryn. Ömür şeýle bir gysga bolany üçin, men her adamdan diňe onuň iň gowy bilýän zadyny eşidesim gelýär.

— Ýöne… — diýen Ruf garşy çykdy. — Ýöne hemme kişä deň-derejede täsin bolup eşidiljek mesele-de bar ahyryn.

— Ýok, bu ýerde siz ýalňyşýaňyz — diýip, Martin hem öz gezeginde Rufa garşy çykdy. — Her bir adam, jemgyýetiň her bir bölegi hemişe öz derejesinden ýokardaky adama öýkünegen bolýar. Jemgyýetde ýokary derejäni eýeleýän kim? Işsiz, biderek, baý adamlar. Olar adaty bir iş bilen meşgul adamlara belli zatlary-da bilmeýärler. Olara beýle zatlar hakda gürrüň etmek gyzyksyz bolýar. Şonuň üçinem olar köpçülikde öz hünäriňden gep açmak gelşiksiz diýen biderek pikiri öňe sürýärler. Ýöne köpçülikde haýsy ugurdan gepläp-geplemezligiň ýoluny salgy berýänlerem şol boş adamlar. Täze opera hakda-da, täze kitaplar, kartalar, bilýardlar, kokteýller, awtomobiller, gämiler, atlaryň sergisi, balyklar hakda, gepiň keltesi şol işsizleriň bilýän zatlarynyň hemmesi barada köpçülikde gürrüň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

açmak bolýarmyş. Sebäbi olar diňe ýaňky sanan zatlarymyň nämediginden azdakände baş çykarýarlar. Bu meseläniň iň bir gülkünç ýeri-de alym kişileriň ýa-da alymlyga dalaş edýän kişileriň akmaklar bilen ýaltalaryň pikirine tabyn bolmagydyr. Özüm hakda aýtmaly bolsa welin, men adamda bar bolan gowy zatdan nusga almak isleýärin. Siz ony hünär hakyndaky gürrüňmi, gödek ugurmy, näme diýip atlandyrsaňyz atlandyryberiň.

Ýöne Ruf Martine düşünmeýärdi. Onuň umumy kabul edilen düzgünlere hüjüm edişini ol hemişe-de hötjetlik ýa-da ile goşulmaýan özdiýenlilik diýip hasap edýärdi.

Nähili-de bolsa, Martin öz agraslygy bilen professor Kolduele özüne ýakyn ugurdan geplemegine täsir etmegi başardy. Olara golaý baran Ruf Martiniň:

— Ýöne siz Kaliforniýa uniwersitetinde welin, beýle pikirleri aýdyp bilýän dälsiňiz! — diýenini eşitdi.

Professor Kolduel egnini gysdy.

— Men salgydy wagtynda töleýän raýat hem edepli syýasatçy.

— Kaliforniýanyň paýtagty Sokramento bizi işe belleýär, bizem Sokramentonyň aýdany bilen bolmaly. Ştatyň hökümetiniň, partiýanyň metbugatyna, hatda iki partiýanyňam metbugatyna «hä» diýmeli.

— Ol düşnükli. Ýöne siz özüňizi suwdan çykan balyk ýaly duýýansyňyz — diýip, Martin belledi.

— Biziň uniwersitetimiziň howzundan edil men ýalyny kän tapaýmarsyňyzam. Käte men özümi, dogrudanam, suwdan çykarylan balykdyryn öýdýärin hem eger Parižde, Latyn kwartalynyň meýhanasynda klaret içilýän ýerde, ýykma-ýykylma gün görýän döredijilik adamlarynyň arasynda bolsam, özümi hem oňat, hem erkin duýardym diýip oýlanýaryn. Özümem arzan restoranlarda naharlanyp, tutuş dünýä barada kelläme gelen batyrgaý pikirleri, soňumy saýman aýdardym. Men käte özümi gylyk-häsiýetim boýunça radikal hasap edýärin. Ýöne meniň goşulsamam, özümi erkin alyp gidip bilmejek, onçakly baş çykaryp bilmejek meselämem gaty kän. Men durmuşyň düýp meselesine — adam ýaşaýşynyň meselesine gezek gelende kynçylyk çekýärin.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Professoryň pikirini diňlän Martin «Passat şemaly hakda aýdymy» özünden erksiz ýatlamaly boldy.

Yssy günortan men güýçli.

Ýöne yşygynda-da Aýyň

Ýelken galdyrmaga taýyn.

Aýdymyň sözlerini gaýtalan Martin professora seredip, onda sowuk, güýçli hem durnukly demirgazyk — gündogar ekwator şemaly bilen nähilidir umumylyk tapdy. Professor şol şemal ýaly bir boluşlydy, güýçlüdi, ýöne onda çekinjeňlik hem bardy. Demirgazyk-gündogar ekwator şemalynyň soň ulanmasa-da, soň ulanmak üçin saklaýan ýaly hiç mahal ähli güýjüni sarp edip öwüsmeýşi dek professor hem, çaky, öz pikirini hiç mahal ahyryna çenli aýtmaýan bolarly. Martiniň göz öňüne getirmesi ozalkylary ýaly aýdyňdy. Onuň beýnisi hyýaly zatlaryň hem ýatlamalaryň girmek isleýänine gapagy mydama açyk duran äpet sandyk ýalydy. Durmuşda nähili täzelik dörese-de, Martin göz açyp-ýumasy salymyň içinde şol ullakan sandykdan dörän täzelige meňzeş ýa-da tersine, düýpden meňzemeýän bir närse çykaryp, ony ýagty hyýaly görnüşe geçirýärdi. Beýle ýagdaý asla öz erkine döremeýärdi, hakyky durmuşyň her bir wakasynyň ýanynda hyýalyň ýüze çykaran şekili peýda bolýardy. Ozal Rufuň gözlerinde dörän gabanjaňlyk lowurdysy aýly gijede gopan harasady ýatladan bolsa, indi hem professor Kolduel ummanyň şekilini janlandyrdy; ýaşyp barýan Günüň şapagy bilen gyzaran ak geriş-ak geriş tolkunlar bolsa demirgazyk-gündogar şemaly bilen bir tarapa akýardylar. Şeýdip, minut saýy diýen ýaly onuň göz öňünde dürli-dürli görnüşler peýda bolýardy. Ýöne özleri-de diňe bir onuň pikirleriniň hereketini bozmazlyk däl, gaýtam olardan baş çykarmaga kömek edýärdi. Ol görnüşler Martiniň ozal başdan geçiren wakalarynyň, gören, eşiden, okanlarynyň döreden ýaňydy. Ol wakalar Martin ukuda bolsa-da, oýa bolsa-da, beýnisinde gyslyşyp durdular.

Indi bolsa akylly hem sowatly professor Koldueliň saldamly sözlerini diňlän Martin özünden erksiz geçmişini ýatlamaly boldy. Ol ýetginjekligine ýaňy gadam basan wagtlaryndakysy ýaly, hakyky garagol, başy mazaly ýemşerdilen şlýapaly, egni goşa ýaka kurtkaly bolup göründi. Ol mahallar onuň esasy maksady polisiýanyň kanunynyň çäginde gödeklik görkezmek, betçilik etmekdi. Martin ýatlamalarynda ýagdaýy ýuwmarlajagam bolmaýardy. Ömür ýolunyň belli bir

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ädimlerinde ol, dogrudanam, hakyky bezzatdy, özi-de hemişe polisiýa bilen çaknyşyp ýören, işçileriň ýaşaýan etrabynda adamlara elheder aldyrýan topara ýolbaşçylyk edýärdi. Indi onuň tutan maksady üýtgäpdi. Häzir bolsa ol töweregini gurşan edep gören, toý geýnüwli erkek adamlara, zenanlara ser salýardy, nepis medeniýetiň howasyndan dem alýardy, etegi giň şlýapaly, goşa ýakaly kurtkaly ýetginjeklik görnüşi bolsa myhman otagyň haly düşeginiň üstünden oňa tarap çaýkanjyrap gelýärdi. Ol köçe bezzatlarynyň öňbaşçysy bolan, häzir bolsa ýumşak kürsüde oturyp, professorlar bilen edaly gürrüňleşýän Martin Idendi.

Dogrusyny aýtsaň, henize çenli Martiniň hiç ýerde özüni arkaýyn, doly erkin duýan wagty bolmandy. Ol ýagdaýa tiz uýgunlaşýardy, mydama-da märekäniň «guwanjydy», sebäbi işlemeli bolsa-da, oýun oýnamaly bolsa-da yza galmaýardy, özüni goramagy, özüne ynam döretmegi başarýardy. Ol belli bir ýerde uzak hem saklanmaýardy. Ýoldaşlaryny özünden hemme tarapdan-da doly kanagatlandyrmagy başarsa-da, özi kanagatlanmaýardy. Ony mydama haýsydyr bir ýagdaý irizýärdi, gulagyna nirädir bir ýere çagyrýan ses eşidilýärdi, tä söýgi hem sungat hakyndaky kitaba sataşýança, gözleg bilen dünýäni aýlanyp çykdy. Häzir bolsa Martin şol gözlän zatlarynyň hemmesiniň arasynda otyrdy, şeýle hem ol ähli köne ülpetleriniň içinden bu öýe arkaýyn myhmançylyga gelip bilýän ýeke-täk adamdy.

Ýöne bu pikirler Martine professory üns bilen diňlemäge päsgel bermeýärdi. Ol gürrüňdeşiniň düşünje örüsiniň örän giňdigini görýärdi. Spenseriň sebäp bolmagy bilen ol bilimiň umumy esasyna aralaşan bolsa-da, wagtal-wagtal öz düşünjesinde, berýän sowallarynda boşlugyň, ýetmeziň bardygyny duýýardy. Indi bolsa şol boşlugy doldurmak üçin wagt gerekdi. «Ana, şonda görübiýris!» diýip, Martin içini gepletdi. Häzirlikçe bolsa ol garşysynda oturyp, professoryň aýdanlarynyň hemmesini yzzat bilen, üns berip diňleýärdi. Emma Martin gürrüňdeşiniň edýän aýgytlarynda zol-zol gaýtalanmasa onçakly göze dürtülibem durmajak säwlikleriniňem bardygyny ýuwaş-ýuwaşdan aňyp başlady. Martin onuň gowşak taraplarynyň nämedigine düşüneninden soň, professor bilen bar hasap edilen ara tapawut ýok boldy.

Ruf edil Martin geplemäge başlan mahaly olaryň ýanyna geldi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men size azaşýan ýeriňizi ýa-da has takygy, edýän aýgydyňyzyň gowşak taraplaryny aýdaýyn. Siz biologiýany äsgermejek bolýarsyňyz. Oňa siziň dünýägaraýşyňyzda orun berilmändir. Ýagny men organiki däl dokumalary janlandyrmak baradaky tejribehana synaglaryndan başlap, giň aýlawly sosiologik hem estetik jemlemelere çenli hakyky ylmy biologiýa hakda gürrüň edýärin.

Ruf aňk bolup galdy. Ol tutuş iki ýyl professor Kolduelden sapak alypdy, ony akyl-paýhaslylygyň nusgasy hasaplaýardy.

— Men siziň aýdýanyňyza doly düşünemok — diýip, professor Martiniň ýüzüne garady.

— Men ony düşündirmäge synanyşaýyn — diýip, Martin ykjamlandy. — Müsüriň taryhyny okanym ýadymda. Onda «Ilki ýurduň özboluşlylygyny öwrenmän, Müsüriň sungatyna düşünip bolmaz» diýen pikir bardy.

— Örän dogry — diýip, professor derrew ylalaşdy.

— Men bolsa öňürti şol ýaşaýşy döreden materialy öwrenmän, ýaşaýşyň nähili dörändigini bilmän, ýurduň özboluşlylygyny öwrenmek mümkin däl hasap edýärin — diýip, Martin sözüni dowam etdi. — Şol zatlary döreden adamlary, şol adamlaryň özleriniň nämeden dörändigini bilmän, kanuny, düzgüni, däp-dessury, dini nädip biljek? Edebiýatam Müsür sungaty ýaly, şol adamlar tarapyndan döredilen zat ahyryn. Eýsem, älemde bar bolan zatlaryň bütindünýä ösüş kanunyna bagly däli barmy? Käbir sungatyň ösüş taryhynyň işlenip düzülendigini bilýärin, ýöne meniň pikirimçe, ol diňe mehaniki ýol bilen edilen. Ol işe adam gatnaşmaýar, adam çetde durýar. Arfa, skripka ýaly saz gurallarynyň, aýdymyň, tansyň, sazyň ösüş ýoly işlenipdir. Adamyň ilkinji saz guralyny oýlap tapmazyndan ýa-da ilkinji aýdymyny aýtmazyndan öňki öz ösüşi, bedenindäki ösüp ýetişen agzalary barada näme aýdyp bolar? Ana, siz şol zatlary ýatdan çykarýarsyňyz. Şony bolsa men «Biologiýa» diýip atlandyrýaryn. Ol sözüň doly manysyndaky biologiýa bolmaly. Aýdýan zatlarymyň arasynda az-kem baglanyşyk ýokdugyny bilýärin, ýöne men ideýamy özüm gazyp tapýaryn. Mende ol ideýa siziň gürrüňiňizi diňlän mahalym peýda boldy, şonuň üçinem ony aýdyň beýan etmek kyn. Siz adamynyň hemme zatdan baş çykarmagyna päsgel berýän çäkliligini ýatladyňyz. Ýöne siz, iň bolmanda, meniň düşünişimçe, edil şol meselede biologik sebäbi, ýagny ähli sungatlaryň düýp binýadyny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
nazaryňyzdan sypdyrýarsyňyz. Emma ol adam medeniýetini döreden esasy material ahyryn.

Ruf haýran galsa-da, Martin desbi-dähil geplemez ýaly edilmedi. Gyzyň göwnüne bolmasa, professor, ýaşlygyny göz öňüne tutup, Martine geçirimlilik etdi. Elindäki altyn zynjyryny oýnap oturan alym az-kem dymyşlykdan soň gepläp başlady.

— Biler bolsaňyz, men şol barada beýik adamyň, ýagny ewolýusiýaçy alym Žozef Lekondyň igenjini hem eşidipdim. Ol öldi welin, men indi hiç kim ýaňky meseläniň üstüni açar öýtmedim. Ynha, indi bolsa size, ýagny täze bir garşydaşa sataşdym. Siziň özümi günälemegiňizde esasyň, onda-da uly esasyň bardygyny men boýun almaly. Men nusgawylara gaty aralaşyp, tebigat ylymlaryna ýeterlik üns bermändirin. Belki-de, beýle ýagdaýy güýjüň hem işe ukyplylygyň ýetmezligi bilen düşündirip bolar. Ömrümde ýeke gezegem tejribehanada bolup görmändigimi aýtsam, megerem, siz geň galarsyňyz. Ýöne, bu hakykat. Lekondyň mamla bolşy ýaly, sizem mamla. Ýöne näderejede mamladygyňyzy welin bilmeýärin.

Haýsydyr bir bahana bilen Martini çete çagyran Ruf pyşyrdady.

— Siz professor Koldueli halys öz eliňize aldyňyz. Belkem, onuň bilen başga-da gürleşmek isleýänler bardyr.

— Bagyşlaň! — diýip, Martin günäkär ýaly bolup jogap berdi. — Men ony kän gepledäýipdirin. Gürrüň şeýle bir gyzykly boldy welin, başga adamlaryň bardygy ýadyma-da düşmändir. Onsoňam şu mahala çenli maňa beýle sowatly hem akylly gürrüňdeşem gabat gelmändi-de, kelläm gyzaýypdyr. Bilýäňizmi näme, men öň uniwersitete gatnaýan ýa-da uly derejeli adamlaryň hemmesi onçakly akyllydyram öýtmeýärdim…— Professor Kolduel olardan dälmi? — diýip, Ruf Martiniň sözüni bölüp sowal berdi.

— Mümkin. Siz indi meniň kim bilen gepleşmegimi isleýärsiňiz? Meni şol Hepgud bilen duşuryň.

Martin onuň bilen on bäş minut töweregi gepleşdi welin, öz söýgülisiniň bolşuna guwanan Ruf begenjinden ýaňa iki bolup bilmedi. Martiniň gözleri bir gezegem lowurdamady, ýaňaklary ýeke saparam çişmedi, Onuň özünden çykman, parahat gürrüň edişine Ruf, elbetde, haýran galdy. Oňa derek tutuş bank gullukçylary

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martiniň öňünde ähli abraýdan gaçdylar. Duşuşygyň ahyrlarynda bolsa Martinde bank gullukçysy bolsa ahlaksyz, pes adam bolmaly diýen aýgyt döredi. Goşun serkerdesi adamçylykly, parahat häsiýetli, öz ykbalyndan diýseň hoşal adam eken. Onuň iki ýyl uniwersitetde okandygyna Martin gaty geň galdy hem alan sowadynyň, düşünjesiniň nirä gidendigine akyl ýetirip bilmedi. Barybir, serkerde oňa Çarli Hepgutdan gowy ýarady.

— Bolgusyzlyklar meniň gaharymy gaýnadýar — diýip, Martin soň Rufa içini dökdi. — Gabarylmak, özüňden göwnühoşluk, tekepbirlik, birek-birege geçirimli äheň bilen ýüzlenen bolmak asla göwnümden turmaýar. Ýaňky harsydünýäniň birleşen işçiler partiýasynyň demokratik partiýa siňip gitmesini düşündirmek üçin ýitiren wagtynyň dowamynda men tutuş reformasiýanyň manysyny düşündirip bilerdim. Ol hakyky kartbazyň kart paýlaýşy ýaly, sözleri zyňyşdyrýar. Men ol ýagdaýy irde-giçde size mysallar bilen görkezerin.

— Ony siziň halamandygyňyza haýpym gelýär — diýip, Ruf tutuk ses bilen pikirini beýan etdi. — Ol mister Betleriň gowy görýän adamy. Mister Betler ony iň päk, ynamdar hem üstünde islendik bank jaýynyň binýadyny gurubermeli gaty berk daş, gaýa hasaplaýar.

— Men ondan az-owlak eşidenlerime esaslanybam ýaňky aýdylanlara ynanýaryn. Ýöne mende indi banklara hiç hili hormat-sylag galmady. Öz pikirimi açyk aýdýanym üçin siz menden gaty görmäň, ezizim.

— Gaty göremok. Bu örän täsin.

— Hawa, — diýip, ol Rufuň aýdanyny tassyklady. — Men siwilizasiýadan birinji sapar täsir alyp görýän nadan adam. Men şeýle medeniýetli adamlarda gaty gyzyklanma döretsem gerek.

— Meniň doganoglanlarym hakynda siz näme aýdarkaňyz?

— Olar maňa beýleki aýallardan gowy ýaradylar. Olar örän şahandaz, özlerem sada, gomparyşyp oturanoklar.

— Diýmek, siz beýleki aýallary-da halapsyňyz-da?

Martin başyny ýaýkady.

— Ýaňky sosial mesele hakynda ýaňrap oturan jemgyýetçilik işgäri-hä barypýatan totuguşuň bar-da. Ant iç diýseňiz, öňünden ant içeýin, ýöne şonuň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kelleçanagyny döwüp, barlag geçirseň, çigit ýaly hem özüniň özbaşdak pikirini tapmarsyňyz. Suratçy aýal çekip-çydardan zyýat tukat. Şol Hepguda jübüt bolaýsa, tüýs ýerine düşerdi. Sazanda aýal bolsa… Belkem, ol sazy ökdelik bilen, çalt hereket bilen çalýandyr, ýöne welin, saza düýpden düşünýän däldir.

— Ol sazy ussatlyk bilen çalýar ahyryn! — diýip, Ruf aýdylana garşy çykmak isledi.

— Hawa, ol daşyndan, sazy ussatlarça çalýana meňzeýär, ýöne sazyň içki manysyny almak oňa başartmaýar. Men ondan sazdan nähili içki many alýandygyny soradym. Siz şol sowalyň meni gyzyklandyrýandygyny ozaldan bilýärsiňiz. Ol aýal sowala hiç hili jogap berip bilmedi, diňe saza tagzym edýändigini, sazyň ähli sungatlar arasynda iň belendidigini, sazy öz janyndanam eý görýändigini nygtady.

— Siz myhmanlaryň hemmesini öz hünärlerinden gep açmaga mejbur etdiňiz — diýip, Ruf Martini ýazgarýan ýaly bolup dillendi.

— Mümkin. Ýöne olar şu ýerde öz ugurlaryndan oňly gürrüň edip bilmeseler, umumy mowzukdan geplemeli bolsalar näderdiler? Meniň birmahalky görgi görüp ýörüşlerimi ýatlaň. Olaram şeýle bolarlar-da. Men bolsam bu ýerde hemme adamlar medeniýetiň artykmaçlyklaryndan doly habarly adamlardyr öýdüpdim. –– Martin bir pursat dymanda öňünde özüniň birmahalky kölegesi — otagda çaýkanyp ýöreýän ýaş ýigit peýda boldy.

— Men ozal bu ýere gelýän her bir adam ýanyp duran akyllydyr öýdýärdim. Ýöne şu günki gören az sanly wakalarymdanam men eýýäm belli bir netijä gelip bilýärin. Ol adamlaryň köpüsi barypýatan nadan, beýlekileriňem togsan göterimi örän içgysgynç. Ynha, professor Kolduel welin, hakyky adam.

Soňky sözler Rufy begendirdi.

— Şol adam barada maňa pikiriňizi aýdyň. Ýöne onuň ajaýyp adamlygy barada däl. O tarapyny, sizden soramanymda-da, gaty gowy bilýän. Siz ol adamdan närazy bolar ýaly näme tapdyňyz, nämesi size ýaramady? Meniň şony bilesim gelýär.

— Birden men ýüňsakgal bolaýsam näderin? — diýip, Martin oýunlyga salyp gepledi. — Professoryň kemçiligini, belki, öňürti özüňiz aýdarsyňyz. Ýa-da siz onuň diňe gowy taraplaryny görýärsiňizmi?

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men onuň elinde iki ýyl okadym. Şonuň üçinem onuň sizde nähili täsir galdyranyny bilesim gelýär.

— Diýmek, sizi dörän ýakymsyz täsir gyzyklandyrýar-da. Şeýlemi? Ýeri, bolýa-da. Professor siziň goýýan hormatyňyza hem haýran galmagyňyza diýseň mynasyp adam. Ol meniň şu mahala çenli sataşanlarymyň arasynda iň akylly hem aň-pikir taýdan ösen adam. Ýöne onuň wyždany parahat däl. Beýle diýsem, ýaramaz zat barada pikir edäýmäň. Ol maňa hadysanyň çuňlugyny görüp, örän gorkany sebäpli, asla hiç zat görmändigini öz-özüne ynandyrjak bolýan adam ýaly bolup duýulýar. Belki, men öz pikirimi onçakly aýdyň aýdyp bilýän däldirin. Başgaçarak edip aýtmaga synanyşaýyn. Gür tokaýda görünmän duran ybadathana barýan ýoda tapsa-da, ybadathana tarap gitmedik adamy göz öňüne getiriň. Ol, belkem, ybadathanany gözi bilenem görendir welin, soň gören zadynyň hakyky ybadathana däl-de, ýöne salgym bolandygyny özüne ynandyrýar. Ýa-da başga-da bir zat. Edermenlik görkezip biljek adam ony gerek hem hasaplaman, soňam edip biljek zadyny etmändigine ökünip gezýär. Ol adam ýüreginiň teýinde eden işi üçin, almaly baýrak-serpaýlarynyň üstünden gülýär, ýöne ondanam has aňyrda bolsa şol baýrak-serpaýlary, edermenligiň getirjek şatlyk-begenjini küýseýär.

— Men professora meseläniň ol tarapyndan çemeleşip göremok. Şeýle hem men siziň aýtmak isleýän zatlaryňyza oňly düşünibem baramok.

— Sebäbi aýdýanlarym meň üçinem bulaşyk ýaly — diýip, Martin özüni aklajak bolýan ýaly gep tapdy. — Men ol pikiri hakykat taýdan esaslandyrybam bilemok. Ol diňe duýgy. Ol duýgynyň meni aldaýan bolmagy-da gaty ahmaldyr. Belki, siz professor Koldueli menden gowy tanaýansyňyz.

Şol gezek Morzlarda bolan duşuşykdan Martiniň kalbynda geň hem gapma-garşylykly duýgy galdy, maksat-hyýallary amala aşmady, deňleşmek islän adamlaryndan tamasy çykmady. Beýleki tarapdan bolsa, eden açyşy ony begendirdi. Ýetmek üçin arzuwyny eden ýokary basganҫaklaryna çykmak onuň çak edişinden ýeňil eken. Martin diňe bir ýokary galmagyň kynçylygyny geçmek däl (ol muny at oýnadan kişi bolup, özünden gizlemedi), eýsem, deňleşmegi arzuw eden adamlarynyň professor Koldueldenen başgasyndan artykmaç bolup çykdy. Martin ol adamlaryň hemmesinden köp okapdy, durmuşy hem olardan gowy bilýärdi. Ýöne ol şol adamlaryň öz bilimlerini haýsy burçda, haýsy ýerzeminde gizländiklerine welin, akyl ýetirip bilmeýärdi. Emma Martin özüne

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

çakdanaşa ýiti aň berlendiginiň, hakyky hem çyn akyldarlary Morzlaryň myhman otagyndan-a hijem gözlemeli däldiginiň, olaryň ýerden has ýokarda, zemin başagaýlyklaryndan, her gün sataşylýan ahlaksyz durmuşdan alysda, mawy asman giňişliginde ýeke özi gaýyp ýören bürgüt şalygynda bolýandygynyň pikirini hem etmeýärdi.

## XXVIII bap

Üstünlik Martiniň öýüniň nirededigini ýadyndan çykardy. Üstünligiň çaparlary gaýdyp hoş habar bilen onuň gapysyny kakmady. Martin ýigrimi bäş günläp, hatda dynç günlerinde-de, baýramçylyklarda-da arasyny kesmän, «Günüň utanjy» atly otuz müňe golaý sözli uly makalasynyň üstünde basa oturyp işledi. Ol Materligiň esassyz düşünjä uýýan mekdebine hakyky daýanja esaslanyp edilýän hüjümdi. Makalada diňe durmuş hakykaty bilen utgaşýan kän-kän gowy pikirler bar hem bolsa, ondaky esasy hüjüm bolmajak täsinlige ýetmegi arzuw edýänleriň, toslaýjylaryň garşysyna gönükdirilendi. Soň-soňlar Martin ol makalanyň üstüne «Täsinlik hyzmatçylary», «Biziň «menimiziň» ölçeýjisi» diýen iki sany kiçiräk oçerkini hem goşdy. Uzynmy, gysgamy — olaryň hemmesi redaksiýalara syýahat etmäge iberildi.

«Günüň utanjyna» sarp eden ýigrimi bäş gününiň dowamynda Martine «düşewüntli» eserlerinden alty ýarym dollarlygyny satmak başartdy. Bir kiçijik ýazgysy üçin bolsa, ol elli sent aldy, başga bir gülküli žurnala ýollanyndanam tutuş bir dollar geldi. Bulardan hem başga iki sany degişme goşgusynyň birine iki, beýlekisine üç dollar berildi. Ahyrynda-da pul meselesinde yzyndan ýetdiren Martin (bakaleýanyň eýesiniň nesýe çägini bäş dollara çenli artdyrandygyna garamazdan) paltosy bilen tigrini girewe goýmaly boldy. Hat ýazýan maşyny wagtlaýyn ulanmaga berýän edaradanam pul talap etdiler hem şertnama görä, tölegi bir aý öňünden bermelidigini ýatladýan habar geldi.

Birnäçe maýda-çüýde ýazgylarynyň satyn alynmagyndan ruhlanan Martin ýene «ýöntem eserleri» döretmek bilen meşgullanmaly diýen netijä geldi. Belkem, şol «ýöntemleriň» hasabyna eýdip-beýdip ýaşap bolar. Onuň stolunyň aşagynda edebiýat agentleri tarapyndan yzyna gaýtarylan ýigrimi töweregi kiçijik hekaýa ýatyrdy. Martin gazet hekaýalaryny nädip ýazmasyzdygyny öwrenmek hem şeýlelik bilen, hekaýa nusga bolarlyk bir galyp edinmek üçin, gaýdyp gelen eserlerini gaýtadan okap çykdy. Ol öňi bilen gazet hekaýalarynda gam-hasratly,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ölüm-ýitimli çözgütden, dilinde çakdanaşa owadanlykdan saklanmalydygyna, pikirleriň sada, duýgynyň ýüzleý bolmalydygyna düşündi. Ýöne duýgy welin, herhal, onda-da belent maksatly, ýokary adamkärçilikli, bir mahal ony zalda oturan ýerinden el çarpmaga mejbur eden «Garyp bolsa-da sapýürekli» diýen oýnuňky ýaly bolmalydygyna göz ýetirdi.

Şol zatlary aýdyňlaşdyryp, Martin öz döreden nusgasy boýunça hekaýa ýazmaga başlady. Ol nusga üç hasapdan ybaratdy:

1. Halaşýan ýigit bilen gyz bir-birinden hökman jyda düşmeli;

2. Haýsydyr bir wakanyň sebäp bolmagy bilen olar ýene birleşmeli;

3.Toý dabarasy. Şu nusganyň üçünji bölümi hemişe durnuklylygyny saklamaly, birinji hem ikinji bölüm bolsa, üýtgäbem biler. Söýgülileri ýowuz bir betbagtlykmy, gabanjaň garşydaşlarmy, rehimsiz ene-atamy, mekir hossarlarmy we ş.m.-ler aýra salyp biler. Söýgülileri birleşdirjek zat bolsa, olaryň biriniň görkezen edermenligi, hossarlyk edýäniň, ene-atanyň hem garşydaşlaryň mejbury ýa-da keýpihon razyçylygy, garaşylmadyk bir syryň üstüniň açylmagy, söýýän ýigidiň özüni pida etmegi ýaly sanasaň sogaby bar sebäpler.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Käte söýýän gyzy ilkinji ädim ätmäge-de mejbur edip bolar. Martin şol mowzugy özleşdirmek bilen, olardanam başga bir topar çylşyrymly, mekir usul, amatly tär baryny tapdy. Ol asman aşak inip, ýer hopýanam bolsa her hekaýanyň ahyrynda hökmany suratda toý dabarasyny döretmek meselesini öz islegine görä amala aşyryp bilmeýärdi. Hekaýanyň göwrümi hem anyk bellenendi: aňyrsy üç müň, bärsi bir müň iki ýüz söz.

Martin şeýle ýol bilen hekaýa ýazmagyň tärini ele alýança, bäş ýa-da alty hekaýanyň suduryny döredip, işlän mahaly hökman şol nusgalara laýyklykda galam ýöredýärdi. Ol matematikaçylaryň ulanýan ýokarsyndanam, aşagyndanam, sagdan çepe, çepden saga okap bolýan, özi hem kelläňi agyrtman, janyňy gynaman, islendik utgaşmalardan dürs hasap çykarýan tablisasy ýaly bir zatdy. Şol suduryň kömegi bilen Martin ýarym sagatda on töweregi hekaýanyň suduryny ýasady, soňra wagt tapylanda şol sudurlardan hekaýa döredibermelidi. Adatça, ol beýle işi uzynly günki hakyky döredijilik işinden ýadanyndan soň, ýatmazynyň öň ýany edýärdi. Soň-soňlar ol beýle hekaýalary düýşünde-de ýazyp bilýändigini Rufa gürrüň berdi. Esasy wezipe hekaýanyň mazmunyny tablisa geçirmekdi, galan iş endige görä öz-özünden boluberýärdi.

Martin Iden öz kesgitlemesine bil baglaýardy hem neşirýatlaryň islegini bilýändigi üçin, ilkinji iki hekaýany redaksiýa ýollap, olardan netije çykjakdygyna ynandy. Dogrudanam, on gün geçip-geçmän, Martin her haýsy dört dollarlyk iki petek aldy.

Şol bir mahalyň özünde-de Martin «Transkontinental biraýlygy» žurnaly babatda ýakymsyz açyş etdi. Žurnal Martiniň «Jaňyň ýaňy» hekaýasyny çap etse-de, galamhaky ibermedi. Martin pulsuz gaty horlanýandygy sebäpli, redaksiýa hat ýazmaly boldy. Ol puluň petegine derek gümürtik jogabynyň ýany bilen, ýene bir eser ibermegi haýyş edilýän hat aldy. Martin iki gün aç oturanyndan soň, ýene tigrini girewine goýmaga mejbur boldy, bermeli bäş dollaryny ýatladyp, hepdede iki gezek hem yzyny üzmän «Biraýlyga» habar ýetirdi. Çaky, ilkinji jogap tötänden iberilipdi. Martin «Biraýlygyň» indi telim ýyl bäri özüni hem ekläp bilmeýänligindenem, ol žurnala ýazylýanlaryňam, satyn alýanlaryňam ýokdugyndan, diňe haýyr-sahawatlyk nukdaýnazaryndan çap edilýän bildirişleriň hasabyna ýaşaýanlygyndanam habarsyzdy. Ol «Biraýlygyň» redaktor bilen neşirçiniň ýeke-täk eklenç çeşmesidigini, eklenji hem diňe öz ýazarlarynyň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hakyny tölemezlik bilen gazanýandyklaryny-da bilmeýärdi. Öz bäş dollaryna redaktoryň Alameddäki jaýyny reňkländigini, onda-da suwagçylar birleşiginiň iş üçin kesýän nyrhy gaty çökder bolansoň, birinji tutan ussasy hem kimdir biriniň bilgeşleýinden itekläni sebäpli basgançakdan ýykylyp, aýagyny döwdürip hassahana äkidileni sebäpli, özüniň reňklemeli bolandygyny Martin nireden bilsin.

Martin Çikago gazetiniň kabul eden «Hazyna gözleýjiler» oçerki üçinem düşýän on dollaryny almady. Ol oçerkiň çap edilenini şäher okalgasynda žurnallary agtaryşdyryp otyrka bildi, ýöne neşirçiden welin, hiç hili jogap gelmedi. Onuň ýollaýan hatlary hem ünssüz galýardy. Hatyň olara gowuşýandygyna anyk göz ýetirmek üçin, Martin bir bukjany ýollanýanyň hut öz eline gowşurylýan usul bilen iberdi. «Bu talaňçylyk — diýip ol pikir etdi. — Onda-da gündiziň güni ak ýolda bolup geçýän talaňçylyk». Ol-a kör-köpügi bolmansoň, açlyk çekýär, başga biri hem onuň bir döwüm çörek alyp biljek puluny ogurlaýar.

«Ýaşlyk hem ýetginjeklik» hepdelik žurnaldy. Powestiň ýigrimi bir müň sözden ybarat üçden iki bölegini çap edensoň, ol žurnalyň çykmasy togtadyldy. Şeýlelik bilen, on alty dollar almak baradaky umyt hem puja çykdy.

Bu bulaşyklaryň soňunda-da Martiniň «Gazan» atly iň gowy hekaýasy netijesiz gitdi. Ol lapykeçlik bilen bir topar žurnalyň içinden saýlap, ol hekaýany San-Fransiskodaky «Tolkun» diýen neşire ýollapdy. Onuň saýlanyp tutulmagyna hem jogap tiz geler diýen ynam sebäp boldy. Ol redaksiýa golaýdy, aýlagyň aňyrky kenarynda ýerleşýärdi. Iki hepde töweregi geçenden soň, Martin hekaýasynyň žurnalyň görnükli ýerinde, özi-de çeper bezeg bilen owadanlanyp çap edilenine gözi düşüp şatlandy. Gursagy begençden doly Martin öýe gelensoň, iň gowy hekaýasy üçin näçe galamhakynyň aljagynyň hasabyny çykarmagyň aladasyny etdi. Žurnalyň redaktory golýazmanyň kabul edilendigini habar bermedigem bolsa, meseläniň tiz çözlüp, hekaýanyň derrew çap edilmegi Martini begendirdi. Iki hepde gowrak garaşyp, galp utanjaňlygynyň üstüne atanak çeken Martin kän-kän aladasynyň bardygy zerarly, özüniň kiçijik hasabyna üns bermäge eli ýetmedik redaktora sypaýyçylyk bilen hat ýazdy.

«Hekaýa üçin hatda bäş dollar töleselerem, noýba, nohut alyp, ýene alty-ýedi sany şolar ýaly hekaýa ýazmaga mümkinçilik döredérdim» diýip, Martin oýlandy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ahyrsoňy özüniň ajaýyp haýasyzlygy bilen Martini şatlandyran hat gelip gowuşdy.

«Örän oňat hekaýaňyz üçin, biz size minnetdarlyk bildirýäris. Redaksiýada hemmämiz ony uly höwes bilen okadyk hem, öz görşüňiz ýaly, ony žurnalyň iň görnükli ýerinde çap etdik. Hekaýanyň surat bezeglerini-de siz halansyňyz diýip umyt edýäris.

Hatyňyzdan görnüşi ýaly, siz biziň tabşyrygymyz bilen ýazylmadyk eserlere-de galamhaky töleýändir öýdýär ekeniňiz. Ýok, beýle däl. Siziň hekaýaňyzam biziň haýyşymyza görä ýazylanok. Hekaýaňyzy kabul edenimizde siz ol barada bilýänsiňiz öýdüpdik. Bize diňe şeýle ýakymsyz düşnüksizligiň bolandygyna haýpymyzyň gelýändigini aýdaýmak galýar. Ýene bir gezek minnetdarlyk bildirmek bilen, sizden täze eserlere garaşýarys».

Hata tirkelen goşmaça ýazgyda bolsa, düzgüne görä, «Tolkunyň» hiç kime mugt ýollanmaýandygyna garamazdan, redaksiýa Martini geljek ýyl žurnala ýazyljaklaryň sanawyna goşmagy özüne uly hormat hasap edýändigi bellenýärdi.

Şeýle ýakymsyz tejribeden soň, Martin redaksiýalara iberýän eserleriniň hemmesiniň birinji sahypasynyň ýokarsyndan: «Tölegi siziň adaty nyrh goýşuňyza görä» diýen, duýduryşy ýazmaga başlady.

«Ir-u-giç olar maňa berilmeli adaty nyrha görä töläp başlarlar» diýip, Martin özüni köşeşdirdi.

Şol döwürde Martin öz-özüni kämilleşdirmek «keseline» uçrady. Ol «Şadyýan köçe», «Durmuş meýi», «Şatlyk», «Deňiz aýdymlary» ýaly irki eserlerini düzedişdirdi, başdan-aýak täzeden işledi. Oňa on dokuz sagatlyk iş güni henizem azlyk edýärdi. Martin çilim taşlamaklykdan görýän güzabyny aladanyň kömegi bilen basmak üçin, hem okady, hem ýazdy. Rufuň çilim goýmakdan derman diýip iberen närsesini ol stoluň tahylynyň düýbüne taşlady. Çilim goýmaga edilýän synanyşyk has beterem ol aç mahaly kän azap berýärdi, çilimi küýsemek islegini şunça ýeňjek bolsa-da, ýeňip bilmeýärdi. Martin çilimi goýmagy özüniň iň uly edermenligi hasaplaýardy, Ruf bolsa ony diňe dürs ädim ätmek diýip kabul edýärdi. Ol Martine iberen çilim goýmaga kömek edýän serişdäni özüniň ownuk-uşak zada harçlamak üçin ýygnan pulunyň ujundan alypdy, birnäçe gün geçeninden soň bolsa, ony düýpden ýadyndan çykarypdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin özüniň el ujundan ýazan hekaýalaryny ýigrenýärdi, olaryň üstünden gülýärdi, emma satyn alynýan eserler welin, ýene şolardy. Ony ähli bergisinden çykaran, tigrine teker almaga mümkinçilik döredenem ýene şol hekaýalar boldy. Ol hekaýalar Martiniň gündelik zerur bolan sowalgasyny berdi, şol sebäpli hem Martinde çynlakaý eser ýazmaga maý döredi. Bulardanam başga «Ak Syçan» žurnalyndan alan kyrk dollary Martiniň mydama göwnüni galkyndyrýardy. Beýleki agramly žurnallaram ýazyja şonça, belki, ondanam gowrak hak töleýän bolsa näbiljek. Ýöne mesele şol agramly žurnallara çeňňegiňi ildirmekdedi. Ol žurnallar her sanynda onlarça ýuwan, ahlaksyz zatlary çap edýänem bolsalar, Martiniň iň gowy hekaýalarynam, goşgularynam mydama yzyna gaýtarýardylar.

«Şol ketde redaktorlaryň birinden-biri özüne kiçilik bilmän, maňa goltgy bolar ýaly, ýekeje setir göwün göteriji hat ýazaýsady — diýip, Martin käte pikir edýärdi Belki, meniň döredijiligim olar üçin adaty däldir. — Belki, meniň ýazýanlarym dürli sebäplere görä olaryň islegine gabat gelýän däldir. Eýsem-de bolsa, meniň eserlerimde jogap bermäge höwes oýarar ýaly hem tutaryk ýokmuka?!»

Ynha, Martin neşirýatçylaryň dymmagynyň sebäbini bilmek isläp, «Başdangeçirmäni» ýa-da şoňa kybapdaş başga bir hekaýany ýüzünji gezek okap çykýar.

Kaliforniýanyň maýyl baharynyň başlanmagy bilen Martiniň asuda durmuşy hem tamam boldy. Edebiýat agentliginiň birnäçe hepdeläp düşnüksiz dymmagy-da oňa ynjalyk bermedi. Ahyr soňunda-da, onuň «el ujundan» ýazylan on sany hekaýasy bir günüň içinde yzyna gaýdyp geldi. Hekaýalaryň ýany bilen iberilen hatda şu mahal edebiýat agentliginiň üstüniň golýazmadan doludygy, ýene birnäçe aý geçäýmese, eser ibermekden netije çykmajagy aýdylýardy. Martin bolsa, şol hekaýalar bäş şaýy getirer diýen ynam bilen soňky wagtlarda pul meselesinde-de az-kem eli açyklygam edäýipdi. Agentlik, adatça, her hekaýa bäş dollar töleýärdi. Martin hem henize çenli ýekeje hekaýasy-da yzyna gaýdyp gelmänsoň, aňyrsynda elli dollary bar ýaly bolup ýaşaýardy. Şeýlelik bilen, Martin üçin ýene agyr synag başlandy. Ol çykgynsyz ýagdaýda galyp, köne hekaýalaryny pul tölemeýän kiçiräk neşirlere iberip başlady, täzelerini bolsa, öňkülerini yzyna gaýtaran agramly žurnallara ýollady. Ol ýene Oklend girewhanasyna gatnap ugrady. Nýu-Ýork hepdeliginiň kabul eden iki-üç sany

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

degişme goşgusy Martine ölmezödülik bäş şaýy getirdi. Ol ähli uly žurnallara näme sebäbe zatlaryny çap etmeýändiklerini sorap hat ýazmaly etdi. Oňa buýrulyp ýazdyrylmadyk, keseden gelýän eserlere, umuman, seredilmeýär, çap edilýän eserleriň aglabasy redaksiýanyň tabşyrygy bilen ýazylan atly, tejribeli ýazyjylaryň eserleri diýen jogap gaýtaryldy.

**XXIX bap**

Bu tomus Martin Iden üçin agyr boldy. Redaktorlar hem neşirçiler dynç almaga gidendikleri zerarly, adaty üç hepdeden yzyna gaýdyp gelýän hekaýalar indi üç aýlap redaksiýalarda ýatmaly boldy. Ýeke-täk köşeşdiriji ýapyşalga — bukjalara ýelmenýän marka üçin çykdajy çekilmeýärdi. Diňe ýazarlaryny talaýan žurnallar, öňküleri ýaly, ýokary depgin bilen işleýärdiler. Martin ol neşirlere irki ýazan «Dür gözleýjiler», «Deňizçiniň hünäri», «Pyşbaga tutulyşy», «Demirgazyk — günorta passat» ýaly oçerkleriniň hemmesini iberdi. Olaryň ýekejesi üçinem hak tölenmedi. Dogry, alty aýlyk hat alyşlykdan soň, «Pyşbaga tutulyşy» üçin Martin bir sakgal syrylýan päki aldy, «Akropol» bolsa «Demirgazyk — günorta passat» üçin bäş dollar bilen bäş sany ýyllyk ýazga wada berdi, ýöne ol wadanyň diňe ikinji bölümi berjaý edildi.

Martin Stiwenson hakyndaky sonet üçin «pul seçmegi» halamaýan bir Boston neşirçisinden iki dollar aldy. Onuň «Peri hem dür» atly ýap-ýaňy tamamlan poemasyny San-Fransiskoda uly demir ýol kompaniýasynyň hasabyna çap edilýän bir žurnalyň redaktory örän halapdyr. Ýöne ol esere pul tölemäge derek otluda mugt gatnamagy hödürleýärdi. Martin hat üsti bilen otla mugt münmek hukugyny başga kişä berip bolýandygyny-bolmaýandygyny sorady. Ol hukugy başga

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
adama bermek bolmaýandygyny, sonetdenem hiç hili gazanç gelmejekdigini bileninden soň, Martin golýazmanyň yzyna gaýtarylmagyny talap etdi. Golýazmany derrew iberdiler, redaktor hem öz hatynda soneti çap edip bilmändikleri üçin haýpynyň gelýändigini ýazypdyr. Martin sonetini ýene San-Fransiskä ikinji sapar, ýöne bu gezek ir döwürde atly bir galamgär tarapyndan döredilip, gysga wagtda-da belli neşire öwrülen «Şerşen» žurnalyna ýollady. Ýöne ol žurnalyňam bir wagtlar lowurdan ýyldyzlary Martin dünýä inmezindenem has öňräk öçüşip başlan eken. Redaktor poema on bäş dollar tölemegi wada berdi, eser çap bolan badyna-da, çaky beren wadasy hakydasyndan çykdy. Kän gezek eden ideg-soragyna jogap almadyk Martin ahyrsoňy birneme janagyryly hat ýazmaly boldy. Hata žurnalyň täze redaktoryndan özünden öňküniň goýberen ýalňyşlyklaryna jogap bermeýändigini beýan edýän sowuk habar aldy. Şeýle hem täze redaktor onuň «Peri hem dür» poemasyndan göwnüniň onçakly suw içmeýändigini hem hatynda ýaňzydan eken.

Martiniň garşysyna iň ýakymsyz hereket eden Çikagonyň «Globus» diýen žurnaly boldy. Açlygyň täsiri ýetip, kän ýaýdananyndan soň, Martin «Deňiz aýdymlaryny» barybir çapa hödürlemeli etdi. On iki sany žurnaldan gaýtarylan ol goşgularyň ahyr «Globusa» baransoň düşegi ýumşady. Toplumda otuz goşgy bardy, Martin her goşgy üçin bir dollar almalydy. Birinji aýda dört goşgy çap edilip, ýazara-da dört dollar tölendi. Ýöne žurnala ser salan Martin haýykdy. Goşgularyň atlary «Finise» derek «Finiş», «Deňiz gaýasynyň aýdymyna» derek «Merjenli gaýanyň aýdymy» diýlipdir, bir at başga at bilen çalşyrylypdyr. «Meduzanyň yşygyna» derek redaktor «Yz yzda galýar» diýip ýazypdyr. Goşgularyň özleri-de mazaly parçalanypdyr. Martin dişini gyjap, saçyny penjeledi. Sözler, tutuş setirler, söz öwrümleri bulaşdyrylypdyr, ýerleri çalşyrylypdyr, taşlanypdyr welin, käte dagy many alar ýaly hem bolmandyr. Käbir setirler bolsa, başga kişiniň setiri bilen çalşyrylypdyr. Martin akyly ýerindäki redaktoryň beýle garaýüreklilik edendigine ynanmady, bu iş kimdir bir, tipografiýada işleýän oglanjyga ýa-da göçürijilere degişlidir öýtdi. Martin desbi-dähil goşgularyň dowamynyň çapa berilmezligini hat yzyna hat iberip talap etdi, ýalbardy, haýbat atdy. Ýöne onuň hatlaryna üns berilmedi. Özgerdilen, zaýalanan goşgular žurnalda her aýda peýda boldy, her aýda-da Martin çap bolan eserleri üçin galamhaky aldy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Şeýle şowsuzlyklaryň ýany bilen Martin «Ak Syçandan» kyrk dollar alandygyny ýadyndan çykarmaýardy, ýöne, barybir, wagtynyň köpüsini «düşewüntli» maýda eserleri ýazmaga harçlaýardy. Ol garaşylman duran ýerden agronomlyk hem söwda žurnallaryndan «bähbitli orun» tapdy, dini žurnal bilenem iş salyşmaga taýýynlandy-da, netijäniň aç ölmeklige alyp barjakdygyna göz ýetirdi.

Halys çykgynsyz ýagdaýa düşüp, gara penjegini-de girewe goýanyndan soň, respublikan birleşen partiýasynyň komiteti tarapyndan yglan edilen bäsleşikde birden Martiniň bagty çüwdi. Umuman-a, ol bir bäsleşik hem däldi-de, üç bäsleşikdi. Martin hem olaryň üçüsinde-de ýeňiji bolup çykdy. Ol öz üstündenem, şeýle hilegärliklere baş goşmaly bolýandygyna-da gülmeli boldy. Onuň poemasy on dollarlyk birinji orna, wagyz-ündew häsiýetli aýdymy bäş dollarlyk ikinji orna, iň soňunda-da respublikan partiýanyň wezipeleri diýen makalasy hem ýigrimi bäş dollarlyk birinji orna mynasyp boldy. Bu zatlaryň hemmesi Martini begendirdi, ýöne ol begenç hem baýragyň puluny almaga barýança dowam etdi. Hatarynda bir senator bilen bir bankçy bar hem bolsa, düşnüksizlik döräp, komitetde kör-köpügem galman eken. Meseleden çykalga gözlenýänçä, Martin bular ýaly bäsleşige makala ýazyp, birinji baýrak almak bilen respublikan demokratik partiýanyň işlerindenem oňat baş çykarýandygyny tekrarlady. Şeýle hem ol özüniň ýigrimi bäş dollaryny aldy, birinji bäsleşikden düşýän kyrk dollarynyň welin, hiç mahalam garasyny görmedi.

Ruf bilen duşuşmak üçin, Martin hilegärlige baş urmaly boldy. Demirgazyk Oklendden Morzuň öýüne ýetip gaýtmagyň gaty kän wagt aljakdygy sebäpli, Martin deregine gara penjegini goýup, tigrini yzyna almaly etdi. Morzlara tigirli gitmek wagt utmakdanam başga, fiziki taýdanam peýdalydy. Bu ýerde ýene bir utuş bardy. Başga geýmäge penjegi bolmansoň, ýelkeniň matasyndan tikilen jalbar bilen köne switer tigir sürýäniň ýörite eşigidir hasap etdirtjekdi. Şonuň üçinem Martin indi Ruf bilen her günem tigirli gezelenje çykyp biljekdi. Onuň bilen öýde duşuşmak bir hili oňaýsyzdy. Sebäbi miss Morz ýokary gatlak adamlary bilen duşuşmak maksadyny durmuşa geçirmegini dowam edýärdi. Ýokary gatlak hasap edilýän jemgyýetiň ýap-ýaňy-da agzyna garadan wekilleri Morzlaryň myhman otagynda duşuşylanyndan soň, Martiniň diňe ganyny gyzdyrýardy. Indi olaryň jemgyýeti Martin üçin saýlantgy jemgyýet däldi. Kyn ýaşaýyş, dartgynly iş, soňy gelmeýän döredijilik şowsuzlygy Martini janyýangynly hem gaharjaň adama öwürdi. Şonuň üçinem ýokary gatlagyň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
wekilleri diýilýän adamlar ony gazap atyna ataryberýärdiler. Beýle ýagdaý onuň özüne çakdanaşa ýokary baha berýändiginden döremeýärdi. Martin adamlary özüne deňäp agramlaman, kitaplaryny okanda haýran edýän beýik akyldarlary bilen deňäp baha berýärdi. Ol Morzlaryň öýünde henize çenli, näme üçindir olara myhmançylyga gelmesini kesen professor Koldueldan gaýry ýekeje-de, hakykatdanam, akylly adama gabat gelmedi. Şondan başga olaryň hemmesi durmuşa oýlanman, ýüzleý garaýan, ýuka pikirlenýän dereksiz adamlar. Olaryň nadanlygy Martini aňk etdi. Näme üçin olaryň bary bisowatka? Olar öz bilimlerini nirä ýitirim etdilerkä? Ýogsam Martiniň okan kitaplaryny olar hem okapdyrlar. Olar ylym kölüne girip, nähili ýol bilen gury çykdylarka?

Martin beýik akyldarlaryň, örän düýpden yzarlamagy başarýan danalaryň bardygyny bilýärdi. Ony Morzlaryň derejesinden ýokary galmaga kömek eden kitaplar hem şol pikiriň dogrudygyny tekrarlaýarlar. Şeýle hem Martin şol «gatlakda-da» Morzlaryň myhmanhanasyna ýygnananlardan tapawutlanýan akylly, täsin adamlaryň bardygyny bilýärdi. Martin okan iňlis romanlarynda ýokary gatlak adamlarynyň myhman otaglarynda syýasat barada, filosofiýa barada çekeleşmelerine gabat gelýärdi. Ol Angliýanyň, diňe Angliýanyňam däl, Amerikanyňam uly şäherlerinde sungat hem ylym bilen meşgullanýan adamlaryň, çekeleşme üçin duşuşýan belli bir ýerleriniň bardygyny hem bilýärdi. Martin ozal garamaýaklar gatlagyna degişli bolmadyk her bir gowy geýnen adam düýpli düşünjäniň, gözelligi inçeden yzarlap bilýän ýiti duýgynyň eýesidir öýdýärdi. Ol krahmallanan ýakalygy medeniýetliligiň nyşany hasaplaýardy, uniwersitetiň beren sowady bilen hakyky bilimiň arasynda uly parh bardygyny hem bilmeýärdi.

Şeýle-de bolsa, Martin belentlikden belentlige ýol salmakçydy. Ol Rufy hem şol ýol bilen alyp gider. Halys ýürekden söýýänligi üçin, Martin onuň hemme ýerde-de üstünlik gazanjakdygyna ynanýar. Ol indi pes ýaşaýyş şertiniň öz ösmegine ýol bermeýşi ýaly, ýokary ýaşaýyş şertiniňem Rufuň ösmegine päsgel berendigini bilýär. Rufda henize çenli öz hakyky ýüzüni görkezmäge mümkinçiligem bolmandy. Atasynyň kabinetindäki kitaplar, öz otagynyň diwarlaryndaky çeper suratlar, özüniň roýal çalmagy — bularyň hemmesi diňe owadan daşky görnüşdi. Morzlaryň özleri-de, olaryň baryş-geliş edýän tanyşlary-da hakyky edebiýata, hakyky surata, hakyky saza gezek gelende hem kerdiler, hem kördüler. Barlylar üçin sanalan zatlardan has zerury ýaşamakdy, ýöne olarda ýaşamagyň manysyna-da, ýaşaýşyň talap ediş derejesinde düşünmäge düşünje ýokdy. Olar özlerini

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

tapylgysyz, seýrek adamlaryň topary hasap edýärdiler, erkin pikirliligiň perdesini ýapynýardylar, näme etselerem, hakyky ylymdan welin, iki asyr yza galýardylar, pikirleniş derejeleri bolsa, orta asyr adamlarynyňkydan tapawutlanmaýardy, olaryň dünýä, onuň döreýşi baradaky garaýyşlary dialektikany inkär edýän metafizikleriň edil ýaş juwanlarynyň, şeýle hem, birçaklar gowakda ýaşaýan adamlaryň, hatda olardan-da gadymkylaryň derejesindäki garaýşyny ýatladýardy. Ol ilkidurmuş maýmyn pisint adamlary tümlükden gorkmaga mejbur eden, indeýlere Howenäniň Adamatanyň gapyrgasyndan döredilendigi hakyndaky pikire ynandyran şol köne metafizikady. Ol Dekarta dünýäni öz sana geçmeýän hususy «menimiň» nukdaýnazaryndan görmegi öwretdi, angliýaly belli dindar dünýädäki ösüşiň üýtgeýändigi, özgerýändigi baradaky düşünjäniň ýowuz satirada paş edilmegini gazanyp, adamlarda haýran galyjy duýgy oýardy, öz adyny uly harplar bilen taryha ýazdyrdy.

Martin şol zatlar barada näçe köp oýlandygyça-da işçiler gatlagynyň wekilleri bilen aklawçylaryň, serkerdeleriň, peýdakeş harsydünýäleriň, bankçylaryň arasyndaky tapawut olaryň diňe başgaça iýip-içýändiklerinde, başgaça geýinýändiklerinde, başgaça ýaşaýandyklarynda diýip gelen netijesi barha berkeýärdi. Şol iki tarapyň ikisine-de esasy zat, deň-derejede ýetmeýärdi: ol Martiniň kitaplardan tapan, öz kalbynda-da bar bolan duýgusydy. Morzlar Martini öz gatlagynyň saýlama adamlary bilen tanyşdyrdylar, emma Martiniň olardan göwni suw içmedi. Ol garyp batrak bolsa-da, Morzlarda gabat gelen saýlantgy hasap edilýänlerden bir gez belentdi. Girewine goýan penjegini alandan soň, şol adamlaryň arasyna düşen Martin özüni çopanlaryň arasynda ýaşamaga mejbur edilen şazada hasap etdi.

— Siz sosialistleri hem ýigrenýärsiňiz, hemem olardan gorkýarsyňyz — diýip, Martin bir gezek nahar mahaly mister Morza ýüzlendi. — Näme üçin? Siz olaryň özlerinem, nukdaýnazarynam bileňzok ahyryn.

Sosializm baradaky gürrüň mister Morzuň Hepgudy öwüp arşa çykarmagyndan başlandy. Martin öz-özünden göwnühoş, ahlaksyz Hepgudy halamaýardy, her gezek şondan gep açylsa, Martiniň aňyrsy bärik gelip, kanagatyny ýitirýärdi.

Bir sapar Martin:

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Hawa, Hepgudyň erteki güne ynamy güýçli — diýdi. — Ol hakda hemmeler gürrüň edýärler. Ol dogry. Ol ölmezinden has ozal gubernatoryň, belki, senatoryňam kürsüsini eýelemegem ahmal.

— Siz näme sebäbe beýle çak edýäňiz? — diýip, mister Morz sowal berdi.

— Sebäbi men onuň saýlawyň öň ýanyndaky kampaniýada sözlän sözüni diňledim. Ol çykyş akylly samsyk çykyşdy, lenç edilen sözlerden ybaratdy, şol bir mahalyň özünde-de şeýle bir ynandyryjydy welin, ýolbaşçylar ony iň ynamdar, iň howpsuz adam hasap ederler. Onuň dereksiz gepleýşi bolsa, ortaça dereksiz saýlawçynyň dereksizligi bilen bap gelýär. Ýokardan gepleýän adamyň pikiri bilen öz hususy pikiri gabat gelse, aşakda durup diňleýän adam gowy görýär.

— Siziň mister Hepguda gözüňiz gidýärmikä öýdýärin — diýip, Ruf hem söze goşuldy.

— Olar ýaly adama göz gitmekden Hudaýyň özi saklawersin!

Martiniň gözlerinde dörän elhenç nazar miss Morzy aýgytly görnüşe geçmäge mejbur etdi.

— Siz mister Hepguda akmak adam diýmek isleýärsiňizmi? — diýip, ol tutuk äheň bilen sorady.

— Ortaça respublikaçydan beter akmak däl. Ortaça demokratdanam. Olar ýa samsyk, ýa-da mekir. Mekirlerem azrak bölegi. Ýeke-täk akylly respublikaçylar millionerler hem olaryň düşünjeli hyzmatçylary. Ana, şolar welin, gowrulan etiň ysynyň haýsy tarapdan gelýändigini, onuň bahasynyň näçedigini örän oňat bilýän adamlar.

— Ynha, men respublikaçy — diýip, mister Morz ýylgyryp gepledi. — Siz maňa nähili baha berýärsiňiz?

— Siz aňsyz hyzmatçy ýaly.

— Hyzmatçy?!

— Ýogsam näme? Elbetde. Siz korporasiýanyň agzasy. Sizde işçiler synpynyň bilimi ýok, jenaýat ugrundan tejribäňiz ýok. Siziň gazanjyňyz aýallaryny urýan kişilere, jübi kesýän ogrulara bagly däl. Siz jemgyýetde esasy rol oýnaýan adamlaryň hasabyna ýaşaýarsyňyz. Her öňýetenem özüni ekleýän adama hyzmat

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

edýär. Şonuň üçinem siz hakyky hyzmatça öwrülýärsiňiz. Siz öz gulluk edýän kapitalistik guramaňyzyň bähbitlerini goramak bilen gyzyklanýarsyňyz.

Mister Morzuň ýüzi biraz gyzardy.

— Men size barypýatan sosialist ýaly bolup gepleýändigiňizi aýtmaly bolýaryn.

Ana, Martin şondan soň, sosializm baradaky öz belligini etmeli boldy.

— Siz sosialistlerden hem gorkýaňyz, hem olary ýigrenýärsiňiz. Näme sebäbe? Siz olaryň özlerini tanaňzok, dünýägaraýyşlaryny bileňzok ahyryn.

— Her hili bolsa-da, siziň dünýägaraýşyňyzam sosialistleriňki bilen gabat gelýär. — diýip mister Morz garşylyk görkezdi.

Ruf gürrüňdeşlere tarap biynjalyk bolup garady, onuň ejesi bolsa halamaýan adamynyň — Martiniň maşgalanyň baştutanyna özüni ýigrendirýändigine begendi.

— Respublikaçylara akmak diýýänim üçinem, azatlyk, deňlik, doganlyk diýilýän zatlary bolsa, howada ýarylyp giden sabyn köpürjigi hasaplaýanym üçinem, meni sosialistdir öýtmeli däl — diýip, Martin ýylgyrdy. — Jeffersona hem ony terbiýeläp ýetişdiren nadan fransuza ynanmaýanlygymda-da meni sosialist hasaplamaga esas ýok. Siziň sosializme menden has golaýdygyňyzy ynandyrasym gelýär, men bolsa, hakykatdanam, onuň çyn duşmany.

— Siz oýun edýän-ä dälsiňiz? — diýip, mister Morz sowukganlylyk bilen sowal berdi.

— Bu ýerde oýun ýok. Men gara çynymy aýdýaryn. Siz deňligi goldaýarsyňyz. Özüňiz bolsa, şol deňligi diňe nähili ýol bilen gabra salmagyň pikirini edýän kapitalistik korporasiýalara hyzmat edýärsiňiz. Men bolsa diňe deňligi ret edýärin, siziň ähli güýjüňizi sarp edip, ömürboýy sözüň doly manysynda tekrarlap ýören garaýşyňyzy goldaýanym üçin sosialist hasaplaýarsyňyz. Oturan-turan ýerlerinde deňligi wagyz edýänem bolsalar, respublikaçylar deňligiň iň ganym duşmany. Olar deňligi goldajak bolup, deňligi mydama bozýarlar. Men şonuň üçinem olara akmak diýýän-dä. Meň özüm bolsa indiwidualist. Men ylgamakda ýyndamyň, göreşde güýçliniň utýandygyna ynanýaryn. Men bu hakykaty biologiýadan öwrendim, iň bolmanda, şol öwretdimikä öýdýärin.

Gaýtalaýan, men indiwidualist, indiwidualistler bolsa sosializmiň köneden gelýän mydamalyk duşmany.

— Oňa garamazdan, siz sosialistleriň ýygnanyşyklaryna-ha gatnaşýarsyňyz — diýip, mister Morz janyýangynlyk bilen dillendi.

— Ýogsam näme! Edil aňtawyň duşmanyň üstüne gidişi ýaly. Gaýry ýol bilen garşydaşyň ýagdaýyny öwrenip bolmaz ahyryn. Onsoňam, şol ýygnanyşyklardan men çynym bilen keýp alýaryn. Sosialistler jedelleşmäge baryp ýatan ökde adamlar. Olar ýagşy-da bolsa, ýamanam bolsa, käbir zatlary öwrenipdirler. Olaryň öňýeteni sosiologiýany ýa-da beýleki «logiýalary» adaty kapitalistden gowy bilýär. Hawa, men on gezek dagy sosialistleriň ýygnagyna gatnaşdym, ýöne edil Çarli Hepgudyň ýaňramalaryny diňlänim üçin respuplikaça öwrülmeýşim ýaly, sosialistem bolmadym.

— Näbileýin, näbileýin — diýip, mister Morz ýaýdanyp gepledi. — Men, näme üçindir sizi, barybir, sosializme tarap gyşarýan adamsyňyz öýdýärin.

«Al kakmyş! — diýip, Martin içini gepletdi. — Edil daşdan ýasalan diwara aýdylan ýaly, bu meniň ýeke sözüme-de düşünmändir. Alan bilimi nirä uçduka?»

Şeýlelik bilen, Martin özüniň ösüş ýolundan soň gorkunç garantga öwrülen buržuaz synpy ahlagy bilen ýüzbe-ýüz çaknyşdy. Martin intellektual ahlakçydy, ýöne özüni gurşap alýan adamlaryň ahlagy welin, olaryň bolgusyz gopbamlygyndanam beter gaharyny getirýärdi. Beýle ýagdaý ykdysadyýetiň, metafizikanyň, aşa duýgurlygyň hem öýkünmekligiň täsin garyndysy bolýardy.

Martin şol garyndynyň gülkünç şekiljigine garaşylmadyk ýerden öz ýakynlarynyň arasynda gabat gelipdi. Martiniň dogany Meriýen bir zähmetsöýer nemes ýigidi bilen tanşypdy. Mehanik bolup işleýän ýigit öz hünärini düýpli öwrenip, tigir ussahanasyny açdy, arzan ulag satmagyň agenti boldy-da, oňat gurplandy. Bir gezek Meriýen Martiniň ýanyna geldi-de, şol nemes bilen adaglanandygyny habar berdi, soňam ol, oýun etdi-de, doganynyň elini eline alyp, aýasynyň çyzyklary boýunça alnyna näme ýazylandygyny aýtmakçy boldy.

Meriýen indiki gezek öz German Şmidtinem alyp geldi. Martin olaryň ikisini hem gutlap, aňrybaş gowy sözleri aýtdy. Çaky, ol sözler düşünjesi çäkli, tünt nemesiň onçakly göwnünden turmady. Öňki gezek Meriýen gelip gideninden soň ýazan goşgusyny okanyndan soň-a, Martiniň ol ýigit hakdaky ozalky ýakymsyz

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
pikiri öňküsindenem erbetleşdi. Ol goşgy Meriýene bagyşlanyp, adyna-da «Palçy» goýlan nepisje şygyrdy. Goşgyny sesli okan Martin myhmanlarynyň ýüzüne seredip, goşgudan hiç hili lezzet alynmandygyny duýdy, olaryň ýüzünde öňkülerinden sähelçe-de üýtgän alamat görmedi. Gaýtam tersine, Martiniň dogany adaglysynyň gynanç hem gahar alamaty çaýylan kütek ýüzüne biynjalyk nazar bilen garady. Myhmanlar tiz gaýtdylar. Dörän waka şunluk bilenem tamamlandy. Martinem ony derrew ýadyndan çykardy. Ýöne welin, ol işçiler gatlagyndan bolsa-da, zenan maşgalanyň öz hormatyna goşgy ýazylanda närazy bolşunyň manysyna düşünip bilmedi.

Birnäçe gün geçensoň, Meriýen ýene Martiniň ýanyna geldi. Ýöne bu gezek ol ýekedi. Ol bosagadan ätläp-ätlemän, eden gelşiksiz hereketi üçin doganyna törpüsini süýkäp başlady.

— Näme boldy, Meriýen? — diýip, Martin geň galyp sowal berdi. — Äheňiňden many alsaň, garyndaşlaryň ýa-da iň bolmanda doganyň seni gelşiksiz bir ýagdaýa goýan ýaly bolup dur.

— Ýogsam näme?! Sen meni gelşiksiz ýagdaýa goýduň-da — diýip, gyz pert jogap berdi.

Gözi ýaşly doganynyň ýüzündäki öýke-kinäni gören Martin halys ugruny ýitirdi. Her hili-de bolsa, gyzyň öýkesi ýasama däldi, çyndy.

— Eýsem, seniň Germanyň goşgy bagyşlany üçin seni doganyňdan gabanýarmy?

— Ol asla-da gabanmaýar — diýip, Meriýen has-da tolgundy. — Ol — gelşiksiz diýýä... edep... edepsizlik diýýä...

Martin aýdylana ynanmaýan ýaly bolup, sykylyk atyp goýberdi, soňam stoluň tahylyndan «Palçynyň» bir nusgasyny çykardy.

— Men-ä düşünemok — diýip, ol kagyzy doganyna uzatdy. — Özüň oka-da, şunda nähili edepsizligiň bardygyny aýt. Sen şol sözi diýdiň dälmi?

— German diýýän bolsa, edepsizlik bardyr — Aýdylana garşy gopan Meriýen goşguly kagyzy ýigrenç bilen yzyna uzatdy. — Ol seň şu goşgyny ýyrtmagyňy talap edýär. Ol aýdýa, gabat geleniň okap biljek goşgusy bagyşlanýan aýal alman diýýä. Ol aýdýa, bi masgaraçylyk diýýä. Ol beýle zada çydaman diýýä.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— O nähili bolgusyzlyk! — diýip, gygyrmaga häzirlenen Martiniň birdenem pikiriniň ugry üýtgedi.

Onuň öňünde aňyndaky pikirini çalşyryp bolmajak, bir bagtygara gyz otyrdy. Gyzyň adaglysy hem özi ýalydy. Şonuň üçinem bolan wakanyň başdan-aýak esassyzdygyny göz öňünde tutan Martin ýan bermeli etdi.

— Bolýar — Ol golýazmany maýdaja edip ýyrtyşdyrdy-da, hapa salynýan gaba taşlady.

Şol bir wagtyň özünde-de, ýazan zadynyň ýitip gitmejekdigi, «Palçynyň» nusgasynyň Nýu-Ýork gazetleriniň biriniň redaksiýasynda ýatandygy bolsa, Martini köşeşdirdi. Meriýeniňem, onuň adaglysynyňam ol barada hiç mahal bilmejekdikleri aýdyňdy. Bardy-geldi biläýenlerinde-de, sadadan kiçijik goşgy gazet sahypasynda çap ediläýende-de hiç hili erbetligiň bolmajagy bellidi.

Meriýen hapa taşlanýan gaba tarap egildi.

— Mümkinmi?

Martin baş atdy-da, doganynyň ýyrtylan golýazmanyň böleklerini ýygnaýşyna sesini çykarman seretdi. Bölejik kagyzlar adagly nemesiň öňünde tabşyrygyň üstünlikli berjaý edilendigine kepil geçýän delil hökmünde gerekdi. Onuňky ýaly lowlap duran ody, durmuş joşguny bolmasa-da, Meriýen Martine teatrda gabat gelen ýaşajyk işçi gyz Lizzi Konollini ýatlatdy, ikisiniň eşiklerinde, hereketlerinde, özlerini alyp baryşlarynda meňzeşlik kändi. Birdenem şol iki gyzyň Morzlaryň myhman otagynda oturyşlaryny göz öňüne getiren Martin ýylgyrdy. Ýöne täsin görnüş ýitdi, soňy gelmeýän ýalňyzlyk Martini gurşap aldy. Dogany-da, Morzlaryň myhman otagy-da Martiniň geçen ýolundaky ölçeg agaçlardy. Ol zatlaryň bary bireýýäm yzda galdy. Martin kitaplara mähirli nazar aýlady. Kitaplar onuň ýeke-täk hem wepaly dostlarydy.

— Näme? Näme diýdiň-ä? — diýip, ol birden haýran galýan ýaly sypata girip sowal berdi.

Meriýen sowalyny gaýtalady.

— Men näme üçin işlämok? — Martin güldi, ýöne ol çyn gülkiniň äheňi bilen ýaňlanmady. — Maňa şeýle sowal bermegi seniň Germanyň tabşyrdymy?

Meriýen ony tassyklaman, baş ýaýkady.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Kezzap bolma — diýip, Martin haýbatly gepledi welin, utanyp giden dogany ýüzüni aşak saldy. — Sen ojagaz Germanyňa aýt, başga kişiniň işine goşulmasyn. Eger men onuň gelinligine bagyşlap goşgy ýazsam, goşulsa goşulsyn, ol öz işi. Ýöne ondan aňryk burnuny sokmasyn. Düşnüklimi? Sen menden ýazyjy çykmaz diýip pikir edýäňmi? — diýip, Martin sözüni dowam etdi. — Sen meni ýol urduran adamdyr öýdýäňmi? Tutuş maşgalamyzyň adyna ysnat getirýändir öýdýäňmi? Şeýlemi?

— Men seniň haýsydyr bir işiň başyny tutmagyňy isleýän — diýip, Meriýen kesgitli äheň bilen aýtdy. Martin onuň sözleriniň ýürekden çykýandygyna ynandy. — German neme diýýär...

— Şol Germanyňy ýok etsene! — diýip, Martin mylaýym ses bilen onuň sözüni böldi. — Sen, iň gowusy, toýuň haçan bolýandygyny aýt maňa. Özüňem adaglyňdan sorap gör, ol biz ýalynyň elinden sowgat almagy özüne kiçilik bilmezmi?

Dogany gideninden soň, Martin bolan waka hakynda kän pikir etdi, iki gezek dagy ýakymsyz gülüp hem goýberdi. Hawa, onuň öz dogany-da, doganynyň adaglysy-da, adaglynyň gatnaşýanlary-da, Rufuň töweregindäki adamlar-da öz durmuşlaryny dereksiz, ozaldan taýýar nusga esasynda guryarlar. Umumy düzgüniň bolgusyz kanunlarynyň eline çagalykda ýesir düşen adamlar şol däbiň bolgusyz düzgünlerini bozmazlyk üçin, hemişe bir-birlerine garap, bir-birlerine öýkünip, özlerinde bar bolan aýratynlyklary ýitirip, özbaşdak ýaşamakdanam ýüz öwürmäge taýyn. Ol adamlar, şol sanda Bernard Higginbotam mister Betler bilen el tutuşyp, German Şmidt Çarli Hepgud bilen gujaklaşyp, Martiniň hyýalynda üznüksiz hatar bolup geçip gitdiler. Martin olaryň hemmesini elin synlady, hemmesini-de özüniň kitaplardan alan ölçegi bilen ölçedi. Ol «Atyň kellesi ýaly ýürekler nirede? Beýik akyldarlar nirede?» diýip, netijeli jogaby bolmajak sowal tapdy. Olar Martiniň kiçijik hütdügini dolduran dereksiz, nadan görnüşleriň arasynda ýokdy. Martin şol nadanlara Sirseniň öz doňuzlaryny ýigrenişi ýaly ýigrenç bilen seredýärdi.

Göze kaklyşýan iň soňky görnüş gaýyp bolansoň, garaşylmadyk ýerden täze bir görnüş peýda boldy. Ol başy giň etekli şlýapaly, egni iki ýakaly penjekli, ýörände çaýkanyp ýöreýän jalataý ýaş ýigit — geçmişdäki Martin Idendi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Senem ibaly däldiň-le, gadyrdan! — diýip, Martin oňa ýaňsyly ýylgyryş bilen ýüzlendi. — Senem ahlak meselesinde şolar ýalydyň, düşünjäňem şolaňkydan zyýat däldi. Sen hiç zadyň pikirinem edeňokdyň, hiç hili aladaňam ýokdy. Dünýägaraýşyňam tikilip goýlan eşik ýaly, ozaldan taýyn dünýägaraýyşdy. Sen başgalaryň oňlan hereketini gaýtalaýardyň. Özüňem bir topar başybozuk terbiýesizleriň öňbaşçysydyň. Öňbaşçylyga-da seni olaryň özleri saýlapdy. Sen öňe düşmegi halaýanyň üçin ýolbaşçy bolmandyň-da, başga adamlaryň şonuň üçin minnetdar bolup, arkaňa kakýandyklary sebäpli bolýardyň. Sen «Gotur tumşugy» hem ondan artykmaç bolmak üçin däl-de, gödek haýwan bolanyň üçin, üstesine-de, erkek adam zalym bolmalydyr, rehimsiz bolmalydyr, ganhor bolmalydyr, garşydaşyny ýençmek, maýyp etmek oňa mahsus bolmalydyr diýip, töweregiňdäkiler gulagyňy kamata getireni sebäpli ýenjipdiň. Sen öz ýoldaşlaryň gyzlaryny näme üçin ellerinden alýardyň? Olary halaýanyň üçin almaýardyň-da, ýaşlykdan başlap sende atyň hem ýabany öküziň duýgusyny oýarypdylar. Ondan bäri kän wagt geçensoň, ol zatlar barada indi oýlanan bolmaň näme?

Edil şol sowala jogap ýaly bolup, Martiniň hyýalynda derrew özgeriş bolup başlady. Gödek kurtka bilen etegi giň şlýapa derek ýönekeýje penjek geldi. Onuň içki ýagtylygyň täsiri bilen nurlanan, hakykata hem gözellige duşup ruhlanan ýüzüniň rehimsizligi, tutuklygy aýryldy. Görünýän şekil indi häzirki Martine örän meňzeşdi. Ol üstünde çyra ýanýan stoluň ýanynda durup, açyk ýatan kitaba tarap egildi. Martin sözbaşa nazar aýlady: «Özüňi alyp barmagyň esaslary». Indiki pursatda Martin hyýaly görnüşiň içine siňensoň, stol başyna geçdi-de, kitap okamak bilen boldy.

## XXX bap

Bir ýyl mundan özal «saryja tomsuň» edil häzirki ýaly lowurdap duran açyk gününde, bir-birlerini söýýändiklerini ilkinji gezek bilen günlerinde Martin Rufa özüniň «Söýgi sonetlerini» okapberipdi. Häzirem edil şol mahalky ýaly, olar öz halaýan baýyrlyklarynyň arasynda ikiçäk otyrdylar. Häzirem Martin goşgy okaýardy. Ruf dabaraly ses bilen birnäçe gezek goşgularyň arasyny böldi. Martin okamasyny tamamlanyndan soň, olara nähili baha beriljekdigine tolgunma bilen garaşdy.

Ruf özüniň ýowuz kesgitlemesini birneme ýumşatjak söz agtarýan ýaly uzak wagt dymdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Bu goşgular örän oňat — diýip, ahyr ol dillendi. — Elbetde, örän oňat. Ýöne oňadam bolsa, siz olardan pul almarsyňyz. Ýagny siz meniň näme diýjek bolýanyma düşünýäňizmi? — Ruf bu sözleri ýalbaryjy äheňe golaý edip aýtdy. — Siziň ýazýan zatlaryňyzyň hemmesi ýaşaýşa bap gelmeýän, durmuşa gapma-garşy. Men onuň sebäbini bilemok, belkem, bazar şertine baglydyr, siz gazanç edip bilmersiňiz. Maňa dogry düşüniň, ezizim. Men guwanýan, guwanmasam zenan däldigim bolardy. Şeýle ajaýyp goşgularyň özüme bagyşlanýanyna hem begenýän, hem guwanýan. Ýöne bu goşgularyň ýazylmagynyň biziň toý tutmaly günümiziň wagtyny bärik süýşürmeýändigini bilýäňizmi, Martin? Berýän sowalym dogry dälmi? Meni öz bähbidine çapýan hasap etmäň. Ýöne men mydama biziň geljegimiz barada pikir edýärin. Birek-birege söýýändigimizi duýduralymyz bäri tutuş bir ýyl geçdi, toý edilmeli gün welin, ozalkysy ýaly alysda dur. Siz bu aýdylany salykatsyzlyk diýip kabul etmäň. Ýöne aýdýanymyň meniň ýüregim bilen, tutuş durmuşym bilen baglydygyny biliň. Siz beýle ýazmak isleýän bolsaňyz, haýsydyr bir gazetiň redaksiýasyndan iş tapynaýyň. Näme üçin siz, az wagtlyk bolsa-da, habarçy bolup işlemeli dälmişiňiz?

— Habarçy bolsam, öz eser ýazyş usulymy zaýalaryn — diýip, Martin tutuksy ses bilen jogap gaýtardy. — Häzirki usulymy tapýançam, näçeler azap çekendigimi siz göz öňüne-de getirip bilmersiňiz.

— Siz pul gazanmak üçin gazet felýetonlaryny ýazdyňyz ahyryn. Olar ýazyş usulyňyzy zaýalamadymy?

— Ol başga gürrüň. Men ol felýetonlary uzynly günki hakyky işimden soň ýazdym. Habarçylyk etjek bolsaň, ertirden agşama işlemeli, oňa tutuş ömrüňi bagyşlamaly. Üstesine-de, ol işde ömür tüweleýe öwrülýär, geçmişsiz hem geljeksiz minutlara dönýär. Habarçyda öz habarçylygyndan gaýry döredijilik ýoly hakda oýlanmaga wagt bolmaýar. Habarçylyk edebiýat däl. Men döredijilikde öz ýolumy, ugrumy gözläp tapan pursadymda-da habarçylyga baş ursam, ol edebiýat meýdanynda özüňi öldürmek bolar. Hatda häzirem felýeton, felýetonuň her bir sözüni ýazmagam meniň üçin mydama görgi, azap, özüňi, öz gözellik duýgyňy heläklemäge barýar. Onuň çakdan agyrdygyny siz göz öňüne getirmeýärsiňiz. Men özümi jenaýatkär hasaplaýaryn. Öwrenjekäm ýazan hekaýalarymy satyn almagy bes edenlerinde, daşymdan syr bermesemem, içimden begenipdim. Ýogsam şol hekaýalaryň çap edilmeýändikleriniň netijesinde öz penjegimi

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
girewe goýmaga-da mejbur bolýardym. Hiç bir lezzet «Söýgi sonetlerini» ýazan wagtymdaky alan lezzetim bilen deňeşip bilmez. Döredijilik işiniň berýän şatlygy ýer ýüzündäki iň bir ajaýyp şatlykdyr. Ol şatlyk meniň ähli gören görgülerimiň öwezini jomartlyk bilen doldurdy.

Ruf üçin «döredijilik şatlygy» diýilýäniň boş sözlerdigini Martin bilmeýärdi. Dogry, özara gürrüňde Ruf ol sözi kän ulanýardy, Martinem «döredijilik şatlygy» diýen sözi ilkinji gezek onuň agzyndan eşidipdi. Ruf ol hakda okapdy, ol hakda uniwersitetiň professorlarynyň aýdanlaryny diňläpdi, hatda sungat bakalawry diýen derejäni almak üçin synagdan geçeninde-de, ol sözi ýatlapdy. Ýöne onuň özi şeýle bir sadady, döredijilik joşgunyndan şeýle bir mahrumdy welin, ol barada başgalaryň aýdanlaryny diňe köre-körlük bilen gaýtalamagy başarýardy.

— Siziň «Deňiz aýdymlaryňyzy» düzetmek bilen, belkem, redaktor ýalňyşan däldir? — diýip, Ruf sowal berdi. — Eger-de redaktor edebi eserlere dogry baha berip bilmeýän bolsa, ony redaktorlyk wezipesine bellemezdiler ahyryn.

— Ynha, bu hem umumy kabul edilen düşünjäniň ýanbermezliginiň ýene bir subutnamasy — diýip, Martin özüne duşman hasaplaýan redaktorlary hakynda ýatlanansoň, janygyp garşy gopdy. — Bar bolan zat diňe bir dogry hem hasap edilmän, eýsem, iň oňat zat diýibem kabul edilýär. Haýsydyr bir zadyň bardygy onuň bolmalydygynyň esasy hasap edilýär. Bilip goýuň, bu diňe şu mahalky ýagdaýa däl, ähli döwre-de degişli. Adamlaryň bu dereksizlige uýýandyklarynyň sebäbi bolsa, olaryň nadanlygynyň köküniň gaty çuňa ýetendiginden hem Weýningeriň örän oňat belleýşi ýaly, öz aldawlaryna özleriniň ynanýandyklaryndan gelip çykýar. Nadan adamlar özlerini pikirlenip bilýändirin öýdýärler we hakykatdanam, oýlanyp bilýän adamlaryň ykbaly-da öz ellerinde diýip göz öňüne getirýärler.

Ruf entek oýlanmagyň beýle derejesine ýeten däldir diýen çaklamasynyň döreden gorkusy Martini birden saklady.

— Men Weýningeriň kimdigini bilemok — diýip, Ruf nägilelik bildirýän ýaly boldy. — Käte köp zady şeýle bir aýlap-öwrüp umumylaşdyrýarsyňyz welin, men siziň pikirleriňize düşünmän galýaryn. Men size, eger-de redaktor...

— Menem size — diýip, gyssanan Martin Rufy geplemäge goýmady. — Menem size redaktorlaryň, iň bolmanda, togsan dokuz göterimi hünär saýlamakda

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
şowsuzlyga uçran, öz oturmaly ýerinde oturmadyk adamlardygyny aýdyp goýaýyn. Olar ýazyjy çykmadyk, ýazyjy bolup bilmedik ýazýançylar. Ýöne siz olary redaksiýanyň ýüküni gerdeninde çekmegi ýakymly hasaplaýandyrlar, özleriniň gul hökmündäki baknalygynyň žurnalyň üstünligine, neşirçiniň başarnygyna baglylygyna düşünmegi edebi döredijiligiň berýän lezzetinden ileri tutýandyrlar öýtmäň. Olar eser ýazmaga synanyşdylar. Ýöne işleri ilerlemän, şowsuzlyga uçradylar. Ine, şu ýerde hem sagdyn pikire gabat gelmeýän, manysyz, bolgusyz bir çözgüt peýda bolýar. Hakyky edebi döredijiligiň hemme gapylaryny it ýaly bolup saklamagy ýaňky oturmaly kürsüsini ýalňyşan, ýazyjy bolup bilmedik ýazýançylara ynandylar. Redaktorlaryň, olaryň kömekçileriniň, edebi synçylaryň, umuman, golýazma okaýanlaryň hemmesi ozal ýazyjy bolmak islän, ýöne ýazyjylyk tüpeňini atmak üçin ýa därisi, ýa seçmesi kemlik eden adamlar bolmaly. Şol dereksiz bolup galan adamlaram, edebiýatyň ykbalyny çözýänlere aýlanyp, nämäni çap etmegiň, nämäni çap etmezligiň meselesini çözýärler. Maýda hem ukypsyz kişiler beýik adamlaryň işlerine baha berýärler. Olaryň yzyndanam edil şolar ýaly maksady çüwmedik tankytçylar barýarlar. Olar hiç mahal goşgy ýa-da kyssa ýazmagy arzuw etmändirler, synanyşmandyrlar diýmäň, olar synanyşdylar, ýöne hiç hili netije çykmady. Žurnal makalalary edil balygyň ýagy ýaly bolup, ýüregiňi bulaýar. Onsoňam meniň tankyda bolan garaýşymy siz bilýärsiňiz. Elbetde, beýik tankytçylar hem bar, ýöne olar kometa ýaly selçeň görünýär. Eger men ýazyjy bolup bilmesem, redaktor bolaryn. Herhal, iýjek-içjegim-ä taparyn-da. Diňe gury çöregem däl.

Emma Rufuň çalt oýlanmak başarnygy söýgülisiniň pikir ýöretmelerinde gapma-garşylygyň bardygyny derrew saýgardy.

— Aýdylanlar dogry diýeli, Martin. Eger zehinli adamlar üçin redaksiýalaryň hemme gapylary petiklenen bolsa, onda beýik ýazyjylar nireden döräpdirler.

— Olar bolup bilmejek zady boldurdylar — diýip, Martin hem ýapyşalga tapdy. — Beýik ýazyjylar lowlap ýanyp duran ajaýyp eserleri döretdiler-de, şol eserleriň ody bilenem duşmanlarynyň hemmesini ýakdylar, ýok etdiler. Olar müň adamdan biriniň maňlaýyndan çykýan keramatyň kömegi bilen üstünlik gazandylar. Olar edil Karleýliň hiç kime ýan bermeýän pälwanlary ýaly boldular. Menem şeýderin. Menem bolmaýan zady bolduraryn.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Birden maksadyňyza ýetmek nesip etmese? Siz men hakda-da oýlanmaly bolarsyňyz, Martin!

— Eger men maksadyma ýetip bilmesem, — Martin akyla sygmajak pikir aýdan ýaly, Rufa bir minut çemesi seretdi. Soňra onuň gözleri lowurdady. — Onda men redaktorlyga giderin. Sizem redaktoryň aýaly bolarsyňyz.

Ol sözleri eşiden Rufuň ýüz-gözi gelşiksiz görnüşe eýe boldy, gelşiksizligiň derrew aýrylmagyna-da, Martiniň posasy sebäp boldy.

— Ýeri, ýeri, boldy indi — diýip, garşylyk görkezen Ruf öz erkine daýanyp, Martiniň güýjüniň ýakymlylygyndan sypjak boldy. — Men ejem hem kakam bilen gepleşdim. Men hiç mahal olar bilen beýle dikleşmändim. Hem sypaýyçylyksyz boldum, hem gödeklik etdim. Olaryň ikisi hem siziň garşyňyza. Biziň birleşmegimizi islemeýärler. Ýöne men özümiň size bolan söýgim barada gaty berk aýtdym welin, kakam ahyrsoňy sizi öz edarasyna işe almaga razylyk berdi. Ol bize birleşip, ondan soňam haýsydyr bir kiçiräk jaýda özbaşymyza ýaşap bilerimiz ýaly, size başdan gowuja aýlyk hem tölemekçi. Bu kakamyň bize gaty ýagşylyk etdigi bolýar. Şeýle dälmi, Martin?!

Martiniň ýüregini agyr lapykeçlik gysan ýaly boldy. Ol ellerini owkalaşdyryp düşnüksiz bir zatlary samyrdady.

Ruf dowam etdi.

— Açyk gürrüň etsem, Hudaýyň haky üçin gaty göräýmäň welin, kakam siziň hemme meselä çürt-kesik garaýşyňyzy halamaýar, ondanam başga, sizi ýalta hasaplaýar. Siziň ýalta däldigiňizi men-ä bilýän, gaty kän işleýäniňizdenem habarly.

«Ýok, nähili işleýändigimi hatda sizem doly bileňzok» diýip oýlanan Martin oňa sowal berdi.

— Öz pikiriňiz nähili? Sizem meni meselä çakdanaşa kesgitli çemeleşýän hasaplaýarsyňyzmy? — Ol Rufuň gözüne göni seredip jogaba garaşdy.

— Men siziň meselä garaýşyňyzy şübheli hasaplaýaryn — diýip, gyz ahyry jogap berdi.

Şol sözler bilenem hemme zat aýdyldy, ýaşaýyş Martin üçin birden içgysgynç boldy welin, ol Rufuň kakasynyň edarasyna işe durmak baradaky ägälik bilen

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
eden teklibini hem düýpden ýadyndan çykardy. Ruf bolsa özüni birneme gatyrak giden hasaplap, ol meselä dolanmak üçin, amatly pursada kanagat edip garaşmaga kaýyldy.

Ýöne uzak garaşmaly bolmady. Öz gezeginde Martiniňem Rufa sowaly bardy. Ol gyzyň özüne näderejede ynanýandygyny barlamak isledi. Bir hepde geçenden soň, olaryň ikisi-de, sowallaryna jogap aldy. Martin Rufa «Günüň utanjyny» okap bermek bilen işi tizleşdirdi.

— Siz näme üçin habarçy bolmak islemeýärsiňiz? — diýip, Ruf makala okalyp bolnandan soň, Martine ýüzlendi. — Siz şeýle bir ýazmagy halaýarsyňyz, belki, uly üstünlik gazanardyňyz, öňe çykardyňyz, belli bolardyňyz. Ýörite habarçylaryň käbiri ummasyz kän pul gazanýar. Üstesine-de, olar tutuş dünýäni gezýärler. Olary Afrika iberýärler, — mysal üçin, Stenli — olar Watikanda Rim papasy bilenem interwýu guraýarlar, Tibetiň gizlin ýerlerinde derňew geçirýärler.

— Diýmek, meniň makalamy halamaýarsyňyz-da? — diýip, Martin sowal berdi. — Diýmek, meni ýazyjy däl-de, galamgär bolup biler öýdýärsiňizmi?

— Ýok, beýle däl. Siziň makalaňyzy örän haladym. Ol gowy ýazylypdyr. Ýöne ony siziň okyjylaryňyzyň göterip biljek ýüki dälmikä öýdüp gorkýaryn. Iň bärkisi, ol meniň üçinem örän agyr. Okalanda oňat ýaňlansa-da, men-ä hiç zada düşünmedim. Öňi bilenem, makalada ylmy adalgalar gaty agdyklyk edýär. Siz, meniň mähribanym, haýsy-da bolsa bir tarapa çakdanaşa ýykgyn etmegi halaýarsyňyz, şonuň üçünem özüňize düşnüklidir öýdýän zatlaryňyz, bize düýpden düşnüksiz bolup galýar.

Martin diňe:

— Hawa, makalada filosofik adalgalar köpräk ýaly — diýdi.

Entek onuň özi-de tolgunýardy. Sebäbi ol şu mahal iň gowy, iň kämil oýlanmalaryny sesli okapdy, üstesine, Rufuň esere beren bahasy ony haýran etdi.

— Goý, bu görnüşi boýunça jüpüne düşmedik bolsun — diýip, Martin sözüni tekrarlamaga synanyşdy. — Eýsem, pikirler sizde duýgudaşlyk oýarmaýarmy?

Ruf başyny ýaýkady.

— Ýok. Bu eser meniň ozal okanlarymyň hiç birine-de asla meňzemeýär... Men Meterlinkem okadym. Ol maňa doly düşnükli boldy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Onuň düşündirip bolunmaýan hadysalar hakdaky pikirlerinden siz baş çykardyňyzmy?

— Hawa. Ýöne siziň oňa edýän hüjümiňiz welin, maňa düşnüksiz. Elbetde, eseriň özboluşlylygy hakda aýtmaly bolsa-ha...

Martin sabyrsyzlyk edýändigini aňdyrýan hereket etse-de, dymdy. Soňra Rufuň sözleriniň dowamy onuň aňyna ýetdi.

— Umuman-a, döredijilik işi siz üçin oýunjak ýaly bir zat boldy. Siz ony kän wagtlap özüňize güýmenje edindiňiz. Indi durmuş hakynda, biziň durmuşymyz hakynda çynyňyz bilen oýlanmaga wagt boldy.

— Siz meniň gulluga durmagymy isleýärsiňizmi?

— Hawa. Kakam iş hödürleýär...

— Bilýän, bilýän — diýip, Martin mese-mälim haýbatly ses bilen Rufuň gepiniň arasyny böldi. — Ýöne göniňizden geliň; siz maňa indi ynanmaýarsyňyzmy?

Ruf onuň elini berk gysdy. Gyzyň gözüniň öňi dumanlandy.

— Size ynanýan, ýöne edebi döredijilik zehiniňize ynanmaýaryn, ezizim — Ruf bu sözleri pyşyrdap diýen ýaly aýtdy.

— Siz meniň eserlerimiň köpüsini okadyňyz — diýip, Martin öňküsi ýaly haýbatly ses bilen dowam etdi. — Olar hakda pikiriňiz nähili? Siz olary gaty erbetdir öýdýäňizmi? Başgalaryň ýazýan zatlaryndanam pesmi?

— Başgalar öz ýazýan eserleri üçin pul alýarlar.

— Bu meniň sowalyma jogap däl. Siz maňa edebi ukyp berilmedik hasap edýärsiňizmi?

— Ýeri, bolýar, men size jogap bereýin — Ruf özüni geplemäge mejbur etdi. — Men sizden ýazyjy çykar öýtmeýärin. Gaty görmäň, ezizim. Özüňiz bu jogabyň sowalyny açyk goýduňyz. Bilýäňizmi näme, men edebiýata sizden gowy düşünýärin.

— Siz sungat hünärmeni — diýip, Martin oýa batyp otyrka aýdyp goýberdi. — Ýöne onuň bilen entek hemme zadyň aýdyldygy bolmaýar — diýip, iki tarap üçinem garaşmak agyr degen uzak dymyşlykdan soň, Martin dowam etdi. — Men özümiň nämä ukyplydygymy bilýärin. Onuň şeýledigini menden anyk

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

saýgarjak ýok. Men hemme garşylyklary ýeňip, maksadyma ýetjegime ynanýaryn. Goşgularymda, makalalarymda, hekaýalarymda özlerine orun tapýan zatlaryň hemmesi meniň kalbymda gaýnap dur. Ýöne oňa ynanmagyňyzy haýyş etmeýärin. Maňa-da, meniň edebiýatdaky zehinime-de ynanmaň. Men sizden diňe bir zady — söýgime ynanmagyňyzy, meni ahyrky nokada çenli öňküňiz ýaly, söýmegiňizi haýyş edýärin. Ýadyňyzda bolsa, bir ýyl mundan ozal, men size iki ýyl garaşmaly boljakdygyny aýdypdym. Eýýäm bir ýyl-a geçdi. Ýöne ikinji ýylyň aýagynda maksadyma ýetjekdigime kalbymyň düýrmegi bilen ynanýaryn. Ýazyjy bolmak üçin, şägirtlik mekdebini geçmeli diýeniňiz ýadyňyzdamy? Men şol ýoly geçdim, özümem, birneme gyssandym-da, etmeli zatlary gysga wagtda etmäge ýetişdim. Meniň maksadymyň soňky pellehanasy siz bolduňyz. Siz hakdaky pikirim, arzuwym maňa mydama goltgy berdi, güýjüme güýç goşdy. Bilýäňizmi näme, ine-gana uky almak diýen zat bireýýäm ýadymdan çykdy. Göwnüme bolmasa, näçe gerek bolsa, şonça ýatyp, oýanamda ukudan doýup oýanan wagtymdan bäri million ýyl geçäýen ýaly. Indi meni mydama jaňly sagat ýerimden turuzýar. Ir ýataýyn, giç ýataýyn — sagady belli bir wagta gurup goýýaryn. Şol meniň ukynyň öňünden öz aňym bilen edýän iň soňky hereketim: sagady gurýan, çyrany söndürýän. Ukybasmarlaýanyny duýsam, okamasy kyn kitaby ýeňil okalýan kitap bilen çalşyrýaryn. Şonda-da, burnum sahypa degip ugrasa, ukyny kowmak üçin, kellämi ýumruklaýaryn. Men uklamaga gorkýan adam hakynda bir kitap okadym. Ýadyňyza düşýärmi, Kiplingde? Ol uklaberse, ýorganyň içindäki polat tygyň ujyny bedenine çümer ýaly ýagdaýda goýýar eken. Menem şeýtdim, gijäniň ýaryna çenli, sagat bire, ikä çenli uklamaly däl diýen karara geldim. Öz bellän wagtyma çenli, dogrudanam, ýatmadym. Beýle ýagdaý köp aýlap dowam etdi. Men bäş ýarym sagatlyk ukyny özüm üçin artykmaç dereje hasaplar ýaly ýagdaýa baryp ýetdim. Häzir bolsa men bary-ýogy dört sagat uklaýaryn. Uky ýetmezçiliginden ezýet çekýärin. Käte şeýle bir ukym gelýär welin, gabyrdaky rahatlygy-da lezzetdir hasap edýärin. Ukusyzlyk zerarly mahal-mahal başym aýlanýar, pikirim bulaşýar. Longfellonyň:

Deňziň sowuk çuňlugynda,

Bar zat ukuda, parahat.

Eger suw çaýkansa sähel,

Hemme zat ýok bor şo halat.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— diýen setirleri ýygy-ýygydan ýadyma düşýär. Elbetde, bu zatlaryň bary dereksizlik. Beýle ýagdaý nerw ýadawlygy zerarly ýüze çykýar. Ýöne bir sowal peýda bolýar. Bu görgüleri men näme üçin görýärin? Siz üçin. Şägirtlik döwrüniň möwritini gysgaltmak üçin. Üstünlik tizräk geler ýaly, wagty gyssamak üçin. Indi meniň şägirtlik döwrüm geçdi. Elimden näme gelýär? Meniň bir aýda okaýanymy hiç bir talybyň tutuş ýylyň dowamynda-da okap bilmejekdigine ynanaýyň. Men ony bilýän. Sizem maňa düşüniň. Eger-de maňa ynanmagyňyzy halys ýürekden islemeýän bolsam, ol hakda gürrüň gozgamazdym. Bu ýerde magtanmakdan nyşan ýok. Meniň nähili okandygymyň agramy kitaplaryň agramy bilen ölçelýär. Siziň doganlaryňyz meň bilen deňeşdirilende nadan haýwan ýalydyr. Men ähli alan bilimimi olar rahat uklap ýatyrkalar aldym. Ozal şöhrat gazanmak isläpdim, indi ony-da islämok. Indi men diňe sizi isleýärin. Iýmek-içmekdenem, geýinmekdenem, dünýäniň ähli gowulyklaryndan meniň üçin iň zerury siz. Men diňe bir zady, ozal-ahyr siziň döşüňizde kellämi goýup uklamagy arzuw edýärin. Ol arzuw hem bir ýyla ýetip-ýetmän hasyl bolar.

Ýene-de Martiniň ruhy güýji tolkuna öwrülip, Rufuň üstüne hüjüm etdi, gyzyň ondan daşlaşmak üçin görkezýän garşylygy, ony gaýtam Martine tarap çekdi. Gyzy özüne tabyn eden güýç indi ýigidiň ýanyp duran gözlerine, joşgunly sözlerine, möwç urýan ruhy gujuryna geçdi. Ine, onsoň bir pursat, diňe bir pursat Rufuň sarsmaz hem durnukly dünýäsi yraň atdy. Birden ol öz öňünde hakyky Martin Ideni, ajaýyp hem ýanbermez Martin Ideni gördi. Ýabany haýwanlary eldekileşdirýänlerde bir minutlyk hem bolsa, janawarlara ynanmazlyk duýgusynyň döreýşi ýaly, Rufda hem bu adamynyň baş bermezek ruhuny boýun egdirip biljegine müňkürlik döredi.

— Ynha, ýene bir zat — diýip, Martin dowam etdi. — Siz meni söýýärsiňiz. Ýöne näme üçin meni söýýärsiňiz? Siziň söýgiňiz meni eser ýazmaga, sizi söýmäge mejbur edýän güýç. Siziň meni söýýändigiňiziň sebäbi bolsa, men siziň gatnaşýan adamlaryňyzyň birine-de meňzemeýärin. Men edarajykda, hasaphanajykda oturmak üçin, süýrenjeňlik etmek üçin ýaradylmandyryn. Siz meni öz tanyşlaryňyzyň edýän işlerini etmägä, olaryň dem alýan howasyndan dem almaga, olaryň dünýägaraýşyny paýlaşmaga mejbur etseňiz, olar bilen aramdaky tapawut ýok bolar, özümem ýok bolaryn. Şeýdibem, siz öz söýgiňizi ýok edersiňiz. Meniň beýnimdäki iň esasy zat — döredijilige bolan joşgunly

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
höwes. Eger men edebiýaty halamaýan haýsydyr bir aramrak samsyk bolaýan bolsam, siz meni hiç haçan söýmezdiňiz...

— Ýöne siz bir zady ýadyňyzdan çykarýarsyňyz — diýip, Ruf Martiniň sözüni böldi. — Akyly ýuka oýlap tapyjy sähneler ozalam bolupdyrlar. Olar tä ömürleri ötýänçä döredip bilmejek zadyny, hemişe hereket edip duran güýji — baky hereketlendirijini döretjek bolup, görgi baryny görüpdirler. Aýallary hem olary, elbetde, söýüpdirler, ärleriniň akyly ýukalygy zerarly-da, olar bilen bile ömürlerini ýakypdyrlar.

— Dogry aýdýarsyňyz. Ýöne başga hiliräk, akyly ýuka däl oýlap tapyjylar hem bolupdyr. Olaram ömürleri ötýänçä hakyky durmuşy bir zat döretjek bolup, ahyram maksada ýetipdirler. Men bolmajak zady boldurmak islämok...

— «Bolmajak zady boldurjak» diýip, özüňiz aýtdyňyz ahyryn.

— Men ony göçme manyda diýdim. Hakykatyny aýtsaň, men özümden öňki köp-köp adamyň ýeten derejesine ýetmäge çalyşýaryn, döredijilik zähmetinden eklenmegiň aladasyny edýärin.

Rufuň dymmagy Martiniň janyny ýakdy.

— Diýmek, siziň pikiriňizçe, meniň tutan maksadym hem döremejek hemişelik güýji döretmek isleýäniňki ýaly, ham-hyýalbolýar-da?

Rufuň Martiniň elini gysmagy sowala sessiz gaýtarylan jogap boldy. Ol gyzyň elinden ynjyk çagasyny köşeşdirjek bolýan enäniň mähremliligini duýdy. Martin Ruf üçin, dogrudanam, bolmajak zady boldurmak isleýän ynjyk hem samsyjak çaga ýalydy.

Ruf ene-atasynyň Martine gowy garaýyşlarynyň ýokdugyny ýene bir gezek oňa ýatlatdy.

— Siz meni söýýärsiňiz ahyryn. Şeýle dälmi?

— Söýýärin! Söýýärin! — diýip, Ruf şadyýan ses bilen jogap gaýtardy.

— Menem sizi söýýärin. Şonuň üçinem olar maňa hiç zat edip bilmezler. — Martiniň sesi dabaraly ýaňlandy. — Men siziň söýgiňize ynanýan bolsam, olaryň ýigrenji maňa täsir etmez. Jahanda söýgüden başga hemme zat durnuksyz. Söýgi, eger ol her ädiminde büdräp ýykylyp ýören igli, tapsyz, maýyp däl-de, hakyky söýgi bolanlygynda, ýol urduryp bilmez.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

# XXXI bap

Martin Brodweýde tötänden aýal dogany Gertruda gabat geldi. Duşuşyk hem şatlykly, hem gamgyn ýagdaýda bolup geçdi. Köçäniň burçunda tramwaýa garaşyp duran Gertruda ýüzi tutuk, horlanyp giden Martine öňürti gözi düşüp, haýran galdy. Martin, dogrudanam, keýpsizdi. Sebäbi ol häzir girewine goýan tigrinden goşmaça pul aljak bolup, süýthordan eden haýyşyndan netije çykaryp bilmän gelýärdi. Gamaşyk howaly güýz başlanypdy. Şonuň üçinem penjek has zerur bolansoň, ol girewine bireýýäm tigrini goýupdy.

— Siziň gara penjegiňizem bar ahyryn — diýip, Martiniň ähli emläginden habardar süýthor onuň ýüzüne garady. — Ýa siz ony Lýupka ýewreýe tabşyrdyňyzmy. Dogrudanam, ony...

Ol ýüzüne şeýle bir gazaply seretdi welin, Martin tiz geplemäge mejbur boldy.

— Ýok, ýok. Penjek girewe goýlanok. Ol maňa gerek.

— Örän oňat — diýip, jogapdan kanagatlanan süýthor birneme ýumşady. — Şol penjek maňa-da gerek. Onsuz men size pul berip bilmen. Meniň bu işe gury keýp üçin başymy sokmanymy bilýänsiňiz-ä.

— Ol şeýledir welin, tigriň bahasy kyrk dollar ahyryn. Üstesine-de, ol döwük ýa ýenjik däl. Siz bolsa maňa ýedi dollar berdiňiz. Ýedidenem az, alty dollar ýigrimi bäş sent. Siz göterimini hem öňünden alýarsyňyz ahyryn.

— Pul alasyňyz gelýän bolsa, penjegi getiriň — diýen ýakymsyz jogap alanyndan soň, näme etjegini bilmedik Martin süýthoruň ýanyndan gaýtdy. Gertrudany haýrana goýan ýüzüň tukatlanmagyna şol ýagdaý sebäp bolupdy.

Doganlar saglyk-amanlyk soraşyp-soraşmankalar, Telegraf-awenýu tarapa gidýän tramwaý hem duralga geldi. Ulaga münmäge kömek etmek üçin, goltugyndan tutulan Gertruda Martini pyýadalap gitjekdir öýdüp çaklady. Tramwaýyň basgançagynda durka, yzyna garap doganyna ýene bir öwra sereden Gertrudanyň Martine haýpy gelip, ýüregi darykdy.

— Sen müneňokmy? — diýen Gertruda derrew ulagdan düşdi-de, doganynyň ýany bilen ýöräberdi.

— Men mydama-da gezmeläp dynç almak üçin, pyýada ýöreýän — diýip, Martin düşündiriş berdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýeri, bolýa-da. Sebäp bilen menem biraz ýörärin. Ýöremek maňa-da peýdaly. Ýogsam, soňky mahallarda hyk-çokumam köpelip barýan ýaly.

Martinem doganyna göz aýlady-da, olam özüne geň galynyşy ýaly, Gertrudanyň daş sypatynda bolup geçen özgermelere haýran galdy. Onuň ýüzi näsagyňky ýaly aksowultdy, tutuş bedeni-de çiş ýöräne meňzeýärdi, agralany bildirip durdy. Onuň gödek, gelşiksiz ädim urşy ozalky şadyýan gyzyň dogumly, ýumşaksy hereketleri bilen deňeşdireniňde gülkünçdi, göze ilginçdi.

Pyýadalap indiki duralga ýetenlerinde Martin:

— Gowusy, sen tramwaýa garaşaýsana! — diýdi. Sebäbi ol Gertrudanyň şojagaz ýöränine-de eýýäm daljygandygyny duýdy.

— Taňrym, ýardam edeweri! Dogrudanam, men eýýäm ýadaýypdyryn. Ýöne ulaga münäýseň, seň üçinem kem bolmazdy. Aýagyňdaky köwşüň aşagy gaty ýuka welin, Demirgazyk Oklende pyýadalap barýançaň, sürtüle-sürtüle dargap gider.

— Öýde ýene bir jüp aýakgabym bar — diýip, Martin habar berdi.

Birdenem Gertruda garaşylmadyk ýerden:

— Ertir günorta nahara bize bar — diýdi. — Bernardam öýde bolmaz. Ol öz iş-aladasy bilen San-Leandra gidýär.

Martin başyny ýaýkasa-da, nahar sözüni eşidende, gözlerinde dörän gyzyklanma uçgunlaryny gizläp bilmedi.

— Seň jübüňde ýekeje sentem ýok, Martin, şonuň üçinem ulaga münmeýärsiň. Ýene gezelenç diýen bolýaň.

Ol ýigrenç bilen seňrigini ýygryp tyrsyldamak isledi, ýöne başarmady.

— Me, al!

Gertruda Martiniň eline bäş dollarlyk şaýylyk tutdurdy.

— Düýn-öňňin doglan günüňdiginem ýadymdan çykaraýypdyryn.

Martiniň pully eliniň barmaklary öz-özünden ýumuldy. Ýene bir pursatdan soň bolsa, ol berlen sowgady almaly däl eken diýen pikire geldi, ýöne gowşady. Sebäbi elindäki altyn şaýylyk iýmek-içmek, ýaşaýyş, ruhy hem beden taýdan ýeňillik, döredijilik joşguny diýmekdi. Belkem, Martin şeýle bir gowy eser ýazar

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
welin, ol eser elindäki ýaly bir topar altyn şaýylyk getirer. Kim bilýär! Bukjasyna ýelmemäge marka almaga pul bolmany sebäpli, stoluň aşagynda ýatan iki sany makalasy onuň ýadyna düşdi. Makalalaryň sözbaşylarynyň her bir harpy, Martiniň gözüniň öňünde janlandy. Olar «Täsinlik döredijiler» hem «Gözellik sallançagy» diýlip atlandyrylýardy. Martin makalalary entek hiç ýere ibermändi, ýöne olary şu ýyl şol ugurdan ýazan eserleriniň arasynda iň gowulary hasaplaýardy. Diňe marka almalydy. Birdenem üstünligiň geljekdigine bolan ynam ony gurşap aldy. Ol çalt hereket edip, puly jübüsine saldy.

— Men muny saňa ýüz esse köpeldip gaýtararyn, Gertruda — diýip, Martin zordan gepledi. Sebäbi onuň bokurdagy dolup, owasyna ýaş indi. — Aýdanymy ýadyňdan çykarma! — Birdenem ol çakdanaşa ynam bilen ýüzlendi. — Edil bir ýyl hem geçmänkä, men saňa şular ýaly altyn şaýylykdan ýüz sanysyny elterin. Maňa ynanyp bilmersiň, garaşyp bilersiň. Garaşsaň hakykaty görersiň!

Ynanmak beýlede dursun, Gertruda onuň pikirinem etmeýärdi. Ol özüni erbet duýdy, esli dymanyndan soňam dillendi:

— Men açlyk çekýäniňi bilýän, Mart. Ýagdaýyň ýüzüňe ýazylgy. Islän wagtyň bize naharlanmaga gel. Higginbotamyň iş-alada bilen giden wagty, özüm saňa habar ýetirmegi başararyn. Çagalardan biri, haçan gerek bolsaň, ýanyňa ylgap ýetip gaýdar. Mart, neme-le...

Martin doganynyň näme aýtjagyny öňünden bilýärdi. Sebäbi onuň pikiriniň ugry aýdyň görnüp durdy.

— Senem, nähili-de bolsa, bir işiň başyny tutsaň nädýä?

— Senem meň maksadymdan netije çykmaz öýdýäňmi? — diýip, Martin köne sowalyna dolandy.

Gertruda başyny ýaýkady.

— Özümden gaýry hiç kim maňa ynananok, Gertruda. — Martin bu sözleri aýratyn hyjuw bilen aýtdy. — Men eýýäm gaty kän gowy zatlary ýazdym. Olardan iru-giç pul geler.

— Sen o zatlaryň gowudygyny nädip bilýärsiň?

— Sebäp diýseň... — Edebiýat hakynda, edebiýatyň taryhy hakynda bilýän, öwrenen zatlarynyň hemmesi beýnisinde gaýtadan janlandy welin, Martin özüne

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ynamynyň nämä esaslanýandygyny aýal doganyna düşündirip bolmajakdygyna göz ýetirdi. — Sebäbi meniň hekaýalarym žurnallarda çap bolýan ähli eserleriň togsan dokuz göteriminden belentde durýar.

— Barybir, sen berilýän akylly-başly maslahatlara gulak as — diýip, özüniň Martiniň keseline gaty gowy düşünýändigine bil baglaýan Gertruda ynamly gepledi. — Akylly maslahaty kabul et — diýip, ol öňki aýdanyny gaýtalady. — Özüňem ertir bize nahara bar.

Martin doganyny tramwaýa mündürdi-de, poçta ylgap, tutuş üç dollarlyk marka edindi. Soň ol Morzlara barýarka, ýüzugra poçta bölümine sowlup, gaty kän galyň-galyň bukjany redaksiýalara ugratdy, markalaryňam diňe üç sany arzanjagyndan başga hemmesi harçlandy.

Şol agşam Martin üçin ýatda galan agşam boldy. Ol myhmançylykda Ress Brissenden bilen tanyşdy. Brissendeniň Morzlara düşüp ýörşi, ony kimiň getirendigi Martine düşnüksiz bolup galdy. Martin ony Rufuň üsti bilenem biljek bolup durmady. Çünki ol Brissendeni tukat hem onçakly akylly adam däl hasap etdi. Bir sagat geçenden soň bolsa, Martin onuň nadandygyny anyklady. Ol adam edepsizlik bilen otagdan otaga geçip, suratlary synlaýardy, stollaryň üstünde ýatan, tekjelerde duran kitaplara, žurnallara burnuny sokýardy. Ahyram ol başga adamlary adamam hasap etmeýäne meňzäp, edil öz öýünde ýaly bolup, kürsüde ýazylyp-ýaýrap oturdy, jübüsinden bir kindiwanja kitap çykardy-da okamaga başlady. Ol adam kitap okap otyrka-da, elini örän tiz hereketlendirip saçlaryny daraklaýardy. Martin şondan soň onuň bardygynam unutdy, myhmançylygyň ahyrynda ony ýaşajyk aýallaryň arasynda gördi. Aýallar onuň bilen hezil edinip gürrüňleşýärdiler.

Myhmançylykdan gaýdan Martin köçede tötänden Brissendeniň yzyndan ýetdi-de, ony görüp:

— Hello! Bu sizmi? — diýdi.

Ol onçakly ýakymly bolmadyk nämedir bir zatlary samrasa-da, Martini terk edibä gidäýmedi. Martin hem gep alyşmaga döwtalap bolup durmansoň, olar esli ýere barýançalar dymyp gitdiler.

— Özünden göwnühoş garry eşek!

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Hyjuw bilen aýdylan ol garaşylmadyk gep Martini haýran etdi. Onuň gülküsi tutdy, şol bir wagtda-da, özünde Brissendene bolan ýigrenjiň güýjeýändigini duýdy.

Ýene esli aralyk dymylyp geçilensoň, Martin:

— Haýsy şeýtan aldap, sizi olar ýaly ýere eltip ýör? — diýen sowal eşitdi.

— Şol şeýtanyň meni elten ýerine sizem-ä bardyňyz? — diýip, Martin sowala sowal bilen jogap berdi.

— Ýenjip dursaňyzam, nädip o ýere düşenimi aýdyp biljek däl. Meň o gapydan birinji gezek barşym. Herhal, gije-gündizde ýigrimi dört sagat bar. Onça wagty nämedir bir zada güýmenip geçirmeli ahyryn. Ýörüň, içeliň!

— Men garşy däl — diýip, Martin jogap berdi.

Şol pursadam razylyk bereni üçin ol öz-özüne käýindi. Öýünde oňa ýazylmaly «ýöntem» işler garaşýardy. Şeýle hem ol şu gije Weýsmanyň jildini, iň esasy-da islendik romandanam eý görýän kitaby Gerbert Spenseriň ömür ýoly baradaky ýazgylaryny okamakçydy.

«Sulhumyň almadyk adamy bilen näme üçin bile gaýtdym?» diýip, Martin içini gepletdi. Ýöne ony özüne çeken tirkeşip baran ýoldaşy ýa-da içgi däldi-de, şonuň bilen baglanyşykly lowurdap duran aýnalar, çyralar, bulgurlaryň ýalpyldysy, şyňňyrdysy, içgiden gyzaran ýüzler hem şowhunly seslerdi. Hawa, hawa, özüne çekýän zat durmuşda üstünlik gazanan, aladasyz, düşen pullaryny gaş çytman içginiň syrtyndan geçirýänleriň sesidi. Martin ýalňyzdy. Onuň betbagtlygy şondady, hut şonuň üçinem mister Brissendeniň mürehedine ýan beripdi. Ol «Gyzgyn çeşmäni» terk edip, Jo bilen hoşlaşaly bäri, portugaliýaly dükan eýesiniň hezzetlänini hasap etmeseň, şerap içilýän jaýlara ýeke gezegem baryp görmändi. Akyl zähmetiniň döredýän ýadawlygy fiziki ýadawlykdan tapawutlylykda ýitirilen güýjüň öwezini içgi bilen doldurmaklygy talap etmeýändigi sebäpli, Martin şeraby küýsäbem baranokdy. Häzir bolsa, ol içmegi ýüregine düwdi, has takygy, galmagal-gykylygyň, gülkiniň möwç urýan howasyndan dem almak isledi. Şeýle gohly-galmagally meýhana hem «Grottady». Brissenden bilen Martin gaýyş örtülen kürsüde ýazylyp-ýaýrap, ýanynyň sodaly suwy bilen şotland wiskisini içmäge başlady.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Derrewem olaryň gepleri alyşdy ötägitdi, kän meseläniň başy agyrdyldy. Gürrüňiň arasy bolsa, diňe wiski tamam bolup, ýene getirilmegi buýrulan mahaly kesilýärdi. Martin örän gatybaş bolsa-da, çüýşedeşiniň çydamlydygyna haýran galdy. Has beterem onuň käbir aýdýan pikirleri Martini geň galdyrdy. Tiz wagtdan Martin Brissendeniň öz ömründe sataşan ikinji hakyky sypaýy adamdygyna göz ýetirdi.

Ýöne ondanam başga, Brissendende professor Kolduelde ýetmeýän zatlaryň köpüsi bardy. Ol ýiti üşükli, çakdanaşa ýiti, çuň akylly, pikirli, aýratyn ýokary hem erkin göçgünlidi, geplemäge ökdedi. Onuň ýuka dodaklarynyň arasyndan käte maşynda çeňklenen ýaly ýitije sözler atylyp çykýardy, yz ýanyndan bolsa, awuly sözler eşidilýärdi. Ol sözler hem çümýärdi, hemem kesýärdi. Öňki aýdylanlaryň ýerine durmuşyň ýetip bolunmajak gözelliginiň täsirini özünde gizleýän ýumşak, näzik, ýakymly, owazly, sazlaşykly sözler gelýärdi. Mahal-mahal bolsa, Brissendeniň sözleri jahan urşunyň tupanyna, galmagalyna çagyrýan harby surnaýyň sesi ýaly bolup ýaňlanýardy, çakyşýan kümşüň sesine meňzeýärdi, ýyldyzlar äleminiň giňişlikleriniň sowuk lowurdysy bilen öwşün atýardy. Ol ylmyň soňky hakyky gazananlaryny gysga hem aýdyň beýan edýärdi. Şol bir wagtyň özünde-de onuň sözleri şahyryň sözi bilen hem beýan edip bolmajak beýiklige, ýanbermezlige ýugrulan joşgunly çykyş ýalydy. Ony eşitmeli däldi-de, diňe duýmalydy. Ol duýgy aýdylan sözleriň döredýän inçe hem çylşyrymly göz öňüne getirmeleriniň täsiri bilen peýda bolýardy. Onuň akyl nazary haýsydyr bir uzakdaky adaty söz bilen aýdyp bolmajak, adam tejribesiniň ýetip bilmejek örülerine aralaşýardy. Ýöne hakykatdan-da, onuň geplemäge jadyly ýaly ussatlygy adaty bolmadyk manyny adaty sözlere ornaşdyrmagy başarýardy. Olara ortaçarak paýhasly adamlar düşünibem bilmejekdi. Olar Martine golaý pikirlerdi.

Martin Brissendeni ilkibaşda sulhunyň almandygyny hem derrew unutdy. Onuň öňünde kitaplarda okan zatlary durdy. Onuň öňünde oýlanýan, nusgawy adamyň keşbi diýip, aňynda döreden kişisi durdy. Gürrüňdeşini haýran galyp diňläp durka, Martin: «Men onuň öňünde baş egmeli» diýip, özi üçin gaýtalady.

— Siz, görýän welin, biologiýany öwrenen bolmaly! — diýip, Martin ahyry oňa ýüzlendi. Sessiz baş ýaýkamak bilen alnan jogaba hem ol haýran galdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz şeýle bir zatlary aýdýarsyňyz welin, olary biologiýadan habarly bolmasaň, gürrüňini etmek mümkin däl ahyryn — diýip, Brissendeniň geň galyjy nazaryna gözi düşen Martin dowam etdi. — Siziň gelýän netijeleriňiz beýik alymlaryň pikirlenmeleriniň akymyna gabat gelýär. Siz olaryň eserlerini okan bolmaly.

— Beýle bahany eşidýänime şat — diýip, Brissenden jogap gaýtardy. — Özümiň ýüzleýje bilimimiň hakykata aralaşmagyň gysga ýoluny açandygyna men begenýän. Umuman-a, özüm mamlamy ýa däl, meniň üçin parhy hem ýok. Barybir, ol manysyz. Barybir, adam iň ýokary hakykaty hiç mahal ýüze çykaryp bilmez.

— Siz Spenseriň şägirdi hem kesbini dowam ediji! — diýip, Martin dabara bilen aýtdy.

— Men ýetginjeklik döwründen soň, Spensere üns beremok. Ýaş wagtymam diňe «Terbiýesini» okapdym.

Brissendeniň akyl goruny ýarym sagatlap üns bilen derňän Martin ahyr:

— Menem bilimi siziňki ýaly, ýeňillik bilen ele almak isleýärin — diýdi. — Iň geň ýeri-de, siz hakyky dogmatik. Ylmyň tejribä daýanyp esaslandyrýan ýagdaýyny siz derrew çürt-kesik edäýýärsiňiz. Siz dogry çözgütleri desbi-dähil tapýarsyňyz. Dogry, bilimiňiz ýüzleýräk, ýöne siz bilimiň uzak ýoluny şöhle tizligi bilen geçip, hakykata haýsydyr bir adaty bolmadyk tär bilen aralaşmagy başarýarsyňyz.

— Hawa, hawa. Şol ýagdaý Iosif ata bilen Detton dogany hem mydama alada goýýardy. Ýöne bu ýerde hiç hili geň-taňlyk ýok. Diňe bagtym çüwdi-de, oglankam katolik kollejine düşdüm. Asyl siziň özüňiz nirede bilim aldyňyz?

Özi barada gürrüň berip durka, Martin Brissendeniň daş sypatyny: inçeden sypaýy ýüz keşbini, eňňit berip duran eginlerini, oturgyjyň üstüne taşlanan jübüleri kitapdan doly paltosyny üns bilen synlady. Onuň ýüzüniň hem nepis elleriniň Güne ýanypmy, nämemi garalmagy Martini geňirgendirdi. Brissenden Günüň astynda köp gezmeli adam-ha däl ýalydy. Onda ol nirede garalyp biler? Şol sowal Martine ynjalyk bermedi. Martin onuň hortap ýüz-keşbini, birneme çöken ýaňaklaryny, bürgüdiňkä çalymdaş inçemik burnuny synlaýarka-da, şol garalmagyň sebäbi bilen gyzyklandy. Onuň gyýyk gözlerinde özüne çekiji nyşan ýokdy. Olar uly hem däl, kiçi hem däl, aralyk, aýratyn bir öwüşgünli goýun

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gözlerdi. Ol gözlerde geň bir ot ýanýan ýalydy, düşnüksiz hem gapma-garşy iki sany görnüş bardy. Ýowuzdan ýanbermez ýaly bolsalar hem, ol gözler seredeniňde özlerine haýpygelijik oýarýardy. Martiniň Brissendene nebsi agyrdy, beýle duýgynyň nireden dörändigi hem kän mahal geçmänkä, oňa düşnükli boldy.

Brissenden ýaňy-ýakynda Arizonadan gelendigini gürrüň bereninden soň:

— Özümiňem inçekeselim bar — diýip, garaşylmadyk habary aýtdy. — Men ol ýerde iki ýyla golaý ýaşadym. Kliniki bejeriş aldym.

— Beýle ýagdaýda siz ýene bärik gelip, öňki ýaşan howaňyzdan dem almaga gorkmaýarsyňyzmy?

— Gorkýan?

Ol diňe Martinden eşiden sözüni gaýtalady. Ýöne Martin ol adamyň dünýäde hiç zatdan gorkmaýandygyna şol bada düşünipdi. Brissendeniň gözleri kiçeldi, burnunyň deşikleri giňedi, ýüzi bürgüdiňki ýaly tekepbir hem aýgytly görnüşe geçdi. Martin beýle adamyň öňünde başyny egmek isledi. «Nähili oňat!» diýip içini gepledeninden soň, ol:

Takdyryň gazaply jebri astynda,

Ganjaran maňlaýymy aşak egmerin — diýdi.

— Siz Henlini halaýaňyzmy? — diýip sowal beren Brissendeniň garaýşy ýakymlydan mylaýymdy. — Elbetde, siz ony halaman bilmersiňiz. Ah, Henli! Beýik ruh! Ol häzirki žurnal üçin rifma ýasaýjylaryň arasynda gladiator — pälwanlaryň agtalardan parhlanyşy ýaly saýlanyp dur.

— Siz žurnallary halamaýarsyňyzmy? — diýip, Martin ägälik bilen sowal berdi.

— Özüňiz halaýaňyzmy? — diýip, Brissenden şeýle bir gazaply jabjynyp goýberdi welin, hatda Martin tisginip gitdi.

— Özümem žurnallar üçin eser ýazýan, has takygy, ýazmaga synanyşýan — diýip, Martin samyrdady.

— Ol entek diliňe çolanyňa degenok — Bu gezek Brissenden birneme mylaýym gepledi. — Siz ýazmaga synanyşýarsyňyz, ol hem başa barmaýar. Men siziň şowsuzlygyňyza hormat goýýaryn hem ony gymmatly hasaplaýaryn. Siziň näme

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýazýanyňyzy göz öňüne getirýärin. Ony bilmek üçin, siziň eserleriňizi okamak hökman däl. Eserleriňiziň ýolundaky ähli gapylary ýapýan bir kemçilik bar. Siziň ýazýan zatlaryňyzda çuňluk bar. Ol bolsa žurnallara gerek däl. Žurnallara dürli-dümen süplük zatlar gerek, ony hem olar näçe gerek bolsa, şonça-da alýarlar. Sizden däl, elbetde.

— Men ol işden gaça duramok.

— Tersine. — Brissenden bir pursat saklandy hem Martiniň tozup ugran boýunbagyna, sürtülen ýeňlerine, üpür-çüpür ýeňujuna — ähli pukaralyk alamatlaryna gödeklik bilen ser saldy, soňam onuň çöküşen ýaňaklaryna uzak wagtlap seretdi. — Tersine, siz emelsizler, emelsizdenem iş gaça durýar. Onda-da şeýle bir gaçýar, size ol ugruň boşlugyny doldurmak başartmaz. Gadyrdanym, men size nahar hödürlesem, gaty görmersiňizmi?

Martin biygtyýar gyzardy, Brissenden bolsa, şadyýan güldi.

— Dok adam iýmek-içmek hödürlense gaty görmeýär.

— Siz melgun! — diýip, Martin janyýangynly heňkirdi.

— Men size hiç zat hödürlämok ahyryn!

— Hödürlejegem boluň!

— Şeýle diýseňizläň. Beýle bolsa, men sizi bile agşamlyk naharyny edinmäge çagyrýaryn.

Şony diýmek bilen Brissenden restorana ugrajak bolýan ýaly ýerinden turdy.

Martin ýumruklaryny düwdi, gyzan gany onuň çekgelerini titretdi.

— Üns beriň! Olary diriligine iýmeli! Diriligine iýmeli! — diýip, Brissenden ýerli teatrdaky tanymal ýylan tutuja öýkünip gygyrdy.

Martin hem öz gezeginde kesel sebäpli gurpdan gaçan Brissendene gazaply garap:

— Men sizi, dogrudanam, diriligiňize iýip bilerdim — diýdi.

— Ýöne men iýleniňe degýän däldirin.

— Sizi iýmek däl, iýmek üçin etjek aladaňa degenok — diýen Martin şobada-da çyny bilen gülüp goýberdi. — Siziň meni akmak hasap edendigiňizi aýdaýyn,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Brissenden. Meniň aç bolmagym tebigy ýagdaý, bu ýerde utanyp durmaga esas ýok. Görşüňiz ýaly, men maýdaja şertliligi, köne pikirliligi ýigrenýärin, ýöne bir zepersiz söz ýa-da hakykat öz bolşy ýaly aýdylan badyna, men şol köne düşünjäniň guluna öwrüldim duruberdim.

— Siz, dogrudanam, menden gaty gördüňiz.

— Gaty gördüm, boýnuma alaýyn. Çagalykdan aňa guýlan köneçillikler bolýar. Men olardan daşlaşmak üçin kän zat öwrendim, ýöne käte gyzaýýan pursatlarym bolýar. Her kimiň syry öz sandygynda.

— Siz häzir sandygyň agzyny hem gulpladyňyzmy?

— Elbetde.

— Berkmi?

— Berk.

— Hany onda gideliň-de, iýer ýaly bir zat soralyň.

— Ýörüň.

Martin içilen wiskiniň bahasyny tölemekçi bolup, özüniň iň soňky iki dollaryny çykardy welin, Brissenden hyzmatça Martinden pul almaga ýol bermän, hasap-hesibi özi etdi.

Närazylygyny görkezip, gaşyny çytjak bolanda, Brissenden egninde elini goýdy welin, Martiniň ýüzi birneme açyldy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

## XXXII bap

Şol günüň ertesi Martini sorap üýtgeşik bir myhmanyň gelmegi Mariýany geň galdyrdy. Ýöne şonda-da ol aljyramady, hatda gelen adama myhman otagynda garaşmaga-da rugsat berdi.

— Men-ä geläýendirin welin, garşy dälsiňiz-dä hernä? — diýip, Brissenden Martin peýda bolup, onuň otagyna geçileninden soň sowal berdi.

— Tersine, men siziň geleniňize örän begenýän — diýip, ol Brissendeniň elini berk gysyp durka jogap gaýtardy, soňra ýeke-täk oturgyjyny myhmana süýşürdi-de, özi krowatyň bir gyrasynda ornaşdy. — Siz meniň ýaşaýan ýerimi nädip tapdyňyz?

— Morzlara jaň etdim. Telefony miss Morzuň özi aldy. Şunluk bilen, men, ynha, şu ýerde otyryn.

Brissenden jübüsinden kiçijik bir kitaby çykardy.

— Bir şahyryň goşgular ýygyndysyny getirdim. — Myhman ony stoluň üstünde goýdy. — Size peşgeş berýän. Okaň! — diýibem, ol Martiniň garşylyk görkezýän hereketine sesini gataldyp jogap berdi. — Kitap meň nämäme derkar? Şu gün irden ýene aňrymdan gan geldi... Içmäge wiskiňiz barmy? Elbetde, ýokdur. Biraz garaşyň.

Myhman gyssanmaç turdy-da, gapa tarap ýöneldi. Onuň birmahallar, megerem, örän kuwwatly bolan eginlerini içine çöken döşüne tarap gysyp barşyny gören Martiniň haýpy geldi. Ol iki bulgury stoluň üstünde goýdy-da, Brissendeniň getiren kitabyny okamaga oturdy. Kitap Henri Wogan Marlowyň iň soňky goşgular ýygyndysydy...

— Şotlandlaňky-ha ýok. Baran dükanym diňe amerikan wiskisini satýar eken. Ynha!

— Men häzir çagalaryň birine limon getirdeýin. Biz grog edineris — diýen Martin birdenem, myhmanynyň garaşmadyk sowalyny berdi. — Marlou şu kitap üçin näçe aldyka?

— Elli dollar çemesi alandyr — diýip, myhman jogap gaýtardy. — Onda-da kitaby çykarmaga töwekgellik edip biljek neşirçi tapylan bolsa.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Diýmek, şygryýet bilen eklenip boljak däl-dä? — Martiniň sesinde haýpygelijilik äheňi duýuldy.

— Ýogsam näme. Eýsem, siz goşgudan eklenmek isleýän akmak bardyr öýdýäňizmi? Rifma ýasaýjylar başga gep. Brýus, Wiržinni, Spring ýa-da Sidžwika. Olar oňat iş edýärler. Hakyky şahyrlar bolsa... Ýogsa-da siz Marlowyň nämäniň hasabyna ýaşaýandygyny bilýärsiňizmi? Pensilwaniýanyň bir mekdebinde oglan okadýar. Ol mekdebem dowzahyň bu dünýädäki bar bolan bölümleriniň biri, onda-da iň aýylganjy bolmaly. Ömrümiň üstüne ýene elli ýyl goşsa-da, men onuň bilen ornumy çalyşmazdym. Onuň goşgulary bolsa, häzirki şahyrlaryň ýazan şygyrlarynyň içinde çüýşe döwükleriň arasyndaky lagyl ýaly bolup parhlanýar. Emma ol barada tankytçylar näme ýazýar! Al-arwah kaksyn şol tankytçylary!

— Umuman alanyňda, özlerine ýazyjylyk ukyby berilmedik adamlar hakyky ýazyjylaryň eserlerine baha kesýärler — diýip, Martin öz pikirini daşyna çykardy. —Mysal üçin, olar Stiwenson hakda näçe ýalan-ýaşryk zatlary çyrşadylar. — Içigara melgunlar-da! — diýip, Brissenden ýigrenç bilen dişlerini gysdy. — Men olardan birini tanaýardym. Ol Stiwensony dindar Damiýen ata ýazan haty üçin ölýänçä kötekläp geçdi, haty hem seljerdi, hem ölçedi, hem...

— Elbetde, onda-da özüniň manysyz, pes derejesiniň ölçegi bilen ölçändir — diýip, Martin hem gürrüňdeşiniň aýdanlarynyň üstüni ýetirdi.

— Dogry aýdýaňyz! Olaryň ählisi bolgusyz sözler bilen gözellige, hakykata, gowulyga gara sürtýäler. Onuň yzyndanam egniňe kakyp höweslendiriji öwgä geçýäler, üstesine-de: «Fido gowy köpek!» diýýäler. Tfu! Riçard Ruf ölüminiň öň ýany olara «Adamdan azan ejiz alahekgeler» diýip baha beripdir.

— Ol alahekgeler ýyldyzlaryň tozanyny çokmak isleýärler — diýip, Martin aýdylany derrew uly höwes bilen goldady. — Olar genileriň meteora meňzäp uçup ýören pikirini tutmakçy bolýarlar. Men bir wagt şol tankytçylar barada makala-da ýazypdym.

— Şol makalany maňa beriň — diýip, Brissenden gyssanyp gepledi.

Martin stoluň aşagyndan «Ýyldyz tozanlarynyň» bir nusgasyny çykaran badyna, Brissenden asgyryp, pyşgyryp, ellerini owkalaşdyryp, hatda içgini hem unudyp, makalany okamaga başlady.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Asyl siziň özüňiz şol kör garsaklaryň ýurduna uçup baran ýyldyz tozany ekeniňiz-ä — diýip, makalany okan Brissenden çasly gygyrdy. — Bilýän, bular ýaly eseri žurnallaram, elbetde, çap eden däldirler. Şeýle dälmi?

Martin ýazuw depderçesini açdy.

— Ol makaladan jemi ýigrimi ýedi žurnal ýüz öwürdi.

Brissenden hahahaýlap gülmekçidi welin, gülkiniň ýerini näsagyň üsgülewügi eýeledi.

— Siz goşgy hem ýazýan bolaýmaň? — diýip, ol ahyrsoňy boglup sowal berdi. —Ýazýan bolsaňyz, maňa okamaga beriň-dä.

— Bereýin. Ýöne şu ýerde beri okamaň — diýip, Martin haýyş etdi. — Maňa siz bilen gürrüňleşmek zerur. Goşgulary bolsa, kagyza dolap bereýin welin, öýüňize baryp okaýarsyňyz...

Brissenden «Söýgi hakyndaky sonetler» bilen «Peri hem düri» öz ýany bilen alyp gitdi. Şol günüň ertesi ol ýene Martiniň öýüne gelip, diňe:

— Ýene nämäňiz bolsa beriň! — diýdi.

Brissenden Martine hakyky şahyrdygyny ynandyrmaga çalyşdy. Asyl onuň özi hem goşgy ýazýar eken. Martin Brissendeniň goşgularyny okap haýran galdy hem şu mahala çenli olary çapa hödürlemäge synanyşygam etmändigini geň gördi.

Onuň goşgularyny haýsydyr bir žurnala ibermäge öz hemaýatyny hödürlän Martin:

— Ýok bolsun-laýt şol goşgular! — diýen jogap aldy. — Gözelligi gözellik üçin söýmeli, žurnallar hakyndaky pikiri kelleden çykarmaly. Ah, Martin Iden,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin Iden! Ham-hyýallygy taşlap, siz ýene deňze gidiň. Gämileriň birine işe duruň. Men muny size halys ýürekden maslahat berýärin. Bu hapa taşlanýan çukur ýaly şäherde ýaşap näme gazanýaňyz? Siz bu ýerde her günde bir gezek özüňizi öldürýärsiňiz. Siz iň mukaddes zady ýeňlesligiň eline berýärsiňiz. Siz özüňizi žurnallaryň pes derejesine uýgunlaşdyrýarsyňyz. Düýn-öňňin näme diýdiňiz-ä? Hawa, ýadyma düşdi. «Adam jyzlanlaryň iň soňkusydyr». Özüňiz iň soňky jyzlan bolsaňyz, şöhrat nämäňize derkarmyşyn? Bilip goýuň, şöhrat diýilýän zat siz üçin zäherdir. Siz öwgi ýarmasyny iýerden daşdaky örän özboluşly, örän akylly, örän göwnaçyk adam. Siz ömrüňiz ötýänçä-de, žurnallara ýeke setiriňizi hem hödürlemersiňiz diýip umyt edýärin. Diňe gözellige boýun bolmaly. Diňe gözellige gulluk ediň. Süri-süri märekeden daşda duruň. Üstünlik? Size ýene nähili üstünlik gerek? Siz öz Stiwenson hakyndaky sonetiňiz bilen gerek şöhraty gazandyňyz. Gep ugruna aýdyp goýbersem, siziň «Söýgi hakyndaky sonetiňiz», deňiz goşgularyňyz Henliýewskiniň «Görnüşindenem» esli belentde durýar. Eýsem, siz döretmegiň berýän lezzetini hiç zat hasap edýäňizmi? Sizi üstünligiň däl-de, döredijiligiň lezzetiniň özüne çekýändigini men örän oňat bilýärin. Ony sizem bilýänsiňiz. Siz gözellik bilen ýaralanan adam. Ol bitmeýän ýara, bejerilmeýän dert, ýürege sanjylan gyzgyn pyçak. Žurnallar bilen at oýnadyşan bolmak derkarmy? Goý, siziň ýeke-täk arzuwyňyz gözel bolsun. Ýürek ýarasyndan zikge kakjak bolmaň. Barybir, netije çykmaz. Gözellik bilen puluň ýollary başga-başgadyr. Azara ga

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
lyp ýörmäň. Žurnallaryň müň ýyl bäri çykan sanlaryny okasaňyzam Kitsiň ýeke setiri bilen deňleşjek zat tapmarsyňyz. Altyn-kümşem, şöhratam ýatdan çykaryň-da, hut ertiriň özünde deňze gidiň.

— Men şöhrat üçin däl-de, söýgi üçin azap çekýän — diýip, Martin gülüp goýberdi. — Görýän welin, söýgi diýilýän zat siz üçin durmuşda ýok zat ýaly. Meniň üçin bolsa gözellik söýginiň hyzmatçysy.

Brissenden oňa begençli haýpygelijilik bilen seretdi.

— Wah, siz entek ýaş bolýaňyz, Martin! Ah, siz entek nähili ýaş! Siz gaty belentden uçarsyňyz. Ýöne ganatyňyzyň näzikdigini welin unutmaň, birden olara ýalyn çabradaýmaň. «Söýgi hakyndaky sonet» hem haýsydyr bir gyzjagazyň waspyny edýär... Barypýatan masgaraçylyk!

— Gyzjagazyň däl, söýgiň waspyny edýär — diýip, düzediş beren Martin ýene güldi.

— Terbiýe pelsepesi! — diýip, Brissenden baş ýaýkady. — Men oňa ýasama keýp berýän temmäkiden soň ham-hyýallyk kölüne gark bolan mahalym düşündim. Ägä boluň! Buržuaz şäherleri sizi gaty heläk eder. Ikimiziň tanşan ýerimiz bolan ogry-jümrüleriň mesgenini mysal alyp görüň. Hudaý bar, ol jaý zibilhanadanam hapa. Beýle jaýyň howasyndan dem alsaň, sag bolmak asla mümkin däldir. Ol ýerde hökman demigersiň. Üns beren bolsaňyz, ol öýdäki erkegiň, aýalyň ýekejesi-de şol ýeriň hapaçylygyndan saýlanýan däldir. Olaryň hemmesi işläp duran aşgazandyr, öz ynanyşlaryna görä-de, ol belent maksatlara gol berýän aşgazanmyş.

Brissenden birden dymdy-da, Martiniň ýüzüne seretdi. Ýagdaýa göz ýetirmegi ony edil ýyldyrym uran ýaly etdi, ýüzi aýylganç hem geň galyjy görnüşe eýe boldy.

— Özüňizem söýgi barada ajaýyp goşgular toplumyny hem şol solak ýüzli, hiç zadyň alnyndan däl tula sebäpli döretdiňizmi?

Birden Martiniň sag eli Brissendeniň bokurdagyna baryp ýelmeşdi-de, şeýlebir silkeledi welin, biri-biri bilen çakyşan dişler şakyrdap ses etdi. Şol bir wagtda-da Martin Brissendeniň gözlerinde gorky alamatyna derek, gaýtam, haýsydyr bir gyzyklanma nyşanyny gördi, üstesine-de, ol melgun gülküsini etdi. Biraz özüne

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gelen Martin, barmaklaryny gowşatdy-da, Brissendeni ýorganyň üstüne zyňyp goýberdi.

Brissenden uzak wagtlap demini dürsäp bilmedi, aýňalyp özüne geleninden soň bolsa, gara çyny bilen güldi.

— Galanja janymy hem silkäp-silkäp çykaraýan bolsaňyz-a, meni özüňize hemişelik bergidar ederdiňiz.

— Soňky wagtlarda men, birhili, özüme erk edip bilmeýärin — diýip, Martin eden hereketini aklajak boldy. — Sizi müçükdiräýen-ä däldirin-dä? Häzir men täzeje içgi taýynlaýyn.

— Siz göwräňize öz mynasyp bahasyny bermeýärsiňiz. Siz çakdanaşa güýçli. Ýaş pälwana meňzeýärsiňiz. Ýolbarsjyk! Güýjüňize görä-de garşylyk görersiňiz.

— Nähili ýol bilen? — diýip, oňa bulgur uzadyp durka, Martin gyzyklanma bilen sowal berdi. — Hany, şuny göteriň-de, öýke-kineden ýazylyň.

— Nähili ýol bilen diýýäňizmi? Gaty sada ýol bilen. — Bulgury başyna çeken Brissenden ýylgyrdy. — Hemme zat aýallar zerarly döreýär. Olar bize şu mahal rahatlyk bermeýişleri ýaly, ömrümiz ötýänçä-de ynjalyk bermezler. Men bu dünýä düýn inemok ahyryn. Meni bogmakdanam ullakan netije çykmaz, barybir, size ýüregimdäkini ahyryna çenli aýdaryn. Düşünýän, ol siziň başky söýgiňiz, ýöne owadanlyga bolan söýgiňiz. Indiki gezek saýhallyrak boluň, gowy seljeriň. Buržuaz gyzlaryny başyňyza ýapjakmysyňyz? Taşlaň, olara ulaşmaň. Joşgunly, hyjuwly, durmuşyň her hili kynçylyklarynyň depesinden garaýan, söýgi bilenem, ölüm bilenem oýun gurup biljek hakyky zenan tapyň. Durmuşda şeýle aýallar bar. Olar, maňa ynanaýyň, sizi buržuaz gatlagyndan çykan, gabat gelen bolgusyz gurrumsagyň höwes bilen söýşüçe söýerler.

— Bolgusyz gurrumsak! — diýip, Martin närazylyk bilen sesini gataltdy.

— Hut şeýle. Ol ahlak hakykaty barada, ýagşylyk etmek barada takal baryny okap, gulagyňyzy kamata getirer, şol bir wagtda-da özi welin, hakyky durmuşda ýaşamakdan ýaýdanar. Ol sizi özüçe söýer, Martin. Ýöne özüniň dereksizje ahlagyny welin, sizden has beter söýer. Siz ýakyp-ýandyryp barýan söýgi isleýärsiňizmi? Size erkin kalplysy gerekmi? Sary güýäni däl-de, ap-akja kebelejik küýseýäňizmi? Eger-de ykbalyňyz çüwmän, uzak ýaşasaňyz, umuman-a iru-giç akja kebelegem sizi irizer. Ýöne siz uzak ýaşamarsyňyz, sebäbi deňze

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
dolanmarsyňyz. Özüňizem tä çüýräp gutarýançaňyz, şu çüýrük şäherlerde entär ýörersiňiz.

— Diýesiňiziň gelýänini diýiberiň — diýip, Martin oňa duýduryş berdi. — Ýöne her zat etseňizem, meniň pikirimi welin, üýtgedip bilmersiňiz. Öz ganygyzgynlyk derejäňize görä, sizem mamla, menem özümiňkä görä bimamla däl.

Söýgi, žurnallar hem ýene köp zat babatda ol ikisiniň garaýşy bap gelmedi. Oňa garamazdan, Brissenden Martini diňe bir özüne çala imrikdirmek däl, eýsem, onda has-da güýçli duýgy oýardy. Brissenden Martiniň dymyk otagynda bir sagatdan kän oturyp bilmese-de, olar ýygy-ýygydan duşuşýardylar.

Ol Martiniň ýanyna bir çüýşe wiski alyp gelmegi-de ýadyndan çykarmaýardy, restoranjykda naharlanan çaglary bolsa, mydama şotland wiskisi bilen sodaly suw içýärdi, iki adamyň iýeni-içeni üçinem hökman özi töleýärdi. Martin Brissendeniň arkasyndan heniz dadyp görmedik naharlaryny iýip gördi, ömründe birinji gezek şampan çakyrynyň nämedigini bildi, ömründe ilkinji gezek reýnwen çemeniniň gözelligini gördi.

Ýöne Brissenden mydama Martin üçin pynhan syrdy... Daşyndan göräýmäge terkidünýä meňzese-de,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ol adam şol bir mahalyň özünde-de örän joşgunlydy, duýgurlyk aňy örän ösendi. Ol ynsan ýaşaýşynyň hemme tarapyna ýigrenç bilen garaýardy, ölümdenem asla gorkmaýardy. Şeýle-de bolsa, ol durmuşa suwsandy, onuň näzikliginiň ýakymyny artdyrmakda, «özüniň döreden älem tozanjyklarynyň arasyndaky çäklije örüsinde hereket etmekde» ýanbermezdi. Ol emeli keýpi-sapalyk bilenem mazaly iş salyşýardy, täzeden-täze keýp tapmak üçin geň-geň hereketler hem edýärdi. Ol bir gezek Martine dördünji gün teşneligini gandyryp, uly lezzet almak üçin üç günläp suw içmändigini hem gürrüň berdi. Martin ol adamyň kimdigini, niredendigini bilmän galdy. Ol adamynyň geçmişi bolmandy, geljegi hem golaýdaky mazara ýetip gutarýardy, şu gününi bolsa, durmuşyň gyzdyrma keseli köýdüripdi.

## XXXIII bap

Martiniň öz guryýan söweşlerinde utulmagy dowam edýärdi. Ol näçe tygşytlylyk etse-de, gazanjy iň zerur zatlaryny almaga-da ýetmeýärdi. Ahyrsoňy ol gara penjegini-de girewhana tabşyrmaly boldy, şeýlelik bilenem, «Minnetdarlyk güni» diýilýän dini baýramçylykda Morzlaryň eden çakylygyna-da baryp bilmedi. Martiniň gelmändigini bilen Ruf gaty gamlandy, umytsyz ýagdaýa düşdi. Martin «Transkontinentalyň» redaksiýasyna gidip, gara penjegine tölär ýaly, bäş dollaryny alansoň, myhmançylyga barjakdygyny Rufa aýdypdy.

Martin ertir ir bilen Mariýadan on sent karz aldy. Karz puly Brissendenden dilemek ýeňil düşjekdi welin, ol sähne birden gözden gaýyp boldy ötägitdi. Ol indi iki hepde bäri Martiniň öýünde gara bermeýärdi. Martin onuň nirä ýitirim bolandygyny bilmek üçin kän kelle döwdi. On sent Martine aýlagdan geçmäge ýol kireý üçin gerekdi. Aýlagdan geçibem ol puly almak başa barmasa, näme etmeli bolar diýen aladany hem kellesinde aýlap, Marketstrit bilen gitdi. Pul alyp bilmese, Oklende gaýdyp gelmegiň pikiri hem ony ullakan alada goýdy, sebäbi San-Fransiskoda on sent karz alaýar ýaly tanyş-bilşi-de ýokdy.

«Transkontinentalyň» redaksiýasynyň gapysy çalarak açyk duran eken. Martin işigiň öňünde şeýlebir gürrüň gulagyna ilensoň, saklanmaga mejbur boldy.

— Gep onda däl-de, mister Ford (Martin redaktoryň familiýasynyň Forddugyny bilýärdi), gep siziň maňa pul töläp bilip-bilmejegiňizde. Ýagny nagt töläp biljegiňizde. Žurnalyňyzyň täze ýylky etsem-goýsamlary bilen işim ýok. Men diňe eden işim üçin hakymy tölemegiňizi talap edýärin, maňa gaýry zat gerek däl.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Onsoňam öňünden aýdyp goýaýyn, eger siz iň soňky sentine çenli hakymy tölemeseňiz, täze ýyl başlanan güni çykmaly gazetiňiz maşyna salynmaz. Sag boluň! Eliňize pul düşen wagty ýanyma baraýyň!

Gapy giňden açyldy-da, agzyna paýyş sözleri hem alyp, ýumruklaryny berk düwen bir adam gaharly ädim urup, Martiniň gapdalyndan geçip gitdi. Martin on bäş minut çemesi garaşsa, özüne bähbit bolar öýtdi. Ol esli wagt köçede gezmeläp geldi-de, gapyny itekledi. Şeýlelikde, ol ömründe ilkinji gezek redaksiýa diýilýän jaýyň bosagasyndan ätledi. Bu ýerde tanyşlyk petegine üns berilmeýän bolara çemeli, hyzmatçy oglan Martinden hiç zat talap etmän, germewiň aňyrsyna geçdi-de, kimdir biriniň mister Fordy soraýandygyny habar berdi. Oglan yzyna dolandy-da, Martini redaksiýanyň iň keramatly ýeri bolan otaga — mister Forduň oturýan jaýyna alyp gitdi. Martini haýrana goýup, öňi bilen gözüne dürtülen zat — otagda höküm sürýän çakdanaşa tertipsizlik boldy. Soňra ol stol başynda uzyn sakgalsapyly, entek garramadyk, gelene göz-görtele gyzyklanma bilen seredip oturan adamy gördi. Martin onuň nazarynyň gaty parahatdygyna geň galdy. Çaphananyň wekili bilen ýap-ýaňy bolup geçen dartgynly gürrüň onuň keýpine birjikde zeper ýetirmändir.

— Men... men, Martin Iden — diýip, Martin söze başlady. (Ol: «Menem öz bäş dollarymy almaga geldim» diýmek isledi).

Birinji gezek redaktor bilen ýüzbe-ýüz bolup görýän Martin gürrüňi gönümel puldan başlamaýyn diýdi. Şol pursadam Forduň hasanaklap ýerinden turup, sesine bat bermegi Martini haýran galdyrdy.

— Eýsem, bu sizmisiňiz!? — diýip, redaktor Martiniň elini dabara bilen gysyp silkeleşdirdi. — Siz bilen tanyşýanyma meniň nähili şatdygymy bir bilsediňiz, mister Iden. Men siz hakda ýygy-ýygydan pikir edýärdim, nähili adamdygyňyzy göz öňüme getirjek bolýardym.

Biraz yza tesen mister Ford beýle üns berilmegine mynasyp bolmadyk, ýyrtylan ýeri torlanyp çatylan penjekli Martini depesinden dabanyna çenli göz eleginde eledi. Dogry, Martiniň Mariýa Silwanyň ütügi bilen mäkäm ütüklenen jalbarynyň welin, epini göni çyzyk ýaly bolup durdy.

— Men siziň ýaşyňyzy esli ýokarrakdyr öýdýärdim. Hekaýaňyz hem-ä agramly pikirden doly, hemem örän oňat ýazylypdyr. Siz hakyky ussat. Men oňa üç-dört

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

setiriňizi okan badyma göz ýetirdim. Ilkinji gezek siziň hekaýaňyzy nähili okanymy aýdyp bereýinmi? Ýok. Öňürti men sizi işgärlerimiz bilen tanyşdyrmak isleýärin.

Mister Ford geplemegini dowam edip barşyna, Martini giň otaga eltdi-de, müçesi gaty kiçi, arryk, elleri buz ýaly, ysytma keselinden ejir çekýän ýaly adam bilen tanyşdyrdy. Ol redaktoryň orunbasary mister Waýt eken.

— Bu mister Ends. Mister Ends biziň iş dolandyryjymyz.

Martin şadyýan kel jenabyň elini gysdy. Ol özüni aýalyna her ýekşenbede ýörite iş etdirip oňat timarladýan uzyn ak sakgaly bilen bezeýänem bolsa, entek ýüzi, herhal, ýaş görünýärdi. Aýaly onuň boýnunyň ýeňse tarapyny-da päki bilen timarlaýardy.

Üç kişi üç ýerden daşyna aýlanyp, myhman tä boş söz bilen doýruljak bolunýandygyna ymykly göz ýetirilýänçä, biri-birinden öňürdip gepleýärdi, Martini mahabatlandyrýardy.

— Siziň şu mahala çenli redaksiýa gelmän ýörşüňizi biz mydama geň görýärdik — diýip, Mister Waýt myhmana ýüzlendi.

— Meniň aýlagdan geçmäge tölemek üçinem pulum bolmady — diýip, Martin şeýle gönümellik bilen özüniň mätäçlik çekýändigini olara ynandyrjak boldy. Şol bir wagtyň özünde-de ol: «Meniň egnimdäki «toý eşigim» mätäçlik çekýän adamdygymy aňry ýany bilenem düşündirýän bolsa gerek» — diýip içini gepletdi.

Soňky edilen gürrüňleriň arasynda-da, Martin maýyny tapsa, özüniň garyp ýaşaýandygyny, bu ýere näme maksat bilen gelendigini ýaňzytmagyň aladasyny etdi. Ýöne onuň zehinine hormat goýýanlaryň gulaklary aýdylan gepi dogry kabul etmeýän ýalydy. Mister Forduň işgärleri Martine ýazan hekaýasynyň örän gowudygyny, ony aýallarynyňam, dogan-garyndaşlarynyňam okap, hezil edinendiklerini gezek-gezegine habar berýärdiler. Ýöne olaryň hiç biri hem onuň he-kaýasyndan alan täsirini Martiniň eden tamasyna görä, beýan etmäge isleg bildirmedi.

— Meniň hekaýaňyzy ilki nähili ýagdaýda okandygymy bilýäňizmi? Nýu-Ýorkdan gelýärdim. Otly Oklendde saklananda, wagona gazet satýan girdi. Gazetçide «Transkontinentalyň» iň soňky çykan sany bar eken.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

«Eý, Hudaý! — diýip, Martin içini gepletdi. — Bu myrryh kezzap-ha gymmatbaha wagona münýär, men bolsam açlyk çekýän. Men ondan özümiň halal zähmet bilen gazanan bäş dollarymy alyp bilmeýärin», Martini gahar-gazap gurşady. Ol «Transkontinentalyň» eden etmişini çäksiz hasaplady, açlyk çeken günlerini, ezýet çeken aýlaryny ýatlady, häzirem jübüsinde gara şaýynyň ýokdugyny, düýnden bäri hiç zat iýmändigini ýatlady. Martiniň gahary kellesine urdy. Bular galtamanam däl-de, adaty maýda ogrular. Olar hekaýany al salyp, ýalan wada berip aldylar. Martin entek olara oýun görkezer.

Ol almaly puluny alaýmasa, redaksiýadan çykmazlygy özüne wada berdi. Çykaýanda-da, jübüsi ýeke şaýysyz adam nirä gitsin. Martiniň Oklende dolanmaga-da ýagdaýy ýok ahyryn. Ol enteg-ä özüne az-kem erk edip bilýärdi welin, ýüzünde dörän ýakymsyz yzgytsyzlyk gürrüňdeşlerini howpurgatdy.

Olar öwgüli sözleri öňkülerindenem beter tarhanlyk bilen ýagdyrmaga başladylar. Mister Ford «Jaňyň zaňyny» ilkinji gezek okaýşyny ýatlady. Mister Ends bolsa öz ýegençisiniň şol hekaýa diýip akylyndan azaşyp ýörendigini, akylyndan azaşýan ýegençiniňem ýöne bir galpaklyja gyzjagaz däl-de, Alamedde mekdep mugallymasy bolup işleýändigini habar berýär.

— Men bu ýere sizden pul almaga geldim — diýip, Martin ahyry esasy matlabyny aýtmaly boldy. — Ýaňky baryňyzyň öwüp arşa çykarýan hekaýaňyz çap bolan badyna, siz maňa bäş dollar tölemelidiňiz.

Ýüz keşbinde myhmanyň haýyşyny derrew bitirmek höwesi dörän mister Ford jübülerini barlaşdyransoň mister Endse ýüzlenip, puluny öýünde galdyryp gaýdandygyny aýtdy. Mister Ends hojaýynyna haýpygelijilik bilen seretdi-de, özünden bidin hereket edip, puluny goraýan ýaly manyda elini jübüsiniň üstünde goýdy. Martin onda pul bardygyna düşündi.

— Men erbet ýagdaýa düşdüm — diýip, mister Ends başyny ýaýkady. — Ýap-ýaňy çaphana bilen hasaplaşyp, hemme nagt pulumy goýup gaýtmaly boldum. Ýanyma az pul almak meniň oýlanman eden hereketim boldy. Ýöne tölemeli wagt gelmedigem bolsa, çaphanaçy öňünden beräý diýip boýurganyp duransoň «ýok» diýip bilmedim-dä.

Mister Ford bilen mister Ends mister Waýda seretdi welin, ol eginlerini gysyp, gülüp goýberdi. Pul tölemek meselesinde mister Waýda, beýlekiler bilen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

deňeşdireniňde, günäsiz diýseňem boljakdy. Ol «Transkontinental» žurnalynyň iş ýagdaýy bilen tanyşmak üçin gelen bolsa-da, esasy aladasy redaksiýanyň serişde syýasatyny öwrenmek boldy. Žurnal dört aý bäri onuň zähmet hakyny tölemeýärdi. Ýöne ol bir zady oňat bildi: redaksiýa redaktoryň orunbasaryna aýlyk bermegiň däl-de, çaphananyň eýeleriniň göwnüni tapmagyň aladasy bilen ýaşaýardy.

— Gatybir gelşiksiz ýagdaý boldy — diýip, mister Ford üzlem-saplam gepledi. — Siz, mister Iden, bizi güpbasdy edäýdiňiz. Ýöne biz, ynha, şeýlebir hereket ederis. Pul petegiňizi ertir irden ýollarys... Mister Ends, sizde mister Ideniň ýaşaýan ýeriniň salgysy barmydyr?

Ýogsam näme! Mister Ideniň salgysy hem ýazylandy, puluň petegi-de ertir irden ugradylýardy. Umuman, Martin Iden bankyň pul-petek işlerinden onçakly baş çykarmaýardy, ýöne ertir irden iberip bolýan petegi şu günem hiç bir kynçylyksyz eýesine gowşurmak mümkindir diýen netijä geldi.

— Mesele çözüldi, mister Iden. Petek ertir irden ugradylýar.

— Pul maňa ertir däl, şu gün gerek — diýip, Martin kesgitli gepledi.

— Hemme zat üsti-üstüne-de bolaýdy-da. Eger siz başga bir gün geläýen bolsaňyz... — diýip, mister Ford sypaýyçylyk etjek boldy welin, birneme ganygyzgyn Ends başlygynyň sözüni böldi.

— Mister Ford size ýagdaýy düşündirdi — diýip, mister Ends haýbatly gepledi. —Menem aýtdym. Siziň petegiňiz ertir irden ugradylýar.

— Menem size pul gerekdigini düşündirdim — diýip, Martinem haýbatly ses bilen gaýtargy berdi.

Iş dolandyryjynyň gödek äheňinden soň, Martiniň gan damarlary tirpildäp başlady. Şeýle hem onuň käbir hereketlerini synlan Martin redaksiýanyň pulhanasy gürrüňsiz şonuň elindedir öýtdi.

— Biz çykgynsyz günde galdyk... — diýip, mister Ford gepe başlajak boldy.

Emma mundan aňry kanagat edip bilmedik mister Ends otagdan çykyp gitmäge meýillendimi, nämemi, ökjesine agram salyp, hyrra yzyna aýlandy. Edil şol pursadyň özünde-de Martin üstüne topulyp, bokurdagyndan penjesini urdy welin, Endsiň ak gar ýaly sakgalydim-dik bolup, petige golaýlady. Mister Ford bilen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
mister Waýt ikisi bolsa, aňk bolup, agyzlaryny açyp galdy. Olar edaranyň iş dolandyryjysyny Martiniň pars halysyny kakýan ýaly silkeleýşine gorkuly nazar bilen garap durdular.

— Ah, siz, ýaş zehinleri eziji hormatly kişiler! — diýip, Martin heňkirdi. — Hany, jübüleriňizi boşadyň, ýogsam içgoşuňyzyň ählisini silkerin.

Soňra ol gapdalda tomaşaçy ýaly bolup duran iki ýoldaşa ýüzlendi.

— Sizem, gowusy, bu işe burnuňyzy sokjak bolmaň. Ýogsam sizem ataňyzyň adyny tapmaz ýaly bolarsyňyz.

Mister Ends boglup ölüp barýardy. Martin oňa geplemäge mümkinçilik döredip, talabyna näme jogap gaýtarýanyny eşitmek üçin elini birneme gowşatdy. Iş dolandyryjy birnäçe gezek jübülerini barlaşdyranyndan soň, dört dollar on bäş sent ýygnady.

— Jübüňi çöwür! — diýip, Martin haýbat atdy.

Ýene on sent tapyldy. Näçedigine anyk göz ýetirmek üçin, Martin elindäki pullary telim gezek sanady.

— Indi gezek siziňki! — diýip, Martin mister Forduň üstüne gygyrdy. — Siz maňa ýene ýetmiş bäş sent bermeli.

Mister Ford garşylyk görkezmedi, ýöne onuň jübüsinden jemi tapylan altmyş sent boldy.

— Çynyňyz bilen gözläň — diýip, Martin sesi bilen gorkuzjak bolýan ýaly haýbat atdy. — Gursakçaňyzyň jübüsinden nämäň ujy çykyp dur?

Mister Ford gursakçasynyň iki jübüsinem töwerege göz edip, düýbüne çenli çöwürdi welin, dört burç gaty kagyz ýere gaçdy. Ol gaçan zady galdyryp, jübüsine saljak bolan wagty Martin:

— O näme? Aýlagdan geçmek üçin gämiçäniň petegimi? — diýdi. — Hany, ony bärik beriň! Oň bahasy on sentdir. Indi, bu petegiň bahasynam üstüne goşup hasaplasam, sizden jemi alanym dört dollar togsan bäş sent bolýar. Hany, ýene bäş sent tapyň!

Martin şeýlebir howply nazar bilen seretdi welin, çepiksije mister Waýt göz açyp ýumasy salymda jübüsinden nikel şaýylyk çykardy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men size gaty minnetdar! — diýip, Martin aňk bolup duranlara ýüzlendi. — Görjegiňiz gowy bolsun!

— Talaňçy! — diýip, mister Ends onuň yzyndan öz ýigrenjini ugratdy.

Martin gapyny jalkyldadyp ýapmazyndan öňürti:

— Ogry! — diýip jogap gaýtardy.

Martin öz gazanan üstünligine şeýlebir begendi, şeýlebir tolgundy welin, «Şerşen» žurnalynyň «Peri bilen dür» hekaýa tölemeli on bäş dollaryny hem ýadyna saldy, ony-da haýal etmän almaly diýen netijä geldi. Ýöne «Şerşen» žurnalynyň redaksiýasynyň işgärleri öňki baran ýerindäki ýaly ýaşy gaýdyşan adamlar däl eken-de, gabat geleni, şol sanda öz bir-birlerini-de talamaga endik eden, saçlary päki bilen syrylan bir topar galtaman pisint daýaw ýigitler eken. Martin stoldur oturgyçlardan birini-ikisini döwmäge ýetişdi. Soňundan welin, talyplyk döwründe sport ýaryşlarynda baýrak alyp ýören redaktor, redaksiýanyň işlerini dolandyryjynyň, bildiriş ýygnaýan işgäriň hem garawulyň ýardam bermegi bilen Martini işikden çykmaga mejbur etdi, üstesine-de oňa basgançakdan gaty tiz aşak düşmäge-de «kömek» edildi.

— Gelip duruň, mister Iden! Sizi görsek, biziň göwnümiz hoş bolar! — diýip, redaksiýanyň işgärleri onuň yzyndan gygyrdylar.

Martin ýylgyryp ýerinden turdy.

— Tüf — edip ol samyrdady. — Ine, munyňyz boldy, ýigitler! Siz «Transkontinentalyň» çüýrük töňňeleri däl ekeniňiz.

Ýokardan gülki eşidildi.

— Men size bir zat aýtmaly, mister Iden — diýip, «Şerşeniň» redaktory dil ýardy. — Siz şahyr hökmünde öz abraýyňyzy goramagy başarýan adam. Beýle ussatlygy nireden öwrenip ýörsüňiz?

— Siziň, «goşa nelson» diýilýän göreşiň tärini öwrenen ýeriňizden öwrendim — diýip, Martin jogap gaýtardy. — Iň bolmanda, gözüňiziň aşagynda gök tegmil galjagyny-ha öňünden aýdyp goýaýyn.

— Siziňem boýnuňyzyň awajakdygyna ynamym bar — diýip, redaktor mylaýym gürledi. — Şol sebäpli bir bulgurjyk göteräýsek näderkä? Ýaralanan boýun üçin däl-de, tanşanymyz üçin.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men ýeňlen adam. Şonuň üçinem maňa siz bilen ylalaşaýmalysy galýar — diýip, Martin jogap gaýtardy.

Talanan bilen talaňçylar bile oturyp, bir çüýşe içgini paýlaşdylar. Çaknyşykda hem güýji ökde tarap ýeňdi diýlip dostlarça bir netijä gelindi. Şeýlelikde, hekaýanyň on bäş dollar galamhakysy hem «Şerşeniň» pulhanasyna geçdi hasap edildi.

## XXXIV bap

Artur jaýyň daş işiginde galdy, Ruf bolsa basgançaklardan ýeňil ädimläp, Mariýa Silwanyň eýwanyna tarap ýöneldi. Ol ýokaryk çykan badyna-da, hat ýazýan maşinkanyň sesi gulagyna gelip başlady. Içerik giren gyz Martiniň haýsydyr bir golýazmanyň soňky sahypasynyň üstünde işläp oturandygyny gördi. Ruf «Minnetdarlyk güni» diýilýän dini baýramçylygyň hormatyna gurulýan nahara Martiniň barjakdygyny, barmajakdygyny bilmek üçin ýörite gelipdi. Ýöne öz pikir-aladasyna çümüp oturan Martin myhmanyna agzyny açmaga-da maý bermedi.

— Şujagaz ýerini diňlemegiňizi towakga edýän — diýip, ol ýazyp tamamlan sahypasyny maşinkadan sogrup çykardy-da, onuň ikinji nusgasyny bir gyrada goýdy. — Bu meniň iň soňky ýazan hekaýam, öňki hekaýalarymyň hiç birine-de meňzänok welin, okamaga az-kem ýaýdanmanam duramok. Ýöne munuň ajaýyp eserdigine ynanýan. Diňläň-de, baha beriň. Özem bu gawaý hekaýasy. Adyna-da «Wiki-wiki» goýdum.

Hütdügiň içi buz ýaly bolansoň, Ruf sandyraýardy, Martin welin, sowukdan ýaňa elleri doňara gelen bolsa-da, döredijilik joşgunynyň howruna mazaly çoýunany sebäpli, ýaňaklary gyzaryp duran ýalydy.

Ýüzünde hekaýa diňlemek höwesiniň alamaty ýok hem bolsa, Ruf muňa çyny bilen gulak asdy. Okamagy tamamlan Martin:

— Göniňizden geliň, hekaýa size ýaradymy, ýaramadymy? — diýip sorady.

— Bilmedim — diýip, gyz parahat jogap gaýtardy. — Muny bir ýerde çap edip bolar öýdýärsiňizmi?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Çap bolar-a öýtmeýärin — diýip, Martin göwnündäkini açyk aýtdy. — Beýle hekaýany çap etmäge žurnallaryň bogny ysmaz. Oňa garamazdan, bu hekaýa durmuş hakykatyny beýan edýär.

— Satyp bolmajak zatlary näme üçin hötjetlik bilen zol-zol ýazýarsyňyz? — diýip, gyz gönüsinden geldi. — Siz öz eserleriňizi pul gazanmak üçin ýazýarsyňyz ahyryn.

— Elbetde, siziň aýdýanyňyz hakykat. Ýöne gahrymanym özümden güýji ökde bolsa nädeýin? Men onuň garşysyna gidip bilmedim. Ol hekaýanyň hut şu mahalky bolşy ýaly ýazylmagyny talap etdi.

— Siziň Wiki-Wikiňiz näme üçin gödek gepleýär? Dil beýle derejede bolsa okyjylar, belkem, gaty geň görerler. Eger hekaýa kabul edilmän, yzyna gaýtarylsa, redaktorlarda-ha günä bolmaz.

— Sebäbi hakyky Wiki-Wiki hut şeýle-de geplärdi.

— Hernäçe ýuwmarlasaňyzam, ol lezzetsiz dil bolýar.

— Ol durmuş! — diýip, Martin özüniňkini ýörgünli etmäge synanyşdy. — Ol hakykat. Ol — çyn. Men durmuşy öz görşüm ýaly beýan etmeli.

Ruf Martiniň soňky aýgydyna hiç hili jogap gaýtarmady. Şonuň üçinem bir pursatlygam bolsa, ýakymsyz bolup duýlan dymyşlyk ara düşdi. Martin çakdanaşa söýýändigi üçin Rufuň dünýäsine düşünmeýärdi. Ruf bolsa, özüniň örüsi dar hyýaly dünýäsiniň sygmaýandygy sebäpli, Martine düşünmeýärdi.

Edilip durlan gürrüňiň ugruny üýtgetmek islän Martin:

— Bilýäňizmi näme, men «Transkontinentaldan» pul aldym — diýdi. Şol bir mahalda-da ol redaksiýadaky üç kişiniň daşyna geçişini ýatlap, özünden bidin gülüp goýberdi.

— Örän gowy! Diýmek, siz çakylygy kabul edýäňiz-dä? — diýip, Ruf begenip sorady. — Men hut şony bilmäge geldim.

— O nähili çakylyk? — diýip, hiç zada düşünmedik Martin gaýtadan sorady. — Men nirä barmaly?

— Ertir bize nahara barmaly. Siz pul alan badyňyza girewhanadan penjegiňizi aljak diýipdiňiz-ä?

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men ony asyl ýadymdan çykaraýan bolsam nätjek. — Martin utanyp jogap gaýtardy. — Näme mesele ýüze çykdy diýseňizläň... Ýol gyrasyndaky otlary basgylany sebäpli, şu gün irden Mariýanyň iki sygry bilen gölesini polisiýa alyp gitdi. Puly bolmany üçin men Mariýa kömek etmeli boldum. Hekaýadan alan pulum bolsa, sygyrlaryň jerime tölegine gitdi.

— Diýmek, siz barmaýarsyňyz-da?

Martin öz eşiklerine göz aýlady.

— Nädip baraýyn...

Rufuň mawy gözlerine ýaş aýlandy. Ol Martine gyjytly nazary bilen seretdi.

— Indiki «Minnetdarlyk gününi» ikimiz Delmonikoda ýa-da Londonda, bolmasa-da Parižde, garaz, siziň göwnüňiziň söýen ýerinde belläýeris. Şonuň şeýle boljakdygyna men gaty ynanýan.

— Aragatnaşyk edarasynda iş ýeri boşaýarmyş. Düýn-öňňin men ony gazetde okadym — diýip, Ruf Martine degişli täzelik aýtdy. — Siz ol ýerde ilkinji bolup nobata dursuňyz ahyryn.

Martin ol edaradan işe çakylyk alandygyny aýtmaga mejbur boldy.

— Men özüme örän ynanýan — diýip, Martin özüniňkini ýörgünli etmäge synanyşdy. — Ýene bir ýyldan men aragatnaşyk işçisiniň islendiginiň alýanyndan on esse kän gazanç ederin. Ynha, görersiňiz.

Ruf:

— Ah! — diýmekden başga zat aýdyp bilmedi. Ol ýerinden turdy-da, elliklerini geýmäge durdy. — Men gitmeli, Martin. Daşarda Artur garaşyp dur.

Martin ony berk gujaklady-da, mähirli ogşady. Ýöne Ruf welin, onuň ýakymly hereketlerini ýönekeý göwnübirlik bilen garşylady, ozalkylary ýaly tolgunmadam, sandyramadam, boýnundan golunam salmady, dodagyna dodagyny hem çyny bilen degirmedi.

«Gaharlandy! — diýip, gyzy ugradyp yzyna gelen Martin içini gepletdi. — Ýöne näme üçin gaharlanmaly? Ýeri, poliseýlerem Mariýanyň sygyrlaryny hut şu gün göräýmelimişmi? Bişowluk şu güne gabat gelmelimi diýsene! Bu meselede hiç kimde-de günä ýok». Beýle ýagdaýda başga hili hereket etmek Martiniň

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kellesine-de gelmeýärdi. «Elbetde, aragatnaşyk edarasyna gulluga durmaýanym sebäpli, men Rufuň öňünde az-kem günäli — diýip, Martin bolan işden ahyr netije çykardy. — Üstesine, «Wiki-Wiki» hem onuň göwnünden turmady».

Birden daşky basgançakdan aýak sesi geldi. Martiniň bärligine gelýän hat gatnadyja gözi düşdi. Şeýle pursatda döreýän tolgunmany ýene başdan geçiren öý eýesi getirilen uzyn ak bukjalary kabul edip aldy. Uly bukjalaryň arasynda bir kiçijigi hem bar eken. Onuň ýüzüne «Nýu-Ýork habarlary» diýlip ýazylandy. Martin ol bukjany açmazyndan öň, näme üçindir sägindi. Onuň içinde kabul edilen hekaýanyň töleg haty-ha bolup bilmez. Martin soňky wagtlarda olar ýaly žurnallara ýeke hekaýa-da ibermändi. «Belkem, olar — diýen Martin öz eden pikiri zerarly doňup galdy. — Belkem, olar maňa täze makala ýazmagy tabşyrýandyrlar». Derrewem ol bolup bilmejek, ynamsyz hyýaly arzuwy aňyndan çykardy.

Kiçijik bukjada redaktoryň adyndan ýazylan gysgajyk hat bar eken. Onda kimdir biriniň Martin Ideniň hiç hili ýazyjy hem däldigini, onuň köne žurnallarda çap bolan hekaýadyr, goşgulardan gyrp-çyrp edip, maşinkadan geçiräge-de, olary öz adyndan redaksiýalara iberýändigini beýan edýän golsuz hat bardy. Redaksiýanyň beýle zatlara gulak gabartmaýandygy hem habar berilýärdi. Golsuz şikaýat örän sowatsyz, elde, çap harplary bilen ýazylandy. Onuň bukjasynyň daşynda «San-Leandronyň» aragatnaşyk bölüminiň möhüri bardy. Martin ol haty kimiň ýollandygyny derrew aňdy. Hatyň grammatikasy Higginbotamyňkydy, sözleri Higginbotamyňkydy, Higginbotamyň pikiri her sözünde-de duýlup durdy. Martin ol hatyň mähriban garyndaşynyň eli bilen ýazylandygyna örän ynandy.

«Beýtmek nämä gerek bolduka?» diýip, Martin öz-özünden sorady. Ol Bernard Higginbotama näme ýamanlyk etdikä? Ol hat hem manysyzdy, hem ýerliksizdi. Beýle herekete akylly-başly düşündiriş tapmak mümkin däldi. Gündogar ştatlarynyň dürli redaksiýalaryndan şeýle mazmunly hatlar ýene bir hepdäniň dowamynda geldi durdy. Gazet-žurnallaryň redaktorlarynyň şol meselede özlerini alyp baryşlary Martiniň göwnünden turdy. Düýpden nätanyş bolsalaram, olar Martine duýgudaşlyk edýärdiler. Redaktorlaryň golsuz ýazylan şikaýatlary ýigrenýändikleri anyk ýüze çykýardy. Martine hyýanat etmek üçin edilen samsyk synanyşykdan netije çykmady. Beýle hereketiň redaktorlaryň ünsüni çekeni üçin Martine, gaýtam, peýda bolmagy-da ahmaldy. Olaryň käbiriniň mundan beýläk

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martiniň hekaýasyny göreninden onuň golsuz hatda ady tutulan Martin Idendigini ýatlamagy mümkindi. Şol hatyň Martiniň döredijiliginiň rowaç alyp başlamagyna-da sebäp bolaýmagy ahmaldy.

Şol döwürlerde dörän bir ýagdaý Mariýanyň öňünde Martiniň abraýyny örän peseltdi. Bir gezek Martin aşhanada agyrysyna çydaman, ýarym-ýaş aglap duran Mariýa gabat geldi. Onuň agyr ütügi ýerinden süýşürmäge-de gurbaty ýokdy. Mariýany dümewländir öýden Martin oňa Brissendeniň getiren çüýşesiniň düýbünde galan bir owurt ýaly wiskini içirdi-de, ýorgana girip ýatmagy maslahat berdi. Mariýa düşege geçmäge asla razy bolmady. Ol hötjetlik bilen gykylyklap, ütükläp başlan eşikleriniň hemmesinden dynmalydygyny, olary agşama çenli hökman tabşyrmalydygyny, ýogsam ertir irden başlap ýedi baş çagasynyň aç oturmaly boljakdygyny aýdýardy.

Soňra Mariýany haýran galdyran, ömri ötýänçä-de ýatlap ýörmeli bir waka boldy. Martin agyr ütügi alaga-da, tagtanyň üstünde ýatan ýuka hem ýeňil matadan tikilen aýallaryň geýýän «batist koftasy» diýilýän köýneginiň üstüne zyňyp goýberdi. Ol bu töwerekde üýtgeşikden üýtgeşik geýinmegi halaýan Ket Flenegeniňkidi. Ol aýal her hili ýagdaý dörese-de, eşigini agşama çenli hökman ýetişdirmegi haýyş edipdi. Ketiň demirçi ussa Jon Kollins bilen ham-çamdygyny hemmeler bilýärdiler, käbir habarlara görä-de, ol ikisi ertir Altyn derweze seýilgähine gezmäge gidýärdi. Mariýanyň ütüklenmeli geýimi halas etmek meýli-de başa barmady. Är güýji bilen oturgyçda oturdanyndan soň, Martiniň gahar-gazap, ýigrenç bilen haýdap ütük işletmäge başlaýşyny gören Mariýa gorkudan ýaňa, özünden erksiz gözlerini süzdi. On minutdan soň, Martin ütüklän geýimini Mariýa uzatdy. Ol haýran galdy. Koftany, özi aýalam bolsa, Martiniň ütükleýşi ýaly edip eger-eger ütükläp bilmejekdigini Mariýa boýun aldy.

— Ütük birneme gyzgyn bolan bolsa, men mundanam tiz hereket ederdim — diýip, Martin düşündirdi.

Ýöne Mariýanyň çak edişine görä, ol ütügi gyzdyrmak çäginiň soňky derejesine ýetiripdi.

— Siz, onsoňam eşikleri nädogry ölleýärsiňiz — diýip, ütük etmek baradaky gürrüňiň ahyryny Martin şeýle jemledi. — Bärik beriň, men size nädip öllenýändigini görkezeýin. Eger siz tizräk ütüklemek isleseňiz, öllenen geýimi belli bir basyşda saklamaly.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martin ýerzeminden bir gapyrjak alyp geldi, oňa gapak oturtdy, gapagyň üstünde-de oglanjyklaryň oýnaýan köne demrini goýdy. Öllenen geýim-gejim şol gapyrjaga salnyp, üsti agyr demir gapak bilen ýapyldy. Ol işleri amala aşyrmagyň asyl hiç hili kynçylygam ýok eken.

— Indi bolsa, bärik serediň! — diýip, guşaklygyna çenli ýalaňaçlanan Martin gyzyl köze dönen, ütügi eline aldy...

Soň-soňlar Mariýa, ütük işlerini bir ýaňalyk edip, Martiniň ýüň eşikleriň nähili ýuwulýandygyny öwredendigini goňşy-golamlara-da aýdyp berdi.

— Ol diýýä, «Mariýa, ullakan samsyk, men size sapak öwrederin» diýýä. Aýdyşy ýaly hem etdi. Ol maşynyň başynda on minut durdy. Çelek, iki sany taýak... tigriň oky... Bolany şol. — Martin onuň çalgyrt gepleýşine tas ýylgyrypdy.

Martin ol sapagy «Gyzgyn çeşmede» işläninde Jodan öwrenipdi. Köne tigriň taýaga birleşdirilen oky porşene derek hyzmat edýärdi. Onuň beýleki tarapyna aşhananyň ýokarsyndaky agajyň aňyrsyndan geçirilen ýüp daňylýardy. Ol hem bir eliň güýji bilenem porşeni herekete getirýärdi. Ýuwmak üçin çelege salnan ýüň eşikler şol tilsimiň kömegi bilen örän oňat myňçgalanylýardy. Martin Ideniň oýlap tapan mekir usulyna haýran galan Mariýa çagalarynyň birini porşeni aýlaýan ýüpi çekýänçi edip belledi. Oňa garamazdan, Martini oýlap tapyjy mekir akylyň eýesi edip görkezen ýagdaý, onuň eşik ýuwulýan kärhanada işländigi belli bolan badyna, Mariýa üçin bulut syrylan ýaly bolup ýitip gitdi. Onuň kitaplary, tekepbir myhmanlary, wiskiden boşan çüýşeleri — bularyň bary Mariýanyň öňünde derrew öňki agramyny ýitirdi. Ozalky syrly Martin Iden adaty, edil Mariýanyň özi ýaly zähmetkeş, işçiler synpynyň wekili bolup çykdy. Şol sebäpli hem Martin Mariýa has golaýlady, öz biri-birine öwrüldi, gizlinligiň üsti açylanyndan soň, ozal maýyl eden pynhanlyk ýitip gitdi.

Martin ýuwaş-ýuwaşdan öz garyndaşlaryndan daşlaşdy. Mister Higginbotamyň paşmadyk hilegärliginden soň, geljekki giýew German Şmidt hem özüni görkezdi. Bir öwra Martine birnäçe goşgusy hem hekaýajyklaryny çap etdirmek bilen, ýaşaýyş ýagdaýyny az-kem gowulandyrmak başartdy. Ol bergiden çykdy, tigri bilen penjegini girewhanadan yzyna aldy. Tigriniň eýlesine-beýlesine ser salan Martin, ony az-kem bejermeli boljakdygyna göz ýetirdi. Ol özüniň oňat garaýşynyň bardygynyň hormatyna tigrini geljekki garyndaşy German Şmidtiň ussahanasynda bejertmek isledi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Hut şol gün agşamlyk bolsa, Martin hem geň galyp, hem begenip, tigrini yzyna aldy. Şmidt, çaky, Martine onuň edil özüne hormat goýşy ýaly sarpa goýmak isledimi-nämemi, tigri binobat bejermeli edeniniň üstesine, ony eýesiniň öýüne-de gowşar ýaly etdi. Başga ussahanalarda welin, müşderilere beýle eglişik edilmeýärdi. Ýöne tigrini gaýtadan gözden geçiren Martin ussahanada ony bejermek üçin el degrilmändigine göz ýetirdi, ussahana jaň edeninde, «German Şmidtiň Martin Iden ýaly adam bilen iş salyşmak islemeýändigini» bilip galdy.

— Jenap German fon Şmidt! — diýip, Martin parahat gepledi. — Siziň burnuňyzyň ujundan tutup, berk çekmek üçin ýanyňyza baryp gaýtmagym ähtimaldyr.

— Eger siz meniň ýanyma ussahana gelseňiz, polisiýany çagyrmaly bolaryn — diýen jogap sözleri ýaňlandy. — Gözhakyňyzy alarsyňyz. Meň bilen ýumruklaşmak maksadyňyz başa barmaz. Siz ýalta, men işeňňir. Doganyňyza öýlenmek islegim siziň meni ütmegiňize tutaryk bermeýär. Siz näme üçin işe duraga-da, öz iýjek çöregiňizi halal zähmet bilen gazanmak islemeýärsiňiz? Hany, şu sowala jogap beriň-dä!

Martin hakyky pelsepeçi bolany üçin başga söz diýmän, diňe sykylyk atdy-da, trubkany goýdy. Bu ýagdaý ilki diňe gülkünç ýalydy welin, soňra ýalňyzlygyň duýgusy Martiniň ýüreginden agyr daş bolup asyldy.

Hiç kim oňa düşünmeýärdi. Ol Brissendenden gaýry hiç kime gerek däldi. Ýöne onuň hem nirä gaýyp bolanyny bir Hudaý bilýär. Martin gök dükanyndan odur-budur alyp daş çykanda iňrik garalyberipdi. Köçäniň burçunda saklanan tramwaýdan tanyş göwre düşüp galdy. Şatlykdan ýaňa Martiniň ýüregi jigläp gitdi. Ol Brissendeniň hut özüdi. Elektrik çyrasynyň ýagtysynda onuň paltosynyň jübüleriniň güberilişip durandygy hem göründi. Onuň bir jübüsinde kitap, beýlekisinde çüýşe bardy.

## XXXV bap

Brissenden uzak mahallap gara bermändiginiň sebäbini aýtmady, Martin hem ony sorap durmady. Ol içginiň bulguryň ýokarsynda külterlenýän bugunyň aňyrsyndan öz dostunyň hor hem aksowult ýüzüne uly höwes bilen seretdi.

— Menem gol gowşuryp oturmadym — diýip, Brissenden dosty soňky döwürde eden işleri barada gürrüň bereninden soň, jübüsinden çykaran golýazmasyny

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Martine uzatdy. Ol golýazmanyň sözbaşysyny okady-da, dostunyň ýüzüne sowally nazar aýlady.

— Hawa, hawa — diýip, Brissenden ýaňsylaýan ýaly gülümsiredi. — Sözbaşysy ýaman däldir. Dogrumy? «Efemerida». Ondan gowy at tapmarsyň. Gyzgynlygyň täsiri ýetip, janlanan materiýanyň termometr şkalasynda öz ornuny tapmak üçin göreşýändigi hakda aýdanyňyz, adamyny hem iň soňky efemerid bilen deňeşdireniňiz ýadyňyzdamy? Şol pikir kelläme urdy-da, alada ýükümi ýeňletmek üçin tutuş poema ýazmaly boldum. Hany, siz ol barada näme pikir edýäňiz?

Poemany okap başlan Martiniň tolgunmakdan ýaňa ilki gyzaran ýüzi soň aksowult reňke boýaldy. Poema barypýatan dokuzy doly çeper eserdi. Pikiriň söz beýany bilen ajaýyp birleşigini üstünlik hasap etseň, poemanyň ülňi onuň agramyny artdyrýardy. Eseriň söz beýany şeýlebir kämildi welin, oňa haýran galmakdan ýaňa Martiniň ýüregi urmasyny çaltlandyrdy. Ol alty ýüzmi ýa-da ýedi ýüz setirden ybarat geň, hopukdyryjy, hyýaly görnüşe baý, täsin eserdi. Ol döredilmegi mümkin däl, pikirini etmäge aň ýetmeýän, ýöne, barybir, döredilen zatdy, ak kagyza gara reňk bilen ýazylandy. Poemada adam özüniň ähli gözlegleri bilen, uç-gyraksyz giňişligi ötüp geçmek üçin edýän irginsiz aladasy bilen, uzakdan-uzakdaky günleriň örüsine aralaşmak islegi bilen açylyp görkezilýärdi. Ol ýüregi ysgynsyz hereket bilen çala urýan, entek diri adamyň ölmüň öň ýanyndaky janhowul ýagdaýa düşmegidi. Poemanyň dabaraly heňinde planetalaryň güwwüldisi, meteorlaryň bir-birleri bilen çakyşyp döredýän gümmürdisi, ot saçýan bulutlaryň ýagtylandyrýan uç-gyraksyz, aýylganç giňişliklerinde ýyldyz goşunlarynyň çaknyşygyndan döreýän tupanyň sesi gelýärdi. Şol zatlaryň hemmesiniň içinden bolsa, düňderilýän dünýäniň gazaply gohunyň içinden çykýan ýaly bolup, adamyň ejiz hem naýynjar sesi möňňürmä meňzäp eşidilýärdi.

— Henize çenli muňa meňzeş zat ýazylmandy — diýip, ahyr geplemäge mümkinçilik tapan Martin hümürdedi. — Bu ajaýyp eser! Ajaýyp eser! Men aňk boldum, aňk. Men dyza çökerilen. Bu beýik hem baky mesele indi meniň kellämden çykmaýar. Ýetilmejek sepgide ýetjek bolup dyrjaşýan adamyň ejiz sesi meniň gulagymda hemişe ýaňlanar durar. Özi-de, çala çykýan ses mähnet pilleriň bögürmesi bilen ýolbarslaryň arlamasynyň arasyndan eşidilýän çybyn

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
jyňňyldysy ýalydyr. Ýöne şojagaz jyňňyldyda hem egsilmezek hyjuw duýulýar. Belki-de, men dereksiz zatlary ýaňraýandyryn, ýöne bu eser meniň erkimi elimden aldy. Siz... Men näme diýjegimi-de bilmeýärin. Siz beýik adam. Siz muny nädip döretdiňiz? Döretmegi nähili ýol bilen başardyňyz?

Martin birneme güýç toplamak üçin aýdylan öwgüli sözleriniň arasyny böldi.

— Men hiç mahal hiç zat ýazmaryn. Men adaty harsal adam. Siz maňa hakyky ussatlygyň nämedigini görkezdiňiz. Siz beýik. Ýok beýiklerdenem belent. Bu sähneligiň hakykaty. Bu mukaddeslik manysynyň çuňlugyndaky hakykat.

Siz dogmatik, özüňizem oňa gatybir düşünibem barýan dälsiňiz? Hatda ylym hem siziň pikiriňiziň garşysyna gidip bilmez. Bu durmuşy öňdengörüjiniň älem demrinden sozulyp ýasalan, dag gözelliginiň hem beýikliginiň güýçli owazyna seplenen hakykat. Men başga hiç zat diýip biljek däl. Men ýepbeklenen, men mynjyradylan. Ýok, ýok, barybir, men ýene käbir zatlary aýdaýyn: poemany nirädir bir ýere ýollamaga maňa rugsat beriň.

Brissenden gülüp goýberdi.

— Eýsem, tutuş hristian dünýäsinde bular ýaly zady çap etmäge gaýraty çatjak ýeke žurnal beri barmy? Siz o zatlary gaty gowy bilýärsiňiz ahyryn.

— Ýok, bilemok. Men başga zady, bütin älemde şu eseri iki elläp almajak ýeke žurnalyňam ýokdugyny bilýärin. Bular ýaly eser her ýüz ýyldan bir gezek döreýär ahyryn. Bu şu günüň poemasy däl. Bu baky eser.

— Men sizi sözüňizde tutup bilerin.

— At oýnadan bolmaň — diýip, Martin oňa garşy gopdy. — Redaktorlaram beýle kemakyl däldirler. Men ony bilýän. «Efemeridany» birinji gezekde bolmasa-da, ikinji gezekde aljakdyklaryna gaty ynanýan. Jedel edýäsmi?

— Siziň teklibiňiz bilen ylalaşmaga maňa bir ýagdaý päsgel berýär — diýen Brissenden az-kem dymyp, dowam etdi. — Bu eser meniň ähli ýazanlarymyň arasynda iň uly göwrümlisi. Bu meniň naýbaşy hasaplaýan eserim — ömür aýdymym. Şeýle poema ýazanyma örän buýsanýaryn. Men ony halaýaryn. Ol maňa wiskidenem ýakyn. Bu gutarnykly eser meniň oglanlykdan ýazmak islän eserim, bu adamyň maksada ýetmäge ýykgyn edýän, arzuw-hyýallara ynanýan döwürleri döretmek isleýän eseri. Ine, indem men şol maksadyma ýetdim, onda-

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
da bir aýagymy gabra sokjak mahalym ýetdim... Eýsem, siz meni öz jigerbendimi doňuzlara depeletmäge berer öýdýäňizmi? Men siz bilen jedele-de girmen. Poema özümiňki. Ol barada diňe siz bilen pikir alyşýaryn ahyryn.

— Galan dünýä hakda-da oýlanmak gerek! — Gözelligiň manysy adamlary begendirmek hem olara lezzet bermek.

— Goý, ol meni begendirsin, maňa lezzet bersin.

— Diňe öz aladaňyzy etmäň!

— Umuman-a, men diňe öz aladasyny edýän adam däl.

Brissenden aýtjagyndan lezzet alýan ýaly, başga adamlaryň gynanjyna begenýäne meňzäp sowuk gülümsiredi.

— Ýok beýle däl, men, gaýtam, ile zat berýän tarhan gedaýa ýakyndyryn.

Martin öz gelen aýgydyny oňa ynandyrjak bolup netijesiz alada galdy. Ol Brissendene öz pikirine uýup, žurnallary ýigrenmeginiň ýerliksizdigini, onuň edýän hereketiniň Gerostratyň Diana Efesskoý ybadathanasyny otlamagyndanam müň esse erbetlikdigini ynandyrjak boldy. Käte az-kem içgi owurtlap, aýdylanlaryň hemmesini diňläp oturan Brissenden gürrüňdeşiniň žurnallardan gaýry ähli babatda edýän pikirleriniň dogrudygy bilenem ylalaşýardy. Onuň žurnallaryň redaktorlaryna ýigrenjiniň çägi ýokdy. Olary Martiniň ýigrenjindenem çökder ýigrenýärdi.

— Bir haýyş: siz poemany göçüreniňizde, bir nusgasyny maňa beriň. Siz örän oňat edip göçürmäge-de ökde adam. Indi bolsa, size bir peýdaly maslahat bermekçi. — Brissenden jübüsinden köp sahypaly golýazmany çykardy. — Ynha, bu «Günüň utanjy». Men muny üç gezek gaýtalap okadym. Üç gezek gaýtadan okamagym hem siziň eseriňize ägirt uly hormat goýandygymy aňladýar. Ol meniň öwgimi beýan edişim. Siziň «Efemerida» barada aýdanlaryňyzdan soň men, elbetde, dymmaly. Size näme aýtmak isleýän? «Günüň utanjy» çap ediler, ullakan şowhunam turzar. Ol hakda aldym-berdimli çekeleşmeler gurlar. Şol hem size ähli mahabatlardan bähbitli bolar.

Martin gülüp goýberdi.

— Siz maňa ony haýsydyr bir žurnala ýollamagy maslahat-a berýän dälsiňiz?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýok, ol bolmaz. Diňe çap boldy diýdirmek isleseňiz, onda aýry mesele. Ony iň uly neşirýatlaryň birine hödürläň. Belkem, ony haýsydyr bir kemakyl ýa-da serhoşlykdan açylmaýan synçy okar-da, gowy baha berer. Siziň kitap baryny agtarandygyňyz görnüp dur. Ol kitaplaryň hemmesi Martin Ideniň kellesinde gaýnapdyr-da, «Günüň utanjyna» akyp geçipdir. Ahyrsoňunda Martin Iden tanymal adam bolup ýetişer, onuň şöhratynyň esasy bölegini ýaňky eser döreder. Ony neşir etjek adam gözläň, näçe tiz tapsaňyz, şonça-da bähbitli bolar.

Şol agşam Brissenden Martiniň ýanynda gije çenli oturdy. Öý eýesi ony tramwaý duralgasyna çenli ugratdy. Brissenden ulaga mündi-de, birdenem, garaşylmadyk ýerden Martine mynjyradylan kagyz berdi.

— Şuny alyň! Bu maňa at çapyşygyndan şeýtel düşdi.

Tramwaýyň jaňynyň sesi eşidildi. Ol eli mynjyran kagyzly, hiç zada düşünmedik Martini duralgada galdyryp, kem-kemden ara açdy. Martin öýüne gelensoň, dostunyň beren kagyzyna seredip gördi welin, ol tutuş ýüz dollarlyk kagyz pul bolup çykdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin ol puly kiçelmän, kemsinmän arkaýyn sowdy. Birinjiden-ä, ol dostunyň pulunyň kändigini açyk bilýärdi, ikinjidenem, gaty ýakyn wagtlarda ýüz dollary yzyna gaýtarmaga mümkinçiliginiň boljakdygyna ynam edýärdi. Ertesi irden ol ähli bergileriniň aşagyndan çykdy, Mariýanyň jaýynyň tölegini bolsa üç aý öňünden berdi, girewhanadaky zatlarynyň hemmesini öýüne getirdi, aýal dogany Meriýene toý sowgadyny, Rufa, Gertruda täze ýyl sowgadyny aldy. Iň soňunda-da ol, beren wadasyny bir ýyl geçirip berjaý etdi: Mariýanyň çagalarynyň hemmesini Oklende alyp gitdi-de, her haýsyna bir köwüş alyp berdi, Mariýanyň özüni hem boş goýmady. Üstesine, çagalaryň hemmesine oýunjak, süýji-köke baryny alyp berdi welin, olar öýlerine elleri agyr ýükli dolanyp geldiler.

Martin ýedi başdan ybarat çagalar toparyny yzyna tirkäp azyk dükanyna gireninde, garaşylmadyk halatda Ruf bilen miss Morza gabat geldi. Martiniň şeýle ýagdaýda gabat gelmegi miss Morza örän ýakymsyz täsir eden ýaly boldy, hatda Ruf hem utandy. Ruf geýim-gejim meselesine gaty üns bermegi halaýandygy sebäpli, öz söýgülisiniň bir topar ýarym-ýalaňaç portugal çagalarynyň arasynda bolmagyny halamady, Martiniň özüne hormat goýmaýandygyna kemsindi. Bolan ýagdaý onuň hiç mahalam öz aşaky gatlak derejesinden ýokary galyp bilmejekdigine, gyz üçin tutaryk boldy. Beýle sadalygyň özi-de ýakymsyzdy welin, ol hereket bilen tutuş dünýäniň öňünde, Rufuň dünýäsiniň öňünde gabarylýan ýaly bolmagyň asla geregi ýokdy. Ruf bilen Martiniň adaglanmagynyň henize çenli hem gizlin saklanýandygyna garamazdan, olaryň biri-birine bolan gatnaşygynyň näderejededigi hiç kime gizlin däldi. Azyk dükanynda bolsa, edil bilgeşleýinden bolan ýaly, tanyş-biliş hem kändi, olaryň hemmesi-de miss Morzuň saýlap-seçen ýigidiniň daşyndaky üýtgeşik ýarym-ýalaňaçlara gyzyklanma bilen seredişýärdiler. Ruf adamlaryň gep-gybat diýilýän pesliginiň derejesinden ýokary galmagy başarmady. Martiniň özüni alyp barşy onuň üçin düýpden düşnüksizdi. Rufuň syzgyr kalby bu bolan wakany biabraýçylyk hasaplady. Şol gün Morzlara baranda Martin şeýlebir tolgunýan ýagdaýdady welin, hatda Rufa getiren sowgadyny jübüsinden çykarmaga-da het edip bilmedi. Ol Rufa birinji gezek gözi ýaşly, öýke-kine sebäpli dörän gözýaşly gabat gelýärdi. Beýle görnüş ony şeýlebir tolgundyrdy welin, ol edilen günäniň nämeden ybaratdygyna oňly düşünmese-de, hyýalynda özüni gödek haýwan hasaplady. Öz gatlagyndaky adamlaryň ýagdaýyndan utanmalydyr öýtmek Martiniň hyýalyna-da gelmeýärdi. Şonuň üçinem Mariýa Silwanyň çagajyklaryna

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
täze ýyl sowgadyny almakda özüňi kemsidiji nähili alamatyň bardygyny duýmaýardy. Ýöne ol Rufuň aýdanlaryny, düşündirişlerini diňläninden soň, onuň öýke-kinesiniň manysyna aralaşdy. Ähli mesele, megerem, hatda iň kalby giň aýallara-da mahsus bolan zenan maýdaçyllygyna syrygýardy.

## XXXVI bap

Ýanwar agşamlarynyň birinde Brissenden Martine:

— Ýörüň, men size «hakyky adamlary» görkezeýin — diýdi.

Ikisi San-Fransiskoda bile naharlanyp, Oklende gidýän ulaga münmäge häzirlenip durkalar, birden Brissenden kellesine Martine «hakyky adamlary» görkezmek hyýaly uransoň, yza aýlandy-da, gämi duralgasynyň gapdaly bilen ýöredi. Ol şemala galgaýan ýuka ýapynjanyň içinde, kölege ýaly bolup taýyp barýardy. Martin zordan onuň yzyny eýerýärdi. Brissenden ýol ugra satyn alan iki çüýşe köne portweýn çakyryny elinde berk tutup barşyna, Mişen-strit tarapa gidýän tramwaýa böküp mündi. Eli dört çüýşe wiskili Martin hem onuň hereketlerini gaýtalady. «Şu ýagdaýdakam, meni Ruf göräýse näme diýerdi?» — diýen hyýal bir pursatlygam bolsa, onuň aňyna aralaşdy. Martin diňe «Hakyky adamlar kimkä?» diýen sowalyň jogabyny tapmak bilen gümrady.

Olar tramwaýdan düşenlerinde:

— Belkem, bu gün ol ýerde hiç kim bolmazam — diýip, Brissenden Marketstritiň günortasyndaky işçiler gatlagynyň ýaşaýan ýeriniň garaňky kelte köçesine siňip gitdi. — Onda sizem bireýýämden bäri gözleýän zadyňyzy görüp bilmersiňiz.

— Halys ýürege düşdüňiz welin, kimler-aýt ol al kakmyşlar beýle? — diýip, Martin sorady.

— Olar hakyky adamlar, akylly adamlar. Olar size ilki gabat gelen ýerim bolan ogry-jümri, alyp-satarlaryň mekanyndaky ýaňralar däl-de, dana kişiler. Siz kitap okamak bilen gümra bolup, ýekelikden ejir çekdiňiz. Men sizi özüňiz ýaly kitap okaýan adamlar bilen tanyşdyraryn, onsoň gaýdyp ýekelikden azap çekmersiňiz. Men olaryň soňy gelmeýän jedellerine gulak gabartmaýaryn — diýip, Brissenden esli ýörelensoň, öňki aýdanlarynyň üstüni ýetirdi. — Umuman, kitap pelsepesi meniň maňzyma batmaýar. Bolsa-da, olar buržuaz doňuzlary däl-de, hakykatdanam, akylly adamlar. Bilip goýuň, haýsy ugurdan gep açsaňyzam, olar sizi ompa oturdarlar. O ýerde Nortonam bolsa gerek — diýip, ol demi gysandygy

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
sebäpli hopuksa-da, elindäki çakyrly çüýşäni Martine beräýmän, esli wagtdan soň dowam etdi. — Norton idealistik pelsepäniň tarapdary. Ol Harwardda uniwersiteti gutardy. Onda üýtgeşik ýatkeşlik bar. Idealizm ony anarhistik pelsepesine getirdi. Şonuň üçin ondan maşgalasy hem ýüz öwürdi. Onuň kakasy demir ýol kompaniýasynyň prezidenti, multimillioner. Ogly bolsa aýda ýigrimi bäş dollar hak üçin anarhistik žurnaljygy redaktirläp, Friskoda bir garny dok, bir garny aç, itiň güni bilen ýaşaýar.

Martin San-Fransiskony, aýratynam şu mahalky aýagy düşen ýerlerini oňat bilmeýärdi, şonuň üçinem özüniň aslyýetinde niräk alnyp barylýandygyny hem aňşyrmaýardy.

— Meň olary öňünden tanasym gelýär. Ýene bir zatlar aýdyň! — diýip, Martin dostuna ýüz tutdy. — Olar nähili ýaşaýarlar? Bu ýere nädip düşüp ýörler?

— Şu gün Hamilton geler öýdüp umyt edýän — diýip, Brissenden özüni biraz ele almak üçin aýak çekenden soň gepledi. — Straun Hamilton köneden gelýän familiýa. Abraýly maşgaladan çykanam bolsa, hepdede alty dollar hak alyp, bir sosialistik edarada gulluk edýänem bolsa, has takygy, gulluk etmäge synanyşýanam bolsa, häsiýetine görä, taýy suwa gaçan derejedäki entäp ýören ýalta adam. Ol San-Fransiskä-de sergezdanlyk edip, kaňkap ýörkä düşüpdir. Onuň ir ertirden agzyna zat alman, uzynly gününi seýilgähiň oturgyjynda aç oturyp geçirýän wagtlary hem bolýar. Şol wagt ýanyna baraga-da, iki ýüz ädimlikdäki restorana nahara çagyrsaň welin: «Aý, gidäýmeli welin, gadyrdan, ol hysyrdyly iş-dä — diýip jogap gaýtarar. — Gowusy, maňa bir guty papiros alyp beräýiň!» diýer. Kreýz materialistik monizm ýoluna gönükdirýänçä, ol hem edil siz ýaly spenserçi bolupdyr. Eger başartsa, men ony monizmden gep açmagy mejbur ederin. Norton hem monist. Ýöne ol ruhdan gaýry hemme närseleri ret edýär, Hamilton bilenem, Kreýz bilenem mydama ýaka tutuşyp ýör.

— Kreýz diýýäniňiz kim? — diýip, Martin sowal berdi.

— Biz asyl şonuň ýanyna barýarys-da. Adaty bir waka sebäpli, uniwersitetden kowlan ozalky professor. Ol päkiniň ýüzi ýaly ýiti akylly adam. Ölmezödüligini çem gelen pişe bilen gazanýar. Bir döwür derwüşligem edipdir. Galp düşünjä düýpden uýmaýar. Jesediň daşyndaky kepeni-de gypynç etmän sypyrýar, ýöne onuň üçin wyždanynyň öňünde hasabat okamaýar. Onuň buržuazlardan ähli tapawudy ogurlyk edende öz göwnüni aldamaýar. Ol Nisşe hakda-da, Şopengauer

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
hakda-da, Kant hakda-da, ýene bir topar zatlar hakda-da gep açyp biler, ýöne aslynda welin, diňe monizm bilen gyzyklanýar. Hatda ol öz Merisiniňem pikirini monizmçe edýän däldir. Ol Gekkeliň öňünde seždе etmelidir öýdýär. Onuň göwnüne degmegiň ýalňyz ýoly bar. Ol hem Gekkeli kemsitmek. Ine, ahyr biz gelmeli ýerimize ýetdik.

Brissenden ýokaryk ýönelmezinden ozal elindäki çüýşeleri sekiniň basgançagynda goýdy. Ol birinji gaty piwohanasynyň öňi uzyn oturgyçly, burçdaky adaty iki gat jaýdy.

— Olaryň üýşmeleňi şu ýerde ýaşaýar, jaýyň tutuş ikinji gatyny hem eýeleýärler. — diýip, Brissenden habar berdi. — Ýöne iki otag Kreýziň ýeke özüniňki. Ýörüň!

Ýokarda çyra ýokdy. Emma Brissenden edil jyn ýaly çalasynlykda gitmeli ugruny gowy saýgarýardy. Ol Martine:

— Bu ýerde ýene bir Stiwens atly teosof bar. Gyzan mahaly galmagalynyň öňünde döw dursun! Restoranda gap-gaç ýuwýan bolup işleýär. Gowy sigarlary halaýan adam. Bir gezek men onuň on sentlik nahar iýip, elli sentlik sigar satyn alanyna gabat geldim. Birden gerek bolaýsa diýip, häzirem ýanym bilen iki sany gowy sigar alyp gelýän. Parri familiýaly ýene biri bar. Ol hasapçy, özi-de sport boýunça iki aýakly ensiklopediýa. Ol adamdan 1903-nji ýylda Paragwaýdan näçe galla çykarylanyny ýa-da 1890-njy ýylda Hytaýa näçe iňlis kendiriniň iberilendigini, ýa-da Batlihg-Nelsony ýeňende Jimmi Braýtyň agramynyň näçe bolandygyny, 1868-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda orta agramly çempionyň kim bolandygygyny saňa edil awtomat ýaly bolup anyk aýdar. Endi diýibem biri bar. Kerpiç örýän ussa. Hemme zada öz garaýşy bar. Küşti hem örän oňat oýnaýar. Ýene birine Harri çörekçi diýilýär. Barypýatan sosialist hem kärdeşler arkalaşygynyň işgäri. Ony Hamilton işe ýerleşdirdi. Gepiň ugruna görä sorasam, restoran hyzmatçylarynyň iş taşlaýşy siziň ýadyňyzdamy? Şoňa ýolbaşçylyk edenem Hamilton. Ol Birleşme döredip, şu ýerde Kreýziň jaýynda hem iş taşlaýşyň maksatnamasyny düzüpdir. Harri ony güýmenje üçin edipdir, şondan soň, ýaltalygy zerarly Birleşmäniň hiç bir işine baş goşmandyr. Eger özi islän bolsa, ol bireýýäm görnükli gulluk wezipelerini-de eýeläp bilerdi. Ol adamda hiç kimde bolmaýan, çäksiz başarnyk bar, ýöne ýaltalygy başarnygyndanam zyýat.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Brissenden niredendir bir ýerden sary çyzyk ýaly bolup düşýän yşyk bosagany görkezýänçä, garaňkylykda hereketini dowam etdi. Gapy kakylyp, «Giriberiň!» diýen jogap eşidilen badyna Martin eýýäm görmegeý, ap-ak dişli, gara murtly, ullakan nurana gara gözli hem, gara saçly Kreýziň elini gysyp durdy. Meri atly agras ýaş aýal bir wagtyň özünde hem nahar bişirilýän hem nahar iýilýän otag bolup hyzmat edýän kiçijik jaýda gap-gaç ýuwup durdy. Ilkinji otag, hem ýatylýan ýer hemem myhman kabul edilýän jaýdy. Ol jaýyň bärsinden aňyrsyna çenli çekilen jäheklik ýüpden geýim-gejimler asylgydy. Şonuň üçinem Martin burçda gürrüňleşip duran iki adamyny hem birbada aňşyryp bilmedi. Brissendeni hem onuň çüýşelerini öý eýeleri şatlyk-şowhun bilen garşyladylar. Martin tanşylandan soň olaryň biriniň Endidigini, beýlekisiniňem Parridigini bildi hem onuň düýn görlen boks ýaryşy barada aýdýanlaryny uly höwes bilen diňledi. Brissenden bolsa, göçgünlilik bilen çüýşäni açyp, içgi taýýarlamaga başlady. Onuň «Hemmäňiz bärik geliň!» diýen çakylygy bilen Endi derrew otagma-otag aýlanyp, ýaşaýjylary Brissendeniň ýanyna çagyrdy.

— Biziňki çüwdi — diýip, Brissenden Martine pyşyrdap ýüzlendi. — Görjek adamlarymyzyň hemmesi-de bar eken. Ynha, Norton. Ol hem Hamilton. Ýörüň, derrew şolaryň ýanyna baralyň. Haýpymyz gelse-de, entek Stiwens görnenok. Ýörüň. Men gürrüňi monizmden başlaryn welin, olarda nähili gozgalaň döreýşini bir synlaň.

Ilkibada gürrüň onçakly gyzyşmadyk hem bolsa, Martin olaryň aň-düşünjeleriniň ýitidigine, özboluşlydygyna derrew göz ýetirdi. Käte gapma-garşy bolsa-da, olaryň öz pikiri, öz düşünjesi bardy, degişselerem, oýun-henek edişselerem durmuşa ýüzleý garaýanlardan däldiler. Martin olaryň her biriniň, haýsy ugurdan gürrüň edilse-de, şol ugurdan ylmy düşünjesiniň, jemgyýet hem durmuş barada gutarnykly pikirleriniň bardygyna göz ýetirdi. Olar hakykatdanam, çekişmede başga adamyň pikirine dahylly bolmaýan akyl pitneçileridi, agyzlaryndan ýekeje-de ýaramaz söz çykjak gümany ýokdy. Martin Morzlaryň öýünde hiç mahal bu ýerdäki ýaly gyzykly gürrüňlere hem dartgynly çekişmelere şaýat bolmandy. Göwnüňe bolmasa, dünýäde bularda gyzyklanmaga höwes döretmejek mesele ýok ýalydy. Miss Gemfri Worduň soňky kitabyndan başlanan gürrüň Şouwyň komediýasyna, geljekki dramadan Gudwin baradaky ýatlama baryp ýetdi. Olar irki gazetleriň baş makalasy hakda pikir alyşdylar, ýa öwdüler, ýa-da ýaňsyladylar, Täze Zelandiýanyň işçileriniň ýagdaýyny, Genri Jeýms bilen

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Brander Metýywy ýatladylar, Germaniýanyň Uzak Gündogara degişli syýasaty, sary howpuň ykdysady taýdan ýetirjek zeperi, Germaniýadaky saýlawlar, Bebeliň iň soňky çykyşy barada çekeleşdiler, birleşen işçiler partiýasynyň başlangyçlaryna hem goýberen säwliklerine degdiler, şeýle-de deňiz duralgasynda işleýän ýükçüleriň ählumumy iş taşlaýşyny nähili oňat guramagyň ýollaryny seljerdiler.

Martin olaryň şol meselelerde adatdan giň düşünjeleriniň bardygyna haýran galdy. Hiç mahal gazetlerde çap edilmeýän täzeliklerdenem olar habarlydylar. Oýnatgylar toparyny herekete getirýän ähli gizlin sapaklar olara mälimdi. Şol gürrüňlere Meriniň hem goşulmagy, düýpli düşünjesiniň, akyl-paýhasynyň bardygyMartini geň galdyrdy. Olar ýaly parasatly zenan Martiniň tanan aýallarynyň arasynda heniz bolmandy.

Olar Suinbernden gep açdylar, yzyndanam Fransuz edebiýatyna geçdiler. Meri gürrüňi aralaşmasy şeýlebir kyn sümme tokaýlygyň üstünden eltdi welin, Martin özüni gömük adam hasaplady. Oňa garamazdan, ol Meriniň Meterlinki eý göräändiginiň üstüni açyp, onuň garşysyna «Günüň utanjynyň» ýazylmagyna esas bolup hyzmat eden hertaraplaýyn barlagdan geçen ýapyşalgany onuň garşysyna gönükdirdi.

Ýene birnäçe täze adamyň peýda boldy. Brissenden «söweşe başlamaly» diýen aýgyda gelen wagty, içeri eýýäm çilim tüssesinden ýaňa garaňkyrap ugrapdy.

— Bu ýerde çekeleşmek üçin heniz başy bozulmadyk täze material bar, Kreýz— diýip, ol gepläp ugrady. — Aramyzda Gerbert Spenseri örän eý görýän, ýaňagy gyzarypjyk duran bir gögele ýetginjek otyr. Hany, ol ýetginjekden ýene bir Gekkel döretmäge synanyşyk ediň-dä!

Kreýz edil elektrik togy degen ýaly tisginip gitdi, Martine duýgudaşlyk nazary bilen garan Norton bolsa, arka durjakdygyny aňladyp, oňa hoşamaý ýylgyryş bilen seretdi.

Kreýz derrew Martiniň üstüne hüjüm etdi, Norton welin sözjagazlaryny ýuwaş-ýuwaşdan atmaga başlady. Netijede ol ikisiniň arasynda hakyky başa-baş söweş turdy. Martin olaryň sözlerini eşidýänine ynanmaýan ýaly bolup diňleýärdi. Ol beýle zatlary hakykat ýüzünde, onda-da Market-Stritdenem günortada işçiler synpyndan bolan adamlaryň ýaşaýan ýerinde eşitmek mümkin däldir öýdýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martiniň göwnüne bolmasa, şu mahala çenli okan kitaplarynyň manysy ol adamlaryň ýüzlerinde janlanan ýaly boldy. Çykyş edýänler yhlas, höwes, gyzyklanma bilen gepleýärdiler, pikirler, manylar olara käbir adamlary spirtli içgileriň ýa-da kimdir birine ýigrenjiň gyzdyryşy ýaly joşgun berýärdi. Ol çekeleşme Kant, Spenser ýaly hyýaly ýarymhudaýlar tarapyndan döredilip çap edilýän boş filosofiýa däldi. Ol çekişmä girýänleriň ganyna, tenine ornaşan, geplänlerinde gaýnap, möwç alyp daş çykýan gyzgyn sözleridi. Dartgynlyga ýuwaş-ýuwaşdan beýleki adamlaram goşuldylar. Olar çilim tüssesini öňküden-de beter burugsadyşyp, täze gelen myhmana üns bilen seredýärdiler.

Martin hiç mahal idealizme ullakan üns bermeýärdi, ýöne ol Nortonyň beýan etmeginde täze açyş bolup duýuldy. Kreýz bilen Hamilton idealizmi logiki zerurýetlik hasaplamaýandyklary sebäpli, Nortonyň üstünden gülýärdiler, metafizik diýýärdiler. Norton bolsa olaryň özlerini metafizik hasaplaýardy. «Fenomenler» hem «noumenler» başdakysy ýaly, çözülmän duran meselä öwrüldi. Kreýz bilen Hamilton Nortony aňy aňyň özi bilen düşündirmäge edýän synanyşygynda günäleýärdiler. Norton bolsa, öz gezeginde, olary pikiri delilden nazaryýete tarap däl-de, sözden nazaryýete tarap gönükdirýändikleri üçin aýyplaýardy. Beýle baha bolsa Kreýz bilen Hamiltony gyzdyryp, dälilik derejesine ýetirýärdi. Ol ikisiniň esasy dogmatik pikiri delilden başlap, delile-de belli bir kesgitleme bermelidi.

Norton Kantdan mysal getirip başlanda, Kreýz oňa öňýeten nemes pelsepeçisiniň dünýäden ötensoň, Oksforda gelip düşýändigini aýtmak bilen jogap gaýtardy. Norton Hamiltonyň şertlilik kanunyny ýatlanynda, onuň garşydaşlary özleriniň şol kanuna daýanýandyklaryny derrew beýän etdiler. Martin bolsa, çekeleşmäni haýran galmakdan ýaňa sandyrap-sandyrap diňleýärdi. Oňa garamazdan, Norton Spenseriň hakyky tarapdary däldi. Şonuň üçinem ol çekeleşigiň möwç alan mahaly Martin bilenem edil beýleki garşydaşlary bilen edişi ýaly jedele girýärdi.

— Heniz Berklä hiç kimiň jogap bermegi başarmandygyny siz bilýärsiňiz — diýip, bu gezek ol Martine gönümel ýüzlendi. — Gerbert Spenser başgalar bilen deňeşdireniňde, has golaý baranam bolsa, olam sowala özenine görä gutarnykly jogap bermedi. Onuň tarapdarlarynyň iň dogumlylaram şol sepgitden aňry geçip bilmeýärler. Men Salibiň Spenser baradaky makalasyny okadym. Olam: «Spenser Berklä jogap tapmaga golaýlady» diýýär.

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ýumuň näme aýdany ýadyňyzdamy? — diýip, Hamilton sowal berdi.

Norton baş atdy, ýöne Hamilton meseläni başgalara-da düşnükli etmek isledi.

— Ýum: «Berkliniň ýapyşalgalary jogap gaýtarmaga ýol bermeýän hem-de düýbünden ynandyryjylykly däl ýapyşalgalar» diýýär.

— Olar Ýum üçin ynandyryjy däl — diýip, Norton oňa garşy boldy. — Ýumuňam aňynyň gurluşy siziňkä kybapdaş bolup çykýar. Ýöne ikiňiziň araňyzda bir parh bar, olam Ýumda ýeterlik parasatlylygynyň bardygyndan hem Berklä jogap bermegiň mümkin dälligine düşünýändiginden ybarat.

Norton mydama özüne erk etmegi başarýanam bolsa, gyzmady hem girrikdi. Kreýz bilen Hamilton bolsa, garşydaşynyň gowşak taraplaryny howlukman öwrenýän sowukganly ýabany haýwanlara meňzeýärdi.

Metafiziklige ýanalyp, birsyhly aýdylan teýeneli sözlerden halys lejigen, gözleri uçganaklap, ýüzi gyp-gyzyl bolup duran Norton çekeleşik agşamynyň ahyrynda iki eli bilen oturgyja ýapyşdy-da, garşydaşlaryna aýgytly hüjüm etmäge synanyşdy.

— Sem boluň, gekkelçiler! — diýip, ol azgyryldy. — Megerem men jadygöý ýaly, tebip ýaly bolup pikir edýändirin. Ýöne siziň näderejede oýlanýandygyňyzy hem bilmek isleýärin. Siz hakykata esaslanýan bilim barada galmagal etseňizem, aýdýan zatlaryňyzda hiç hili binýat ýok ahyryn. Size nadan dogmatikler diýerler. Materialistik monizmiň mekdebiniň döremeginden has ozal toprak terslin-oňlyn sürlüp, şeýlebir mäjum edilipdir welin, onuň üstünde hiç zadyň binýadyny gurar ýaly bolmandyr. Ony edenem — Lokk. Ol iki ýüz ýyl mundan ozal ýazan «Ynsan aňynyň tejribeleri» diýen işinde, dogabitdi düşünje diýmegiň gülkünçdigini ýüze çykardy. Siz bolsa henizem şol barada gürrüň edýärsiňiz. Tutuş agşamyň dowamynda maňa dogabitdi düşünje diýen zadyň ýokdugyny subut etjek bolýarsyňyz. Bu näme diýildigidir? Bu adam iň ýokary hakykata aralaşyp bilmeýär diýildigidir. Siz dünýä inen pursadyňyzda beýniňizde hiç zat bolmaýar. Kelle boş. Ondan soňky düşünje, akyl ýetiriş ýagdaýy diňe bäş sany duýgynyň kömegi bilen gazanylýan fenomenlere, duýgurlyga daýanýar. Doglan mahalyňyz beýniňizde bolmadyk numenleri soň döredip bolmaýar.

— Nädogry — diýip, Kreýz sözüni bölensoň, Norton:

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Maňa sözümi soňlamaga puryja beriň! — diýip seslendi. — Siziň aňyňyza diňe materiýanyň hereketiniň we özara gatnaşygynyň güýjüniň haýsydyr bir diňe özüňize täsir edýän hereketi düşnükli bolup galýar. Görýäňizmi, hatda men materiýanyň hakykatdygyny-da boýun almaga taýyn. Şeýle bolmaly-da. Ýöne men häzir hut öz ýapyşalgaňyz bilen siziň külüňizi çykararyn. Siziň ikiňizem obstrakt pikirlenmeden daşdaky adam bolanyňyz üçin, gynansamam, mende başga ýol ýok. Hany, umytly düşünjä daýanyp aýdyň-da, siz materiýa barada näme bilýärsiňiz? Siz diňe öz kabul edip bilýän zadyňyzy bilýärsiňiz. Ýagny ýene şol fenomenler. Siziň diňe materiýanyň özgermesine aňyňyz ýetýär, onda-da, özgerme diýip özüňiziň kabul eden özgermäňizi bilýärsiňiz. Hakykata daýanýan bilim diňe fenomenler bilen iş salyşýar, siz, pähimsizler bolsa, numenler bilen iş salyşýandyrys öýdýärsiňiz-de, özüňizi ontolog hasaplaýarsyňyz. Hawa, hakyky ylym diňe hadysalary, wakalary özüne ýaran edinýär. Kimdir biri ozal «Hadysalar hakdaky bilim hadysalardan belende göterlip bilmez» diýipdir. Siz hatda Kanty inkär etmegi başarsaňyzam, Berklä-hä jogap tapmagy başarmarsyňyz. Emma siz Berklini ýalňyşan hasaplaýarsyňyz. Sebäbi siziň ylmyňyz Hudaýyň bardygyny inkär edip, materiýanyň bardygyna müňkür bolmaýar. Men häzir diňe sizi öz pikirlerimiň aýlawlaryna aralaşdyrmak üçin materiýanyň bardygyny kabul etdim. Beýtmäň, birneme hakykatçy boluň, ýöne hakyky bilimleriň arasynda ontologa orun ýokdugyny belläň. Gepiň gysgasy: diýmek, oňa azar bermäň. Spenser agnostik hökmünde — mamla. Ýöne, eger Spenser...

Oklende gidýän iň soňky ulagyň ugramaly wagty golaýlapdy. Martin bilen Brissenden hökman gitmelidi. Norton geplemegini dowam edip, Kreýz bilen Hamiltonyňam guduzlan it ýaly oňa hüjüm etmegine garaşylan mahaly Brissenden Martini hem yzyna tirkäp, hiç kime duýdurman, usullyk bilen jaýdan çykdy.

— Siz maňa jadyly bir ýurt açyp berdiňiz — diýip, iki ýoldaş gämä münenlerinde Martin öz pikirini beýan etdi. — Şolar ýaly adamlar bilen gürrüňdeş bolanyňdan soň ýaşadygyňça ýaşasyň geliberýär. Men-ä aňk boldum, walla. Şu mahala çenli idealizmiň nämedigine düşünmändirin. Indi hem men ony kabul edip bilmen. Öz ýaradylyşym ýaly realistligime galjakdygymy bilýärin. Şeýle-de bolar. Ýöne men Kreýz bilenem, Hamilton bilenem jedelleşip bilerdim, Nortona-da iki ýa-da üç sowal bererdim. Men ýaňky çekeleşmede Spensere düýpli garşylyk görkezildi

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hasap etmeýärin. Özümem edil ilkinji gezek sirk görmäge baran oglanjyk ýaly tolgundym. Men indi örän köp okamalydygyma anyk göz ýetirdim. Salibiniň kitabyny tapmaly bolar. Men Spenseri dyza çökerip bolmajagyna örän ynanýaryn. Indiki sapar özümem çekeleşige girerin.

Ýöne süýri eňegini ýyly şarf bilen ýapyp, agyr dem alýan Brissenden irkilip otyrdy. Gäminiň çarhy her gezek öwrüm edende onuň hor göwresi titräp gidýärdi.

## XXXVII bap

Şol günüň ertesi irden, Brissendeniň duýduryşyna garamazdan, Martin «Günüň utanjyny» «Akropola» ugratdy. Ol eger žurnal çap edäýse, ony haýsydyr bir kitap çykarýan neşirýata aňsatlyk bilen satyp bolar öýdýärdi.

Martin «Efemeridany» hem täzeden göçürip, redaksiýa ýollady. Brissendeniň redaktorlary we žurnallary waswasy ýaly bolup ýigrenýändigine garamazdan, Martin poemanyň çap boljagyna bil baglaýardy. Elbetde, ol poemany Brissendeniň razylygy bolmasa çapa hödürlärin öýtmeýärdi. Martin ony haýsydyr bir uly žurnalyň kabul edensoň, Brissendeni razy edip bolar hasaplaýardy.

Şol günüň ertesi Martin üç hepde töweregi kellesinde aýlap ýören, kalba gelen pursadyndan bäri kagyza geçirilmegini irginsizlik bilen talap edýän powestini ýazmaga başlady. Ol eser deňiz durmuşyndan bolmalydy, XX asyr romantikasyna nusga, yzyna düşürýän dartgynly mazmunly, hakyky durmuşdan alnan çyn gahrymanly bolmalydy. Onuň özüne çekiji ýordumynyň aňyrsynda ýüzleýräk okyja açmak aňsat düşmejek, ýöne okanda lezzet almagyna päsgel bermejek bir zat gizlenip ýatmalydy. Martin üçin powestde, okyjynyň garaşmajak wakalary däl-de, şol «bir zat» esasydy. Ony mydama özüne çekýän zat eseriň esasy taglymatydy, ýordumy hem şoňa bagly bolmalydy. Esasy tag- lymy tapanyndan soň eser täsirli bolup çykary ýaly degişli keşpleri, wakalary toplaýardy. Täze powestiň ady «Gijigen» bolmalydy, göwrümi boýunça-da altmyş müň söz töweregine ýetmelidi. Martiniň işe berlenligi, ýaltanmazlygy, joşguny bilen ol eseri kagyza geçirmek kyn hem däldi. Ol birinji günki eden işinden ussatlarça uly lezzet aldy. Martin indi edebi oňaýsyzlyk, edebi görnüşiň gowşaklygy pikiri garyplaşdyrar öýdüp çekinmeýärdi, ençeme aýlap irginsiz çekilen zähmet, ahyrsoňy öz miwesini hem berdi. Indi ol tutan maksadyna tarap ynamly ädimler bilen, gyşarman gidip biljekdi. Mundan ozal onda durmuşa dogry düşünýändigi, ony dürs görkezmegi başarýandygy barada häzirkisi ýaly ynamy

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bolmandy. Ol «Gijigende» dogrudanam bolan wakalary beýan etmek, dürs oýlanmagy başarýan, hakyky duýguly adamlaryň keşbini görkezmek isleýärdi. Olardan başga-da powestde hemme döwre, hemme halklara, hemme ýurtlara deň derejede degişli gizlin bir beýik taglym, many bolmalydy. «Beýle zatlaryň döremegine-de hut Gerbert Spenser sebäp boldy — diýip, oturgyjyň arkalygyna birden kebzesini ýaplan Martin oýlandy. — Gerbert Spensere hem onuň älem-jahany açmak üçin elime beren ewolýusiýa atlandyrylýan beýik açaryna minnetdar».

Martin häzirki döreden eseriniň çuňlugyna hem manylylygyna aýdyň düşünýärdi. «Iş ýörär! Ýörär!» diýip, ol hyýalynda özüni ynandyrdy. Hawa, iş ugrukdy. Ahyr ol gabat gelen žurnalyň derrew ikelläp ýapyşjak eserini döreder. Tutuş powest onuň öňünde otdan ýasalan harplara öwrülip lowlady. Martin birden işiniň arasyny böldi-de, ýazuw depderçesine ýapyşdy. Şoňa edilen bellik hem eseriň jemleýji bölegi bolmalydy. Powestiň ýordumy başdan-aýak aýdyň bolany üçin Martin onuň soňky sahypalaryny eseriň başy başlanmanka-da ýazyp biljekdi. Ol entek gutarylmadyk powestini başga ýazyjylaryň «deňiz» hekaýalary bilen deňeşdirip, özüniňkigürrüňsiz belent diýen netijä geldi.

— Meňki ýaly eseri diňe bir adam ýazyp biler — diýip, Martin samyrdady. — Olam Konrad. Ýöne Konradam şu powest üçin meniň elimi gysyp: «Göwnejaý edilen iş, Martin dostum!» diýerdi.

Uzynly gün basa oturyp işlän Martin birdenem Morzlara nahara çagyrylandygyny ýadyna saldy. Brissendeniň sebäp bolmagy bilen onuň gara penjegi-de girewhanadan yzyna alnypdy. Şonuň üçinem, ol indi köpçülik ýerlerine arkaýyn baryp biljekdi. Ol Morzlara gidip barýarka, ýüzugra okalga sowlup, Salibiň kitabyny aldy. Ol entek tramwaýyň üstünde otyrka, çekeleşik mahaly Salibiň Norton tarapyndan ýatlanan «Ömür toplumy» atly makalasyny okady. Makalany okaýarka, onuň ýüzi gyzýardy, gözleri uçganaklady, kimdir birine topuljak bolýan ýaly, özünden biygtyýar, ýumruklaryny düwdi. Ol tramwaýdan düşensoňam, biri bilen garpyşmaga barýana meňzäp, ýüzüni turşadyp, köçäni batly-batly ädimler bilen ölçäp ugrady. Martin şol haýbatyny gowşatman, Morzlaryň gapysynyň jaňyny örän gazaply basdy-da, birdenem ukudan açylan ýaly bolup, öz bolşuna gülüp goýberdi. Içerik gireninden soň welin, ony agyr

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
tukatlyk basmarlady. Martin edil ylham joşgunynyň göteren belentliginden uçup barýarka, ganaty gyrlyp ýere gaçan ýaly boldy.

«Buržuaz! Nepkeşler! — Martin Brissendeniň halaýan sözlerini gaýtalady. — Bolanda nämemiş? — Gödeklik bilenem ol öz sözleriniň arasyny böldi. — Men Rufuň maşgalasyna däl-de, özüne öýlenýän ahyryn!»

Martiniň göwnüne bolmasa, Ruf mundan ozal häzirkisi ýaly şeýle ajaýyp, şeýle ruhubelent, şol bir wagtyň özünde-de şeýle sagdyn hem roýy durlanan halda bolmandy. Onuň ýaňaklary çalaja al öwüsýärdi. Ol gyzyň gözlerinden, gyzyň ilkinji gezek bakylygyň öwüşginini görkezen gözlerinden nazaryny sowup bilmedi. Dogry, soň ol bakylykdan ünsüni böldi-de, hakyky ylymlara tarap döndi... Indi ol Rufuň gözlerinde adam dilinde, adaty sözler bilen beýan edip bolmajak närse gördi. Martin ondan söýgi diýen many aldy. Şol söýgi onuň öz gözlerinde-de öwşün atdy. Söýgi ähli jedellerden, çekeleşmelerden belentdedi. Onuň çuň hem aýdyň ynamy şony tassyklaýardy.

Nahardan öňürti Ruf bilen geçen ýarym sagat Martini ýene bagtyýar hem durmuşdan göwnühoş etdi. Ýöne nahar mahaly welin, ol birden zähmet çekilip geçirilen günüň beren agyr ýadawlygyna sezewar boldy. Martin gözleriniň zordan açylýandygyny, gaharynyň gelip, özüne erk edip bilmejekdigine düşündi. Ol häzirki başynda oturan, soň-soňlar köp gezek içgysgynç hem gülkünç ýagdaýa getiren stolunyň başynda özünden örän belent derejede hasaplan adamlary bilen ömründe ilkinji gezek oturanyny ýatlady. Şol mahal, hatda bu öýüň howasy-da ýokary medeniýete ýugrulan ýaly bolup duýlupdy. Şol wagt ol bu ýerde geň hem täsin görnüşleri hökmany suratda göz öňüne getiren bolmalydy. Tolgunmakdan ýaňa der basan, yzly-yzyna gelip duran dürli-dümen nahardan ýaňa özüni ýitiren, daýaw hyzmatçy tarapyndan azap çekdirilen, ýarym ýabany ýigit ahyrynda-da aňynda ýok düşünje çuňlugyny hem edepliligi görkezjegem bolman, öz-özi bolup galmaga töwekgellik edipdi.

Martin gämide ýetip gelýän howp hakyndaky habar gulagyna ilen ýolagçynyň halas ediş gursakçasynyň ýoguny-baryny bilmek üçin töweregine seredişi ýaly, howsala bilen Rufa göz aýlady. Hawa. Söýgi hem Ruf. Diňe şol iki zat wagtyň synagyndan geçmegi başardy. Galan zatlaryň hemmesi Martin çyny bilen kitap okap başlan badyna, salgym bolup ýitip gitdi. Ýöne Ruf bilen söýgi salgym däldi. Martin şol ikisine biologik taýdan delil tapdy. Söýgi durmuşyň iň ýokary

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
derejedäki açyşydy. Tebigat söýmegi ozalyndan Martiniň alnyna ýazypdyr, her bir adaty adama buýruşy ýaly, ony hem söýgä mynasyp bolmaga taýýnlapdyr. On müňlerçe, ýüz müňlerçe, ýok millionlarça asyrlap tebigat şol maksat üçin adamyny, kämilleşdirmegiň hatyrasyna ösüş ýolundan alyp gaýdypdyr. Şeýlelikde ol kämilligiň täjine öwrülipdir. Tebigat Martiniň kalbynda söýgi oduny ýakdy, fantaziýanyň güýji bilen san-sajaksyz gezek ösdürdi hem şatlygyň, tolgunjyň, näzikligiň ýakymly täsirini başyndan geçireri ýaly, ony dünýä inderdi.

Martiniň eli stoluň aşagyndan uzap, Rufuň elini gysdy. Gyzyň gyzgyn eli hem oňa özüniňki ýaly jogap gaýtardy. Olar çaltlyk bilen birek-birege seretdiler. Rufuň gözlerinde söýgi hem mähir-mylakatlylyk alamatlary peýda boldy. Martiniň gözleri hem ýaldyrady. Ýöne Martin Rufuň gözlerinde peýda bolan yşygy öz gözünden baran lowurdynyň gaýtgynydyr öýdüp çak etmedi.

Martiniň garşysynda, mister Morzuň sag tarapynda San-Fransisko şäheriniň baş kazysy Blount otyrdy. Kazy bilen ozal telim gezek duşuşan Martiniň, hakykaty aýtsaň, ony onçakly sulhy hem almaýardy. Kazy Rufuň kakasy bilen işçiler birleşmeleri hakynda, syýasy ýagdaý hem sosialzm barada gürrüň edişýärdi. Gürrüň mahaly mister Morz Martine tarap ümledi-de, onuň sosialistik taglymatyň tarapdarydygyny kaza habar berdi. Blount Martine atalyk haýpygelijiligi bilen göz aýlady. Martin göwnüýetmezçilik bilen içini güldürdi.

— Wagty gelende, siz öz ýalňyşyňyza düşünersiňiz, ýaş ýigit — diýip, kazy mylaýym gepledi. — Ol çaga keseli wagtyň kömegi bilen gowy bejerilýär. (Şol sözleri aýdanyndan soň kazy mister Morza tarap ýüzüni öwürdi). Şeýle ýagdaýlarda men hiç mahal jedele girmeýärin. Jedelleşmek garşydaşyňda diňe hötjetlik oýarýar.

— Hak aýdylan gep — diýip, mister Morz hondan bärsi bolup, kazyny goldady. — Ýöne ýalňyşýan adama käte hötjetligi sebäpli bolup biläýjek ýakymsyz netije hakynda duýdursaňam erbet bolmasa gerek.

Martin gülesi gelmese-de, özüni mejbur edip gülüp goýberdi. Onuň geçen iş güni hem uzak, hem agyr bolupdy. Şoňa görä-de, ýaş ýigidi ýadawlyk basmarlap başlady.

— Siziň gowy lukmandygyňyza müňkürlik edip bolmaz — diýip, Martin ýaşulylara garady. — Eger-de siz näsagyň öz pikiri bilenem azda-kände

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
gyzyklanýan bolsaňyz, oňa «Siz keselimiň nämedigini saýgarmakda nätakyklyk goýberýärsiňiz. Hakykatda welin, maňa ýöňkeýän derdiňiz bilen siziň özüňiziň keselländigiňizi aýdaýyn» diýmäge rugsat beriň. Men sosialistik taglymata duýgudaşlyk edemok. Sizi gaty biynjalyk edýän sosialistik pelsepe bilen aram ýok.

— Ýeser jogap, ýeser! — diýip, kazy samyrdady. — Dawa edilende günäni bigünä garşydaşyň özüne tarap gönükdirmek — ajaýyp usul.

— Men siziň aýdanlaryňyza daýanyp gepleýän ahyryn! — diýende, Martiniň gözleri ýaldyrap gitdi. Bolsa-da ol entek hetden aşman saklanýardy. — Bilýäňizmi näme, jenap kazy, men siziň saýlawçylaryň öňünde eden çykyşyňyzy diňledim. Pikirlenmäniň aýratyn ýoýulmasy sebäpli — hemmelere düşnükli bolmasa-da, bu meniň gowy görüp ulanýan aňlatmam — siz özüňizi «güýçli ýeňmeli» diýen ynanjyň tarapdary hasaplaýarsyňyz. Şol bir wagtyň özünde-de, siz güýçliniň güýjüni peseltmek üçin eliňizden gelýän ähli çäräni ulanýarsyňyz.

— Ýaş ýigit!..

— Siziň çykyşyňyzy diňlänimi ýadyňyzdan çykarmaň! — diýip, Martin kazynyň sözüni böldi. — Ştatlaryň arasyndaky söwda gatnaşyklary baradaky, demir ýol hem nebit kärhanalarynyň işlerini ýola goýmak baradaky, tokaýy tygşytly peýdalanmagyň ýollary hem şolara meňzeş meseleler baradaky siziň syýasatyňyz çäklendiriş çäresine syrygýar, ýagny manysyna görä, sosialistleriň syýasatyna gabat gelýär.

— Eýsem, siziň pikiriňizçe, barly gatlagyň çakdanaşa eden-etdiligini jylawlamagyň hajaty ýok-da?

— Gep onda däl. Men diňe siziň keseliň nämedigini anyklamakda ýalňyşandygyňyzy, hemem özümiň sosializmiň ýokanç keseline ýolukmandygymy tekrarlamak isleýän. Men siziň, hut siziň özüňiziň şol dert bilen keselländigiňizi düşündirmekçi bolýaryn. Özüm hakda aýtsam welin, men sosializmiň gadymdan gelýän ganym duşmany. Men siziň manysy boýunça sosializmden sähelçe-de parhlanmaýan, hakykaty bolşuna görä atlandyrmak islemeýän ýalan sosializmiňizi hem ýigrenýärin. Men reaksionerçiligiň tarapdary, onda-da şeýlebir tarapdar welin, ýasama jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň perdesiniň aňyrsynda ýaşaýan siz ýalylar meniň garaýşyma hiç mahal

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
düşünmezler, sebäbi siz çakdanaşa gowy bolanyňyz üçin, şol perdäniň aňyrsyndan hiç zada göz ýetirip bilmeýärsiňiz. Siz güýçliniň ýeňmegini isleýän kişi bolan bolýarsyňyz, men bolsa oňa, hakykatdanam ynanýaryn. Tapawut şondan ybarat. Men gögele wagtym, ýagny bary-ýogy birnäçe aý mundan ozal özümem edil siziň pikir edişiňiz ýaly oýlanýardym, siziň sözleriňiz maňa-da haýsydyr bir derejede täsir edýärdi. Ýöne nepkeşler bilen dükançylar — ejiz hökmürowanlar, diňe pul gazanmagyň aladasy bilen gümra. Men hem gadymy sypaýylara ýüzlenmegi dogry hasap etdim. Şu jaýyň içinde men ýeke-täk aýrybaşga şahs. Döwlet bilen iş salyşmak aladam ýok. Men diňe döwleti bulagaýlyk döretmekden gutarjak, bedewe atlanyp geljek edenli adama garaşýaryn. Nisşe asla ýalňyşmandyr. Men size Nisşäniň kimdigini düşündirmäge wagt sarp edip durjak däl. Ýöne ol mamla eken. Ýaşaýyş hakyky aristokratlara, aksowult tüýli wagşy haýwanlara, hiç zadyň öňünde dyza çökmän, mydama diňe «hawa» diýýänlere bagly. Ana, şolar sizi, ýagny özlerini özbaşdak hasaplap, sosializmden gorkýan sosialistleri ýuwdup goýbererler. Siziň altyn aralyk hasaplaýan gulçulyk ahlagyňyz dadyňyza ýetişmez. Elbetde, bu gepleriň ähli si siz üçin ýatdyr. Şonuň üçinem men sizi mundan artyk irizip durmaýyn. Ýöne bir zady ýatdan çykarmaň! Oklendde bäş-altydan kän özbaşdak şahs tapylmaz. Şolaryň biri hem men, siziň sadyk guluňyz Martin Iden.

Şol sözlerden soň, Martin çekeleşmäniň gutarandygyny aňladýan manyda Rufa ýüzlendi:

— Şu gün men ýadaw. Men gepleşmek däl-de, söýmek isleýän.

Martin mister Morzuň:

— Siz meni ynandyryp bilmediňiz. Sosialistleriň hemmesi ýezit. Olar hökmany suratda her hili sypjyklyga ýüz urmaly — diýen sözlerini jogapsyz galdyrdy.

— Aýby ýok! Biz entek sizi göwnaçyk respublikaça öwreris — diýip, Blount kazy ynamly gepledi.

— Bedew münüp gelmeli adam siziň ol maksadyňyz amala aşmazyndan öňürti peýda bolar — diýip, Martin oňa hoşgöwünli jogap gaýtardy-da, ýene Rufa tarap öwrüldi.

Emma, mister Morz ýagdaýdan nägile bolup galdy. Oňa geljekki giýewsiniň ýaltalygy, adaty, akyla laýyk işlere ýigrenji, öý eýesine ýat bolan pikir ediş usuly

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

düýpden ýaramady, tebigy dünýäsini hem halamady. Şunluk bilen, ol gürrüňi Gerbert Spensere gönükdirmeli etdi. Mister Blount ony goldady. Martin pelsepeçiniň ady agzalandan aýdyljak zatlary diňlemäge häzirlenip, kazynyň ýuwaş-ýuwaşdan, ýöne hondan bärsi bolup Spenseriň taglymatlaryny ýazgaryşyny diňledi. Mister Morz «Eşidýäňizmi, balam?» diýýän manyda käte-käte Martine seredýärdi.

Martin Rufdur Artur bilen edip oturan gürrüňiniň arasynda:

— Nähili bidereklik! — diýip pyşyrdady.

Ýöne gündizki ýadawlyk hem «hakyky adamlar» bilen düýnki bolan çekeleşmäniň täsiri Martini özüne çekdi. Üstesine-de, ol entek tramwaýda okan makalasynyň döreden gahar-gazabyndanam saplanmandy.

— Size näme bolýar? — diýip, Martiniň ýarylman, özüni zordan saklap oturandygyny aňan Ruf onuň ýagdaýy bilen gyzyklanman durup bilmedi.

— Akyl ýetirilip bolunmaýan Hudaýdan gaýry Hudaý ýok, Gerbert Spenserem onuň pygamberi — diýip, kazy birden gepledi.

Martin derrew oňa tarap öwrüldi-de:

— Mugta barabar ýitilik — diýip, göwnübirlik bilen dil ýardy. — Men o gepi ilkinji gezek Sitti-Hol seýilgähinde bir işçiden eşitdim. Işçi hem bolsa, olam akyllyrak gep tapaýmalydy welin... Şondan bäri men ony kän gezek eşitdim. Her sapar şol ýuwnuksyz sözler gulagyma ýetende ýüregim bulanýar. Siziň özüňiz uýalmaýarsyňyzmy? Beýik hem pähimli adamyň ady siziň badyhowalyk bilen aýdýan sözleriňiziň arasynda ýola ýygnanan hapa suwuň içindäki säher çygynyň damjasy ýaly bolup saýlanyp dur. Siz mende özüňize ýigrenç duýgusyny oýarýarsyňyz.

Garaşylmadyk ýerden gök gümmürdän ýaly boldy. Kazy Blountyň ýüzi gyzardy, birdenem içerde elhenç dymyşlyk höküm sürdi. Mister Morz bolýan wakanyň Rufy gelşiksiz ýagdaýa salandygyny görüp, içinden begendi. Ol öz ýigrenýäniniň dogabitdi gödekliginiň üstündäki perdäni syryp, tutan maksadyna ýetdi.

Ruf köşeşdirmek meýli bilen Martiniň ýüzüne ýalbaryjy nazar aýlap, elini berk gyssa-da, barybir, netije bolmady. Eýýäm onuň damaryndaky gan gyzyp başlapdy. Ýokary orunlary eýeleýän adamlaryň özlerinden göwnühoşlugy hem

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
akmaklygy Martiniň gaharyny gaýnatdy. Baş kazy! Iki ýyl mundan ozal Martin nadanlyk tozanyna bulaşyp ýatyrka, beýle adamlary Hudaýdyr öýdýärdi.

Blount birneme özüne gelensoň, Martine ýasama mylaýymlyk bilen ýüzlenip, gürrüňi dowam etdirmäge-de meýillendi. Ýöne Martin beýle hereketiň diňe bu ýerdäki zenanlar üçin edilýändigine düşündi. Ol hem ýaş ýigidi gyzmalygyň soňky kaddyna eltdi. Eýsem, dünýäde dogruçyllyk asla ýokmuka?

— Spenser barada meň bilen jedelleşmeli adam siz däl! — diýip, Martin sesine bat berdi. — Siziňem edil Spenseriň kowum-garyndaşlary ýaly, ol barada bilýän zadyňyz ýok. Oňa siziň sebäpkär däldigiňizi hem bilýärin. Şeýle nadanlygyň bir nusgasy bilen ýap-ýaňy şu ýere gelýärkäm, ýolda-da tanyşmak mümkinçiligiboldy. Men Salibiň Gerbert Spenser baradaky derňew işini okadym. Sizem şony okamaly ekeniňiz. Ol kitaby öňýeten tapyp bilýär. Siz oňa islendik dükanda, islendik kitaphanada gabat gelersiňiz. Salibiniň ol beýik ynsan barada ýazanlaryny okap, hatda siziňem gelşiksiz ýagdaýa düşjekdigiňize men ynanýan. Ol ahlaksyzlygyň aňry başy. Onuň ahlaksyzlygynyň ýanynda siziň häsiýetiňiz dagy, hiç zat bolup galýar. Spenser bilen bir howadan dem almaga haky hem ýok, durmuşdan üzňe okamyş pelsepeçiler ony bisowat hasaplaýarlar. Siziňem Spenseriň eserlerinden on sahypasyny-da okamandygyňyza gözüm ýetýär. Ýöne ony sizden-de az okan käbir tankytçylar hem azda-kände medeniýetliräk kişiler Spenseriň kesbini dowam etdirijilere utanman, onuň taglymatynyň galpdygyny ynandyrjak bolýarlar! Siz oňa düşünýäňizmi? Onuň adam baradaky taglymatynyň, ylmy düşünjäniň ähli taraplaryny seljerýän beýik geniniň kemçiligini tapan bolýarlar. Ol psihologiýanyň atasydy, ol pedagogikada örän uly özgerişler etdi. Şonuň üçinem Fransiýada daýhan çagalary ylmyň esaslaryny Spenseriň ugry boýunça öwrenýärler. Ony tankytlaýan gözgyny hem pes adamjyklar bolsa, şol wagtyň özünde bir döwüm çöregi Spenseriň taglymatlaryny peýdalanmak bilen gazanýarlar. Şol adamjyklarda sähelçe aň bar bolsa, olar onuň üçin Spensere minnetdar bolmalydyrlar. Eger Spenser bolmadyk bolsa, olaryň totuguş ýaly gaýtalap-gaýtalap berkiden şojagaz düşünjeleri-de bolmazdy. Siziňkidenem ýokarrak wezipe eýeleýän Oksforddaky Ferbenks diýen ýaly haýsydyr bir jenap bolsa, mister Blount, «Nesiller Spenseri akyldar däl-de, arzuwçyl, şahyr hasap ederler» diýen bolýarlar. Olar kim? Olar jöw-jöw edip üýrýän güjüjekler. Bir ulumsy «Esasy başlangyçlar» edebiýatyň daşky owadanlygyndan halas däl» diýse, ýene birnäçeleri Spenseri «Özboluşly dana

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
däl-de, aň işgäri» diýip gygyrýarlar. Jöw-jöw edip üýrýänje güjüjekler! Üýrýän güjüjekleriň sürüsi!

Agyr dymyşlyga Martinem goşuldy. Morzlaryň maşgalasynda Blount kaza abraýa mynasyp adam hökmünde uly hormat goýulýardy. Şonuň üçinem Martiniň aýdan sözleri oturanlaryň hemmesini haýran etdi. Myhmançylygyň soňy ýas bilen utgaşana döndi. Kazy bilen mister Morz özara pyşyrdaşyp gepleşýärdiler, beýlekileriň bolsa, gep-söz alyşmak ýatlaryna-da düşmeýärdi.

Nahardan soň Martin bilen Ruf ikiçäk galanlarynda duşuşyk göçgünli tomaşa öwrüldi.

Ýüzi gözýaşa ýuwlan gyz:

— Siziň bolşuňyz çekip-çydardan agyr — diýdi.

Entek gahar-gazaby kiparlamadyk Martin haýbatly sesi bilen hüňürdedi.

— Haýwanlar! Ah, haýwanlar!..

Ruf Martine kazynyň abraýyna şek ýetirendigini aýdanda, ol:

— Siziň pikiriňizçe, men ony nädip kemsitdimkäm? — diýen sowal berdi. — Hakykaty aýtmak bilen oňa şek ýetirdimmi?

— Aýdylan hakykatmy, hakykat dälmi, onuň bilen meniň işim ýok — diýip, Ruf dowam etdi. — Edep, terbiýäniň öz belli serhedi bolýar. Size adamlaryň mertebesini kemsitmäge hiç kim hukuk berenok.

— Kazy Blounda hakykaty kemsitmäge kim hukuk beripdir? Hakykaty äsgermezlik haýsydyr bir dereksiz adamjygy kemsideniňden has erbetdir. Ol ondan-da aňry geçdi, ol häzir aýatda ýok, iň beýik, iň dana adamyň ruhuny depeledi. Ah, siz haýwanlar! Ah, siz haýwanlar!

Martiniň gyzmalygy Rufy gorkuzdy. Ol söýgülisini beýle dergazap ýagdaýda ilkinji gezek görýärdi hem öz nukdaýnazaryndan seredende, bu paýhassyzlygyň, gagallygyň döremeginiň sebäbine düşünmeýärdi. Şol bir wagtyň özünde-de ozalkylary ýaly ýanbermez duýgy ony Martine tarap çekdi welin, ahyrsoňy hem saklanyp bilmän, onuň boýnundan elini salmaga mejbur boldy. Bu günki bolan waka Rufy kemsidipdi hem gaharlandyrypdy. Oňa garamazdan, kellesiniň döşe ýaplap gysmyljyran gyz Martiniň:

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ah, siz haýwanlar! Ah, siz haýwanlar! — diýen sözlerini eşitdi.

Ruf hatda Martin:

— Mundan buýana men siziň myhmanlaryňyzyň keýpini bozman, mähribanym — diýensoňam onuň döşünden kellesini aýyrmady. — Siziň garyndaşlaryňyz meni halamaýarlar. Meniň olara ýigrenji bolşum ýaly, olaram maňa pis bolup görünýärler. Tüf! Olaryň hemmesi ýürekbulanç. Meniň birmahal belent dereje eýeleýänlere, kaşaň jaýlarda ýaşaýanlara, uniwersitet diplomlylara, bank depderçelilere aşakdan ýokaryk seredenime haýran galaýmaly. Men öz bisowatlygym sebäpli, olary, hakykatdanam, hormata mynasyp adamlar hasaplapdyryn.

## XXXVIII bap

Soňky üç günde iki gezek, ikinjisi hem hut ýarym sagat mundan ozal bolup geçen ganly üsgülewük zerarly, halys ysgyndan gaçan Brissenden Martine argyn ses bilen:

— Sosialistleriň klubyna gideli! — diýdi. Onuň sandyrap duran elinde-de köplenç bolaýýan zat, bir bulgur wiski bardy.

— Men o ýerde näme etmeli? — diýip, Martin sowal berdi.

— Keseden baranlara geplemäge diňe bäş minut wagt berilýär. Sizem şol bäş minutdan peýdalanarsyňyz, näme üçin sosialist däldigiňizi düşündiriň. Olaryň özleri hakda, durmuşda özüňi alyp barmagyň kadalary hakda, ýewreýleriň şäheriň çetine göçürilen ýeri hakda näme pikir edýäniňizi aýdyň. Nisşäni öňe tutup, ähli zady bulam-bujar ediň. Şolar ýaly jedeller olar üçin, siz üçinem peýdaly. Men siziň sosialist bolanyňyzy görüp öläýsem-ä kem bolmazdy. Durmuşda lapykeçligem hökman bolup durýar. Bir zatdan tamaňyz çykmaýan wagty dadyňyza ýetişjek şoldur.

— Siziň, hut siziň sosialist bolup biljekdigiňizi göz öňüne getirmegi başarmaýaryn. Siz märekäni, üýşmeleňi halamaýarsyňyz ahyryn? — diýip, Martin belledi. — Dogrudanam, sosializmiň gyzyklanýan zady, islegi bilen siz ýaly sypaýynyň nä işi barmyş? — Şony diýmek bilen Martin gyjyt bilen Brissendeniň içgili bulguryna tarap ümledi. — Sosializm sizi halas etmese gerek.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men gaty näsag — diýip, Brissenden öz pikirini beýan etdi. — Siz başga gep. Siziň janyňyz sag, görjegiňizem öňde. Şonuň üçinem durmuşda haýsydyr bir maksadyňyz bolmaly. Siz meniň sosialistdigime geň galýarsyňyz. Men ony düşündireýin. Onuň sebäbi — sosializm gutulgusyz. Onuňam sebäbi häzirki ýaşaýyş gurluşy öz möwritini ötürdi, çüýredi. Ol indi uzak saklanyp bilmez. Siziň adamlaryňyzyň bedew münüp gabarylýan mütdeti geçdi. Indi gullar onuň yzyna düşmez. Gullaryň sany sanardan kän. Olar siziň wekiliňize gaýdyp bedew ata münmäge ýol bermezler. Barybir, siz uzaga gitmän, olaryň baknalyk dünýäsiniň ýüküni götermeli bolarsyňyz. Elbetde, ol onçakly ýakymly däldir. Ýöne etjek alajyňam bolmaz. Siz, Martin, öz Nisşäňiziň taglymaty bilen gowakda ýaşaýan medeniýetsiz adam. Geçen geçdi. «Taryhda hemme zat gaýtalanýar» diýýänler galat aýdýarlar. Men üýşmeleňi halamaýaryn, siz mamla. Ýöne nätjek? Bedew münen adama-ha göz dikip, garaşybam ýörmäň. Men welin, nämä boýun bolsamam, ýöne buržuaz doňuzlarynyň häkimligine welin, asla tabyn bolman. Gideli. Men bu ýerde ýene biraz otursam, içip-içip gammar bolýan. Siz lukmanyň näme diýýänini bilýärsiňizmi? Ýogsa-da, şol lukman güm bolsun-laýt! Men onuň üstünden gülmek isleýärin.

Ýekşenbe agşamydy. Oklend sosialistik jemgyýetiniň çaklaň jaýy adamdan hyryn-dykyndy. Ýygnananlar esasanam işçilerdi. Aýdanlarynyň hemmesini kabul etmese-de, çykyp geplän akylly ýewreýi Martiniň sulhy aldy. Çykyş edeniň hor eginleri, içine çöküp duran döşi onuň ýewreýleriň göçürlip eltilen ýeriniň hakyky wekilidiginden habar berýärdi. Martin bir kowçum hökmürowanlaryň ejiz hem gözgyny gullaryň üstünden köneden bäri agalyk sürendiklerini, mundan buýana-da şeýle etjekdiklerini göz öňüne getirdi. Martin üçin ol tapsyz adam beýik nyşan bolup duýulýardy. Ol biologiýanyň gutulgysyz kanunyna laýyklykda, durmuşyň çarkandakly ýollarynda lagşan, ýaşaýşa ukypsyz, ölüp barýan bagtygara köpçüligiň nusgasydy. Olar gürrüňsiz heläkçilige uçramaly adamlardy. Akylly hem mekir pelsepeçileriniň bardygyna, agzybirlige garynja ýaly ukyplydyklaryna garamazdan, güýçli hem zor adamlaryň hatyrasyna tebigat olardan ýüz öwürdi. Tebigat öz döredenleriniň iň gowularyny saýlaýar, adamlar hem oňa öýkünip gowy hilli atlary döredýär, seýrek gabat gelýän ösümlikleri ösdürip ýetişdirýär. Elbetde, dünýäni döredeniň özi has oňaýly ýol hem tapyp bilerdi. Ýöne adamlar eýýäm bar bolan zatlar bilen oňňut etmeli bolupdyrlar. Olar sosialistler ýaly ölümiň öňüsyrasynda agyry-yzadan ýaňa towlanyp, bulanyp bilerler, bir ýere

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
üýşüp, dünýäde ýaşamagyň jebir-jepasyny nädip azaldyp boljagy hakynda, älemi aldamak hakynda pikir alşyp bilerler.

Martin şeýle pikir etdi, eden pikirini hem ahyr Brissenden sosialistleriň öňünde çykyş edip, olary mazaly ýepbeklemäge razy edeninden soň orta atdy. Ol münbere çykdy-da, adaty edilişi ýaly ýygnagyň başlygyna ýüzlendi. Martin ýewreýiň çykyş eden mahaly kellesine dyňzap gelen pikirleri tertipleşdirmek üçin söz arasynda çalarak säginip, howlukman gepläp başlady. Şeýle ýygnanyşyklarda her öňe çykýana sözlemek üçin bäş minut wagt berilýärdi. Emma şol ölçelip goýberilýän wagt tamamlananda, esasy aýtmak islän zatlarynyň gyrasyndan giren Martin sosialistleriň doktrinasyna başlan hüjümini ýaňy ýaýbaňlanyp ugrapdy. Emma onuň çykyşy göwünlerinden turany sebäpli, diňleýjiler biragyzdan başlyklyk edijiden Martine sözlemek üçin goşmaça wagt berilmegini talap etdiler. Olar Martini özlerine degerli garşydaş hasapladylar. Şonuň ücinem onuň her sözüni üns bilen diňlediler. Martin çakdanaşa hyjuw bilen gepledi, meseläniň sagyndan-solundan at salyp geçmän, gul sözüniň manysynyň şu mahalky diňleýjileriniň hut özleridiklerini açyk aýdyp, gulçulyk ahlagynyň üstüne gönümel hüjüm etdi. Ol Spenserden hem Maltusdan mysallar getirip, dünýä ösüşiniň biologik kanunyny şöhratlandyrdy.

— Şeýlelik bilen — diýip, Martin sözüni jemledi. — Şeýlelik bilen, jemgyýet diňe gullardan ybarat bolsa, döwlet ýaşap bilmez. Ösüşiň esasy kanuny-da şu ýerde özüni görkezýär. Ýaşamak ugrundaky göreşde, meniň ýaňky aýdyşym ýaly, güýçli hem güýçliniň nesli utuş gazanýar, ejiz hem ejiziň nesli ölüme buýrulýar. Şol akymyň netijesinde güýçliniň güýji nesil saýy artýar. Ine, ewolýusiýa diýibem şoňa aýdylýar. Ýöne, siz gullara, öz gullugyňyzy boýun almak ýakymsyzdyr, men onuň şeýledigine ynanýan. Siz, gullar, ewolýusiýanyň beýik kanunyna boýun bolmaýan jemgyýet döretmegi arzuw edýärsiňiz. Siz ejizleriň hem ýaşamaga ukypsyzlaryň gurban bolmagyny islemeýärsiňiz. Siz ejizleriňem ejiz däller ýaly iýip bildikleriçe iýmeklerini isleýärsiňiz. Siz ejizleriňem ejiz däller ýaly durmuş gurup, nesil öndürmeklerini gazanmakçy bolýarsyňyz. Bu zatlaryň hemmesi niçiksi netije berer? Adamyň güýji, ýaşaýşa ukyplylygy täze nesliň gelmegi bilen artmaz. Gaýtam, tersine, kemeler. Ine, siziň gulluk pelsepäňiziň Nemezidasy1 siziň diňe gullar üçin ýaşaýan gulçulyk jemgyýetiňiz ýuwaş-ýuwaşdan ysgyndan gaçyp, ahyram heläk bolar. Meniň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

sadawar ahlakdan däl-de, biologik kanundan ugur alýandygyma siz düşüniň. Gullaryň döwleti ýaşap bilmez.

— A, Birleşen Ştatlar näme? — diýip, kimdir biri gygyrdy.

— Birleşen Ştatlar diýýäňizmi? — diýip, Martin oňa garşy gepledi. — Onuň on üç sany golasty koloniýasy öz hökümdarlaryny kowup, respublika atlandyrylan birleşme döretdiler. Şeýlelikde, bakna gullar öz-özlerine hökümdar boldular. Gylyç bilen iş dolandyrýan jenaplar şondan soň görünmediler. Emma gullar howandarsyz bolup bilmediler. Netijede, batyr, pähimli, güýçli adamlardan däl-de, ejiz düşdüşlerden, alyp-satarlardan, süýthorlardan ybarat bolan hökümdarlygyň täze bir görnüşi döredi. Olar güýçlüleriň edişi ýaly, ýapyk görnüşde, bildirmän, dürli hilegärlik, aldaw bilen sizi ýene gula öwürdiler. Ýöne bu gezek olar siziň kazylaryňyzy pula satyn aldylar, kanunlaryňyzy bozup, çepbeligine çöwürdiler, ogul-gyzlaryňyzy bolsa açyk gulçulygyň görkezen ähli eden-etdikliklerini hem haýrana goýan süteme sezewar etdiler. Häzir siziň iki million ogul-gyzyňyz Birleşen Ştatlaryň senagat eýeleriniň gol astynda işleýär. On million gul hem öýsüz-öwzarsyz, iýmäge çörek tapman ýaşaýar. Ýok, gullaryň döwleti döwlet bolup ýaşap bilmez, sebäbi ol ýagdaý ewolýusiýanyň biologik kanunyna bap gelmeýär. Gullaryň jemgyýeti dörän badyna derrew çaga dogmasy azalýar, nesil hem ownap başlaýar. Siz ewolýusiýanyň kanunyny ret edýärsiňizmi? Ýagşy! Hany, onda siziň oňa derek daýanmak isleýän täze kanunyňyz nirede? Ony drediň. Ýa-da siz ony eýýäm döretdiňizmi? Döreden bolsaňyz maňa-da aýdyň-da.

Martin oturanlaryň hemmesiniň el çarpyp, şowhun turuzmagy bilen ýerine geçdi. Bir topar adam çykyş etmäge isleg bildirip ör turdy. Olar bir-biriniň yzyndan öňe geçip, joşgun bilen, höwes bilen, ellerini batly kelemenledişip, diňleýänleriň şowhunyny gazanyp, Martiniň eden hüjümine garşy gopdular. Ol iki hili düşünjäniň hakyky çaknyşygyna, adamlaryň ýowuz ýaka tutuşmagyna öwrüldi. Öňe çykanlaryň köpüsi umumy gürrüň etmek bilen çäklendi, ýöne esasy köpçülik welin Martine ýüzlendi. Olar Martine täze pikir-hyýal tapyp berdiler, onuň öňünde entek ýok biologik kanunlary açmasalaram, köne kanunlaryň täzeçe ulanylmak mümkinçiliklerini beýan etdiler. Gepe gyzyşanlary sebäpli, özlerini edepli alyp barmak diýen zat olaryň ýadyna-da düşmeýärdi. Şonuň üçinem çekeleşige başlyklyk ediji olary saklamaly hem bolýardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Şol gezekki ýygnaga geň-taň habaryň gözleginde eňip ýören bir habarçy ýaş ýigit hem gatnaşýardy. Onuň akyly hem ýok eken, tejribesi hem. Ýöne onda adaty gazet habarçysynyň dogumly edepsizligi welin ýeterlikdi. Onuň aňy edilýän jedeliň manysyna düşünerden ejizdi. Ýöne onuň işçiler synpyndan bolan bir topar was-wasylaryň hemmesinden bir gez ýokarydygyna bolan berk ynanjy bardy. Üstesine-de, ýaşaýyş basgançagynyň ýokarsynda durup, milli syýasata hem gazet işine täsir edýän adamlara onuň sarpasy uludy. Onuň ýokdan bar etmegi başarýan görnükli galamgär bolmak arzuwy bardy.

Ol edilýän jedelleriň özenine düşünmeýärdi. Aslynda oňa gepiň magadyna ýetmegiň zerurlygy-da ýokdy. Ol diňe «rewolýusiýa» diýen ýaly käbir sözleri özi üçin ýapyşalga edinýärdi. Paleontolog alymlaryň gazylyp tapylýan, daşa öwrülen süňk-saňklardan skelet gurnamagy başaryşlary ýaly, ol gazetçi hem aňynda galan «rewolýusiýa» diýen ýeke sözden tutuş bir makala-da döredip bilýärdi. Şol endigine daýanyp, ol bir gijäniň özünde, o diýen harsal hem bolmadyk, telim sahypalyk makala ýazdy. Martiniň çykyşy ýygnakda uly çekeleşme, şowhun turzany sebäpli, ony tertip-düzgüne boýun bolmaýan anarhist keşbinde görkezip, almadyk sözlerini hem aýtdyrypdyr, reaksion şahsy aýratynlygyny bolsa, barypýatan gyzyl sosializmlige öwrüp görkezipdir. Ýaş galamgär edebi ukyplylykdanam mahrum däl eken. Şonuň üçinem ol çykyş eden, saçlary eginlerine düşüp duran gyzmaçlary, gaharjaňlyk keseline uçranlary, adamlaryň galmagalynyň arasy bilen ýakymsyz goh turzup, ýumruklaryny bulaýan, ruhy ýagdaýy gowşaklary çeper bezeg bilen kebşirläpdir.

## XXXIX bap

Ertesi irden kofe içip oturan Martin, adaty endigine görä, täze gazete göz gezdirende, ömründe ilkinji gezek adynyň neşiriň birinji sahypasynda uly harplar bilen ýazylandygyna nazary düşdi. Ol özüniň oklend sosialistleriniň görnükli ýolbaşçylarynyň biridigi hakyndaky habary geň galmak bilen gözden geçirdi, galamgäriň ony gepledip, öz adyndan ýazan çykyşyny okady. Başda ol bihaýalyk bilen ýalan sözlenip ýazylan habara gaharlanjak boldy, soňundanam göwnübir gülüp, gazeti bir tarapa zyňyp goýberdi.

— Muny ýa-ha serhoş adam ýazandyr, ýa-da makalanyň aňyrsynda hyýanatçylykly maksat gizlenip ýatandyr — diýip, Martin naharyň yz ýany gelip,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bar bolan ýekeje oturgyja özüni goýberen Brissendene ýüzlendi, özi bolsa, edähedine görä, krowatda ornaşdy.

— Nähili bolanda-da, siz üçin näme parhy bar? — diýip, Brissenden göwnübir gepledi. — Gazet okaýan buržuaz doňuzlarynyň pikirindenem many aljak bolýaňyzmy?

Martin bir pursat oýa batdy.

— Elbetde, men olaryň pikirine gulak gabardamok. Ýöne şu biderek ýazgylar Rufuň maşgalasy bilen arama çöp atarmyka öýdüp gorkýaryn. Rufuň kakasy ozalam meni sosialist hasaplaýar, gazetdäki ýazgylar bolsa, onuň çakynyň dogrudygyny tassyklaýar. Onuň nähili pikir edýändigi meň üçin atyň gulagy ýaly des-deň welin, barybir, ýakymsyz ýagdaýyň ýüze çykmagy ahmal-da... Men şu gün ýazan zatlarymy size okap bermek isleýän... Elbetde, henizem şol «Gijigendä». Eseriň yarysy-ha ýazyldy hasap edýärin.

Martiniň golýazmany okap başlany hem şoldy welin, gapy açyldy-da, Mariýa oňat geýnüwli ýaş ýigidi içerik saldy. Ýaş ýigit jaýa çalt göz aýlady-da, peçde hem aşhananyň işiginde säginen nazaryny ahyr Martinde saklady. Brissenden oňa:

— Oturyň! — diýdi.

Oturmaga ýer hödürlemek üçin gyraraga süýşen Martin myhmana seretdi.

— Men siziň düýnki çykyşyňyzy diňledim, mister Iden — diýip, sähel salym dymyp duran ýigit gepläp başlady. — Men siz bilen gazet üçin gürrüňdeşlik gurmaga geldim.

Brissenden gülüp hezil edindi.

— Sosialist — egindeşiňizmi? — diýip, sowal beren ýigit Brissendene çalt nazar aýlady-da, jansyza meňzäp duran diri adamynyň keşbini gazet makalasynda görkezseň, nähili täsin boljakdygyny hyýalynda aýlady.

— Gazetdäki hasabaty ýazan şu ýigit — diýip, Martin dostuna habar berdi. — Özem ýaş oglan…

— Ýaş bolsa, siz näme üçin oňa akyl öwredeňzok? Ýaşlary terbiýelemek gerek. Özüm-ä sagat öýken edinjek bolsam, müň dollar bermeli bolsa-da berjek.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Galamgär öz üstünden iki tarapa geçýän gepleşige haýran bolup gulak asdy. Ol sosialistleriň ýygnagy hakynda ýazan ajaýyp hasabaty üçin ýap-ýaňy gazetiň redaktorynyň öwgüsine mynasyp bolupdy, üstesine-de, häzirki dowam edýän düzgüniň jebisleşen duşmanlarynyň öňbaşçysy Martin Iden bilen ýörite gürrüňdeşlik geçirmäge hukuk gazanypdy.

— Biz suratyňyzy almaly welin, oňa garşy bolup durmarsyňyz-a, mister Iden? — diýip, myhman öý eýesine ýüzlendi. — Ýanymda surat alýançy hem bar. Ýöne ol daşarda, ýagty ýerde alnaýsa kem görmeýär. Ilki daş çykyp, surat aldyrsak, soňam gürrüňe geçsek...

— Suratçy?! — diýip, Brissenden geň galýan ýaly bolup dillendi. — Siz nähili Martin? Muň gözüniň oduny alaga-da, küştüni bermeli ahyryn.

— Garrap ýören bolsam gerek! — diýip, Martin ýylgyrdy. — Men muny ýençmeli welin, gurbatym çatanok. Onsoňam näme sebäbe men beýtmeli?

— Garry enesiniň hatyrasyna.

— Görýän welin, aýdýanyňyzda esas bar — diýip, Martin dostunyň islegi bilen ylalaşdy. — Barybir, mende güýç ýok. Kimdir birini akylyna aýlamak üçin güýç harçlamak gerek. Onsoňam şeýtmegiň näme hajaty bar?

— Hak aýdýaňyz. Onuň asla geregi ýok — diýip, galamgär begenip gepledi, şol bir wagtyň özünde-de gapa wehimli garady.

— Onuň ýazan hasabatynda ýekeje-de hakykat ýok — diýip, Martin Brissendene seredip dowam etdi.

— Bilýäňizmi näme, ol hasabat ýygnagyň umumy beýany diýen ýaly ýazgy — diýip, ýigit düşündiriş bermäge başlady. — Onsoňam ol, diýseň-diýmeseň, siziň öwlüp arşa çykarylmagyňyza syrygýar. Bu pikir bilenem ylalaşyň.

— Onuň sizi mahabatlandyrmakdygyny hem göz öňünde tutuň, Martin! — diýip, Brissenden dabara bilen aýtdy.

— Hawa, hawa. Menem beýle pikire goşulmalydyryn!

— Mister Martin Iden, öňi bilen siz nirede doglandygyňyzy aýdyň! — diýip, galamgär ýüzünde ýasama dykgatlylyk döredip Martine seretdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Üns beriň, ol hiç zat ýazmaýar. Ol hemme zady ýadynda saklar — diýip, Brissenden mekirlik bilen arynyň ketegini gorjady.

— Maňa ýazgy etmek hökman däl — diýip, ýaş ýigit dürli pirim bilen öz biynjalyklygyny ýaşyrmaga çalyşdy. — Tejribeli galamgär hiç mahal kagyza bellik etmeýär.

— Siz düýnem kagyza bellik etmedik ýaly. Şeýlemi?

Ýöne Brissenden daşky ýagdaýa göwnübir garaýan adamlardan däldi. Şonuň üçinem ol birden ýerinden turdy-da, äheňini üýtgetdi.

— Martin, eger siz şu ýigidiň külüni çykarmasaňyz, özüm daşyna geçýän. Ölsemem, şuny ýenjip öljek.

— Megerem, şarpyk çalsaňam ýeterlik bolar-a? — diýip, Martin sowal berdi.

Brissenden oýlanýan kaza meňzäp dymansoň, baş atdy.

Şondan soň galamgäriň Martiniň iki dyzynyň arasyna düşen kellesi gysaja salnana döndi.

— Dişlemeli däl — diýip, Martin duýduryş berdi. — Eger dişläýseňiz welin, siziň görmegeýje ýüzüňizi gara gan etmeli bolaryn. Beýtsemem, size nebsim agyrar.

Martiniň sag eli aşak-ýokaryk sazlaşykly hereket edip başlady. Ýaş ýigit it ýaly çyňsady, iki dyzyň arasyndan sypmaga synanyşdy, gargyndy, ýöne dişlemäge welin bogny ysmady. Brissenden bolýan waka göwnübirlik bilen garap durdy. Ýöne bir pursat gelende welin, saklanyp bilmän, çüýşä ýapyşdy-da:

— Maňa-da bir gezejik urmaga maý beriň! — diýip, Martine ýüzlendi.

— Men mundan artyk urup biljek däl. Elim halys ýadady — diýip, ahyr Martin galamgäriň ýakasyndan ebşitläp tutdy-da, krowatyň üstüne zyňyp goýberdi.

— Men polisiýa ýüz tutaryn. Sizi tussag ederler! — diýip, galamgär gygyrdy. Onuň lowlap ýanýan ýaňaklaryndan gahar-gazap gözýaşy syrygdy. — Siz bujagaz etmişiňiz üçin hasap okamaly bolarsyňyz. Garaşyberiň!

— Ana, saňa gerek bolsa! — diýip, Martin baş ýaýkady. — Özüniň örän typançak ýola düşeniniň manysyna-da akyl ýetirip bilenok. Şunuň edişi ýaly,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
kezzaplamak, ikilik etmek, töhmet atmak, diýmedigini diýdirmek erkek adama gelişýän zat däl ahyryn. Emma bu şoňa düşünmeýär.

— Düşünmänsoňam, siziň üstüňize geldi. Sizem oňa düşünmeýänini mazalyja düşündirdiňiz — diýip, Brissenden ýaňsyly sözlerini atyp galdy.

— Ol öňürti töhmet atyp, ile çykar ýaly etmän, soňam ýene ýanyma gelýär. Indi meniň dükançylarymam nesýe haryt goýbermekden hökman ýüz öwrer. Iň ýamany hem bu neresse belli galamgär, tanymal haramzada bolup ýetişýänçä, kezzaplyk ýoluny terk etmez.

— Ony adyl ýola gönükdirmek üçin alada etmäge siziň entek wagtyňyz bar— diýip, Brissenden ýene gyşyk sowal berdi. — Wah, näme üçin siz maňa ony ýekeje gezek urmaga-da maý bermediňiz? Menem bular ýaly asylly işe öz goşandymy goşmak isläýipdim welin, ýeri, bolýa-da.

— Ikiňizem türmä dykarlar — diýip, ugruny ýitiren galamgär horkuldady. — Ha-ha-haýwanlar!

— Onuň ýüzi gaty ýylmanak görünýär — diýip, Martin başyny ýaýkady. — Wah, men elimi biderek ýadadan bolaýmasam. Bu ýigidi hiç mahal dürs ýola salyp bolmaz. Munuň ýokary derejeli galamgär bolup ýetişjegi ikuçsuzdyr. Sebäbi bu ýigitde asla wyždan ýok. Wyždansyzlygam ony tanymallyga elter.

Şondan soň ýaş ýigit henizem elindäki çüýşäni bulap duran Brissendeniň gapdalyndan gorka-gorka geçip, gapa tarap okdyryldy.

Şol günüň ertesi Martin özi barada ýene köp zatlary bilip galdy. Asyl ol metbugatyň wekiliniň ýanynda: «Hawa, biz jemgyýetiň duşmany, ýöne biz anarhist däl. Biz sosialistler» diýenmişin. Galamgär şol iki mekdebiň arasynda aýratyn tapawudyň ýokdugyny aýdanda, sözsüz ylalaşýandygyny aňladan Martin diňe egnini gysmak bilen oňanmyş. Onuň ýüzi hem gaty gyşaryp, bigörklügiň alamatlaryna eýe bolanmyş. Aýratynam onuň çykyn-çykyn eginleri bilen ganhoruňky ýaly ýalpyldaýan möle gözleri gorkunç eken.

Martin özüniň her agşam diýen ýaly Siti-Holl seýilgähinde işçileriň ýygnanyşygynda çykyş edip, halkyň aňyny zäherleýän bozgaklaryň arasynda has rewolýusion derejede gulluk edýändigi üçin aýratyn abraýdan peýdalanýandygyny bilip galdy. Galamgär onuň ýaşaýan hütdügini hem jikme-jikligi bilen görkezipdir, kerosin peji, jaýdaky ýekeje oturgyjy-da ýadyndan

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

çykarmandyr. Martiniň ýigrimi ýyllyk tussaglykdan hut şu gün boşap gelen ýaly, solak ýüzüne öli gany uran, kaňkap ýören ýoldaşyny hem hertaraplaýyn, üns bilen suratlandyrypdyr.

Ýaş galamgär eden işinde özüniň galjaňlygyny, ýetişiklidigini görkezip bilipdir. Ol Martiniň terjimehalyny-da ele salypdyr, mister Higginbotamyň dükanynyň, onuň özüniňem dükanynyň gapysynda duran suratyny tapypdyr. Ol uly abraýly hem örän akylly täjir hökmünde giýewsiniň sosialistik garaýşyny goldamak-ha beýlede dursun, asyl onuň bilen arasyny hem çöp döwlen ýaly eden kişi hökmünde görkezilýär. Onuň habar bermegine görä, Martin Iden barypýatan bihepbe, ýalta, pişesiz, entäp ýören, telim gezek amatly iş hödürlense-de unamadyk, iru-giç türmä düşjegi ikuçsuz ýaramaz adammyş. Galamgär German fon Şmidt bilenem duşuşypdyr. Ol Martine «maşgalany masgara edýän» adam diýip baha beripdir. Şeýle hem ol: «Martin menden nep görmek üçin daşymdan aýlanyp ugrady welin, onuň çeňňegine ilmän, arany kesdim — diýipdir. — Men ony ýanyma gelmez ýaly etdim. Olar ýaly entäp ýören işsizden oňly zada garaşyp bolmaz».

Bu gezek Martin örän çyny bilen gaharlandy. Brissenden bolýan wakalara gyzykly bir degişme hökmünde garaýar. Ýöne ol hem Martini köşeşdirip bilmedi. Bu ýagdaýdan soň Rufa-da gep düşündirmegiň ýeňil bolmajakdygyny Martin öňünden bilýärdi. Üstesine-de, onuň kakasynyň tötänden dörän bu ýakymsyzlyklardan adaglanmagy hem bozmak üçin peýdalanjagy gürrüňsizdi. Martiniň gynançly çaklamalary uzak garaşdyrman durmuşa geçip başlady. Hut ertesi Rufdan hat geldi. Aýylgançlygy öňünden duýan Martin bukjanyň gowşurylan ýerinde, açyk gapynyň öňünde durup, haty okamaga başlady.

Ol haty okaýarka, özünden biygtyýar, jübüsinden temmäki hem ozal elmydama ýanynda göterýän kagyzyny agtardy, jübüsiniň kän mahal bäri boşdugyny hem aňyna getirip bilmedi, asyl elini sokan ýerinden näme gözleýändigini-de aňşyrmady.

Hat parahat äheň bilen ýazylypdy, gahar-gazabyň äheňi duýulmaýardy, ýöne başdan-aýak öýke bilen närazylyga ýugrulandy. Ruf Martiniň edilen ynamy ödemändigi hakynda ýazýardy. Ol Martin öz geldi-geçer durmuşyndan ara açyp, söýginiň hatyrasyna, hakykatdanam, sada hem päk ahlakly durmuşda ýaşamaga taýýar bolar öýden eken. Indi bolsa ejesi bilen kakasy gyzyň adaglanmak

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ähtinden hem dänýärdi. Ruf hem olaryň tutarygyny esassyz hasaplamaýardy. Ruf bilen Martiniň gatnaşygynyň oňly netije bermejegi görnüp durdy. Ol gatnaşyk turuwbaşdan ýalňyş bolupdyr. Hatda ýekeje gyjalat bardy. Şol hem Martin üçin aýratyn urgy boldy. «Eger siz işe durmak, durmuşda haýsydyr bir orun eýelemek islän bolsadyňyz! Ýöne ol mümkinem däldi. Ozal siz ahlak taýdan bozuk, tertipsiz durmuşda ýaşadyňyz. Men sizi ýazgarmaga esas ýokdugyna düşünýärin. Siz öňki endigiňize laýyklykda, öz tebigatyňyza görä hereket etdiňiz. Şuny unutmaň: men sizi ýazgarmaýaryn, Martin! Ejem bilen kakam mamla eken: ikimiz bir-birege laýyk däl ekenik. Şol laýyk dälligiňem suw seňrikden agmanka ýüze çykmandygyna-da begenmeli... Meniň bilen duşuşjak bolup azara galmaň. Ol duşuşyk ejeme-de juda agyr deger. Onsuzam men ejemi örän ynjydandygymy bilýärin. Eden etmişimi entek-entekler onuň ýüreginden çykaryp bilmerin».

Martin haty üns bilen okanam bolsa, gaýtalap göz gezdirmäge-de mejbur boldy. Soňra Rufa hata jogap ýazmaga oturdy. Ol özi hakda ýazan töhmetçi gazetçini wyždansyzlykda aýyplap, sosialistleriň ýygnagynda aýdanlarynyň hemmesini düşnükli edip kagyza geçirdi. Hatyň ahyrynda bolsa özüniň hyjuwly hem üýtgewsiz söýgüsi barada ýazdy. «Siz meni söýýäniňizi ýa-da söýmeýäniňizi ýazyň. Iň esasy mesele şol. Diňe şoňa jogap gaýtaryň!»

Bir gün geçdi, iki gün geçdi, hata jogap gelmedi. Ýazylyp ýörlen powest ýetilen sahypasyndan süýşmän, stoluň üstünde ýatdy, aşakdaky golýazmalar bolsa galňaýardy. Martin ömründe ilkinji gezek ukusyzlyk derdine sezewar boldy. Ol üç gezek Morzlara bardy, üç gezeginde-de hyzmatçy ony bosagadan aňryk goýbermedi. Brissenden ýorgan-düşekli ýatyrdy. Martin häli-şindi onuň ýagdaýyny soramaga barsa-da, başyna inen hasrat barada dostuna hiç zat aýdyp bilmedi.

Martiniň gam-gussasy agdykdy. Galamgäriň eden hyýanaty garaşylan netijedenem çökder boldy. Portugaliýaly dükançy oňa nesýe haryt bermegi bes etdi, gök satýan amerikaly bolsa, Martini dönük hem watan duşmany hasaplady. Ol gahar-gazabynyň ýelgini bilen bergisini bermäge gelmegini hem gadagan edip, Martiniň hasap-hesip depderçesini hem ýyrtyp taşlady. Goňşy-golamlar Martiniň garşydaşyna öwrüldiler, olaryň ýigrenji hem gün-günden güýjedi. «Dönük sosialist» bilen hiç kim gatnaşyk saklamak islemedi. Biçäre Mariýany bolsa gorky bilen ynamsyzlyk gurşady, ýöne welin, ol ygrarlylygyndan dönmedi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Gelen owadan paýtun hakdaky ýatlamalary hem könelişen, ozal Martiniň ýanyna gelip ýören goňşy-golam çagalary-da indi oňa uzakdan «Entäp ýören dereksiz!» diýip gygyrýardylar. Diňe Mariýanyň çagalary Martine wepalydylar. Birnäçe gezek Martin zerarly bolan çozuşa-da, olar garşy durmaly bolupdylar. Urlan çagalarynyň ýüz-gözüne salnan gökler, ýepbeklenen burunlaryny gören Mariýada hem düýpli umytsyzlyk döredi.

Martin bir gezek köçede aýal dogany Gertruda gabat gelende, ozal çak eden bir zadynyň üstüni açdy. Gertrudanyň aýtmagyna görä, Bernard Higginbotam tutuş maşgalany ile ryswa, köpüň gargyşyna sezewar edeni üçin Martine örän gaharlanyp, onuň öz gapysyndan gelmegini hem gadagan edipdir.

— Sen bir ýerlere gitseň näder, Martin? — diýip, Gertruda ýalbaryjy äheň bilen doganyna maslahat berdi. — Git-de, nirädir bir ýere işe dur. Şu mahalky gep-gürrüňler kiparlansoň, ýene dolanaýarsyň-da.

Başyny ýaýkan Martin hiç hili kanagatlanarly düşündiriş bermedi. Ol nähili düşündiriş bersin! Martin bilen baryndaşlarynyň arasynda äpet, düýpsüz uçut hoňkaryp ýatyr ahyryn. Indi onuň beýle boşlugyň üstünden böküp geçip bilmejekdigi hakdy... Sosializm bilen nisşeançylygyň1 parhynyň nämeden ybaratdygyny Gertruda düşündirjek bolmagyň özi-de gülkünçdi. Beýle adamlara Martiniň hereketini, dünýägaraýşyny düşündirer ýaly hiç bir dilde söz ýokdy. Olaryň hemmesiniň gelýän netijesi «Özüňe iş tap!» diýmekdi. Şol üç söz mydama iň öňürti hem iň soňky aýdylýan sözlerdi. Şonuň bilenem olaryň düşünje örüsi çäklenýärdi... Iş tap! Gulluga dur! Biçäre nadan gullar! — diýip, Gertrudanyň aýdanlaryny diňlän Martin içini gepletdi. — Güýçlüleriň dünýä eýelik edendikleri geňlik däl. Gullary heläk eden zat özleriniň gulçulyga tabynlyk aňlary. Gulluk etmek gullar üçin altyn täçli keramata öwrülip, gulçulygyň öňünde dyza çökmek olar üçin dereje bolupdyr».

Gertruda pul hödürlände, Martin bir hepdeden penjegini ýene girewe goýmaly boljakdygyny bilse-de, başyny ýaýkady.

— Indi sen Bernardyň gözüne görünmegin — diýip, Gertruda doganyna tabşyryk berdi. — Bir aý, ýarym aý geçip, ol birneme köşeşensoň ýanyna bar, isleseň, arabaçy edip işe almagyny-da sorarsyň. Eger men saňa gerek bolsam, islän wagtyň habar ýetir, özüm bararyn. Eşidýäňmi?

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Gertruda gözýaş etdi-de, öz ýoly bilen gitdi. Onuň agyr göwresini zordan süýräp baryşyny synlap duran Martiniň uýasynyň halyna haýpy gelip, hasratdan ýaňa ýüregi mynçgalanýan ýaly boldy. Ol aýal doganynyň yzyndan seredip durka, hyýalyndaky nisşeanlyk binasynyň birden çaýkanyp, ýumrulyp başlanyny gördi. Haýsydyr bir hyýaly gulçulyk hakynda oýlanmak ýeňildi, ýöne ony öz ýakynlaryňa degişlilikde ulanmak welin gaty agyrdy. Oňa garamazdan, güýçliniň ejize zulum edişine mysal gerek bolsa, Gertrudadan has mynasyby tapylmazdy. Martin sagdyn pikire ters gelýän bu ýagdaýyň hatda, üstünden hem güldi. Ýuka ýüreklilige, suwjuklyga gol berip, hakykat bilen ilkinji çaknyşygynda öz nukdaýnazaryna müňkürlik edip başlaýan nisşeançy gaty gowy bolar-da. Umuman alanyňda, häzirem hut şeýle ýagdaý ýüze çykmaýarmy näme? Martiniň aýal doganyna haýpy gelmesi gulçulyk duýgusy dälmi? Hakyky adam, güýçli adam rehim-şepagatlylykdan, ýüregi ýukalykdan belentde bolmaly. Ol duýgular ýerzeminlerde döräp, diňe ejiz hem betbagt adamlaryň ajal kekirdege münen pursadyndaky janhowluna urunmasydyr.

## XL bap

«Gijigeni» dowam etmek başa barmady, iş ugrukmady. Redaksiýalardan gaýdyp gelen golýazmalar stoluň aşagynda bireýýäm özlerine ynjalykly orun tapypdylar. Diňe ýeke golýazma henizem aýlanyp ýörmesini dowam edýärdi. Ol hem Brissendeniň «Efemeridasydy». Gara penjek bilen tigir ýene girewhana düşdi, hat ýazylýan maşinkanyňam tölegi, adatdakysy ýaly, möhletinde berilmedi. Ýöne bu zatlar Martini çigit ýaly-da biynjalyk etmeýärdi. Indi ol özüniň täze ýagdaýy bilen öwrenişmelidi, häzirlikçe bolsa durmuş, goý, öz akýan ugry bilen akybersin.

Birnäçe hepde geçenden soň, Martiniň kän mahal bäri çak edip garaşan pursady durmuşa geçdi. Ol köçede Rufa gabat geldi. Emma gyz ýeke däldi, ýanynda Norman bardy. Olaryň ikisi-de Martini tanamadyksyran boldy. Martin golaýlamak islände hem Norman ony aýal doganyna ýakynlaşdyrmajak boldy.

— Eger siz Rufuň golaýyna gelseňiz, men poliseýi çagyrmaly bolaryn. Ol siz bilen gepleşmek islemeýär. Siziň beýdip dyzap durmagyňyz-da kemsitmä meňzeýär.

— Poliseýi çagyrsaňyz çagyryberiň. Görübiris-dä — diýip, Martin ýüzüni kürşerdip jogap gaýtardy. — Beýtseňiz, iň bolmanda, siziňem adyňyz gazete

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
düşer. Hany, siz az-kem bir tarapa çekiliň. Men Ruf bilen gepleşmekçi. — Soň ol Rufa ýüzlendi. — Men jogaby siziň öz agzyňyzdan eşitmek isleýärin.

Ruf gyzardy, sandyrady, emma aýak çekip, Martine soragly nazaryny aýlady.

— Hatyňyza ýazan sowalyma jogap beriň! — diýip, Martin kesgitli gepledi.

Biynjalyk görnüşe giren Norman nähilidir bir hereket etmekçi bolanda, Martiniň ýowuz nazary ony köşeşdirdi.

Ruf başyny ýaýkady.

— Siz öz kalbyňyzyň islegi bilen hereket etdiňizmi? — diýip, Martin ýene sowal berdi.

Gyzyň:

— Hawa — diýen jogaby ýuwaş, ýöne aýgytly ýaňlandy. — Ol öz erkime gelen netijäm bolmaly. Siz meni şeýlebir masgara etdiňiz welin, indi tanyş-bilişlerimiň gözüne görünmäge-de ýaýdanýaryn. Hemme kişiniň dilinde men. Ine, meniň size ähli aýtjagym. Siz meniň bagtymy garaltdyňyz. Men sizi gaýdyp görmek islemeýärin.

— Tanyş-bilişler! Gybat! Gazet kezzaplygy! Beýle zatlaryň söýgüden rüstem bolmaga haky ýok. Diýmek, siz meni aslynda-da söýmän ekeniňiz.

Rufuň solgun ýüzi birden lowlap ýandy.

— Bu bolup geçen zatlardan soň, Martin... Diýýän gepiňizden özüňiz bir many alýarsyňyzmy? Meni kimdir öýdýärsiňiz?

Rufuň golundan tutup, ýöräberen Norman:

— Gepleşmek islemeýänini özüňiz görýäňiz ahyryn — diýdi.

Martin olaryň yzyndan seredip durşuna, aslynda ýok temmäkini gözläp, ýene jübüsine biygtyýar elini sokdy...

Demirgazyk Oklende çenli ýol örän uzakdy. Martin diňe öz otagyna geleninden soň, şonça aralygy geçendigini duýup galdy. Ol ukudan açylan ýaly bolup, aljyraňňy ýagdaýda töweregine garanjaklady, stoluň üstünde ýatan «Gijikmegi» görüp, oturgyjy süýşürdi-de, galamy eline aldy. Başlan işini ahyryna ýetirmek Martiniň edähedine mahsusdy. Şu mahal bolsa onuň öňünde tamamlanmadyk iş ýatyrdy. Martin ony başga işleri amala aşyrmak üçin togtadypdy. Indi ol «başga

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

işlerden» dynylansoň, «Gijikmegi» gijikdirmeli däldi. Ondan soň näme bilen meşgul boljakdygyny Martin bilmeýärdi, ýöne öz ömründe özgerişiň bolandygyny welin bilýärdi. Stol başyna geçensoň, ol abzasy tamamlady, nokat goýulmazyndan öň jümläni jemläýmelisi galypdy. Geljek zaman ony gyzyklandyrmaýardy. Ol geljekde özüne nämäniň garaşýandygyny geljek zaman gelende biler. Asyl indi ony hiç zat gyzyklandyrmaýardy, hiç zat onuň parhyna däldi.

Martin «Gijikmegiň» üstünde bäş gün işledi: hiç ýere gitmedi, hiç kimi görmedi, şonça günläp hiç zat iýmedi hem diýen ýalydy. Altynjy gün irden oňa «Parfenon» neşirýatyndan hat geldi. Bukjany açan badyna Martin «Efemeridanyň» kabul edilendigini bildi.

«Biz poemany mister Kartraýt Brýusa okamaga berdik — diýip, neşirýatçy hatynda ýazýardy. — Eser onuň göwnüne laýyk geleni üçin biz ony žurnalymyzda höwes bilen çap etmekçi bolýarys. Onuň awgust sanymyzda çap edilmeginiň sebäbi bolsa, žurnalymyzyň iýul aýyndaky çykmalysy eýýäm taýyn. Mister Brissendene biziň çuňňur minnetdarlygymyzy hem eseri okap haýran galandygymyzy aýdyň. Onuň terjimehalyny hem suratyny bize ibermegi ýük görmäň. Eger-de, hödürleýän galamhakymyz sizi onçakly kanagatlandyrmasa, nähili şertiňiziň bardygyny telegraf bilen habar ediň».

Hödürlenýän galamhaky üç ýüz elli dollar bolany sebäpli, Martin telegraflaşyp ýörmegi hem makul bilmedi. Poemany çap etmek üçin diňe Brissendeniň razyçylygyny almaklyk galýardy. Ahyr soňunda Martin mamla bolup çykdy. Hakyky poeziýadan baş çykarýan hakyky redaktoram tapyldy. Galamhakynyň derejesi, hatda «asyryň poemasy» üçinem az däldi. Bulardan hem başga, Brissendeniň Kartraýt Brýusy ähli edebi tankytçylaryň arasynda ýeke-täk akyllysy hasap edýändigini Martin bilýärdi.

Martin öýünden çykdy-da, tramwaýa mündi. Ol duşdan geçip gidýän jaýlara, köçelere seredip oturyşyna indi özüni dostunyň üstünliginiňem, öz hususy ýeňşiniňem asla gyzyklandyrmaýandygy barada gam çekip pikir etdi. Birleşen Ştatlaryň iň güýçli edebi tankytçysy poemanyň mynasyp bahasyny berdi. Şeýlelikde, Martiniň hakyky sungat eseriniň çap bolmak üçin özüne ýol tapjakdygy hakynda aýdanda ýalňyşmandygy äşgär boldy. Bolsa-da, Martinde indi öňki ýaly arzuw, öňki höwes, öňki galjaňlyk ýokdy. Şonuň üçinem ol

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Brissendene hoş habar aýtmakdan ony görmegiň özi üçin ýakymly boljakdygyna akyl ýetirýärdi. Edil şol mahallar iş başynda oturany sebäpli, bäş günüň dowamynda ýeke gezegem Brissendeni ýatlamandygy, ondan hiç hili habar bolmandygy Martiniň kellesine geldi. Ol haýsydyr bir «ruhy taýdan doňmak» diýen ýaly zada sataşandygyna düşünip, dostunyň öňünde özüni günäli hasaplady, ýöne günäni hem çynlakaý ýazyk derejesinde duýmady. Ony «Gijikmegi» işlänindäki dörän döredijilik duýgusyndan gaýry hiç bir ylhamam tolgundyrmaýardy.

Ol bihuşlyga uçran ýalydy. Üstünden tramwaý geçip gidýän köp adamly kese köçeler-de oňa gaty uzakdaky, hyýaly zatlar ýaly bolup görünýärdi. Şeýle ýagdaýda ybadathananyň jaňhanasy gözüniň alnynda pytrap gitse-de, ol geňirgenmezdi. Myhmanhana giren Martin göni Brissendeniň otagyna tarap ýöneldi. Ol otagyň öňünde haýran galyp saklandy. Otag boşdy, içindäki zatlaryň biri-de ýokdy.

— Mister Brissenden, näme, bir ýere gitdimi? — diýip, Martin myhmanhananyň hyzmatçysyndan sorady. — Giden ýeriniň salgysyny goýmadymy?

— Siz nä bolan işden bihabarmy? — diýip, hyzmatçy hem öz gezeginde sowal berdi.

Martin habarsyzdygyny baş ýaýkap tassyklady.

— Bu waka barada hemme gazetler ýazdy ahyryn. Ol öz krowatynda öli ýatyrka üstünden geldiler. Özüni atypdyr. Kellesinden.

— Ony eýýäm jaýladylarmy?

Martiniň göwnüne bolmasa, ol sowaly özi däl-de, başga biri beren ýaly boldy.

— Ýok. Derňewden soň onuň jesedini gündogara ugratdylar. Garyndaşlarynyň çagyran aklawçylary hemme işi düzedipdir.

— Näme beýle howlukdylarka?

— O nähili howlukmak? Ol bäş gün mundan ozal bolan waka ahyryn.

— Bäş gün?!

— Hawa, bäş gün mundan öň.

Martin diňe «Hä-ä!» diýip, myhmanhanadan çykdy.

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ýol ugra ol telegrafa sowuldy-da, «Parfenonuň» neşirçisine Brissendeniň poemasynyň çap edilmegine rugsat berilýändigini habar etdi. Jübüsinde yzyna gaýdanynda ulaga tölär ýaly, diňe bäş sentiniň bardygy sebäpli, ol telegrammany hem gowuşmaly ýeriniň hasabyna iberdi.

Otagyna dolanan Martin ýene işlemäge başlady. Gije geçýärdi, gündiz geçýärdi. Martin stol başyndady, Martin işleýärdi. Ol diňe girewhana baryp gaýtdy, başga wagt işledi. Bokurdakdan ötürmäge zat tapsa-ha, göwnübirlik bilen iýýärdi, tüneginde garbanar ýaly zat tapylmasa-da, göwnübirlik bilen iýmän oňýardy. Martin ýazýan powestiniň ähli maýdaja zatlaryna çenli öňünden oýlanyp, bişirip goýanam bolsa, eseriň giriş bölümini başgaça gurmaly etdi hem-de powesti ýene ýigrimi müň söze çenli uzaltdy. Eseri beýle üns berip sünnäläp oturmagyň zerurlygy hem ýokdy welin, şeýdip işlemäge Martiniň eli ozaldan ram edipdi. Ol işlände daş-töweregi hem unudyp, aňy doňan ýaly bolup işleýärdi, özüniň geçen ömrüniň döredijilik endigine daýanýardy, göze görünýän alamat ýaly bolup, hyýalynda öňden tanyş ýerlerine aýlanýardy. Kimdir biriniň nirededir bir ýerde göze görünýän alamatyň ölen adamyň ölendigine ynanmaýan ruhy bolmalydygyny aýdany Martiniň ýadyna düşdi. Şol pursat ol özi bilenem şoňa meňzeş hadysa bolup geçýändir öýtdi.

Ahyr «Gijikmegiň» işiniň gutarmaly güni hem gelip ýetdi. Hat ýazylýan maşinkalary kireýine berýän dükanyň wekili gelip, Martiniň krowatynyň gyrasynda oturdy-da, işiň gutararyna garaşdy. Martin maşinkada «Soňy» diýen sözi ýazdy. «Soňy» diýen sözüň manysy Martiniň hut özüne-de degişli ýalydy. Dükan wekiliniň maşinkany göterip gidenini synlan Martin bedeninde, birhili, ýeňillik duýlansoň, özüni krowata taşlady. Ol otuz alty sagat bäri zat iýmänsoň, halys ysgyndan gaçypdy, ýöne iýilýän zatlary welin, bir gezegem küýsemändi. Martin krowatda gymyldaman ýatyrdy, haýsydyr bir duman bolsa kem-kemden onuň aňynyň üstüni örtýärdi. Ol ýarym ukuly halda Brissendeniň hälimi-şindi dostuna okap beren, şahyry näbelli bir goşgyny samrap gaýtalady. Onuň birsyhly samramasy gulagyna ýeten Mariýa biynjalyk bolup, gapynyň aňyrsynda diň salyp durdy... Eşidilýän bu sözlerde Mariýa üçin hiç hili many ýokdy. Ýöne Martiniň özi bilen gepleşýän ýaly bolşy ony gorkuzdy.

Çekil, lira!

Men öz aýdymym aýtdym.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Meňzäp ol hasratyň alamatyna

Ýuwaşja ýaňlanyp, gark bolup gitdi

Alyslara — gözýetimiň gatyna.

Çekil, lira!

Aýtjak aýdymmy aýtdym!

Öň klýon astynda oturyp käte

(Bagtyýardym, ýaşdym

hem juda sada

Bolupdyryn.) Hiňlenmegi söýerdim.

Indi gurbatym ýok, ýok oňa çäre.

Bokurdagma tegek bolup gözýaşym,

Başym salyp, barýan dymyp mazara.

Çekil, lira!

Aýtjak aýdymmy aýtdym...

Mariýa uzak kanagat edip bilmedi. Ol peje tarap atylyp bardy-da, içine et hem gök-sök dogralan bir tabak çorbany alyp Martiniň ýanyna geldi. Tirsegine galyp, nahar iýmäge başlan Martin özüniň näsag däldigini, samramandygyny öý eýesine ynandyrmaga çalyşdy.

Mariýa gideninden soň, ol krowatyň üstünde küýkerilip, manysyz nazaryny uzak wagtlap bir nokada dikip oturdy. Birdenem irki poçta bilen gelen žurnala gözi kaklyşan Martin ony awgustyň «Parfenonydyr» diýip çak etdi. Onda «Efemerida» çap edilen bolmalydyr. Wah, Brissendeniň özi diri bolan bolsady!

Ol žurnalyň sahypalaryny agdaryşdyryp otyrka, birden doňan ýaly bolup galdy. «Efemeridanyň» ady ullakan harplar bilen ýazylyp, sahypanyň gyralary hem Werdeliniň usulynda maýdarak bezegler bilen jäheklenipdir. Sahypanyň bir tarapynda Brissendeniň, beýleki tarapynda bolsa Angliýanyň wekili ser Jon Welýunyň suraty bardy. Redaksiýanyň adyndan ýazylan sözbaşyda ýaňy-ýakynda Jon Welýunyň Amerikada, umuman, şahyr ýok diýendigi sebäpli, «Parfenon» žurnaly «Efemeridany» çap etmek bilen: «Ser Jon Welýu, alyň, okap

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

görüň!» diýen jogaby berýän ýalydy. Žurnalda Amerikanyň iň tanymal edebi tankytçysy Kartraýtyň hem suraty çap edildip, onuň «Efemerida» ýaly eser bizde heniz döremändi» diýen sözleri getirilip, sözbaşy şeýle tamamlanýardy:

«Biz entek «Efemeridanyň» ähli ajaýyplygyna aralaşyp bilmeris, belki-de, hiç mahalam bu eseriň doly bahasyna göz ýetirmek başartmaz. Ýöne poemany okap, gaýtadan okap, mister Brissendeniň adatdan daşary dil baýlygyna haýran galýarys hem özümize: «Mister Brissenden beýle söz goruny nireden, haýsy çeşmeden susup aldyka, ony nädip beýle ussatlyk bilen ýerbe-ýer edip ulanmagy başardyka?» diýen sowaly öwran-öwran bermäge mejbur bolýarys».

Şol sözleriň yzyndanam poema başlanýardy.

Žurnaly elinden gaçyran Martin: «Öleniň gowy boldy, biçäre Bris!» — diýip, içini gepletdi.

Bu zatlaryň hemmesi ýüregiň bulanmagyna eltýän ahlaksyzlyk hem nejislikdi. Ýöne ol ýagdaý Martinde welin, ýigrenç duýgusyny oýarmaýardy. Ol öýkelemek isledi, emma oňa-da gurbaty çatmady. Ol aňkasy aşan adam ýalydy, damarlaryndaky doňan gany indi möwç urmak, tolgunmak islemeýärdi. Umuman alanyňda, bu ýerde üýtgeşik zat hem ýokdy. Ýagdaý Brissendeniň halys ýürekden ýigrenen buržuaz jemgyýetiniň dünýäsine bap gelýärdi.

— Biçäre Bris! — diýip, Martin samrady. — Ol bu etmişimi owal-ahyr bagyşlamazdy.

Zordan ýerinden turan Martin hat ýazýan maşinkanyň kagyzlary ýatan gapyrjagy çekdi, kagyz baryny dörüşdirip, merhum dostunyň on bir goşgusyny tapdy, olary maýdaja böleklere bölüşdirdi-de, hapa salynýan sebede zyňyp goýberdi. Soňra ol ýene krowatynda oturdy-da, töwerege gamgyn nazaryny aýlady.

Şeýdip, näçe mahal oturandygyny onuň özi-de bilmedi. Ahyram onuň gözüniň öňünde ümürli boşlukda uzyn, ýiti ak zolak peýda boldy. Ol örän geňdi.Ýöne ony synlan Martin dörän ýagty zolagyň Ýuwaş ummanyň suwasty merjenli gaýalarynyň biriniň tolkun urýan kenarydygyny bildi. Sähel pursatdan soň, ol suwuň ak köpürjiginiň ýüzünde kiçijik, çagşap giden gaýygy saýgardy. Bili goýy gyrmyzy guşakly, bürünçden ýasalan ýaly ýaş Hudaý lowurdaýan kürekleri suwa taşlap, gaýygyň içinde otyrdy. Martin ony tanady. Ol ýerli ilatyň serdary Taminiň körpe ogly Motidi. Diýmek, ol görnüş Tantiniň kenaryna degişlidi, suwasty

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
merjen gaýalaryň aňyrsynda ajaýyp Papara ýurdy bardy. Şol ýurtdaky derýanyň gözbaş alýan ýerinde hem serdaryň palaçdan gurlan külbesi dikilendi.

Agşam düşüp barýany sebäpli, balyk tutmaga çykan Moti yzyna dolanyp gelýärdi. Ol gaýygy bilen özüni suwasty merjenli gaýalaryň aňyrsyna taşlajak uly tolkuna garaşypdy. Martin özüniň hem şol gaýykda oturandygyny aç-açan gördi. Sebäbi ol äpet, gögümtil mawy tolkunlar peýda bolan pursady haýdadyp kürek urmaga taýyn bolup, Motiniň duýduryşyna garaşyp, kän gezek deňiz bilen ýüzbe-ýüz bolupdy. Soňky pursat welin, ol eýýäm keseden garaýan tomaşaçy bolman, hakykatdanam, Motiniň buýruk berýän wagşy galmagalynyň äheňine goşup, gazap bilen kürek urýardy. Olar gümmürdili, pažžyldyly tolkun syçrantgylarynyň arasyndan geçip, birdenem parahat, ýalpaň aýlagda peýda boldular. Ýylgyryp oturan Moti ýüz-gözünden deňziň şor suwuny süpürişdirdi. Gaýyk bolsa merjenli kenara, syrdam kokoslaryň arasyndaky ýaşyp barýan Günüň şöhlesine lowurdap oturan külbä tarap emaý bilen süýşüp barýardy. Martin şol jülgede häzir aýdym ýaňlanýandygyny, gelin-gyzlaryň bolsa, bu agşam Aý yşygynyň astynda tans edýändiklerini bilýärdi.

Martiniň gözüniň öňünde öz darajyk tünegindäki akan-dökänlik peýda boldy. Onuň merjenli kenardaky ajaýyp Taitini görmek üçin eden aladasyndan netije çykmady. Üstünde kagyz bary pytraşyp ýatan köne stoldan hem köp wagt bäri süpürilmänsoň, ýüzi kerepläp giden aýnadan başga zat Martiniň gözüne ilmedi. Ol uludan iňňildäp, gözlerini ýumdy-da, agyr uka batdy.

## XLI bap

Martin tä ertire çenli öli ýaly bolup ýatdy. Irden ony hat gatnadyjynyň galmagaly oýardy. Ol getirilen bukjalary göwünli-göwünsiz açmaga başlady. Bir bukjada «galtaman» žurnallaryň birinden iberilen ýigrimi iki dollaryň petegi bar eken. Martin ýylýarym wagt bäri şol puly almagyň aladasyndady. Häzir bolsa, galamhakysynyň geleni-gelmäni onuň üçin des-deňdi. Indi ol eseri üçin puluň petegini alanda öňküleri ýaly tolgunmaýardy. Öňler redaksiýalardan gelýän pul petegi ertiriň beýik üstünliginiň girewi ýaly bolup duýulýardy. Häzir bolsa ýatan ýigrimi iki dollaryň petegi iýmek üçin bir zat alynýan adaty puldan gaýry hiç zat däldi. Bolany şol.

Beýleki petek Nýu-Ýork žurnallarynyň biriniň birmahallar öz kabul eden, degişme goşgusy üçin ýollan galamhakydy. Petek on dollarlykdy. Kellesine

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

mundan beýläk nähili ýaşamalydygy hakynda pikir gelse-de, Martin ol barada sowukganlylyk bilen oýlandy. Ol mundan buýana näme etjegini bilmeýärdi, nämedir bir zat etmegiň zeruryýetligi hem bardyr öýtmeýärdi. Oňa garamazdan, ýaşamalydy, bergileriňem aşagyndan çykmalydy. Ele düşen on dollaryň hemmesine bukja ýelmär ýaly marka alaga-da, stoluň aşagynda üýşüp ýatan golýazmalary «syýahat etmäge» ugradanyňdan gowusy ýok ýaly boldy durdy. Belki-de, olaryň biri-ikisi kabul ediler. Şol hem oňa ýaşamaga mümkinçilik döreder. Martin diýenini hem etdi, Oklend bankynda pula öwürden peteginiň hemmesine marka aldy. Ýöne öz tünegine baryp ýene odur-budur ýazmak bilen meşgullanmak götermesi kyn ýük bolup onuň göz öňüne geldi. Ol ömründe birinji gezek bergini borç däl hasaplady. Martin on bäş-ýigrimi sent harçlasa tüneginde, aňrybaş bolmasa-da, iýäýer ýaly nahar taýynlap biljekdi, ýöne oňa derek «Forum» kafesinde naharlanmaly etdi, ol hem tutuş iki dollara düşdi, hyzmatça-da elli sent berildi, şonça bahadanam müsür çilimi alyndy. Martin Rufa wada bereli bäri agzyna çilim almaýardy. Indi bolsa onda beýle lezzetden ýüz öwürmäge hiç hili tutaryk ýokdy, üstesine-de, onuň çilim çekesi hem gelip durdy. Onsoňam indi ol näme üçin pul tygşytlasyn? Bäş sente kagyz, kyrk sente-de temmäki alany bilen garyp galýarmyşmy, şolary almany bilen baý bolýarmyşmy? Indi pul onuň üçin pul däldi-de, şu günlükçe, häzrlikçe bir zat alyp bolunýan manysyz närsedi. Gaýygyň küregi elinden sypdy, nirä ýüzmelidigini görkezýän karta bolsa ýok, şonuň üçinem ol hiç bir gämi duralgasyna tarap gidibem bilmeýärdi. Ol akymyň ugruna gitmek bilen durmuş hakda az oýlanýardy, durmuş hakda oýlanmak oňa yza iýdirýärdi.

Biri-birine meňzeş günler üznüksiz hatar gurap, yzly-yzyna geçýärdi. Martin indi gijelerine sekiz sagatlap ýatýardy, pul peteklerine garaşyp, her saparkysy sekiz sente durýan ýapon restoranlarynda naharlanýandygyna garamazdan, hatda semrändigini hem bildi. Indi ukusyny alman, özüni gynamaýardy, basa oturyp işlemeýärdi. Şonuň üçinem onuň ýaňaklary-da tekizlendi. Hiç zat ýazmaýardy, okalmaly kitaplar hem tekjelerde ellenmän durdy. Martin ýygy-ýygydan şäheriň daşyndaky baýyrlyga aýlanýardy, seýilgählere gezim edýärdi. Onda ne dost-ýar, ne-de tanyş-biliş bardy. Asyl ol indi dost-ýar, tanyş-biliş tutunmak hem islemeýärdi. Aslynda olar nämä gerek? Barybir, ol haýsy tarapdan geljegini-de çaklaman, niredendir bir ýerden peýda bolup, özüniň togtan durmuş akymyny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
ýene herekete getirjek bir hyjuwa garaşdy. Häzirlikçe bolsa, onuň güni birmeňzeşdi, boşdy, manydan-mazmundan mahrum edilen günlerdi.

Bir gezek ol «hakyky adamlar» bilen duşuşmak üçin San-Fransiskä gitdi, ýöne barmaly jaýynyň bosagasyna ýetibem, hyrra yzyna aýlandy-da, gettonyň1 garalyp ýatan hütdükleriniň arasy bilen çalt-çalt ädimläp gaýtdy. Häzir pelsepe çekeleşigine girýänleriň sesini eşitmek howpy ýa-da «hakyky adamlardan» kimdir biriniň özüni tanaýmak gorkusy ony öňküsindenem çalt ýöremäge mejbur etdi.

Martin «Efemerida» hakynda näme ýazylýandygyny bilmek üçin käte gazet-žurnallara göz gezdirýärdi. Poema şowhun baryny turzan eken. Ýöne ol nähili şowhundy? Hemme kişi okapdyr, hemmesi-de onuň şygryýete degişlidigi ýa-da däldigi barada jedelleşipdir. Poema barada ýerli gazetler ylmy makalalardan, ýaňsyly seslenmelerden doludy. Surnaýlaryň galmagaly, deprekleriň dükürdisi astynda Birleşen Ştatlaryň birinji şahyry diýlip yglan edilen Elen Della Delmar bolsa, Pegasyň2 üstünden Brissenden üçin öz ýanyndan ýer bermäge bogny ysmansoň, poemany ýazan adamyň asla şahyr hem däldigini tekrarlap, gazet okaýan nadanlara köp sözden ybarat hat ýazdy.

«Parfenon» indiki sanynda özünden hoş bolup, öz turzan galmagalynyň hözirini gördi, ser Welýunyň üstünden güldi. Ol meşhurlygyny artdyrmak üçin Brissendeniň ölmüni-de namartlyk bilen öz bähbidine ulandy. Göýä ýarym milliondanam kän nusga bilen çykýar hasap edilýän bir gazet Elen Delma Delmaryň Brissendeniň ruhunyň üstünden gülýän poemasyny hem çap etdi. Onuň bilenem köşeşmedik şahyr aýal «Efemerida» bagyşlap parodiýa hem ýazdy.

Martin öz dostunyň bu zatlara şaýat bolman dünýäden ötendigine kän gezek begenmeli boldy. Brissenden adamlaryň toparlanyşygyny, märekäni halamaýardy. Indi bolsa onuň iň bir mukaddes hem pynhan pikirlere ýugrulan eseri depelenmegi üçin şol märekäniň aýagynyň astyna taşlandy. Onuň döreden gözelligi her günde aýylganç süteme sezewar edilýärdi. Gabat gelen süpük galamgär Brissendeniň belent mertebesiniň arkasyndan köpçülige özüni görkezmekden lezzet alýardy. Gazetleriň biri: «Bir okyjynyň habar bermegine görä, ol edil şolar ýaly, ondanam has gowy poemany birnäçe ýyl mundan ozal döredipdir» diýip ýazsa, başga bir neşir agraslyk tutgaýynyň oýanmagy bilen Elen Della Delmary döreden parodiýasy üçin günäleýär-de: «Miss Delmar ol

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
parodiýany ýazan mahaly, çaky, bir şahyryň beýleki, megerem, özünden has beýik şahyra sarpa goýmalydygyny unudypdyr. Delmar hanym «Efemeridany» ýazan adama göriplik edýär. Ýöne wagty gelende ol hem başgalar ýaly, poemanyň ajaýyp eserdigine düşüner-de, belki, şoňa meňzeş gowy eser döretmäge synanyşar» diýip ýazýar.

Wagyz-nesihatçylar «Efemeridany» ündewçilik işlerinde peýdalandylar. Olaryň biri poemany goramak üçin eden synanyşygy zerarly, dini mezheplere garşy gidýän adam diýlip yglan edildi. Beýik poema hormatly mähelläni ýylgyrtmak üçin ulanyldy. Gazet-žurnallary öz gülküli goşgujyklary hem karikaturalary suratlary bilen üpjün edýän ýazýançylar bilen çekýänçiler köpçüligi ýylgyrtmak üçin alada baryny etdiler. Felýetonçylar hem «Çarli Frenşem Arçi Jenningse «Efemeridadan» bäş setir okan kişide maýyp adamy ýençmek, on setirini okanda bolsa, özüni derýa başaşaklygyna goýbermek isleginiň oýanýandygyny» gizlin ýol bilen habar beripdir» diýip, söz meýdanynda öz ýitiliklerini taplapdyrlar.

Martin gülmedi, ýöne gaharlanyp dişlerini hem gyjamady. Ol diňe agyr tukatlygyň ejirini çekdi. Söýgüsi bilen döreden dünýäsi birden düňderileninden soň, gazetleriň hem «sylanýan köpçüligiň» gyşyk gepleri-de Martini ynjydyp ýa-da göwnüne degip bilmeýärdi. Žurnallaryň agramyna baha bermekde Brissendeniň mamladygy çyn bolup çykdy, ýöne Martine welin, oňa akyl ýetirmek üçin kän ýyl gerek boljak eken. Žurnallar Brissendeniň aýdanlaryny aňry ýany bilen tassykladylar. Ahyram soňy geldi diýip, gamgyn halda oturan Martin ýüzüni kürşerdip kalbyna rahatlyk saldy. Ol öz arabasyny ýyldyza tirkedi, ýyldyz bolsa ony eltip, porsap ýatan batgalyga agdardy...

Ýene onuň gözüniň öňünde uzakdaky Taitiniň ýagty, ajaýyp, arassa görnüşi janlandy. Ynha, düz meýdanly Paumotus, ynha, dagly Markiz adalary. Ol ýygy-ýygydan özüni kese ýelkenli söwda gämisiniň üstünde, Paputeniň suwasty merjenli gaýalarynyň gapdalyndan ýa-da Nuka-Hiwanyň dür düşelen ýalpaklygynyň üstünden geçip, Taýohe aýlagyna tarap gönügen kiçijik, ejiz gaýykda ýüzüp barýandygyny göz öňüne getirýärdi. Ol ýerde özüniň peýda bolmagynyň hormatyna Tamariniň doňuz soýup, söwüş etjekdigini, öý eýesiniň gyzlarynyň bolsa myhmany gülki bilen, şatlyk bilen, gülden-gunçadan örülen hormat halkasy bilen garşylajakdyklaryny öňünden bilýärdi. Ýuwaş umman Martini çyny bilen, erjellik bilen öz gujagyna çagyrýardy. Ol beýle çakylygy iru-

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

giç kabul etjekdigine ynanýardy. Häzirlikçe bolsa ol bilim şalygyna eden uzak hem agyr syýahatyndan soň, dynç alyp, akymyň ugry bilen ýüzüp barýardy.

Martin «Parfenondan» alan üç ýüz elli dollarynyň petegini ruhuny hormatlap edilmeli dessurlary deňli-derejeli amala aşyrary ýaly, Brissendeniň terekeçisine eltip berdi, ondan hem puluň gowşurylandygy hakynda dilhat aldy. Özi-de Brissendene ýüz dollar bergisiniň bardygy barada terekeçä dilhat berdi.

Oňa garamazdan, Martin üçin ýapon restoranjyklarynyň möwriti gutardy. Edil onuň durmuş bilen gidişmek maksadyny goýbolsun eden pursady hem takdyryň çarhy tersine aýlanmaga başlady. Çarh tersine aýlansa-da aýlandy welin, indi giçdi. Martin «Milleniumdan» gelen bukjany tolgunman-zat etmän, biperwaýlyk bilen açdy welin, içinden üç ýüz elli dollaryň petegi çykdy. Ol «Başdangeçirmelerden» gelen galamhakydy. Martiniň süýthora gaýtarmalysyndan başlap, göterimi-beýlekisi bilen hasaplanyňda-da, ähli bergisi ýüz dollara ýa ýetjekdi, ýa ýetjek däldi. Hemme bergisini berip, Brissendeniň terekeçisine-de ýüz dollary ýollanyndan soň hem öz derejesindäki adam üçin ummasyz baýlygyň eýesi bolup galan Martin örän oňat penjek edindi. Ol şäheriň iň gowy kafelerinde naharlanmaga başlady, ýöne Mariýanyň darajyk otagyndan welin çykmady. Onuň täze alan penjegi goňşy-golamlaryň hemmesini haýran etdi, indi oglanjyklar hem oňa «sergezdan», «biedep» diýip bilmeýärdiler. Olar üçeklerde, haýatlaryň üstünde oturan ýerlerinden Martini hormat bilen synlaýardylar.

Martiniň «Wiki-Wiki» atly hekaýasyny «Worren biraýlygy» iki ýüz elli dollara satyn aldy, «Demirgazyk habarlary» «Gözellik sallançagyny», ýene bir žurnal Meriýene bagyşlanyp ýazylan «Palçy» diýen goşgyny kabul etdi. Neşirýatçylaryň hem okyjylaryň tomus dynç alyşdan dolanmaklary sebäpli, golýazmalar adatdakylaryndan tiz hereket edip başladylar. Martin iki ýylyň dowamynda ähli golýazmalaryny erjellik bilen yzyna gaýtaran redaksiýalaryň indi olary gujak açyp garşylamaklarynyň manysyna asla düşünip bilmeýärdi. Onuň ýazan eserleriniň ýekejesi-de henize çenli çap bolmandy. Şonuň üçinem Martini Oklendiň çygrynda hiç kim tanamaýardy, «tanaýas» diýen bolýan ýerli ilat hem ony barypýatan sosialist hasaplaýardylar. Birden bolup başlan öwrülişigiň sebäbini hiç zat bilen düşündirip bolmaýardy. Bu ýöne ykbal oýny diýen ýaly bir zatdy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

«Günüň utanjyny» yzly-yzyna telim žurnal çap etmegi oňlamanyndan soň, Martin merhum dosty Brissendeniň maslahatyny ýatlap, ony neşirýatlaryň birine hödürlemegi makul bildi. Birnäçe gezekki bişowlukdan soň, ahyrsoňy golýazmany iň uly firmalaryň biri bolan «Singltri, Darileý we K°» kabul etdi. Martiniň galamhakynyň hasabyna öňünden biraz hakujy tölenmegi baradaky haýyşyna neşirýat olarda beýle düzgüniň düýpden ýokdugyny, üstesine-de, «Günüň utanjynyň» manysyna meňzedilip döredilen kitaplaryň onçakly geçginli däldigini, şoňa görä-de, onuň bir müň nusgasynyň satyljakdygyna-da onçakly ynam etmeýändiklerini ýazypdyr. Martiniň çaky boýunça, eger kitap bir dollardan satylanlygynda, on bäş göterimiň hasabyndan alsaň, «Günüň utanjy» bir ýüz elli dollar gazanç getirmelidi. Şondan soň ol geljekde diňe belletristika1 eserlerini ýazmaly diýen karara geldi.

«Başdangeçirmeler» göwrümine görä, «Günüň utanjyndan» dört esse kiçidi, ýöne girdejini welin, iki esse kän getirdi. Her hili bolaýanynda-da, onuň ýazyjylaryň galamhaky hakynda birmahal gazetde okan maglumaty dogry bolup çykýardy. Abraýly žurnallar galamhaky golýazmany kabul eden badyna, onda-da has ýokarrak nyrh bilen töleýärler. «Millenium» oňa her sözüne iki däl, dört sentden töledi, özüniňem iň gowy eserleri saýlap alýan bolmagy-da ähtimaldy. Onuňam eserini oňladylar ahyryn. Şeýle aýgyda gelende Martin kinaýa bilen gülümsiredi.

Martin «Singlträ, Darileý we K°-a» hat ýazyp, «Günüň utanjyny» olara başbitin ýüz dollara satmaga razydygyny habar berdi, ýöne neşirýat eseri satyn almaga töwekgellik etmek islemedi. Oňa garamazdan, Martin şu mahal pulsuz kösenmeýärdi. Çünki onuň soňky döwürde ýazan hekaýalarynyň hemmesi diýen ýaly aýlanyp-öwrülip, ahyr kabul edilipdi hem olaryň galam

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
haky tölenipdi. Hatda Martin bankda öz adyna birnäçe ýüz dollarlyk goýum hem açdy. «Gijikmek» az salymlyk öwrüm edeninden soň, «Meredit-Louell» neşirýatynda özüne «düşlemäge» ýer tapdy. Gertrudanyň beren bäş dollaryny ýüz esse köpeldip gaýtarjakdygyny wada bereni ýadyna düşen Martin neşirýata hat ýazyp, umumy tölegiň ujundan bäş ýüz dollar iberilmegini haýyş etdi. Haýyşy berjaý etmek bilen, ony gaty geň galdyran neşirýat bäş ýüz dollary günübirin diýen ýaly iberdi. Petegi altyn pula öwürden Martin aýal doganyna jaň edip, görüşmek isleýändigini aýtdy.

Gertruda jigisi bilen duşuşmaga şeýlebir howlugypdy welin, gelen wagty sojap-sojap, zordan demini alýardy. Dogany bilen gürrüňsiz bir ýaman iş bolandyr öýdüp howpurgan Gertruda artdyran-süýşüren bäş şaýy pulunyňam hemmesini ýanyna alyp gaýdypdy. Ol gele-gelmäne, doganyny gujaklap aglady-da, getiren puluny uzatdy.

— Meniň özüm seniň üstüňe barardym welin, mister Higginbotam bilen garpyşmak islemedim. Barsam, çaknyşjagymam ikuçsuzdyr.

— O zatlar hiç-le. Ol bahym köşeşer — diýip, jigisini ynjaldyp, onuň bilen näme bişeýkelçiligiň bolandygyny bilmek üçin Gertruda gyssandy. — Sen tizräk işe beri dursana, Mart. Bernard adamlar päk zähmet bilen gümra bolsalar gowulyk hasaplaýar. Araky gazetde peýda bolan makala-da onuň iki aýagyny bir gonja sokdy. Men onuň şeýle gyzmalyk eden pursadyna hiç mahal gabat gelmändim.

— Men işe durmak islämok, Gertruda — diýip, Martin ýylgyryp gepledi. — Sen öz ýanýoldaşyňa meniň adymdan şol habary aýdyp bilersiň. Maňa hiç hili işe durmagyň hajaty ýok. Ine, saňa onuň kepilnamasy.

Martin doganynyň etegine lowurdap duran ýüz sany bäş dollarlyk altyn şaýlygy şyňňyrdadyp döküp goýberdi.

— Tramwaýa tölemäge-de pulum ýokka bäş dollar bereniň ýadyňdamy? Yhna, seniň şol bäş dollaryň. Üstesine-de, şol bäş dollaryň ýanyna dürli ýyllarda doglan, ýöne agramlary deň ýene togsan dokuz sany doganyny hem goşýaryn.

Gertruda jigisi bilen duşuşmaga biynjalyk ýagdaýda gaýdan bolsa, indi ony howsala bilen gorky gurşady. Ol gorky gowulyga garaşmaga ýol goýmaýardy. Gertruda gowulygyň bolmajakdygyna müňkürlik etmeýärdi, ynanýardy. Ol tutuş göwresi bilen titräp doganyna garap oturyşyna, edil dowzahyň közi bilen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
köýdüräýjek howpy bar ýaly, etegindäki tegelejik altyn şaýlyklara barmagyny degirmäge-de ýaýdandy.

— Şolaryň hemmesi seňki! — diýip, Martin gülüp gepledi.

Gertruda gaty sesi bilen hünübirýän aglady, arasynda-da:

— Neressäm! Neressäm! — diýip horkuldady.

Ilkibada Martin aýal doganynyň bolşuna haýran galdy, şol pursadam onuň nämä tolgunýandygynyň sebäbini çaklap, neşirýatdan alan hatyny görkezdi. Haty kynlyk bilen okan Gertruda müňkürlik edýän ýaly äheň bilen:

— Onda sen bu pullary halal ýol bilen gazanypsyň-da? — diýdi.

— Ýogsam näme! Onda-da kart oýnap utman, zähmet bilen gazandym.

Gertrudanyň gözlerinde ynanç alamaty peýda boldy. Ol haty üns bilen okady. Martin bular ýaly kän puly nädip alandygyny aýal doganyna zordan düşündirdi. Şol pullaryň özüniňkidigini, indi jigisiniň pula mätäç däldigini oňa ynandyrmak welin, Martine öňküsinden ýeňil düşmedi...

— Men bu puly bankda seň adyňa goýaýaryn.

— Ýok, beýtme. Eger sen almasaň, men ony Mariýa beräýerin. Ol pul tapsa peýdalanmagam başarar. Men senden özüňe hyzmatçy tutunyp, adam şekilli dynç almagyňy talap edýärin.

— Bu wakany Bernarda hökman aýdaryn — diýip, Gertruda gidip barýarka gepledi.

Ýüzi çytylan Martin ahyr:

— Ol öz işiň — diýip goýberdi. — Belkem, ol indi meni nahara çagyrar.

— Ýogsam näme! Çagyrjagyna men-ä gaty ynanýan — diýip, höwes bilen aýdan Gertruda jigisini mäkäm gujaklady-da, ýaňaklaryndan ogşady.

## XLII bap

Martiniň özüni örän ýalňyz duýup başlan güni gelip ýetdi. Ol sag-salamatdy, güýç-kuwwat diýeniňem çogup durdy. Emma edere iş, güýmenere pişe ýokdy. Okamagy goýan Martin, ýazmagy goýan Martin, Brissendenden jyda düşen Martin, Rufuň söýgüsini ýitiren Martin durmuşynda örän aýylganç içgysgynçlyga

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
sataşandygyny duýdy. Ol boşlugy restoranlar bilenem, müsür çilimleri bilenem doldurmak başartmady. Dogry, Ýuwaş umman ony ýanbermez güýç bolup özüne tarap çekýärdi. Ýöne göwnüne bolmasa, Birleşen Ştatlardaky onuň gatnaşmaly oýny entek tamam bolmandy. Ýakyn wagtlarda Martiniň birbada iki kitaby çap edilýärdi, megerem, beýleki kitaplaryny-da okyja ýetirjek neşirýat peýda bolar. Beýle diýildigi pul diýildigidi. Ýuwaş ummana bir halta altyn bilen gitmek üçin garaşaýsaňam bolman durjak däldi. Martin Markiz adalarynda Erem bagy ýaly bir ajaýyp jülgäni müň çili dollaryna satyn alyp bolýandygyny bilýärdi. Ol jülge atyň nalynyň görnüşine meňzeş çaklaňja aýlag bilen depesi bulutlara çümüp gidýän dag aralykda ýerleşýärdi. Jülge gyrymsy tropik otlaryny ýapynyp ýatyrdy, käkilikdir, ýekegapana baýdy, daglarynda bolsa ýabany itleriň hyrydar haýwany — erkeçler topar-topar bolup ýaýnaýardylar. Ol jülge entek adam görmedik haýwanlaryň

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
örüsidi, entek ynsan aýagy sekmedik ýerleri-de bardy... Tutuş jülgäni, aýlagy bilen birlikde bir müň çili dollaryna satyn alyp bolýardy.

Martiniň ýadyna düşüşine görä, aýlag örän gözel hem çuňdy, oňa uly umman gämileri-de girip biljekdi. Ýuwaş umman gatnawy baradaky kitapda görkezilişine görä, ummanyň şol bölegi iň gowy gämi duralgasy hasap edilýärdi. Martin ýokary tizlikli, üç bogaldakly, kese ýelkenli gämi satyn alar-da, söwda-satyk etmek, dür ýygnamak bilen meşgullanar. Jülgede onuň öz düşelgesi bolar. Tami serkerdäniňki ýaly, gamyş palajyndan ilkidurmuş adamlarynyňka meňzäp duran çatma diker, ýerli garaýagyzadamlardan bolsa, hyzmatkär tutunar. Martin ol ýerde Taýoheniň wekillerini, söwda gämileriniň kapitanlaryny, bikanun nepkeşlik edýänleri, niýeti-päli ýamanlyksyz deňiz sergezdanlaryny kabul eder, bugup ýaşamaz, myhmanlary patyşalarça kabul eder. Belki-de, ol şol jülgede ymykly mekan tutup, birmahallar okan kitaplaryny, boş hyýaldygyna soň düşünen dünýäsini hakydasyndan çykarar.

Şol tutuma ýetmek üçin ol tä haltasy altyndan dolýança, Kaliforniýada galmaly bolar. Pul eýýäm Martine tarap akyp başlady. Eger ýekeje kitaby çap bolup çyksa-da, galan golýazmalaryny ol aňsatlyk bilen satyp bilerdi. Aýlag bilen jülgä tizräk eýe çykar ýaly ownuk hekaýalardanam, kiçijik goşgulardanam aýratyn ýygyndy toplap bolardy. Ol indi hiç mahal täze eser ýazmaz. Bu barada ol örän berk, üýtgewsiz karara geldi. Kitaplar çap edilýänçä, wagtlaýyn bolsa-da, nämedir bir zat bilen meşgullanmaly ahyryn. Tutuş äleme biparhlyk bilen garap, doňňaradaşa dönüp ýaşamak bolmaz.

Bir gezek Şell-Mound bagynda kerpiççi ussalaryň ýygnanyşygynyň bolýandygyny eşiden Martin olar bilen duşuşmaly etdi. Geçen döwürlerde ol beýle ýygnanyşyklara kän gezek gatnaşypdy, ussalaryň nähili adamdyklaryna belet bolupdy. Şonuň üçinem baga giren Martin bireýýäm unudylan duýgynyň kalbynda täzeden oýanandygyny bildi. Nähili hem bolsa, ol işçiler Martiniň öz gatlagynyň adamlarydy. Martin şeýle adamlaryň dünýäsinde doguldy, şeýle adamlaryň arasynda ösdi, ulaldy. Şonuň üçinem uzak wagtlyk arakesmeden soň, olar bilen ýene duşuşýandygyna Martin şatlandy.

— Bu asyl Martin ahyryn! — diýen ses birden onuň gulagyna ildi. Soňky pursatda bolsa kimdir biriýakymly elini Martiniň egniniň üstünde goýdy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Seni haýsy şemal, nirä alyp gitdi, gadyrdan? Ýüzüşe gitdiňmi? Hany, otur, bir çüýşäni boşadaly!

Ýygnananlaryň arasynda birlän-ikilän nätanyşlar hem göze ilýär diýäýmeseň, köpüsi öňki adamlardy, ýöne öňküleriňem käbiri görünmeýärdi. Ýygnananlaryň hemmesi kerpiç ussasy hem däldi. Emma haýsy hünärlidigine garamazdan, adamlar ýekşenbe duşuşygyna gatnaşyp, göreş tutmak, ýadaýançalar tans etmek, gep alyşmak, iç döküşmek isleýärdiler. Olar bilen birki bulgur göteren Martin derrew janlandy. «Bu adamlary terk etmegim akmaklyk bolupdyr» — diýip, ol içini gepletdi. Şol bir wagtyň özünde-de, ol eger şol adamlardan aýrylyşmadyk bolsa, kitap düşünjeliligine kowalaşmadyk bolsa, özünden ýokary hasaplanlarynyň jemgyýetine aralaşmadyk bolsa, bagtyýar boljak ekendigine berk ynandy. Emma arpa suwunyň tagamy welin, birmahalkylarça ýok eken. Çaky, Brissenden oňa adaty arpa suwundan daşlaşmagy öwredipdi, belki, kitap okamaklygam ony ýaşlygynyň şahandaz dostlaryndan daşlaşdyrandyr. Ähli zatdan galmandygyny özüne ynandyrmak üçin Martin tans edilýän meýdança bardy, ol ýerde hem Gertrudanyň jaýynda ýaşaýan Jimmä sataşdy. Jimminiň ýanynda hem uzyn boýly, akýagyz gyz bardy. Gyz derrewem Martine hyrydar göz bilen garaýandygyny bildirdi.

— Onuňky mydama şeýle! — diýip, Martin bilen akýagyz gyz tansa başlansoňlar, Jimmi özüne gyjalat berýän ýoldaşlaryna hakykaty aýtdy. — Men onuň üçin öýkeläbem baramok. Gaýtam, onuň bilen ýene görüşýänime begenýän. Tans edişini dagy görýäňmi, al kakmyşyň! Gyzyň ony sulhy almagy geň zat däl.

Ýöne Martin akýagyz gyzy alyp giden ýerine, Jimminiň ýanyna getirdi. Olar üç bolup bulgur çakyşdyranlarynda bäş-alty ýoldaşy hem şol herekete goşuldy. Gülüşdiler, degişdiler, şady-horram boldylar. Tanyşlarynyň hemmesi-de Martine sataşanlaryna begendiler. Heniz Martiniň ýeke kitaby-da çapdan çykmandy. Diýmek, ol ýoldaşlarynyň öňünde entek ýasama abraýdan peýdalanmaýardy. Olar Martini Martindigi üçin gowy görýärdiler. Onuň häzirki ýagdaýy ýurtdan kowlansoň, ýene watanyna dolanyp gelen şazadanyň ýagdaýy ýalydy. Şeýlelikde, onuň ýalňyz kalby häzirki ýürekdeşlikden, şagalaň-şatlykdan rahat tapdy. Martin özüni gerçeklerçe duýýardy. Üstesine-de, onuň jübüsinde dollar şyňňyrdaýardy. Häzir hem Martin ýüzüşden dolanyp gelende edişi ýaly, puly tarhanlyk bilen sowdy.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Birdenem, tans edip ýörenleriň arasynda Lizzi Konolli göründi. Ol bir işçi ýigidiň gujagyna girip tans edýärdi. Biraz soňrak Martin adamlaryň arasynda aýlanyp ýörkä, suw içilýän ýerde oturan Lizzi Konollini gördi-de ýanyna bardy. Gyz köne tanşyna duşanyna hem geň galdy, hem begendi. Olar sazyň sesinden birneme daşlaşyp, arkaýyn gürleşmek üçin bagyň aňyrragyna gitdiler. Duşuşygyň ilkinji minutlaryndan Lizziniň Martiniňkidigi belli boldy. Martin hem oňa düşündi. Onuň şeýledigini gyzyň nemlenen gözleriniň lowurdysy, çeýe bedeniniň hereketi, gürrüňdeşiniň her bir sözüni höwesli diňleýändigi bilenem tassyklamak bolýardy. Lizzi indi Martine bir mahalky teatrda gabat gelen ýaşajyk gyz däldi. Ol eýýäm hakyky aýallyga ýetişipdi. Martin onuň göze doly gözelliginiň pajarlan dygyna derrew üns berdi. Gyzyň çakganlygy, dogumlylygy öňküsi ýaly bolsa-da, göçgüni bilen joşgunyna welin erk etemegi öwrenen ýalydy.

— Perizat! Hakyky perizat! — diýip, pyşyrdan Martin saklanyp bilmän, kalbyndakyny daşyna çykardy. Şeýle hem ol häzir «Ýör!» diýse, onuň özi bilen ýeriň aňrujuna gitmäge-de taýyndygyna ynandy.

Şol pursat hem kellesine degen agyr urgudan ýaňa, Martin aýak üstünde zordan saklandy. Degen başga zat däldi-de, ýumrukdy. Uran adamyň nyşana diýip alany äň bolmalydy welin, gahar-gazabyň, howlukmaçlygyň täsiri bilen, islän ýerine urup bilmändi. Hüjüm edýän ikinji gezek ýumruk salanda, Martin urgudan sowulmaga ýetişdi. Ol çakganlyk bilen az-kem yza tesip, garşydaşyny bir ýumrukda ýere ýazdy. Ol özüne erk edip bilmeýän guduz ýaly bolup, derrew aýak üstüne galdy. Martin onuň gazapdan ýaňa bolmalysyndan daşlaşyp, terzini üýtgeden ýüzüne seredip, näme sebäbe beýle derejä ýetirendiginiň manysyna düşünmän galdy. Emma ol düşünmezlik gaýtadan edilen hüjüme jogap bermegi unutdurmady. Martin güýçli urgy bilen ýaş ýigidi ýene ýere ýazdy. Jimmi hem beýleki ýigitler gelip, olary araladylar.

Martin depesinden dabanyna çenli sandyraýardy. Ine, saňa geçmişiň bagtly günleri! Ine, saňa tansa çykmak, gyzyl ýumruga girmek! Garaşylmadyk ýerden dörän garşydaşyny hem nazaryndan sypdyrman, Martin Lizzi Konollä göz gytagyny aýlady. Şular ýaly ýagdaý ýüze çykanda, gyzlar adaty, çirkin ses bilen gygyrýardylar. Lizziden welin ses-üýn çykmady. Ol öňe eglip, iki elini hem döşüne gysyp durdy, ýaňaklary lowlap ýanýardy, gözleri bolsa haýran galmak alamatyndan doludy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martine topulan ýigit aýak üstüne galansoň, özüni saklap duran işçileriň elinden sypjak bolup dyzaýardy.

— Ol gyz meň bilen gitjekdi welin — diýip, ol gygyrdy. — Meň bilen gitmäge razydy welin, o bihaýa ony aldy-da ötägitdi. Goýberiň! Men oňa leňňejiň nirede gyşlaýandygyny görkezeýin.

Ony tutup duran Jimmi düşündiriş berdi.

— Saňa akylyndan azaşan diýerler. Ol Martin Iden ahyryn... Sen gowusy ondan daşrakda bol. Ýogsam ol seniň tepbediňi okar.

— Näme üçin ol gyzy menden alyp gitdi? — diýip, ýaş ýigit bogazyna zor salyp gygyrdy.

— Ol «Uçýan gollandly» diýilýän boksçynam bäşinji raundda ýere ýazdy. Sen welin, Martiniň garşysyna ýeke minut hem saklanyp bilmersiň. Düşündiňmi?

Beýle habar gyzma ýigidi birneme köşeşmäge mejbur etdi. Ýöne ol Martini üns bilen synlady-da, herhal öňküsinden pessaý ses bilen:

— Beýdip ulaldar ýaly adama-ha meňzänok — diýdi.

— «Uçýan gollandly» hem edil şeýle pikir edýär eken — diýip, Jimmi ony ynandyrmaga çalyşdy. — Gowusy bu ýerden gideliň. Beýle derejä ýeter ýaly nä, gyz gytçylygy barmy?

Gyzma ýigit ahyry aýdylana «hä» diýdi. Şeýlelik bilenem ol ýerdäki adamlaryň hemmesi sergä tarap ugrady.

— Kim ol ýigit? — diýip, Martin Lizziden sorady. — Umuman, bu ýerde beýle girreler ýaly näme bardy?

Martin indi özüni çaknyşygyňam öňküler ýaly tolgundyrmaýandygynyň haýpygelijilik bilen üstüni açdy. Öz ýagdaýyny ölçerip-dökmegä endik eden Martin indi edil ilkidurmuş adamy ýaly, bolýan ýagdaýdan düýpli baş hem çykarmaýardy, oňly pikirlenibem bilmeýärdi.

Lizzi kellesini silkip goýberdi.

— Olam bir ýigit-dä. Soňky wagtlarda şoň bilen duşuşýardym.

Biraz dymybam, ol aýdanynyň üstüni ýetirdi.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Içim gysansoň... Ýöne hiç mahal sizi ýadymdan çykarmandym. — Ol sesini peseltdi-de, uzaklara nazaryny dikdi. — Ol meň ücin kimmişin. Tüf!

Indi hemme düzgüne laýyklykda gyzyň elini gysmalydy welin, Lizzini başdan-aýak göz synagyndan geçiren Martin onuň sada jogabyny diňläninden soň, kitapdan öwrenilen saýlama sözlere ullakan üns berip durmagyň geregi barmyka diýen sowal hakda oýlandy, şeýlelik bilen, edilmeli hereketi hem unutdy.

— Siz onuň mazaly jogabyny-ha berdiňiz — diýen sözlerini Lizzi gülki bilen garyşdyryp aýtdy.

— Gatybaş ýigit eken — diýip, Martin geçirimlilik bilen garşy çykdy. — Adamlar ara düşäýmedik bolsalar, ol maňa esli iş boljakdy.

— Men sizi bir gezek ýaş zenan bilen görüpdim. Şol kimdi?

— Aý, bir tanşymdy-da — diýip, Martin göwnübir jogap gaýtardy.

— Ol duşuşyk kän wagt mundan öň bolupdy. Ondan bäri edil müň ýyl geçen ýaly.

Martin gyza hiç hili jogap gaýtarman, gürrüňi başga ýana sowmak bilen boldy. Olar restorana girdiler. Martin çakyr, iýer ýaly hem gymmatbaha zatlardan buýurdy. Soň ikisi tansa çykdy. Martin diňe Lizzi bilen, onda-da tä gyz ýadaýança tans etdi. Martin tans etmäge ussatdy. Onuň bilen tansa çykan gyz çäksiz lezzetden ýaňa özünde aýak bardygyny-da duýmaýardy. Onuň egnine kellesini goýan Lizzi hemişe Martin bilen bolmagyň arzuwyny eden bolsa gerek. Soňra olar seýilgähe gitdiler. Ol ýerde hem köne endige görä, Lizzi otuň üstünde oturdy, Martin hem onuň dyzyna kellesini goýdy. Şeýle ýagdaýda-da Martin irkildi, gyz bolsa, kesesindenem bildirip duran söýgi bilen onuň saçyny sypady.

Birden gözüni açan Martin gyzyň nazaryndan özüne bolan söýgi alamatlaryny okady. Lizzi bolşundan uýalyp, nazaryny başga tarapa sowjak ýaly etdi-de, birdenem, özüni ele alyp, Martiniň ýüzüne dogumly seretdi.

— Men şunça ýyllap garaşdym — diýen sözleri gyz çala eşidilýän ses bilen aýtdy.

Aýdylýanyň çyn bolmazlygy ahmaldyram welin, Martin ony galat sözler däldir diýip kabul etdi. Onuň kalby çäksiz höwese doldy. Lizzini bagtyýar etmek bolsa, hut onuň özünden çözülýärdi. Bagtly bolmak öz täleýine ýazylmadyk Martin

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

näme üçin ol gyzy bagtly etmeli däl? Ol Lizzä öýlenip, onuň bilen Markiz adalaryna gidip bilerdi ahyryn. Ol gaty çyny bilen arzuwyň gyltymyna kowalaşmak isledi, ýöne haýsydyr bir içki duýgy beýtmegi maslahat bermedi. Ol häzirki isleginiň garşysyna gidip, öz hakyky söýgüsine wepalylyk görkezdi. Ýeňilkellelik, erkinlik, göçmelik edilýän günler yzda galdy. Indi ol günleri gaýtaryp aljak gümanyňam ýok. Martin häzir başga adam bolupdy, başga adam bolandygyna-da indi düşünip ýördi.

— Menden är bolmaz, Lizzi — diýip, ol ýylgyrdy.

Gyzyň eli bir pursat edip duran hereketini togtatdy, kän mahal geçmänkä-de, sülük barmaklar ýene saç sypamagyny dowam etdi. Martin onuň ýüzüne birden ýowuzlyk perdesiniň örtülendigini duýdy, ýöne ol görnüş uzak dowam etmedi, gyzyň ýaňaklary ýene al öwüsdi, gözlerinde mähir hem ýakymly nazar peýda boldy.

— Men ol barada aýtjak bolmandym — diýip, Lizzi ýuwaşja gepledi. — Umuman-a, ol mesele meni tolgundyrybam baranok. Hawa — diýip, ol gysgajyk arakesmeden soň ýene dowam etdi. — Ol mesele meni onçakly alada hem goýmaýar. Men siz bilen gatnaşýandygyma guwanýan, siz üçin daş ýonmaly bolsa-da taýyn. Şeýle häsiýet bilen dünýä inendirin-dä.

Martin dikeldi. Ol Lizziniň elini öz eline alyp höwes bilen gysdy, ýöne onuň el gysyşynda ullakan duýgy ýokdy. Lizzi onuň eliniň ýylylygyndan diňe sowuklyk duýdy.

— Ol baradaky gürrüňi goýalyň.

— Siz gowy, adamçylykly gyz, siz bilen dostlaşanym üçin men hoş bolmaly, guwanmaly. Närazy hem däl. Hawa, hawa. Siz meň üçin garaňky hem aýylganç dünýädäki ýagty şöhle. Siziň özüm bilen akýürekli bolşuňyz ýaly, menem siz bilen akýürekli bolaryn.

— Maňa nähili nazar bilen garaýanam bolsaňyz, meniň üçin parhy ýok. Siz meň bilen islän zadyňyzy edip bilersiňiz. Eger isleseňiz, meni hapa palçyga zyňyp, üstümden depeläbem bilersiňiz. Beýle hereketi diňe siz edip bilersiňiz. Beýle hereket etmäge diňe size ýol bererin — diýip, ýüzüni ýokaryk tutan gyz tekepbirlik bilen gepledi. — Men ýöne ýere çagalygymdan bäri özüm-özüme erk edip gelen däldirin.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Şonuň üçin men siz bilen adalatly bolmaly-da — diýip, Martin mylaýym gepledi. — Siz şeýlebir gowy, abraýly gyz bolanyňyz üçin menem derejäňize görä sarpa goýmaly. Men öýlenip biljek däl, men, men öýlenmän söýüp biljek däl, ýogsam beýle zatlar ozal bolanam bolsa... Men şu gün size sataşanyma örän gynanýan. Ýöne indi etjek zadyň ýok, Lizzi! Siziň maňa ýaraýşyňyzy söz bilen beýan edibem biljek däl. Size guwanýan, siziň öňüňizde baş egýän. Siz ajaýyp, barypýatan ajaýyp gyz. Sizi magtamakdan netije näme? Men bir zat etmek isleýärin. Siziň durmuşyňyz agyr bolupdy. Maňa şol agyrlygy birneme ýeňletmäge rugsat beriň. — Gyzyň gözlerinde peýda bolan şatlyk uçgunlary derrewem söndi. — Men ýakyn wagtlarda kän pul alýaryn. Örän kän.

Şol pursat Martin dag jülgesini-de, deňiz aýlagyny-da, palaçdan ýasalan çatmany-da, ak gämini-de huşundan çykardy. Aslynda ol zatlar nämä gerek? Ol islän wagty, islän gämisine münüp, islän ýerine gidip biljek ahyryn.

— Şol pullary men size bagyşlamak isleýän. Siz haýsydyr bir okuwa girip, islän hünäriňizi ele alyp bilerdiňiz. Mysal üçin, stenografiýany öwrenersiňiz. Men size kömek etmekçi. Ýa-da entek siziň eneňiz-ataňyz dirimi? Men olara bakaleýa dükanyny sowgat edip bilerdim. Ýöne näme gerek bolsa aýdyň, men siz üçin näme etmeli bolsa ederin.

Lizzi öçügsi gözleri bilen öňe seredip, sesini çykarman oturdy. Birdenem şol pursat gyzda nähili duýgy dörändigine düşünen Martiniň ýüregi gyýyldy. Ol eden wadalaryny aýtmaly däldi. Martiniň Lizzä hödürleýän zatlary Lizziniň Martine bermäge razy zady bilen deňeşdireniňde hiç zatdy. Söýgä derek pul hödürlemek! Martin oňa şolarsyzam ýaşap biljek zatlaryny hödürleýärdi. Gyz bolsa masgaraçylykdanam, günädenem, hemişelik görgüdenem çekinmän, oňa tutuş özüni bagyşlaýardy.

— O zatlar barada gürrüň etmäliň — diýip, bokurdagy guran ýaly, Lizzi üsgürindi. — Gitmeli wagtym boldy. Men ýadaw!

Gezelenç tamam boldy. Adamlaryň köpüsi eýýäm seýilgähi terk edipdi. Ýöne Lizzi bilen Martin agaçlaryň aňyrsyndan çykan wagtlary özlerine garaşyp duran bir topar adama gabat geldi. Martin ýagdaýdan derrew many aldy. Ikitaraplaýyn dawa-jenjel bolmalydy. Garaşýanlar Martin bilen Lizzini goramak üçin ýygnanyşan adamlardy. Olar ýigit bilen gyzy bagyň çykalgasyna tarap ugratdylar. Şol ýerde hem Lizzini elinden aldyryp, kemsidilen ýigidiň tarapdarlary gabat

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
geldiler. Birnäçe poliseý, bolaýmagy mümkin çaknyşygyň öňüni almak üçin, garşydaşlara golaýlady hem olary San-Fransiskä tarap gidýän otla çenli ugratdy. Martin On altynjy köçe duralgasynda otludan düşüp, Oklend tramwaýyna münmekçidigini Jimmä duýdurdy. Bolup geçýän wakalara Lizzi göwnübir garady.

Otly On altynjy köçe duralgasyna ýetip saklandy. Oňa garaşyp duran tramwaýyň konduktory jaňyny howlukmaç jaňňyrdatdy.

— Gyzy al-da, eňiber! — diýip, Jimmi gygyrdy. — Çalt bol! Biz olary bärde saklarys.

Garşydaş topar edilýän hereketi birbada aňman galdy, soňam derrew wagondan düşüp, gaçýanlaryň yzyndan ýetmek bilen boldy.

Tramwaýda ozal oturan ýolagçylar ýigit bilen gyzyň ylgap wagona girip, öňdäki boş ýerde ornaşanyny gördüler. Olaryň hiç biri-de tramwaýyň gapysynyň basgançagynda durup ugradyja:

— Tizligi gatalt, gadyrdan, hiç kimi mündürme! — diýip, gygyrýan Jimminiň ýigit bilen gyza dahyly bardyr öýdüp pikirem etmeýärdi.

Derrewem basgançakdan böküp düşen Jimmi tramwaýa münmekçi bolýan garşydaşlar bilen ýumruga girdi. Ýumruklaşýanlar tramwaýyň uzaboýynda hereket etdiler. Jimminiň ýoldaşlary tramwaýyň giň gapysynyň öňüni gorap, çozýanlary yza serpikdirmäge hötde geldiler. Tramwaý jaňyny jaňňyrdadyp ýola düşdi, Jimminiň ýoldaşlary hem basgançakdan düşüp galdylar. Çaknyşyk meýdany yzda galdy. Ýolagçylar bu galmagalyň tramwaýda oturan salyhatly ýigit bilen yşnaklyja işçi gyz üstünde turandyr öýdüp pikirem etmediler.

Bolan çaknyşyk Martini tolgundyrdy, onuň damarynda birmahalky uruşganlyk gany gaýtadan janlanan ýaly boldy. Derrewem ony endik bolan tukatlyk basmarlady. Ol indi garrydy, gaýgysyz-aladasyz ýaşlyk dost-ýarlaryndan telim asyr uludy. Onuň geçen ýoly çakdanaşa uzyndy, yza gaýtmak hakda bolsa arzuw edip oturasy-da iş ýokdy, indi ony birmahalky ýaşaýyş durmuşy özüne çekmeýärdi. Ol dostlaryndan daşlaşdy. Olaryň durmuşy Martin üçin özüniň indi içmeýän arzanbaha arpa suwunyň tagamy ýaly ýakymsyzdy. Ol öňki ýagdaýyndan gaty daşlaşdy. Müňlerçe kitap diwar ýaly bolup arany bölýärdi. Onuň özi özüni ýurdundan kowlan adama öwürdi. Ony bir ýeteňsoň yza

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
dolanmak mümkinçiliginden mahrum edýän pähim-paýhasyň düzlügi syýahata çagyrdy. Ýöne ol dost-ýarlaryndan daşlaşsa-da, öz adamçylygyndan welin daşlaşmady. Ony adamlaryň jemgyýeti öňküsi ýaly yzyna çekýärdi. Ol entek özüne täze watan tapynmandy. Dostlary-da, garyndaşlary-da, täze tapynan buržuaz tanyşlary-da, hatda sarpa goýup hormatlany Lizzi-de oňa düşünmeýärdiler. Martin ol barada gamgyn hem ýakymsyz ýagdaýa çümüp pikir etdi.

— Ýaňky ýigit bilen ýaraşyň! — diýip, işçileriň ýaşaýan ýerinde Altynjy köçe bilen bazar aralykda ýaşaýan ýerine çenli ugradyp, hoşlaşan wagty Martin Lizzä maslahat berdi.

Ol tötänden orny eýelenen ýaş ýigidi göz öňüne tutýardy.

— Başarman, indi... — diýip, Lizzi ýüregini aýtdy.

— Bu iki ortada näme bolupmyş? — diýip, Martin ýylgyrdy. — Siz çalaja sykylyk atsaňyz, ol ylgap ýanyňyza geler.

— Gep onda däl — diýip, Lizzi sowuk-sala aýtdy.

Martin onuň näme diýjek bolýanyna aňryýany bilen düşünýärdi.

Birdenem Lizzi Martine tarap gysmyljyrady. Gyzyň hereketinde artykmaç erk görkezmekligem, utançsyzlygam ýokdy. Ol hereketde, gaýtam, çekinjeňlik bardy. Martin halys ýürekden tolgundy, kalbynda haýpygelijilik, rehimdarlyk duýgusy oýandy. Ol gyzy mäkäm gujaklap, ogşady.

— Eý,Taňrym! — diýen gyzyň sesi agy gatyşykly çykdy. — Men siziň ugruňyzda ölübem bilerdim!... Siz üçin ölmek meň üçin bagtlylyk bolardy!

Birdenem Lizzi Martiniň gujagyndan sypyp, ylgady-da, derwezäniň aňyrsynda ýitip gitdi.

Martiniň owasy nemlendi.

— Martin Iden — diýip, ol samrady. — Sen wagşy däl. Sen biderek nisşeýançy. Sen şu gyza öýlenip, ony bagtyýar etmeli ahyryn. Gyzyň özi hem şony isleýär. Senem ony başarmaýarsyň. Hem utanç, hem masgaraçylyk! — Ol Henlini ýadyna salyp: «Entäp ýören gedaý goja hasrat bilen zeýrenýär» — diýip samrady. — «Biziň ömrümiz başdan-aýak masgaraçylyk hem ýalňyşlyk». Hawa, biziň tutuş ömrümiz ýalňyşlyk bilen masgaraçylykdan ybarat!

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

## XLIII bap

«Günüň utanjy» oktýabr aýynda çapdan çykdy. Martin neşirçiniň ýazyjynyň özi üçin ýollan içi alty kitaply sowgadyny açanda kalby şatlyga derek, agyr hasrata doldy. Ol öz ýanyndan eger şu ýagdaý birnäçe aý mundan ozal döräýen bolsa, nähili dabara bolardy diýip pikir etdi. Onuň şu günki başdan geçirýän sowuk duýgusy hiç bir jähetden şol bolmaly begenje meňzemeýär. Onuň kitaby, onuň ilkinji kitaby öz öňünde, stoluň üstünde ýatyr. Ony ýazan adam bolsa, gussadan başga hiç zat duýmaýar. Martin üçin indi hiç zadyň gyzygy, täsiri ýok. Dogry, ol ýazan kitaby üçin haýsydyr bir möçberde pul alar. Ýöne indi oňa pul nämä gerek?..

Ol kitaplarynyň birini aldy-da, ony Mariýa eltip berdi.

— Bu kitaby men ýazdym — diýensoň, ol aňk bolup duran Mariýa düşündiriş berdi. — Men myny öz hütdügimde ýazdym. Siziň maňa iýdiren çorbalaryňyzam kitabyň ýazylmagyna kän medet berendir. Muny alyň-da, menden ýadygärlik hökmünde saklaň. Şuňa seredip, meni ýadyňyza salyň.

Martin Mariýanyň öňünde öwünmek islemändi, oňa lezzet bermek, onuň özüne bolan köpýyllyk ynamyny ödemek isläpdi. Mariýa ony myhman jaýyndaky hormatlaýan dini kitabynyň gapdalynda goýdy. Öýünde ýaşaýan adamyň ýazan kitaby onuň üçin eý görülýän keramatly kitap bolmalydy, dostlugyň sežde edilýän nyşany hasaplanmalydy. Indi Mariýa Martiniň ozal geýim-gejim ýuwulýan kärhanada sada işçi bolany bilenem ylalaşdy. Ol kitabyň ýeke sözüne düşünmese-de, her setiriniň ajaýypdygyna ynandy. Sada, garyp, agyr işe werziş bolup giden Mariýanyň bir gymmatly ukyby bardy. Ol hem onuň ynanyp bilýänligidi.

Martin bildiriş edarasynyň kitap hakyndaky ýazan öwgüli habaryny-da edil kitaplaryň özüni alandakysy ýaly göwnübirlik bilen kabul etdi. Kitabyň şowhun turzandygy görnüp durdy. Ol hem Martiniň altynly haltasyna goşant goşuldygy hasaplanmalydy. Lizzä ýardam etmegem, beren sözüňde durmagam, palaçdan ýasalan çatmada ýaşamagam boljakdy.

«Darileý we K°» firmasy ägäligi elden bermän, kitabyň bir müň bäş ýüz sanysyny çap edipdir. Emma ýazylan ilkinji synlar oňa kitaby ikinji gezek üç müň nusga bilen gaýtalamaga mümkinçilik berdi. Şonuň yz ýanyndan hem bäş müňüsi

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

çykarylmaly boldy. Londonyň bir firmasy kitaby Angliýada çap etmegiň gepleşigini geçirip başlady, Fransiýadan, Germaniýadan hem Skandinawiýadan bolsa, terjime etmegiň ýagdaýyny şertleşmek barada hat geldi. Materlinkiň mekdebiniň tankyt edilmegi tüýs jüpüne düşdi. Heniz görlüp-eşidilmedik çekeleşik başlandy. Salibi bilen Gekkel Martiniň esasy pikiri bilen ylalaşyp, «Günüň utanjyny» goldady. Kruks bilen Wolles garşy çykyş etdi, ser Oliwer Loj bolsa Martiniň dünýägaraýşy bilen öz älem pelsepesiniň bir-birine golaýdygyny tassyklamagyň aladasyny etdi. Meterlinkiň tarapdarlary mistisizmiň baýdagy astynda birleşdiler. Çesterson ýörgünli mowzugy özüniň göýä ýiti manyly öçerkleri bilen adalatly düşündirýändigi üçin tutuş dünýäni gülmäge mejbur etdi, ýöne Bernard Şouwyň belent sesi beýlekileriň hemmesiniň agzyny ýumdurdy. Ady tutulan agramly adamlardan başga-da, heniz onçakly tanalmaýanlaram Martiniň kitabyny ele alyp sahna çykdylar. Gepiň keltesi, «Günüň utanjynyň» daşynda turan galmagal-şowhun örän belent derejä ýetdi.

«Tankydy-pelsepewi kitap edil roman ýaly geçginli — diýip, «Darileý we K°» firmasynyň wekili Martine ýazan hatynda belleýär. — Beýle ýagdaý henize çenli bolan zat däl. Siz kitap ýazmak üçin mundan amatly mowzuk tapmazdyňyz. Üstesine-de, şeýle kitabyň peýda bolmagyna hemme şertleri bar. Şol meselede biziň amatly pursady wagtynda peýdalanmagyň aladasyny edýändigimize siz ynanyp bilersiňiz. Birleşeň Ştatlarda siziň kitabyňyzyň eýýäm kyrk müň nusgasy satyldy. Häzir biz kitabyň ýigrimi müň nusgalyk täze neşirini taýýarlaýarys. Biz okyjylaryň kitaba bolan islegini zordan kanagatlandyrýarys. Beýleki tarapdan bolsa, şol islegiň artmagy üçinem köp tagalla etdik. Kitaba bolan höwesi güýçlendirmek üçin eýýäm bäş müň dollardanam köp pul harçladyk. Siziň bu kitabyňyz ähli rekordlardanam aňry geçer.

Şu hatyň ýanyna indiki kitabyňyz bilen baglaşmak isleýän şertnamamyzyň nusgasyny goşýarys. Galamhakyňyzyň ýigrimi göterim köpeldilendgini hem hasaba alyň. Ol biziň firmamyz ýaly abraýly edaranyň berip bilýän iň ýokary nyrhy bolmaly. Eger siz biziň şertimizi özüňiz üçin oňaýly hasap etseňiz, ýazjak kitabyňyzyň adyny şertnamada görkeziň. Ýazylmaly kitabyň mazmuny barada hiç hili şert goýmaýarys. Islendik kitap, islendik mazmun. Eger häzir sizde taýýar golýazma bar bolsa-ha, oňa ýetesi zat ýok. Şu günki işi ertä goýmaly däl.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Gol çekilen şertnamany alan badymyza indiki kitabyň galamhakynyň ujundan bäş müň dollary haýal etmän ýollarys. Size bolan ynamymyzyň düýplüdigini tekrarlamak üçin hiç hili çykdajydan gaçmaýarys. Belki-de, eserleriňiziň ählisini belli bir wagtyň dowamynda, aýdaly, ýakyn on ýylyň içinde, diňe biziň çap etmegimiziň hukugyny eýelemek barada şertleşeris. Oýlanyň welin, ol meselä soň dolanarys».

Haty bir tarapda goýan Martin hasap-hesip bilen meşgullandy: on bäş senti alty müňe köpeldip, dokuz müň dollar netije çykardy. Ol täze ýazjak kitabyna «Şatlyk tüssesi» diýip at goýýandygyny görkezip, gazet felýetonlaryny ýazmagyň nusgasyny oýlap tapmazyndanam ozal döreden ýigrimi sany hekaýasyny hem ýanyna goşup, neşirýatça hat ýollady. Amerikan aragatnaşyk edarasy nähili tiz hereket edip bilýän bolsa, şol çaltlyk bilen hem Martine bäş müň dollaryň petegi geldi.

— Siziň iki sagat çemesi özüm bilen şähere çykmagyňyzy isleýän — diýip, puluň petegini alan badyna Martin Mariýa ýüzlendi. — Iň gowusy biz şeýdeli: sagat göni ikide On dördünji köçe bilen Brodweýiň çatrygynda duşuşaýaly.

Mariýa belleşilen wagt, belleşilen ýere gelse-de, bu garaşylmadyk duşuşygyň manysyny sowgat ediläýmegi mümkin bir jüp täze köwşüň bahasyndan aňryk geçer öýdüp çaklap bilmeýärdi. Şonuň üçinem Martin aýakgap dükanyna sowulman, özüni haýsydyr bir edara jaýyna eltende, Mariýanyň keýpi biraz bozuldy.

Mariýanyň ondan soňky sataşan wakasy täsin düýş ýaly bolup, hemişelik aňynda galdy. Kaşaň geýnen sypaýy adamlar Martin bilenem, öz aralarynda-da örän salykatly gepleşdiler. Hat ýazýan maşinkalar işledildi. Daşyndan göräýmäge örän wajyp ýaly resminama gol çekildi. Ol ýerde Mariýanyň kireýine ýaşaýan jaýynyň hakyky eýesi-de bardy. Ol hem şol kagyza goluny çekdi.

Daşaryk çykylanda, Mariýanyň jaýynyň eýesi:

— Siz bu aýda maňa ýedi ýarym dollar tölemeli bolmarsyňyz, Mariýa — diýdi.

Mariýa geň galmakdan ýaňa doňan ýaly boldy.

— Indiki aýda-da tölemeli bolmaz — diýip, jaýyň eýesi dowam etdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Mariýa oňa rehimdarlygy üçin minnetdarlyk bildirdi. Ýöne ol öýüne dolanyp, goňşulary bilen, öňürti hem portugally dükançy bilen gep-söz alşanynandan soň, şunça ýyllap kireýine ýaşan jaýynyň mundan buýana onuň öz hususy öýüne öwrulendigine düşünip galdy.

— Indi siz näme üçin menden zat almaýarsyňyz? — diýip, portugally tramwaý duralgasyna tarap geçip barýan Martine sowal berdi.

Martin indi öýünde nahar taýýarlamaýandygyny aýtdy welin, portugally ony bir çüýşe çakyr bilen hezzetlemäge çagyrdy. Onuň üçin bolsa, ol dükanynda bar içgileriň gowusyndan gowusyny saýlady.

— Mariýa! — diýip, şol agşam Martin indi hakyky öý eýesine ýüzlendi. — Men sizi goýup gitmeli bolýan. Ýakyn wagtlarda siziň özüňizem bu ýerden gidersiňiz. Belkem, jaýyňyzy kimdir birine kireýine berip, her aýda düşjek tölegini alarsyňyz. San-Leandroda ýa-da Geýuordsde süýt-gatyk bilen iş salyşýan hojalykly doganyň bar öýdýän. Müşderileriňiziň ýuwulmadyk geýim-gejimlerini yzyna gaýtaryň. Düşünýäňizmi? Ýuwulmadyklaryny ýuwman gaýtaryň. Özüňizem San-Leandra ýa-da Geýuordse — gepiň keltesi, doganyňyzyň ýanyna gidiň... Oňa meniň özi bilen gepleşmek islegimiň bardygyny aýdyň. Men Oklendde, «Metropolda» ýaşamakçy. Belkem, onuň şol ýerlerde göz astyna alýan amatlyrak süýt fermasy dagy bardyr...

Şeýlelikde, Mariýa hususy jaýyň eýesi boldy. Onuň agyr işleri edýän iki sany hyzmatçysy bar. Çagalarynyň ählisi aýakgaplydygyna, mekdebe gatnaýandygyna garamazdan, Mariýanyň bankdaky pul goýumynyň sany köpelmese kemelmeýärdi. Şeýdip, mätäjiň maňlaýyndan direýän erteki şazadasy hemme kişiniň alnyndan hem çykaýmaýar. Ýöne geýim-gejim ýuwýan kärhananyň ozalky işgäri agyr zähmetden ýaňa aňkaw bolup giden Mariýanyň, hiç mahal hiç ýerden ýardama garaşmadyk Mariýanyň maňlaýyndan tarhan şazada bolup diredi.

Şonuň bilen birlikde-de, daş-töwerek Martin Ideniň kimdigi bilen gyzyklanyp başlady. Ol neşirçilere özüniň ömür beýanyny bermesiz etdi. Ýöne gazetiň erjel gözleginden aňsatlyk bilen sypjak gümanyň barmy! Martiniň dünýä inen ýeri Oklenddi. Gazetçiler ony oglanlykdan tanaýan birnäçe adamy gözläp tapypdyrlar. Şeýlelikde, gazetlerde Martiniň kim bolandygygyny, kim bolmandygyny, näme bilen meşgullanandygyny, näme bilen meşgullanmandygyny jikme-jik beýan edýän habar bary peýda boldy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
Ukyply hem çakgan suratçylar Martiniň suratyny alyp, onuň keşbini ile ýaýdylar. Heniz-henizlerem buržuaz jemgyýetine, žurnallara kalby ýigrençden doly Martin Iden ilki-ilkiler beýle şowhunyň garşysyna göreşdi, ahyrsoňunda-da ýan bermeli boldy, sebäbi şowhunyň garşysyna göreşmekden ýan bermek ýeňildi. Uzak ýoldan gepleşik gurmak üçin ýörite gaýdan habarçylaryň ýüzüne gelmek hem aňsat däldi. Üstesine-de, okamagy, ýazmagy goýaly bäri sagatlar Martin üçin örän haýal geçýärdi, boş wagtyňy nämedir bir zatlar bilen doldurmalydy. Şonuň üçinem ol şojagaz güýmenjä baş goşmagy özüne makul bildi, galamgärlerden edebi hem pelsepeli dünýägaraýyşlaryny gizlemedi, baý buržuaz öýlerine çagyrylsa, aýak depip durmady. Ol çakdanaşa ümsüm adama öwrüldi. Ony hiç zat biynjalyk etmeýärdi. Ol günälileriň hemmesiniň günäsini geçdi. Hatda birmahal özüni ile ryswa eden ýaş galamgäriňem hatasyny ötdi, üstesine, onuň Martin Iden barada gazete ýazmagyna-da garşy bolmady, gaýtam, çap üçin suratyny hem berdi.

Ol mahal-mahal Lizzi bilen görüşýärdi, özüniň adygyp barşyny onuň halamaýandygy welin bildirýärdi. Şol sebäpli hem ol ikisiniň arasyndaky boşluk öňküsindenem ulaldy. Lizzi şol boşlugyň üstünden köpri taşlamak maksady bilen Martiniň ähli aýdanlaryny etdi: agşamky mekdebe girdi, stenografiýa ýazgysyny öwredýän okuwa gatnap başlady, adygan tikinçä özi üçin üýtgeşik köýnek buýurdy. Köýnegiň bahasy hem bäri bolmady. Lizziniň durmuşdaky çalt ösüşi Martini özüniň dogry hereket edýäni-etmeýäni barada oýlanmaga mejbur etdi. Gyz näme etse-de, ýigidiň göwnüni awlamak üçin edýärdi, onuň gözüniň alnynda beýgelmek, aýratyn sarpa goýýan hüý-häsiýetlerini öwrenmek isleýärdi. Martin hem oňa düşünýärdi. Emma ol gyza düýpli bir maksat üçin umyt edere tutaryk bermeýärdi, seýrek duşuşýardy, duşuşyk hem aga bilen uýanyň duşuşygy ýaly bolup geçýärdi.

«Gijikmek» Martin abraý serpaýyny ýapynanyndan soň çapdan çykdy, özi hem belletristika bolany sebäpli, «Günüň utanjyndanam» has ýokary şöhrat gazandy. Kitap bazaryndaky okalýan esere bolan islege görä, Martiniň eserleri mydama birinji hatarda durýardy. Beýle ýagdaý heniz bolan zat däldi. Adaty okyjylaram, «Günüň utanjynyň» muşdaklary hem powesti höwes bilen okaýardylar, onuň çuň täsirliligine, ýazyjynyň ajaýyp ussatlygyna haýran galýardylar. Martin Iden ýap-ýaňy mistisizme1 nazaryýet taýdan şowly hüjüm edipdi, indi bolsa çyn edebiýatyň nämedigini iş ýüzünde açyp görkezdi. Şeýlelik bilen, Martinde tankyt

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
boýunça akyldaryň hem çeperçilik boýunça akyldaryň utgaşyp gidýändigi äşgär boldy.

Pul diýilýän zat Martine tarap suw ýaly akdy, şöhraty görlüp-eşidilmedik ýagdaýda beýgeldi. Ýöne ol zatlar Martine diňe güýmenjä meňzeş pişe boldy diýäýmese, göwni galkynar ýaly ýagdaý welin döretmedi. Iňňäniň ujy ýaly bir waka Martini ullakan düşnüksizlige getirdi. Ol waka ujypsyzja-da bolsa, bütin dünýäni-de geň galdyrarlyklydy. Ýöne welin dünýä ol bolgusyz hakykatyň özüne däl-de, onuň Martini geň galmaklyk ýagdaýyna getirip bilşine geň galardy... Kazy Blount Martini myhmançylyga çagyrdy! Ullakan agramy ýok hem bolsa, ol hakykatda örän uly many bardy, onuň soňy hem möhüm netijeler bilen baglanyşýardy. Martin Iden kazy Blounta sarpa goýman, onuň bilen kemsidiji äheňde gepleşipdi. Ol bolsa şondan soňam, köçede gabat gelende, Martini nahara çagyrýar. Martin Morzlaryň öýünde kazy bilen ençeme gezek gabatlaşanyny ýatlady. Emma şol wagtlar Blount ony ýeke gezegem nahara çagyrmagyň pikirini-de etmändi. «Meni şol mahallar näme üçin çagyrmadyka?» — diýip, Martin özüne sowal berdi. Häzirem Martiniň üýtgän ýeri ýok. Ol häzirem şol öňki Martin Iden. Onda, gep nämede? Esasy gep, indi onuň eserereleriniň çap edilýänliginde. Ýogsam ol häzirki çap bolýan eserlerini şol mahallar ýazypdy ahyryn. Şol döwürden bäri Martiniň ýazan zady ýok. Onuň döreden eserleriniň iň gowulary kazy Blountyň umumy kabul edilen düşünjäni goldap, Martiniňem, Spenseriňem üstünden gülen wagtlary döredilipdi. Diýmek, Blount ony bitiren hakyky işleri üçin däl-de, dogrusyny aýtsaň, şol işleriň çykarýan ýagtysyndan serpikýän şöhle üçin çagyrýardy. Martin aýdylan bilen özüniň ylalaşanyna-da haýran bolup, çakylygy kabul etdi. Nahara aýallardan başga-da altymy ýa-da ýedi sany daşyndan tekepbir görünýän kişi hem çagyrylypdy. Bolsa-da, Martin olaryň arasynda özüni gürrüňsiz «ýolbars» saýýardy. Kazy Henuel tarapyndan gyzgyn goldanan Blount Martinden özleriniň «Stiks» diýen klubyna ýazmaga rugsat sorady. Ol kluba diňe baýlary däl, eýsem, haýsydyr bir ugurdan görnükli üstünlik gazanan adamlary-da agzalyga alýardylar. Martin öňküsindenem beter geňirgendi, ýöne kazynyň haýyşyny goldamady.

Martin edil hemişekileri ýaly golýazmalaryny paýlamak bilen meşguldy. Neşirýatlaryň golýazmalary goldaýandyklary baradaky hatlary yzly-yzyna gelip durdy. Olaryň hemmesi-de Martiniň barypýatan stilistdigini, döredýän wakalarynyň aňyrsynda baý manynyň ýatandygyny belleýärdiler. «Demirgazyk

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
habarlary» «Sallançak gözelligini» çap etmek bilen, Martine ýene şoňa meňzeş bäş-alty makala ýollamagyny haýyş edip ýüz tutdy. Martin köne ýazgylarynyň galanjalaryny dörüşdirip, haýyşy bitirmäge häzirlenip otyrka, birdenem «Barton» žurnaly her haýsysyna bäş ýüz dollar tölemek wadasy bilen bäş makala ýazmagy haýyş etdi.

Martin žurnala makalalaryň her birine bäş ýüz däl, müň dollardan tölense, haýyşy bitirmäge razy boljakdygyny habar berdi. Redaksiýalaryň şu mahalky bir-birinden öňürdip, dawalaşyp aljak bolýan golýazmalaryny ozal hut özleriniň çap etmän yzyna gaýtarandyklary Martiniň ýadynda berk saklanypdy. Ol redaksiýalaryň biparh garaýyşlaryny, birmeňzeş jogaplaryny unutmaýardy. Olar kän gezek Martiniň üstünden gülüpdiler, indi Martin hem olaryň üstünden gülmek isleýärdi. «Barton» žurnaly bäş makala üçin Martiniň goýan nyrhyny töledi. Galan dört makalany bolsa başga biraýlyk žurnal şol bahadan satyn aldy. «Demirgazyk habarlary» örän garyp bolansoň, olar bilen bäsleşip bilmedi. «Täsinligiň hyzmatçylary», «Arzuwçylar», «Biziň «Menimiziň» bahasy», «Boş hyýalyň pelsepesi». «Hudaý hem bagşy», «Sungat we biologiýa», «Tankyt hem çüýşe turbajyklar», «Ýyldyz tozany», «Süýthorlçylygyň güýji». Sanawy getirilen bu eserler çap bolanyndan soň, uzak wagtlap kiparlamadyk şowhun döretdiler.

Neşirýatçylar golýazmalaryň galamhaky şertini Martiniň özi kesgitlemeli etdiler. Martin şony hem etdi. Ýöne ol diňe ir döwürde ýazylan golýazmalary çapa berýärdi, täze eser ýazmagy asla islemeýärdi. Ýene galama ýapyşmaklyk oňa çekip çydardan agyr iş bolup görünýärdi. Nejis mähelläniň Brissendeni it dalan ýaly edenini Martin ýadyndan çykarmaýardy. Şonuň üçinem özüne el çarpýanam bolsa, häzirem mähelläni edil ozalkysy ýaly ýigrenýärdi. Ol özüniň tanymal bolmagyny Brissendeniň ruhuny kemsitmek hasaplap, ýüzüni çytdy, ýöne haltasyny altyndan mäkäm doldurmak pälinden welin gaýtmady.

Martin neşirýatçylardan telim gezek şeýle mazmunly hat aldy:

«Bir ýyl töweregi mundan ozal siziň liriki goşgular toplumyňyzy çap etmän, yzyna gaýtarmaga mejbur bolandygymyzy häzir çuňňur gynanç bilen ýatlaýarys. Goşgular şol mahalam bizde örän güýçli täsir galdyrypdy welin, käbir sebäpler olary peýdalanmagymyza päsgel beripdi. Eger siz şol goşgulary çapa bermedik bolsaňyz, bize ýagşylyk isläp, olary redaksiýamyza iberseňiz, siziň diýen

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
şertiňize görä-de galamhaky tölärdik. Biz ol goşgular toplumyny size has bähbitli şert bilen aýratyn kitap görnüşinde hem çap edip bilerdik».

Birmahal ak goşgy bilen ýazan tragediýasy Martiniň ýadyna düşdi-de, ony gerek diýilýän goşgulara derek ýollady. Redaksiýa ugratmazyndan öňürti tragediýany gaýtadan okan Martin onuň gowşakdygyna, tekepbirlik bilen ýazylandygyna haýran galdy. Şeýle bolsa-da, Martin, barybir, tragediýany redaksiýa ugratdy, žurnal hem ony çap edip, ile ryswa boldy, özüni masgara etdi. Ýagdaý okyjylarda gahar-gazap döretdi, köpçülik ol eseri şöhraty belent Martin Ideniň özüniň ýazandygyna-da ynanmady. Eýsem, ol näme? Aldawmy ýa-da Martin Dýuma—atameňzäp, özüne derek goşgy ýazmagy başga birine tabşyrypmy? Ýöne ol eseriň Martiniň goşgy ýazmakdaky ilkinji «juwanlyk synanyşygy» bolandygy, žurnalyňam ony diňe Martiniň şöhratyna aldanyp çap edendigi aýan bolansoň, ählumumy gülki döredi. Redaksion toparyň bolsa hemmesi işden boşadyldy. Şeýlelikde, ol tragediýa aýratyn kitap görnüşinde-de çap edilmedi. Ýöne redaksiýanyň tragediýanyň tutuş galamhakysyndan düşýän bölegi diýip öňünden iberen galamhakyny özünde galdyrany üçin welin, Martiniň wyždany ezýet çekmedi. Hepdelik neşirleriň biri ibermek üçinem azyndan üç ýüz dollar dagy çykdajy edilen bolmagy mümkin, uzyn telegramma ýollap, her haýsyna müň dollar tölemek şerti bilen ýigrimi oçerk ýazdyrmak isleginiň bardygyny habar edipdir. Ol işi amala aşyrmak üçinem ýazyja redaksiýanyň hasabyna Birleşen Ştatlaryň hemme ýerine syýahat etmek mümkinçiligi döredilýär. Ýazyljak oçerkleriň mowzugyny-da Martiniň özi göwnünden turýan meselelerden saýlamaga hakly edilýär. Telegrammada oçerk toplumyny döretmek üçin nusgalyk ugurlar hem görkezilýär. Olardan çen tutsaň, neşirýatyň maksady örän tutumlydy, aýdyňdy, Martine-de hemmetaraplaýyn erkin hereket etmäge maý berilýärdi. Neşirýatyň ýazyjynyň öňünde goýýan ýekeje goşmaça şerti bardy, ol hem onuň Birleşen Ştatlaryň çäginden çykmazlygydy.

Martin neşirýat tarapyndan öňünden puly tölenen jogap telegrammasynda, şeýle ýakymly teklibe oňaýly jogap gaýtaryp bilmeýändigine özüniň çyn ýürekden gynanýandygyny beýan etdi.

«Worreniň biraýlygynda» çap edilen «Wiki-Wiki» görülmedik üstünlik gazandy. Derrewem kaşaň kitap edilip çykarylan ol eser birki günüň içinde diýen ýaly

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
satylyp gutardy. Tankytçylaryň hemmesi bir agyzdan ony naýbaşy eser hasap etdi.

Emma «Şatlyk tüssesi» ýygyndysy haýsydyr bir düşnüksiz sebäbe görä, asyl sowuk-salarak garşylandy. Kitabyň çakdanaşa batyrgaý aýgydy hem dini düşünjeleri düýpden äsgermeýänligi buržuaz jemgyýetini aňk etdi. Ýöne ahyrynda ol kitabyň Parižde çap edilen terjimesi çakdanaşa üstünlik gazananyndan soň, Angliýa bilen Amerika-da ýygynda işdämenlik bilen ýapyşanda Martin, «Darileýa we K°-dan» üçünji kitap üçin ýigrimi bäş, dördünji üçin otuz göterim galamhaky talap etdi. Şol iki kitaba-da onuň dürli žurnallarda çap bolan ähli hekaýalary girdi. «Jaňyň zaňy» hem beýleki «aýylganç» hekaýalar birinji kitaba ýerleşdirildi. Ikinji kitap «Gazan», «Başdangeçirmeler», «Ömür meýi», «Girdap», «Şadyýan köçe» diýen ýaly eserlerden hem ýene birnäçe hekaýadan ybarat boldy. Bulardan başga-da, Martiniň ähli hekaýalary aýratyn kitap bolup çykdy, «Deňiz aýdymlary» bilen «Söýgi sonetleri» giren goşgular ýygyndysy okyja ýetdi. «Söýgi sonetlerini» «Zenan hemrasy» žurnaly-da çap edip, beýle derejede bolar öýdüp asla çak edilmedik galamhaky töledi.

Iň soňky golýazmasyny redaksiýa tabşyrylanyndan soň ynjalan Martin uludan dem aldy. Palaçdan ýasalan çatma bilen ak gämi indi örän golaýa gelipdi. Martin, barybir, Brissendeniň sözüň doly manysyndaky hakyky çeper eserleriň ýekejesi-de žurnal sahypalaryna düşmeýär diýen kesgitlemesini inkär etdi. Ol Brissendeniň mamla däldigini, hut öz tejribesi bilen tekrarlady. Ýöne, barybir, Martin dostunyň ýalňyşmandygyna, öz ýanyndan bolsa-da, az-kem ýer goýdy. Onuň esasy üstünligine sebäp bolan «Günüň utanjydy», galan eserleriniň rowaç alyp gitmegi tötänlikdi. Soňky eserleriň hemmesini ozal ähli žurnallar çap etmän, yzyna gaýtarypdy ahyryn. «Günüň utanjynyň» çap bolmagy uly şowhun, dartgynly çekişme döretmek bilen, Martiniň adyny arşa göterdi. «Günüň utanjy» çap bolmadyk bolsa çekişme-de döremezdi. Şeýle hem «Günüň utanjynyň» üstünligi, «Darileý we K°-nyň» boýun alşy ýaly, diňe täsinlikdi. «Darileý we K°» birinji gezek ony bir ýarym müň nusgadan kän çykarmaga-da het edip bilmedi. Neşirýatyň işgärleri örän köpügören adamlar bolany sebäpli, «Günüň utanjynyň» beýle derejede üstünlik gazanmagyna geň galdylar, ony dogrudanam, täsinlik hasapladylar. Olar soň-soňlaram şol duýgudan daşlaşyp bilmediler. Olaryň ýazýan hatlarynda hiç zat bilen düşündirip bolmajak beýle şowlulyga guwanyp geň galýandyklary duýulýardy. Neşirýatçylar ony özleriçe düşündirmäge

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
synanyşmaýardylar. Bu ýerde hiç hili düşündiriş bolubam bilmeli däldi. Ähli hasaplamalara, ähtimallyga garamazdan, şeýle ýagdaý boldumy, boldy. Wessalam.

Şol zatlaryň hemmesi hakynda oýlanyp gören Martin özüniň meşhurlyk gazanmagyny onçakly esasly hem hasaplamady. Buržuaziýa onuň kitaplaryny çap edip okaýardy hem jübülerini altyndan dolduryardy. Emma buržuaziýa (Martin onuň şeýledigine ynanýar) ol kitaplaryň manysyna asla düşünmeýärdi. Martiniň kitabyny desbi-dähil satyn alan ýüzlerçe, müňlerçe adam üçin eseriň gözelligi, eseriň gymmatlylygy hiç zatdy. Martin Hudaýlaryň rehimdar keýpiniň kömeginden peýdalanyp Parnasa çykan, ykbaly çüwen, tötänden abraýa eýe bolan kişidi... Ýüz müňlerçe adam onuň kitabyny okap, haýwanlyk düşünjesi bilen haýran galýardy. Ol adamlar Brissendeniň «Efemeridasynyň» üstüne-de çozuş edipdiler. Biriniň öňünde guýruk bulap ýaýaplaýan, başga biriniň bokurdagyndan azy salýan haýyn möjek ordasyna öwrülen ol adamlar «Efemeridany» bolsa bölek-bölek edip taşlapdylar. Hemme zat tötänlige bagly. Martin häli-häzirem «Efemeridany» öz döreden eserlerinden gürrüňsiz ýokary hasaplaýardy. Ol Martiniň döredip bilenleriniň hemmesinden belentdi. Ol eýýamy-döwri döredýän poemady. Ýap-ýaňy «Efemeridany» depelän mähelläniň bu gün öz öňünde tagzym etmesiniň Martin üçin gymmaty bolarmy? Martin kanagatlanma bilen uludan dem aldy. Golýazmalaryň iň soňkusy satyldy, şunluk bilen, belki-de, bu bolýan wakalaryň ahyry geler.

## XLIV bap

Mister Morz Martine «Metropol» myhmanhanasynyň iç işigindäki giň otagda gabat geldi. Ýaşulynyň ol ýerde tötänden peýda bolandygy ýa-da Martin Idene gabatlaşmak üçin assyrynlykda bilgeşleýin gelendigi düşnüksizdi. Martin welin, şol iki çaklamanyň soňkusyny dogrudyr öýdýärdi. Nähili-de bolsa, Martini öýüne sygdyrmadyk mister Morz, Rufuň kakasy mister Morz, gyzy bilen onuň adaglylygyny bozan mister Morz Martini nahara çagyrdy.

Martin ondan kine saklamady, hiç hili hyýanatam etjek bolmady. Häzir onuň özüni niçiksi duýmalydygy barada oýlanan Martin mister Morzuň gürrüňini geçirimlilik bilen diňledi. Ol çakylykdan ýüz öwürmedi, gaýtam, minnetdarlyk bildirdi, onuň tutuş maşgalasynyň, aýratynam miss Morz bilen Rufuň saglygy barada içgin soraşdyrdy. Gyzyň adyny agzanda, Martiniň sesi erkin ýaňlandy,

sakynmadam, säginmedem, öz ýanyndanam, şol ady tutanda, ganynyň beýnisine depmändigine, ýüreginiň urgusyny çaltlandyrmandygyna geň galdy.

Naharlanmaga, myhmançylyga çakylyk çar tarapdan ýagyp durdy. Diňe nahara çagyrmak maksady bilen tanşylmaga maý gözlenýärdi. Martin ol zatlara ozalkylary ýaly düşünmezlik bilen garaýardy. Hatda Bernard Higginbotamam ony birden nahara çagyrdy. Beýle ýagdaý Martini has-da alada goýýardy. Ozallar açlykdan ýaňa essi aýylýan wagtlary ony nahara çagyrmak hiç kimiň kellesine gelmeýärdi. Şol mahallar Martin çakylyga mätäçdi, açlykdan ýaňa halys ysgyndanam gaçýardy. Bu ýerde akmaklyga barabar geňlik bardy. Hepdeläp iýmäge zat tapman oturan mahaly Martine hezzet edýän ýokdy. Indi puly ýüz müň gezek naharlanmaga ýetjek wagty, üstesine-de, işdäsini hem düýpden ýitirip ýörkä, saga-sola nahara çagyrýarlar. Bu näme üçin beýle bolýarka? Häzirem-ä onuň il öňünde aýratyn bir görkezen artykmaçlygy ýok. Häzir hem onuň öňküligi. Onuň eserleriniň hemmesi mundan kän mahal öň, iýmäge zady ýok günleri, jenap Morzlaryň ony ýalta hasaplap, hat gatnadyjylyk işini hödürlän döwürleri ýazylandy. Morzlar şol mahalam onuň eser ýazýandygyny bilýärdiler ahyryn. Ruf Martiniň okamaga berýän golýazmalarynyň hemmesini hossarlaryna görkezýärdi. Olar hem şol eserleri okapdylar. Indi bolsa hut şol eserleriň arkasyndan Martiniň ady gazet-žurnal sahypalaryna düşdi, şol sebäpli hem ol Morzlar üçin sarpaly, garaşylýan myhmana öwrüldi.

Bir zat welin aýdyňdy: Morzlaryň Martin Ideniň özi bilenem, döredijiligi bilenem aladalary ýokdy. Olar Martiniň töweregindäki jemgyýete aralaşmak isleýärdiler. Olara Martiniň özi ýa-da eserleri däl-de, ýapynan şan-şöhrat serpaýy gerekdi. Belki-de, bankda goýlan ýüz müň dollarynyň güýji olary Martini sylamaga mejbur edendir. Beýle hereket buržuaz jemgyýetiniň adaty endigidi. Şonuň üçinem ol adamlardan başgaça ýagdaýa garaşmak geň bolup görnerdi. Ýöne Martin tekepbirdi. Oňa beýle baha derkar däldi. Ol özüniň ýa-da eserleriniň sylanmagyny isleýärdi. Martin bilen onuň eserleri manysyna görä bir zatdy. Lizzi oňa şol mana golaýrak baha berýärdi. Ýöne eserleri-de, gyz üçin aýratyn gymmatlyk däldi, esasy many Martiniň özüdi. Jimmi ýaly ozaldan tirkeşen ýoldaşlarynyň hem oňa edil Lizziniňki ýaly garaýyşlary bardy. Köne ýoldaşlary Martine wepalydyklaryny ozalam telim gezek subut edipdiler. Soňky gezek hem Şell-Mound bagynda öňki boluşlary ýalydyklaryna kepil geçdiler. Olar Martiniň ýazýan-bozýan zatlaryny gara şaýyça-da görmeýärdiler, diňe şöhratly ýigide,

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

özleriniň Martin Idenine sarpa goýýardylar. Ol ýigitler Martin üçin oda-suwa urmaly bolsalar-da gaýtjak däldiler.

Ruf bilen welin ýagdaý başgaçady. Ol Martini Martin bolany üçin söýýärdi, gyzyň söýgüsine müňkür bolmaga hiç hili tutaryk ýokdy. Martin Ruf üçin çakdanaşa gymmatlydy, ýöne terezä goýlanda buržuaz jemgyýetiniň ters düşünjesi has-da gymmatly bolup duruberýärdi. Ruf edebi döredijilik meselesinde Martine duýgudaşlyk bildirmedi, sebäbi döredijilik gazanç getirmeýärdi. Ol «Söýgi sonetlerine-de» şol nukdaýnazardan garady. Ruf Martiniň işe durmagyny talap edýärdi. Dogry, işe durmaklyga onuň dilinde «dereje eýelemek» diýilýärdi. Näme diýilse-de, ol ikisiniň manysy birdi. Martin şol iki aýdylyşynyň soňkusyny halaýardy. Martin oňa ähli ýazan zatlaryny okap beripdi. Poemalaryny, powestlerini, makalalaryny, «Wiki-Wikini», «Günüň utanjyny» — hemmesini. Ruf bolsa haýran galaýmaly hötjetlik bilen gulluga durmaklygy maslahat berýärdi. Gudraty güýçli Taňry! Gulluga durmasa Rufuň göwnüne Martin iş etmeýän ýalydy. Ýogsam ol Rufa mynasyp bolmak üçin şirin ukusyny köýdürip, dem-dynç alman, ýükçi eşek ýaly işleýärdi.

Şeýlelikde, ujypsyzja bir zat uly hem çuň manyly başga zada öwrüldi. Martiniň jany sagdy, salamatdy, güýç-kuwwaty ýerbe-ýerdi, işdäsi oňatdy, ukusyny doly alýardy. Emma şol maýdaja sebäp welin, oňa ynjalyk bermeýärdi. «Ol bireýýäm bolan iş». Şol pikir Martiniň beýnisini çokalaýardy. Ýekşenbe naharlanyşyklarynyň birinde, Bernard Higginbotamyň garşysynda oturan Martin heňkirmekden zordan saklandy.

«Ol bireýýäm edilen zat ahyryn, Ynha, siz biri-biriňizden öňürdip, meni nahara çagyrýarsyňyz. Birmahallar welin, maňa aç ölmäge amatly mümkinçilik döretdiňiz, öýüňize sygdyrmadyňyz, işe durmaýanym üçin tanamagam islemediňiz. Meniň hemme zatlarym şol mahallar ýazylypdy ahyryn. Indi bolsa, geplän wagtym meni ýakymly nazaryňyzdan sypdyrmaýarsyňyz, agzymdan gaçan her sözüme dykgat bilen üns berýärsiňiz. Men ýüzüňize göni garap, siz ejiz, siz maýda, siz gurrumsak diýýärin. Emma siz menden gaty görmäge, öýkelemäge derek, aýdanymy tassyklap, duýgudaşlyk bilen baş atýarsyňyz, minnetdar bolmagyň bäri ýanyna ýetýärsiňiz. Nämüçin? Nämüçini — men tanymal adam. Nämüçini — meniň pulum köp. Meni gowy görmegiňiz onçakly samsyk däl, şöhratly ýigit Martin Iden bolanym üçin däl. Eger

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
men asmandaky Aý porsan peýnirden edilen zatdyr diýsemem, siz ol aýdylan bilen derrew ylalaşarsyňyz, ylalaşmasaňyzam garşyma gitjek bolmarsyňyz. Sebäbi meniň uly bir üýşmek altynym bar. Şol üýşmek altyny gazanmak üçin edilen iş bireýýäm, siziň ýüzüme tüýkürýän, meni läbige zyňýan mahallaryňyz edilipdi ahyryn!»

Martin ol zatlary gygyryp aýtmady. Onuň kalbynyň teýinde garşylyk, tukatlyk baslygyp dursa-da, dodaklaryndaky kanagatly ýylgyryş ýitip gitmedi. Higginbotam gepläp başlady. Ol, ýagny Bernard Higginbotam nähili derejä ýetenem bolsa öz güýji, öz gaýraty bilen ýetdi. Oňa hiç kim ýardam bermedi, ol hiç kime borçly däl. Ol paýhasly, edenli adam bolany sebäpli, gol doly maşgalany bolelin ýagdaýda ekläp saklaýar. Şu dükanam Bernard Higginbotamyň aladasy bilen girdeji baryny getirip dur. Ol dükanyny käbir erkegiň hut öz aýalyny söýşi ýaly söýýär. Higginbotam Martiniň öňünde içini dökdi, dükany birneme kebşire getirmelidigini, işi ýola goýmalydygyny aýdyşdyrdy. Olardanam başga onuň tutumy, uly tutumy bardy. Etrabyň adam sany köpelýäni sebäpli, dükan olaryň talabyny kanagatlandyryp bilmeýär. Artykmaç jaýy bolan bolsa, girdejini artdyrar ýaly käbir täzelik edip bilerdi. Bernard ol işi edip biljekdi, ýöne boş ýeri satyn alyp, iki gat jaý gurmalydy. Guran jaýynyň ikinji gatyny kireýine tabşyryp, birinjisini hem köne dükan bilen birleşdirerdi. Täze jaýyň öň tarapyny tutuş bezäp duran ýazgy hakda gürrüň edende, Higginbotamyň gözleri uçganaklap, agzy suwjaryp gitdi.

Martin ony diňlemeýän ýalydy. «Bireýýäm» diýen söz aýdymyň gaýtalamasy ýaly, onuň gulagynda ýaňlanmasyny dowam etdi. Ol gaýtalama sözüň doly manysynda Martini däliredýärdi. Emma Martin ondan hiç daşlaşyp bilmeýärdi.

— O jaýy gurmak üçin näçeräk pul çykar? — diýip, Martin birden sowal berdi.

Giýew sözüniň arasyny kesip, Martine seretdi, gözlerini süzdi, gurjak jaýynyň näçä düşjekdigini aýtmady, ýöne Martini gyzyklandyrýan bolsa, takmynan aýdyp hem biljekdi.

— Şu döwrüň nyrhyna görä, dört müň töweregi bolar.

— Jaýyň ýüzündäki ýazgy bilen bilelikdemi?

— Ony men hasap etmedim. Jaý edinip bolsa, ýazgyň ýarasy ýeňil-le!

— Ýeriň özi näçä düşer?

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Üç müň hasaplaý.

Bernard Higginbotam kepän dodaklarynyň üstünden dilini aýlady, tolgunmakdan ýaňa barmaklaryny titredip, Martiniň pul petegini ýazyşyny synlady. Petek Higginbotama uzadyldy. Ol ýedi müň dollaryň petegidi.

— Men... men saňa bu pula alty göterimden kän töläp bilmen — diýip, Higginbotam tolgunmakdan ýaňa gyryk ses bilen samrady.

Martin oňa güljek boldy-da, gülküsini sowala öwürdi.

— Alty göterim diýýäniň näçeräk bolýar?

— Häzir hasaplaýarys. Alty göterim... Alty ýediň kyrk iki — dört ýüz ýigrimi.

— Diýmek, her aýa otuz bäş dollar düşýär-dä?

Higginbotam tassyklap baş atdy.

— Eger sen garşy bolmasaň, gel, bu meselä şeýleräk çemeleşeli. — Şu sözleri aýdan Martin Gertrudanyň ýüzüne garady. — Bergiň bar hasap etme, esasy puluň hemmesi özüňki bolsun. Ýöne bir şert bilen. Ýaňky göterim üçin tölemeli otuz bäş dollaryňy sen hojalyk çykdajyň üçin sarp etmeli. Ol pula aşpezem, içerä seredýän hyzmatçy hem tutup bolýar. Gepiň küle ýeri, eger sen Gertrudany hojalygyň agyr işlerinden halas etseň, şol ýedi müň dollary başbitin özüňe berýän. Razymyň?

Beýle teklip mister Higginbotama ýaramady. Aýaly agyr işden boşatmagyň talap edilmegini ol özüniň kemsidilmegi diýip düşündi. Edilýän ajaýyp sowgat diňe dermanyň, ajy dermanyň daşyna süýjütmek üçin altyn çaýmakdy. Aýalynyň işlemezligi! Ol talap Higginbotamyň tas ýüregini ýarypdy.

— Gör-dä — diýip, Martin giýewsiniň ýüzüne garaman gepledi. — Şerti unamaýan bolsaň, şol otuz bäş dollary her aýda özüm tölejek. Ýöne...

Martin beren petegini gaýtaryp almak isleýän ýaly elini öňe uzatdy welin, Higginbotamyň petek gysymlap oturan penjesi derrew yza çekildi. Birdenem ol howlukmaç:

— Men razy! Razy! — diýdi...

Tramwaýa münen Martini ýadawlyk hem ýigrenç duýgusy gurşady. Ol pagtabent atýan şygara seretdi-de: «Doňuzlar! — diýip samrady. — Nähili doňuzlyk!»

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Žurnallaryň birinde daşy tanymal suratkeşleriň çeken şekilleri bilen bezelip çap bolan «Palçy» diýen goşga gözi düşen German Şmidt birmahal oňa edepsizlik diýip baha berendigini hem birden unutdy. Ol hemmelere «Palçynyň» öz aýalyna bagyşlanyp ýazylandygyny buşlap çykdy, ýaýradýan habarynyň gazet habarçylarynyň gulagyna ilmegini hem isledi. Onuň isleýşi ýaly hem boldy. Asmandan derrew gazet habarçysy indi. Onuň ýanynda hem fotoçysy, hem surat çekýänçisi bardy. Netijede, gazetiň ýekşenbe sanlarynyň birinde Meriýeniň öz bolşundan has owadan edilen suraty hem onuň Martin hakynda juda ownuk, gelşiksizräk aýdanlaryny-da içine alýan makala peýda boldy. Şol sahypada Martiniň «Palçy» diýen goşgusy ozal ony okyja ýetiren žurnalyň rugsady bilen, dolulygyna çap edildi. Onuň döreden şowhuny töweregi aňk etdi. Golaý-goltumdaky öý hojalykçy aýallar beýik ýazyjynyň aýal dogany bilen tanyşdyklaryna gabarylyşýardylar, tanamaýanlar bolsa Meriýeni öňräk tanajak bolman, goýberen hatalaryny düzetmäge gyssandylar. Ellerini owkalaşdyran German Şmidt hatda ussahanasyna täze stanok hem buýurdy.

— Özüňi ile tanatmak üçin mundan gowy mahabat gerek däl — diýip, ol begendi. —Iň esasy hem bir şaý çykdajysyz.

— Ony nahara çagyrsagam kem bolmazdy — diýip, Meriýen adamsyna maslahat berdi. Netijede, Martin nahara geldi. Başga-da myhmançylyga çagyrylan, ýagy duluklaryna çykyp giden çişik gassap, hem onuň adamsyndan ejiz görünmeýän semiz aýalynyň ýanynda Martin özüni alçak alyp barmaga çalyşdy. Olar sähel ýapyşalgadan peýdalanyp, durmuşda özüne ýol arçaýan German Şmidte örän peýdaly, gerekli adamlardy. Gassap bilen aýaly töründe oturyp, Şmidt ýalyny begendirjekden däldi welin, olaryň hem başyny aýlan myhmançylyga tanymal ýazyjynyň geljekdiginiň habary boldy. «Ýuwaş umman tigir kompaniýasy» gullugynyň baş hojaýyny hem Şmidtiň Martiniň adyndan edinen çeňňegine ilişip myhmançylyga gelipdi. German Şmidt onuň öňünde göz-görtele ýaýaplaýardy, sebäbi şonuň kömegi bilen Oklende wekilçilik etmek hantamaçylygy bardy. Gepiň gysgasy, German Şmidt öz durmuşynyň rowaçlygy üçin indi Martin bilen garyndaşlyk baglanyşygyny açmaga döwtalapdy. Ýöne ol ýüreginiň teýinde welin, bu ýagdaýyň nähili ýüze çykandygyna düşünmeýärdi. German Şmidt ýygy-ýygydan gijäniň bir mahaly, aýalyny-da ukudan oýarmajak bolup, Martin Ideniň eserlerini okaýardy. Her gezek okanda-da onuň kellesinde «Beýle ýazgylar üçin diňe akmaklar pul töläp bilerler» diýen ynam döreýärdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin ýagdaýa örän oňat düşünýärdi. Ol oturgyjyň arkalygyna ýaplanyp, jenap German Şmidtiň kelleçanagyny synlaýardy, hyýalynda onuň ýeňse çukuryna şarpyk doňdurýardy. Wah, özünden göwnüjoş bedroý nemes diýsänim!» diýse-de, bedroý nemesiň käbir edýän işi Martiniň göwnünden turdy. Nähili garybam bolsa, tiz baýlaşmagynyň ugrunda selpeýänem bolsa, ol Meriýeni hojalyk hysyrdysyndan azat edipdir — öýüne hyzmatçy tutupdyr. Nahardan soň tigir kompaniýasynyň başlygy bilen gürrüňleşen Martin Iden giýewsini çete çagyryp, Oklendiň iň gowy tigir dükanyndan şaý-sep almagy üçin oňa pul kömegini hödürledi. Martin örän tarhanlyk etdi. Ol German Şmidte garažyň hem awtoulag ussahanasyny edinmegiň aladasynda bolmagyny maslahat berdi. Giýewsiniň bolsa iki işiňem hötdesinden geljekdigine ol gaty bil baglaýardy.

Meriýen doganyny gujaklap gözýaş etdi, aýdýanyny başga birinden gizlejek bolýan ýaly, ony hemişe gowy görendigini, häzirem gowy görýändigini pyşyrdap aýtdy. Dogry, ol soňky sözleri dile getirende çalarak sakynan ýaly etdi. Martin ol ýagdaýdan özüne işlemeýäni üçin iňirdäni sebäpli, otünç soralmak diýen netijäni çykardy.

— Beýdip tarhandökerlik edip ýörşüne doganyň uzak wagt pully bolmaz! — diýip, agşamlyk German Şmidt aýalyna öz pikirini aýtdy. — Men oňa göterim barada duýduramda, tas däliräpdi. Onuň maňa näme diýenini bilýäňmi? Ol diňe bir göterimden ýüz öwürmek däl, esasy beren pulunam yzyna almajakdygyny aýtdy. Men ýene bir gezek göterim bermek hakda dillenäýsem, ol meniň şu nemes kellämi kül etmekçi. Özi-de hut «nemes kelle» diýdi. Näme diýse-de, ol oňat adam. Men pula aýny mätäçkäm dadyma ýetişdi.

Nahara çagyrýanlaryň sany köpelýärdi, çakylyk köpeldigiçe-de, Martin oňa öňkülerindenem beter geň galýardy. Bir gezek ol köneden gelýän kluba sarpaly myhman hökmünde nahara çagyryldy. Şol gezek ol ömürboýy atlaryny eşidip, gazet-žurnallarda okap ýören adamlarynyň arasynda oturdy. Olar Martine «Trsanskontinentalda» «Jaňyň zaňyny», «Şerşende» «Peri hem düri» okap, beýik ýazyjynyň dörändigine düşünendiklerini aýtdylar. Öwgüli sözlerden soň Martin: «Eý, Taňrym! Men ol eserler ýazylan mahallary aç-ýalaňaç oňňut edýärdim ahyryn! Bular näme üçin meni şol döwürde nahara çagyrmadylarka? — diýip içini gepletdi. — Çagyraýan bolsalar, jüpüne düşerdi. Ol eserler bireýýäm ýazylypdy. Eger siz häzir meni bireýýäm eden işlerim üçin naharlaýan bolsaňyz,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
näme üçin şol işler edilip ýören mahaly, hakykatdanam, mätäç mahalym nahara çagyrmadyňyz? «Jaňyň zaňy-da», «Peri bem dür-de» ýazylanyndan soň bir sözüni hem üýtgetmedim ahyryn. Siz meni asla eden işim üçin däl-de, hemme kişi mürehet edýäni üçin hezzetleýärsiňiz. Meni hezzetlemegi özüňize gowulyk hasap edýäniňiz üçin hezzetleýärsiňiz. Siz sürüde gezip ýören gödek haýwan bolanyňyz üçin maňa ýaýaplaýarsyňyz. Sebäbi siz kütek, örüsi çäkli haýwanlyk duýgyňyza boýun bolýarsyňyz. Ol duýgy hem häzir bir zat — «Martin Ideni naharlaň» diýýär. Siziň hiç haýsyňyz Martin Iden hakda, onuň işi hakda pikir etmeýärsiňiz» diýip, özüne gussaly ýüzlenen Martin öň bulgur göterende dilewarlyk bilen gepläne dilewarlyk bilen jogap gaýtarmak üçin ýerinden turdy.

Hemme ýerde ýagdaý şonuň ýalydy. Ol nirede — klublardamy, edebi agşamlardamy — bolsa-da, hemme ýerde «Jaňyň zaňy» bilen «Peri hem dürüň» çap bolup çykanyndan soň, beýik ýazyjynyň dörändiginiň belli bolandygyny tekrarlaýan habary eşidýärdi. Her gezek şol sözleri eşiden mahaly ýitip gidäýmeýän köne sowal Martiniň beýnisini dyrnaçaklaýardy: «Näme üçin siz meni öz wagtynda naharlamadyňyz? Ol eserler bireýýäm ýazylypdy ahyryn. «Jaňyň zaňyna», «Peri hem düre» soň täzelik goşulanok. Ol eserler ýazylan mahaly hem häzirki baha berlişi ýaly ajaýyp eserlerdi. Siz meni şol ýa-da beýleki eserlerim üçin hezzetlemeýärsiňiz. Siz meni hezzetlemegiň şu mahal ýörgünlidigi, sürüdäki haýwanlaryň hemmesiniň «Martin Ideni hezzetlemeli» diýen kesele ýolugandyklary üçin şeýle edýärsiňiz». Ýygy-ýygydan hem görnükli adamlaryň jem bolan abraýly ýygnanyşygynda Martiniň gözüniň öňünde birden şol iki ýakaly keltekçeli, başgaby maňlaýyna süýşürilen garagol peýda bolýardy. Bir gezek Oklendde uly edebiýat ertirliginde hem şol görnüş gaýtalandy. Oturgyçdan turup öňe geçen Martiniň birden zalyň jümmüşinde egni keltekçeli, maňlaýyna süýşürilen başgaply şol ýaş kakabaşa nazary düşdi. Martin Ideniň sereden zadyny görmek üçin, toý lybasly bäş ýüz aýal şol tarapa seretdi. Ýöne olar boş geçelgeden gaýry zat görmediler. Martin bolsa seretmegini dowam edip, ýaş sergezdanyň kellesinden ösüp çykan ýaly bolup görünýän başgabyny çykarmak akylyna gelermikä diýip içini gepletdi. Göze görünýän alamat öňe ýöredi-de, ahyr hem sahna mündi. Martin öz ýaşlygynyň görnüşine seredip, kim bolmalynyň kim bolandygy hakda oýlandy. Ol geçmişi ýatlamakdan gamlanyp, tas gözýaş edipdi. Alamat sahna çykansoň, has golaý bardy-da, birdenem, Martiniň bedenine siňen ýaly bugaryp bäş ýüz sany kaşaň eşikli sypaýy gelne

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
inçe barmaklaryna geýen owadan hem ýuka ellikli elleri bilen çapak çaldyryp, gözden ýitdi. Zenanlar birden utanjaňlyga özüni aldyran myhmany el çarpyp goldamak islediler. Martin öz erkiniň güýji bilen gözüne görnen alamaty daşlaşdyryp ýylgyrdy-da, geplemäge başlady.

Martiniň okan mekdebiniň müdiri bolup işlän, hormatly hem ýuka ýürek adam bir gezek köçede gabat gelende, ony garadan gaýtmazlygy hem uruşganlygy üçin okuwdan kowanlarynda öz otagynda nähili galmagalyň turandygyny ýatlatdy.

— Men siziň «Jaňyň zaňy» diýen eseriňizi entek birinji gezek çap bolanda okapdym — diýip, öňki müdir baş ýaýkady. — Ajaýyp! Edgar Podan kem däl. Men okan badyma-da «Ajaýyp!» diýip baha berdim.

«Asyl şeýlemi? Ýöne siz mekdepden kowlan badyma iki gezek göreniňizde-de, meni tanamadyk kişi bolup geçipdiňiz. — Martin bu habary tas daşyndan aýdypdy. — Iki gezeginde-de, men aç bolamsoň, penjegimi girewne goýmaga barýardym. Siz bolsa meni tanamadyňyz. Meniň döreden eserlerim şol mahal ýazylypdy. Näme üçin siz maňa indi baha berýärsiňiz?»

— Birki günlükde men aýalyma: «Martin Iden bize nahara geläýse-hä , örän gowy bolardy» diýdim welin, ol menden sizi çagyrmagymy gaty haýyş etdi. Hawa, örän-örän haýyş etdi.

— Nahara? — diýip, Martin batly ses bilen sowal berdi.

Aljyran mugallym samrady:

— Ýogsam näme... Bilýäňizmi... baýry mugallym bilen... Ah, siz hilegär diýsänim! — Müdir edýän hereketine dostluk, degişme hereketi diýen ýaly many bermek isläp, Martiniň egnine kakdy.

Martin birnäçe ädim ädensoň aýak çekdi-de, gidip barýan gojanyň yzyndan seretdi.

— Näme bolup geçýänindenem başym çykanok — diýip, ol samrady. — Men ony gaty gorkuzaýdym öýdýän!

**X LV bap**

Bir gezek Martiniň ýanyna «hakyky adamlaryň» hataryndan bolan Kreýz geldi. Onuň peýda bolmagy Martini, dogrudanam, begendirdi. Ol Kreýziň çakdanaşa arzuwçyl ilde ýok kärhana döretmek isleginiň bardygy, onuňam Martini harajat

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
kömegini bermeli adam hökmünde däl-de, ýazyjy hökmünde gyzyklandyrjakdygy baradaky gürrüňini diňledi. Kreýz maksatnama barada aýdyp otyrka, birden «Günüň utanjynyň» üstünden bardy-da, onuň başdan-aýak bolgusyz zatdygyny aýdansoň:

— Ýöne welin, men bu ýere pelsepe okamaga gelemok — diýip, gepiniň ugruny üýtgetdi. — Anyklamak isleýän meseläm şeýle: Siz meniň şol kärhanam üçin müň dollar goşant edip bilersiňizmi ýa-da ýok?

— Ýok. Men beýle ädim ätjek adam derejesindäki samsyk däl. Ýöne başga bir zat edip bilerin. Siz maňa ömrümde iň täsin agşama gatnaşmak mümkinçiligini döretdiňiz. Siz maňa pul bilen satyn alyp bolunmaýan zady berdiňiz. Indi pul diýilýän kagyzda meň üçin hiç hili many ýok. Men size şol ajap agşama minnetdarlyk üçin müň dollar bereýin. Size-hä pul gerek, mende-de pul kän. Siz şony almak isleýäňizmi? Baş üstüne! Müň dollar üçin hiç hili hile, şert gerek däl.

Kreýz jogaba azda-kände-de geňirgenmän, puluň petegini jübüsine saldy.

— Şeýle şert bilen men siz üçin her hepdede şolar ýaly agşam geçirip bilerdim.

— Indi giç — diýip, Martin başyny ýaýkady. — Ol meň üçin iň ilkinji hem iň soňky agşam boldy. Şonda men edil başga dünýä düşen ýaly boldum. Bilýän, siz üçin ol agşamda hiç hili aýratynlyk bolan däldir. Meň üçin welin, hemme zat aýratyn täzelikdi. Ol geçdi gitdi, ikinji gezek gaýtalanmaz. Men indi pelsepäni taşladym. Gaýdyp ol hakda eşitmegem islämok.

— Men ömrümde ilkinji sapar pelsepä salgylanyp pul aldym — diýip, gapa tarap ýönelen Kreýz ýylgyrdy. — Şonuň bilenem siz pul gelmeli bazary ýapdyňyz.

Bir gezek Martiniň gapdalyndan miss Morz paýtunly geçip gitdi. Ol Martine baş egdi. Martin hem ýylgyrdy-da, başgabyny çykaryp, hormata hormat bilen jogap gaýtardy. Ol duşuşyk Martinde hiç hili täsir galdyrmady. Eger duşuşyk bir aý mundan ozal bolaýan bolsa, ýakymsyz yz galdyrardy, belki-de, täsin görnerdi. Martin şonda miss Morzda nähili ýagdaý dörändigini bilmek islärdi. Bu duşuşyk bolsa onuň duýgusyna täsir etmän, gapdalyndan geçip gitdi. Martin edil merkezi bankyň ýa-da şäher edarasynyň jaýynyň gapdalyndan geçip giden ýaly bolan wakany derrew ýadyndan çykardy. Oňa garamazdan, Martiniň beýnisinde arasy kesilmeýän iş, gaty dartgynly iş dowam edýärdi. «Bireýýäm bolupdy» ony törpüleýärdi, igeleýärdi. Şol bir, asla daşlaşmaýan pikir irden onuň bilen bile

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

oýanýardy, gündizlerine-de, nirä gitse, ýanyndan galmaýardy, baran ýerinde yzarlap ýördi. Martin näme bilen meşgullansa-da, derrew özüne «Hemme zat bireýýäm bolupdy» diýen sözleri aýdýardy. Ýagdaýy paýhas bilen ölçäp-döken Martin indi özüniň hiç kimdigi, hiç zatdygy baradaky gamgyn netijä geldi. Mart — garagol hem Mart — deňizçi ikisi hakyky adamlardy, ol ikisi, dogrudanam durmuşda bolupdy. Emma «Martin Iden beýik ýazyjy» diýen hakykat hiç mahal bolmandy. Martin Iden beýik ýazyjy diýen kesgitleme köp kelleli märekäniň toslap tapan hem Martin Iden garagolyň, Martin Iden deňizçiniň bedenine siňdiren zadydy. Ýöne özi welin, onuň düýpden galatdygyny bilýärdi. Ol märekäniň öňünde yzzat bilen baş egýän Gününiň hem ogly däldi. Ol öz ýagdaýyny ilden gowy bilýärdi.

Martin gazet-žurnallarda özi barada ýazylýan örän kän makalany, çap edilýän suratlaryny görýärdi, ýöne özüni tanamaýardy. Şäher etegindäki işçileriň ýaşaýan ýerinde önüp-ösen, ýaşan, durmuşy söýen, ömre guwanan şoldy. Adamlara rehimdarlyk bilen garan, ykbal bişeýkelçiliklerini kanagatly ýylgyryş bilen garşylan şoldy. Ýuwaş ummanyny terslin-oňlyn söken şoldy, ýat ýurtlarda jahankeşdelik eden şoldy. Özüne meňzeş bir topar bezzada baştutan bolanam şoldy. Jaýlarynda hatar-hatar bolup duran kitaplary ilkinji gezek görüp aňk bolan, soňam ol kitaplary okan, okap düşünmegi öwrenen şoldy. Uzynly gije çyrany söndürmän, uklamajak bolup çüý sokulan ýorganyň üstünde özi kitap ýazyp başlan şoldy, şoldy, hawa şoldy. Ýöne adamlaryň birek-birekden öňürdip nahara çagyrýan, garny zatdan doýmaýan hajymeligi ol däldi, ol däldi, ol däldi.

Käbir zatlar welin, ony gyzyklandyrýardy. Žurnallar Martin Ideni ilki «açmak» bagtynyň kimiň paýyna düşendiginiň jedelini edýärdiler. «Worreniň biraýlygy» täze zehinleri gözläp ýörkä, ilkinji gezek, Martin Ideniň üstünden barandygy hakda öz okyjylaryna uly makalanyň kömegi bilen düşündiriş berdi. «Ak syçan» ol bagty öz adyna geçirdi. «Demirgazyk habarlary» hem «Globus» žurnaly hakykatyň ýoýluşyny dabara bilen görkezip, «Deňiz aýdymlarynyň» ilkinji gezek öz sahypasynda çap edilendigini tekrarlaýança, Martin Ideni özi «dünýä inderen» hasaplady. Bergidarlaryna bergisini bermekden boýun gaçyryp mekirlik eden «Ýaşlyk hem ýetginjeklik» žurnaly ýene çap bolup ugransoň, Martin Idene «eýe çykmaga» hakynyň bardygyny aýan etdi. Gepiň gerdişine görä aýtsaň, ol žurnaly fermerleriň çagalaryndan başga okaýan hem ýokdy. «Transkontinental» bilen «Şerşen» hem bir-birinden öňürdip, her haýsy Martiniň «özüniňki

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a
bolmalydygyny» yglan etdi. «Singltriniň, Darileýa we Kº-nyň» pessaý seslerini-hä galmagalyň içinde eşiden adamam bolmady. Ol neşirýatyň hak-hukugy barada goh turzar ýaly öz hususy gazeti-de ýokdy.

Gazetleriň hemmesine Martiniň galamhakysyny sanamak hem pişe bolýardy. Käbir žurnalyň oňa tarhanlyk bilen hödürleýän ýokary töleg şertiniň habary, nähilidir bir ýol bilen köp ýere baryp ýetdi. Oklend wagyzçylary hem gaýry ýekebara dilegçilik edýänler biri-birinden öňürdip, dilden ýa-da hat arkaly Martiniň üstüne hüjüm etdiler. Ýöne özlerini has erbet alyp baranlar aýallar boldy. Martiniň suraty gaty kän mukdarda ýaýradylýardy. Habarçylar bolsa onuň «bürünç çaýylan ýüzüni», «ýaýbaň eginlerini», «aýdyň, parahat garaýşyny», «terkidünýäniňki ýaly çökeňkirlän ýaňaklaryny» has ünsi çeker ýaly derejede görkezmegiň aladasyny edýärdiler. Şol «terkidünýäniň ýaňaklary» aýratynam öz joşgunly ýaşlyk ýyllaryny ýatlanda, Martiniň gülküsini tutdurdy. Adamlaryň arasynda bolan mahaly ol käbir aýalyň öz sypatyna baha kesýän hem bedeniniň bir ýerini saýlaýan ýaly özüne siňe-siňe seredişinden habarlydy. Martin Brissendeniň welilik bilen öňünden aýdanlaryny ýatlap güldi. Ýok, aýallar indi ony özleri hakda oýlanmaga, kösenmäge mejbur etmeýärdiler. Ol mesele birýanly edilipdi.

Bir gezek Lizzini agşamky mekdebe ugradanda, gapdaldan geçen, çaky, baý, kaşaň geýnüwli, owadan ýaş zenan Martine siňe-siňe seretdi. Onuň nazarynda hiç hili edepsizlik ýa-da başga many ýok ýalydy. Emma ol bakyşyň manysyna derrew zenan bahasyny beren Lizzi welin, gazapdan ýaňa howsala düşdi. Martin ol tolgunmaklygyň sebäbini bilip, Lizzä beýle bakyşlar bilen bireýýäm öwrenişip gidendigini, ol zatlara indi parhsyz garaýandygyny aýtdy.

— Ol bolup bilmez — diýip, bakyşy gazaplanan Lizzi sesini gataltdy. — Aýdýanyňyz dogry bolsa, siz näsag, Martin.

— Hiç mahal men şu wagtkym ýaly sag bolan däldirin. Hatda iki kilo töweregi semräpdirinem.

— Men siziň bedeniňize näsag diýemok, beýniňiz hakynda aýdýan. Siziň kelläňizde bir ýetmez-ä bolmaly. O gelniň seredişiniň manysyny menem aňamsoň, erkek adam-a oňa hasam gowy düşünmeli ahyryn.

Martin sesini çykarman, oýlanyp barýardy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Men siziň şol keseliňiziň tizräk dep bolmagyny isleýän — diýip, gyz Martiniň garaşmadyk sözlerini tapdy. — Siz zenanlara parhsyz garap bilmersiňiz... Onda-da, olar ýaňky gelniň seredişi ýaly seretseler. Aýdýanyňyz tebigy ýagdaý däl. Siz ýaşajyk oglan däl ahyryn. Dogrymy aýtsam, sizi birneme oýaryp biljek zenan tapylsa, men oňa begenerdim.

Lizzini ugradandan soň, Martin «Metropola» dolandy.

Ol özüni kürsä goýberdi-de, hiç zat hakda oýlanman, hiç zadyň aladasyny etmän, nazaryny uzakdaky boşluga gönükdirip oturdy. Diňe käte onuň gözüniň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

öňünde alysda galan geçmişiň salgymlary janlanyp, ýene gaýyp bolýardy. Ol haýsydyr bir garyşyk düýş ýaly bolup duýulýan görnüşlere perwaýsyz seredýärdi. Ýöne ol ukuda däldi. Birdenem ol özüne gelip, sagada seretdi. Sagat göni sekizi görkezýärdi. Edere-hä iş ýokdy, ýatardanam entek irdi. Ýene, ol arzuw oýarýan, ýarym uky döredýän howa gark boldy, ýene her hili görnüşler uzyn hatar bolup göz öňünden geçdi. Görünýän alamatlaryň arasynda üýtgeşik zat ýokdy. Mydama bir ýagdaý gaýtalanýardy: arasyndan Günüň ýiti şöhlesi geçýän gür ýapraklar...

Gapynyň kakylmagy Martini özüne getirdi. Ol ukuda bolmanlygy sebäpli, gapynyň kakylmagy beýnisinde hat, telegramma, eşik ýuwýan kärhanadan geýim-gejim getiren hyzmatçy barada çaklama döretdi. Geýim-gejimiň ýatlanmagy Jony ýatlatdy. Ol häzir niredekä, näme bilen meşgullanýarka?

— Giriberiň! — diýip, Martin gygyrdy.

Jo hakynda oýlanyp oturansoň, ol gapa tarap gözüni hem aýlamady. Gapy emaý bilen açyldy. Eýýäm işigiň kakylandygyny hakydasyndan çykaran Martiniň gözüniň öňünde ýene şol öňki görnüşler, salgymlar

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

akyp başlady. Birdenem yz tarapdan möňňürýän aýal sesi geldi. Ses basykdy, özüne erk edip bilýäniň sesidi. Martin aýagyna köz basylan ýaly, derrew ýerinden galdy, geň galýan hem az-kem howpurgaýan ses bilen:

— Ruf?! — diýdi.

Rufuň ýüzüniň reňki öçükdi, hasratlydy. Ol bir eli bilen gapynyň söýesinden ýapyşyp, beýleki elini döşüne gysyp durdy. Birdenem, gyz rehimdarlyk edilmegini isläp ýalbarýan ýaly, iki elini hem Martine tarap uzadyp, öňe ädimledi. Kürsüde oturdan Martin gyzyň barmaklarynyň sop-sowukdygyny duýdy. Özi başga bir kürsüni golaýa süýşürdi-de, onuň gapdaljygynda oturdy, otursa-da, aljyramakdan ýaňa gepläbem bilmedi. Ruf ikisi baradaky ýazylan yşk romany bireýýäm Martiniň ýüreginiň teýinde mazar edinipdi. Ol şu mahal özüni «Metropol» otelinde däl-de, «Gyzgyn çeşmedäki» geýim-gejim ýuwýan kärhanada, onda-da bir hepdeläp eşik ýuwmak işi buýrulandaky düşýän ýagdaýy nähili bolan bolsa şol hili duýdy. Martin telim gezek synanyşsa-da, her gezeginde-de geplemäge dili aýlanmady.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Meniň şu ýerdedigimden hiç kimiň habary ýok — diýip, Ruf rehim edilmegine garaşýan ýylgyryş bilen ýuwaşja gepledi.

— Siz näme diýdiňiz-ä? — diýip, Martin gyzy haýran eden sowal berdi.

Onuň öz sesi özüni geňirgendirdi.

Ruf öňki aýdanyny gaýtalady.

— He-e! — Martiniň aýtmak üçin ähli tapany şol boldy.

— Men siziň myhmanhana girip gelýändigiňizi gördüm-de, biraz garaşyp, yzyňyzdan gaýtdym.

— He-e! — Martin öňküsinden üýtgeşik jogap tapmady.

Onuň diliniň henize çenli beýle gowuşgynsyzlyk eden ýeri bolmandy. Dogrudanam, onuň hemme pikiri birden kellesinden çykyp giden ýalydy. Mundan aňry dymmaklygyň gelşiksiz boljakdygyny Martin aňdy, ýöne damagyna pyçak goýsaňam, gepi nämeden başlajakdygyny welin biljek däldi. Şu mahal ol «Gyzgyn çeşme» kärhanasynda oturan bolsa özüni

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

häzirkisinden gowy duýardy, ýeňini çermärdi-de, sesini çykarman işläp başlardy.

— Diýmek, siz meniň yzymdan gaýdyberipsiňiz-dä — Martin ahyrsoňy dillendi.

Başyny atan Ruf birneme ýeserlik bilen boýnundaky şarfy aýyrdy.

— Ilki men sizi köçede şo-ol gyz bilen gördüm.

— Hawa — diýip, Martin sadalyk bilen aýdyp goýberdi. — Men ony agşamky mekdebe ugratdym.

— Siz meni görýäniňize begeneňzokmy? — diýip, Ruf nobatdaky dymyşlykdan soň sowal berdi.

Martin howlukmaç jogap gaýtardy.

— Hawa, hawa... Siziň bu ýere ýeke özüňiziň gelmegiňiz oýlanylyp edilen hereketmi?

— Men myhmanhananyň nobatçylaryna görünmän geçip gaýtdym. Sizi halys göresim gelip gitdi. Men özümiň akmak bolandygymy aýtmaga geldim. Mundan aňry, saklanyp bilmänim üçin geldim. Ýüregim maňa «Barmaly!» diýip buýruk berdi... Onuňam sebäbi özüm gelmek isledim.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ruf Martiniň ýanyna baryp, elini egninde goýdy-da, ýygy-ýygydan hem uludan dem alyp, bir pursat durdy, yzyndanam tiz hereket bilen oňa gysyldy. Tebigatyna görä, ýüregi ýuka hem hoşgylaw Martin özüniňem ony gujaklamalydygyna düşünýärdi, şeýtmese-de, erkegiň aýaly aňrybaş kemsitdigi boljakdygyny, Rufy erbet öýkeletjekdigini bilýärdi. Ýöne Martiniň gujagynda ýylylygam, mähir-mylakatlygam ýokdy. Ol gyzy diňe çalaja gujaklaýan kişi boldy, ýogsam gujaklama nire! Onuň bedeni hem birmahalkylary ýaly titremeýärdem, galpyldamaýardam. Martin öz bolşuny diňe gelşiksiz hem utanç hasaplamak bilen çäklendi.

— Siz nämä galpyldaýaňyz? — diýip, ol gyzdan sorady. — Ýa peji ýakmalymy?

Martin daşlaşmak isleýän ýaly bolup gobsundy welin, Ruf, gaýtam, oňa öňküsinden beter gysmyljyrady.

— Üşeýänim tolgunmagymdan — diýip, ol dişlerini gysyp jogap gaýtardy. —Özümi ele alsam, geçer. Eýýäm oňatlaşýanam.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Dogrudanam, onuň gagşamasy kem-kemden gowşady. Martin gyzy gujagynda saklap durdy, ýöne indi ýagdaýa geňirgenmeýärdi. Ol gyzyň näme maksat bilen gelendigini bilýärdi.

— Ejem meniň Çarli Hepguda durmuşa çykmagymy isledi — diýip, Ruf habar berdi.

— Çarli Hepguda? Çarli diýýäniňiz mydama bolgusyz zatlary ýaňrap ýören ýaş ýigit dälmi? — diýip, Martin bilýän zadyny sorady, esli dymybam, gepiniň üstüni ýetirdi. — Ejeňiz indi hem siziň maňa durmuşa çykmagyňyzy isleýär.

Soňky sözler sowal äheňi goşulman aýdyldy. Martin aýdan gepiniň hakykatdygyna berk ynanýardy. Şonuň üçinem onuň gözüniň öňünden alnan galamhakylaryň sany hatar-hatar bolup geçip gitdi.

— Ejem indi garşy bolmaz.

— Ol meni size mynasyp hasap edýärmi?

Ruf başyny atdy.

— Onuň biziň adaglanan şertimizi bozanyndan bäri men erbetlikden oňatlyga öwrülemok ahyryn — diýen

sözleri Martin oýa batyp otyrka, birden agzyndan gaçyrdy. — Men üýtgämok. Men öňki Martin Iden. Tersine, gaýtam indi erbet adam boldum, çilimem çekýän. Ysyny alýaňyzmy?

Ruf jogap gaýtarmaga derek, adaty bolýan zat — eliniň ogşalmagyna umyt baglap, näz-kereşme bilen Martiniň agzyna aýasyny tutdy. Ýöne welin, Martiniň dodaklary onuň üçin tipirdemedem. Ol Ruf elini aýyrýança garaşyp, soňra:

— Meniň üýtgän zadym ýok — diýdi. — Işe-de başlamok, gulluga durmagyň pikirinem edemok. Men henizem edil öňkülerim ýaly Gerbert Spenseriň beýik hem pähimli adamdygyny, Kazy Blountyň bolsa bihaýa eşekdigini tassyklaýaryn. Hut düýn men onuň öýünde naharlandym. Şonuň üçinem ony tanaýan bolsam gerek.

— Siz näme üçin kakamyň çakylygyny kabul etmediňiz? — diýip, Ruf sowal berdi.

— Siz ony nireden bilýärsiňiz? Ony çakylykçy edip iberen kim? Siziň ejeňizmi?

Ruf dymdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Elbetde, ejeňiz. Men şeýle hasap etdim. Siz hem häzir, megerem, hut şonuň berk talap etmegi bilen gelensiňiz.

— Meniň bu ýere gelenimi hiç kes bilenok — diýip, Ruf kesgitli garşy durdy. — Ejem meniň bärik gaýtmagymy goldar öýdüp pikir edýärsiňizmi?

— Siziň maňa durmuşa çykmagyňyzy-ha onuň goldajagyna asla müňkür bolamok.

Ruf birdenkä, zaryn ses bilen gygyrdy.

— Waý, beýle ýowuz bolmaň ahyryn, Martin! Siz meni ýeke gezek ogşamadyňyzam. Menem adam-a. Siz edil doňňaradaşa dönüpsiňiz. Meniňem kellämi etegime salýanym barada oýlanyň ahyryn. Hany, siziň adamçylygyňyz?

Gyz töwerege gorkuly, şol bir mahalyň özünde-de bilesigeliji nazar aýlady.

— Meniň nirä gelenim hakda oýlanyň!

Lizziniň «Men siziň ugruňyzda ölmäge-de taýyn!» diýen sözleri Martiniň ýadyna düşdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Siz näme sebäbe ozal şeýle ädim ätmediňiz? — Martin yzgytsyzlyk bilen sowal berdi. — Hütdükde ýaşan wagtym, aç ýatan günlerim şu mahalky hereketiňizi etmediňiz. Şol wagtlaram men adam hökmünde-de, ýazyjy hökmünde-de Martin Idendim. Bu sowaly soňky wagtlarda diňe siz babatda däl, hemmeler babatda-da gaty kän gezek gaýtalamaly boldum. Birden belende galmagymyň üýtgemegime sebäp bolaýmaly ýaly hem bolsa, üýtgemänimi, ynha, özüňiz görüp dursuňyz. Özüm özüme üýtgändigimi ynandyrjak bolýaryn. Emma men öňki adam. Mende hiç hili täze ukyp, täze gowy häsiýet döränok. Beýnimem şol öňküligine dur. Hatda mende edebiýata, pelsepä bolan täze garaýyş hem döränok. Adym näbelli, özüm ýalňyz bolup ýaşan döwrümden soňam şahsyýetimiň gymmaty artanok. Ýöne men birden, hemme ýerde arzyly myhman bolanymyň sebäbine düşünmeýärin. Ozal tanalmak hem islenmedik Martin Iden bolan meniň adamlara gerek däldigim, gürrüňsiz, düşnükli. Diýmek, olar mende meni däl-de, mende bar bolan, ýöne maňa dahylsyz, özüm bilenem asla baglanyşyksyz başga bir zadyň gyltymyna kowalaşýarlar. Mendäki nämäniň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

halanýandygyny aýdaýynmy? Ählumumy ykrar edilmegimi! Ýöne ol mende däl-de, meniň daşymda. Ol ýat adamlaryň aňynda ýaşaýar. Ondanam başga meni pul üçin sylaýan kişi bolýarlar. Pulumam häzir bar, ýöne olam mende däl. Banklarda, Jonlaryň, Tomlaryň hem Jekleriň jübülerinde ýatyr. Şeýlelikde, menem size şöhrat hem pul sebäpli gerekli boldum.

— Siz meniň ýüregime ýara salýaňyz, Martin — diýen Ruf iňläp azap çekdi. — Sizi söýýändigimi özüňiz bilýärsiňiz. Men bu ýere diňe sizi söýýändigim üçin geldim.

— Siz meniň aýdýanlaryma doly düşünen dälsiňiz öýdüp biynjalyk bolýaryn. Bir zady aýdyň: siz näme üçin häzir meni menden ýüz öwürmägä erkiňiz çatan mahalkysyndan has yhlasly söýýäňiz?

— Geçeni unudyň-da, meni bagyşlaň! — diýip, Ruf hyjuw bilen gygyrdy. — Men sizi mydama söýýärdim. Eşidýäňizmi? Mydama söýýärdim. Şonuň üçinem häzir men şu ýerde. Şonuň üçinem men sizi gujaklaýaryn.

— Men indi öňkülerim ýaly gaty ynanjaň däl. Hemme zady terezä salyp, ölçäp görýärin. Şoňa görä-de, siziň maňa bolan söýgiňizi hem ölçäp, onuň nähilidigini bilmek isleýän.

Ruf birden gujakdan çykyp dikeldi-de, Martine üns bilen nazaryny dikdi. Ol bir zat aýtjak ýaly etse-de, dymdy.

— Şol hakda meniň nähili pikir edýänimi bilesiňiz gelýärmi? — diýip, Martin geplemegini dowam etdi. — Öňki ýagdaýymdan asla üýtgemedigem bolsam, ozal öz işçiler gatlagymdaky adamlardan başga hiç kim meni tanamagam islemeýärdi. Çap bolan kitaplarymyň golýazmasyny okanlaryň hiç biri olary oňlap bir sözem aýtmandy. Gaýtam, tersine, meni ýazýan eserlerim üçin masgaraçylykly zat bilen iş salyşýan hökmünde ýanalmaga mynasyp hasaplap, kemsitdiler, ýazgardylar. Ähli kişi maňa diňe işlemegi maslahat berdi.

Ruf garşylyk görkezýän ýaly hereket etdi.

— Hawa, hawa — diýip, Martin aýdylmadyk gepe jogap gaýtardy. — Siz, dogry, iş hakynda däl-de,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

dereje eýelemek barada aýdýardyňyz, meniň ýazýan zatlarymy halamaýşyňyz ýaly «iş» diýen sözi hem halamaýardyňyz. Dogry, iş sözi gödegräk eşidilýär. Ýöne men babatda welin, edil kalbynda erbetlik kök urup giden bir jenaýatçyny dürs ýola gönükdirjek bolunýan ýaly, töwerekden işe durmagy ündeýänleriň bolşy hasam gödekdi. Nätjekdä? Eserlerimiň metbugatda peýda bolmagy siziň duýgyňyzda özgerişlik döretdi. Şu mahalky çap bolan eserlerim şol mahal ýazylanam bolsa, siz Martin Iden bilen durmuş gurmakdan ýüz öwürdiňiz. Sizde şol mahal oňa durmuşa çykmaga esas bolar ýaly düýpli söýgi ýok eken. Indi bolsa siziň söýgiňiz öňküsinden güýjäpdir, eýsem, beýle hakykatyňam düşündirişini hut meniň tanymal adam bolanlygymdan gözlemeli. Häzirki ýagdaýda men öz girdejim barada gürrüň edemok. Ol siziň ene-ataňyz üçin uly mana eýe bolsa-da, siziň özüňiz gazanç barada, belki, pikirem eden dälsiňiz. Umuman, ol zatlar mende gatybir ýakymly duýgy hem oýaryp duranok. Hemme zatdan beteri ol ýagdaý mende söýgä, keramatly söýgä bolan ynamsyzlyk döredýär. Eýsem, söýgi şöhratdan hem märekäniň

ykrar etmeginden güýç almalymyka? Şeýle ýaly. Men ol ýagdaý hakda oýlana-oýlana kelläm çaşyp gitdi.

— Wah, biçäre kelle! — diýip, Ruf Martiniň saçynyň üstünden barmaklaryny ýöretdi. — Bu kelle gaýdyp çaşmasyn! Ozal-ahyr bu-da dynç alamaly ahyryn. Başdan başlaýas, Martin. Ýukaýüreklilik edip, ejemiň talabynyň öňünde ýan berdim. Şony etmeli däldim. Siz adamyň ejizliginiň öňünde geçirimlilik etmeli diýip, ýygy-ýygydan aýdýardyňyz. Indi özüňizem maňa geçirimlilik ediň ahyryn. Meniň hatamy ötüň ahyryn!

— Elbetde, men ony ötýän — diýip, Martin howlukman gepledi. — Bagyşlamaga zat ýokka bagyşlamak kyn däl. Siziň eden işiňiz ötünç soralmaly iş däl. Siz özüňiziň durmuşa bolan garaýşyňyza görä hereket etdiňiz. Menem öz gezegimde wagtynda gulluk derejesini edinmänim üçin sizden ötünç sorap bilerin.

— Men size ýagşylyk arzuw edipdim ahyryn — diýip, Ruf aýdylana tiz garşy çykdy. — Men sizi söýýänim üçin oňatlyk arzuw etmän biljek däldim.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Ol dogry. Ýöne siz gowy arzuwyňyz bilen meni tas ýok edipdiňiz. Hawa, hawa. Meniň döredijiligimi, meniň geljegimi tas puja çykarypdyňyz. Men öz tebigatyma görä realist — hakykatçy. Buržuaz dünýäsi bolsa hakykata çydam edip bilmeýär. Buržuaziýa namart. Ol durmuşdan gorkýar. Siz menide durmuşdan gorkmaga mejbur etjek bolduňyz. Siz meni darajyk gözenege dykmagyň aladasyny etdiňiz. Siz meni galp gymmatlyklaryň öňünde baş egmäge, ýasama, dereksiz ahlaksyzlygy boýnumdan dakmagymy mejbur etjek bolduňyz.

Martin Rufuň garşylyk görkezmäge häzirlenýändigini gördi, şonuň üçinem gyssandy.

— Şol ahlaksyzlyklaryň hemmesiniň ýürekden çykýandygyna men ynanýan. Emma ol buržuaz medeniýetiniň, ýokary derejedäki synpy maksadynyň, synpy ahlagynyň, synpy ýalan düşünjesiniň özeni. — Martin gamgyn görnüşe girip baş ýaýkady. — Siz henizem maňa düşünmeýärsiňiz. Meniň aýdýanlarymdan meniň manymy däl-de, düýpden başga many çykarýarsyňyz. Meniň aýdýanlarym siziň üçin hyýaly zatlar ýaly. Meniň üçin bolsa ol hakykat.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Sizi bolsa diňe hapaçylykdan çykan, terbiýe görmedik oglanyň birden buržuaz synpyny tankytlamak derejesine ýetişi, ony dereksiz diýip batyrgaýlyk bilen atlandyryşy hem geňirgendirýär, hem gyzyklandyrýar.

Ýadaw haldaky Ruf kellesini Martiniň egnine ýaplady. Ol ýene sandyramaga başlady. Gyz geplär öýdüp bir minut çemesi garaşan Martiniň özi dowam etdi.

— Indi bolsa siz biziň söýgimizi gaýtadan dikeltmek isleýärsiňiz, maňa durmuşa çykmakçy bolýarsyňyz, meni isleýärsiňiz. Umuman, meniň kitaplarym çap edilmänem bilerdi. Şeýle ýagdaý bolardy ahyryn. Aýdýanlaryma dogry düşünjek boluň. Kitaplarym üns berilmänem ýitip bilerdi. Şonda-da men öňki Martinligime galardym. Ýöne şeýle bolaýan bolsa, siz meniň ýanyma hiç mahal gelmezdiňiz. Diňe şol kitaplar... Wah, şol kitaplaryň...

— Sögünmäň! — diýen Ruf oňa aýtjagyny aýtdyrmady.

Martin dowam etdi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Gördüňizmi! Ykbalyňyz orta goýlan pursadynda, siz gödek söz eşitmekden gorkýarsyňyz. Henizem, edil öňki bolşuňyz ýaly, durmuşdan çekinýärsiňiz.

Eden töwekgel hereketleriniň manysyny püçege çykarýan bahany eşiden Ruf tisginip gitdi. Ýöne, barybir, ol özüne adalatsyz çemeleşilýän hasaplady, Martinden gaty gördi, tukat oýlanmalara çümüp, näme etjegini bilmän dymdy. Martin bolsa, özüniň köne söýgüsini ýatlap dymdy. Netijede esli salym olaryň arasynda gep-gürrüň bolman, ara dymyşlyk düşdi. Martin indi Rufy hiç mahalam hakykatdan söýmändigine açyk göz ýetirdi. Ol haýsydyr bir başga, hyýaly, öz poemalarynda wasp edilen, aňynda göz öňüne getirilýän Rufy, ýagny asman melegini, ýagty şöhle saçýan ruhy söýüpdi. Buržuaz aňly, buržuaz düşünjeli, gözýetiminiň çägi ölçegli buržuaz gyzy Rufy ol hiç mahal söýmändi.

Ruf birden dillendi.

— Siziň aýdýanlaryňyzyň köpüsi adalatly. Men, dogrudanam, ýaşaýyşdan gorkýardym. Men sizi sözüň doly manysyndaky hakyky isleg bilen söýmändim. Indi men ýüregim bilen söýmegi öwrendim. Men sizi

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bolşuňyz ýaly söýýärin. Men sizi ozal nähili bolan bolsaňyz, şol durkuňyza söýýärin. Men biziň synpymyzyň adamlaryndan parhlanyşyňyzy söýýärin. Siziň käbir garaýşyňyz käte maňa düşnüksiz bolup galýar. Men oňa düşünmegi öwrenerin. Çilim, paýyş sözler — bularyň bary siziň barlygyňyzyň bölekleri. Şonuň üçinem men sizi söýýän. Men köp zady öwrenerin. Soňky on minutda-da eýýäm örän kän zada düşündim. Eger öňki ýagdaýymda bolan bolsam, şu ýere, siziň ýanyňyza gelmäge het edip bilermidim? Ah, Martin!..

Ruf aglady. Ýüzüni bolsa Martiniň döşünde gizledi. Birdenem ol gatnaşyk kesileli bäri ilkinji sapar mähir bilen gujaklanandygyny duýdy. Şol duýgy hem gyzyň şatlykly uçganaklaýan gözlerini ýokaryk bakmaga — Martiniň ýüzüne seretmäge mejbur etdi.

— Indi örän giç! — diýen Martin Lizziniň aýdanyny ýatlady. — Men näsag, Ruf... ýok, bedenim däl, ruhum näsag, beýnim näsag, dünýäm näsag. Meň üçin indi ähli gymmatlyklar gadyryny gaçyrdy. Men indi hiç zat islemeýärin. Eger siz ýarym ýyl mundan ozal

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

şeýdip gelenligiňizde, hemme zat, belki, başgaça bolardy. Indi giç, gaty giç!

— Ýok, giç däl! — diýip, Ruf gygyrdy. — Men öz söýgimiň ters synpy düşünjelerden güýçlüdigini siziň öňüňizde subut ederin. Men özümiň buržuaziýa üçin gymmatly bolan zadymdanam dänip bilerin. Men indi durmuşdan gorkmaýaryn. Gerek bolsa, enem-atamy hem terk ederin, adymyň masgaralanmagyndanam uýalmaryn. Häziriň özünde-de isleseňiz, siziň ýanyňyzda, ömürlik galmaga taýyn. Äden ädimimdenem buýsanç, şatlyk döretmegi başararyn. Eger ozal söýgime ikilik eden bolsam, häzir men söýginiň haky üçin şol mahal ikiýüzlülige iteklän güýji näletlemäge taýyn.

Ruf uçganaklaýan gözlerini Martiniň gözlerine dikip durşuna:

— Men jogaba garaşýan — diýip, pyşyrdady. — Men siziň «hawa» diýmegiňizi isleýän, Martin. Hany, maňa serediň!

«Nähili ajaýyplyk! — diýip, gyza garap duran Martin içini gepletdi. — Ol özüniň ozalky günäleriniň

hemmesini ýuwdy, ol hakyky zenana öwrüldi, ol ahyr buržuaz şertliliginiň zynjyryny gyryp taşlady. Bularyň hemmesi gowulyk, edermenlik... Maňa näme bolýarka?»

Rufuň aýgytly hereketleri-de Martiniň bedeniniň doňuny çözüp bilmedi. Ol gyzyň eden aýgytlarynyň manysyna diňe pikirinde baha berdi. Rufuň döreden ýangynyna ýanmaly Martin, köýmeli Martin ýanman, köýmän, diňe şol ýangynyň bolandygyny sowuk tassyklamak bilen çäklendi. Onuň ýüregi sähelçe-de tolgunmady, ganynda sähelçe-de höwes duýgusy oýanmady. Ýene Lizziniň sözleri ýada düşdi.

— Men näsag. Örän näsag — Martin umytsyzlyk manysyny aňladyp elini silkip goýberdi. — Beýle derejede keselländirin öýdüp şu mahala çenli pikirem etmändirin. Maňa bir zatlar boldy. Men hiç mahal durmuşdan gorkmandym, hiç mahal ömrüň süýji tagamyny duýman ýaşamandym. Indi bolsa men durmuşdan irdim, ýaşamakdan aşa düşdüm, durmuşyň tagamy gaçdy, mende hiç zada höwes galmady. Hatda sizi-de islämok. Görýäňizmi, men näderejedäki näsag adam!

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Ol kellesini kürsiniň arkalygyna taşlap, gözlerini ýumdy. Aglap duran çaganyň Gün şöhlesiniň enaýy oýnaýşyny görende özüniň ähli gamyny, aladasyny unudyp, gözýaşyň arasyndan şol şöhlä seredişi ýaly, Martin hem näsaglygyny-da, Rufy-da, dünýädäki hemme zatlary-da ýadyndan çykaryp, birden peýda bolan görnüşi — Gün şöhlesi bilen bezelen gür ýapraklary synlady. Çakdanaşa ýaşyl ýapraklar gözüňi deşip gelýärdi. Olara seretmek Martiniň gözüne yza berýärdi, emma şeýle-de bolsa, ol näme üçin seredýänine düşünmese-de, seredip otyrdy.

Martin gapynyň tutaýynyň takyrdysyna özüne geldi. Ruf bosagada durdy.

— Bu ýerden nädip daş çykmaly? — diýip, ol naýynjar ses bilen sorady. — Men gorkýan.

Ýerinden syçrap turan Martin:

— Ah, meni bagyşlaň! — diýip gygyrdy. — Özüme näme bolýanyny özümem bilemok. Men asyl siziň bärdedigiňizem ýadymdan çykarypdyryn. — Ol maňlaýyny sypady. — Görýäňizmi, men nähili näsag? Men sizi öýüňize çenli ugradaýyn. Biz esasy

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

çykalgadan başga ýerden geçeris welin, hiç kimiň gözüne-de ilmeris. Ýöne nikabyňyzy ýüzüňize örtüň!

Olar el tutuşyp ugraýyşlaryna, darajyk dälizden gidip, alagaraňky basgançakdan aşak düşdüler.

— Indi men howpsuz ýere geldim — diýip, Ruf elini Martiniň elinden aýyrjak boldy.

— Men sizi öýüňize çenli ugradaýyn.

— Ýok, ýok — diýip, gyz aýdylana garşy boldy. — Meni ugratmak hökman däl.

Ruf elini çekip almaga ýene bir gezek synanyşdy, eden hereketi hem özünde bir pursatlyk gyzyklanma döretdi. Gorkaýjak zatlarynyň hemmesi yzda galanyndan soň, ol indi başga zatdan düýrükýän ýaly boldy. Onuň özüni alyp barşy tizräk Martinden ara açmaga hyýallanýanyňka meňzeýärdi. Martin bolsa gyzyň beýle ýagdaýyny tolgunýanlygy bilen baglanyşdyrdy. Şonuň üçinem ol Rufuň elini goýbermän ýöräberdi. Olar goňşy jaýyň burçuna ýeten wagtlary, Martin egni uzyn paltoly bir adamyň açyk duran derwezä sümüp gidenini görüp galdy. Deňine barlanda, nätanyş paltosynyň ýakasyny galdyranam

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bolsa, Martin onuň Rufuň dogany Normandygyny bilip galdy. Ýolugra Martin bilen Rufuň arasynda gep-gürrüň bolmady diýen ýaly. Gyz tukatdy, ýigit perwaýsyzdy. Martin oňa Ýuwaş umman adalaryna gidýändigini aýtdy, Ruf hem garaşylmadyk ýerden üstüne barany üçin ondan ötünç sorady. Ähli gep-söz şondan ybarat boldy. Olar Morzlaryň jaýynyň bosagasynda hoşlaşanlarynda, bir-biregiň elini gysdylar, bir-birege sag-aman ýatyp-turmagy dileg etdiler. Martin aşa medeniýetli kişileriň hoşlaşyşyny edip, başgabyny çykardy. Gapy aňyrsyndan ýapyldy. Martin çilim otlandy. Normanyň gizlenen ýeriniň deňinden geçende, bir dem aýak çeken Martin oýa batdy.

— Ruf ýalan sözläpdir — diýip, ol öz-özüne aýtdy. — Ol batyrgaý, aýgytly hereket edendigini maňa ynandyrjak boldy. Oňa garamazdan, yza gaýdanda oňa ýoldaş bolmak üçin Norman garawullap ýören eken.

Martin uly sesi bilen gülüp goýberdi.

— Ah, siz, buržuýlar! Garyp wagtym onuň aýal doganynyň golaýyna-da barmaga hakym ýokdy. Indi

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bankda goýmum peýda boldy welin, onuň özi aýal doganyny üstüme getirýär.

Martin ýoluny dowam etmekçi bolanda, garaşylmaýan ýerden bir entäp ýören, gedaý sergezdan tirsegine kakdy.

— Ýigrimi bäş sent karz berseňizläň, mister. Ýatjak ýerim üçin tölemeli.

Tanyş ses Martini bir pursat gapdalyna garamaga mejbur etdi. Indiki pursatda bolsa ol Jonuň elini berk gysmaly boldy.

— «Ikimiz ahyr bir gün duşuşarys» diýenim ýadyňdamy? — diýip, ilki Jo dillendi. — Men şony öňünden duýan ekenim. Ynha-da, biziň duşuşygymyz!

— Kesäňden seretseň-ä, sen gaty oňat görünýäň — diýip, Martin geň galma bilen aýtdy. — Hatda birneme semräýenem ýaly.

— Hak aýdýaň — diýip, erni bir ýere gelmeýän Jo eşidenini tassyklady. — Men sergezdançylyk edip başlanymdan soň, ýaşamagyň nämedigine düşünip galdym. Mazalyja semredimem. Özümi örän oňat duýýaryn. Ozal men ysgyndan gaçýançam işläp,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bedenimde diňe süňk bilen hamym galypdy. Şu mahalky ýaşaýşym bolsa, tüýs maňa gerek durmuş eken.

— Diýseňem-ä ýatjak ýeriň tölegini dilegçilik bilen tapýaň — diýip, Martin ony gyzdyrjak boldy. — Gijelerem indi maýyl däl.

— Hm-m. Ýatjak ýerim üçin dilegçilik edýän! — Jo jübüsinden bir penje maýda pul çykardy. — Maňa şular ýeterdem welin, daş sypatyň dileg salynmaga gaýym görnensoň, sypdyrmajak bolup, seni nyşana alaýdym-da.

Martin çyny bilen güldi.

— Onça pul ýatjak ýeriňe baraňsoň, içmäge-de ýeter.

Jo hondan bärsi bolup, puluny jübüsine saldy.

— «Içmek» diýeniň maňa degişli söz däl — diýensoň, ol geň habar aýtdy. — Içgi bilen arany kesdim, Mart. Aňrymam alanok indi. Ikimiz aýrylaşanymyzdan soň ýekeje gezek gammar boldum. Olam akmaklygymdan, ajöze içdim. Ozal men eşek ýaly işleýärdim, doňuz kiminem içýärdim. Indi adam

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

şekilli ýaşaýan, adam şekilli-de içýän. Käte bir bulgurjyk ýelmeýän, wessalam, içgi tamam.

Martin Jo bilen ertir duşuşmagy wadalaşyp, myhmanhanasyna tarap gitdi. Myhmanhana girilýän ýerde ol gämileriň gatnaýyş tertibine seretdi. Ýene bäş günden «Maripoza» Taitä tarap ugraýar eken.

— Jaň ediň-de, maňa ýer buýruň! — diýip, Martin myhmanhananyň işgärine görkezme berdi. — Ýöne ornum ýokarky gatda däl, aşakda bolsun, özi-de, ýele tarapdan bolsun. Ýatda saklaň. Gowusy kagyza ýazyň — ýele tarapdan.

Öz otagyna gelen Martin ýorgana gyşaran badyna süýji uka gitdi. Indi onuň aňyna daşyndan hiç zat täsir ýetirmeýärdi. Hatda Jo bilen duşuşandaky şatlyk joşguny-da, şuwlap geçen şemal ýaly bir pursat täsir etdi. Indiki pursatda bolsa Martin gepleşmegem islemänsoň, köne ýoldaşyna sataşanyna gynandy. Ýene bäş günden öz arzyly ummanyna tarap gitjegi-de ony begendirmedi. Ol gabaklaryny höwes bilen ýumup, sekiz sagatlap gymyldaman ýatdy, düýşem görmedi, biynjalygam bolmady. Ol gijäniň aladasyzlygynda dynç alyp, oýanansoňam ýatanyna

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gynandy. Ýaşamak ony halys bez etdi, ýaşamak oňa jebir baryny çekdirdi, wagt bolsa onuň üçin gitdigiçe, süteme öwrülip barýardy.

## XLVI bap

Ertesi irden duşuşanlarynda, Martin gürrüňini:

— Ýagdaý şeýle, Jo — diýen sözden başlady. — Ýigrimi sekizinji köçede bir fransuz ýaşaýar. Ol göçüp-gonara ýeter ýaly puljagaz toplapdyr-da, Fransiýa dolanmakçy bolýar. Onuň kiçirägem bolsa, diýseň oňat abzallaşdyrylan eşik ýuwýan kärhanasy bar. Sergezdanlygyňy taşlap, oturymly bolmak isleseň, şol seň üçin tapylgysyz zat. Ynha, saňa pul, ebtiň agyp durmaz ýaly, gowuja penjek al-da, gidip, şol fransuzyň agzyny ysgap gör. Maňa salgylanaý. Ol saňa hemme zadyny görkezer. Eger kärhana göwnüňden tursa, özi-de eýesiniň kesýän nyrhyna degýän bolsa — on iki müň diýýämiş — unasaň, maňa aýt, ol seňki. Hany, tur-da, aladaň bilen bol. Meň işim kän. Ikimiz soň iç döküşeris.

— Näme diýsene, Mart — diýip, haýbatly başlanam bolsa, birden gaýnan gaharyna erk etmegi başaran Jo

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

köşeşdi. — Men bu ýere kärhana sowgat almaga gelmedim, seň ýüzüňi görmäge geldim. Düşündiňmi? Men-ä geçmişden nyşan galan dostumyň ýanyna gelýän, ol hem goltugyma kärhana sokýar. Men saňa näme jogap gaýtaraýyn? Kärhanaňy arkaňa al-da, jähenneme git. Ýerinden turan Jo gaýtmakçy boldy. Ýöne egninden garbap tutan Martin onuň ýüzüni özüne bakdyrdy.

— Gulak goý, Jo. Ýene bir ýoknasyz gep aýdaýsaň, könäni ýatlap, şeýlebir suwuňy çykararyn welin, ataň adynyň nämediginem ýatlap bilmersiň. Düşündiňmi? Ýa-da ýenjilmegiňe razymyň?

Jo silkinip, sypmakçy boldy. Ýöne ony saklap duran el Jonuň çaky däldi. Birek-birege ýapyşan iki göwre otagyň üçinde telim aýlaw edip, ahyr oturgyç bilen çakyşdy. Iki adamyň zarbyna çydamadyk oturgyç dyr-pytrak boldy. Olar ahyr gaty poluň üstüne ýykyldylar. Jo arkanlygyna ýatyrdy, Martin bolsa iki dyzyny onuň döşüne diräp otyrdy. Martin üstünden aýrylandan soňam, Jo zordan demini aldy.

— Ine, gördüňmi? Indi biz gepleşip bileris — diýip, öý eýesi myhmanyna ýüzlendi. — Görşüň ýaly,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

gowusy meň bilen iş salyşmazlykdyr. Men, öňi bilen fransuzyň kärhanasy bilen bagly meseläni çözmek isleýän. Ondan soň ýanyma gelersiň welin, könäni ýatlap, nämedir bir başga zatlaryň gürrüňini ederis. Men saňa häzir işlidigimi aýtdym ahyryn. Özüň gör.

Edil şol pursat hat gatnadyjy — bir topar hatmydyr žurnalmy — irki poçtany getirdi.

— Hem-ä munça zady okap, hemem başga adam bilenem gürrüňleşip bolarmy? Git-de, ýaňky kärhanaly mesele bilen gyzyklan, ondan soňam bärik gel.

— Ýeri, bolýa-da — diýip, Jo kynlyk bilen ylalaşdy-da, getirilen hatlara, žurnallara göz aýlady. — Aý, näbileýin, meni kowjak bolýamykaň öýdüpdim, ýöne görýän welin, seň, dogrudanam, aladaň ýetik eken. Emma bokslaşmakda meni ýeňerin öýtmegin, Mart. Nämeden jedel etmeli bolsa-da, men taýýar.

— Bolýa. Soň ellik geýeris-de, güýç synanyşybereris — diýip, Martin gülüp jogap gaýtardy.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Hökman. Şol kärhanany aldygym, boksa başlaberýäs. — Jo Martine ýumrugyny görkezdi. — Muňa seret. Iki gezek uramda ýere ýazaryn.

Ahyr Jo gideninden soň, Martin egninden agyr ýük aýrylan ýaly, uludan dem aldy. Kem-kemden onuň garasöýmezligi çykyp barýardy, gün geçdigiçe-de adamlar bilen gepleşmesi kynlaşýardy, ýanyna gelinse, ýokuş görýärdi, gepe-gürrüňe goşulmak gahar-gazaba mündürýärdi. Ol adamlar bilen duşuşan mahaly biynjalyk bolýardy, diňe olardan daşlaşanyndan soň birneme köşeşýärdi.

Martin Jo gideninden soň hem derrew hat-peteklere elini uzatmady. Ol ýarym sagat çemesi hiç zat etmän, oturgyja geçdi, käte kellesine üzlem-saplam pikir gelýärdi, uka batan aňynda ýagty şöhle uçganaklap gidýärdi.

Ahyrsoňy ol ýerinden turdy-da, hatlary seljermäge başlady. On-on iki hatyň-a hemmesinde Martiniň bir zada goluny çekip, ýadygärlik üçin ibermegini soraýardylar. Ol şeýle haýyşly hatlary daşyndanam tanaýardy. Onuň yzyndan gedaýçylygy kesp-kär hökmünde peýdalanýan ussat dilegçileriň, netije

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

çykmaýan zatdan bähbit hantama bolýanlaryň, baky hereketlendirijiniň nusgasyny döreden sähne oýlap tapyjynyň, ýeriň ýüzüni kesilen şaryň iç tarapy bolmaly diýip tekrarlaýan matematigiň, iň soňunda-da Aşaky Kaliforniýada ýarym ada satyn alyp, ol ýerde kommunistik koloniýa döretmek üçin pul dileýäniň haty gidýärdi. Martin Iden bilen tanyşmak isleýän aýallaryň hem hatlary bardy. Bir aýalyň özüniň päkdigini, halal, dogruçyldygyny ynandyrmak isläp, kilisede çokunmak üçin alan hemişelik ornuna tölän pulunyň hatyny ibermegi Martini ýylgyrtdy.

Neşirýatçylar bilen redaktorlar onuň üstüni hatdan gömýärdiler. Kim makala ibermegini haýyş etse, başga biri täze kitap ýollamagyny soraýardy. Neşirýatçylaryň hemmesi onuň birmahallar redaksiýalara ibermek üçinem baryny-ýoguny harçlan golýazmalaryna suwsandy. Gelen hatlaryň arasynda her hilisi, asla garaşylmaýanlary-da bardy; kitaplarynyň iňlis neşiri üçin tölegiň habary, daşary ýurt dillerine terjime etmäge berlen rugsat üçin tölegiň habary. Martiniň iňlis agentligindäki wekiliniň ýazmagyna görä, Germaniýada onuň üç kitabyny

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

terjime etmekligiň rugsady alnypdyr, Şwesiýada terjime edilipdir. Ýöne Şwesiýa Býorn ylalaşygyna gatnaşmaýandygy zerarly terjime edilen kitaplara hiç hili galamhaky almak mümkin bolmaýar. Russiýadanam terjimä isleg bildirilipdir. Ýöne ol hem sypaýyçylyk üçin diýen ýaly hereket bolýar. Çünki ol döwlet hem Halkara ýazarlyk hukugy baradaky Býorn ylalaşygyna girmeýärdi.

Martin aýratyn gulluk tarapyndan ýollanan gazet böleklerine-de seredişdirdi. Özi hakda, çakdanaşa tizlik bilen beýgelip barýan şöhraty barada ýazylan zatlary okady. Beýle şöhratyň döremegine Martiniň eden hereketi sebäp boldy. Ol ýazan zatlarynyň hemmesini birbada märekäniň öňüne taşlady. Çaky, şol hem şöhratyň döremegine sebäp boldy. Ol märekäni Kiplingiňki ýaly, zor bilen boýun egdirdi. Kipling ölüm halynda ýatyrka, haýwanlyk duýgusynyň öňünde ýan beren märeke onuň kitaplaryny ot alan ýaly bolup okap başlady. Ýarym ýyl geçenden soň bolsa, okan zatlaryna düşünmedik hut şol märekäniň Kiplingiň kitaplaryny hapa aýak bilen depgiläp taşlandygyny Martin ýadyna saldy. Şol

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

ýatlama Martini kinaýa bilen ýylgyrmaga mejbur etdi. Kim bilýär, belki, ýene ýarym ýyldan soň şeýle nesibe Martiniňem alnyndan çykar. Ýöne ol märekä al salar. Martin ýene ýarym ýyldan bu ýerlerden alysdaky ummanda, özüniň palaçdan gurnalan tüneginde bolar, dür alar, dür satar, suwasty merjen gaýalarynyň üstünden aşar, läheň gözlegine çykar, Taýohe jülgesiniň golaýyndaky ýerlerde ýabany keýik awlar.

Şol wagtyň özünde-de ýagdaýynyň çykgynsyzdygy Martine aýdyň göründi. Ol birdenem, özüniň Kölege ler jülgesindedigini bildi. Onuň ähli ömri geçmişde galdy, ol ömrüň çyragy öçdi, ol ömür soldy, ol ömür ölümiň öňünde ýan berip ugrady. Martin häzir özüniň şeýlebir kän ýatýandygyny, mydama-da ýatasynyň gelip ýere siňip barýandygyny ýatlady. Onuň ukyny, ýatmagy ýigrenýäni-de ýap-ýaňy ýalydy. Uky onuň ömrüniň gymmatbaha minutlaryny ogurlaýardy. Ozal ol ýigrimi dört sagadyň diňe dört sagadyny ýatýardy, diýmek, ömrüniň dört sagadyny kem ýaşapdyr. Şol mahallar ol ukyny halamaýardy, indi bolsa ýaşamagy halamaýar. Durmuş gam-gussalydy, onuň tagamynyňam diňe ajysy galypdy. Ana, ony ahyr

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

heläklejegem şoldy. Ýaşaýşa höwes etmeýän ömür, ölüme tarap barýan ýoly gözleýär. Birdenem, Martinde ozaldan galan özüňi goramak duýgusy oýandy. Ol ýola düşmäge gyssanmalydy. Otagyň içine göz aýlan Martin, ýygnaşdyrmaly zatlaryny görüp howpurgady, bolsa-da, goş jemlemek işini soňa goýdy. Ondan öňürti entek bir topar zat satyn almalydy.

Ol başgabyny geýip, daş çykdy, tutuş ertirini hem ok-ýarag bilen balykçylyk abzallaryny saýlap dükanda geçirdi. Harytlara bolan talap, isleg hälimi-şindi üýtgäp durýandygy sebäpli, Martin telekeçilik üçin zerur harytlaryň aladasyny Taitä baranyndan soň etmeli diýen netijä geldi. Gerek närseleri hatda Awstraliýadan getirdip bolýardy. Şol pikir ony örän begendirdi. Bir işe, alada gümra bolmak hyýaly onda sabyr-takat goýmady. Martin myhmanhana tarap gelýärkä, özüni kabul etmäge taýyn ýumşak oturgyjyny höwes bilen ýatlady. Emma welin, otagyna gelip, arzuwyny eden oturgyjynyň eýelidigini, onda Jonuň abşarylyp oturandygyny görüp, Martin gazapdan ýaňa tas uly ili bilen uwlapdy.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Görüp gaýdan geýim-gejim ýuwýan kärhanasyndan Jonuň göwni suw içipdi. Onuň hemme gurallary-da ýerbe-ýerdi, guratdy, hut ertir işe başlasaňam başlabermelidi. Diwana gyşaryp, derrew irkiljirän Martin Jonuň gürrüňini diňleýärdi. Onuň pikirleri gaty uzakda, hatda aňyň ýetýän serhedindenem aňyrdady. Wagtal-wagtal ol özüni Jonuň gepine nämedir bir jogap gaýtarmaga mejbur etjek bolýardy. Martin Jony gowy görýärdi ahyryn. Joda ýaşamaga bolan höwes möwç urýardy. Şonuň üçinem ýaşaýyş barada gürleşmegiň özi-de Martiniň kalbynda ynjy döredýärdi. Jo bilen ýöne gürleşmegem onuň argyn, näsag jany üçin gerdeninden basýan agyr ýük bolup täsir edýärdi. Hatda Jo birmahal boksçynyň elligini geýip, daşyna geçjekdigini aýdany üçinem ol endamyna ornan agyrydan ýaňa tas gygyrypdy.

— Ýatda sakla, Jo! Sen öz kärhanaňda «Gyzgyn çeşmede» arzuw eden tertip-düzgüniňi ýola goýmalysyň. Işçini artykmaç işletmek diýen zat bolmasyn. Gije işlemek hem bolmasyn, çekilýän zähmete laýyk hak tölensin. Her hili ýagdaýda-da, hiç hili bahana bilenem çagalary işe alma.

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Jo baş atdy-da, ýazuw depderçesini çykardy.

— Şu gün men ertirlik naharyň öňünden kärhanada bolmaly düzgüni belleşdirdim. Diňläp gör.

Ol eden belliklerini okamaga başlady. Tassyklaýan ýaly ses bilen «hä-hüm» edýän Martin bolsa, başdan-aýak diňe bir zat barada, Jonuň haçan gümüni çekjekdigi barada pikir edýärdi. Martin ukudan açylanda, wagt mazaly gijigipdi. Onuň aňy ýuwaş-ýuwaşdan hakyky durmuş wakalaryna dolandy. Çaky, Martiniň uklap galanyny gören Jo usullyk bilen çykyp giden bolmalydy. «Salykatlylyk edipdir» diýip oýlanan Martin, gözlerini ýumdy-da, ýene uka gitdi.

Şol günüň ertesi-de, täze kärhanasynyň aladasy bilen gümra bolan Jo Martiniň gatybir ýüregine düşmedi. Ugramazynyň öň ýany gazetler onuň «Maripoza» bilen ýüzüşe gidýändiginiň habaryny ile ýaýdy. Ýene şol özüňi goramak duýgusynyň talabyna boýun bolan Martin lukmana ýüz tutup, saglygyny mäkäm barlamagyny haýyş etdi. Onuň saglygynda kemçilik ýok eken. Öýken, bagyr ýerbe-ýerdi. Lukmanyň göz ýetirişine görä, onuň bedeniniň ähli agzalary arzuw ediler derejede saz işleýärdi.

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

— Sizde hiç hili kesel ýok, mister Iden — diýip, lukman ynam bilen aýtdy. — Siz örän sagat adam. Size gözüm gidýär. Ajaýyp saglygyňyz bar. Döş kapasaňyz dagy nähili! Şeýle ajaýyp aşgazan barka, döş kapasaňyz ýanbermez saglygyň hem güýjüň girewi bolmaly. Siz ýaly jany doly sag adam müňüň, hatda on müňüň içinden biri gabat gelýär. Eger bir betbagtlyga sezewar bolaýmasaňyz, siz ýüz ýaşamaly adam.

Şeýlelikde, Martin saglyk barada Lizziniň beren bahasynyň dogry bolandygyna ynandy. Beden taýdan doly sagat hasap edilse-de, onuň kellesinde welin bir ýetmezi bardy. Diňe syýahatyň, ummanda ýüzmegiň ol kemçiligi doly düzetmegi mümkin. Iň ýaman ýeri hem syýahata ugramazynyň edil öň ýany Martiniň nirädir bir ýere gitmek höwesi gaçdy. Ýuwaş umman hem onuň göwnüne buržuaz medeniýetliliginden oňly bolup duýulmady. Ýüzüşe gitmek barada pikirlenme hem onda hiç hili janlanma döretmedi. Gaýtam, tersine, öňde garaşýan täze kynçylyk ony eýýämden ýaýdandyrdy. Şeýle ýagdaýda ol gaýry hiç zada, hiç

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

alada baş galdyrman, gämiden düşmän oňmagy özüne bähbitli bolar öýtdi..

Iň soňky gün onuň üçin aýratynam jebirli boldy: onuň sapara ugraýandygy barada gazetlerde okan Bernard Higginbotam, Gertruda, umuman, garyndaşlarynyň hemmesi hoşlaşmaga geldiler. Martin olar gidenlerinden soň hem birnäçe iş etmeli boldy. Hasap-hesiplerden dynmak, ýürege düşgünç habarçylaryň haýyşlaryny bitirmek... Lizzi Konolli bilen-ä ol agşamky mekdebiň gapysynda aýak üstünden sagbollaşypdy. Myhmanhana dolanyp, otagyna giren Martin uzynly gün kärhanasynyň aladasynda entäp, diňe agşamara eli boşan dostuna gabat geldi. Ol ýagdaý öý eýesiniň kanagat käsesini pürepürlänem bolsa, gahardan ýaňa oturgyjyň gapdal agaçlaryny elleri bilen mäkäm gysyp, Jonuň ýaňramasyny sesini çykarman diňlemäge özüni mejbur etdi.

— Bir zady göz öňüne tut, Jo — diýip, Martin gep ugruna aýdyp goýberdi. — Hiç kim seni şol kärhana daňyp goýanok. Ony islän wagtyň satyp, puluny ýele sowrubam bilersiň. Işlemekden irip, ýene

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

sergezdanlyga baş urmakçy bolsaň, gidiber. Ýaşamak üçin özüňe ýakymlysyny saýla.

Jo başyny ýaýkady.

— Aý, ýok-laýt, indi gaýdyp men kötel ýollary külterlemen. Sergezdanlyk etmek bir zatdan başga hemme babatda gowy. Ol «bir zadam» — gyzlar diýildigi bolýar. Ursaň ur, sögseň sög welin, men şolarsyz ýaşap bilemok. Entejek bolsaň, täk özüň entemeli. Käte saz çalynýan öýüň gapdalyndan geçip barýansyň, gyzlar tans edýändirler, özlerem gowuja gyzlar, geýimlerem ap-ak, aýnadan saňa seredip ýylgyrarlar. Wah, seni bir! Dünýäň gyzygy gaçan ýaly bolýar. Men Aýly agşamlarda gezmegi, tansa çykmak ýaly zatlary gowy görýän-dä. Hemmesem sowalga bilen bagly. Olar ýaly kärhanaň bolsa welin başga gep: göze doly penjek, jübiňde bir gysymjyk dollar, birden gerek bolaýsa... Düýn şu ýerde bir gyza sataşdym. Ana, ähtimal, şoňa häziriň özünde-de walla, öýlenerdim, ynanaý. Uzynly günem şol gyzy ýatlasam, begençden ýaňa janym aram tapyberýär. Gözleri diýjekmi — şeýlebir mähirli, sesi dagy, sen goýaý — ýakymly mukam-da. Wah, Mart, haýsy al

kakmyş şeýtan saňa öýlenmäge ýol berenok? Şonça puluň eýesi halyňa, isleseň, dünýäniň iň birinji perizadyny alyp bilýäň ahyryn.

Martin kinaýaly gülümjiredi, kalbynyň teýinde bolsa, «Umuman, adamda näme üçin öýlenmek höwesi oýanýarka?» diýen pikir döredip geňirgendi. Öýlenmek, onuň baha kesişine görä, geňdi, düşnüksizdi.

«Maripozanyň» ugramazynyň edil öň ýanynda gäminiň üstünde duran Martin gämini ugratmaga gelenleriň arasynda Lizzi Konolliniň durandygyny saýgardy. Martiniň içki sesi «Ony ýanyň bilen alyp git!» diýip pyşyrdady. Rehimdar adam bolmak nähili ýakymly, ol gyz hem özüni iň bagtly hasap ederdi. Bir pursatlygam bolsa, onuň kalby höwesden doldy, derrewem onuň ornuny howply dowul eýeledi, ýadap halys bolan ýüregi eden meýline güýçli garşylyk görkezdi. Martin yza çekildi-de, pyşyrdady: «Ýok, gadyrdanym, beýtme. Sen gaty näsag ahyryn».

Ol aşak düşdi-de, gämi açyk deňze çykýança, öz kaýutasynda oturdy. Kaýut-kompaniýada nahar wagty Martini aýratyn hormatly hasap edilýän ýerde,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

kapitanyň sag tarapynda oturtdylar. Ol «Maripozadaky» ýolagçylaryň arasynda iň belli hem esasy adamyň özüdigine göz ýetirdi. Ýöne şu mahala çenli hiç bir tanymal şahsyň töweregini gurşan adamlary beýle derejede lapykeç eden gezegi bolmandy. Beýik şahs wagtynyň agramly bölegini gäminiň üstünde oýaly-ukuly halda geçirýärdi, agşamlyk bolsa, ilden öňürti ýatmaga gidýärdi.

Iki gün dagy geçensoň, «deňiz keselindenem» saplanan adamlar gäminiň üstünde, aýlanyşyp ýördüler. Martin olary näçe kän synladygyça, şonça-da gahar-gazaby artýardy. Ýöne welin, ol öz bolşunyň adalatly däldigine düşünýärdi. Onsoňam olar päk ýürekli, ýakymly adamlardy ahyryn. Martin onuň şeýledigini makullaman biljek däldi. Barybir, ol hyýalynda öňki çakynyň üstüni ýetirdi: tutuş buržuaziýa özüniň ruhy maýyplygy hem intellektual boşlugy bilen şolar ýaly-da. Martin şeýle kemakyl, akmak bolup duýulýan ol adamlar bilen gürleşende gazap atyna atlanyberýärdi. Ýaşlaryň galmagally şadyýanlygy, dogrudanam, onuň ganyny gyzdyrýardy. Ýaşlar hiç wagt belli bir ýerde oturyp bilmeýärdiler,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

enteşip ýördüler, delfinleri synlaýardylar, «uçýan» balyjaklaryň sürüsine şowhun bilen tomaşa edýärdiler.

Martin mümkin boldugyça kän ýatmagyň aladasyndady. Ertirlik naharyndan soň ol okap gutaryp bilmeýän bir žurnalyny eline alyp, uzyn oturgyjyň üstüne gyşarardy. Çap setirleri ony derrew ýadatdy. Martin adamlaryň ýazmaga zat tapyşyny geň görýärdi, geň görübem, gyşaran oturgyjynda parahat uklap galýardy. Ikinji ertirlik naharyna çagyrýan zaň ony ukudan oýarýardy, ukudan oýarylanyna-da gaharlanýardy. Bir gezek ol mydama doňan ýaly bolup ýörşünden dynmak maksady bilen deňizçileriň bolýan jaýyna bardy. Deňizçilerem onuň özüniň şolaryň biri ýaly bolan döwründäkiden üýtgän ekenler. Martin özünde beýle çöňňe, tukat, haýwan pisint adamlar bilen bap gelýän hiç zadyň ýokdugyna göz ýetirdi, umytsyzlyga gark boldy. Şu mahalky bolşuna Martin häzir ýokarky gatlakda-da hiç kime derkar däldi. Indi onuň birmahal gowy gören, birmahal tanan öz synpyndan bolan adamlarynyň ýanyna dolanmaga-da ýagdaýy, höwesi ýokdy. Olar Martine gerek däldiler. Olar hem edil gäminiň pes

derejeli orunlaryndaky ýolagçylar ýaly Martiniň janyny ýakjaklardy.

Ýaşamak indi Martin Iden üçin ýiti şöhläniň näsag gözi awundyryşy ýaly görgülikdi. Älemgoşaryň reňkleriniň ähli öwüşgünini özünde jemläp, öňünde lowurdaýan durmuş onuň üçin çekip-çydardan agyr agyry döredýärdi.

Martin ömründe birinji gezek ýokary derejedäki kaýutada sapara çykýardy. Mundan ozal şeýle gämilerde ýüzende, ol ýa-ha nobatçylyk edýärdi, ýa-da gäminiň pejiniň öňünde der döküp işleýärdi. Şonda ol kaşaň geýnen baý ýolagçylary assyrynlyk bilen synlaýardy. Olar gezim edip, gürleşýärdiler, gülüşýärdiler, hiç zat bilen meşgullanmaýardylar. Ýokarsyndan dartylyp çekilen ýüpüň üstüne gerlen ýapynja olary Günüň ýigoraýardy. Olarda ujypsyzja bir isleg peýda bolsa-da, gäminiň galdaw hyzmatçylary desbi-dähil kanagatlandyrýardylar. Gäminiň pejine salynýan daşkömür saklanýan dymyk hem hapa jaýdan boýnuny uzadyp, ýagdaýa ser salýan Martin Iden ol ýolagçylary jennetde ýaşaýan hasaplaýardy. Ynha, indi bolsa, onuň özi hormatly, iň

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hormatly ýolagçy hökmünde, nahar mahaly gäminiň kapitanynyň sag tarapynda oturdylýar, töwerekdäkiler bolsa oňa höwes bilen seredişýärler. Oňa garamazdan, Martin Iden deňizçileriň ýatyp-turýan umumy jaýyny — kubrigi, agzyndan daşkömür taşlanmaly gara peji özüniň ýitiren jenneti hökmünde küýseýär. Ol täze Jennet-hä tapmady, gaýdyp gelmejek köne Jennet hem ýitip gitdi.

Haýal geçýän wagtyny nämädir bir zada harçlamak üçin Martin gäminiň işgärleri bilen gürrüňleşmeli etdi. Ol mehanigiň kömekçisi bilen gabatlaşdy. Kömekçi ýakymly hem sypaýy adam eken. Ol derrew sosialistik ündew bilen Martiniň jübülerini pamflet bilen, şygar bilen doldurdy. Gulluk ahlagyny goraýan hemme delilleri ýaltalyk bilen diňlän Martin özüniň nisşeanlyk pelsepesini ýatlady. Ahyrynda bu zatlar nämä gerek? Ol Nisşäniň hemme zada, şol sanda, hatda hakykatyň özüne-de şübhe bilen garaýan däli-telbelik derejesindäki aýgydyny ýatlady. Ýatlanda näme?! Belki-de, Nisşe ýalňyşýan däldir. Belki-de, hiç mahal, hiç ýerde, hakykat bolan däldir. Belki-de, hiç mahal, hiç ýerde hakykat bolmazam. Belki-de,

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

hakykat diýen düşünjäniň özi-de hakykat däldir. Martiniň beýnisi derrew ýadady. Ol ýene oturgyja gyşaryp irkiläýenini kem görmedi.

Gäminiň üstündäki häzirki ýagdaýynyň ýeňil däldigine garamazdan, öňde garaşýan kynçylyk has-da çökderdi. Gämi Taitä ýetse, nämeler bolar? Nijeme alada, özüňe erk etmek... Haryt tapmagyň ugruna çykmaly. Markiz adalaryna barýan iki bogaldakly, kese ýelkenli gämi tapmaly bolar, dürli-dümen müňlerçe hysyrdyly iş çykar, Martin şol zatlar hakynda her gezek oýlananda hem öz üstüne howp abanjakdygyna-da düşünýärdi. Hawa, ol eýýäm Kölegeler jülgesini görüpdi, şonda iň ýaman zat onuň hiç hili howpy duýmanlygy bolupdy. Azda-kände gorky duýsa, ol hakyky durmuşa gaýdyp gelerdi welin, gorkmaýany üçin hasrat dünýäsiniň garaňkylygyna has-da beter çümdi. Dünýädäki hiç bir närse, şol sanda ozal özüniň söýen zatlary-da indi ony tolgundyrmaýardy, begendirmeýärdi. Ana, «Maripoza» bilen duşuşmak isleýän ýaly ozaldan tanyş demirgazyk-gündogar şemaly-da öwüsdi. Emma öňler oňa serhoş ediji keýp beren şemal indi diňe barja

keýpinem bozdy. Ol geçen günleriniň hem gijeleriniň mährem ýoldaşy bolan passat şemalynyň berjek «lezzetinden» gaçmak üçin oturgyjynyňam başga ýere süýşürilmegini talap etdi.

«Maripoza» tropiklere aralaşanda, Martin özüni has-da betbagt saýdy, gözüne uky gelmedi. Ol ozal çakdanaşa kän ýatany sebäpli, indi uka derek, özünden biygtyýar oýa bolmalydy, gezmelemelidi, durmuşyň çekmesi kyn lowurdysyndan ýaňa gözlerini süzmelidi. Ol sesini çykarman, öňe-yza ýöreýärdi. Howa yssydy hem çyglydy, hatda ýygy-ýygydan, garaşman durkaň ýagýan çabga-da ony sowadyp bilmeýän ýalydy. Martine ýaşamak agyr düşýärdi. Käte ol halys kuwwatdan gaçyp, oturgyjyna özüni goýberýärdi, az-kem dynç alyp, ýene ýöräp başlaýardy. Ahyr ol öň eline alan žurnalyny soňuna çenli okamagy özüne mejbur edip, kitaphanadan birnäçe goşgular ýygyndysyny hem aldy. Ýöne ol goşgulara ünsüni bölüp bilmän, gezmelemesini dowam edenini kem görmedi.

Martin agşamam öz otagyna ilden soň dolandy, emma wagtyň giçdigine garamazdan, uklap bilmedi.

„Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Durmuşdan ara açmagyň ýeke-täk ýoly bolan uky hem oňa üns bermesini bes etdi. Bu ýagdaý juda çakdanaşady. Ol çyrany ýakdy-da, eline kitap aldy. Kitap Suinberniň jiltigidi. Martin esli salym sahypalary agdaryşdyrandan soň, birdenem, kitaby höwes bilen okap başlady.

Ol goşgyny ahyryna çenli okady, ýene okap ugrady, ýöne ýene öňki okanyna dolandy. Ahyram ol kitaby kükreginde goýup, oýa batdy. Ana şol! Edil özi! Onuň şol hakda şu mahala çenli oýlanmandygy-da geň zat. Ol ähli zadyň açaryna öwrüldi. Ol elmydama bihuş ýaly bolup şol ýol bilen ýöredi. Indi bolsa, Suinbern oňa dürs çykalga görkezdi. Oňa rahatlyk gerekdi, rahatlygam oňa garaşypdy. Martin gäminiň aýnasyna — illýuminatora seretdi. Onuň göwrümi gaty kiçi hem däldi.

Kän-kän günlerden soň birden onuň ýüregi begençli urup başlady. Ahyrsoňy ol öz derdiniň dermanyny tapdy. Martin kitaby ýokary göterdi-de, sesli okamaga başlady:

Ömürbaky arzuw-umytdan aryp,

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Irip şagalaňly meýlisden niçe,

Ähli derýalaryň, barybir, baryp,

Iru-giç deňize guýjagy üçin,

Ynsan ýüreginiň tirpildäp baky...

Durmajagy üçin etmän howatyr

Biz mydam mynajat edýäris Haka.

Martin ýene illýuminatora garady. Suinbern oňa çykalgany görkezdi. Durmuş jepalydy, has takygy, çekip çydardan agyr hem ýüregedüşgünçdi.

Iru-giç deňize guýjagy üçin,

Ynsan ýüreginiň tirpildäp baky...

Hawa, onuň üçin hudaýlara minnetdar bolanyňa degýär. Olaryň dünýäde edýän ýeke-täk rehim-şepagatly işi şol — baky dällik, wagtlaýynlyk. Ýaşaýyş çekerden çökder hem ezýetli bolanda, ondan aňsatlyk bilen dynmak üçin baky uka gidäýmeli.

Ol nämä garaşýar? Wagt boldy. Ol näme garaşýar?

Martin kellesini illýuminatordan daş çykaryp aşak, süýt reňk köpürjiklere seretdi. Gäminiň esasy bölegi

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

suwuň aşagyndady. Şonuň üçinem Martin illýuminatoryň gyrasyndan eli bilen ýapyşsa aýagy köpürjiklere-de ýetmelidi. Pažžyldy bolmaz, hiç kim hiç zat eşitmez, hiç kim hiç zat duýmaz. Suwuň syçrantgylary Martiniň ýüzüni öl etdi, dodaklarynda şor tagam duýuldy. Ol tagam Martine ýarady. Ol hatda özüniň esasy aýdymyny ýazmak hakda-da oýlandy. Şol oýlanma üçinem derrew öz üstünden güldi. Onsoňam aýdym döretmäge indi wagtam ýokdy. Giçdi. Ol esasy aladadan tizräk dynmak isledi.

Has-da ägä bolmak üçin kaýutasynyň çyrasyny-da söndüren Martin aýaklaryny illýuminatordan geçirdi, eginleri welin geçmedi. Ol bir elini gapdalyna berk gysyp, egnini hem daş çykar ýaly etdi. Gäminiň birden silkinmegi hem kömege ýetişdi. Göwresi daş çykansoň, Martin eli bilen illýuminatoryň gyrasyndan ýapyşyp, sallanyp durdy. Aýagy suwa degen pursady hem ol barmaklaryny ýazdy. Agymtyl ýyly suw onuň göwresini gujaklaýan ýaly bolup daşyna aýlandy. Illýuminatorlaryň käbirinden yşyk görünýärdi. «Maripoza» ullakan gara diwar ýaly bolup, Martiniň gapdalyndan geçip gitdi. Gämi örän tiz hereket

,,Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

edýärdi. Ol barada oýlanyp-oýlanmanka-da, gäminiň yz tarapy Martin bilen aralyga esli meýdan saldy. Ol ummanyň köpürjik örtülen suwunda ýüzmäge başlady.

Martiniň bedeniniň aklygyünsüni çekensoň, ony bonita diýilýän ýylana meňzeş deňiz jandary dişläp goýberdi welin, Martin güldi. Agyry oňa neçün şu mahalky ýagdaýa düşendigini ýatlatdy, ýogsam ol özüniň esasy maksadynyň nämedigini hem tas unudan eken. «Maripozanyň» yşyklary uzakda gözden ýitdi. Emma Martin welin, golaýdaky kenara ýetmek isleýän ýaly, arasyny kesmän ýüzýärdi. Iň ýakyn kenar bilen onuň arasynda bolsa ýüzlerçe mil uzaklyk ýatyrdy.

Onuň edýäni özünden biygtyýar, aňsyz hereketdi. Martin ýüzmesini goýdy, hereketini togtadan badyna-da tolkunlaryň astynda galdy. Ol ýene hereket edip başlady, «Ýaşamaklyga bolan erk-isleg» — diýip pikir etdi, az-kem oýlanybam ýigrenç bilen ýylgyrdy. Hawa, onda iň soňky güýjüni jemläp, ömrüniň ahyryna ýetmek üçin erk-isleg diýeniň artykmajy bilenem bardy, onda-da çynlakaý erk-isleg.

„Elektron kitaphana" hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

Martin göwresini dikeltdi. Ol ýyldyzlara seretdi, şol mahalam öýkeninde bar howanyň hemmesini daşyna çykardy. Soňra ol aşak çalt çümer ýaly biçak gujurly aýaklarynyň hem elleriniň kömegi bilen göwresini suwdan birneme ýokaryk galdyrdy, şeýdip, deňziň düýbüne edil ak heýkel ýaly bolup ýetmelidi. Ol aşak gidip ugranda, näsagyň tizräk bihuş bolmak üçin neşe soruşy ýaly, suw içmäge başlady, suw bokurdagyna dolup bogup ugranda, ol janhowluna ýokaryk çykanda, ýene ýaldyraýan ýyldyzlara nazary düşdi.

«Ýaşamaklyga bolan erk-islegi» ýene ýigrenç bilen ýatlan Martin indi agyryp ugran öýkenini gijäniň tämiz howasyndan doldurmazlygyň aladasyny etdi. Emma başarmady. Bolmasa bolmasyn, ol başga ýoly synap görer. Martin birnäçe gezek uludan dem aldy. Öýkenini howadan dolduransoň, kellesini aşak tutup çümüberdi, çümüberdi. Bedeninde bar bolan güýjüniň hemmesini toplap çümdi. Şeýdip, ol barha we barha aşak gitdi. Ol gözüni açanda gögümtil fosfor yşygyny saýgardy. Bonitalar bolsa göze görünýän sulba ýaly bolup onuň gapdalynda peýda boldular. Martin olar özüne degmän geçerler diýip umyt etdi, ýogsam

maksada okgunlylyk höwesine päsgel bermekleri ahmaldy. Bonitalar degmän geçdiler, Martin iň soňky rehimdarlygy üçin ömre minnetdar boldy.

El-aýagynyň gurşýandygyny duýup, Martin barha aşak gidýärdi. Ol deňziň düýbüne tarap uzak aralyk geçendigini aňdy. Basyşyň gulak perdelerine berýän yzasy çekerden-çydardan agraldy. Kellesi bolsa çat açyp, birnäçe bölege bölünen ýaly boldy. Ol güýçli erkine daýanyp, özüni öýkenindäki soňky howa çykýança, ýene aşak gitmäge mejbur etdi. Onuň agzyndan gelýän soňky katra howa ýaňaklarynyň, gözleriniň gapdalyndan köpürjik döredip, ýokary tarapa çalt geçip gitdi. Şondan soň demikmegiň ezýeti başlandy. Ol özüniň sönüp barýan aňyna daýanyp, beýle ýagdaýyň entek ölüm däldigine düşündi. Ölüm yza bermeýär. Ol duýgy entek ölüm däldi, ömürdi, ýaşaýşyň iň soňky tirpildi-sidi, ýaşaýşyň ahyrky azabydy, iň soňky urgusydy.

Martiniň el-aýagy mejalsyz sandyrap başlady. Indi giç! Ol ýaşaýşa bolan erk-islegden rüstem çykdy. Ol indi gaty çuňlukdady, ýokaryk çykyp biljek gümany ýokdy. Ol salgymyň serhetsiz deňzinde kadaly hereket

,,Elektron kitaphana” hyzmat ediş merkezi. LINE: http://line.me/ti/p/~@ltk0482a

bilen parahat ýüzüp barýan ýalydy. Ýagty hem ýakymly nur onuň daşyna çolandy. Martin şol nura siňip, eräp giden ýaly boldy. Bu näme? Çelgä meňzeýär. Ýöne ol Martiniň beýnisinde ýiti ak şöhle ýandy. Ol gitdigiçe-de ýagty nur saçdy. Nirededir bir ýerde aýylganç güwwüldi peýda bolup gitdi welin, Martin özüni heniz görülmedik uzyn hem dik merdiwandan aşaklygyna, düýpsüz garaňkylyga tarap aldygyna zymdyrylyp barýan ýaly duýdy. Martin ýagdaýyň şeýledigine, soňsuz tümlüge tarap atylyp barýandygyna düşündi. Şoňa düşünen pursady hem aňy ony hemişelik terk etdi.

***Terjime eden***

***Atajan TAGAN.***

***Çeşme : ,, Dünýä edebiýaty “ žurnalyndan 2012 nji ýyldaky çykan sanlaryndan alyndy.***